# ORTA ASYRLAR TARYHY

Jumadurdy Annaorazow, Gülnar Karly, Döwlet Kössekow. **Orta asyrlar taryhy.**

Ýokary okuw mekdepleriniň taryh hünäriniň talyplary üçin synag okuw kitaby. Aşgabat, 2010.

Taryh ylymlarynyň kandidaty, dosent **Berdi Esenowyň** ylmy redaksiýasy bilen.

Kitabyň surat bezegi we kartalary **Selbi Annaorazowa** tarapyndan ýerine ýetirildi.

Syn ýazanlar:

Magtymguly adyndaky TDU-nyň dünýä taryhy kafedrasynyň dosenti **N. Gajarow**

Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň ýanyndaky Halakara gatnaşyklary institutynyň uly mugallymy **J. Gurbangeldiýew**

Magtymguly adyndaky TDU-nyň dünýä taryhy kafedrasynyň mugallymy **T. Aşyrow**

**Türkmenistanyň Bilim ministirligi tarapyndan hödürlendi**

**©Jumadurdy Annaorazow we başgalar**
**©Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti**

## Giriş

Orta asyrlar döwrüniň taryhy adamzadyň gadymy dünýä taryhyndan soň başlan wakalara baý döwürleriniň biridir. Bu döwri Ýewropa ýurtlarynyň taryhy babatynda «feodalçylyk döwri» diýip hem atlandyrýarlar. Ýewropada ol 12 asyrlap, Aziýada bolsa ondan hem köp wagtlap dowam edipdir. Orta asyrlar döwri täze durmuş-ykdysady we jemgyýetçilik-syýasy gatnaşyklaryň döremegi we ösmegi, özünden öňki taryhy eýýamlardan has köp maddy hem-de ruhy baýlyklaryň döredilmegi bilen häsiýetlendirilýär. Feodal ezilişiň, nadanlygyň, wagşy däp-dessurlaryň ýüze çykmagy, çäkli dünýägaraýyşlaryň agalygy, erkin pikirlenýänleriň ýowuz yzarlanylmagy, açlygyň, talaňçylykly uruşlaryň, weýrançylyklaryň we gyrgynçylykly keselleriň döwri bolmak bilen bir hatarda, orta asyrlar döwri halklaryň kese ýerli basybalyjylara garşy azat edijilik uruşlarynyň, adamlaryň feodal ezilişe garşy göreşleriniň, janypkeş daýhanlaryň, ussat senetçileriň, edermen batyrlaryň we rysarlaryň, parasatly patyşalaryň, ruhana şahyrlaryň, şahyrlaryň, meşhur alymlaryň we ajaýyp sungat ussatlarynyň hem döwrüdir. Bu döwürde dünýä medeniýetiniň altyn hazynasyna orta asyr şahyrlarynyň, ýazyjylarynyň, sungat ussatlaryň we halk döredijiliginiň ajaýyp eserleri goşuldy. Bu döwrüň ahyrlarynda tebigat ylymlarynyň, gumanistik garaýyşlaryň ösüşinde uly öwrülişik boldy, Renessans - Gaýtadan döreýiş eýýamynyň meşhur eserleri döredi.

**«Orta asyr (Mediýewistika[1])» adalgasy** XV-XVI asyrlarda ilkinji gezek italiýan gumanistleri tarapyndan ulanylyp başlapdyr. Taryh ylmynyň ösüşiniň dürli döwürlerinde «orta asyrlar» adalgasyna dürli düşündirişler berlipdir. XVII-XVIII asyrlaryň taryhçylary adamzat taryhyny gadymy, orta we täze döwürlere bölenlerinde, antiki we täze taryh döwürleriň ösen

---

[1] Mediýewistika (latyn. *Medium aewum* ) - orta asyr.

medeniýeti bilen deňeşdirilende, orta asyrlara medeniýetiň juda pese düşen eýýamy hökmünde baha beripdirler. Gaýtadan döreýiş eýýamynyň medeniýeti ýokary derejelere ýetende Gadymy Gresiýanyň, Rimiň ýa-da antiki döwrüň gazananlaryna uly sarpa goýlup başlapdyr. Emma Rim imperiýasy ýkylandan soň başlanan eýýamy medeniýetiň pese düşen, nähilidir bir gymmatlyklaryň döredilmedik, tersine, Rimiň we Gresiýanyň gazananlarynyň ýok edilen döwri diýip hasap edipdirler. Netijede antiki we täze taryh döwürleriniň arasyny bölýän eýýamy orta asyrlar döwri diýip atlandyrypdyrlar.

Adyndan belli bolşy ýaly, bu döwre eýýäm gyýa göz bilen garalypdyr. Şeýdip, orta asyrlar döwri hakynda «tümlügiň asyrlary» ýaly düşünjeler ymykly orun alypdyr. Hatda häzirki döwürde-de  orta asyrlar hakynda gürruň gidende kähalatlarda wagşylyk, nadanlyk, zabunlyk ýaly garaýyşlar göz öňüne getirilýär. Emma wagşylyk, zabunlyk we nadanlyk taryhyň beýleki döwürlerinde hem bolupdyr. Ýene bir zady bellemek gerek. Orta asyrlarda alys syýahatlara gidilipdir, belent ybadathanalar, ajaýyp köşkler gurlupdyr, uly açyşlar edilipdir. Beýleki döwürlere mahsus bolan ösüşler bu döwürde-de az bolmandyr. Şonuň üçin hem alymlar Orta asyrlar baradaky nädogry düşünjeleri bireýýäm ret etdiler.

**Orta asyrlar taryhynyň döwürleşdirilişi.** Feodalçylyk gurluşa geçilişi dürli halklarda dürli döwürlerde bolup geçdi. Şol sebäpden orta asyrlar döwrüniň seneleşdirilişi dürli yklymlar hatda aýry-aýry ýurtlar babatynda hem meňzeş däldir. Gul eýeçilik gurluşynyň çuň krizise batmagy, çarwa taýpalaryň yzygider çozuşlar zerarly V asyryň ikinji ýarymynda Rim imperiýasynyň synmagy Günbatar Ýewropa ýurtlarynda orta asyrlar döwrüniň başlangyjy hökmünde kabul edilýär. Çarwa taýpalaryň çozuşlary imperiýanyň dargamagyna, onuň çäklerinde gul eýeçilik gurluşynyň kem-kemden ýatyrylmagyna getirýär. Emma Wizantiýanyň taryhy üçin orta asyrlar

eýýamynyň başlangyjy hökmünde IV asyr kabul edilendir. Sebäbi bu döwürde Gündogar Rim imperiýasy özbaşdak döwlet hökmünde kemala geldi. Alymlaryň bir topary 1640-1660-njy ýyllaryň iňlis buržuaz rewolýusiýasyny, birinji umumy ýewropa urşy bolan Otuz ýyllyk urşuň tamamalanan senesini (1648) orta asyrlar eýýamynyň tamamlanýan wagty hökmünde kabul edýärler. Elbetde, alymlaryň arasynda bu döwrüň tamamlanýan senesi barada başga pikirler hem bar. Mysal üçin, alymlaryň bir toparynyň XV asyryň ortalaryny (Konstantinopolyň türkmenler tarapyndan eýelinlmegi we Wizantiýanyň synmagy, Ýüz ýyllyk urşuň tamamlanmagy), XV asyryň ahyryny ýa-da XVI asyryň başlaryny (Beýik geografiki açyşlar) görkezýänleri-de bar. Alymlaryň arasynda orta asyrlar eýýamynyň tamamlanýan döwri babatynda 1789-1794-nji ýyllaryň beýik farnsuz rewolýusiýasyndan ugur alýanlary-da bar. Emma şu okuw gollanmasynda Orta asyrlar eýýamy hökmünde V asyryň ikinji ýarymyndan (Rim imperiýasynyň synmagy) – XVII asyryň ortalaryna çenli döwür (Iňlis rewolýusiýasy, Otuz ýyllyk urrşuň tamamlanmagy) kabul edildi.

Orta asyrlar eýýamy gadymy dünýä eýýamyndan has gysgadyr. Emma Orta asyrlar müňýyllygy hem uzak döwürdir, ol döwürde adamzadyň durmuşynda möhüm üýtgeşmeler bolup geçdi. Şonuň üçin hem bu döwre has anyk göz ýetirmek üçin alymlar bu eýýamy üç döwre bölýärler. Antiki eýýamyň ornuna kem-kemden täze jemgyýetçilik gurluşy ýüze çykýar we kemala gelýär. Bu «irki orta asyrlar» döwri bolup (gul eýeçilik gatnaşygynyň dargamagy we feodalizm gatnaşygynyň döremegi), ol V asyryň ahyrlaryndan XI asyryň ortalaryna çenli dowam edipdir. Ondan soň orta asyrlaryň iň ösen döwri başlaýar. Şonuň üçin hem ol «ösen orta asyrlar» diýlip atlandyrylyp (feodalizmiň gülläp ösmegi), bu döwür XI asyryň ortalaryndan - XV asyryň ahyrlaryna çenli dowam edýär. Orta asyrlaryň soňky döwri «giçki orta asyrlar» diýlip atlandyrylyp

(feodalizmiň dargamagy we buržuaz gatnaşygynyň döremegi), ol XVI–XVII asyryň ortalaryna çenli döwri öz içine alýar. Bu döwürler Ýewropada orta asyrlar döwrüniň tamamlanýan we Täze taryh eýýamynyň başlanýan wagtydyr.

Alymlaryň arasynda «Orta asyrlar» düşünjesini Ýewropanyň çäginden çykarmak bilen baglanyşykly jedeller saklanyp galýar. Sebäbi Ýer ýüzüniň sebitleriniň taryhy ösüşi bir meňzeş bolmandyr. Günbatar Ýewropada bolup geçen taryhy wakalar Aziýadakydan, Afrikadakydan we Amerikadakydan belli bir derejede tapawut etdi. Muňa garamazdan, alymlaryň arasynda Ýewropanyň we Aziýanyň hersiniň öz Orta asyrlar taryhynyň bolandygy baradaky pikirler agdyklyk edýär. Ýöne «Orta asyrlar» adalgasy şertli düşünjedir we şu döwri atlandyrmak üçin başga bir pikir ýokdur.

**Orta asyrlar döwrüniň häsiýetlendirilişi.** Mediýewistika ylmy orta asyrlar döwrüniň mazmunyny we onuň esasy alamatlaryny şeýle kesgitleýär:

Birinjiden, bu döwür üçin feodallaryň, ýagny jemgyýetiň ýokary gatlagynyň agalygyny berkarar eden iri ýer eýeçilik häsiýetlidir.

Ikinjiden, feodallaryň iri ýer eýeçiligi daýhanlaryň ownuk ýer ülüşleri bilen utgaşdyrylypdyr. Emma daýhanlar ýerleriň doly hukukly eýeleri bolmandyrlar. Olar diňe belli bir şertler bilen iri ýer eýesine degişli mülkden bölünip berlen ýerleri miras galdyrmak şerti bilen işläp bejerýänlerdiler.

Üçünjiden, Antiki eýýamyň gulundan tapawutlylykda, orta asyrlar döwrüniň daýhany önümçilik serişdeleri bolan ýer, iş maly, zähmet gurallary bilen üpjün edilipdir we onuň özüne bölünip berlen ekerançylyk ýerinde özbaşdak hojalyk ýöretmäge ukyby bolupdyr. Bu bolsa adamzadyň ösüşinde orta asyrlar döwrüniň özünden öňki döwürden has öňdebaryjy eýýamdygyny görkezýär.

Dördünjiden, ösen orta asyrlar zamanasy üçin ýer eýeçiliginiň şertli görnüşi bolan «*feod*»[1], (başgaça «*len*») häsiýetlidir. Feod ýerlerini patyşa gulluk edýändigi üçin miras galdyrmak hukugy bilen ýokary gatlagyň wekillerine berýärdiler. Köplenç halatlarda aşaky basgançasagyň feodaly özünden ýokarky basgançagyň feodalyndan mülk alypdyr. Ol feodal hem öz gezeginde, eýýäm patyşanyň ýapjasy bolan we özünden ýokarky basgançagyň feodalyndan mülk (feod) ýerini alypdyr. Netijede, şol bir mülk diňe bir adamynyň dälde, özünden ýokarka tabyn bolan birnäçe adamyň eýeçiliginde galyp bilipdir. Şonuň üçin hem orta asyrlar döwri üçin jemgyýetiň durmuş basgançaklaryna (*sosial iýerarhiýasy*) – agalara (*senýorlar*) we ýapjalara (*wassallar*) bölünmegi häsiýetlidir.

Feodal özüne degişli mülkde ýaşaýan we hojalyk ýöredip önüm öndürýän daýhanlardan salgyt, ýagny feodal rentasyny ýygnapdyr. Feodal rentasy ýa-da salgytlar üç görnüşde ýüze çykypdyr: zähmet rentasy (zähmet borjy), önüm rentasy we pul rentasy. Feodal mülkleriniň kemala gelýän döwri bolan IX-XI asyrlarda önüm salgydy we zähmet borjy agdyklyk edipdir. Emma ösen orta asyrlar zamanynda (XI asyryň ortalaryndan – XV asyryň ahyryna çenli) Günbatar we Merkezi Ýewropanyň ýurtlarynyň esasy köpçüliginde önüm salgydy (renta) we zähmet borjy bilen bir hatarda pul salgydy hem aýratyn uly ähmiýete eýe bolýar. Munuň özi bu döwürde haryt-pul gatnaşyklarynyň has giň ýaýramagy we senetçiligiň hem-de söwdanyň merkezleri bolan şäherleriň ulalmagy bilen baglanyşykly boldy. Salgyt hökmünde önüm rentasynyň, aýratyn hem pul rentasynyň ulanylmagy ýuwaş-ýuwaşdan zähmet rentasyna esaslanýan hojalyk ulgamyny dargadýar. Bu ulgamyň ornuna ýere eýeçilik etmegiň we salgyt ýygnamagyň täze düzgüni kemala gelip, indi feodal öz feodyny ýöretmekden el çekip, ony daýhan hojalyklarynyň arasynda paýlapdyr we

---

[1]«Feodalizm» - feodalçylyk adalgasy şondan gelip çykýar.

diňe önüm rentasynyň ýa-da pul rentasynyň hasabyna ýaşap başlapdyr. Munuň özi daýhan hojalyklarynyň ykdysady özbaşdaklygynyň berkidilmegine, daýhanyň ýere bolan eýeçilik hukuklarynyň artmagyna, şunuň esasynda bolsa obada öndüriji güýçleriniň mundan beýläkki ösüşine getiripdir.

Giçki orta asyrlarda, haçan-da, feodal jemgyýetiniň içinde bazar gatnaşyklary ýa-da iri maý goýum önümçiligi (*kapitalizm*) döreýän döwründe pul rentasy Günbatar Ýewropanyň ýurtlarynyň agramly böleginde entäkler öz agalygyny dowam etdirýär. Şunuň bilen bir hatarda bu döwürde pul rentasy hem öz möwrütini geçirip başlaýar we onuň ornuny ýuwaş-ýuwaşdan kapitalistik renta eýeläp ugraýar.

Feodalçylyk gurluşy ilkidurmuş jemagatçylyk we gul eýeçilik gurluşlary bilen deňeşdirilende has öňdebaryjy döwürdir. Eýýäm irki orta asyrlar döwründe zähmet borjuna esaslanýan hojalygyň çäginde oba hojalygynda zähmet öndürijiliginiň güýçlenmegi, söwdanyň ösmegi senetçiligiň ekerançylyk pudagyndan bölünip aýrylmagy we haryt önümçiligiginiň giňemegi üçin amatly şertleri döretdi. Orta asyrlaryň ikinji döwründe şularyň esasynda feodal jemgyýetinde öndüriji güýçleriň ösüşini çaltlandyran, onuň keşbini özgerden senetçiligiň we söwdanyň merkezleri bolan şäherler ösüp başlady. Giçki orta asyrlarda öndüriji güýçleriň ösmeginiň esasynda maýa goýuma esaslanýan kapitalistik gatnaşyklar hem kemala gelip ugrady.

Jemgyýetiň ykdysady durmuşynda bolup geçýän hadysalar, onuň sosial we syýasy durmuşyna-da uly täsir etdi. Jemgyýetçilik gatlaklarynyň, aýratyn hem şäherlileriň hak-hukuk ugrunda senýorlaryň garşysyna gönükdirilen çykyşlary has guramaçylykly ýagdaýa geçdi. Ýöne, şäherleriň ulalmagy we önümçilik gatnaşyklarynyň has kämilleşmegi, şäherleriň öz içinde-de sosial gapma-garşylyklary döretdi. Senetçiler köpçüligi bilen şäherleriň ýokary gatlagynyň (*patrisiat*), soňra bolsa ýönekeý şäher ilaty (*plebs*) bilen baý söwdagärleriň hem-

de senetçileriň arasyndaky göreşler ýitileşdi. Giçki orta asyrlarda daýhanlaryň we plebeýleriň gozgalaňlary Günbatar Ýewropa ýurtlarynda irki buržuaz rewolýusiýalaryň amala aşmagyna we ahyr soňunda feodal gurluşyň ýok edilmegine getirdi.

**Feodal jemgyýetinde döwlet, hukuk we buthana.** Feodalçylyk döwletiniň syýasy gurluşy dürli döwürlerde dürli görnüşde bolupdyr. Eger-de irki orta asyrlarda ol iri, ýöne gowşak döwlet birleşmesi (mysal üçin, Beýik Karlyň imperiýasy) görnüşinde bolan bolsa, X-XII asyrlarda eýýäm ownuk syýasy birleşmeler, ýagny öz raýatlarynyň üstünden ep-esli syýasy häkimiýeti ýola goýan, kähalatlarda doly garşysyz, kähalatlarda bolsa, gowşak korolyň häkimiýetine pes derejede tabyn edilen knýazlyklar, gersoglyklar, garflyklar we başgalar (feodal dagynyklyk) görnüşinde ýaşapdyr. Emma XIII-XV asyrlarda köp ýurtlarda gatlaklaýyn monarhiýa düzgüni görnuşinde peýda bolan merkezleşdirilen döwletler döräp, olarda gatlaklaýyn-wekilçilikli ýygnaklar bilen utgaşdyrylan güýçli korol häkimiýeti kemala gelýär, diňe Wizantiýada güýçli merkezleşen döwlet häkimiýeti bu döwlet ýykylýança – XV asyryň ortalaryna çenli dowam edýär. Giçki orta asyrlarda feodal döwleti özüniň soňky, iň ýokary derejede merkezleşen görnüşine – *absolýut* (çäklendirilmedik) *monarhiýa* düzgünine eýe bolýar. Merkezleşmek hadysasy orta asyrlarda milli döwletleriň kemala gelmegine, Ýewropa ýurtlarynyň ykdysady we medeni taýdan bitewileşmegine ýardam etmek bilen, gürrüňsiz, ägirt uly ähmiýete eýe bolupdyr.

Adaty kanunlaryň we korol häkimiýetiniň kanunçylygy esasynda kemala gelen feodal hukugy, ýokary gatlaklaryň ekarançylyk ýerlerine bolan hukuklaryny beýan edipdir we berkidipdir, köplenç halatlarda bolsa olaryň daýhanlaryň üstünden kazyýet we syýasy häkimiýetlerini hem tassyk edipdir.

Orta asyrlarda Günbatar Ýewropanyň jemgyýetçilik-syýasy durmuşynda rim-katolikçi, Wizantiýada we Gündogar Ýewropda bolsa prawoslaw buthanasy uly orna we ähmiýete eýe bolupdyr. Hristiançylyk taglymaty Ýewropada döwletiň baş aňyýetine öwrülýär. Şunuň bilen bir hatarda katolikçilik hem, prwoslawçylyk hem orta asyrlarda jemgyýetiň ruhy durmuşyna ägirt uly täsir etmek bilen, aýratyn hem XII-XIII asyrlara çenli medeniýetiň esasy ugurlary bolan hat-ýazuwyň, edebiýatyň, binagärçiligiň, şekillendiriş sungatynyň ösüşine ägirt uly itergi beripdir. Hristian dini ýewropa halklarynyň umumylygynyň berkidilmegine, olaryň täze ählak gymmatlyklaryna we edep kadalaryna eýe bolmaklaryna, umumyýewropa siwilizasiýasynyň kemala gelmegine ýardam edipdir.

Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň taryh hünäriniň talyplary üçin niýetlenilen «Orta asyrlar taryhy» okuw gollanmasy Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň dünýä taryhy kafedrasynda taryh fakultetiniň okuw meyilnamasy esasynda yerine yetirildi. Okuw gollanmasy dünýä taryhy kafedrasynyň mejlisinde ara alnyp maslahatlaşyldy we çap etmäge hödürlenildi.

# I BAP. ÝEWROPA ÝURTLARY IRKI ORTA ASYRLAR ZAMANYNDA

## § 1. Günbatar Ýewropada feodal gatnaşyklarynyň ýüze çykmagy

**Rim imperiýasynda gul eýeçilik gurluşynyň dargap başlamagy.** Rim imperiýasynda ekerançylyk, senetçilik we söwda ösendi. Iri gul eýeçilik hojalygy önüm öndürmäge ukyplydy. Orta ýer deňzinde daşary söwda gatnaşyklary ösen derejelere ýetipdi. Emma eýýäm III asyrda imperiýada hojalyk durgunlygynyň alamatlary ýüze çykdy, soňra bolsa çökgünlik

başlady. Söwdanyň gerimi daraldy, şäher durmuşy togtady. Bu çökgünligiň sebäpleri gul eýeçilik önümçüliginiň pese düşmeginde ýatyrdy.

Gul eýeçilik gurluşynda ykdysadyýetiň ösüşi üçin juda çäkli mümkinçilikler bardy. Gul öz zähmetiniň netijesi bilen gyzyklanmandyr, şonuň üçin hem zähmet gurallaryny kämilleşdirmek, önümçiligi giňeltmek bilen asylha gyzyklanmandyr. Gul eýeçilik hojalygy ykdysady taýdan diňe arzan işçi güýjüni edinmekde we peýdalanmakda amatlydy. Emma hojalygy ýöretmegiň bu usuly gul eýeçilik hojalgynda işçi güýjüni köpeltmäge mümkinçilik bermeyärdi. Guluň maşgalasy ýokdy, ol agyr zähmet zerarly tiz güýçden gaçyp, ir aradan çykýardy. Şonuň üçin hem hojalygy işçi güýji bilen üpjün etmek üçin gullaryň hemişe getirilip durulmagy zerurdy, munuň üçin bolsa üstünlikli uruşlary, talaňçylykly ýörişleri geçirmelidi, gul söwdasyny alyp barmalydy. Emma ykdysady krizisiň netijesinde Rim imperiýasynyň harby kuwwatynyň peselmegi we ýörişlerden goranyşa geçilmegi gullaryň üstüni ýetirip durmaga mümkinçilik bermeýärdi. Gullaryň bahasy gymmatlapdyr we hojalygy ýöretmegiň has amatly, täze usulynyň ýola goýulmagynyň zerurlygy ýüze çykýar. Gul eýeleri hojalygy ýöretmegiň täze usulyny gözläpdirler. Olar gullara ýer bölüp beripdirler. Şunuň bilen bir hatarda iri ýer eýeleri boş ýerlere erkin kärendeçileri çekmäge çalşypdyrlar.

**Kolonat.** Rim imperiýasynda ownuk daýhan ekerançylygy gul eýeleriniň iri ýer eýeçiligi bilen bäsleşip bilmändir. Daýhanlar agyr döwlet salgytlarynyň salynmagy zerarly tozýardylar, agyr bergi-borja batýardylar we öz ýerlerine bolan hukuklaryny ýitirýärdiler. Olar ýa ykmandalara öwrülmelidiler ýa-da bolmasa öz ýerlerinde hemişelik kärendeçiniň (*prekarist*) ýagdaýynda galmalydylar. Ýersiz adamlar boş ýerleri kolonat hukugy bilen erkin kärendeçilige alyp bilýärdiler. Eýeçiligiň hut şu görnüşi giçki Rim imperiýasynda iň köp ýaýran

görnüşine öwrülýär. Kolonat eýeçiligi iri ýer eýelerine boş ýatan ýerleri özleri üçin has amatly şertlerde kärendeçilere bermäge mümkinçilik döredipdir. Ýer eýesi köplenç halatlarda göçüp gelene (kolon) zähmet gurallaryny, iş mallaryny beripdir, bu bolsa öndürilen önümiň has köp bölegini eýelemäge mümkinçilik beripdir. Başda kolon erkin adam bolupdyr we islän wagty ýerini taşlap gidip bilipdir. Emma eýýam IV asyrda kolonlar ýere berkidilipdir we şol ýerleriň mirasdüşerlerine öwrülipdirler. Konstantin I 332-nji ýyldaky permany bilen ähli kärendeçiler ýere hemişelik berkidilipdir. Perman boýunça gaçgak kolonlar tutulmaga we yzyna gaýtarylyp getirilmäge degişli edilipdir. Kolonlar raýatlyk hukuklaryny ýitiripdirler, döwlet wezipelerini eýeläp bilmändirler we dini derejelere eýe bolup bilmändirler. Şeýdip olar ýere berkidilen gullar ýaly ýagdaýa sezewar bolupdyrlar. Kä halatlarda rim kanunçylygy olary gullar bilen bir hatarda




goýupdyr. Emma kolon hojalyk taýdan barybir gul däldi, onuň özbaşdak hojalyk ýöretmäge hukugy bardy, ýerine ýetirmeli borçlary kanun boýunça kesgitlenilipdi. Kolonlar döwlet salgytlaryny töleýärdiler, goşun gullugyna alynýardy we olary ýersiz satyp bolmaýardy. Şeýlelikde kolonyň iki hili ýagdaýy bardy: bir tarapdan ol guly ýada salýardy, sebäbi çäksiz emläk edinip bilmeýärdi, ikinji bir tarapdan hukuk taýdan ol erkin hasap edilipdir we ol borçlary

ýerine ýetirmäge borçly edilen döwlet raýatydy. Olary ýer eýeleri we döwlet häkimiýeti peýdalanypdyr. Ýere berkidilen kolonlar eýýäm orta asyrlaryň garaşly daýhanlaryna meňzeýärdiler.

Eger-de kolonlar gullaryň derejesine çenli peseldilýän bolsa, onda tersine gul hojalyk babatynda kolonyň derejesine çenli ýokary göterilipdir. Orta asyrlar eýýamyna geçilmegi bilen önüm öndürijileriň bu iki topary öňki Rim imperiýasynyň çäklerinde hukuksyz we garaşly daýhanlar (*krepostnoý*) gatlagynyň döremegi üçin esasy çeşme bolup hyzmat etdi. Kolonatdan başga-da Rim imperiýasynyň giçki döwründe ýere eýeçilik etmekligiň *prekariý* we *emfitewsis* (eýesi *emfitewt*) ýaly görnüşleri-de bolupdyr. Ownuk prekariýleriň eýeleri ýeri dürli şertlerde alyp bilipdirler. Eýeçiligiň möhleti ýer eýesi tarapyndan kesgitlenilipdir, ýöne giçki prekariýler uzak möhlet bilen berlipdir we olaryň eýeleri kolonlardan az tapawut edipdirler. Emfitewsis käbir alamatlary boýunça orta asyrlaryň şertli eýeçiligine meňzäpdir. Onuň eýeleri ýer eýelerine her ýylda kesgitli tölegleri töläpdirler we öz ýerlerine giň hukuklardan peýdalanypdyrlar: ony kärendesine berip, satyp we miras galdyryp bilipdirler. Ýer eýesi şol ýeri diňe emfitewt tölegi üç ýylyň dowamynda töläp bilmedik ýagdaýynda ýa-da aradan çykandan soň mirasdüşeri bolmadyk ýagdaýynda, şeýle hem eýeçiligiň möhleti dolandan soň gaýtaryp alyp bilipdir.

**Dolandyryş ulgamyndaky üýtgeşmeler.** Gul eýeçilik gurluşynyň dargamagy Rim imperiýasynyň dolandyryş ulgamyna-da uly täsir edipdir. Imperiýanyň dargamak howpunyň güýçlenýän, çarwa taýpalaryň çozuşlarynyň güýçlenýän döwründe häkimiýetiň *dominat* görnüşi ýüze çykýar. Döwleti dolandyrmaklyk imperatoryň we onuň döwlet edarasynyň ygtyýaryna geçýär. Senatyň ähmiýeti bütinleý gaçýar. Şäher *munisipileriniň* içki özbaşdaklyk (*awtonom*) hukuklary ýok edilýär. Aglaba çarwa taýpalardan düzülen hakyna tutma goşunyň sany artýar. Döwlet edarasyny we

goşuny eklemek üçin ägirt köp serişdeler talap edilipdir, şol serişdeleri bolsa döwlet salgytlaryň mukdaryny artdyrmak ýoly bilen jemläpdir. Imperator Diokletianyň 293-nji ýyldaky *edikti* boýunça senetçiler we täjirler öz *kollegiýalaryna* berkidilipdir, kollegiýalar natural salgytlaryň tabşyrylmagy üçin döwletiň öňünde jogap beripdirler. Kuriallaryň boýnuna (şäher kuriýalarynyň agzalary) *munisipal* etraplardan gelmeli salgytlary tölemek borjy ýüklenilipdir. Salgydyň tölenilmedik bölegini olar özleri doldurmaly bolupdyrlar. Olara öz şäherlerini taşlap gitmeklik jeza çärelerini ulanmak howpy bilen gadagan edilipdir. *Kuriallaryň* gatlagyna ýeri 25 *ýugerden* az bolmadyk şäherli ýer eýeleriniň ählisi girizilipdir. Agyr salgytlardan halas bolmak üçin kuriallar tokaýlarda we dag jülgelerinde gizlenipdirler, monastyrlara gidipdirler, kolonlara öwrülipdirler.

Harby-býurokratik döwlet edarasynyň berkemegi we welaýatlaryň üstünden häkimiýetiň güýçlenmegi Rim imperiýasynyň dargamagynyň öňüni alyp bilmändir. Imperator Diokletian imperiýany dört sany dolandyryjynyň arasynda paýlapdyr. Rim özüniň bir wagtky ähmiýetinden mahrum bolupdyr we imperiýanyň paýtagty hukugyny bütinleý diýen ýaly ýitiripdir. 395-nji ýylda imperiýa Günbatar we Gündogar böleklerine gutarnykly bölünipdir.

Günbatar Rim imperiýasynda ekerançy begzadalaryň kuwwaty hem-de täsiri artypdyr, welaýatlarda merkezden bölünip aýrylmak meýilleri güýçlenipdir. Hökümetiň köne usullar bilen ilatyň üstünden hökümdarlyk etmäge güýji ýetmändir, şonuň uçin hem kömek sorap kuwwatly *magnatlara* ýüzlenmäge mejbur bolupdyr. Iri ýer eýeleriniň boýnuna kolonlaryň yzygider salgyt tölemegini gazanmak jogapkärçiligi ýüklenilipdir. Ýer eýeleri öz dolandyryş edaralaryny döredipdirler we öz şahsy goşun bölümlerini saklapdyrlar. Şeýdip döwlet dolandyryş ulgamynyň dargamak we magnatlaryň şahsy häkimiýetiniň döremek hadysasy başlaýar.

Şunuň bilen bir hatarda, syýasy häkimiýetiň dargamagy hem dowam edýär. Welaýatlary dolandyrmaklyk öňler merkezi häkimiýetiň adyndan emeldarlar tarapyndan amala aşyrylan bolsa, indi ol ýerli senator begzadalaryň eline geçýär. Bu döwürde goşun serkerdeleriniň ähmiýeti has uly ähmiýete eýe bolýar. Munuň özi rim gul eýeçilik döwletiniň feodallaşyp başlanlygyndan habar berýärdi.

**Hristian buthanasy.** Ýewropa Rim imperiýasyndan hristiançylygy miras alypdyr. Başky döwürde hristiançylyk ezilýänleriň dini bolanlygyndan, IV asyrda resmi dine öwrülýär. Imperator Konstantin hristiançylygy döwlet dini hökmunde ykrar edipdir we ol 313-nji ýylyň Milan edikti bilen berkidilipdir. Bu döwre çenli hristiançylyk imperiýanyň ähli ýerlerine diýen ýaly ýaýrapdyr. Netijede hristian buthanasy kuwwatly ykdysady, syýasy we ideologiki häkimiýete eýe bolupdyr. Ýeposkoplar diňe bir buthana *diosezlerini* (etrapça) dolandyrmak bilen çäklenmän, eýsem öz mülklerinde kazyýet-dolandyryş häkimiýetine-de eýe bolupdyrlar.

Hristiançylygyň agalyk ediji dine öwrülmegi dindarlaryň arasynda agzalalyklaryň döremegine, hristiançylykda akymlaryň, ýeretiki (resmi din bilen ylalaşmaýan) dini taglymatlaryň döremegine sebäp bolýar. Eýýäm 325-nji ýylyň Nikeý soborynda imperiýanyň gündogar welaýatlarynda ýaýrap başlan we Iisusyň (Isa pygamber) hudaýy sypatyny inkär edýän *ariançylyk ýeresi* näletlenilipdir. Bu akym Rim imperiýasyna gyýa göz bilen garaýan wagşy taýpalaryň arasyna aralaşypdyr. V asyrda imperiýanyň gündogaryna Iisusyň diňe hudaýy sypatyny ykrar edýän *monofizitçilik* ýeretiki dini taglymaty hem ýaýrapdyr. Monofizitçiler ruhanylary ýer üstüniň ähli lezzetlerinden ýüz öwrüp, pukara durmuşda ýaşamaga çagyrypdyrlar. Rim imperiýasynyň Afrikadaky mülklerinde hristian buthanasynyň özgerdilmegini, hristiançylygyň başky döwürdäki deňligini, emlägiň umumylygyny, diniň döwlete tabynlygynyň ýatyrylmagyny talap edýan *donatistleriň* dini

taglymaty hem ýaýrapdyr. Resmi hristian buthanasy we döwlet häkimiýeti tarapyndan yzarlanylandygyna garamazdan ýeresleriň ýaýramagy dowam edipdir. Sebäbi olarda dowam edýän gul eýeçilik gurluşyndan näglelikler öz beýanyny giňden tapypdyr.

**Rim imperiýasy bilen goňşuçylykdaky wagşy taýpalar.** Wagşy taýpalar diýip Rim imperiýasynyň çäginden daşarda ýaşaýan, latyn dilini we rim medeniýetini bilmeýän halklary atlandyrypdyrlar. Rim imperiýasy bilen belli bir derejede iş salşan wagşy halklaryň has ulylary keltler, germanlar we slawýanlar bolupdyrlar. Keltler Demirgazyk Italiýada, Galliýada, Ispaniýada, Britaniýada we Irlandiýada ýaşapdrlar. Olaryň käbir düşelgeleri Garmaniýada tä Odere çenli aralykda duş gelipdir. Rim imperiýasy Demirgazyk Italiýany, Galliýany we Ispaniýany basyp alypdyr we bu ýerleriň ilaty rimliler bilen garyşyp bir halky (gallo-rim we gallo-ispan) emele getiripdirler. Rimliler tarapyndan Britaniýanyň ilatynyň hem agramly bölegi boýun egdirilipdir, emma olar romanlaşdyrylmandyrlar we özleriniň patriarhal durmuşyny saklap galypdyrlar. Rimlileriň basybalyşlaryna sezewar edilmedik Irlandiýanyň we Şotlandiýanyň keltleri öz milli aýratynlyklaryny doly saklap galypdyrlar.

Keltler orta asyr Ýewropasynyň halklary bolan iňlisleriň, faransuzlaryň, ispanlaryň etnogenezinde uly orun eýeläpdirler. Olar Günbatar Ýewropa ýurtlarynda jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň we maddy medeniýetiň ösüşine uly täsir edipdirler.

Biziň eýýamymyzyň ilkinji asyrlarynda slawýan taýpalary Wisladan Wolga we Oka derýalarynyň ýokary akymlaryna, Baltikanyň kenarlarynda Gara deňze, Aşaky we Ýokarky Dunaýa çenli aralykdaky ägirt uly giňişliklerde ýaşapdyrlar. Antiki taryhy çeşmelerinde olar wenedler ady bilen tanalýar. Ykdysady we jemgyýetçilik ösüşiniň derejesi boýunça slawýanlar beýleki wagşy taýpalaryndan, aýratyn hem

germanlardan känbir tapawut etmändirler. Bu döwürde slawýanlaryň hojalygy esasan ekerançylyga esaslanypdyr, ýöne maldarçylyk, aw awlamak we balykçylyk hem hojalykda uly ähmiýete eýe bolupdyr. Slawýanlar magdan gazyp almakda we demir işläp bejermekde, külalçylykda we dokmaçylykda uly üstünliklere eýe bolupdyrlar. Esasy hojalyk birligi hökmünde maşgala hereket edip, maşgalalar uruglara, uruglar tirelere we olar hem öz gezeginde taýpalara birleşipdirler. Möhüm meseleler weçe diýlip atlandyrylan halk ýygnagynda ara alnyp maslahatlaşylypdyr. Slawýanlarda *družinasy* (nökerleri) bolan knýazlar uly abraýdan peýdalanypdyrlar.

Halklaryň beýik göçhä-göçlügi döwründe slawýanlar german taýpalaryny gysyp has günbatara tarap süýşüpdirler. Olar Wizantiýa ýerlerine-de çozup giripdirler. Indi olaryň araçägi Elba we Dunaý derýalary boýunça geçýärdi. Kähalatlarda slawýanlar Elbadan günbatara we Dunaýdan günorta-da geçipdirler, soňra bolsa tutuş Balkan ýarym adasyny eýeläpdirler. VI asyrda wizantiýa çeşmeleri olary Dunaý bilen Dnestriň arasynda ýaşaýanlaryny sklawin we slowen, Dnepriň boýlaryndakylary ant, Wislanyň boýlarynda we Baltikanyň kenarlarynda ýaşaýanlaryny bolsa wenet diýip atlandyrypdyrlar.

**Gadymy germanlar.** Gadymy germanlar, olaryň hojalyk, sosial we syýasy gurluşy, edil şonuň ýaly-da jemgyýetçilik ýaşaýşynyň beýleki ugurlary bilen esasan Sezaryň we Tasitin bize berýän maglumatlary boýunça tanşyp bolýar. Gaý Ýuliý Sezar ( b.e. öňki 100-44) Rimiň meşhur syýasy işgäri we tanymal serkerdesidir. Ol b. e. öňki 58-52-nji ýyllarda Galliýanyň ( häzirki Fransiýa) dikmesi bolupdyr we onuň basylyp alnyşyny özüniň «Gal urşy hakyndaky ýazgylar» eserinde beýan edipdir. Eserde germanlaryň hojalygy, jemgyýetçilik gurluşy, etnografiýasy we german taýpalary bilen uruşlar beýan edilýär. Şeýle mazmundaky maglumatlary rimli taryhçylaryň iň görnüklileriniň biri bolan Publiý Korneliý Tasit

(takmynan b. e. 58-117) habar berýär. B. e. 89-93-nji ýyllarynda Tasit Belgikanyň (häzirki Demirgazyk-Gündogar Fransiýanyň we Belgiýanyň ýerleri) dikmesi bolup gulluk edende, şol welaýatyň serhetlerinde ýaşan german taýpalarynyň durmuşyny öwrenipdir. Tasit meşhur rim taryhçysy Plininiň biziň günlerimize gelip ýetmedik «German uruşlary» diýen işini öwrenipdir. Gulluk borjy boýunça Tasit rim serkerdesi Mark Agrippa tarapyndan düzülen Reýn ýerleriniň kartasy bilen hem tanyşypdyr. Netijede Tasitiň german taýpalary hakynda öz garaýyşlary döräpdir, şolary hem ol b. e. 98-nji ýylynda ýazan «Germanlaryň gelip çykyşy we ýaşan ýerleri» atly eserinde beýan edipdir. Eserde Tasit german taýpalary babatynda «wagşy» adalgasyny ulanýar.

Rim awtorlary Dunaý derýasyndan demirgazykda tä Skandinawiýa ýarym adasyna, Reýn derýasyndan gündogarda tä Wisla derýasyna çenli aralykda ýaşan taýpalary germanlar diýip atlandyrypdyrlar. Elba (Laba) derýasyndan gündogarda günbatar slawýanlary ýaşapdyrlar, ýöne soňra olar germanlar tarapyndan bu ýerlerden gysylyp çykarylypdyr.

German taýpalary üç topara bölünipdirler. Germanlaryň birinjisi günbatarlylar bolup, olar Reýn hem-de Oder derýalarynyň aralygynda ýaşapdyrlar. Bu ýerlerde ýaşaýan germanlaryň arasynda taýpa bileleşikleri döräp, şolaryň iň ulusy Reýniň ýokarky akymyndan tä Elba çenli aralykda ýaşan swew taýpa bileleşigi bolupdyr. Bu ýerlerde diňe swewler ornaşypdyrlar. Bu taýpa bileleşigine swinonlar, germandarlar, markomanlar, langobardlar giripdirler.

Reýniň orta akymynda german taýpalarynyň ikinji topary bolan sugambrlar we marslar agdyklyk edipdirler we olar hat, herusk, bataw taýpalaryny özlerine tabyn edýärler. Bu taýpalaryň ählisi diýen ýaly Reýniň aňyrsyndaky belgler bilen ysnyşykly aragatnaşyk saklap gelipdirler, olaryň bir bölegi bolsa Reýniň çep kenaryna göçüp gidýärler.

Reýniň aşak akymlarynda we Demirgazyk deňziň kenarynda german taýpalarynyň üçünji topary ýaşapdyr. Olara frizler, hawklar, angllar, sakslar, tewtonlar, burgundlar, gotlar, wandallar we gautlar degişli bolupdyrlar. Şeýlelikde, german taýpalary demirgazykda German we Baltika deňizleri, günortada – Dunaý, günbatarda – Reýn, gündogarda – Elba çenli ägirt uly ýerleri öz içine alan giňişlerde ýaşapdyrlar.

**Germanlaryň hojalygy.** German taýpalarynyň esasy kesbi-käri maldarçylyk we aw awlamak bolup, olaryň käbirleri ýygnaýjylyk bilen hem meşgullanypdyrlar. Täze eýýama geçilýän döwürde ekerançylyk germanlarda ýaňy ýüze çykyp ugrapdyr. Onuň hem esasy sebäbi olar entäk doly oturymlylyga geçmändirler. Hiç kimde belli bir çäk goýlan hususy ýerler bolmandyr. Her ýyl taýpa serdarlary aýry-aýry uruglara we tirelere zerur mukdarda ýerleri bölüp beripdirler we ýylyň tamamlanmagy bilen olara başga bir ýerden ýer bölüp beripdirler. Emma giçki döwürlerde germanlaryň ykdysady durmuşynda ekerançylyk hem uly orny eýeläp başlaýar. Olar süle, bugdaý, arpa, dary, çowdary, kenep ýaly ekinleri ekipdirler. Elbetde, rimiň ekerançylyk medeniýeti bilen deňeşdirilende germanlaryň ekerançylygy pes derejede galypdyr. Germanlarda entäk bakjaçylyk we miweçilik bolmandyr.

Germanlylar ekerançylygyň *perelog*[1] usulyna daýanyp, *ekstensiw*[2] hojalyk ýöredýärdiler. Olar tarp ýerleri özleşdirýärdiler we esasan galla ekýärdiler. Ekin ekilýän ýeri soňra taşlaýardylar we sürüm üçin täze ýer alýardylar. Eger-de, öňki döwürlerde ekin meýdany bilen bilelikde ekerançy hem öz ýaşaýan ýerini üýtgeden bolsa, indi jemgyýetiň agzasy özüniň

---

[1] Ỳerleriň çalşyrylyp ekilmegi.

[2] Ekstensiw hojalyk – (latyn. *exten* – giňeldýän, uzaldylýan) bu hojalyk, ozaly bilen goşmaça maddy hem adam serişdelerini ulanmak arkaly ýöredilýär.

hojalyk ygtyýarynyň çäklendirilýändigi zerarly bir ýerde oturmaga mejbur bolupdyr. Sürüm ýerleri heniz hususy eýeçiligiň serişdesine, hususy emlägiň görnüşine öwrülip bilmändir. Tasitiň sözlerine görä, baýlygyň ýeke-täk görnüşi diňe mal bolup galýardy. Munuň hem esasy sebäbi natural hojalygyň şertlerinde taýpalaryň köpüsinde pul alyş-çalyşygyň serişdesi bolmandyr, şonuň üçin hem töleg serişdesi hökmünde mal giňden ulanylypdyr.

Şeýlelik bilen, gadymy germanlaryň jemgyýetçilik gurluşygynda düýpli özgerişler bolup geçipdir. Hojalyk durmuşynda indi maldarçylyk esasy orny eýelemändir, olar bir ýerde ymykly mesgen tutup, çarwa durmuşyndan daşlaşypdyrlar. Germanlylar ekerançylygy we maldarçylygy başarnykly utgaşdyrmaga başlaýarlar. Özbaşdak ýer eýeçiligi (hojalyk boýunça) we ýeri ulanmagyň perelog usuly bilen bagly bolan urug ýa-da maşgala ýer eýeçiligi-de döreýär.

**Germanlaryň jemgyýetçilik gurluşy.** Täze eýýama geçilýän döwürde germanlarda entek urug jemagatçylyk gurluşy agalyk edipdir. Esasy syýasy birleşme hojalyk, syýasy we dini umumylygy emele getirýän taýpa bolupdyr. Her bir taýpada aýratyn dini dessurlary we adaty kanunlar höküm sürüpdir. Möhüm meseleler diňe erkek adamlar gatnaşýan halk ýygnagynda çözülipdir. Şeýle ýygnaklarda harby serdarlary (*rex*) we taýpa kethudalary (*dux*) saýlanypdyr. Harby serdarlar uruşlar döwründe, kethudalar bolsa parahatçylyk döwründe häkimlik edipdirler. Kethudalar aýry-aýry hojalyklara ýer bölüp beripdirler, jedelleri çözüpdirler, kazyýet işlerinde başlyklyk edipdirler. Taýpanyň ähli agzalary erkin we deňhukukly bolupdyrlar.

German taýpalary endogam bolup, nika adatça aýry-aýry uruglaryň arasynda baglaşylypdyr. Maşgala monogam häsiýetde bolupdyr. Diňe käbir taýpa serdarlary birnäçe aýala öýlenip bilipdirler. Germanlaryň durmuşynda urug gatnaşyklary uly ähmiýete eýe bolupdyr. Ýakyn garyndaşlar

uly maşgalany emele getirip, hojalygy bileleşip ýöredipdirler. Urug jemagaty ekerançylyk jemagatyna öwrülipdir. Iş maly, gullar, zähmet gurallary we söweş ýaraglary maşgala we şahsy eýeçiliginde galypdyr. Urug garyndaşlaryň topary hökmünde öz agzalaryna ýakyndan ýardam edipdir. Gan almaklyk olarda hun bilen çalşyrylypdyr. Urug gatnaşyklary esasy harby gurama bolup, harby tertipler maşgala-urug alamaty esasynda düzülipdir we söweşler döwründe her urugyň öz durmaly ýeri bar eken.

Germanlaryň jemgyýetçilik gurluşy harby demokratiýanyň ýörelgelelerine esaslanypdyr. Ozalkylary ýaly aýgytly rol halk ýygnagyna degişli bolup, wezipeli adamlar hemişe olary saýlan esgerleriň gözegçiligi astynda bolupdyrlar. Halk ýygnagynda jemgyýetiň her bir agzasynyň teklibi, pikiri ähmiýetine we ynandyryjylygyna görä kabul edilýärdi. Munuň özi germanlarda entek dolandyryjy ygtyýarlyklary özünde jemleýän hökümet guramasynyň bolmandygyny we döwletiň wezipelerini halk köpçüliginiň özüniň amala aşyrýandygyny görkezýärdi. Bu ýagdaý urug toparlarynyň kem-kemden syýasy bütewilige jebisleşmegine ýardam eden iň möhüm şert bolupdyr we germanlarda umumy döwlet guramasynyň ilkinji alamatlarynyň döremegine getiripdir.

Tasitiň şaýatlyk etmegine görä, germanlarda gullar hem bolupdyr we olary ilkinji nobatda hojalykda – ýaýlalarda we ekin meýdanlarynda, şeýle hem guluň eýesiniň öýünde ulanypdyrlar. Gul hukuksyz bolup, onuň nähilidir bir emläk edinmäge hukugy bolmandyr. Gul eýesi onuň bilen beýleki şahsy zatlara garaýşy ýaly çemeleşip bilipdir: ony sowgat hökmünde berip, çalşyp, girewe goýup bolýardy. Gul diňe hojaýynyň razylygy bilen öýlenip bilipdir we onuň aýaly, çagalary we ähli emlägi gul eýesine degişli bolupdyr. Emma bütinleý hukuksyzlygyna garamazdan, german gullarynyň ýagdaýy hakykatda rim gullarynyňkydan ýeňil bolupdyr. Olaryň sany az bolupdyr, şonuň üçin hem işçi güýji hökmünde

gullaryň gadyryny bilipdirler. Sebäbi gula aýawly garamak hojaýynyň özüniň bähbitlerine doly laýyk gelipdir. «Jenaplaryň öz guluny ýençmegi, zynjyrlap daňmagy ýa-da etmişi üçin agyr jeza bermegi seýrek bolýar» diýip Tasit ýazypdyr. Germanlarda aýratyn ýer paýyny edinip, özbaşdak hojalyk ýoredýän we jenabynyň hojalygynda ýaşamaýan gullar hem bolupdyr. Köplenç olary *litler* (ýarym erkinler) diýip atlandyrypdyrlar. Olar öz jenaplaryna önüm (natural) salgydyny töläpdirler.

Uruşlar döwründe halk ýygnagy taýpa serdarlaryny – gersogy saýlapdyr. Gersog saýlananda, onuň gelip çykyşy bilen bir hatarda, şahsy sypatlaryna hem uly üns berlipdir. Diňe uruş döwri üçin wagtlaýyn saýlanýan gersog, wagtyň geçmegi bilen taýpaýň hemişelik harby baştutanyna, soňra bolsa korola öwrülýär. Netijede gersog öz häkimiýetini kem-kemden taýpanyň jemgyýetçilik durmuşyýň beýleki ugurlaryna-da ýaýradyp, onuň daşarky durmuşynyň goragçysyndan, içerki durmuşynyň goragçysyna hem öwrülýär. Halk ýygnagynda kämillik ýaşyna ýeten german ýaş ýigidi taýpa baştutanynyň, atasynyň ýa-da garyndaşynyň elinden galkan we naýza alýar, şeýdibem jemgyýetiň doly hukukly agzasyna öwrülýärdi.

**Germanlaryň dini ynançlary.** Germanlylaryň dini ynançlary barada aýdylanda, olar juda ýönekeý bolupdyr. Germanlar tebigatyň gudratlaryna, Güne, Aýa, oda seždе edipdirler. Hudaýlaryň arasynda esasy çokunylýanlary Wodan, Donar, Siu we Idis bolupdyr. Has giçkiräk döwürde Wodan[1] ýokary hudaý alamatlaryna eýe bolupdyr, Donar gök gürrüldisiniň hudaýy, Siu bolsa urşuň hudaýy bolupdyr. Gadymy germanlylarda ybadathanalar we hudaýlaryň butlary bolmandyr. Olar hudaýlary belent bir sypatlarda göz öňüne getiripdirler, şonuň üçin hem hudaýlary adamlaryň keşbinde ýa-da başga bir janly-jandaryň şekilinde beýan etmeklik günä hasap edilipdir. Germanlarda ybadathanalaryň ornuny

[1] Wodan – skandinaw mifologiýasynda baş (bir) hudaý; güýçli şaman, akylly adam; urşuň hudaýy.

keramatly ýerler (jülgeler we dag belentlikleri) çalşyrypdyr. Şol ýerlerde haýwanlary (kähalatlarda adamlary hem) gurban beripdirler. Bir kökden dörän, ýöne soňra biri-birinden bölünip aýrylan garyndaş taýpalar ýeke-täk umumy hudaýa uýupdyrlar. Germanlaryň dini dessurlary olaryň ähli taýpalarynyň Tunskon atly hudaýdan doglan ýeke-täk Mannadan dörändigini tassyk edýär.

Germanlylarda *žresler* we gurrandaz aýallar uly hormatdan peýdalanypdyrlar. Žresler diňe bir ybadat işleri bilen däl, eýsem jemgyýetçilik-syýasy meseleleri we kazyýeti amala aşyrmak bilen hem meşgullanypdyrlar. Erkin germanlaryň ählisi diňe şolara doly tabynlyk bildiripdirler; olaryň karary boýunça ölüm jezasy berlipdir we günä bildirilýänler tussag edilipdir. Germanlar bilgiç aýallaryň halk ýygnagynda öňe çykyp atýan pallaryna hem edil şonuň ýaly çäksiz ynam edipdirler. Eger olaryň atýan pallary harby ýörişiň şowsuzlygyny öňünden duýdurýan bolsa, onda şol ýöriş başga möhlete geçirilipdir. Bilgiç aýallar beýleki halklarda hem edil şunuň ýaly uly abraýa eýe bolupdyrlar.

Günbatar Ýewropanyň taryhynda gadymy germanlaryň taryhy ähmiýeti örän uludyr. Olar Ýewropany gaýtadan janlandyrypdyrlar we onuň ösüşine düýbinden täzeçe öwüşgin beripdirler. German hem-de rim medeniýetleriniň garyşyp-gatyşmagyndan orta asyr Ýewropasy döräpdir.

**German taýpalarynyň Rim bilen gatnaşyklary.** Germanlaryň günbatara tarap öňe süýşmekleri Rim bilen uruşlara getiripdir. Ilkinji çaknyşyklar baryp b. e. öňki II asyrda bolup geçýär. B.e. öňki 113-101-nji ýyllarda tewton we kimwr taýpalary Galliýanyň we Demirgazyk Italiýanyň üstüne çozuş edýärler emma rimli serkerde Mariý tarapyndan derbi-dagyn edilipdir. Swewleriň Gündogar Galliýadaky ýerleri basyp almaga eden synanyşyklary hem olaryň ýeňlişi bilen tamamlanypdyr. Ýuliý Sezar olary derbi-dagyn edipdir we Reýniň aňyrsyna kowupdyr, B. e. öňki 55-nji ýylda bolsa hatda

Reýnden geçip gysga wagtlyk germanlaryň ýurduna çozup girýär.

Tiz wagtdan german taýpalarynyň özleri Rimiň uruşparaz syýasatyna sezewar edilýär. Germanlaryň ýurduny boýun egdirmek maksady bilen rim serkerdeleriniň ýörişleri guralýar. Birnäçe wagtdan german taýpalarynyň serdarlary Reýnden Elba çenli ähli ýerlerde rim imperatorynyň häkimiýetini ykrar etmäge mejbur bolupdyrlar. Emma german ýerlerini imperiýanyň düzümine girizmek, germanlaryň tutanýerli garşylyk görkezmeginiň netijesinde başartmandyr.

Täze eýýamyň ilkinji ýyllarynda Wezer derýasynyň töwereklerinde herusk taýpasynyň serdary Armininiň baştutanlygynda rime garşy taýpa bileleşigi döreýär. Netijede rimlilere garşy ählumumy gozgalaň turýar. Biziň eýýamymyzyň 9-njy ýylynda Waryň serkerdeligindäki rim *legionlary* gabawa düşýärler we Tewtoburg tokaýynda germanlar tarapyndan ýok edilýär. Şundan soň rim hemişelik goranyşa geçýär. Demirgazyň deňziň kenarlaryndan Dunaýyň deňze guýýan ýerine çenli giňişlikleri öz içine alýan goranyş ulgamy gurulýar. Reýniň we Dunaýyň ýokary akymlarynyň arasynda (Maýnsdan Regensburga çenli) seňňer (*Lines Romanus*) gurulýar. Munuň özi birnäçe asyrlar Rime germanlaryň okgunly hüjümlerini saklamaga mümkinçilik berýär.

Emma germanlaryň rim welaýatlaryna çozuşlary güýçlenipdir. Reýniň aňyrsynda rimlileriň goranyşyny böwüsmegi we baý welaýatlary eýelemegi maksat edinýän taýpa bileleşikleri döräpdir. 165-180-nji ýyllarda Markoman urşy başlaýar. German taýpalarynyň ägirt uly goşunlary – markomanlar, kwadlar, wandallar, germandurlar – Resiýa, Norige, Pannoniýa, Dakiýa, Illiriýa çozup girýärler we Demirgazyk Italiýa baryp ýetýärler. Imperator Mark Awreliý olara berk zarba urupdyr we çozup gelen käbir taýpalary özüne boýun egdirýär. Emma bu rim ýaragynyň iň soňky ýeňşi bolup

galypdyr. Mundan beýläk imperiýa germanlaryň öňünde sapalak atmaga, olara özleriniň käbir ýerlerini bermäge mejbur bolupdyr. Imperatorlar käbir taýpalara rimiň ýaranlary (*federat*) we hakyna tutma goşunlar hökmünde serhetde ýurt tutunmaga ygtyýar edipdirler.

Rimli iri ýer eýeleri göçüp gelýän germanlary göwünjeňlik bilen kabul edipdirler we olary boş ýerlerde ýerleşdiripdirler. Rimiň ýerli ilatynyň arasynda ýaşamak bilen germanlar olaryň maddy we ruhy medeniýeti bilen baglanyşykly köp gymmatlyklaryny kabul edip alypdyrlar. Bu bolsa german jemgyýetinde urug-jemagatçylyk gurluşynyň dargamagyny, rim kanunlarynyň girizilmegini, hususy eýeçiligiň berkemegini çaltlandyrypdyr. Öz gezeginde german taýpalarynyň göçüp gelmegi rimiň serhetýaka welaýatlarynyň durmuş-ykdysady taýdan ösüşine gowy täsir edipdir. Erkin ekerançy ilatyň möçberi artypdyr, gul zähmetiniň ähmiýeti peselipdir. Federatlardan düzülen german hakyna tutma goşunlarynyň ähmiýeti hem artypdyr. German serkerdeleri rim gullugyna durmak bilen döwletiň syýasy durmuşyna täsir edipdirler, köşk adamlarynyň häkimiýet ugrundaky göreşlerine gatnaşypdyrlar.Şeýlelikde, biri-biri bilen baglanyşykly iki hili ýagdaý bolup geçipdir: serhet welaýatlarynda ýaşaýan germanlar romanlaşypdyrlar, Rim imperiýasy bolsa «wagşylaşypdyr». Bu ýagdaýyň ikisi hem germanlaryň peýdasyna bolupdyr, sebäbi germanlaryň ýagdaýy berkäpdir we olaryň rimiň welaýatlaryny eýelemeklerini ýeňilleşdiripdir.

## § 2. Çarwa taýpalaryň basybalyşlary we Günbatar Ýewropada wagşy korollyklaryň döremegi

**Rim imperiýasynyň çäklerine gunlaryň we westgotlaryň çozup girmekleri.** Wagşy taýpalaryň ýörişleri we olaryň rim welaýatlaryna çozuşlary adaty hadysa öwrülipdir. Emma Rim imperiýasyna olaryň hüjümlerini birbada saklamak başardypdyr. IV asyryň ahyrynda germanlaryň we beýleki wagşy taýpalaryň «halklaryň beýik göçhä-göçlükleri» adyny alan köpçülikleýin ýörişleri Günbatar Rim imperiýasynyň ýerleriniň eýelenilmegi bilen tamamlanýar.




Bu ýörişleriň esasy sebäpleri wagşy taýpalaryň oturymlylyga geçmegi we olaryň ilatynyň sanynyň görnetin artmagy bilen baglanyşykly boldy. Wagşy taýpalary rimiň mes toprakly ýerlerini eýelemäge we ol ýerlerde öz obalaryny esaslandyrmaga çalşypdyrlar.

Imperiýanyň çäklerine ilkinji bolup westgotlar çozup giripdirler. Got taýpalary II asyra çenli Wisla derýasynyň

aşak akymlarynda ýaşapdyrlar. Gadymy rowaýatlara görä, bu ýerlere olar Skandinawiýadan gçüp gelipdirler. III asyryň başynda gotlaryň uly bölegi günorta-gündogara süýşüp, Dunaýyň we Donyň aşak akymlarynda mesgen tutýarlar. Günbatardaky tokaý zolagynda ýerleşmek bilen gotlar gündogardakylardan arany açypdyrlar. Şonuň üçin olaryň birlerini westgotlar (wizigot), beýlekisi bolsa ostgotlar (ostrogot) diýip atlandyrypdyrlar. Dunaýyň we Donuň aşal akymlarynda mesgen tutan gotlar bu ýerlerde ýaşap ýören slawýanlary we skif-sarmat taýpalaryny, şeýle hem germanlaryň bu ýere göçüp gelen gerul taýpasyny özlerine tabyn edýärler. Şeýdip köp taýpany özüne birleşdirýän taýpa bileleşigi döredilip, onda gotlar (ostgotlar) azlyk bolupdyrlar.

Ostgotlar Rim imperiýasyna garşy harby ýörişleri geçiripdirler. Olaryň arasynda hristiançylygyň ariançylyk mezhebi ýaýrapdyr. Ariançylygy ýepiskop Ulfila (313-383) wagyz edipdir we ol gotlaryň harplygyny döredipdir. Ulfila bibliýany got diline-de terjime edipdir. Ostgotlaryň döwleti Ermanarihiň döwründe has kuwwatlanypdyr we töwerekdäki slawýan taýpalaryny hem tabyn edip, döwletiň araçägini gündogara tarap giňeldipdir. Westgotlar bu döwletiň düzümine girmändirler. Sebäbi olar Rimiň täsirindediler.

375-nji ýylda Gara deňziň ýakalaryna Aziýanyň jümmüşlerinden göçüp gelen we eýýäm köp halklary boýun egdiren gunlar çozup giripdirler. Ostgotlaryň döwleti olaryň hüjümlerine döz gelip bilmän dargapdyr, olaryň hökümdary Ermanarih bolsa söweşde ýeňlip özüni öldürýär. Ostgotlaryň köp bölegi gunlaryň tabynlygyna geçýär. Westgotlar bolsa kömek sorap rim häkimiýetlerine ýüz tutupdyrlar. Imperator Walent westgotlar bilen ylalaşyk baglaşypdyr we gaçyp ýören westgotlara Meziýada ýurt tutunmaga ýer beripdir. Emma rim häkimiýetleri olary azyk önümleri bilen üpjün etmändirler we tabyn halk ýaly edip ezipdirler. Bu bolsa westgotlaryň gozgalaň turuzmagyna getirýär. Westgotlary Frakiýanyň ilaty hem

godapdyr. 378-nji ýylda Adrianopolyň ýanynda bolan söweşde westgotlar ýeňiş gazanýarlar, imperator Walent bolsa söweşde öldürilýär. Rimli serkerde Feodosiý kynlyk bilen westgotlary Konstantinopolyň eteginden yza çekilmäge mejbur edýär. Tiz wagtdan imperatorlyga göterilen Feodosiý westgotlar bilen ýaraşyk baglaşýar we imperiýanyň ýaranlary hökmünde olara Balkan ýarym adasynyň iň gowy ýerlerine göçüp gelmäge ygtyýar edýär. Şundan soň westgotlar az wagtlyk rim bilen parahatçylykly gatnaşyklarda bolýarlar, emma 395-nji ýylda Feodosiý ölenden soň, korol Allarihiň baştutanlygynda talaňçylykly çozuşlara başlaýarlar we Konstantinopoly eýelemäge synanyşýarlar. Gündogar Rim imperatory Arkadiý westgotlara ägirt uly paç tölemäge baý welaýat Illiriýany bermäge mejbur bolýar. 401-nji ýylda Alarih Demigazyk Italiýa ýöriş geçirýär, ýöne serkerde Stilihon tarapyndan baştutanlyk edilýän rim goşunlaryndan ýeňilýär.


Alarihiň jaýlanylyşy (370-410)

V asyryň başlarynda Günbatar Rim imperiýasyna wagşy taýpalaryň hüjümlerine döz gelmeli bolupdyrlar. 404-nji ýylda Dunaýyň ýokary akymlaryndan Italiýanyň üstüne Radagaýsyň serkerdeligindäki german taýpalarynyň goşunlary çozýar. Olar Florensiýany gabapdyrlar. Stilihon ähli güýçlerini jemläp olary ýeňlişe sezewar edýär. Köp sanly urşyjylar ýesir alnypdyr we soňra gullara öwrülipdir. Italiýany goramak üçin Stilihon Britaniýadaky goşunlary çagyrmaga mejbur bolupdyr. Stilihon rim senaty tarapyndan dönüklikde aýyplanyp öldürilenden soň Italiýanyň ýagdaýy has hem kynlaşýar. Beýleki wagşy taýpalar hem goşulan westgotlaryň ägirt uly leşgerleri Demirgazyk we Orta Italiýany eýeläp, Rimiň etegine süýşüp gelýärler. Imperator Gonoriý

Rawennada gizlenipdir. Alarih paç tölenilmegini we gullara öwrülen wagşylaryň ählisiniň gaýtarylyp berilmegini talap edýär. Bu talaplar ýerine ýetirilipdir, ýöne imperator Dalmasiýa, Norik we Wenesiýa welaýatlaryny bermekden boýun gaçyrýar. Şundan soň Rim gabawa sezewar edilýär. 410-njy ýylyň 24-nji awgustynda şäher synýar. Alarihiň goşunlary Rime kürsäp girýäler we şäher aýylganç talaňçylyga sezewar edilýär.

Rimi talap we ägiert uly olja alyp, Alarih Sisiliýa barmak we soňra Demirgazyk Afrika aşmak maksady bilen Italiýanyň günortasyna ugraýar. Emma westgotlar şowsuzlyga uçraýarlar. Tiz wagtdan Alarih aradan çykýar. Täze koroly saýlap, westgotlar yzlaryna ugraýarlar.

**Westgotlaryň korollygy.** Westgotlar Galliýanyň günorta-günbataryny eýeleýärler we Tuluzany paýtagt edinip öz döwletlerini döredýärler. Westgot döwleti resmi taýdan imperiýanyň federaty bolupdyr we olaryň koroly bolsa rim serkerdesi hasap edilipdir. Emma iş ýüzünde ol rimiň çägindäki ilkinji özbaşdak döwletdi. Alarihiň döwründe westgotlar Rimiň çäklerine häli-şindi çozup durupdyrlar. Westgotlar ýerli mülkdarlaryň elinden olaryň ýerleriniň üçden iki bölegini alypdyrlar we öz aralarynda bije atyp paýlaşypdyrlar. Şeýdip wagşy esgerler jemagatçy daýhanlara öwrülipdirler.V asyryň ikinji ýarymynda Galliýanyň Luara derýasyna çenli we Ispaniýanyň köp ýerleri eýelenilýär. 507-nji ýylda franklar tarapyndan Akwitaniýa basylyp alandan soň Westgot döwletiniň merkezi Ispaniýa geçirilýär, paýtagty bolsa Toledo şäheri bolýar. 554-nji ýylda Wizantiýa Ispaniýanyň günorta-gündogar kenarýakalaryny eýeleýär. Şeýlelikde, Westgot korollygy Pireneý ýarym adasynyň diňe bir bölegine eýelik edipdir: demirgazyk-günbatar bölegi swewleriň korollygyna degişli bolupdyr.

Westgotlar giň ýerlerde ornaşmak bilen ilatyň az bölegini tutupdyrlar we ispan-rim ilatynyň arasynda ýaşapdyrlar. Olar

ýerli ilatdan sany boýunça-da, maddy we ruhy medeniýetiniň ösüşi boýunça-da ýerli ilatdan yza galypdyrlar. Bu bolsa westgotlaryň esgerler bolup galýandyklaryna, salgyt tölemeýändiklerine garamazdan olaryň romanlaşmagyna getiripdir. VI asyryň ahyrlarynda westgotlar ariançylykdan ýüz öwrüp, rim-hristian dinini kabul edipdirler, bu bolsa olaryň romanlaşmagyny has hem tizleşdiripdir. Westgotlaryň ýerli halk bilen garyşmagy orta gatnaşyklarynyň ösüşini çaltlandyrypdyr. Daýhanlar öz erkinliklerini ýitiripdirler, begzadalar bolsa iri ýer eöwrülipdirler.


Atly wandal

Westgot döwletinde feodal gatnaşyklarynyň ösmegi bilen içki oňşuksyzlyklar başlaýar. Bu bolsa araplaryň Ispaniýany eýelemek işini ýeňilleşdirýär.

**Wandallaryň döwleti.** III asyrda wandallar Germaniýanyň jümmüşinden Orta Dunaýa göçüp gelýärler. Gunlaryň zor salmaklary zerarly swewler we alanlar (sarmatlardan gelip çykan taýpa) bilen bilelikde günbatara süýşýärler. V asyryň başlarynda olar Orta Reýndäki rim gorag ulgamyny böwsüp, ilki Galliýa, soňra bolsa Ispaniýa çozup girýärler. 428-nji ýylda wandallar alanlar bilen bilelikde Gibraltar bogazyndan geçip Demirgazyk Afrikany eýeläp ugraýarlar. Wandallaryň koroly Geýzerih rim dikmesi Bonifasiniň imperatoryň garşysyna topalaňyny, ýerli berberi ilatynyň azat edijilik hereketini, agonistleriň dini hereketini öz peýdasyna ulanmak bilen on ýylyň dowamynda Rimiň Demirgazyk Afrikdaky mülkleriniň agramly bölegini eýeleýär. Şeýlelikde, 439-njy ýylda rimiň ýerinde merkezi Karfagen şäheri bolan täze döwlet - Wandallaryň korollygy ýüze çykýar. Edil westgotlarda bolşy ýaly, wandallar hem rimiň federaty hasap edilipdir, ýöne bu ýagdaý wandallara rimiň ýerlerini

eýelemäge we onuň şäherlerini talamaga päsgel bermändir. Hristian dininiň ariançylyk meshebine uýýan wandallar rim buthanasynyň mülklerini we emlägini, şeýle hem rimli begzadalaryň baýlyklaryny eýeläpdirler. Orta ýer deňzindäki Sisiliýa, Sardiniýa, Korsika, Balear adalary hem wandallar tarapyndan basylyp alynýar. 455-nji ýylda wandallar Rimi hem talaýarlar. Şonda köp sanly medeni ýadygärlikleri we sungat eserleri ýok edilýär. Olaryň bu hereketi soňra «wandalçylyk» düşünjesiniň ýüze çykmagyna sebäp bolupdyr we ol medeni gymmatlyklaryň nähak ýok edilmegini aňladypdyr. Wandallaryň korollygy 534-nji ýýlda Wizantiýa tarapyndan basylyp alynýança ýaşaýar.

**Burgund korollygy.** Ostgotlaryň burgund taýpasy IV asyrda Orta Reýnde ýurt tutunýar we Worms welaýatynda soňra gunlar tarapyndan derbi-dagyn edilen öz korollygyny esaslandyrýar. Burgundlaryň aman galan bölegi rim serkerdesi Aesiýanyň ygtyýar bermegi bilen imperiýanyň federaty hökmünde Sabaudinde (Sawoýa) ornaşýarlar. Soňra burgundlar Ýokarky we Orta Ronany eýeleýärler we 457-nji ýylda paýtagty Lionda ýerleşen täze korollyk esaslandyrýarlar. Beýleki wagşy taýpalary ýaly, burgundlar oturymly halk bilen ýerleri paýlaşypdyrlar: başda ekerançylyk ýerleriniň ýaryny, soňra bolsa üçden iki bölegini, şeýle hem galliýaly-rim mülkdarlarynyň elinden mülkleriň we jemagat ýerleriniň ýaryny, gullaryň üçden bir bölegini alypdyrlar. Burgundlar ýurt tutunýan ýerlerinde garyndaşlaryň toparlary (*farlar*) bolup oturýardylar. Olaryň galliýaly-rim ilatynyň arasynda ýerleşmekleri urug-jemagatçylyk we garyndaşlyk gurluşynyň dargamagyna we emläk deňsizliginiň ýüze çykmagyna getiripdir. Burgund korollygy Rim imperiýasy bilen tä ol ýykylýança aragatnaşyk saklapdyr. 534-nji ýylda ol franklar tarapyndan basylyp alynýar.

**Gunlaryň döwleti.** German taýpalary bolan ostgotlary, gerullary, gepidleri, kwadlary, markomanlary, skirleri, türingleri, gündogar burgundlary özlerine tabyn edip gunlar ägirt uly harby bileleşik döredýärler. IV asyryň ahyrynda olar Pannoniýa çozup girýärler we tiz wagtdan ony öz mülkleriniň merkezine öwürýärler. Günbatar Rim imperiýasy we Wizantiýa gunlary wagşy taýpalaryň çozuşlarynyň garşysyna we welaýatlardaky gozgalaňlary basyp ýatyrmakda ulanypdyrlar, bu bolsa gun bileleşiginiň berkemegine oňaýly täsir edipdir. V asyrda gunlarda eýýäm nesilden-nesle geçýän häkimiýet kemala gelýär. Atillanyň (435-453) dolandyran ýyllarynda Gun döwleti has-da güýçlenipdir.



Atilla

451-nji ýylda gunlar Galliýa çozup giripdirler we Orleany gabaýarlar. Gunlaryň hüjümleri Günbatar Rim imperiýasyny we wagşy taýpalary birleşmäge mejbur edýär. Gunlar bilen «halklaryň urşy» adyny alan aýgytly söweş Katalaun düzlügunde (Truanyň töweregi) bolup geçýär. Rim serkerdesi Aesiýanyň baştutanlygyndaky rimlilerden, westgotlardan, franklardan we burgundlaryň bir böleginden ybarat bolan birleşen goşunlar gunlary we olaryň tabynlygyndaky german taýpalarynyň goşunlaryny ýeňlişe sezewar edýär. Emma Atilla 452-nji ýylda Italiýa ýene-de ýöriş geçirýär we uly olja alýar. 453-nji ýylda ol aradan çykýar we tiz wagtdan Gun bileleşigi dargaýar. Gunlar tarapyndan boýun egdirilen taýpalar garaşsyzlyk gazanýarlar.

**Günbatar Rim imperiýasynyň synmagy.** Özüniň ähli welaýatlaryny aldyrandygyna garamazdan Günbatar Rim imperiýasy ýaşamagyny dowam etdirýärdi. Imperatoryň köşgi eýýäm Rimde däl-de Rawennada ýerleşýärdi we hakykat ýüzünde imperiýanyň ykbalyna wagşy taýpalaryň hakyna tutma

goşunlaryna serkerdelik edýän wagşylardan bolan serkerdeler jogap berýärdiler. 476-njy ýylda germanlaryň skir taýpasyndan bolan serkerde Odoakr kiçi ýaşly rim imperatory Romul Awgustuly tagtdan mahrum edip, onuň kakasy Oresti jezalandyryp öldürýär we Italiýanyň hem-de Rimiň hökümdaryna öwrülýär. 476-njy ýyl Günbatar Rim imperiýasynyň resmi taýdan ýykylan senesi hasap edilýär, hakykat ýüzünde bolsa, ol şindi 410-njy ýylda, haçan-da, westgotlar basyp alanda synypdy. Elbetde, Odoakryň özi imperiýany ýatyrandyryn öýtmändir. Imperatorlyk nyşanlaryny ol Konstantinopola - Gündogar Rim imperatoryna ugradypdyr. Italiýada we imperiýanyň ähli welaýatlarynda indi wagşylar hojaýynçylyk edýärdiler. Odoakr öz nökerlerine ýer paýlap berip, ýer özgertmesini geçiripdir, munuň üçin bolsa ýer eýeleriniň ýerleriniň üçden bir bölegini ellerinden alypdyr. Rimiň ýaranlary hasap edilen Günbatardaky ähli wagşy korollyklary özbaşdaklyk gazanýarlar.

**Ostgot korollygy.** Gun bileleşigi dargandan soň ostgotlar Wizantiýanyň federatlary hökmünde Dunaý derýasynyň boýlaryndaky welaýatlarda ýaşapdyrlar. Ostgotlaryň belli Amal urugyndan bolan serdary Teodorih ähli ostgotlary özüne tabyn edýär we korol hökmünde dolandyryp başlaýar. 488-nji ýylda Gündogar Rim imperatorynyň razylygy bilen Italiýany eýelemek üçin ýörişe ugraýar. Emma ostgotlara aýgytly ýeňiş gazanmak başartmandyr. 493-nji ýylda Teodorih Odoakr bilen Italiýany paýlaşmak barada şertnama baglaşýar. Emma tiz wagtdan Odoakr Teodorihiňkide meýlis gidip duran mahaly haýynlyk bilen öldürilýär we bütin Italiýa ostgot korolynyň eline geçýär. Şeýdip täze döwlet -



Teodorihiň Rawennadaky mawzoleýi

ostgot korollygy döredilýär. Bu döwletiň düzümine Italiýadan başga-da Dunaýyň boýundaky welaýatlar – häzirki Şweýsariýanyň bir bölegi, Awstriýanyň we Wengriýanyň (Pannoniýa) ýerleri giripdir. Rawenna döwletiň paýtagty hökmünde saýlanyp alynýar.

Ostgotlar esasan Demirgazyk we Orta Italiýada mesgen tutupdyrlar. Olar Odoakr tarapyndan ýer alan mülkdarlaryň ýeriniň üçden bir bölegini alypdyrlar we öz aralarynda paýlaşypdyrlar. Teodorih boş ýatan ýerleri hem eýeläpdir we olary öz begzadalarynyň arasynda paýlapdyr. Ostgotlaryň koroly italiýaly ýerli mülkdarlaryň ýerlerini ellerinden almandyr, olar öndüren önümleriniň üçden bir bölegini ostgotlara bermäge borçlandyrylypdyr. Şeýlelikde, iri ýer eýeçiligi ýatyrylmandyr, tersine Teodorih käbir rimli begzadalara täze mülkleri bagyş edipdir.

Tiz wagtdan ostgotlarda korol häkimiýeti özüniň harby-demokratik mazmunyny ýitirip, *despotiki* (hökmirowan) häsiýete eýe bolýar. Teodorih özüni rim imperatorlarynyň mirasdüşeri diýip yglan edýär we dolandyryşda hem-de her bir işde olara öýkünmäge çalşypdyr. Teodorihiň kanunçylygy rim hukugyna esaslanypdyr. Edil beýleki wagşy korollyklarynda bolşy ýaly, germanlaryň adaty ýöredilmändir we kanun esasynda tassyk edilmändir. Italiýada rim hukugy we köne dolandyryş edarasy saklanyp galypdyr, köne däpler boýunça senat hem işlemegini dowam etdiripdir. Ýokary döwlet wezipelerine rimliler çekilipdir. Rim buthanasynyň hukugy gotlaryň arian buthanasynyň ygtyýarlyklary bilen deňleşdirilipdir. Gotlaryň özleri üçin graflaryň baştutanlygynda aýratyn german dolandyryşy saklanyp galypdyr. Teodorihiň syýasaty ýurtdaky etniki dagynyklygy güýçlendiripdir, bu bolsa gotlaryň romanlaşmagyna päsgel beripdir we rim hem-de german jemgyýetçilik ulgamlarynyň özara arabaglanyşygyny kynlaşdyrypdyr.

Teodorih ölenden soň rimli begzadalar bilen gatnaşyklar ýitileşýär. Hökümdaryň ornuna tagta gelen gyzy Amalasunta rimli begzadalara howandarlyk etmek we Wizantiýa bilen ýakyn gatnaşyklary saklamaga çalşyp kakasynyň syýasatyny dowam etdiripdir. Emma ony tagtdan agdaryp öldürýärler. Netijede ostgot begzadalarynyň arasynda hem häkimiýet ugrunda göreşler başlaýar. Emele gelen ýagdaýdan Italiýany basyp almagy arzuw edip ýören Wizantiýa peýdalanýar.

534-nji ýylda Wizantiýanyň imperatory Ỳustinian I serkerdesi Welisarini uly goşunlar bilen Italiýa ugradýar. Rimli begzadalar we din adamlary Wizantiýany goldaýarlar. Gysga wagtyň içinde wizantiýalylar ýurduň köp ýerlerini, şol sanda Rim bilen Rawennany hem eýeleýärler. Emma uruşlar munuň bilen gutarmandyr. Wizantiýanyň Rim imperiýasyny dikeltmäge gönükdirilen syýasatyndan diňe bir wagşylar däl, eýsem rim ilatynyň aşak gatlaklary hem garşylyk görkezipdirler. Gotlaryň tagta çykarylan serdary Totila wizantiýaparaz rimli begzadalary ähli artykmaçlyklardan mahrum edýär we halk köpçüligini öz tarapyna çekmegi başarýar. Munuň özi urşuň barşynda öwrülişik etmäge we wizantiýalylary Demirgazyk hem-de Orta Italiýadan kowup çykarmaga mümkinçilik berýär. Emma Wizantiýa Italiýa goşmaça goşunlary kömege iberýär we 552-nji ýylda gotlary agyr ýeňlişe sezewar edýär. Totila söweş meýdanynda öldürilýär, gotlar bolsa ýene-de üç ýyllap azat edijilik urşuny alyp barýarlar. 555-nji ýylda uzaga çeken uruşlardan soň Wizantiýa Italiýany doly basyp alýar. Imperator Ýustinian Italiýa üçin ýörite kabul eden kanunynda ähli ýerleriň, gullaryň we kolonlaryň öňki eýelerine gaýtarylyp berilmegini höküm edýär. Emma Wizantiýa Italiýada köne guleýeçilik düzgünini doly dikeltmek başartmaýar.

**Langobard korollygy.** 568-nji ýylda Italiýanyň üstüne demirgazykdan langobardlar çozup girýär. Olar öň Pannoniýada mekan tutupdylar we bu ýerde düzümine

germanlaryň saks, gepid taýpalary, sarmatlar we bolgarlar hem giren uly taýpa bileleşigini döredipdiler. Wizantiýa bir döwürde langobardlary ostgotlary garşy uruşlarda ýaran hökmünde peýdalanypdyr. Indi langobardlaryň koroly Alboin Italiýany Wizantiỳanyň elinden almagy maksat edinýärdi. Beýleki german taýpalary bilen deňeşdirilende langobardlar has rehimsi basybalyjylar bolupddyrlar: olar şäherleri ýumrupdyrlar, parahat oturan ilaty gyrypdyrlar ýa-da olary gullara öwrüpdirler. Olar beýleki taýpalalar ýaly ýerleriň üçden bir bölegini alyp oňmandyrlar, ýokary gatlaklaryň ähli emläklerini hem-de baýlyklaryny ellerinden alyp, olary kowupdyrlar ýa-da gul edip ulanypdyrlar. Ýerli halka salgyt salnyp, langobard gersoglarynyň golastyna geçirilipdir.

Langobardlar ýuwaş-ýuwaşdan Italiýanyň köp bölegini eýeläpdirler. Ýurduň bütin demirgazygy olaryň eline geçýär. Orta Italiýada Langobard döwletiniň düzümine diňe Rawenna welaýaty (Wizantiýanyň golasatynda galan Rawenna ekzarhaty) we Rimiň töweregindäki uly bolmadyk ýerler girmändir. Günorta Italiýada langobardlara Benewent we Spoleto gersoglyklary degişli bolupdyr. Langobardlaryň kowçum bolup oturýan ilatynyň köp bölegi Po derýasynyň jülgesinde ýaşap, soňra bu ýerler Lombardiýa (Langobardiýa) adyna eýe bolýar. Langobardlaryň basypalyşlary Italiýada guleýeçilik gurluşynyň galyndylaryna gutarnykly zarba urýar we orta asyr gatnasyklarynyň mundan beýläki ösüşine uly itergi berýär.

Basylyp alnan ýurduň ösen durmuş-ykdysady gurluşynyň täsiri bilen langobardlarda urug-jemagatçylyk gurluşy tiz dargapdyr, ekerançylyk ýerlerine hususy eýeçilik peýda bolupdyr we jemgyýetiň içinden agalyk ediji gatlak kemala gelipdir. Köne harby-demokratik düzgünler hem ähmiýetini ýitiripdir. Taýpa nöker goşunlarynyň ornuna korolyň şahsy nökerleriniň täsiri güýçlenipdir. Korola gulluk edýändikleri üçin družinaçylara ýer berýärdiler we olar wagtyň geçmegi

bilen ýer eýelerine öwrülýärdiler. Emma orta asyr gatnaşyklary ösdügiçe langobardlarda korolyň häkimiýeti gowşapdyr, ýurtda syýasy göreşler ýitileşipdir. Şahsy goşun bölümleri bolan, iri mülkleri we garşly ilaty özlerine tabyn eden gersoglar garaşsyzlyga dyzaýardylar. Şol bir wagtyň özünde-de Langobard döwletiniň daşarysyýasy ýagdaýy hem çylşyrymlaşýar. Rim papalary Tabr derýasynyň boýlaryndaky langobard ýerlerini eýelemäge çalşypdyrlar we öz ýaranlary bolan franklary kömege çagyrypdyrlar. 754-nji we 757-nji ýyllarda Pipin Kelte Langobard döwletine agyr zarba urýar we onuň ýerleriniň bir bölegini alyp Papa berýär.

**Günbatar Ýewropada täze etniki umumylyklaryň we halklaryň kemala gelip başlamagy.** Germanlaryň täze ýerlere göçüp gelmekleri we ýörişler döwründe dürli taýpalar bilen garyşmaklary täze etniki umumylyklaryň peýda bolmagyna getiripdir. Olar durmuş-ykdysady we medeni ösüşde özlerinden has ösen, şeýle hem san taýdan agdyklyk edýän rim ilatynyň arasynda ýaşapdyrlar. Bu bolsa asyrlaryň geçmegi bilen germanlaryň romanlaşmagyna, olaryň ata-baba däp-sessurlarynyň we dilleriniň ýitmegine getiripdir. Germanlaryň garyşmagyna dürli taýpalaryň bir bitewi syýasy birleşmelere girmekleri we bir dini ynançlara uýmaklary hem uly täsir edipdir. Günbatara ýörişleriň dowamynda germanlar ariançylygy kabul edipdirler, ýöne soňra rim-hristian dinine uýup başlaýarlar. Bu bolsa halklaryň garyşmagynyň öňünde duran köp päsgelçilikleri aradan aýrypdyr. Germanlar bilen rimlileriň arasyndaky nika gatnaşyklary adaty waka öwrülýär we munuň özi etniki tapawutlaryň aradan aýrylmagyny milli umumylyklaryň döremegini has-da çaltlandyrýar.

Rim imperiýasy ýykylandan soň birnäçe asyr geçenden soň Günbatar Ýewropada täze roman halklary – italýanlar, ispanlar, frank-romanlar peýda bolup başlaýarlar. Reýnden gündogarda ýaşaýan german taýpalary tä franklaryň basybalyşlaryna çenli dagynyk ýagdaýda galypdyrlar; olaryň

etnos hökmünde kemala gelmekleri soňra German döwletiniň çäklerinde tamamlanýar.

## § 3. Frank döwleti V-VII asyrlarda

**Frank döwletiniň döremegi.** Franklar has gadymy german taýpalary bolan hamawlaryň, brukterleriň, sugambrlaryň, şeýle hem keseki taýpalaryň birleşmegi netijesinde dörändir diýlip çak edilýär. Biziň eýamymyzyň III asyryndan başlap franklar Reýniň aňyrsyndan Galliýanyň ýerlerine birsyhly aralaşyp durýarlar. Şol wagtlar olar iki topara bölünýärdiler. Reýn derýasynyň aşak akymynda sali franklary, Reýniň orta akymynda we Maas derýasynyň jülgesinde bolsa ripuar franklary ýaşapdyrlar. III-IV asyrlarda franklar Toksandriýanyň (Brabant) ýerlerine eýe bolupdyrlar, şol ýerden hem günorta-günbatara özleriniň täsirini ýaýradypdyrlar. Sali franklary Toksandriýadan Somma derýasyna çenli, ripuar franklary bolsa Reýn derýasynyň orta akymy we Maas derýasynyň jülgesi aralagynda mesgen tutupdyrlar.

Toksandriýaly franklaryňkyda urug-jemagatçylyk gurluşy höküm sürüpdir. Aýry-aýry ýerler özbaşdak gersoglar (knýazlar) tarapyndan dolandyrylypdyr. Gersoglaryň arasynda iň güýçlisi, sali franklaryndan bolan Merowingler nesilşalygydy. Olaryň urugbaşçysy ady rowaýata öwrülen Meroweý («Deňiz beren») hasap edilipdir. Nesilşalygyň üçünji wekili Hlodwig (481-511) özüniň täsirini ähli franklara ýaýradypdyr. Franklaryň ýigrimi ýaşly koroly Hlodwig 486-njy ýylda Luara we Sena derýalarynyň aralygynda saklanyp galan rim dikmesi Siagriýniň mülklerini eýeläp, Suassony we bütin Demirgazyk Galliýany basyp alýar. Franklar


Hlodwigiň çokundyrylyşy

gündogarda alemanlary boýun egdiripdirler we burgundlary bolsa basyp almaga synanyşypdyrlar. 507-nji ýylda olar Puatýeniň eteginde westgotlary ýeňlişe sezewar edýärler we Akwitaniýany eýeleýärler. Şeýlelikde, VI asyryň başlaryna çenli Galliýanyň günorta-gündogarda Burgundiýadan, günortada Septimaniýadan we günbatarda Bretandan galan ýerleri franklar tarapyndan basylyp alynýar.

Öz häkimiýetini berkitmek, galliýaly-rim begzadalarynyň we hristian ruhanylarynyň goldawyna daýanmak üçin Hlodwig 496-njy ýylda nökerleri hem-de egindeşleri bilen rim-hristian dinini kabul edýär. Frank hökümdary hristiançylygyň mundan beýläk hem ýaýramagyna kömek edýär: ol köp sanly ybadathanalary gurýar, hristian ýepiskoplaryny maslahatçylar we döwlet işgärleri hökmünde öz ýanyna işe çekýär. Şol döwürden başlap franklar bilen papalaryň arasynda dostlukly gatnaşyklar ýola goýulýar.

Hlodwig hilegärlik we ähdiýalanlyk arkaly garyndaşlaryny, golaý-goltumlaryny, öz duşmanlaryny ýok edýärdi. Hlodwigiň bu hereketlerine frank begzadalary garşylyk görkezmändirler, tersine olar Rim Galliýasyny üstünlikli basyp almagyň hatyrasyna harby güýçlerini birleşdirmäge ymtylypdyrlar we Hlodwigiň mysalynda tapylgysyz ýowuz hökümdary görüpdirler. Hlodwigiň üstünlikleri Frank döwletiniň halkara abraýynyň artmagyna hem-de berkemegine getirýärdi. Gündogar rim imperatory Anastasiý Hlodwig bilen «konsullyk hatlaryny» alşypdyr we oňa konsullyk derejesiniň nyşanlaryny ugradýar.

Hlodwig korollygy ogullarynyň arasynda paýlapdyr. Merowingler nesilşalygynda döwleti özbaşdak dolandyrylýan, ýöne ýeke-täk korol häkimiýetine tabyn mülklere bölmek dessury ýüze çykýar. Hlodwigiň ogullarynyň we agtyklarynyň döwründe Burgundiýa boýun egdirilýär, german gersoglyklary bolan Türingiýa we Bawariýa tabyn edilýär. Şol döwürler franklar Reýnden gündogarda ýerleşýän ýerlere hem göçüp

barýarlar we bu ýerler soňra Frankoniýa diýlip atlandyrylýar. Wizantiýanyň ostgotlar bilen uruşýan döwründe franklar Ostgot döwletine degişli Prowans welaýatyny eýeleýärler. Netijede, Frank döwleti Galliýanyň tas ähli ýerlerini diýen ýaly, şeýle hem Germaniýanyň ep-esli bölegini eýeleýärler we Günbatar Ýewropanyň iň uly wagşy döwletine öwrülýär. Onuň düzümine dürli etniki birleşmeler girizilýär. Döwletiň aýry-aýry welaýatlary – Neýstriýa, Awstraziýa we Burgundiýa durmuş-ykdysady ösüş derejesi boýunça biri birinden tapawutlanypdyrlar. Ir döwürleriň galliýaly-rim ilaty ýaýan Neýstriýada we Burgundiýada iri ýer eýeçiligi giň ýaýrapdyr we orta asyr gatnaşyklary beýleki ýerlerden has ösen derejede bolupdyr. German ilaty agdyklyk edýän Awstraziýada orta we ownuk ýer eýeçiligi ýaýrapdyr.

**Franklarda jemgyýetçilik gurluşy.** Frank basybalyşlary Galliýanyň durmuş gurluşyny ep-esli özgerdipdir. Mälim bolşy ýaly, merowing jemgyýetiniň esasy köpçüligini erkin frank daýhanlary düzýärdi. Olaryň frank jemgyýetçilik gurluşyndaky ornuny Hlodwing döwründe neşir edilen «Sali hakykaty» ýa-da «Sali kanuny» (*Lex Salisa*) diýlip atlandyrylan kanunnamada görüp bolýar. «Sali hakykaty» kazyýet dessurlaryny (*kazus*) öz içine alýan kanunnama (*Lex*) bolup, şol dessurlar soňra köp wagtyň geçmegi bilen kazyýet adatyna öwrülipdir. Bu kanunnamada franklaryň durmuşynyň dürli ugurlary barada köp mukdarda maglumatlar berilýär.

«Sali hakykatynda» franklaryň durmuş gurluşy barada juda köp maglumatlar berilýär. Ol içgin öwrenilende göz öňünde sürüm ýerleriniň, hususy emlägiň eýesi, ep-esli syýasy hukuklardan peýdalanan erkin frankyň aýdyň keşbi peýda bolýar. Erkin urug-jemagatçylyk gurluşy franka her bir pursatda hemaýat edipdir, onuň hukuklaryny gorapdyr. «Sali hakykaty» öňki urug jemagatynyň esasynda dörän irki goňşyçylyk jemagaty barada-da anyk düşünjeleri berýär. Munuň özi oba jemagaty (marka) bolup, ol orta asyrlaryň bütin

dowamynda diýen ýaly ýewropa jemgyýetiniň durmuşynda ägirt uly ähmiýete eýe bolupdyr.

Erkin frankyň durmuşynda onuň garyndaşlarynyň ornunyň uly bolmaklygy dowam edipdir. Frank öldürilse ganhora hökman wergeld[1] (wira) töledipdirler. Wergeldiň bir bölegini ogullary, ýene bir bölegini ýakyn garyndaşlary alyp özara bölüşipdirler, ýöne ýer diňe erkek adamlara (ogullary hem doganlary) miras galdyrylypdyr. Bu kanunnamanyň hereket eden döwründe franklarda ýere hususy eýeçilik bolmandyr. Ýer oba jemagatynyň – markanyň ygtyýarynda galypdyr. «Sali hakykatynyň» baplarynyň birinde: «Eger-de, franklardan kimdir biri başga bir willa göçüp barmak islese, ýöne willada ýaşaýanlaryň ählisi razy bolup, olardan iň bolmanda biri muňa garşy çyksa, onda onuň şol ýere göçüp barmaga hukugy ýokdur» diýlip aýdylýar. Munuň özi franklarda oba jemagatyndan goňşuçylyk oba jemagatyna geçilip başlanandygyna, şeýle hem frank obasyna - *willa* indi keseki adamlaryň hem göçüp gelip bilendiklerine şaýatlyk edýär. Willa täze göçüp gelen gelmişek bir ýyl ýaşandan soň markanyň doly hukukly agzasyna öwrülipdir. Bu barada kanunnamada şeýle maglumatlar berilýär: «Eger-de, göçüp gelene 12 aýyň dowamynda hiç hili garşylyk görkezilmese, onda ol beýleki goňşulary ýaly el degrilmesiz bolup galmalydyr».

Ekerançylyk ýerlerinden başga-da oba jemagatynyň garamagynda tokaýlar we öri meýdanlary hem bolupdyr. Ýer obşinanyň eýeçiliginde bolmagyna garamazdan ol ähli obşina tarapyndan däl, eýsem şol ýeri miras galan hökmünde ulanyp ýören aýratyn maşgalalar tarapyndan işlenilipdir. Ýer paýyny ozal bolşy ýaly, diňe erkek kişiler (ogullar we doganlar) däl, eýsem aýallar (gyzlar we uýalar) hem miras alyp bilipdir. Şeýlelik bilen, franklarkyda durmuş gatlaklarynyň kemala

[1] Wergeld (nemes. - adamyň bahasy), erkek adamyň öldürilmegi sebäpli, gan almagyň deregine göz öňünde tutulan pul tölegi – türkmenlerde hun.

gelişi hususy eýeçiligiň peýda bolmagy bilen has hem tizleşipdir. Frank koroly Hilperigiň (561-584) edikti boýunça ýer paýyna diňe bir erkek adamlar däl, eýsem zenan maşgalalar (gyzlar we uýalar) hem eýe bolup bilýärdiler. Wagtyň geçmegi bilen franklarda *allod* – jemagat ýerlerinden aýryp, hususy eýeçilige alyp bolýan ýerler ýüze çykýar. Allodlar VI asyryň ahyrynda – VII asyryň başynda ripuar franklarynyň kanunlar ýygyndysy bolan «Ripuar hakykaty» ady bilen düzülen kanunnama arkaly tassyklanylýar.

«Ripuar hakykatynda» berilýän maglumatlar frank daýhanlarynyň öz ýerlerinden mahrum bolup ugrandyklaryny görkezýär. Iri ýer eýeçiliginiň döremegi franklarda erkin daýhanlaryň sanynyň azalmagyna, hususy eýeçiligiň ösmegine we korol häkimiýetiniň gowşamagyna alyp barýardy. Immunitet[1] arkaly korolyň özi hususy eýeçiligiň ýüze çykmagyna we ösmegine sanksiýa (ygtyýar) beripdir. Korol tarapyndan iri ýer eýesine ýörite hat berlipdir, şoňa laýyklykda, ýer eýesi öz mülküniň çäginde doly hukukly hojaýyna öwrülýär. Şunuň bilen bir wagtda ýer eýesi mülkünde kazyýet we polisiýa häkimiýetlerini hem öz elinde jemläpdir. Munuň daşyndan ol korolyň peýdasyna öz mülkünde ýaşaýan daýhanlardan salgyt hem ýygnaýar. Korolyň hatyny alan iri ýer eýesi *immunist*, onuň ýer emlägi bolsa immunitet bolýardy. Immunitet haty alnandan soň korolyň emeldarlarynyň, ýagny agentleriň, graflaryň, ýüzbaşylaryň we olaryň kömekçileriniň immunistiň, ýagny iri feodalyň içerki işlerine gatyşmaga hukuklary bolmandyr.

**VI-VII asyrlarda döwlet gurluşy.** Galliýa basylyp alynmanka franklarda döwlet gurluşy entäk doly kemala gelmändir. Ýokary häkimiýet serkerdeler tarapyndan amala

[1] *Immunitas* (latyn. - bir zatdan halas etmek), feodalyň öz mülklerinde merkezi häkimiýetiniň gatyşmazlygy we onuň käbir döwlet wezipelerini (kazyỳet, salgytlary ýygnamak we başgalar) amala aşyrmaga bolan hukuklarynyň jemi.

aşyrylypdyr, jemgyýetçilik işleri we kazyýet meseleleri bolsa esgerleriň ählisiniň gatnaşmagynda halk ýygnagynda garalypdyr. Emma Galliýa basylyp alnandan soň, öň Rim imperiýasynyň düzüminde bolan bu ýerleri köne urug-jemagatçylyk dessurlary esasynda dolandyrmak mümkin bolmandyr. Merowingleriň dolandyran döwründe (VI-VII asyrlar) döwlet gurluşy ýönekeý bolup galypdyr. Kazyýet işleri ýerlerde halk ýygnagynyň ygtyýarynda galypdyr, goşun bolsa erkin franklardan we korolyň nökerlerinden düzülipdir. Dolandyryş entäk dolulygyna bölünip ýetişmändir. Döwlet edarasy, fisk, polisiýa gullugy, ýokary kazyýet häkimiýeti şol bir edara we ygtyýarly adam tarapyndan amala aşyrylypdyr.

Korolyň häkimiýeti eýýäm güýçlidi. Tagt miras galdyrylypdyr. Halk öz korolyna kasam edipdir. Ähli işler bilen korol köşgi meşgullanypdyr. Ýylda iki gezek – ýazda we güýzde begzadalaryň ýgnagy bolup, onda kabul edilen kanunlar yglan edilipdir we täze kanunlar ara alnyp maslahatlaşylypdyr. Esasy kanunlar we kanunnamalar hökmünde korollaryň buýrugy bilen dürli döwürlerde ýazylan wagşy «hakykatlary» (kanunlar) hyzmat edipdirler. Welaýatlar we etraplar graflar we ýüzbaşylar tarapyndan dolandyrylyp, olaryň esasy borçlary koroluň hazynasyna salgytlary, jerimeleri we paçlary ýygnamak bolupdyr. Franklaryň kowçum bolup ýaşaýan ýerlerinde graflyklar we ýüzlükler germanlaryň öz kazyýet we harby guramasynyň, Orta we Günorta Galliýada bolsa rimlileriň welaýata bölmek düzgüniniň esasynda döredilipdir.

Frank döwletiniň aýry-aýry welaýatlarynyň başynda Merowingler nesilşalygyndan bolan korollar durupdyrlar. Olar biri-biriniň mülklerini eýelemek maksady bilen uzaga çeken özara uruşlara başlapdyrlar. Bu uruşlar diňe Neýstriýada we Burgundiýada, birneme soňrak bolsa Awstraziýada ýeke-täk korol Hlotar (613-629) häkimiýete gelenden soň tamamlanypdyr. Özara uruşlar döwründe ekerançylyk ýerlerine

eýeçiligi öz ellerine alan we ilaty öz häkimiýetlerine tabyn eden magnatlaryň ýagdaýy berkäpdir.

Korol köşgi Frank döwletiniň dolandyryş merkezi bolupdyr. Döwleti dolandyrmagyň ähli ulgamlary korolyň elinde jemlenipdir. Bu işde korola *ministrler*[1] (başda bular erkinlik alan hyzmatkäler bolupdyr) kömek edýärler. Ministrlerden soň korol köşginiň başlygy *seneşal* (başda gul bolupdyrlar), ondan soň *maýordom* bolup, ol Frank döwletiniň ykdysady işlerine ýolbaşçylyk edipdir. *Marşal* – frank goşunynyň serkerdesiniň wezipesini ýerine ýetiripdir. Marşal başda atbakar gul bolupdyr.

Korol häkimiýetiniň güýçlenmegi bilen, halk ýygnagy kem-kemden öz ähmiýetini ýitirip ugraýar, ol Mart meýdanyndaky köpçülikleýin leşger ýygnanşygy bilen çalşyrylýar. Mart meýdanyndaky leşgerleriň ýygnanşygy Frank döwletiniň ýaragly güýçleriniň gözden geçirilişini aňladypdyr. Döwleti has netijeli edara etmek üçin korollar döwleti etraplara bölüpdirler, olaryň başynda korol tarapyndan bellenilen *graf*[2] durupdyr. Urug gurluşy höküm süren döwründe okruglarda halk ýygnaklary saklanypdyr, emma korol häkimiýetiniň güýçlenmegi bilen dikmäniň ygtyýarlyklary grafyň eline geçipdir. Grafyň elinde kazyýet, dolandyryş we harby häkimiýetleri jemlenýärdi. Her bir okrug ýüzlüklere bölünipdir, olaryň baştutanlygyna bolsa korol *tunginleri*[3] (ýüzbaşy) belleýär. Tungini kähalatlarda *rahinburg* (saýlanan oturdaş) diýip hem atlandyrýardylar.

Iri ýer eýeleri gullarynyň hem-de litleriniň üstünden doly agalygy ornaşdyrypdyrlar.Olary tabynlykda saklamak we öz peýdalaryna işletmek üçin kazyýet-dolandyryş edaralary döwredilipdir we şahsy goşun bölümlerini edinipdirler.

---

[1] Ministr (fransuz. - gulluk, wezipe), hökümetiň düzümine girýän ýokary wezipeli gullukçy.

[2] Graf – ýokary wezipeli gullukçy we iri ýer eýesi.

[3] Tungin (nemes.) - kazy.

*Magnatlar* diýlip atlandyrylan bu täsirli hem-de baý adamlar korola boýun egmek, ýygnan salgytlaryny korol bilen bölüşmek islemändirler we hökümdaryň garşysyna häli-şindi topalaňlary turzupdyrlar. Korol häkimiýetiniň magnatlara güýji ýetmändir, şonuň üçin hem olaryň öňünde eglişik edipdir. Korolyň ýerleri begzadalar tarapyndan paýlanylypdyr ýa-da dargadylypdyr, döwletiň içinde topalaňlar dowam edipdir.

**Frank döwletiniň maýordomlar tarapyndan birikdirikdirilmegi.** Franklarda feodal hojalyklaryň uly ähmiýete eýe bolmagy bilen köşkdäki wezipeli adamlaryň täsiri güýçlenýär we olar öz ellerinde syýasy hem-de ykdysady häkimiýetleri jemleýärler. Munuň özi merkezi häkimiýetiň gowşamaýandygyny we döwletiň birnäçe özbaşdak dolandyryş birliklerine bölünýändigini aňladýardy. Merowingler nesilşalygyndan bolan soňky korollaryň elinden ähli häkimiýet gidipdir we olaryň diňe ady galypdyr. Olary göwnüýetmezçilik bilen «ýalta patyşalar» diýip atlandyrypdyrlar. Häkimiýet hakykat ýüzünde korol hojalygynyň dolandyryjysy – *maýordomyň*[4] (*majordomus*) ygtyýaryna geçipdir. Maýordomlar salgytlary ýygnapdyrlar, korolyň emlägini öz gözegçiliklerine alypdyrlar we goşuna serkerdelik edipdirler. Giň ygtyýarlyklara eýe bolmak bilen olar korollary belläpdirler we tagtdan agdaryp bilipdirler. Iri mülklere eýeçilik eden maýordomlar esasan ýerli begzadalara daýanypdyrlar.

Korol häkimiýetiniň gowşamagy Frank döwletiniň üç bölege dargamagyna getirýär. Şol ýerleriň biri Neýstriýa bolup, ol öz düzümine Galliýanyň demirgazyk-günbatar bölegini (merkezi Pariž) we Lýutensiýany alypdyr. Döwletiň ikinji bölegini Awstraziýa emele getirip, oňa Galliýanyň demirgazyk-gündogar bölegi degişli bolupdyr. Awstraziýada frank ilaty agdyklyk edipdir we VII asyrdan başlap bu ýerde häkimiýet maýordomlaryň elinde jemlenýär. Frank döwletiniň üçünji bir bölegi Burgundiýa bolup, oňa Galliýanyň günortasyndaky

---

[4] Maýordom (fransuz.) - köşkdäki uly gullukçy.

ýerler giripdir. Bu bölekler biri-birlerinden ykdysady taýdan hem tapawutlanypdyr: Neýstriýada iri ýer eýeçiligi ýaýrapdyr, Awstraziýa ownuk hem-de orta ýer eýeçiligi agalyk edipdir, Burgundiýada bolsa, ýerlere esasan katoliki ruhanylar we korolyň nökerleri eýeçilik edipdirler. Frank döwletiniň bölekleriniň her biri özbaşdakdy, olaryň öz koroly hem-de maýordomy bardy. Ýöne maýordomlaryň arasyndaky häkimiýet ugrundaky gazaply göreşleriň netijesinde 687-nji ýylda Awstraziýanyň moýordomy Pipin Geristalskiý öz garşydaşlaryny derbi-dagyn edýär we Frank döwletini ýeke özi dolandyryp başlaýar. Gazanylan ýeňiş oňa işjeň daşary syýasaty alyp barmaga we alemanlaryň, bawarlaryň we frizleriň german taýpalaryny gutarnykly boýun egdirmäge mümkinçilik beripdir. Öz häkimiýetini berkitmek ücin ol ýerli ilatyň arasynda hristianlygy güýçli derejede ýaýradýar. Awstraziýanyň orta we ownuk ýer eýelerine daýanmak bilen Pipin Geristalskiý işjeň basybalyşlary alyp barypdyr. Onuň döreden nesilşalygyny soňra meşhur frank koroly Karl Beýigiň ady bilen baglanyşdyryp Karolingler diýip atlandyrypdyrlar.

Awstraziýaly maýordomyň üstünlik gazanmagyna birnäçe şertler mümkinçilik beripdir. Frank döwletinde iri ýer eýeçiliginiň bolmagy korol häkimiýetini gowşadýardy. Şonuň üçin hem maýordomlar merkezi häkimiýeti berkitmekde ykdysady özbaşdaklyga ymtylýan iri feodallara - magnatlara daýanyp bilmändirler. Şonuň üçin hem awstraziýaly erkin daýhanlar, ownuk we orta ýer eýeleri Pipin Geristalskini goldapdyrlar. Çünki orta we ownuk ýer eýeleri öz ýerleriniň iri feodallar tarapyndan eýelenilmeginden ätiýaç edipdirler, olar öz ýerini giňeltmek maksady bilen basybalyjylykly uruşlary alyp barýan maýordomy ýakyndan goldapdyrlar we onuň esasy harby güýjüne öwrülipdirler.

## § 4. Frank döwleti Karolingler dinastiýasynyň döwründe

**Frank döwletinde ýer eýeçiligindäki özgerişler.** Karolingler döwründe Frank döwleti ep-esli güýçlenipdir we onuň çäkleri giňäp, imperiýa öwrülipdir. VIII asyrda frank jemgyýetinde orta asyr gatnaşyklarynyň yzygider ösüşi dowam edýärdi. Bu ýagdaý şindi VII asyrda iri ýeçiliginiň ösmegi we erkin daýhanlaryň-jemagatçylaryň tozmagy netijesinde başlapdy. Yzy üzülmeýän özara göreşleriň we daşky uruşlaryň netijesinde daýhanlar garyplaşýardylar we monastyrlaryň, ýepiskoplaryň we iri ýer eýeleriniň golastyna düşýärdiler we öz allodlaryny elden giderýärdiler. Tabynlyga düşen daýhanlar öz hojaýynlaryna salgyt tölemäge mejbur bolýardylar. Şeýdip frank jemgyýetinde esasan iki sany durmuş topary döreýär. Olaryň biri iri yeleri, beýlekisi bolsa öz ýerlerinden mahrum bolan daýhanlardy. Galliýaly-rim begzadalary, buthananyň prelatlary we frank magnatlary iri ýer eýeleridi. Olaryň düzümi koroldan ýer böleklerini we daýhanlaryň allodlaryny alan döwlet gullukçy begzadalaryň hasabyna artypdyr. Tabyn ilat ngalliýaly-rim gullaryndan we kolonlaryndan, şeýle hem german gullaryndan we litlerinden döräpdir. Olaryň hataryna emlägini hem-de erkinligini ýitiren german jemagatçy daýhanlary goşulypdyrlar.

Maýordom Pipin Geristalskiý ölenden soň Neýstriýanyň uly feodallary Karolinglere garşy ýaragly gozgalaňa başlaýarlar. Şol bir wagtyň özünde hem germanlaryň friz taýpasy frank zulmundan halas bolmak maksady bilen maýordomlara garşy çykyş edipdirler. Frizler özleriniň serdary Radbodyň ýolbaşçylygynda katoliki buthanalary ýumrup, butparazçylyk ybadathanalaryny dikeldip başlaýarlar. Şol döwürler Ispaniýany basyp alan we döwletiň çäklerine günorta-gündogardan çozup giren araplar hem Frank döwletiniň

serhetlerine howp salyp ugraýarlar. Neýstriýaly feodallar Awstraziýany we Burgundiýany tabyn etmäge synanyşýarlar. Awstraziýanyň özünde Pipin Geristalskiniň aýaly Plektruda bilen nikasyz doglan ogly – Karlyň arasynda göreşler ýaýbaňlanypdyr. Iň soňunda ownuk we orta feodallaryň, şeýle hem erkin daýhanlaryň ýardam etmegi bilen Karl öz dogany Raganfrediň goşunyny ýeňip, Plektrudany agdarýar we frizleri özüne tabyn edýär. Ykjam taýýarlykdan soň Karl Neýstriýa feodallaryna garşy ýöriş geçirýär we olary tabyn bolmaga mejbur edýär. Şeýlelide, 721-nji ýylda Karl (715-741) öz şahsy häkimiýetini berkitmegi başarýar. Häkimiýetini berkiden soň Karl magnatlaryň[1] gazaply garşylyklaryny basyp ýatyrýar, olaryň ýerlerini ellerinden alyp, öz nökerlerine paýlap berýär. German taýpalary bolan sakslar, frizler, alemanlar, bawarlar derbi-dagyn edilip Frank döwletine gaýtadan boýun egdirilýär. Bu taýpalaryň ählisi franklara paç tölemäge we hristiançylygy gutarnykly kabul etmäge mejbur bolupdyrlar.

Karlyň gowy ýaraglandyrylan saýlantgy atly, şeýle hem erkin daýhanlardan düzülen pyýada goşunlary araplar bilen alnyp barlan uruşlarda üstünlikli hereket edipdirler. 732-nji ýylda ispaniýaly araplar Galliýanyň üstüne uly ýöriş geçirýärler. Arap serkerdesi Abdyrahman Akwitaniýanyň (Galliýanyň günorta-günbatary) ýerlerine çozup girýär. Olar Akwitaniýany tozduryp, Parižе gidýän köne rim ýoly bilen demirgazyga tarap süýşüp ugraýarlar. Karl Martell öz goşuny bilen araplary Puatýeden uzakda bolmadyk ýerde garşylapdyr. 732-nji ýylyň oktýabrynda Puatýede irki orta asyrlar döwründe Ýewropada iň uly söweşleriň biri bolup geçýär. Söweş üç günläp dowam edipdir. Üçünji gün Abdyrahman öldürilipdir, onuň goşunlary bolsa olja baryny galdyryp yza çekilipdirler. Bu söweşde franklaryň agyr ýaraglanan atly goşuny özüniň artykmaçlygyny görkezipdir. Puatýe söweşinde gazanan ýeňşi üçin Karl «Martell» lakamyna eýe bolaýar. Araplar Pireneý

[1] *Magnat* (latyn. - baý, tanymal adam). Bu ýerde uly feodal manysynda.

ýarym adasyna tarap gysylyp çykarylypdyr. Bäş ýyldan soň araplar Günorta Galliýany basyp almaga ýene-de synanyşypdyrlar. Emma ikinji gezek hem olar Karl Martell tarapyndan derbi-dagyn edilipdir. Araplar bilen göreş gidýän wagtynda Burgund begzadalary araplary goldapdyrlar. Karl Martell burgundlary dönüklikde aýyplap, olaryň ýerlerini ellerinden alýar.

**Karl Martelliň harby özgertmeleri.** Karl Martelliň dolandyran döwründe Frank döwleti ykdysady hem-de syýasy taýdan has-da berkeýär. Eger-de, öňler maýordomlar aýry-aýry feodallara hususy eýeçilige ýerleri beren bolsalar (bu syýasat döwlet eçiligindäki ýerleriň azalmagyna getirýärdi), indi Karl Martell bu düzgünden el çekýär we *benefisiý*[2] (gulluk ýerleri, musulman ýurtlarynda ikta) ýerlerini bermekligi girizýär. Benefisiý şertli eýeçilik bolup, ýer alan adam maýordomyň peýdasyna hökman atly goşunda (nemesçe «*rütter*»[3] - ýagny «atly») harby gullugy berjaý etmeli bolupdyr. Benefisiý ýerini alan wassallyga (ýer alandygy üçin tabynlyk bildiren) kaýyl bolupdyr we wepaly gulluk etjekdigine kasam edipdir; benefisiniň beren bolsa *senýora* (aga, hojaýyn) öwrülýär we wassal kasamy bozan ýagdaýynda ýeri yzyna alyp bilipdir. Benefisiýniň girizilmegi netijesinde frank goşunynda ozal hiç haçan bolmadyk täze goşun kysymy döredilýär.

Goşunda esasy wezipe indi gowy ýaraglandyrylan atly goşunyň üstüne ýüklenilipdir. Ownuk we orta ýer eýeleri, şeýle hem gurply erkin daýhanlar täze, professional goşunyň döremegi üçin berk binýat bolup hyzmat edipdirler. Gelejekki frank uruşyjylaryna ýer paýlamak üçin Karl Martell burgund begzadalarynyň elinden alnan we monastyrlara degişli bolan ýerleri peýdalanýar. Munuň üçin hökümdar dini edaralara degişli ýerleri dünýewi ýerlere öwürýär. Ruhanylar hökümdaryň bu geçiren çäreleri bilen ylalaşmaga mejbur

---

[2] «Rysar» sözi şondan gelip çykýar.

[3] *Beneficium* (latyn.) – sözme-söz «haýyrly iş».

bolýarlar. Birneme soňrak Rim sinodynda dünýewileşdirilen ekerançylyk ýerleri ybadathananyň emlägi diýlip yglan edilýär we benefisiýleriň eýeleri az-owlak muzd tölemäge borçlandyrylýar. Karl Martell basylyp alnan ýerleriň hasabyna Rim buthansyna täze ýerleri bagyş edýär. Döwlet häkimiýetine garşy närazylyk döremez ýaly, Karl Martella ýokary buthana wezipelerine öz adamlaryny belleýär. Şeýlelikde, Karl Martella Ýewropanyň taryhynda ilkinji bolup kuwwatly rysar atly goşunyny döretmek başardýar.

Ownuk ýer eýeçiligi bolan alloidleriň dargamagy esasynda kemala gelen benefisiýa ulgamy jemgyỳetçilik gurluşynda uly üýtgeşmelere getiripdir. Harby gulluk feodallaryň – rysarlaryň esasy meşgullanýan kärine öwrülýär, esgerlerden dörän daýhanlar bolsa hukuksyz ekerançy gatlagy döredipdirler. Kähalatlarda erkin daýhanlaryň ýerleri hem benefisiýa öwrülipdir. Netijede daýhanlar korolyň raýatlary bolanlygyndan, hususyýetçileriň tabynlygyna geçipdirler. Bu bolsa soňra korol häkimiýetiniň gowşamagyna, feodallaryň täsiriniň bolsa güýçlenmegine getirýär.

Başky döwürlerde benefisiỳler döwlet häkimiýetiniň güýçlenmegine we onuň harby kuwwatynyň artmagyna gowy täsir edipdir. Sebäbi benefisiỳleriň eýeleri emlägini ýitirmekden gorkup, gulluk borçlaryny birkemsiz ýerine ýetirmäge çalyşýardylar. Emma ahyr netijede benefisileriň paýlanylmagy feodallaryň, ýagny korolyň wassallarynyň ýagdaýyny berkidipdir, koroluň häkimiýetini bolsa gowşadypdyr. Wagtyň geçmegi bilen benefisiýler mirasdüşer mülklere, soňra bolsa wassalyň hususy emlägine öwrülýär. Munuň üstesine-de, korolyň ummasyz köp ýerlere eýe bolan wassallary, ýerleriniň bir bölegini öz wassallaryna benefisiý edip berýärdiler we özleri senýorlara öwrülýärdiler.

**Karolingleriň korol derejesine eýe bolmaklary.** Frank döwletiniň ähli welaýatlarynda häkimiýetini berkarar edip, maýordom iru-giç korol tagtyna dalaş etmelidi. Bu şeýle-de

bolupdyr. Karl Martell aradan çykandan soň onuň ogly Pipin II Kelte (*Pippinus Brevis* - 741-768) öz häkimiýetini kanunlaşdyrmak üçin papa hat bilen ýüzleňýär. Ol papadan kimiň franklaryň koroly bolmaga ygtyýarynyň bardygyny, ýagny ygtyýarynda ýokary häkimiýet bolan maýordommy ýa-da hiç zada erki ýetmeýän korol diýip sorapdyr. Langobardlara garşy göreşde Frank döwletinden kömek almagy maksat edinýän papa, kimiň ygtyýarynda häkimiýet bar bolsa, şol hem korol bolmalydyr diýip jogap berýär. 751-nji ýylda Pipin Kelte Suassonda frank begzadalaryny ýygnaýar we resmi suratda franklaryň koroly diýlip yglan edilýär. Merowingler nesilşalygynyň iň soňky wekili Hilderik III we onuň ogly monahlyga ugradylýar. Bu işde özüni ýakyndan goldanlygy üçin täze korol minnetdarlygyň alamaty hökmünde Rim papasyna langobardlara garşy harby kömek, buthana bolsa giň ýerleri peşgeş berýär. 754-nji we 757-nji ýyllarda franklar langobardlara garşy iki ýöriş geçirýärler. Langobardlaryň elinden alnan Rimiň we Rawennanyň ýerlerini papa Stefan II berilýär («Pipiniň peşgeşi»). Şol ýerleriň esasynda rim tagtyna degişli dünýewi mülk - Papa welaýaty döreýär. Bu geleşige kanunylyk äheňini bermek üçin «Konstantiniň peşgeşi» atly galp resminama düzülýär. Resminama boýunça, göýä imperator Konstantin (IV asyr) rimiň ýepiskopy Silwestere Rim welaýatyny we tutuş Italiýany mülk edip berenmiş we papany özüniň Rim imperiýasynyň günbatar bölegindäki «wikariýasy» edip bellänmiş. Bu hatyň galplygy diňe XV asyrda italýan gumanisti Lorenso Walla tarapyndan subut edilipdir. Papa döwleti 1870-nji ýyla, ýagny Italiýanyň doly suratda täzeden birikdirilmegine çenli hereket edipdir. Onuň mirasdüşeri bolsa häzirki Watikandyr.

Pipin Keltä akwitaniýaly we gaskoniýaly (Günorta Galliýa) feodallarynyň erjellik bilen görkezýän garşylyklaryny syndyrmak başardypdyr. Köp ýyllara çeken uruşlaryň dowamynda olaryň ep-esli bölegi ýok edilipdir, emläkleri

bolsa, korolyň gullugyndaky adamlara berlipdir. Munuň özi Günorta Galliýada german kolonizasiýasynyň ikinji tolkuny ýaly bir zat boldy.

**Beýik Karlyň basybalyşlary.** Frank döwleti Pipin Keltäniň ogly Beýik Karlyň (*Carolus Magnus* - 768-814) döwründe öz kuwwatynyň çür depesine çykýar. Beýik Karl meşhur serkerde we başarjaň döwlet işgäri bolup, ol Ýewropanyň taryhynda uly yz galdyrypdyr, onuň adyna soňraky nesiller rowaýatlary, hekaýatlary we aýdymlary döredipdirler. Ol öz häkimiýetini Günbatar Ýewropanyň köp bölegine ýaýradypdyr we 800-nji ýylda papanyň ýardam etmegi bilen imperator derejesine eýe bolýar.

Beýik Karl dünýä imperiýasyny döretmek maksady bilen basybalyjjylykly syýasat alyp barypdyr. 774-nji ýylda langobardlaryň garşysyna Italiýa ýöriş geçirýär we olaryň ähli mülklerini eýeleýär. Basylyp alnan ýerleriň ujypsyz bölegini papa beripdir, galanyny bolsa Frank döwletine birikdiripdir. Langobardlaryň frank agalygyndan dynmak islegi, olaryň bawarlar hem-de awarlar bilen bilelikdäki çykyşlarynyň rehimsiz basylyp ýatyrylmagy bilen tamamlanýar.

Frank döwleti araplar bilen hem uruşlary alyp barypdyr. 778-nji ýylda Beýik Karl Ispaniýaniýa basybalyjjylykly ýöriş geçirýär we Saragossa çenli ýetyär. Emma ol araplaryň berk garşylygyna sezewar bolup, yza çekilýär. Gaýdyşyn onuň goşunlarynyň markgraf Roland tarapyndan serkerdelik edilýän öňbaşy (arýergard) basklaryň gabawuna düşüp, doly gyrylýar, şol sanda Roland hem öldürilýär. Bu waka soňra fransuzlaryň harby-gahrymançylyk şadessany bolan «Roland hakynda aýdym» atly eserinde wasp edilipdir. Soňraky ýyllaryň dowamynda franklar araplaryň elinden Ispaniýanyň bir bölegini Barselona bilen bilelikde alýarlar. Şol ýerleriň esasynda Pireneýleriň aňyrsynda araplaryň garşysyna gorag hökmünde «Ispan markasy» döredilýär.

Has uzaga çeken we agyr uruşlary Beýik Karl Reýniň aşaky akymy bilen Elbanyň aralygynda ýaşaýan sakslara garşy alyp barmaly bolupdyr. Saks taýpalarynyň garşylygyny gutarnykly syndyrmak üçin franklara 32 ýyl (773-804) gerek bolupdyr. Jemgyýetçilik ösüşiniň derejesi boýunça sakslar franklardan has yza galypdyrlar. Olaryň ilatynyň köp bölegini öň erkin daýhanlar bolup, indi begzadalaryň – edelingleriň agalygyna sezewar edilen frilingler düzüpdir. Litler hem saks jemgyýetinde giň ýaýran gatlak bolup, olar edelingleriň tabynlygyndaky ýarym erkin daýhanlar bolupdyrlar. Olar entäk käbir hukuklaryny saklap galypdyrlar we frilingler we edelingler bilen birlikde halk ýygnagyna gatnaşypdyrlar. Beýleki halklarda bolşy ýaly sakslaryň arasynda hem gulçulyk ýaýrapdyr.

Frank basybalyşlarynyň öňisyrasynda sakslarda urug-jemagatçylyk gurluşynyň dargamagy dowam edýärdi. Tire-taýpa bölünişigi boýunça sakslar dört topara bölünýärdi: westfallar (günbatar sakslary), ostfallar (gündogar sakslary), angariýler (merkezi sakslar) we nordalbingler (demirgazyk sakslary).

Frank goşunlarynyň Saksoniýa ýörişi üstünlik getiripdir: ilki westfallar, soňra bolsa ostfallar boýun egdirilýä we paç tölemäge mejbur edilýär. Emma haçan-da Karl öz goşunlaryny sakslaryň ýurdundan çykaranda, olar gozgalaň turuzýarlar we frank agalygyndan çykýarlar. Franklar Saksoniýany gaýtadan boýun egdirmäge başlaýarlar. 782-nji ýylda sakslaryň özbaşdaklygy rehimsizlik bilen basylyp ýatyrylýar. Saksoniýada frank dolandyryş ulgamy girizilýär. Ilat buthana üçin 1/10 salgydyny we beýleki ýgymlary tölemäge borçly edilýär. Saksonlaryň serdary, gersog Widukind franklara boýun egipdir we hristian dini kabul edýär. Emma sakslary boýun egdirmek 804-nji ýyla çenli dowam edipdir. Olaryň uly bölegi Reýniň çep kenaryna göçürilipdir. Saksoniýa franklary göçürip

getiripdirler we olaryň ýerleri gullukçy begzadalara paýlanyp berlipdir. Ilaty frank graflary we ýepiskoplar dolandyrypdyr.

Beýik Karl frank döwletine öňden ýapja bolup gelýän bawarlary gutarnykly boýun egdirýär. Bawar gersogy frank agalygyndan çykmaga we garaşsyz Bawar korollygyny döretmäge synanyşyk edýär. Gersog awarlar bilen ýaranlyk baglaşýar. 778-nji ýylda Karl Bawar gersoglygyny ýatyrýar we onuň başyna öz bellän grafyny goýýar.




Frank döwleti gündogarda polab slawýanlary bilen gatnaşyk açyp ugraýar. Sakslar bilen yzygider uruşlary alyp baran obodritler franklaryň ýaranyna öwrülipdir, lýutiçler, serbler we çehler bolsa franklara paç tölemäge mejbur edilipdir. Günorta-gündogarda franklar Sloweniýaniýany (Karintiýa) we Balkan ýarym adasynyň demirgazyk-günbatar taraplarynda ýerleşýän Horwatiýany eýeleýär.

Saks taýpalary bilen uruşlaryň alnyp barylýan döwründe Karl häzirki Wengriýanyň ýerinde (Pannoniýanyň bir bölegi) ýaşan, Aziýanyň jümmüşinden göçüp gelen söweşjeň awarlar bilen uruşlary alyp barypdyr. 788-nji ýylda awarlar Frank döwletiniň çäklerine çozup girýärler. Beýik Karl Germaniýadan we Italiýadan getirilen goşunlary awarlaryň garşysyna sürüpdir. Uzaga çeken gabawdan soň dokuz sany tegelek seňňerlerden ybarat bolan awar *ringini* - goranyş galasyny we onuň merkezinde ýerleşen hanyň galasy basylyp alynýar. Beýik Karl ägirt köp olja alypdyr. Hazynalaryň bir bölegini papa sowgat edipdir, galanlaryny uruşyjylara hem-de emeldarlaryna paýlapdyr. Awarlardan alnan we gündogardaky serhet ýerlerinden harby dolandyryşly Gündogar *markasy* (serhet welaýaty) döredilipdir. Munuň özi slawýanlara gözegçilik ýaly bir zat bolup hyzmat edipdir. Karlyň döwleti bilen goňşyçylykda Baltika deňzinden tä Adriatik deňzine çenli aralykda ýaşaýan slawýanlar onuň agalygyny ykrar edipdirler we ýaranlyk goşunlaryny berip durmaga ýa-da paç tölemäge borçly bolupdyrlar. Bu ýerde Pannoniýa markasy (häzirki Wengriýanyň, öňki Ýugoslawiýanyň, Awstriýanyň [1] ýerleriniň bir bölegi) döredilipdir.

Beýik Karl Ýewropada ägirt uly ýerleri özüne tabyn edýär. Onuň döwletiniň düzümine hristiançylyga uýýan roman-german ýerlerinden diňe Angliýa girizilmändir. Onuň çäkleri Ebra derýasyndan we Barselonadan tä Elba we Baltikanyň kenarlaryna, La-Manş bogazyndan tä Orta Dunaýa we Adriatika (Italiýa bilen bilelikde) çenli uzalyp gidipdir. Şeýlelikde, Beýik Karlyň döreden döwleti birwagtky Günbatar Rim imperiýasynyň ep-esli bölegini öz içine alypdyr. Şonuň üçin hem Karly franklaryň koroly derejesi kanagatlandyrmandyr. Ol bütindünýä monorhy – «rimlileriň imperatory» bolmaklygyň arzuwyny edýärdi. 800-nji ýylyň 25-nji dekabrynda papa Lew III Rimdäki Keramatly Pýotruň

[1] Awstriýa – sözme-söz «Gündogar töweregi».

buthanasynda onuň başyna «rim imperatorlarynyň» täjini geýdirýär. Dabaranyň gidýän wagty töwerek-daşda duran franklar we rim halky özleriniň gykylyklary bilen täç geýdirilmegi makullapdyrlar we «Hudaý tarapyndan tagta çykarylan, rimlileriň beýik hem-de parahatçylyk dörediji imperatory Karl Awgusta hemişe ýeňiş we jan saglygy ýaran bolsun!» diýip gygyryşypdyrlar.

Karlyň imperatorlyk derejesi ep-esli ýerler berlenden soň Gündogar Rim imperiýasynyň hökümdary tarapyndan hem ykrar edilýär. Bagdat halyfy Harun ar-Reşit onuň bilen ilçihana hem-de sowgatlar alyşypdyr. Onuň köşgüne Ispaniýanyň got korolyndan, slwýanlardan, Iýerusalim patriarhyndan ilçiler gelýärdi. Beýik Karl öz täsirini anglo-sakslara hem ýaýradýar.

Beýik Karl eýe bolan imperator derejesini döwletiň içinde häkimiýetini berkitmäge we özüniň halkara abraýyny ýokarlandyrmak üçin peýdalanmaga çalşypdyr. Begzadalardan başlap tä gullara çenli ähli ilat oňa wepadarlyk kasamyny etmeli bolupdyrlar. Imperatoryň rim katolik buthanasyny we onuň baştutany bolan papany tabyn etmegi hem möhüm ähmiýeti eýe bolupdyr. Günbatar buthanasynyň üstünden höküm sürmek imperiýanyň halkara syýasatynyň ýaragy bolup hyzmat edipdir.

**Beýik Karlyň imperiýasynyň dolandyryş ulgamy.** Frank imperiýasy dolandyryş taýdana graflyklara bölünip, olaryň başynda korol tarapyndan bellenilýän graflar durupdyr. Graflar kazyýet-dolandyryş, harby işleri bilen meşgullanypdyrlar, korolyň peýdasyna salgytlary we dürli ýygymlary ýygnapdyrlar. Munuň üçin graflar ýygnan jerimeleriniň 1/3-ini alyp galypdyrlar we olara korol tarapyndan benefisiý berlipdir. Graflyklar ýüzlüklere bölünip, olaryň başynda *sentenariler* (ýüzbaşy) durup, olar öz ýerlerinde kazyýet-dolandyryş işlerini amala aşyrypdyrlar. Sentenariý korol köşgi tarapyndan bellenilipdir, ýöne gönüden-göni grafyň

tabynlygynda bolupdyr.Ýüzlügiň düzümine özüniň içki jemagat dolandyryşy bolan birnäçe obalar giripdir.

Basylyp alnan ýerlerde Beýik Karl *markalara* – berkidilen harby-dolandyryş welaýatlaryny döredipdir. Markalar täze basybalyşlary amala aşyrmak we ýurdy daşky duşmanlardan goramak üçin gerek bolupdyr. Markalaryň dolandyryjylary bolan *markgraflar* giň ygtyýarlyklardan peýdalanypdyrlar. Olaryň tabynlygynda hemişe uly goşun birikmeleri saklanypdyr.

Ýurtdaky ýokary häkimiýet korol köşgünde (*palatium*) jemlenipdir we ol korolyň köşk gullukçylary we *ministeriallar* (gullukçylar we hyzmatkärler) tarapyndan amala aşyrylypdyr. Olaryň iň esasylary köşk hyzmatkärleriniň işine jogap berýän we köşk kazyýetinde başlyklyk edýän *pfalsgraf* (*comes palati*), döwlet diwanynyň ýolbaşçysy - *referendariý*, hazynanyň dolandyryjysy – kamerariý, din işleri bilen meşgullanyýan – baş *kapellan* bolupdyr. Korolyň mülklerini dolandyrmak we azyk üpjünçiligi meseleleri bilen supraçy we tabakçy meşgullanypdyrlar; patyşa awa gidende bu işe awçybaşy jogap beripdir. Köşkde başga-da köp sanly wezipeler bolup, köşk gullukçylarynyň ählisi güzeran dolamak üçin koroldan benefisiý alypdyrlar.

Frank döwletinde esasy kanunçylyk we kazyýet jemkanunlary hökmünde entekler hem wagşy kanunlary hereket edip, olardan has giň ýaýrany «Sali hakykaty» bolupdyr. Onuň könelen maddalarynyň ornuna *kapitulýariler* neşir edilipdir. Beýik Karlyň kapitulýarileriniň köp bölegi korol diwanyna («Wekiller üçin kapitulýariler») degişli bolupdyr. Döwletiň mejbur edijilik wezipesi güýçlendirilipdir, dolandyryş jerimeleri artdyrylypdyr.Korol wezipeli adamlaryň özbaşdaklygynyň öňüni almaga we olaryň korolyň öňündäki jogapkärçiligini güýçlendirmäge çalşypdyr. Şu maksat bilen käbir welaýatlarda tas garaşsyz häkimiýete eýe bolan gersogyň häkimiýeti ýatyrylýar. Beýik Karl ýepiskoplary özüniň

ýerlerdäki esasy daýanjyna öwürmek maksady bilen olara kazyýet-dolandyryş ygtyýarlyklaryny we uly ýeňillikleri beripdir. Graflarlaryň üstünden korol tarapyndan welaýatlara ugradylyp durlan korol wekilleriniň gözegçiligi ýola goýulýar. Wagtlaýyn ygtyýarlyklara eýe bolan korol wekilleriniň edarasy ýerli häkimiýetleriň özbaşdaklygynyň öňüni almalydy. Emma Beýik Karldan soň olaryň hereketi ýatyp galýar.

VIII asyryň ahylaryna çenli Frank döwletiniň kazyýet işlerinde ep-esli özgerişler bolup geçýär. «Sali hakykatynda» beýan edilen köne kazyýet edarasy öz ähmiýetini gutarnykly ýitirýär. Kazyýet mejlislerinde eýýäm halk tarapyndan saýlanylýan tungin däl-de, korol tarapyndan bellenilýän graf we sentenariý başlyklyk edipdir. Halk oturdaşlary bolan rahinburglar hem indi ýokdy. Beýik Karl olary korol *skabinleri* bilen çalşyrypdyr. Sud mejlislerinde halk köpçüligi ýöne bir mähelle hökmünde oturyp, çözgütleriň kabul edilmegine gatnaşdyrylmandyr. Emma köne däpler boýunça ähli erkin adamlaryň kazyýet mejlislerine gatnaşmaklary hökman bolupdyr, gelmediklere jerime salnypdyr.

Beýik Karlyň döwründe Frank döwletiniň hemişelik paýtagty bolmandyr. Korol köşk adamlary bilen öz mülklerine aýlanyp ýöripdir. Diňe dolandyryşynyň soňky ýyllarynda Beýik Karl özüniň Ahendäki köşgünde köp eglenip başlapdyr.

Köşgüň ýokary wezipeli gullukçylary korol maslahatyny düzüpdirler we maslahatlarda möhüm döwlet meseleleri ara alnyp maslahatlaşylypdyr. Kanunlaryň korolyň adyndan kabul edilýändigine garamazdan, olary taýýarlamaga we ara alyp maslahatlaşmaga köşk begzadalary we döwletiň iri magnatlary gatnaşypdyrlar. Köne däplere görä, her ýyl iki gezek (ýazda we güýzde) begzadalaryň gurultaýy çagyrylypdyr. Gurultaýlarda ykdysady we harby meseleler ara alnyp maslahatlaşylypdyr. Ýazky gurultaýda kabul edilen kararlar kanuna öwrülipdirler we korolyň kapitulýarilerinde yglan edilipdir. Karolingleriň döwründe şeýle ýygnaklar maý aýynda

(Maý meýdany) geçirilipdir we olar şol bir wagtyň özünde harby gözden geçiriliş bilen hem utgaşdyrylypdyr. Beýik Karlyň döwründe ýurtda kanunçylyk işleri has hem ösüpdir we 200-den hem gowrak kapitulýariler (kanunlar, maddalar) neşir edilipdir.

**Frank döwletinde orta asyr gatnaşyklarynyň ösüşi.** VIII asyryň ikinji ýarymynda – IX asyryň başynda Frank döwletinde orta asyr gatnaşyklary has-da ösýär. Eýýäm Merowingleriň döwründe prekar gatnaşyklar ýüze çykyp, ol mirasdüşer häsiýete eýe bolýar. Emma Merowingler döwründe ol agalyk ediji ýagdaýa eýe bolup bilmändir.

Hususy ýer eýeçiliginiň - allodyň ösmegi gutulgysyz iri ýer eýeçiliginiň we mülkleriň döremegine alyp barýardy. Egerde, Merowingler döwründe bu ýagdaý birneme haýal geçen bolsa, VIII asyrda, Karolingleriň döwründe, aýratyn hem IX asyrda, ýer eýeçilik gatnaşyklarynda hakyky öwrülişik bolup geçýär. Indi agrar gatnaşyklarynda eýeçiligiň agdyklyk edýän görnuşi iri ýer eýeçiligi (mülk) bolup galýar. Ownuk ýer eýeleri öz ýerlerini ýygy-ýygydan iri feodallara, aýratyn hem buthana bermäge mejbur bolupdyrlar. Sebäbi häli-şindi bolup geçýän uruşlar we özara dawalar, salgytlaryň we jerimeleriň köpelmegi hem-de agyrlaşmagy, kuwwatly magnatlar tarapyndan görnetiň zorluklaryň edilmegi, birsyhly gaýtalanyp durýan hasylsyzlyklar hem açlyk, ownuk ýer eýesini we erkin daýhany iri feodaldan ýa-da buthanadan özüne pena gözlemäge mejbur edipdir.

Buthananyň baýlaşmagynyň beýleki bir çeşmesi prekariýanyň giň praktikasydyr. Daýhan ýerinden mahrum bolup, ýer paýyny bermegi haýyş edip (precaria, ýagny haýyş boýunça gowşurylan ýer) jenaba ýüzlenýärdi; munuň üçin ol bellenilen borçlary ýerine ýetirmegi wada edýär. Ylalaşyk ýazuw arkaly amala aşyrylýardy: ýer eýesi daýhandan doldurylan prekar hatyny alýardy we oňa ygtyýar-hatyny tabşyrypdyr. Hatda ýerden peýdalanmagyň möhleti we obrogy

mukdary görkezilýärdi. Ýer eýesi, şol sanda diniň gullukçysy hem daýhanyň hukuklaryny bozmazlyga we tabşyrylan ýeri eden-etdilik edip elinden almazlyga wada beripdir.

Iri ýer eýeçiliginiň, esasan hem buthana mülkleriniň berkemegine prekaria tejribesiniň giň ýaýramagy hem uly itergi berýär. Daýhan öz ýerinden mahrum bolup, hojaýyna özüne ýer bermegini sorap (*prekaria* (latyn.) – «haýyş boýunça berlen») ýüz tutýar we munuň üçin onuň öňünde kesgitli borçlary ýerine ýetirmäge borçlanýar. Munuň özi prekariýdir. Şunda daýhan bilen hojaýyn ikisiniň arasynda gazanylan ylalaşyk resminama arkaly berkidilýär: ýeriň eýesi daýhandan prekarlyk hatyny alypdyr we oňa ygtyýar hatyny beripdir. Ygtyýar hatynda ýeri ulanmagyň möhleti we daýhanyň tölemeli önüm salgydynyň mukdary görkezilipdir, ýer eýesi, şol sanda buthana hem daýhanyň hukuklaryny bozmazlyga we daýhana beren ýerini sebäpsiz yzyna almazlyga wada edipdir. Şundan soň prekarçy buthananyň hemaýatyny hem goragyny alypdyr. Emma birnäçe nesiller geçenden soň daýhan diňe bir eýeçilik taýdan däl, eýsem hukuk taýdan hem tabyn adama öwrülipdir.

Prekar tabynlygyna diňe bir ýerlerinden mahrum bolan adamlar däl, eýsem döwlet borçlaryndan dynmak isleýän, şeýle hem buthananyň ýa-da iri ýer eýesiniň goragyna hem-de howandarlygyna mätäç bolan ownuk mülkleri bolan erkin ýer eýeleri hem geçipdirler. Şunuň bilen bir hatarda, kommendasiýa ulgamy hem daýhanyň öz erkinligini ýitirmegine alyp barypdyr. Bu ulgam boýunça erkin adam bir täsirli şahsyň hemaýaty astyna geçipdir, ýagny ol öz howandaryny senýor, ýagny jenap diýip ykrar edipdir.

Korol häkimiýeti iri ýer eýeçiliginiň ösüşine päsgel bermändir, hatda bu işe belli bir derejede ýardam edipdir. Buthana we dünýewi ýer eýelerine korol olaryň mülklerine döwlet gullukçylarynyň gatyşmazlygyny kepillendirýän immunitet hatlaryny beripdir. Şunda immunitete eýe bolýan ilatyň üstünden özüniň kazyýet-dolandyryş häkimiýetini ýola

goýýar we öň döwlet hazynasyna geçirilýän ähli serişdeler onuň ygtyýaryna geçýär.

Immunitet feodal eýeçiligini berkidipdir. Immunitet berlen ýerde mülkdar ýeke-täk hojaýyn bolup galypdyr, ol diňe bir garaşly ilatyň üstünden däl, eýsem öz mülküniň çäginde ýaşaýan erkin adamlaryň üstünden hem agalyk edipdir. Beýik Karl immuniteti döwlet häkimiýetini berkitmekde ulanmaga çalşypdyr we immunistleriň, ýagny immunitete eýe bolanlaryň üstüne kazyýet, tertip-düzgüni goramak we nöker ýygnamak borçlaryny ýükläpdir. Beýleki bir tarapdan immunist adyl suduň berjaý edilmegine, şeýle hem has agyr jenaýatlarda günäkärleriň grafyň kazyýetine berilmegine jogap beripdir, şolaryň ýerine ýetirilmedik ýagdaýynda bolsa, korolyň wekili öz topary bilen immunist öz borçlaryny ýerine ýetirýänçä onuň ýerinde ýerleşýärdi. Şeýlelik bilen, iri ýer eýesiniň - immunistiň şahsy häkimiýeti, döwlet häkimiýetiniňki ýaly häsiýete eýe bolýar, onuň mülki bolsa özbaşdak döwlet ýaly bir zada öwrülýär. Netijede, immunitet artykmaçlyklary iri feodallaryň peýdasyna hereket edipdir we soňra ýurtda syýasy dagynyklygyň ýüze çykmagy üçin amatly şert döredipdir.

Frank döwletiniň ösüşine *wassalitet* (ýapjalyk) hem uly täsir edipdir. VIII asyryň ahyrlaryna – IX asyryň başlaryna çenli ýapjalyk-mülkdarçylyk gatnaşyklary döwletiň syýasy we harby gurluşynda giňden ýaýrapdyr. *Wassal*[1] öz senýoryna ýa-da *süzerenine* wepadarlyk barada kasam edýärdi, şonda ol dyzyna çökýärdi we öz ellerini senýoryň eliniň aýasyna goýýardy (bu *kommendasiýanyň* nyşany bolupdyr, ýagny wassal özüniň jenaba berilýändigini beýan edýär). Senýor wassalyň ähli zatda öz yzyna eýermegini talap edipdir; ol edil korol ýaly, öz wassallaryna mülklerini we hukuksyz daýhanlaryny dolandyrmak boýunça dürli tabşyryklary beripdir, şeýle hem olara benefisiý görnüşinde zähmet haky töläpdir. Wassallaryň

[1] Wassal (fransuz.), tabyn, ýapja bolan şahs.

bir bölegi senýoryň öýünde ýaşapdyrlar we onuň ýakyn adamlaryna öwrülipdirler.

Ýörüşlerde senýor öz wassallaryny ýaraglandyrypdyr, olar üçin azyk alyp barypdyr. Edil korolyň wassallary ýaly, iri magnatlaryň wassallary hojalyk işlerinden üzňe bolupdyrlar we olar öz hasabyna gulluk edýän ýönekeý esgerlerden has gowy üpjün edilipdir. Wassallar uzakda, täze basyp alnan ýerlerde *garnizon* gullugy üçin örän amatly bolupdyrlar. Şonuň üçin korol goşun gurluşyndaky şeýle üýtgeşmäni ikelläp oňlapdyr.

Wassal senýor tarapyndan öz janyna kast etmäge synanyşyk eden mahalynda, emläginden mahrum edilende, aýalynyň ya-da gyzynyň namysyna deglende, senýoryň wassaly goramakdan boýun gaçyran ýagdaýynda wassalyň senýory terk etmäge we onuň öňünde eden kasamyny bozmaga hukugy bolupdyr. Umuman alnanda, senýor bilen wassalyň gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän kadalar şulardan ybarat bolupdyr, ýöne soňra bu ulgamyň kemala gelmegine döwlet gatyşýar we belli hukuk düzgünleri girizilýär. Mundan beýläk karoling jemgyýetinde hökmany häsiýete eýe bolan harby wassalitet berkarar edilipdir. Şunuň ýaly hökmany wassallitetiň netijesinde bolsa feodal basgançagy (*iýerarhiýa*) girizilýär. Munuň özi syýasy gurama bolup, ol feodallaryň hukuksyz (*krepostnoý*) daýhanlaryň üstünden kollektiw häkimiýetini üpjün edipdir. Bu basgançagyň iň ýokarsynda korolyň özi durup, ol iri feodallaryň, ýagny wassallaryň ýokary süzereni bolupdyr. Korolyň wassallary hem öz gezeginde özlerinden aşakda durýan ownuk wassallaryň senýorlary bolupdyrlar.

**Karolingler döwrüniň mülk ýerleri.** VIII asyryň ahyrlarynyň – IX asyryň başlarynyň çeşmeleri bolan «Karlyň kapitulýarileri» we «Abbat Irminonyň poliptigi» (Parižiň golaýyndaky Sen-Žermen monastyrynyň ýazgy kitaby) iri feodal mülküni jikme-jik beýan edýär. Mülklerde ýerler hojaýynyň we daýhanlyň mellek ýerlerine (olar «*mans*» diýlip atlandyrylypdyr) bölünipdir. Adayça daýhan melleleriniň

arasynda ýerleşýän hojaýynyň ýerleri tabyn daýhanlar we olaryň özleriniň zähmet gurallary hem-de iş mallary tarapyndan işlenilip bejerilipdir. Hojaýynyň ýerinde hojalyk gullary hem işledilipdir. Feodalyň mülküne sürüm ýerlerinden başga-da, tokaýlar hem-de çemenlikler hem degişli bolupdyr.

VIII-IX asyryň ykdysadyýeti özüniň derejesi boýunça franklaryň «Sali hakykaty» döwründäkiden has ýokary derejelere ýetipdir. Oba hojalygynda iki meýdanlylyk öz ornuny üç meýdanly ekerançylyk ulgamyna beripdir. Ýeriň işlenip bejerilişi we hasyllylyk ýokarlanypdyr. «Mülkler hakynda kapitulýarileriň» berýän maglumatlarynyň şaýatlyk etmegine görä, korolyň mülkleri Galliýanyň merkezi böleginde we günortasynda ýerleşipdir. Korol mülkleri köşgi azyk we öý senetçilik önümleri, şeýle hem ýörişler üçin zerur bolan serişdeler bilen üpjün etmelidi. Bulardan başga-da, gurakçylyk bolan ýagdaýynda sarp eder ýaly azyk ätiýaçlygy döredilipdir.

Karolingler döwrüniň mülkleriniň ählisinde ekerançylyk, miweçilik, üzümçilik, bakjaçylyk, maldarçylyk we senetçilik önümçilikleri hem giň ýaýrapdyr. Ekin meýdanlarynda bugdaý, arpa, nohut, zygyr, gök we bakja ekinleri, miweli baglaryň dürli görnüşleri ekilipdir. Daýhanlar iri we ownuk şahly mallary, atlary we guşlaryň dürli görnüşlerini köpeldipdirler. Her bir mülkde demirçi ussalar, zergärler we dokmaçylar tarapyndan hojalykda ulanylýan önümleriň we zynatlaryň dürli görnüşleri öndürilipdir. Öý senetçiligi bilen daýhanlaryň hem meşgullanandyklaryna olaryň önüm salgydy hökmünde tabşyran zatlary hem şaýatlyk edýär.

Her bir iri mülk iki sany esasy bölekden durup, onuň bir böleginde hojaýynyň öýi, hojalyk jaýlary we hukuksyz daýhanlaryň ussahanalary ýerleşdirilipdir. Feodalyň howlusynyň ýanynda birnäçe degirmen, monastyr, bag we ş.m. ýerleşipdir. Hojaýynyň howlysyndaky we ekin ýerlerindäki ähli işler hukuksyz we garaşly daýhanlarynyň zähmeti we zähmet borçlary arkaly ýerine ýetirilipdir.

Mülküň ikinji böleginde daýhanlaryň mellekleri, öýleri we hojalyk jaýlary bolan howlusy ýerleşipdir. Howlynyň içinde adatça gök-bakja ekinleri we üzüm ekilipdir. Daýhanlaryň mellekleri imperiýanyň Günbatar böleginde mans, gündogarynda bolsa guf diýlip atlandyrylypdyr. Bulardan başga-da, daýhanyň oba jemagatynyň ygtyýarynda bolan öri meýdanlaryndan we tokaýdan peýdalanmaga hukugy bolupdyr. Daýhan melleleriniň möçberi dürli bolup, olaryň iň ulusynyň möçberi 15 ga çenli ýetipdir.

Daýhanlaryň iň köp sanly toparyny kolonlar düzüp, olaryň hukuk derejesi rim kolonlarynyňkydan düýpli tapawutlanypdyr. Olar şahsy taýdan azat, ýöne ýerden peýdalanýandyklary üçin önüm salgydyny tölemäge we zähmet borçlaryny ýerine ýetirmäge borçly edilipdir. Kolonlaryň hojaýyn ygtyýar bermese, mülki taşlap gidip bilmändir.

Garaşly hem-de tabyn ilatyň esasy bölegini serwler (gullar) düzýärdi. Serwleriň köpüsiniň ýer paýy bolupdyr we hojaýyna önüm salgydy töläpdir hem-de zähmet borjuny ýerine ýetiripdir. Olaryň galan böleginiň mellekleri bolmandyr we olar köşkde we feodalyň hojalygynda zähmet çekipdirler. Olar işleýän ýerlerinde berilýän zatlaryň hasabyna eklenipdirler. Hukuk derejesi boýunça serwlerden ýokarda litler, ýagny ýer paýlary bolan we zähmet borçlaryny ýerine ýetirmäge hem-de önüm salgydyny tölemäge borçlandyrylan ýarym erkin daýhanlar durupdyrlar. Frank döwletinde mülküň çaginde ýaşaýan we feodala berlen immunite laýyklykda, onuň gözegçiliginde erkinlik alan daýhanlaryň az sanly gatlagy hem bolupdyr. Olaryň borjy mülküň eýesine käbir salgytlaryň we ýygymlaryň tölenilmegi bilen çäklenipdir. Umuman alanyňda karoling döwrüniň mülkleri üçin esasn zähmet borjy häsiýetli bolupdyr, önüm görnüşindäki ýer salgydy bolsa ikinji orunda durupdyr. Pul salgydy entek giň ýaýramandyr, sebäbi haryt-pul gatnaşyklary gowşak ösendi. Emma bu döwürde bazar üçin niýetlenilip senetçilik hem-de oba hojalyk harytlarynyň ýörite

öndürilmändigine garamazdan söwda hem ösüp ugrapdyr. Ýurtda bazarlar peýda bolup başlaýar. Daşary söwda hem janlanýar. 759-njy ýylda Pipin Keltäniň permany bilen Parižiň ýaynynda keramatly Dionisiniň ýarmarkasy döredilýär. Bu ýarmarka ýylyň dowamynda dört hepdeläp hereket edipdir we onda Ispaniýanyň, Günorta Fransiýanyň, Demirgazyk Italiýanyň täjirleri söwda işlerini alyp barypdyrlar. Karolingler serhetde gumruk salgytlaryň we gumrukhanalaryň belli sistemasyny döredýärler. Frank döwletinde ölçeg hem-de agramlaryň ýeke-täk ölçegi bellenilýär. Pul zikgelemek hukugy diňe döwletiň ygtyýarynda bolupdyr. Gyzyl teňňeler bilen bir hatarda, kümüş pullar hem zikgelenilýär.

Karolingler döwründe monastyrlar hem ummasyz köp ýerlere eýelik edipdirler, hat-da uly bolmadyk monastyrlaryň hem 200-300 mans (ýer paýy, mellegi) ýerleri bolupdyr. Şol döwürler monastyrlaryň käbirlerinde möçberi 2 müň mansdan – 8 müň mansa ýetýän ýerler bolupdyr

**Karolingleriň döwletiniň dargamagy.** Iri ýer eýeçiliginiň kemala gelmegi bilen syýasy-ykdysady özbaşdaklyga ymtylýan güýçleriň täsiri artypdyr. Karlyň alyp baran uruşlary ýerlerde onuň uruşyjylaryny ýer we mal-mülk, häkimiyet bilen üpjün edipdir. Feodallar senýorlara öwrülip, uly ýer eýeleri syýasy garaşsyzlyga hem ymtylypdyrlar. Olar mundan beýläk merkezi häkimiýete mätäç bolmandyrlar. Feodal gatnaşyklarynyň kemala gelmegi ýerlerde natural hojalygyň ýüze çykmagyna getiripdir, bu bolsa feodallara özleriniň garaşly daýhanlaryndan önüm salgydyny ýygnamaga we olardan zähmet borçlaryny ýerine ýetirmeklerini talap etmäge mümkinçilik beripdir.

Franklaryň özlerinden gowşak taýpalary hem-de halkyýetleri boýun egdirmekleri netijesinde dörän imperiýa gowşak döwlet bolupdyr we Beýik Karl ölenden soň tiz dargapdyr. Döwletiň dargamagynyň esasy sebäpleri ykdysady we etniki bitewiligiň bolmanlygyndady we iri feodallaryň

güýçlenmegindedi. Dürli gelip çykyşly we medeniýetli halklaryň bir döwletiň düzüminde zor bilen tabyn ýagdaýda saklanylmagy diňe güýçli merkezi häkimiýetiň ýaşaýan döwründe mümkin bolýardy. Has beteri hem feodallaryň ykdysady we syýasy taýdan kuwwatlanmagy olaryň separatizme, ýagny merkezi häkimiýetden özbaşdaklyga ýykgyn etmeklerine getirýärdi. Bu ýagdaý Karlyň ogly Lýudowik Hudoýhonyň (814-840) döwründe ýüze çykypdy. Eýýäm 817-nji ýylda ilkinji bölünişik geçirilipdir. Onuň ogullary Lotar, Karl Takyr we Lýudowik Nemes dagylar korollyk derejesini alýarlar. Feodal begzadalar häkimiýet ugrunda özara bäsleşýän taraplary goldapdyrlar we ýurtdaky bulagaýlyklar has-da güýçlenipdir. Lýudowik Hudaýhon häkimiýet ugrundaky uruşlarda ýeňlipdir we hatda olara ýesir hem düşüpdir. Ol ölenden soň äzara uruşlar täzeden başlaýar. Hudaýhonyň iki kiçi ogullary Lýudowik bilen Karl, uly doganlary Lotaryň garşysyna birleşýärler we 841-nji ýylda Fontenuanyň ýanynda ony ýeňlişe sezewar edýärler. Şondan bir ýyl geçensoň doganlar Strasburgyň golaýynda ýaranlyk hakynda täzeden özara kasam edipdirler. Şol kasamlar iki sany dürli dillerde, ýagny roman (köne faransuz) we Reýnden gündogarda ýaşaýan ilatyň dili bolan german dilinde ýerine ýetirilipdir. Munuň özi karolingleriň döwletinde täze halklaryň, hususanda fransuz we nemes halklarynyň kemala gelýändigine şaýatlyk edipdir. Özara uruşlarda Lotar asgynlapdyr we doganlary bilen ylalaşyk baglaşmaga mejbur bolýar.

843-nji ýylda Werdende Beýik Karlyň agtyklarynyň arasynda imperiýany bölmek hakynda şertnama baglaşylýar. Ylalaşyk boýunça Lotar imperator derejesini saklap galypdyr we Italiýanyň Wizantiýa degişli bolan günorta böleginden galan ýerlerine we Günbatar Frank hem-de Gündogar Frank ýerleriniň arasyndaky ýerlere eýe bolupdyr. 870-nji ýylyň Mersen şertnamasy boýunça Günbatar Frank ýerleri Karl Takyryň, Gündogar Frank ýerleri bolsa Lýudowik Nemesiň

eline geçýär. Bu bölünişik esasan etniki alamatlar boýunça geçirilipdir. Täze dörän döwletleriň ýerinde soňra Günbatar Ýewropanyň üç sany halky - fransuz, nemes we italýan halklary kemala gelýär. Etniki düzümi boýunça Lotaryň döwleti köp milletli bolupdyr. Sebäbi Italiýadan başga-da, onuň döwletiniň düzümine romanlaryň Burgundiýa bilen Lotaringiýa welaýatlary we germanlaryň Friziýa welaýatlary girizilipdir. Lotaryň mülkleri tiz wagtdan dargapdyr. Lotaringiýa we Friziýa Germaniýanyň düzümine goşulýar, Prowans bilen Burgundiýa bolsa aýratyn korollyga öwrülýärler. Lotaryň mirasdüşerleri biraz wagt Italiýanyň käbir ýerlerini elde saklapdyrlar, ýöne imperatoryň derejesini ýitiripdirler. Imperatorlyk derejesi Karolingler nesilşalygynyň fransuz we german şahalarynyň arasynda elden-ele geçip durupdyr. X asyryň başlaryna çenli imperator derejesi ähmiýetini ýitirýär.



Beýik Karlyň imperiýasynyň dargamagy

## § 5. IV-VI asyrlarda Wizantiýada orta asyr gatnaşyklarynyň ýüze çykmagy we kemala gelmegi

**IV – V asyrlarda Wizantiýanyň durmuş-ykdysady we syýasy ýagdaýy.** 330-njy ýylda Konstantin I Rim imperiýasynyň paýtagtyny Gündogara, öňki gadymy megar

koloniýasy bolan Wizantiý şäherine geçirýär we onuň ýerinde çalt depginler bilen täze şäher Konstantinopol gurulýar. 395-nji ýylda Rim imperiýasynyň gutarnykly ikä bölünmegi onuň gündogar welaýatlarynyň doly özbaşdaklygyna getirýär. Gündogar Rim imperiýasynyň düzümine Balkan ýarym adasy, Kiçi Aziýa, Demirgazyk Mesopotamiýa, Ermenistanyň bir bölegi, Siriýa, Palestina, Müsür, Kirenaika, şeýle hem Orta ýer deňziniň gündogar bölegindäki Kipr, Rodos, Krit adalary, Krymyň günorta kenarlary, Günbatar Kawkazdaky käbir berkitmeler, Arabystanyň käbir ýerleri, V asyrdan bolsa Illirik we Dalmasiýa giripdir. Bu ýerlerde grekler, daklar, frakiýalylar, illiriýalylar, ermeniler, gruzinler, kiçi aziýaly ellinleşen taýpalar, siriýalylar, jöhitler, koptlar, dürli gelip çykyşly romanlaşan etniki toparlar ýaşaýardylar. Emma grekler agalyk ediji ýagdaýdan peýdalanypdyrlar we grek dili has giň ýaýrapdyr. Kazyýet işlerinde, döwlet dolandyryş edaralarynda, kanunçylyk işlerinde, köşkde latyn diliniň ulanylyşy bes edilipdir. Gündogar Rim imperiýasyny şertli Wizantiýa[1] ady bilen atlandyrmak kabul edilendir. Rim imperatorynyň «*awgust*» ady, grekleriň «*bazilews*» ýa-da «*sezar*»[2] (patyşa) sözleri bilen çalşyrylypdyr. Wizantiýada patyşanyň şahsyýeti hristiançylykdaky apostollaryň derejesi bilen deňleşdirilipdir. Emma Wizantiýa öňki Rim imperiýasynyň dowamy hasap edilipdir, onuň ilaty bolsa ozalkysy ýaly, romeýler (rimliler) diýlip atlandyrylypdyr.

Günbatar Rim imperiýasynda gul eýeçilik hojalygy çuň krizise düşüp, wagşy taýpalar tarapyndan derbi-dagyn edilýär.

---

[1] XVI asyrda Günbatar Ýewropada bu döwletiň geçmişine bolan gyzyklanmalaryň artýan döwründe alymlar ony gadymy paýtagty Wizantiniň ady bilen baglanyşdyryp «Wizantiýa» diýip atlandyryp başlaýarlar. Hakykat ýüzünde bu döwlet öz döwründe «Romaniýa», ýagny romeýleriň ýurdy diýlip atlandyrylypdyr. Türkmenleriň «Rumystan» ady hem şol adalgadan gelip çykýar.

[2] Ruslaryň «царь» sözi sezar («цезарь») sözüniň gysgaldylyp aýdylýan görnüşidir.

Emma Gündogar Rim imperiýasynda gul eýeçilik hojalygy giň ýaýramandyr, şonuň üçin hem dargaman saklanyp galypdyr. Onuň döwlet dolandyryş ulgamy hem üýtgewsizligine diýen ýaly saklanyp galypdyr. Wizantiýa Orta ýer deňziniň tutuş gündogar sebitlerine we goňşy ýurtlara ägirt uly täsir edipdir.

Gündogar Rim imperiýasynda tebigy we howa şertler köp dürli bolupdyr. Deňiz ýakasyndaky ýerlerde, derýalaryň boýlarynda we düzlüklerde bugdaý, arpa, çowdary, süle, ýaly dänelik ekinler, süým berýän zygyr ösümligi, şeýle hem zeýtun we beýleki miwe berýän baglar, üzüm ösdürilip ýetişdiripdirler. Mes toprakly we gür ilatly Müsür imperiýanyň esasy galla mesgenine öwrülipdir. Imperiýanyň gadymy ekerançylyk sebitlerinde her ýylda 2-3 gezek hasyl ýygnalypdyr. Wizantiýada suwarymly ekerançylyga hem uly ähmiýet berlipdir.

Imperiýanyň ykdysady durmuşynda maldarçylygyň ähmiýeti hem az bolmandyr. Kiçi Aziýanyň we Siriýanyň ýaýlalarynda, Balkan ýarym adasynyň daglyk etraplarynda iri we ownuk şahly mallary köpeldipdirler. Bu ýerde şäher hünärmentçiligi üçin köp mukdarda ýüň we çig mallaryň beýleki görnüşleri öndürilipdir. Wizantiýanyň ykdysady durmuşynda, hususanda, ekerançylyk pudagynda gullar az ulanylypdyr. Gullar esasan iri ýer eýeleriniň we imperatoryň mülklerinde, seýrek ýagdaýlarda, gurply erkin daýhanlaryň ýerlerinde zähmet çekipdirler. Gulçulygyň esasy ýaýran ýerleri Gresiýa, Kiçi Aziýanyň günbatar welaýatlary, Siriýa, Müsür, Kirenaika bolupdyr. Ekerançylyk pudagynda gullary peýdalanmagyň esasy usuly ýer (*pekuliý*) bölüp bermek bolupdyr. Emma Wizantiýada eýýäm IV asyrdan başlap ekerançylykda kolonlar we erkin jemagatçylar esasy öndürijilere öwrülipdirler. Kolonlaryň köpüsi ýerlere berkidilipdir we öz hojaýynlarynyň hem-de döwletiň peýdasyna salgytlary töläpdirler. Erkin daýhanlar goňşuçylyk jemagatyny (*mitrokomiýa*) emele getirip, jemagat ýerlerine eýelik edipdirler




we olar döwlete salgyt tölenende birek-birek üçin jogap beripdirler.

Gündogar Rim imperiýasynyň durmuş-ykdysady ösüşiniň düýpli aýratynlygy bolupdyr. Birinji nobatda bu ýerde oba hojalygynyň pese düşmegi Günbatar Rim imperiýasyndakydan has giç, ýagny VI asyryň ahyrynda ýüze çykýar. Ikinji bir tarapdan, Günbatar Rim imperiýasyndakydan tapawutlylykda, Wizantiýada iri *latifundiýa* görnüşindäki iri ýer eýeçiligi az ýaýrapdyr we haýal ösüpdir. Iri mülkler esasan köşge (*fisk*) degişli bolupdyr. Imperatoryň mülkleri (*domen*) imperiýanyň dürli künjeklerinde pytraňňy görnüsde ýerleşipdir. Orta asyr gatnaşyklarynyň kemala gelýän döwründe Wizantiýada buthana ýerleriniň mukdarynyň artýandygy hem duýulýardy.

Wizantiýanyň ekerançylyk pudagynyň ýene-de bir aýratynlygy IV-VI asyrlarda erkin daýhan hojalyklaryna we

oba jemagatlaryna degişli ýerleriniň ähmiýetiniň artmagy bolup, şeýle ýerler Dunaý boýundaky welaýatlarda, Frakiýada, Makedoniýada, Kiçi Aziýanyň merkezi welaýatlarynda agdyklyk edipdir. Oba ýerlerinde uzak möhletleýin berilýän kärendeçilik (*emfitewsis*) giň ýaýrap, ol esasan imperatoryň domenlerinde we buthana ýerlerinde köp duş gelipdir. Emfitewtler adatça erkin daýhanlar, kähalatlarda iri ýer eýeleri hem bolup bilipdirler.

Günbatar Rim imperiýasyndan tapawutlylykda Wizantiýanyň şäherleri köp hem-de baý bolupdyrlar. Konstantinopol, Fessalonika, Korinf, Efes we Laodikeýa, Antiohiýa we Beýrut, Damask we Aleksandriýa ösen senetçiligiň we söwdanyň, möhüm syýasy we medeni merkezler bolupdyrlar. Konstantinopolyň şaý-sepleri, Siriýanyň zygyr we ýüň matalary, Müsüriň papiruslary, Beýrutyň ýüpegi giň şöhrata eýe bolupdyr. Aýratyn hem Konstantinopolyň nepis önümlerine isleg ýokary bolupdyr. Bu ýerde meşhur binagärler, ikonaçylar, zergärler we mozaikaçylar ýaşaýardylar. Konstantinopolly skriptorileriniň (owadan miniatýuralar bilen bezelen golýazma kitaplaryny taýýarlaýanlar) eserlerini imperiýanyň dürli künjeklerinde höwes bilen satyn alýardylar. Wizantiýaly senetçileriň ýasaýan ajaýyp önümleri köp ýurtlaryň hünärmentleri üçin deňleşip bolmaýan senet bolup galypdyr.

Demir, altyn, mis, mermer magdanlarynyň baý gorlary dag-magdan işleriniň, ýarag we senetçilikde we ekerançylyk pudagynda ulanylýan zähmet gurallarynyň öndürilişini höweslendiripdir. Gurluşyk işleri, aýna we dokma önümçiligi, aýratyn hem aýratyn ýukajyk nah we ýüň, VI asyrdan başlap bolsa ýüpek mataların önümçiligi kämilleşdirilipdir.

Amatly deňiz duralgalarynyň köplügi we Orta ýer deňzi bilen Gara deňzini birleşdirýän bogazlaryň üstünden agalygyň ýola goýulmagy Wizantiýada deňiz işleriniň, deňiz we üstaşyr söwdanyň ösmegi üçin gowy mümkinçilikleri döredipdir. Irki

orta asyrlaryň bütin dowamynda imperiýa beýik deňiz döwleti derejesini saklap galypdyr. Gündogar Rim imperiýasynyň şäherleri öz aralarynda we Kawkazyň we Gara deňziň kenaryndaky halklar bilen gyzgalaňly söwda işlerini alyp barypdyrlar; gadymy kerwen we deňiz ýollary Eýrana, Merkezi Aziýa, Hindistana we Hytaýa eltipdirler. Aleksandriýanyň täjirleri Britaniýa, Aksum patyşalygyna we Taprobana (Seýlon) baryp ýetipdirler. Senetçilik we söwda köp sanly ownuk welaýat, aýratyn hem deňiz ýaka şäherlerinde-de ösüpdir. Gündogar ýurtlaryndan Wizantiýa mata öndürmek üçin ýüpek çig malyny, şirmaýy, altyn we gymmat baha daşlary, merjen, burç we beýleki hoşboý ysly ösümlikleri getiripdirler, ol ýerlere bolsa matalary, geýim-gejimleri, aýna önümlerini äkidipdirler. Neapolda, Rawennede, Massiliýada (Marsel), Karfagende wizantiýaly täjirleriň söwda faktorileri esaslandyrylypdyr. Wizantiýanyň altyn teňňeleri - solid halkara pulunyň ornuny tutupdyr. Netijede Konstantinopol Gündogar bilen Günbataryň arasyndaky «altyn köprä» öwrülipdir.

Şäherler ilatynyň durmuş gurluşy adatdan daşary köpdürli bolupdyr. Ýaşaýjylaryň köpüsi senetçilerden, söwdagärlerden, hakyna tutma işgärlerden durypdyr. Uly şäherlerde gullaryň zähmeti hem giňden ulanylypdyr, olar imperatoryň we hususyýetçileriň ussahanalarynda, gurluşyk işlerinde, daş çykarylýan we magdan gazylyp alynýan ýerlerde peýdalanylypdyr. Gullary hyzmatkärler hökmünde şäher begzadalarynyň öýlerinde-de ulanypdyrlar. Uly şäherleriň ýaşaýjylarynyň öz sport guramalary (*dima*) bolupdyr. Dimalar şäherlerde gyzykly sport ýaryşlaryny we tomaşalary gurapdyrlar, şäherleri abadanlaşdyrmak we jemgyýetçilik tertibini goramak bilen baglanyşykly käbir borçlary öz üstlerine alypdyrlar. Olar uly möçberdäki gozganýan we gozganmaýan emläklere hem eýelik edipdirler. V-VI asyrlarda dimalar şäherleriň we imperiýanyň syýasy durmuşynda uly ähmiýete eýe bolupdyrlar.

**Imperiýanyň dolandyryş ulgamynyň guralyşy**. Günbatar Rim imperiýasy ýykylandan soň Wizantiýa Rimiň ýeke-täk we kanuny mirasdüşeri hökmünde orta çykypdyr we dünýä agalygyna dalaş edipdir. Konstantinopolyň şeýle daşar-syýasy maksatlaryny we hyýallaryny tä Beýik Karlyň imperiýasy esaslandyrylýança Günbatar Ýewropanyň wagşy döwletleri hem ykrar edipdirler. Wizantiýanyň özünde imperator häkimiýetiniň hudaý tarapyndan berlendigi we onuň ähli hristianlaryň ýeke-täk hökümdarydygy hakyndaky harby-syýasy *doktrina* kemala gelipdir. Imperator grekçe «*bazilews*» diýlip atlandyrylyp, onyň elinde ähli kanun çykaryjy we ýerine ýetiriji häkimiýet (*awtokrat*) jemlenipdir. Ýöne imperatoryň häkimiýeti senat (*sinklit*), döwlet geňeşi (*konsistoriý*) we dimalar tarapyndan azda-kände çäklendirilipdir. Imperator döwlet syýasatynda buthana bilen hem ylalaşyp hereket etmeli bolupdyr.

Wizantiýanyň döwlet gurluşynda *dominat* (hökmürowanlyk) däpleri aýratyn durnukly bolup galypdyr. Merkezi dolandyryş edarasy imperatoryň köşgünde ýerleşipdir we alyp barýan ugurlary boýunça birnäçe edaralara bölünipdir. Edaralary imperator tarapyndan bellenilýän ýokary wezipeli emeldarlar dolandyrypdyrlar. Welaýatlardaky häkimiýet hem berk merkezleşdirilipdir we ýerli dolandyryjylar özbaşdaklyga dyzamazlyklary üçin olaryň üstünden merkezi häkimiýetiň gözegçiligi ýola goýlupdyr.

Imperiýanyň dolandyryş edarasy adatdan daşary uly bolupdyr. Onuň garamagynda salgytlary ýygnaýan maliýe, harby we deňiz, döwlet aragatnaşyk gullugy, kazyýet, polisiýa gözegçiligi ýaly edaralar (*sekret*) bolup, olarda döwlet gullukçylarynyň hetdenaşa köp sanlysy işläpdir. Paýtagtly ýokary wezipeli emeldarlaryň elinde ägirt uly häkimiýet jemlenipdir. Mysal üçin, paýtagtyň häkimi (*eparh*) şäherde ýokary kazyýet häkimiýetini amala aşyrypdyr, üpjünçilige jogap beripdir, senetçilik we söwda kollegiýalarynyň işine

gözegçilik edipdir. Welaýatlarda dolandyryş iki bölege, ýagny harby we raýat dolandyrylyşyna bölünipdir. Raýat işlerine häkim, harby işlere bolsa serkerde (*stratig*) jogap beripdir. Welaýatlary dolandyrmakda harby edara möhüm ähmiýete eýe bolupdyr, sebäbi olar ýerlerde goranşyny üpjün etmelidiler. Her welaýatyň öz goşuny bolupdyr: ony beýleki welaýatlara geçirmek düýpgöter gadagan edilipdir.

Goşunyň düzülişi we guralyşy giçki Rim imperiýasynyň dessurlary esasynda ýola goýlupdyr. IV-VI asyrlarda goşuna adam jemlemek köplenç ýagdaýlarda ýer eýeleriniň pul tölegleri bilen çalşyrylýar. Goşunda indi wagşy taýpalaryň hakyna tutma goşunlaryny köp ulanýardylar. Ýöne, goşuny «wagşylaşan» Günbatar Rim imperiýasyndan tapawutlylykda, Wizantiýanyň guryýer we deňiz goşunlarynyň agramly bölegi ýerli erkin adamlardan düzülipdir.

Imperiýanyň salgyt ulgamy barada aýdylanda, ol önüm görnüşinde ýgnalyp, onuň möçberi ýeriň mukdaryna we hiline, şeýle hem ekerançylyk ýerinde zähmet çekýän işçi güýjüniň sanyna bagly bolupdyr. Iri ýer eýeleriniň mülklerinde, şol ýerde mellek ýeri (*pekuliý*) bölünip berlen gullar, kolonlar, we kärendeçiler salgyt töläpdirler. Begzadalara degişli köp mülkler salgytdan boşadylypdyr. Bu döwrün salgyt ulgamynyň möhüm aýratynlyklarynyň biri-de epibola bolupdyr: gaçgak kolonyň ýeri hem, ýerini taşlap giden erkin adamyň ýeri hem zorluk bilen goňşylarynyň melleklerine birikdirilipdir we şol ýerden salgyt tölemäge borçly edilipdir. Her 15 ýyldan salgytçylaryň emläk ýagdaýy barlanylypdyr we şoňa görä-de salgyt bellenilipdir.

Wizantiýada döwletiň peýdasyna zähmet borçlaryny ýerine ýetirmeklik hem giň ýaýrapdyr. Aýratyn hem azyk önümlerini we beýleki ýükleri şäherlere daşamaklyk, emeldarlary we esgerleri eklemeklik, olaryň atlaryna iým bermeklik, ýollaryň, köprüleriň, galalaryň we gämileriň

gurluşygyna gatnaşmaklyk ýerine ýetirmesi juda agyr bolan borçlar hasap edilipdir.

**Hristian buthanasy.** Wizantiýanyň döwlet ideologiýasynda we durmuş-ykdysady ýaşaýşynda hristian buthanasy uly ähmiýete eýe bolupdyr. IV asyrdan başlap buthananyň işini guramakda, dini ybadatlary ýerine ýetirmekde günbatar hem-de gündogar buthanalarynyň arasynda tapawutlar ýüze çykyp ugraýar. Konstantinopol patriarhy hristian dünýäsinde agalyk ugrundaky göreşlerde Rim papasy bilen hemişe bäsleşipdir. Emma rim buthanasyndan tapawutlylykda, wizantiýa buthanasy hemişe imperator häkimiýetiniň tabynlygynda galypdyr.

Eýýäm ir döwürlerde çylşyrymly guralan hem-de köp şahaly buthana edarasy ýüze çykýar. Buthanalara gullar, kolonlar, ownuk kärendeçiler tarapyndan işlenilip bejerilýän köp mukdarda ekerançylyk ýerleri, şäherlerde bolsa senetçilik sehleri (*ergasteriỳler*) we dükanlar degişli bolupdyr. Buthana käbir artykmaçlyklary hem-de ýeňillikleri hem alypdyr: ruhanylar ýer salgydyndan galan ýygymlardan we borçlardan boşadylypdyr; ýepiskoplar we beýleki ýokary wezipeli din adamlary klirikleriň – ruhanylaryň üstünden kazyýet hukugyna eýe bolupdyrlar.

Hristian dininiň taglymy esaslary ylahyýet we durmuş-syýasy göreşleriň netijesinde işlenilip düzülipdir. Hristiançylygyň esasy ynanjy bolan «hudaýyň üç keramaty» («Atasy (Hudaý), ogly (Hristos) we mukaddes Ruh») köp jedelleri hem-de oňşuksyzlyklary döredipdir. Bu ynançlara dürli manylarda düşündiriliş berilmegi ýeretiki taglymatlaryň döremegine getiripdir. Bu döwürde Gündogar Rim imperiýasynda «Hristos hudaý däl, ýöne ol hudaýyň ýaradany, onuň oglydyr» diýen ynanjy öňe sürýän ariançylyk giň ýaýrapdyr. Arian ruhanylary başda ýönekeý we takwa durmuşda ýaşapdyrlar, resmi buthanany açgözlükde hem-de

baýlyk toplamakda aýyplapdyr, şonuň üçin hem ýowuz yzarlamalara sezewar edilipdir.

V asyryň 30-40-njy ýyllarynda Siriýada täze ýeretiki akym – *nestoriançylyk* ýüze çykýar. Nestorianlar hem «hudaýyň üç keramaty» hakyndaky ynanjy tankytlapdyrlar we Hristosy adam, ýagny başyna keramatly ruh inen pygamber (messiýa) hasap edipdirler. Nestoriançylygyň tarapdarlary Mesopotamiýada, Siriýada we Müsürde köp bolupdyr. 431-nji ýylda Efesde bolup geçen III bütindünýä soborynda nestoriançylyk ýeres hökmünde näletlenilip, oňa eỳerijiler ýowuz yzarlanylmalara sezewar edilýär.

Wizantiýanyň irki döwürlerinde *monofizitçilik* hem giň ýaýrapdyr. Ariançylardan we nestoriançylardan tapawutlylykda, monofizitçiler Hristosy diňe hudaý hökmünde ykrar edipdirler. Monofizitçilik hem esasan Müsürde, Siriýada we Palestinada ýaýrapdyr. 451-nji ýylda Halkedonda bolup geçen IV bütindünýä sobarynda bu akym hem ýeres diýlip yglan edilýär.

**Wizantiýa imperiýasy Ýustinianyň dolandyran ýyllarynda.** Wizantiýa imperiýasy Ýustinian I-niň (527-565) döwründe öz kuwwatynyň çür depesine çykýar. Bu döwürde imperiýanyň içki ösüşi durnuklaşýar we giň basybalyşlar amala aşyrylýar.

Ýustinian Makedoniýada illiriýaly garyp daýhanyň maşgalasynda dünýä inýär. Onuň öz esgerleri tarapyndan tagta çykarylan agasy Ýustin I (518-527) Ýustiniany özüniň egindeş dolandyryjysy (bileleşip dolandyrýan) edip belleýär. Agasy aradan çykandan soň Yustinian ägirt uly döwletiň hökümdaryna öwrülýär. Ýustinianyň taryhnamaçysy Prokopiý Kesareýaly berýän häsiýetnamasyna görä, Ýustinian öz döwrüniň ajaýyp bilimini alan, iňňän zähmetsöýer, başarjaň hem-de aýgytly şahs, ýöne şunuň bilen bir hatarda, örän zalym hem-de tekepbir hökümdar bolupdyr. Ýustinianyň döwlet syýasatyna aýaly Feodora hem örän uly täsir edipdir. Öň tansçy

hem-de köpçülik zenany bolan Feodora özüniň seýrek duşýan gözelligi bilen Ýustiniany özüne imrindirmägi we onuň kanuny aýalyna öwrülmegi başarypdyr. Ol döwlet derejesinde pikirlenmegi, imperiýanyň gündelik durmuşy bilen baglanyşykly meseleleriň çözülmegine gatyşmagy başarypdyr, daşary ýurt ilçilerini kabul edipdir, diplomatiki hatlary taýýarlapdyr, kyn pursatlarda aýratyn çydamlylyk hem-de erklilik görkezipdir. Feodora häkimiýeti biçak söýüpdir we tabyn adamlardan özüne sadyklyk bilen gulluk edilmegini talap edipdir.

Ýustinianyň içeri syýasyty imperiýany merkezleşdirmäge, ykdysadyýeti berkitmäge, söwdany ýola goýmaga we täze söwda ýollaryny agtarmaga gönükdirilipdir. Ýüpek öndürilişiniň syrlaryny ele almak wizantiýalylaryň uly üstünligi bolupdyr. Hytaýlylaryň bu syry asyrlar boýy gizläp saklandyklaryna garamazdan, wizantiýalylar ýüpek önümçiligini ýola goýmagy başarypdyrlar. Rowaýata görä, iki sany nestorian monahy ýüpek gurçugynyň tohumyny tut agajyndan edilen hasanyň içine salyp Wizantiýa getirenmişler. Netijede VI asyrda Siriýada we Finikiýada ýüpek matasynyň önümçiligi ýola goýlupdyr.

Ýustinian iri buthana ýer eýeçiliniň güýçlenmegine ýardam edipdir, şol bir wagtyň özünde hem ýer eýeleriniň orta gatlaryna-da ýakyndan goldaw beripdir. Ol iri ýer eýeleriniň, aýratyn hem köne senatorlaryň-begzadalaryň häkimiýetini çäklendirmäge çalşypdyr. Ýustinianyň dolandyran ýyllarynda Konstantinopol dünýäniň iň gözel şäherleriniň birine öwrülipdir we onda köp sanly ajaýyp binalar hem-de desgalar gurlupdyr. Elbetde, Wizantiýanyň imperatorlarynyň her biri öz atlaryny ebedilişdirmäge jan edipdirler. Kim ybadathana, kim köşk gurdurypdyr. Emma Ýustinianyň Konstantinopolda gurduran keramatly Sofiýa ybadathanasy ýaly ajaýyp binany gurmak hiç kese başartmandyr. Şol döwre çenli Iýerusalimdäki Süleýman pygamber tarapyndan gurlan ybadathanadan başga

ýekehudaýlygyň bir ybadathanasy hem bina edilmändi. Şonuň üçin hem 537-nji ýylyň 27-nji dekabrynda Ýustinian ybadathananyň açylyş dabarasyna barýarka: «Eý, Hudaý! Şu beýik işi amal etmek üçin meni saýlanyňa minnetdardyryň! Men senden özdurdym Suleýman!» diýip gygyrypdyr.

**Ýustinianyň kanunçylyk özgertmeleri.** Ýustinianyň dolandyran ýyllarynda rim hukugyny kämilleşdirmek bilen baglanyşykly özgertmeler geçirilipdir. Ol jemgyýetiň ösüşini bökdeýän we oňa päsgel berýän hukuk kadalaryny çalşyrmagy maksat edinýär. 528-534-nji ýyllar aralygynda Tribonian tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän meşhur hukukçylaryň uly topary rim hukugynyň baý mirasynyň üstünde işläpdirler we Ýustinianyň jemkanunlary adyna eýe bolan «Täze kanunlar» toplumyny («*Nowella*»)[1] düzülipdir. Ýustinianyň jemkanunda çaklendirilmedik ygtyýarlyklara eýe bolan hökümdaryň häkimiýeti, döwlet bilen buthananyň arasyndaky jebislik hakyndaky ideýalar eriş-argaç bolup geçipdir. Ýustinianyň kanunçylyk özgertmelerinde gullara pekuliýanyň bölünip berilmegi höweslendirilipdir, gullaryň erkinlige goýberilmegi ýeňilleşdirilipdir we kolonat düzgüni hukuk taýdan has anyk beýan edilipdir.

528-nji ýylda durmuşda bolup geçen üýtgeşmeleriň hasaba alynmagy bilen hukugyň ägirt uly kodifikasiýasynyň, ýagny tertibe salynmagynyň amal edilmegi başlanypdyr we bu iş 533-nji ýylyň ahyrynda tamalanypdyr.

«Täze kanunlar» toplumyny dört bölümden ybarat bolupdyr:

1. Institusiýalar,
2. Ýustinianyň jemkanuny,
3. Digestler,
4. Nowellalar.

[1] XII asyrda ol «*korpus ýuris siwilis*» («Raýat hukugynyň ýygyndysy») diýlip atlandyrylypdyr.

Ýustinianyň jemkanunynyň ikinji neşiri biziň günlerimize çenli gelip etipdir we ol bütindünýä meşhurlygyna eýe boldy.

Hukuk özgertmeleri hukukçylary taýýarlamagyň kämilleşdirilmegini talap edýärdi. Munuň üçin hukugyň meseleleri boýunça gollanma ýazmaklygyň zerurlygyny döredýär. Bu gollanma «*Instituýalar*», ýagny latynça «okuw kitaby» diýlip atlandyrylypdyr. Şeýlelik bilen ol hukukçylar üçin gündelik gollanma öwrülipdir.

Institusiýalaryň golýazmasynyň düzülen wagtyndaky asyl nusgasy bize gelip ýetmändir. Emma has giçki golýazmalaryň (IX asyrdan başlap) birnäçesi saklanyp galypdyr, bu bolsa Günbatar Ýewropa ýurtlarynda giňden ýaýran Institusiýalaryň ullakan meşhurlyga ee bolandygyna şaýatlyk edýär. Institusiýalar Wizantiýa imperiýasynyň hukuk mekdeplerinde okuw maksatlary üçin hem giňden peýdalanylypdyr hem-de aýry-aýry işler derňelende kazyetler tarapyndan ulanylypdyr.

Rim imperiasy döwründe ulanylan kanunlar Ýustinianyň 12 tomdan ybarat bolan jemkanunyna girizilipdir. Tejribeli kanunçylaryň we hukuk professorlarynyň onusyndan ybarat bolan *komissiýa* irki döwürlerde döredilen jemkanunlara gatadan seredip çykypdyr we şolardan iň zerurlaryny, ilkinji nobatda täze döwrüň talaplaryna laýyk gelýänlerini we kanunçylyk işinde ulanyp bolaỳjaklaryny saýlap alypdyr. Şeýle hem komissia imperatorlaryň öňki jemkanunlara (*kodeksler*) girmedik kanunlaryny toplapdyr hem-de olary doly tertibe salypdyr.

Ýustinianyň kanunçylyk we hukuk özgertmeleriniň netijesinde imperiýanyň ähli erkin ilaty üçin ýeke-täk ählumumy hukuk düzgünleriniň ulgamy döredilär. Bu özgertmeler kanunçylyk taýdan we syýasy tarapdan ägirt uly progressiw ähmiýete eýe bolupdyr. Çünki bu özgertmeler buthana tarapyndan ykrar edilip, çäksiz häkimiýete eýe bolan, diňe imperatoryň erkine tabyn edilen bütewi imperiýa ideýasy kanun esasynda kemala gelmegi üçin amatly şertleri döredýär

XII asyrdan başlap Ýewropanyň ähli orta asyr uniwersitetlerinde Ýustinianyň jemkanuny hökmany öwrenilmeli dersleriň hataryna girizilýär. Hatda häzirki döwürde-de ösen döwletlerde şahsy hukugyň esasynda Ýustinianyň jemkanuny ýatandyr.

IV-VI asyrlarda Wizantiýada iri şäherlerinde senetçilik we söwda merkezleriniň saklanyp galmagy hususy emläk edinmäge bolan hukugy kesgitleýän we hususy eýeçililigi goraýan kanunçylyk kadalarynyň düzülmegini talap edipdir. Şonuň üçin hem Ýustinianyň kanunçylygynda söwdany düzgünleşdirmäge, karz, kärendeçilik, miras almak işlerini tertipleşdirmäge uly üns berlipdir. Şahsy hukuk-kanunçylyk gatnaşyklarynda eýeçiligiň köne, möwrütini ötüren görnüşleri ýatyrylýar we ähli raýat hukugynyň esasy bolan doly hususy eýeçilik hukuk düşünjesi girizilýär. Ýustinianyň kanunçylygynda hususy eýeçilige bolan hukuk, onuň delillendirilmegi we düzgünleşdirilmegi jemgyýetiň ösüşine aýgytly täsir edipdir we ol bütin orta asyrlaryň dowamynda ýaşapdyr we soňra buržuaz jemgyýetleri tarapyndan peýdalanylypdyr.

**Wizantiýada halk çykyşlary.** Ýustinianyň giň gerime eýe bolan tutumly binagärçiligi we basybalyjylykly uruşlary, döwlet edarysynyň kämilleşmegi we ulalmagy, imperator köşgüniň bol-elin durmuşyny ýola goýmak uly çykdajylary talap edýärdi. Munuň üçin raýatlara salynýan döwlet salgytlarynyň möçberi yzygider artdyrylypdyr. Çökder salgytlar we ýeretikleriň ýowuz yzarlanylmagy ýurduň dürli ýerlerinde gozgalaňlaryň turmagyna getirýär. 532-nji ýylda Wizantiýanyň taryhynda «Nika» ady bilen belli bolan uly gozgalaň bolup geçýär. Bu gozgalaň Konstantinopolyň «sirk pariýalary» diýlip atlandyrylan şäher sport guramalarynyň arasynda ýiti göreşler bilen baglanyşykly bolupdyr.

Wizantiýanyň ilatynyň iň gowy görýän güýmenjeleriniň biri sirkde (aýlawda) geçirilýän paýtunly at çapyşygy we dürli

sport ýaryşlary bolupdyr. Şunuň bilen bir hatarda, sirk edil Rimde bolşy ýaly, Konstantinopolda hem syýasy ýygnaklaryň hem bolýan ýeri bolupdyr. Çünki halk diňe aýlawda imperatory görüp we oňa öz talaplaryny beýan edip bilýärdiler. Sirk pariýalary diňe bir sport guramasy bolmak bilen çäklenmän, olar syýasy guramalar hem bolupdyrlar we olar paýtunly at çapyşygyna gatnaşýanlaryň eşiginiň reňkine görä dürli hili atlandyrylypdyr: wenetler («mawylar»), prasinler («ýaşyllar»), lewkler («aklar»), we rusiler («gyzyllar»). Wenetler bilen prasinler has täsirli toparlar – partiýalar bolupdyrlar.

Sirk partiýalarynyň düzümine şäher ilatynyň dürli gatlaklary giripdirler. Wenetler partiýasynyň düzümine köne senator begzadalar we iri ýer eýeleri giripdirler. Prasinler pariýasy bolsa imperiýanyň gündogar welaýatlary bilen söwda işlerini alyp barýan täjirleriň hem-de iri senetçilik ergasterileriň (sehler) eýeleriniň bähbitlerini arapdyr. Sirk partiýalary Wizantiýanyň şäherleriniň dimalary bilen baglanyşykly bolup, olara şäherleriň erkin ilatynyň dimalaryň düzümine girýän orta we aşaky gatlaklarynyň ýönekeý agzalary hem giripdirler. Prasinler we wenetler öz dini ynançlary boýunça hem biri-birlerinden tapawut edipdirler: wenetler resmi dini taglymatyny (prawoslawiýany), prasinler bolsa monofizitçiligi goldapdyrlar.

Hökümdarlygynyň başky ýyllarynda Ýustinian wenetlere arka durupdyr, şol sebäpden hem şu toparyň ýaş ýigitleri – *stasiotlar* Konstantinopolda we Wizantiýanyň beýleki şäherlerinde kakabaşlyk edip başlapdyrlar. Bikanun eýelän baýlyklarynyň hasabyna olar zynatly durmuşda ýaşap, jalataýlyga we azgynlyga ýüz urupdyrlar. Wenetleri bol edilip tikilen, owadan bejerilen ýapynjalary – donlary boýunça beýleki şäherlilerden tapawutlandyrýardylar. Olar öz ýanlarynda aç-açan ýarag saklapdyrlar we topar-topar bolup ýygnanyşyp, asuda ýaşaýan adamlaryň üstüne çozupdyrlar, hatda gündüziň güni hiç kimden gypynç etmän arkaýyn talaňçylyk hem-de zorluk edýärdiler, adam öldürýärdiler.

«Wenetleriň eden-etdilikleri paýtagtyň ilatyny şeýle bir gorka goýupdyr welin, hatda olar gündüzine köçelerde kaşan geýimde görünmäge hem gorkupdyrlar, garaňky düşen badyna bolsa olar öz öýlerinde gizlenipdirler» diýip, Prokopiý Kesareýaly ýazýar. Stasiotlaryň zulmundan hemmelerden beter olaryň syýasy garşydaşlary bolan prasinler ejir çekipdirler. Şäherleriň köçelerinde öz ýaragly nökerlerini ýerleşdirip, prasinler wenetleriň zorluklaryna aýgytly gaýtawul bermäge synanyşypdyrlar. Wenetleriň hem-de prasinleriň arasynda bolup geçýän ganly çaknyşmalaryndan şäherleriň asuda oturan ilaty azar baryny çekipdirler.

Öz häkimiýetini berkitmek üçin Ýustinian bu iki partiýanyň göreşini bilgeşleýin tutaşypdyrlar, ýöne, haçan-da, ilatyň giň gatlaklary şol göreşlere çekilip, imperatoryň häkimiýeti üçin howply ýagdaý dörände, ol haýal etmän partiýalaryň ikisine-de çäre görüpdir. Emma ýygy-ýygydan bolup geçýän şol göreşlere şäher ilatynyň aşaky gatlaklary hem köpçülikleýin gatnaşypdyrlar. Bu bolsa imperatoryň häkimiýetine  howp salan uly halk gozgalaňynyň turmagyna getiripdir.

Gozgalaň 532-nji ýylyň 11-nji ýanwarynda prasinleriň şäheriň aýlawyndaky çykyşlary bilen başlaýar. Tiz wagtdan olara  wenetleriň hem bir bölegi goşulypdyr. Olar birleşip salgytlaryň azaldylmagyny käbir emeldarlaryň iş başyndan kowulmagyny talap edipdirler. Gozgalaňçylar begzadalaryň öýlerini, hökümet jaýlaryny talap hem-de otlap başlaýarlar. Gozgalaňçylaryň gazaby tiz wagtdan Ýustinianyň özüniň garşysyna gönükdirilýär. Ähli ýerlerde «Ýeňiş gazan» (grekçe «Nika») diýen çagyryşlar ýaňlanypdyr. Imperator we onuň gullukçylary köşkde gabaw astyna alnypdyr.  Ýustinian paýtagtdan gaçyp gitmäge hyýallanypdyr, emma Feodora haýal etmän gozgalaňçylaryň üstüne hüjüm etmegi talap edýär. Gozgalaň sekiz gün dowam edipdir.  Ýustinianyň serkerdeleri Welisariý we Mund duýdansyzlykda sirkde ýygnanan

gozgalaňçylaryň üstüne hüjüm edip, olary derbi-dagyn edýär. Şonda 3 müň töweregi gozgalaňçy öldürilýär. «Nika» gozgalaňy Ýustiniany ýurtda has ýowuz syýasat ýöretmäge mejbur edýär.

527-nji ýylda tagta çykanda Ýustinian 45 ýaşynda bolupdyr; ol eýýäm döwlet işlerinde ep-esli tejribe toplapdy. Ol prawoslaw ruhanylarynyň imperiýanyň ýewropa welaýatlarynyň ilatynyň arasynda uly abraýa eýedigine örän oňat düşünipdir, şonuň üçin hem buthana babatyndaky syýasatynyň ugruny üzül-kesil üýtgedýär. 527-nji ýylda Ýustinian ähli ýeretiki akymlary, şol sanda monofizitçiligi hem köki-damary bilen ýok etmek hakynda perman çykarýar. Perman boýunça üç aýyň dowamynda ýeretikler prawoslawiýa geçmeli bolupdyrlar, eger-de şeýle edilmese, olaryň ählisi yzarlamalara hem çäklendirmelere duçar edilýärdi.

Ýustinian köp senator begzadalaryň imperatorlaryň güýçli häkimiýetine ynamsyz hem-de gorky bilen garaýandyklaryny, olaryň gowşak hem-de erksiz *basilýews* (imperator) hakynda arzuw edýändiklerini duýupdyr. Şonuň üçin hem Ýustinian olary öz erkine tabyn etmek we senatorlaryň garşylygyny basyp ýatyrmak isläpdir. «Nika» gozgalaňyndan soň, bu oňa başardypdyr. Ol ygtybarsyz iri ýer eýeleriniň mülklerini zorluk bilen olaryň elinden alypdyr we olaryň ykdysady kuwwatyny çökeripdir.

Ýustinianyň agrar syýasaty köp derejede ownuk we orta ýer eýeleriniň, şeýle hem gul eýeleriniň giň gatlagyny öz tarapyna çekmek islegi bilen kesgitlenýärdi. Öz gezeginde bu toparlar hem imperatoryň Günbatara ýörişleri geçirmek bilen baglanyşykly meýilnalaryny ikelläp goldapdyrlar.

Ýustinian dolandyryş ulgamynda aýgytly çäreleri geçirmäge girişipdir. Ol döwlet edarasynyň esasy nogsanlyklary bolan emeldarlaryň eden-etdiliklerine, parahorlyga, döwlet wezipeleriniň satylmagyna garşy rehimsiz uruş yglan edipdir. Şol döwürler her bir wezipäni eýelemek

üçin kanunlaşdyrylan parany tölemeli bolupdyr. Köp pul berip wezipe satyn alan emeldar welaýata gelip, diňe bir öz çykdajysyny ödemek däl, eýsem baýamak maksady bilen ilaty aýratyn zabun talamaga girişýärdi. Bularyň barysy orta hem-de ownuk ýer eýeleriniň, ruhanylaryň, täjirleriň, senetçileriň, oba hem-de şäher ilatynyň, ýagny imperiýanyň raýatlarynyň ýagdaýyna juda agyr täsir edýärdi. 535-nji ýylda kabul edilen *Korrupsiýa*[1] hakyndaky permany dolandyryş ulgamynda uly özgertmeleriň başyny başlaýar.

Ýustinian welaýatlaryň çägini giňeldilipdir we iki welaýaty bir häkimiň ygtyýaryna tabyn etmek arkaly has mäkäm dolandyryş-çäk gurluşyny döredipdir. Munuň özi senatorlaryň, halk köpçüliginiň we tabyn edilen halklaryň ýygy-ýygydan edýän çykyşlary bilen göreşmek üçin welaýat dikmeleriniň häkimiýetiniň berkleşmeginde, şeýle hem welaýat begzadalarynyň separatistik meýillerini basyp ýatyrmakda, harby hem-de raýat häkimleriniň özara göreşleriniň soňuna çykmakda möhüm ähmiýete eýe bolupdyr.

Ýustinian goşunyň berkidilmegine, onuň üpjünçiligine we söweş ukybynyň ýokarladyrylmagyna hem çynlakaý üns beripdir. Özüniň agressiw daşary daşary syýasaty bilen Ýustiniana harbylaryň arasynda öz abraýyny ýokary galdyrmak başardypdyr. Goşuny saklamak üçin ol ägirt köp serişdeleri sarp edipdir. Munuň üçin salgytlary ep-esli artdyrmak gerek bolupdyr. Şunda esasy agram daýhanalaryň we senetçileriň gerdenine düşýärdi. Halk köpçüliginiň ýagdaýyny emeldarlaryň zorluklary, eden-etdikleri hem ýaramazlaşdyrypdyr.

**Wizantiýanyň daşary syýasaty.** Günbatarda alyp barýan daşary syýasatynda Ýustinian Rim imperiýasyny dikeltmek isleglerinden ugur alypdyr. Munuň üçin Rim imperiýasynyň ýerinde dörän köp sanly wagşy döwletleri tabyn etmelidi. 534-nji ýylda Demirgazyk Afrikada ýerleşýän wandallaryň döwleti

---

[1] *Korruppiýa* – satyn alma, azmaklyk, jemgyýetçilik we syýasy işgärleriň, wezipeli adamlaryň satlyklygy.

derbi-dagyn edilipdir. Demirgazyk Afrika guralan ýörişleriň döwründe Ýustinianyň serkerdesi Welisariý ýerli berberi taýpalarynyň, hristian ruhanylarynyň arian wandallarynyň eden-etdiliklerine garşy gönükdirilen nägileliklerini üstünlikli peýdalanmagy başarypdyr. Netijede VI asyryň 40-njy ýyllaryna çenli Demirgazyk Afrika gutarnykly eýelenilipdir.

535-nji ýylda Welisariniň goşunlary günorta Italiýada düşürilýär we Sisiliýa eýelenilýär. Sisiliýa eden soň wizantiýa goşunlary günortadan Apennin ýarym adasyny eýeläp ugraýar. Bu ýerde ýerleşýän ostgot goşunlary birnäçe gezek ýeňlişe sezewar edilýär we 536-njy ýylda Welisariý Rimi eýeleýär. Emma wizantiýalylaryň Rim imperiýasyny dikeltmäge gönükdirilen syýasaty we basybalyjylaryň eden-etdilikleri ýerli halkyň nägileligini döredýär. Ýurtda wizantiýalylara garşy azat edijilik hereketi başlaýar. Bu herekete ostgotlaryň öňden görüji hökümdary we başarjaň serkerdesi Totila (541-552) baştutanlyk edýär. Totila öz goşunlaryna gaçgak gullary, kolonlary hem kabul edipdir we diňe giň halk köpçüligine daýanyp duşmany ýeňip boljakdygyna düşünipdir. Wizantiýalylar bilen alnyp barlan birnäçe söweşlerde Totila ýeňiş gazanypdyr we 546-njy ýylda Rimi gaýtaryp alýar. Tiz wagtdan ostgotlar wizantiýalylaryň elinden Sisiliýany, Sardiniýany we Korsikany hem gaýtaryp alýar.

Emma Totilanyň üstünlikleri ostgot begzadalarynyň bir bölegini gorkuzypdyr, şonuň üçin hem olar hökümdary goldamaklaryny bes edipdirler. Şeýle şertlerde 552-nji ýylda Ýustinianyň beýleki bir serkerdesi Nerses ägirt uly goşunlary bilen Italiýa gelýär. Şol ýylyň iýunynda Taginy diýen ýerde bolan söweşde Totila Nersesiň goşunlaryndan agyr ýeňlişe sezewar bolýar. Ostgot hökümdarynyň özi bolsa söweşde öldürilýär. Şeýlelikde, italiýalylaryň ýiti garşylygyna garamazdan, 555-nji ýyla çenli wizantiýalylar Italiýany doly eýeleýärler.

Italiýadaky basybalyşlar bilen bir wagtda Ýustinian Ispaniýaly westgotlara garşy uruşlary hem alyp barypdyr we Pireneý ýarym adasynyň günorta-gündogaryndaky käbir berkitmeleri eýeleýär. Şeýlelikde, Ýustinianyň Rim imperiýasyny gaýtadan dikeltmek hakyndaky arzuwlary birbada hasyl bolupdyr. Emma basylyp alnan ýerlerde wizantiýalylara häkimiýeti diňe ýaragyň güýji bilen saklamak başardýardy.

Ýustinianyň Gündogarda alyp baran uruşlary şowsuz bolupdyr. Ol sasanylar döwletiniň hökümdary Hysrow Anuşirwan bilen uruşlary alyp barypdyr. Uruşlar Kawkazyň we Krymyň Gara deňiz kenarlaryndaky ýerleriň üstünde alnyp barylýardy. Wizantiýanyň ähli güýçleri we serişdeleri imperiýanyň söwda-ykdysady hem-de syýasy bähbitleriniň aralýan ýerleri bolan Gara deňiz sebitlerine Eýrany goýbermezlige gönükdirilipdir. Iki döwletiň arasyndaky uruşlar Kawkaz ýerleri, aýratyn hem Lazika (Günbatar Gruziýa) ugrunda ýaýbaňlandy. Bulardan başga-da Sasanylar bilen Wizantiýa Hytaý, Hindistan we Seýlion bilen alnyp barylýan ýüpek we gymmat harytlaryň söwdasy ugrunda hem ýiti göreşleri alyp barypdyrlar. Wizantiýanyň ostgotlar bilen alyp barýan urşundan peýdalanyp Hysrow Anuşirwanyň goşunlary 540-njy ýylda Siriýa çozup girýär. Bu uruşlar arakesmeler bilen tä 562-nji ýyla çenli dowam edýär. Parahatçylyk şertnamasy boýunça Lazika Wizantiýanyň, Swanetiýa we Gruziýanyň beýleki ýerleri Eýranyň eline geçýär. Wizantiýa her ýylda Eýrana paç tölemäge borçlanypdyr, ýöne sasanylaryň Orta ýer deňziniň we Gara deňziň kenarlaryna çykmak umydy puç bolupdyr.

Ýustinianyň döwründe Wizantiýanyň Dunaý derýasy boýunça geçýän demirgazyk araçäginde hem uly howp döreýär. Bu ýerden gunlar, slawýanlar, awarlar, bolgar türkleri Wizantiýanyň Meziýa, Frakiýa, Illiriýa welaýatlarynyň üstüne birsyhly çozuşlary geçirip, imperiýanyň ýerlerini

tozdurýardylar. Slawýanlar hatda Gresiýa hem aralaşýarlar we Balkan ýarym adasynda ornaşyp, sebitiň ilatynyň etniki düzümine uly täsir edipdirler.

Ýustinian ölenden soň onuň mirasdüşerleri daşary syýasy kynçylyklara sezewar bolýarlar. Imperiýanyň goňşulary bilen alnyp barylýan basybalyjylykly uruşlarda ysgyndan düşen Wizantiýa ne basyp alan, ne-de öňden gelýän ýerlerini saklap bilýärdi. Wizantiýa imperiýanyň günbatardaky ýerlerini hem ýitirip başlady. 600-nji ýylda tutuş Demirgazyk Italiýa, şeýle hem onuň orta we günorta bölegindäki ýerleriň köpüsi Dunaýyň kenarlaryndan gelen germanlaryň langobard taýpasy tarapyndan eýelenilýär. Imperiýanyň elinde diňe Italiýanyň kenar zolaklary, günortasy, Rawenna we Sisiliýa adasy galypdyr. Ýöne bu ýerleriň öňden hem imperiýa garaşlylygy gowşakdy.

Demirgazykda Gara deňiz we Dunaý derýasy tarapdan imperiýanyň Konstantinopola ýakyn welaýatlaryna awarlar hüjüm edipdirler. Awarlar bilen bilelikde olara tabyn bolan slawýanlar hem söweşipdirler. Goňşylary tarapyndan gysylyp çykarylýan slawýanlar, özleriniň köne ýerlerinden uly toparlar bolup günorta - täze ýerlere göçüp gelýärdiler. Şeýlelikde, olar Balkan ýarym adasynda ornaşýarlar we Wizantiýanyň elinden onuň bütin demirgazyk hem günbatar böleklerini alýarlar. Slawýanlaryň uly bölegi köne grek welaýatlaryna, şol sanda Makedoniýada mesgen tutupdyr we Gresiýanyň günortasyna çenli aralaşypdyr. Grek ilatynyň bir bölegi slawýanlar bilen garyşypdyr, beýleki bir bölegi bolsa şäherlere gysylyp çykarylypdyr.

Günortada we Gündogarda, Aziýada hem-de Afrikada imperiýa köp ýerlerini ýitiripdir. VII asyryň başlarynda imperator Irakliý (610-641) uly kynçylyklara döz gelip, uzaga çeken hem-de tutanýerli uruşlaryň netijesinde, sasanylar tarapyndan basylyp alnan Siriýany we Müsüri yzyna gaýtaryp alypdyr we weýran edilen Iýerusalimiň mukaddes ýerlerini

dikeldipdir. Emma on ýyl hem geçip geçmänkä, şol ýerler musulman araplary tarapyndan basylyp alnypdyr. Eýran bilen alnyp uruşlarda tapdan düşen Wizantiýa araplaryň hüjümini saklap bilmändir. Galyberse-de, imperiýanyň gyrak-çetleriniň ilatynyň Wizantiýa döwletine bolan ýigrenji şeýle bir güýçli bolupdyr, hatda olar araplary azat edijiler hökmünde garşylapdyrlar.

Paýtagty galla bilen üpjün eden Müsüriň ýitirilmegi uly kynçylyklary döredipdir. Umuman alanyňda, imperiýa özüniň iň baý welaýatlaryny elden gideripdir. Ýarym asyr soňra araplar Wizantiýanyň Demirgazyk Afrikadaky mülklerini hem basyp alýarlar. Arap halyflygy bilen serhetdäki ýerlerini imperiýa zordan elde saklaýardy. Araplar birnäçe gezek Kiçi Aziýany tozdurypdyrlar we olaryň harby deňiz güýçleri üç gezek Konstantinopola ýakynlaşypdyrlar.

Ýurduň daşary syýasatynda bolup geçen şowsuzlyklar, onuň içeri syýasatyna hem ýaramaz täsir edipdir. Siriýada, Palestinada, Müsürde halk çykyşlary bolup geçýär. 602-nji ýylda Dunaýyň boýlarynda duran wizantiýa goşunlarynyň arasynda hem gozgalaň turýar. Gozgalaňçylar ýönekeý senturion – ýüzbaşy Fokany imperator diýip yglan edýärler. Foka iri ýer eýelerine we begzadalara garşy zabun syýasat ýöredipdir. Bu bolsa imperiýanyň tutuş gündogar welaýatlaryny gurşap alan raýatlyk urşunyň turmagyna getirýär. Raýatlyk urşunyň dowam edýän döwründe 610-njy ýylda Foka tagtdan agdarylyp öldürilýär we häkimiýeti welaýat begzadalarynyň wekili Irakliý (610-641) eýeleýär.

## § 6. Wizantiýa VII – XI asyrlarda

**VII-VIII asyrlarda Wizantiýada durmuş-ykdysady we syýasy özgerişler.** Wagşy taýpalaryň çozuşlary, halk çykyşlary we VII asyryň başlarynyň raýatlyk urşy ýurtda gul eýeçiligine esaslanýan iri mülkdarçylygyň täsiriniň

peselmegine getirýär. Indi erkin oba jemagatlarynyň täsiri ýokarlanýar. Saklanyp galan iri ýer eýeçiligi täze esaslarda üýtgedilip guralýardy: hojalykda gullaryň peýdalanylyşy düýpli kemelip, tabyn daýhanlar önümçilikde giňden ulanylyp başlaýar.

Wizantiýa Imperiýasynyň dolandyryş-çäk gurluşy hem düýpli üýtgedilýärdi. Köne diosezler we welaýatlar täze harby-dolandyryş etraplary – *femalar* bilen çalşyrylýar. Femleriň ilatynyň esasy bölegini Wizantiýanyň dürli ýerlerine göçürilip eltilen slawýanlar, siriýalylar, ermeniler we dürli taýpalaryň wekilleri düzüpdirler. Ady agzalan halklaryň wekillerinden, şeýle hem wizantiýaly ýerli erkin daýhanlardan VIII asyrda aýratyn harby gatlak - *stratiotlar* döredilýär. Harby gullugy ýerine ýetirýändikleri üçin stratiotlara hökümet tarapyndan miras galdyrmak şerti bilen ýer paýlary – *benefisiler* berilýärdi. Benefisiler ölçegi we gymmaty boýunça dürli – dürli bolupdyr. Stratiotlara berilýän benefisiý ýer eýeçiligi ýer salgydyndan başga ähli ýygymlardan we salgytlardan boşadylypdyr. Stratiotlar fem goşunynyň esasy güýçlerini düzüpdirler. Fem goşunynyň başynda serkerdeler - *stratig* durup, ol femlerdäki ähli dolandyryş we harby häkimiýeti bir özi amala aşyrýardy.

Fem gurluşynyň döredilmegi merkezi häkimiýetiň belli bir derejede gowşaýandygyna şaýatlyk edýärdi. Emma şol döwrüň irki orta asyr döwletleriniň köpüsi bilen deňeşdirilende Wizantiýada merkezi häkimiýet barybir güýçli bolmagynda galýardy.

VII-IX asyryň birinji ýarymynda Wizantiýanyň şäherleri tozgun ýagdaýy başdan geçiripdirler. Imperiýanyň gündogar welaýatlarynyň elden gitmegi şäherleriň ykdysady ýagdaýyna ýaramaz täsir edipdir. Dogry, IX asyrda Wizantiýa Gündogar ýurtlary bilen söwda gatnaşyklaryny gaýtadan ýola goýmak we Frank döwleti bilen alnyp barylýan söwda gatnaşyklaryny berkitmek başarypdyr. Bu döwürde Bolgariýa, Serbiýa, Horwatiýa, Welikomoraw patyşalygy, Kiýew Rusy, Kawkaz,

Demirgazyk Afrika bilen gatnaşyklar ýygjamlaşypdyr. Konstantinopol, Fessalonika, Trapezund senetçiligiň hem-de söwdanyň möhüm merkezlerine öwrülipdirler. Emma imperiýanyň köp şäherleri öňki döwürlerdäki ýaly tozgun halda galypdyrlar.

VIII-IX asyryň birinji ýarymynda wizantiýa obasynda erkin oba jemagaty saklanyp galýardy. VIII asyrda düzülen «Ekerançylyk kanunynda» hukuksyz daýhanlar we kolonlar barada agzalyp geçilmeýär; daýhanlaryň köpüsi erkin bolupdyr, ýere eýeçilik edipdirler we öz obalaryny özbaşdak dolandyrypdyrlar. Sürüm ýerleri, baglar, üzüm meýdanlary jemagatçylaryň hususy eýeçiliginde bolupdyr. Çemenlikler, öri meýdanlary, tokaýlar we beýleki ýerler jemagatyň umumy eýeçiliginde galypdyr. Jemagat umuman alanyňda döwlete salgyt töläpdir. Imperatorlar erkin ownuk hususyýetçileriň ýagdaýyny ýeňilleşdirmäge ymtylýardylar, bu bolsa Wizantiýa imperiýasy üçin, onuň ýaşamagyna daşyndan güýçli duşmanlaryň howp salýan döwründe örän möhüm bolupdyr. Oba jemagatynda emläk deňsizligi hem ýüze çykyp başlaýar: onda erkin jemagatçylar bolan *georglardan* başga-da, emläksiz garyplar – *aporlar* hem döräp başlaýar.

VIII-IX asyryň birinji ýarymynda bir tarapdan harby-gullukçy begzadalarynyň, beýleki bir tarapdan bolsa begzdalaryň arasynda ýer ugrunda özara göreşler başlaýar. Bu göreşe iri ekerançylyk ýerlerine eýe bolan monastyrlar hem goşulypdyrlar. Bu göreşlerde harby-gullukçy toparlar has täsirli bolup çykýarlar we olara Wizantiýanyň tagtyna öz dikmesini – Lew III Isawry (717-741) çykarmak başardýar. Ol Isawrlar nesilşalygynyň (717-867) ilkinji wekili bolupdyr. Fem goşunlaryna daýanmak bilen Lew III araplar bilen uruşlarda üstünlik gazanmagy başarýar. 718-nji ýylda ol Konstantinopoly bir ýyllap gaban araplaryň ägirt uly goşunlarynyň hüjümine döz gelmegi, 740-njy ýylda bolsa olara agyr zarba urmagyň hötdesinden gelýär. Lew III-niň ogly Konstantin V-niň (741-

775) döwründe wizantiýalylaryň özleri halyflygyň Siriýadaky ýerlerine çozup girýärler we Ýewfrata hem-de Ermenistanyň araçäklerine çenli öňe süýşmegi başarýarlar. Wizantiýanyň goşunlary demirgazykda Bolgar döwletiniň garşysyna-da üstünlikli ýörişleri geçiripdir. 700-nji ýyla çenli Wizantiýa imperiýasy Ýustinianyň döwündäki möçberlerinden dört esse kiçelipdir. Onuň garamagynda diňe Kiçi Aziýa, Balkan ýarym adasynyň günorta-gündogar bölegindäki ýerler, günbatarda bolsa Sisiliýa we Italiýanyň bir bölegi galypdy. Netijede ykdysady babatdan iň baý welaýatlar ýitirilipdir. Emma imperiýa heläk bolmandy.

Imperiýanyň harby kuwwatynyň artmagynda slawýan we grek jemagatçylary uly hyzmat görkezipdirler. Wizantiýada mesgen tutup, olar ýurduň durmuşyny täzeläpdirler, özleri bilen täze jemagatçylyk gatnaşyklaryny getiripdirler we şonlukda erkin jemagatçylaryň sanyny artdyrypdyrlar. Hut şol azat daýhanlar – jemagatçylar Wizantiýanyň goşunlarynyň öňki şöhratyny dikeldipdirler, bu bolsa imperiýa VII asyryň daşary syýasy şowsuzlyklaryny ýeňip geçmäge mümkiçilik beripdir.

**Ikona çokunmaklyga garşy hereket we Wizantiýada feodal gatnaşyklaryň ösüşi.** Imperiýanyň harby üstünlikleri fem begzadalarynyň ýagdaýyny berkidipdir. Olar döwlet dolandyryşyň harby begzada gatlagyna berilmegini, monastyr ýerleriniň çäklendirilmegini we din edaralarynyň elinden alnan ýerleriň harbylara berilmegini talap edýärdiler. Agalyk ediji gatlagyň içinde täze ýerleri eýelemek we daýhanlardan salgyt ýygnamak ugrunda özara göreşler başlaýar. Bu göreşler ikona çokunmaklyga garşy gidýänler bilen ikona çokunmaklyga hormat goýýanlaryň arasyndaky dawalar görnüşine eýe bolýar.

Ruhanylaryň ýokary gatlagynyň halk köpçüligine täsirini peseltmek maksady bilen ikona çokunmaklygyň garşydaşlary hristiançylygyň bu dessuryny butparazlyk, ýagny buta çokunmaklyk diýip yglan edýärler. Bu herekete harby gullukçy gatlagyň bähbitlerini araýan Isawrlar nesilşalygyndan bolan

imperatorlaryň hut özleri baştutanlyk edipdirler. 726-njy ýylda imperator Lew III ikona çokunmaklyga aç-açan garşy çykýar. Bu hereketi buthana eýeçiliginiň giňemeginden närazy bolýan halk köpçüliginiň hem bir bölegi işjeň goldapdyr. Ikona çokunmaklyga garşy göreş ideýalary halkyň arasynda has radikal häsiýete eýe bolýar we ýeretik mezhepleriň biri hasaplanylan *pawlikiançylar* tarapyndan giň goldawa eýe bolupdyr. Emma ikona çokunmaklyga garşy çykýan güýçlere ýokary ruhany gatlagy berk gaýtawul bermäge çalşypdyrlar. Imperiýanyň ýewropa welaýatlaryndaky monastyrlaryň monahlaryna ilatyň bir bölegini öz tarapyna çekmek we ikona garşy çykýanlaryň garşysyna goýmak başardýar. Harby gullukçy gatlagyň täsiriniň artmagyndan çekinip, ikona sarpa goýýanlary şäher begzadalary we Konstantinopolyň söwda-senetçilik toparlary hem işjeň goldapdyrlar.

Şol döwürler halk arasynda monahçylyga geçmiklik giň gerime eýe bolýardy. Sebäbi buthanalaryň ygtyýaryndaky ekerançylyk ýerleriniň, gaýry emläkleriniň mukdary artýardy, olaryň kaşaň ymaratlary, ägirt uly mal sürüleri bardy. Buthanalaryň howandarlyk edýändikleri üçin adamlar salgytlardan we borçlardan dynmak üçin monastyrlara gidip, monahçylyga geçýärdiler. Üstesine-de, monastyrlar salgytlar babatynda köp ýeňilliklerden peýdalanypdyrlar. Monahçylygyň güýçlenmegi döwletiň harby-syýasy we ykdysady kuwwatyna zeper ýetirýärdi. Imperiýanyň alyp barýan agyr uruşlaryna esgerleriň, azyk we pul serişdeleriniň ýiti ýetmezçigi duýulýardy. Monastyrlar bolsa ilatyň köp böleginiň ünsüni harby gullukdan we önümçilikden sowýardy. Köp sanly begzadalar öz pullaryny monastyrlarda goýup, baýlyklaryny döwletden gizleýärdiler. Galyberse-de, monahçylyk maşgalalaryň sanyny kemeldýärdi we ilatyň azalmagyna getirýärdi. Şonuň üçin imperatorlar VIII asyrda olar bilen göreşe girýärler.

Döwletiň monahçylyga garşy göreşi ikona garşy göreş bilen utgaşypdyr. Musulmanlar bilen alnyp barylýan uruşlarda wizantiýalylar özlerini hristian dininiň hakyky goraýjylary diýip yglan edipdirler. Emma imperiýanyň öz içinde hem dini mezhepleriniň arasynda rehimsiz duşmançylyk tutaşýardy. Buthanalary bezeýän we dindarlaryň çokunýan ikonalaryna garşy güýçli hereket başlanypdyr.

Imperatoryň Lew III we aýratyn hem onuň ogly Konstantin V (741-775) serişdeleriň we harby güýjüň zerurlygy bilen aladalanyp, ikona garşy göreşijileriň we monahçylygyň duşmanlarynyň tarapyny alypdyrlar. Lew III Wizantiýanyň dünýewi hökümdary bolmak bilen, imperiýada dini häkimiýetede eýe bolmak isleýärdi. Ol buthanalardan ikonalary aýyrmak barada buýruklar çykarylypdyr. Lew III-ä garanyňda onuň ogly Konstantin V-nji has aýgytly hereket edipdir. Ikonalara çokunmaklyk Kiçi Aziýada giň ýaýran pawlikian mezhebi tarapyndan hem berk ýazgarylypdyr. Şonuň üçin hem Konstantin V kiçi aziýaly pawlikianlary paýtagtda hem onuň töwereklerinde harby ýaşaýjylar edip ýerleşdiripdir. Pawlikiançylyk VII asyryň ahyrlarynda Ermenistanda ýüze çykýar, ýöne VIII-IX asyrlarda Kiçi Aziýada köpçülikleýin ýaýrapdyr. Pawlikiançylar hristiançylygyň irki döwürlerindäki deňligiň dikeldilmegini talap edipdirler. Olaryň dini garaýyşlary dualistik (goşa başlangyçlylyk) häsiýete eýe bolupdyr: olaryň göz öňüne getirişlerine görä, dünýä iki sany gapma-garşylykdan – hudaýyň şalygyndan we şeýtanyň, jyn-arwahlaryň şalygyndan ýa-da ruhy dünýäden we maddy dünýäden ybarat bolupdyr. Agalyk ediji resmi buthanany olar jyn-arwahlaryň şalygyna, maddy dünýä degişli edipdirler. Pawlikiançylar ybadat işleriniň ýönekeýleşdirilmegini, buthanadaky wezipeleriň we monahçylygyň ýatyrylmagyny, ikona çokunmaklygyň bes edilmegini talap edipdirler.

Monahçylygyň barlyşyksyz duşmany bolan Konstantin monastyrlary ýapypdyr we olaryň ýaşaýan jaýlaryny

kazarmalara, *arsenallara*[2], atýataklara öwürüpdir. Monastyrlara berlen köp ýerleri imperator yzyna gaýtaryp alypdyr we özüniň harbylaryna gulluk ýerleri edip beripdir. Monastyr ýerleri mülklere - *haristikiýa* öwrülýärdi. Monahlary nikalaşmaga we adaty adamlaryň lybaslaryny geýmäge mejbur edipdirler. Monahlaryň meýletin boýun synanlaryna wezipeler berlipdir, boýun egmedikleri bolsa sirk meýdanlaryna çykaryp masgaralaýardylar. Olary zyndana taşlaýardylar, ýurtdan kowup çykarýardylar. Bu işde imperator öz goşunlaryna hem-de ruhanylaryň bir bölegine daýanypdyr.

Ikona çokunýanlaryň maddy serişdelerini, ekerançylyk ýerlerini ulanyp we monahçylygyň hasabyna stratiotlary ýer hem-de ýarag bilen üpjün edip, Isawrlaryň edenli serkerdeleri daşky duşmanlara garşy göreşde uly ýeňişleri gazanypdyrlar.

800-nji ýyllar töweregi alym we monastyr *igumeni*[1] Fýodor Studit imperatorlaryň buthananyň içerki işlerine gatyşmaga haky ýokdur diýen pikiri öňe sürüpdir. Ol Wizantiýada hem edil Rim papasynyňky ýaly, dini häkimiýet dünýewi häkimiýetden has ýokarda durmalydyr diýip hasap edipdir. Igumen Fýodor «ruhanylar imperatory kazyýet jogapkärçiligine çekip bilerler, emma bu ýagdaý tersine bolup bilmez» diýip aýdypdyr. Ol özüniň pikirlerini çekinmän aýdypdyr, şonuň üçin hem telim gezek zyndana salnypdyr. Fýodor Studitiň garaýyşlary Günbatar buthanasynyň, ýagny Rim papasynyň we onuň ýepiskoplarynyň tarapdary bolandygyna şaýatlyk edipdir.

820-nji ýylda Foma Slawýanyň baştutanlygynda halk gozgalaňy turýar. Foma kiçi aziýa femleriniň biriniň goşun serkerdesi bolup, ol özüni imperator diýip yglan edýär we merkezi hökümete garşy urşa başlaýar. Gozgalaňçylaryň esasy köpçüligi tabyn daýhanlardan, harby begzadalar tarapyndan kemsidilýän stratiotlardan we şäher garyplardan ybarat

---

[2] *Arsenal* – ok-däri we ýarag saklanylýan ýer ýa-da ýöne gorhana.
[1] *Igumen* - erkekleriň prawoslaw monastyrynyň başlygy.

bolupdyr. Gozgalaňa gullar hem gatnaşypdyrlar. Wizantiýany gowşatmaga çalyşýan araplar gozgalaňçy goşuny ýaraglandyrypdyrlar. Gozgalaňçylary pawlikiançylar we beýleki ýeretiki mezhepler hem ýakyndan goldaýardyler. Foma Slawýanyň gozgalaňy tiz wagtdan bütin Kiçi Aziýa ýaýrapdyr. Haçan-da ol gowy ýaraglandyrylan köp sanly goşunlary bilen bogazlardan geçip Frakiýa we Makedoniýa aralaşanda bu ýerleriň slawýan ilaty hem goldaýar. Frakiýada hökümet tarapyndan zor bilen göçürilip getirilen we juda gözgyny şertlerde ýaşaýan ermeniler hem gozgalaňçylara goşulýarlar. Ermenileriň aglaba köpçüligi pawlikiançylyga eýerýärdiler. Gozgalaňçylar bir ýyla golaý wagt Konstantinopoly gabawda saklaýarlar. Emma hökümete dürli ýollar bilen gozgalaňçylary gowşatmak başardýar. 823-nji ýylyň tomsunda Foma Konstantinopolyň gabawyna aýyrmaga we Adrionopola çekilmäge mejbur bolupdyr. Şundan soň gozgalaňçy goşunlaryň arasynda başagaýlyklar hem-de bozgaklyklar başlanýar. Fomany wizantiýa hökümetine tutup berýärler we jezalandyrylyp öldürilýär. Şeýlelikde, 820-823-nji ýyllaryň gozgalaňy basylyp ýatyrylýar.

Foma Slawýanyň gozgalaňy Wizantiýa döwletiniň jemgyýetçilik-syýasy durmuşyna ýaramaz täsir edipdir. Şonuň üçin hem ruhanylar – ikona hormat goýujylar we ikona garşy göreşijiler ylalaşypdyrlarlar. Fýodor Studit: «Indi öňki jedelleri täzeden başlamagyň wagty däl. Munuň özi bulagaýlyk getirýär. Indi bir pikire gulluk etmegiň wagty geldi» diýip aýdypdyr. Emma gozgalaň basylyp ýatyrylandan soň hem jedeller dowam edipdir. Kämillik ýaşyna ýetmedik ogly Mihail III-niň (842-867) adyndan ýurdy dolandyran şa aýaly Feodora ýurtda asudalygy ýola goýmaga we gatlaklaryň arasyndaky agzalalyklary ýeňip geçmäge gönükdirilen çäreleri durmuşa geçirip ugraýar. 843-nji ýylda Feodoranyň guramagynda Konstantinopolda uly maslahat geçirilýär. Bu maslahata imperiýanyň dürli künjeklerinden köp sanly monahlar,

ýepiskoplar ýygnanypdyrlar we ikona çokunmaklyk gutarnykly suratda dikeldilipdir. Emma buthanalaryň elinden alnan ýerler harby gullukçy gatlagyň ygtyýarynda galypdyr.

Wizantiýa prawoslaw buthanasy barada aýdylanda, ol köneden gelýän köp däplerini saklap bilipdir, emma özbaşdaklygyny ymykly ýitiripdir. Imperatorlar buthana meselelerini özleri çözýärdiler, ýokary wezipeli ruhanylary belläpdirler hem-de aýrypdyrlar. Wizantiýa prawoslaw buthanasynyň baştutany bolan patriarhy dünýewi adamlardan bellemek hem däbe öwrülipdir. Patriarh imperatoryň din işleri boýunça baş maslahatçysy ýaly bolup galypdyr we onuň syýasatyna boýun synypdyr. Köp monastyrlaryň ekerançylyk ýerleri dünýewi ýer eýeleriniň gol astyna düşüpdir. Şol ýerlerden gelýän girdejileriň diňe bir bölegi prawoslaw ruhanylaryny we monahlary saklamak üçin sarp edilýärdi.

Ikona garşy göreşiň bes edilmegi pawlikiançylaryň hökümetden daşlaşmagyna getiripdir. Olar Wizantiýa imperiýasynyň gündogar serhetlerinde ýerleşýän, paýtagty Tefrika şäherinde bolan garaşsyz respublika döredipdirler we özleriniň Wizantiýa garşy ýörişlerinde Nikeýa çenli baryp ýetipdirler. Imperatorlar pawlikiançylara garşy jeza beriji ekspedisiýalary häli-şindi gurap durupdyrlar. Olaryň garşysyna giň ygtyýarlyklary bolan stratigleriň baştutanlygynda üç sany goşun iberilipdir. Serkerdeler pawlikiançylardan rehimsiz öç alýardylar: olary haça çüýläpdirler, beýlekileriniň kellesini kesipdirler, üçünjilerini gark edip öldüripdirler. Jeza beriş çäreleri pawlikiançylaryň emläkleriniň ellerinden alynmagy bilen utgaşdyrylypdyr. Jemi 100 müňe golaý pawlikiançylar pida bolupdyr. Olar batyrlyk bilen garşylyk görkezipdirler. Diňe 872-nji ýylda wizantiýa goşunlaryna olary kynlyk bilen ýeňmek we Tefrikany weýran etmek başardypdyr. Emma bu wakadan soň hem Kiçi Aziýada pawlikiançylyk hereketi bes edilmändir, X asyrda ol Balkan ýarym adasyna-da ýaýraýar. Bu

ýerde olar Bolgariýanyň daýhanlarynyň ýeretiki akymlary bilen garyşyp, *bogomilçiligiň* bir bölegini emele getiripdirler.

**IX asyryň ikinji ýarymynda - X asyrda Wizantiýanyň ekerançylyk pudagynyň ýagdaýy.** Foma Slawýanyň we pawlikiançylaryň gozgalaňlary basylyp ýatyrylandan soň Wizantiýada oba erkin jemagatlarynyň ýagdaýy kynlaşyp ugraýar. Obada emläk deňsizligi güýçlenýärdi. Erkin jemagatçylaryň garyp düşen bölegi şäherlere gidýärdiler we hakyna tutma işgärlere öwrülýärdiler. Emma jemagatçy daýhanlaryň agramly bölegi obada galypdyr we olar özleriniň ýer paýlaryny baýan goňşylaryna satyp, ýat ýerlere gitmäge mejbur bolýardylar. Olar täze baran ýerlerinde ýer eýeleriniň tabynlygyndaky daýhanlara - *pariklere* (göçüp gelenler) öwrülýärdiler. Kähalatlarda tutuş bir oba iri ýer eýesiniň ýa-da täsirli adamlaryň (olary *dinat* diýip atlandyrýardylar) tabynlygyna düşüpdir. Dinatlar oba jemagatlaryna degişli ýerleri köplenç bikanun eýeleýärdiler we bu ýerdäki erkin jemagatçylary zorluk bilen pariklere öwürýärdiler.

Bu döwürde garyp düşýän erkin daýhanlar hazyna salgyt töläp bilmeýärdiler. Garyp düşüp gulluk edip bilmeýän stratiotlary esgerleriň sanawundan aýyrmaly bolýardy. Şonuň üçin hem döwletiň salgyt salmakdan gelýän girdejileri görnetin azalyp, stratiot goşunlarynyň nökerleriniň sany bolsa kemelip ugraýar. Bu ýagdaý hökümeti ynjalykdan gaçyrýardy. Hazynadan aýlyk alýan ýokary wezipeli döwlet begzadalary we imperatorlaryň hem hut özleri jemagatçylyk ýer eýeçiliginiň dargamagyna, salgyt töleýän daýhanlaryň tozmagyna we esgerleriň garyplaşmagyna ýol bermezlige çalyşýardylar. Wizantiýada häkimiýet başyna gelen Makedon nesilşalygy (867-1056) bu ugurda birnäçe işleri durmuşa geçirýär. Nesilşalygy esaslandyryjy Wasiliý I (867-886) Isawrlar neslinden bolan soňky wekili imperator Mihail III-nji öldürip (867) tagta çykmaga başaran, öňki makedoniýaly daýhan bolupdyr.

Makedon nesilşalygynyň imperatorlary ýer hakynda birnäçe kanunlary (*nowellalar*) neşir edilýär. Wasiliý I Isawrlaryň ähli özgertmelerini ýatyrypdyr. Içeri syýasatda ol buthana we baý hem-de täsirli adamlar bolan dinatlara daýanypdyr. Makedonlaryň döwründe monahçylygyň abraý-mertebesi gaýtadan ýokary göterilip ugraýar. Monastyrlar ikona garşy göreşilýän döwürde çeken ruhy hem-de maddy ýitgileri üçin doly sylaglanypdyr. Wasiliý I ýüzlerçe monastyrlary açypdyr, olara ägirt uly ýerleri bagş edipdir. Isawrlaryň kanunlary («*Ekloglar*») Makedon nesilşalygynyň kanuny - «Wasilikalar» bilen çalşyrlypdyr. Bu kanunda ilkinji gezek dinatlara daýhan ýerlerini eýelemäge, daýhanlaryň özlerini bolsa pariklere, ýagny göçüp gelenlere öwürmäge ygtyýar berlipdir. Parikler ýer eýelerine ýokary önüm salgydyny tölemeli we zähmet borçlaryny ýerine ýetirmeli bolupdyrlar. Döwletiň peýdasyna alynýan renta (ýer salgydy) hem saklanýardy.

Wizantiýaly daýhanlar ýersizleşmäge we agyr salgytlara garşy birnäçe ýola gozgalaň turuzypdyrlar. 932-nji ýylda Kiçi Aziýada bolup geçen daýhanlaryň çykyşy şol gozgalaňlaryň iň ulylarynyň biri bolupdyr. Gozgalaňyň giň gerime eýe bolmagyna gurakçylygyň hem-de elhenç açlygyň bolmagy hem uly täsir edipdir. Gozgalaňçylara makedon daýhany Wasiliý Mis El serkerdelik edipdir. Uly kynçylyklar bilen imperator Roman Lakapine (919-944) gozgalaňçylary derbi-dagyn etmek başardypdyr.

Bu döwürde dinatlaryň güýçlenmegi dowam edipdir. Şonuň üçin hem indi Makedon nesilşalygynyň hökümeti daýhanlary feodallaryň eden-etdiliginden garamak maksady bilen aýgytly çäreleri geçirmäge mejbur bolupdyr. Sebäbi hemişelik goşuny saklamak üçin imperatorlaryň serişdeleri bolmandyr. Goşunda kesekilerden düzülen hakyna tutulanlar köp bolupdyr. Emma goşunyň esasy bölegini miras düşer ýerleri bolan, harby gulluga borçly daýhanlar tutupdyr. Olar

döwletden diňe ýer paýyny alýardylar we ony özleri işläp bejermeli bolupdyrlar. Ýer paýyndan alynýan girdejiniň hasabyna daýhanlar öz maşgalalaryny eklemelidiler hem-de özleri ýarag we esbaplar bilen üpjün etmelidiler. Ýer paýlary dürli möçberde bolupdyr, şoňa laýyklykda gulluk etmegiň şerti hem birmeňzeş bolmandyr. Uly ýer paýynyň eýesi atly goşunda, ondan iki esse kiçi ýer paýynyň eýesi bolsa deňiz goşunynda matros bolup gulluk etmeli bolupdyr. Ýer paýlary has kiçi bolanlar bir näçe bolup jemlenip, öz aralaryndan bir esgeri öz hasaplaryna ýaraglandyrmaly bolupdyrlar.

Erkin daýhanlaryň-urşujylaryň tozmazlygy hem-de sanynyň azalmazlygy döwlet üçin örän möhüm bolupdyr. Şonuň üçin hem olar ýeňilliklerden peýdalanypdyr, emma şol bir wagtyň özünde belli bir şertlere tabyn bolmaly bolupdyrlar: ýer paýy döwletiň ýeri hasap edilip, daýhanlaryň öz paýyny taşlamaga, satmaga ýa-da başga kär saýlamaga hukugy bolmandyr. Emma bu düzgüni saklamak kyn düşüpdir: stratiotlaryň mülkleriniň golaýynda iri ýer eýeçilik emele gelipdir. Olaryň eýeleri bolsa goşun serkerdeleri hem-de döwlet emeldarlary bolupdyr.

X asyryň 20-nji ýyllarynda jemagatçylaryň öz obadaşlarynyň ýerini birinji bolup satyn almaga bolan hukuklary dikeldilipdir. Edil şunuň ýaly hukuga oba jemagaty dinatlaryň ýerlerini satyn almakda-da eýe bolýarlar. 30 ýyl öň satylan daýhan ýerleri öňki eýelerine ýa-da olaryň mirasdarlaryna mugtuna gaýtarylyp berilmeli edilýär. Emma bu kanunlar doly derejede hereket edip bilmändirler. Parikleriň sany öňküleri ýaly yzygider artypdyr. Şonuň üçin hem imperatorlar bu ýagdaýy göz öňünde tutup, ruslardan, latynlardan, normanlardan, gruzinlerden, ermenilerden we türkilerden düzülen hakyna tutma goşunlary barha ýygy-ýygydan ulanyp başlaýarlar.

**Wizantiýada şäher önümçiliginiň ýagdaýy.** IX asyrda Wizantiýanyň şäherlerinde täze ykdysady ýokary göteriliş

başlaýar. Şäherler senetçiligiň we söwdanyň merkezlerine öwrülipdirler. Sebäbi Wizantiýa üçin söwda uly ähmiýete eýedi. Şäherleriň ilatynyň agramly bölegi ygtyýarynda zähmet gurallary, önümçilik desgalary hem-de dükanlary bolan hukuk taýdan erkin ownuk senetçilerden ybaratdy. Wizantiýada senetçilik önümleriniň öndürilişi artypdyr, olaryň hili ýokarlanypdyr, içeri we daşary söwdanyň gerimi giňäpdir. Wizantiýada pul dolanyşygy hem ösüpdir. X-XI asyrlarda Günorta slawýan ýurtlary, Arap halyflygy, Günbatar Ýewropa bilen alnyp barylýan söwda işlerinde Fessalonikanyň ähmiýeti artypdyr. Korinf, Fiwy, Adrianopol, Kiçi Aziýada bolsa Nikeýa, Efes, Amastrida, Trapezund şäherleriniň ähmiýeti ýokarlanypdyr. Imperiýanyň paýtagty Konstantinopol iň iri hem-de köp ilatly şäher bolmagyny dowam etdirýärdi.

Bu döwürde imperiýa Gara deňziň demirgazyk kenarlarynda gyzgalaňly söwda işleri alnyp barylýan möhüm bazarlara eýe bolýar. Gündogardan, musulman ýurtlaryndan getirilýän dürli görnüşli harytlar, aýratyn hem ýuka matalar, Konstantinopolda jemlenýärdi. Harytlaryň bir bölegi wizantiýalylaryň özleri tarapyndan satyn alynýardy, galan bölegini bolsa günbatara ýa-da demirgazyga tarap äkidýärdiler. Emma grekleriň özi harytly uzaga gitmändirler. Söwda harytlary keseki ýurtlaryň täjirler tarapyndan lomaý satyn alnypdyr hem-de alyslara äkidilipdir. Grekler köplenç harytlaryň bahasynyň 10% barabar bolan gümrük pajyny almak bilen çäklenipdirler. Wizantiýanyň bazarlaryndan esasy haryt satyn alýanlar italýan täjirleridi. Italýan täjirler Günbatardaky bazarlary haryt bilen üpjün edýärdiler. Wizantiýadan papalar, italýan we nemes ýepiskoplary buthanalar üçin gymmat baha geýimleri, gap-gaçlary, çeper bezelen bürünç gapylary sargyt edip getirdýärdiler. Konstantinopol dünýä söwdasynyň merkezi we hut ertekilerdäki ýaly baýlyklaryň şäheri bolup galýardy.

Konstantinopolda senetçilik önümçiliginiň ýola goýluşy we söwdanyň guralyşy barada X asyryň möhüm çeşmesi bolan

«Eparhyň kitaby» (Şäher häkiminiň kararlar ýygyndysy) gymmatly maglumatlary özünde jemleýär. X asyrda Konstantinopolyň senetçilik önümçiliginde özbaşdak önüm öndürýän erkin senetçi we senetçilik ussahanasynyň eýesi esasy orny eýeläpdir. Paýtagtyň senetçileri we söwdagärleri ýöriteleşýän ugurlary we hünärleri boýunça korporasiýalara[1] birleşdirilipdir. Korporasiýalar orta asyr sehleri ýaly bir zatdy. Olaryň tapawutly tarapy, wizantiýa şäherleriniň korporasiýalarynda gullaryň zähmeti hem, hakyna tutma işgärleriň zähmeti hem ulanylypdyr. Korporasiýalar birnäçe ýeňilliklerden we häkimiýetleriň howandarlygyndan peýdalanypdyrlar. Korporasiýalara birleşmedik senetçiler we söwdagärler diňe korporasiýalar üçin bäsleşik döretmedik ýagdaýynda önümçilik we söwda işleri bilen meşgul bolup bilipdirler. Senetçileriň korporasiýalary bilen deňeşdirilende, söwdagärleriň korporasiýalary has giň artykmaçlyklardan peýdalanaypdyrlar. Gurply ussalar önümçilikde hakyna tutma işgärleri – *mistileri*, şeýle hem gullary işledipdirler. Korporasiýalar doly suratda döwlet häkimiýetine bagly bolup galypdyrlar; häkimiýet olary harby maksatlar, köşgüň hem-de buthanalaryň zerurlyklary bilen baglanyşykly uly buýurmalar bilen üpjün edipdir. Önümçiligiň mukdary, ussahananyň göwrümi, çig malyň ätiýaçlyklary, söwdanyň wagty hem-de ýeri korporasiýalaryň özleri tarapyndan däl-de, hazynanyň bähbitlerinden ugur alnyp, şäher häkimi bolan eparhyň gullukçylary tarapyndan kesgitlenilipdir. Konstantinopolyň senetçileri we söwda korporasiýalary özleriniň döreýşi we kemala gelşi boýunça rimiň giçki döwrüniň kollegiýalary bilen aýrylmaz baglanyşykly bolupdyrlar we giçki döwürde ýüze çykan günbatar ýewropa sehlerinden düýpli tapawut edipdirler.

Alyp barýan işiniň ähmiýeti boýunça korporasiýalar biri-birinden tapawut edipdirler. Pul çalyşýan serraplaryň,

[1] *Korporasiýa* (latyn.) –hünär ýa-da gatlak bähbitleriniň umumylygy bilen birleşdirilýän jemgyýet, şahslar topary.

zergärleriň, notariuslaryň we ýüpek mata satýan söwdagärleriň sehleri aýratyn hukukly hasaplanypdyr. Nanbaýlaryň (çörek satýanlar), gassaplaryň, gönçileriň, balykçylaryň we başgalaryň sehleri bolsa ýönekeý hasap edilipdir. Hazyna senetçilik ussahanalaryndan we söwdagärlerden köp girdeji alypdyr, şonuň üçin hem harytlaryň hiline berk gözegçilik edipdir, önümçiligi çäklendiripdir we nyrhlary belläpdir. Munuň özi senetçilik korporasiýalarynyň üstünden amala aşyrylýan döwlet gözegçiligi juda gazaply bolandygyna şaýatlyk edýär. Şeýlelikde, Wizantiýada seh guramasy diňe seh agzalarynyň däl, eýsem döwletiň hem bähbitlerine hyzmat edipdir.

**Döwlet dolandyryş edarasy.** IX-XI asyrlarda Wizantiýa imperiýasynda döwleti edara etmek işi has hem kämilleşdirilipdir. Bu işi Wasiliý I (867-886) amala şyryp başlapdyr. Ol merkezi we ýerli dolandyryş edarasyny adatdan daşary giňeldipdir. Döwlet edaralarynyň sany 60-a ýetirilipdir we köp sanly gulluk basgabçaklaryny döredipdir. Genikon – döwlet salgyt gullugy iň möhüm edara hasap edilipdir. Mundan başga-da, harbylara hak tölemegi, azyk bilen üpjün etmegi amala aşyrýan, olaryň ýaraglandyrylyşyny ýola goýýan, döwlet poçtasy, daşary aragatnaşyklar, diplomatiýa, içerki we daşary aňtaw, imperator maşgalasynyň emlägini dolandyrýan (*idik*) edaralar ýaly gulluklar giň ygtyýarlyklara eýe bolupdyrlar.

Ähli gulluk basgançaklarynyň düýbi imperator köşginde ýerleşipdir. Her wezipäniň baştutanyna ähmiýetine görä dereje (*titul*) berlipdir. Her bir gulluk basgançagy döwletiň derejeler baradaky ýörite kanuny esasynda kadalaşdyrylypdyr.

Wizantiýanyň jemgyýetçilik-syýasy durmuşynda imperatoryň şahsyýeti ägirt uly ähmiýete eýe bolup, onuň şahsyeti mukaddesleşdirilipdir. Imperator barada «ol Hudaýdan pesdedir, ýöne şol bir wagtyň özünde Hudaýyň yzyna yzyna eýerýändir» diýlip aýdylypdyr. Bu döwürde köşk durmuşynyň

çylşyrymly *rituallary*[1] işlenilip düzülipdir. Aýratyn hem imperatoryň çykyşy adatdan daşary dabaralara beslenipdir. Imperatoryň ýokary wezipeli ruhanylaryň, döwlet emeldarlarynyň gatnaşmagynda halk bilen geçirýän dowamly duşuşyklarynda aýlaw ajaýyp görnüşlerde bezelýär eken. Haçan-da imperator buthana ybadat etmäge ugrunda, bütin köşk ýygnanypdyr, onuň geçýän ýoluna güller düşelipdir, gül suwy pürkülipdir, ýakymly ysly otlar tütedilipdir. Raýatlar imperatora ýüzlenenlerinde ýüzinligine ýykylypdyrlar, onuň aýaklaryny öpüpdirler, heýkellerine edil hudaýa hormat edilişi ýaly tagzym edilipdir. Şeýlelik bilen Makedon nesilşalygynyň döwründe baý däp-dessurly, inçe ritually köşk durmuşy gutarnykly kemala gelýär.

**IX asyryň ikinji ýarymynda – XI asyryň ortalarynda Wizantiýanyň daşary syýasaty.** Makedonlaryň nesilşalygyny esaslandyryjy Wasiliý I imperiýanyň daşary syýasy ýagdaýny wagtlaýynça berkitmegi başarýar. Emma ol ölenden soň araplar we bolgarlar Wizantiýany ýene-de gysaja salyp ugraýarlar. IX asyryň ahyrynda-X asyryň başynda araplar bütin Sisiliýany diýen ýaly eýeleýärler we Italiýa howp salyp başlaýarlar. Araplar Kipr adasyny hem eýeleýärler, Krit adasy bolsa arap garakçylarynyň mesgenine öwrülýär. Wizantia Bolgaria bilen alnyp barylan uruşlarda-da ýeňlişe sezewar bolýardy.

Daşary syýasy ugurlarda imperiýanyň şowsuzlyklarynyň çuňňur sebäpleri bardy. Jemgyýetiň feodallaşmagy bilen stratiotlaryň goşunlary indi ýok diýen ýalydy. Feodal atly goşuny entäk goşunyň esasy güýjüne öwrülip ýetişmändi, hakyna tutma goşunlar bolsa ýeterlik mukdarda däldi. Ýöne X asyryň ortalaryndan Wizantiýanyň halkara ýagdaýy berkäp ugrady. Sebäbi ykdysady ösüşiň we işjeň halkara söwda gatnaşyklarynyň netijesinde Wizantiýa ep-esli pul serişdelerini toplap bilipdi. Toplanylan serişdeleriň hasabyna hökümet

[1] *Ritual* (latyn. däp-dessur), haýsy hem bolsa bir dessuryň berjaý edilmeginiň adatça işlenilen hem-de bellenilen tertibi.

hakyna tutma goşunlaryň sanyny artdyrypdyr, olara ýer paýyny beripdir, deňiz goşunlaryny berkidipdir, uly goranyş berkitmelerini gurdurypdyr. Bu döwürde Wizantiýnyň esasy garşydaşy bolan Bagdat halyflygy hem gowşap, birnäçe özbaşdak, ýarym özbaşdak emirliklere dargady, bu bolsa araplaryň harby kuwwatyny ep-esli pese düşüripdir.

Wizantiýa Krit adasyny, Kiçi Aziýanyň bir bölegini we Siriýanyň köp ýerlerini, Ýokary Mesopotamiýany araplaryň elinden alýar. Wizantiýa döwletiniň serhetleri ýene-de gündogarda Tigriň we Ýewfratyň kenaryna çenli baryp ýetipdir. Wizantiýa Ermenistana hem-de Gruziýa öz täsirini ýaýratmak başardypdyr. Emma Balkan ýarym adasynda Wizantiýa imperiýasy Bolgar patyşalygyndan ençeme ýola agyr ýeňlişe sezewar bolýar.

Bolgarlar türki kowumlardan bolup, olar Dunaýyň aşak akymynda mesgen tutupdyrlar. Olar günorta slawýanlaryň arasynda ýaşamak bilen ýerli halka öz atlaryny beripdirler, ýöne soňra dillerini ýitirip slawýanlaşypdyrlar. VIII asyryň ahyrynda – IX asyryň başynda bolgarlar Balkanlardan geçýärler we birnäçe gezek Konstantinopola ýakynlaşypdyrlar. 811-nji ýylda imperator Nikifor Foka goşunlary bilen bolgarlaryň ýurduna çozup girýär, ýöne wizantiýalylar gabawa düşüp barysy gyrylýar. Söweşde imperatoryň özi hem heläk bolupdyr.

Bu ýeňlişden soň wizantiýalylar köp eglişiklere gitmäge mejbur bolupdyrlar. Konstantinipolyň ýerleşen ýerinden we Egeý deňziniň demirgazyk kenaryndaky zolakdan galan ýerleriň barysy bolgarlaryň eline geçipdir. Wizantiýa köşgünde daşary ýurtly ilçiler kabul edilende iň hormatly ýer bolgar hanynyň ilçisine berlipdir. Diňe X asyryň ikinji ýarymynda Bolgar patyşalygynyň gowşamagy bilen Wizantiýa onuň garşysyna okgunly hüjüme geçýär. Imperator Wasiliý II (976-1025) bolgarlar bilen alnyp barlan uruşlarda Birinji Bolgar patyşalygyny ýok edipdir we rehimsizligi üçin «Bolgaraboýsa» («Bolgarlary gyryjy») lakamyna eýe bolupdyr.

IX-X asyrlarda Wizantiýanyň gündogar slawýanlar bilen ykdysady, syýasy we medeni gatnaşyklary barha giňäpdir. IX asyryň birinji ýarymynda Baltika deňzi taraplardan skandinawlaryň (Günbatarda olary *normanlar* diýip atlandyrýardylar) ýa-da olary slawýanlaryň, grekleriň atlandyryşy ýaly, warýaglaryň çozuşlary başlanypdyr. Warýaglaryň özleri garakçylar hem-de söwdagärler bolup Warýag (Baltika) deňzinden günortalygyna süýşüpdirler. Olar özleriniň çalt ýüzýän gaýyklary bilen Newanyň aşak akymyndan başlap, Dnepriň aşak akymyna çenli baryp ýetipdirler. Warýaglar Dnepr derýasynyň boýlarynda mesgen tutup, bu ýerdäki slawýan taýpalaryny özlerine tabyn edipdirler we Kiýew Rusy diýlip atlandyrylan döwleti döredipdirler.

860-nji ýylda kiýewli ruslar deňizden ýüzüp geçip, Konstantinopoly deňizden hem-de gury ýerden gabapdyrlar. Taraplaryň arasyndaky çaknyşyklar parahatçylykly şertnama bilen tamamlanypdyr. Şundan soň wizantiýa-rus gatnaşyklary yzygider alnyp barylýar. Emma IX-X asyrlaryň sepgidinde gatnaşyklar gaýtadan ýitileşýär. 907-nji ýylyň tomsunda Kiýew knýazy Olegiň baştutanlygyndaky rus goşunlary ýene-de Bosforda peýda bolýarlar. Bu gezek ruslar gury ýerden hem-de deňiz üsti bilen goşun çekip gelipdirler. Rus goşunlary Konstantinopolyň eteklerini talap, köp olja alypdyrlar. 911-nji ýylda ruslar grekleri özleri üçin bähbitli peýdaly söwda şertnamasyny baglaşmaga mejbur edipdirler. Şundan soň rus täjirleri Konstantinopolda öz harytlary bilen gümrüksiz söwda etmäge hukuk alýarlar. Rus täjirleri Wizantiýanyň bazarlaryna sütükli deri, mis we mum, gullary getirýärdiler. Wizantiýadan ýüpek matalary, çakyr, Günorta ýurtlarynda ýetişdirilýän miwe önümleriniň dürli görnüslerini we hoşboý ysly otlary äkidipdirler. X asyrda rus täjirleriniň gämileri bogazlaryň üsti bilen Orta ýer deňzine geçip ugrapdyr we Siriýa, Rim, Ispaniýa bilen söwda edipdir. Şeýlelikde, taryhy çeşmelerde aýdylýan

«Waryagdan greklere baryan beyik söwda ýoly» doly derejede özleşdirilipdir.

941-nji ýylda knýaz Igor Wizantiýanyň üstüne täze ýöriş geçirýär. Ruslaryň deňiz goşunlary Bosforyň boýlaryny, Nikomidiýany we Paflagoniýany tozdurypdyrlar, ýöne olar Konstantinopolyň eteginde derbi-dagyn edilipdir. Bu wakadan üç ýyl geçenden soň Igoryň goşunlary gury ýerden ýene-de Dunaýa çykypdyrlar we Wizantiýa Kiýew Rusy bilen söwda gatnaşyklaryny dowam etdirmäge mejbur bolýar. Şeýlelik bilen, Wizantiýa Kiýew Rusuny çynlakaý ykrar etmeli bolupdyr. Onuň bilen ýaran bolmaklyk Wizantiýa üçin hem zerur bolupdyr, çünki imperiýa ruslary Bolgariýa bilen göreşde peýdalanypdyr. Ruslardan düzülen goşun bölümi Wizantiýa imperatorynyň köşk goragçylar gullugynda durupdyr.

Kiýew knýazy Swýatoslaw hem wizantiýa-bolgar göreşlerine gatyşypdyr we Balkanlara garşy iki gezek ýöriş geçiripdir. 969-njy we 970-nji ýyllarda ol bolgarlar bilen ýaranlyk baglaşyp, Demirgazyk Frakiýany tozdurypdyr, emma 971-nji ýylda imperator Ioann I Simishiý Swýatoslawy Bolgariýadan kowup çykarýar we ony yzyna Dnepr boýlaryna yza çekilmäge mejbur edýär. Şol ýerde hem rus knýazy peçenegleriň elinden heläk bolupdyr.

Kiçi aziýaly begzadalar Wasiliý II-ä garşy topalaň turzanlarynda knýaz Wladimir oňa ýaragly kömek ugradypdyr. Beren kömeginiň deregine bolsa kiýewli knýaz Wasiliý II-den gyzy Annany özüne gelin edip bermegini sorapdyr. Rus goşunlary Wasiliý II-ä topalaňy basyp ýatyrmaga kömek edipdirler, emma imperator wadasynda tapylmaga howlukmandyr.Şonuň üçin hem Wladimir Herson şäherini basyp alýar we diňe wadasyny ýerine ýetirenden soň imperatora şäheri gaýtaryp berýär. 988-nji ýylda Wladimir imperator Wasiliý II-niň gyzy Anna öýlenipdir. Şol ýyl knýaz Wladimir öz halky bilen bilelikde grek ruhanylarynyň elinden hristiançylygy kabul edip alýar. Kiýew Rusunyň hristiançylygy

kabul etmegi Wizantiýanyň uly üstünligi boldy. Rus buthanasy Konstantinopol buthanasyna tabyn bolup galýar. Kiýew mitropoliti[1] Konstantinopol patriarhy tarapyndan tassyklanylypdyr. Öz täsirini güýçlendirmek maksady bilen Wizantiýadan Kiýewe gelip çykyşy boýunça esasan bolgarlardan bolan ruhanylaryň birnäçesi iberipdirler. Ybadat dili hökmünde bolgar dili ykrar edilipdir. Sebäbi bolgar dilinde eýýäm buthana kitaplary bar eken. Şeýlelik bilen günorta we günbatar slawýanlar üçin hat-ýazuw döreden Kirilliň we Mefodiniň işinden gündogar slawýanlar hem peýdalanypdyrlar.

Hristiançylyk kabul edilenden soň kiýew knýazy Wizantiýanyň esasy ýaranyna öwrülýär, ol ençeme gezek imperatora kömek üçin goşunlary iberip durupdyr. Ruslaryň Wizantiýanyň üstüne iň soňky ýörişi 1043-nji ýylda rus täjirleriniň bähbitlerini goramak maksady bilen geçirilýär. Ýörişiň netijesinde ruslar Konstantinopoly gabapdyrlar, emma olaryň deňiz goşunlary gaý-tupanda heläk bolýar. Ýörişiň täzeden gaýtalanmak howpy wizantiýalylary meseläniň parahatçylykly çözgüdini gözlemäge mejbur edipdir. Şonuň üçin hem 1047-nji ýylda rus goşunlary eýýäm Konstantin IX Monomaha (1042-1055) begzadalaryň topalaňlaryny basyp ýatyrmaga ýardam edipdir. Wizantiýa bilen Kiýew Rusunyň arasynda baglaşylan täze şertnama Ýaroslaw Paýhaslynyň ogly Wsewolodyň imperator Konstantin IX Monomahyň gyzyna öýlenmegi bilen berkidilipdir.



Konstantin IX Monomah

XI asyryň birinji ýarymynda Wizantiýada daşary syýasatdaky öňegidişlikler bilen bir hatarda, orta asyr gatnaşyklary hem çalt depginler bilen ösýärdi. Wasiliý II-den

[1] *Mitropolit* ( grek.) – prowoslaw hem katolik ýepiskoplarynyň ýokary ady.

soň hökümdarlyk eden imperatorlar gulluk üçin uly ýer paýyny sylag berip başlapdyrlar. Şeýle ýerleri *proniýa* diýip atlandyrýardylar. Proniýalary goşun gullugy üçin şol ýerde ýaşaýan adamlary bilen bilelikde ömürlik ulanmaga berýärdiler. Proniýalaryň eýeleri (*pronion*) harby gullugy ýerine ýetirmäge we onuň tabynlygyna geçen daýhanlar üçin döwletiň peýdasyna salgyt tölemäge borçly edilipdir. Döwlet proniýalar üçin daýhanlaryň jemagat ýerlerini eýelemäge rugsat beripdir. Netijede, daýhanlar özleri üçin zerur bolan ätiýaçlyk ýerlerinden mahrum edilipdir we olar hem proniýonlar üçin önüm salgydyny tölemäge we zähmet borçlaryny ýerine ýetirmäge mejbur edilipdir. Bu döwürde iri begzadalar gatlagynyň we dinatlaryň sany görnetin köpelipdir. Dinatlaryň kuwwaty has hem artypdyr Komninlar, Angeller, Paleologlar, Monomahlar, Kantakuzinler ýaly tanymal magnat maşgalalary peýda bolýar. Monastyrlara degişli mülkleriň hem sany görnetin köpelipdir.

XI asyryň ortalarynda imperiýa goranyşa geçmäge mejbur bolýar. Wasiliý II ölenden 40 ýyl soň, Wizantiýa ençeme agyr ýeňlişlere sezewar bolýar we öz golastyndaky ýerleriniň ýarysyndan hem köprägini elden giderýär. Demirgazyk fransiýaly normanlar Sisiliýada ornaşýarlar we bu ýerlerden araplary kowup çykarypdyrlar. Wizantiýalylary Günorta Italiýadan hem gysyp çykarýarlar. Imperiýanyň demirgazyk araçäklerinde peçenekler peýda bolýarlar we 1043-nji ýylda imperator Konstantin IX-nyň goşunlaryny derbi-dagyn edip, Wizantiýany ägirt uly paç tölemäge mejbur edýärler.

1057-nji ýylda Kiçi Aziýaly harby begzadalar tagta Isaak Komnini çykarypdyrlar, ýöne ol hem ýagdaýy düzedip bilmändir. Gündogarda güýçli garşydaş – seljuk türkmenleri peýda bolýarlar. Seljuklar Bagdady eýeläp, Siriýa, Mesopotamiýa, Kiçi Aziýa, Ermenistana tarap öňe süýşüpdirler. 1071-nji ýylyň awgustynda Ermenistanyň

Mansikert (Malazgirt) şäheriniň ýanynda iki güne çeken söweşde seljuk soltany Alp-Arslan wizantiýa imperatory Roman IV Diogeniň bäş esse agdyklyk edýän goşunlaryny agyr ýeňlişe sezewar edýär. Imperator türkmenlere ýesir düşýär. Seljuk türkmenler Kiçi Aziýanyň Gündogarynda we Merkezinde aňsatlyk bilen ornaşypdyrlar. Wizantiýanyň daýhanlarynyň bir bölegi musulmanlar, beýleki bölegi bolsa ýeretikler bolandyklary üçin seljukly hökümdarlarynyň häkimiýetini kanagatlanma bilen ykrar edipdirler, çünki Kiçi Aziýanyň täze hojaýynlary bolan türkmenler olary jan başyna salynýan salgytdan boşadypdyrlar.

1071-nji ýylda normanlar Wizantiýanyň Italiýadaky iň soňky şäheri Barini eýeleýärler. Bu ýeňlişlerden soň Wizantiýada häkimiýet ugrundaky göreşler täzeden başlaýar. Bu göreşler 1081-nji ýylda harby ekerançylyk begzada toparlarynyň ýeňşi bilen tamamlanýar we häkimiýete täze nesilşalygyň wekili Alekseý I Komnin (1081-1118) gelýär.

Bu döwürler Wizantiýanyň Rimdäki papa häkimiýeti bilen özara gatnaşyklary juda dartgynly ýagdaýa eýe bolupdyr. Rim papasy bilen Konstantinopol patriarhynyň arasyndaky hristian dünýäsinde agalyk ugrunda göreşler kä tutaşyp, käte bolsa peselip, ençeme asyrlar dowam edipdir. Konstantinopol bilen Rimiň arasyndaky dartgynly gatnaşyklar barha ýitileşip, 1054-nji ýylda hristian buthanasynyň gutarnykly derejede günbatar (latyn dilinde ybadat edilýän katolikçi) we gündogar (ene dillerinde ybadat edilýän prawoslaw) buthanalara bölünmegine getirýär. Hristian buthanasynyň bölünmegi, Wizantiýanyň Günbatar Ýewropa bilen aýratyn hem haçly ýörüşler wagtynda aýdyň ýüze çykan duşmançylykly gatnaşyklaryny çuňlaşdyrypdyr.

## § 7. Gündogar slawýanlar

**Gündogar slawýanlar VIII-IX asyrlarda.** Slawýanlaryň ata-babalary ir döwürlerden başlap Merkezi we Gündogar Ýewropada ýaşapdyrlar. Slawýanlaryň Odra, Wisla we Dnepr derýalarynyň boýlarynda ýaşan ata-babalaryny praslawýanlar diýip atlandyrmak kabul edilendir. Ol döwürlerde slawýanlar häzirkilerinden az ýerlerde ýaşapdyrlar. VI asyrda slawýan umumylygyndan onuň gündogar bölegi (häzirki ruslaryň, beloruslaryň we ukrainleriň ata-babalary) bölünip aýrylýar. Takmynan şol döwürler slawýan taýpalarynyň iri birleşmeleri hem peýda bolýar.

Kiýewiň töwereklerinde, Dnepriň sag kenarynda - polýanlar, Dnepriň we Günbatar Dwinanyň ýokary akymlarynda - kriwiçler, Pripýatyň kenarlarynda – drewlýanlar ýaşapdyrlar. Dnestrde, Prutda, Dnepriň aşak akymlarynda we Gara deňziň demirgazyk kenarlarynda ugliçler we tiwersler, Ukrainanyň häzirki günbatar welaýatlarynyň ýerinde wolynlylar, ondan has demirgazykda – Pripýatdan Günbatar Dwina çenli aralykda – dregowiçler, Dnepriň çep kenarynda we Desnanyň ugrunda – sewerýanlar, Dnepriň gollarynyň biri bolan Sož derýasynyň boýunda - radimiçler, Ilmen kölüniň daş-töwereklerinde bolsa ilmen slawýanlary ýa-da slowenler mesgen tutupdyrlar. Gündogar slawýan taýpalarynyň arasynda polýanlar has amatly geografiki giňişliklerde ýaşapdyrlar we şol sebäpden hem ykdysady ösüşiniň derejesi boýunça beýleki taýpalardan has tapawutlanypdyrlar. Hut şolaryň ýaşaýan ýerleri hem Rus diýlip atlandyrylyp başlapdyr. Alymlar bu ady Dnepriň gollarynyň biri bolan Ros derýasynyň ady bilen baglanyşdyrýarlar. Gündogar slawýanlar bilen goňşuçylykda baltikaýaka halklary (demirgazykda),

polýaklar, çehler (günbatarda), peçenekler, hazarlar (günortada), wolga bulgarlary we mordwa, mari, murom ýaly köp sanly fin-ugor halklary (gündogarda) ýaşapdyrlar.

Gündogar slawýanlaryň esasy meşgullanýan kärleri ekerançylyk bolupdyr. Olar dänelik ekinlerden bugdaý, arpa, çowdary, süle, gök we bakja ekinlerinden sogan, şalgam, kelem, käşir, şugundyr, turp, tehniki ekinlerden bolsa zygyr we kenep ösdürip ýetişdiripdirler. Slawýan taýpalarynda ekerançylyk pudagyny ýöretmegiň esasan iki usuly ulanylypdyr. Tokaýlyklar bilen örtülen demirgazyk ýerlerde agaçlary çapyp ýa-da tokay otlap ekin ýerlerini açypdyrlar. Birinji ýyl tokaýlaryň agaçlaryny çapypdyrlar we çapylan agaçlary şol ýerde-de galdyrypdyrlar. Gyşda agaçlar gurandan soň indiki ýyl olary töňňeleri bilen bilelikde otlapdyrlar we kül bilen gurplanan topraga ekin ekipdirler. Şeýle usul bilen ýöredilýän ekerançylyk pudagy iki-üç ýyllap bol hasyl beripdir. Ýer arryklanyndan soň ýaňky ýaly usul bilen täze ýerleri açypdyrlar.

Tokaýly zolakda esasy zähmet gurallary bolup palta, dyrmyk, kätmen we dişli-mala hyzmat edipdir. Ýetişdirilen hasyly orak bilen orupdyrlar we alnan dänäni degirmende we sokylarda üwäpdirler. Gündogar slawýanlaryň ýaşan günorta etraplarynda açyk meýdanlar köp bolupdyr. Şonuň üçin hem bu ýerlerde ekin meýdanlaryny ulanmagyň «perelog» usuly giň ýaýrapdyr. Mes toprakly ýerleriň köplügi üçin daýhanlar bir ýere binäçe ýyllap, tä ýer arryklaýança yzygider ekin ekipdirler. Soňra arryklan ýere dynç beripdirler we soňra ýene şol ýere gaýdyp gelipdirler. Ýeri başda agaç künde, soňra bolsa demir azal bilen agdarypdyrlar. Demir azallarynyň ulanylyp başlanmagy sürüm ýerlerini has giňeltmäge mümkinçilik beripdir. Slawýanlara iki

meýdanly we üç meýdanly ekerançylyk hem tanyş bolupdyr. Iki meýdanly ekerançylykda sürüm ýerlerini ikä bölüpdirler we onuň bir bölegine bugdaý ekipdirler, ýeriň beýleki bölegi bolsa dynç alypdyr. Üç meýdanly ekin dolanyşygynda dynç alýan we güýzde ekin ekilýän güýzlük ýerden başga-da, ýazda ekin ekilýän ýazlyk ýeri hem bolupdyr. Emma ekerançylygyň bu usuly diňe ekin ýerleriniň köp ýeri bolan günortada giň ýaýrapdyr, demirgazykda ýerleriň ýeterlik bolmandygy sebäpli bu usul ulanylmandyr.

Slawýanlar maldarçylyk bilen hem meşgullanypdyrlar. Olar doňuzlary, sygyrlary, goýunlary we geçileri köpeldipdirler. Iş maly hökmünde günortada öküzleri, demirgazykda bolsa atlary peýdalanypdyrlar. Ekerançylyk, maldarçylyk bilen bir hatarda slawýanlar awçylyk, balykçylyk we ýabany arylaryň balyny ýygnamaklyk bilen hem meşgullanypdyrlar.

**Slawýanlarda urug gurluşynyň dargamagy.** VII-VIII asyrlarda Gündogar slawýanlarda urug gurluşynyň dargamagyna zähmet bölünişigi ýa-da başgaça aýdylanda – senetçiligiň ekerançylykdan bölünip aýrylmagy uly itergi beripdir. Zähmet bölünişiginiň jemagatyň içine aralaşmagy aýry-aýry maşgalalara özbaşdak hojalyk ýöretmäge, önüm öndürmäge we öz öndüren önümini özbaşdak ýerlemäge mümkinçilik berýär. Şunuň netijesinde senetçilik şäherlerde jemlenip ugraýar. Şeýlelikde VIII-IX asyrlarda gündogar slawýanlarda senetçilik ekerançylykdan doly bölünip aýrylýar. Şu döwürlerde senetçiligiň täze ugurlary – demirçilik, metal guýujylyk, zergärçilik, külalçylyk peýda bolýar. Senetçiler adatça harby berkitmelerden hünärmentçiligiň we söwdanyň merkezlerine öwrülen *gradlarda* (şäher) ýa-da *pogostlarda* (şäherçe) jemlenipdirler. Şol bir

wagtyň özünde şäherler goranyşyň hem-de häkimiýetiň merkezleri hem bolup hyzmat edipdir.

Şäherler esasan iki derýanyň birikýän ýerinde ýa-da töweregindäki ýerlerden ep-esli ýokarda saýlanyp duran baýyrlaryň depesinde gurlupdyr. Seňňer hem-de gala diwarlary bilen daşy gurşalan şäher merkezi *kreml* ýa-da *detines* diýlip atlandyrylypdyr. Däp bolşy ýaly, kremliň daşy suw bilen gurşalyp, munuň üçin çuň garym gazylypdyr. Kremliň gapdalynda senetçileriň ýaşaýan ýeri – *sloboda* ýerleşipdir. Şäheriň bu bölegini *posad* diýip atlandyrypdyrlar. Kähalatlarda posadyň daşyna hem gala diwarlary aýlanylypdyr.

Gadymy şäherler möhüm söwda ýollarynyň ugrunda ýa-da olaryň kesişýän ýerlerinde peýda bolupdyrlar. Şol ýollaryň biri-de «warýagdan greklere gidýän ýol» bolupdyr. Newanyň ýa-da Günbatar Dwinanyň we Wolhowyň gollarynyň üsti bilen gämiler Dnepriň suwlaryna ýetipdirler.Bir derýadan beýleki bir derýa gämileri süýräp geçiripdirler. Dnepre düşenlerinden soň gämiler Gara deňze ýetip, aňyrlygyna Wizantiýa tarap ugrapdyrlar. Şu ýoluň ugrunda soňra Nowgorod, Poltawa we Kiýew ýaly iri şäherler döräpdirler. Şäherleriň soňkusy tiz wagtdan Kiýew Rusunyň paýtagtyna öwrülýär. VII-IX asyrlarda Çernigow, Smolensk, Ladoga, Beloozero, Rostow, Pskow ýaly şäherler hem ýüze çykypdyr.

Gadymy Rus döwletiniň döremeginiň öňisyrasy gündogar slawýanlarda üç sany iri taýpa bileleşigi bolupdyr: Kuýaba, Slawiýa we Ortaniýa. Kuýaba (ýa-da Kuýawa) diýip Kiýewiň töwregindäki ýerler atlandyrylypdyr we bu ýerlerde polýanlar ýaşapdyrlar. Slawiýa öz düzümine Ilmen kölüniň töweregindäki ýerleri alyp, Nowgorod onuň merkezi bolupdyr. Mälim bolşy

ýaly, bu toprakda slowenler ýaşaýardylar. Ortaniýanyň ilaty bolsa wýatiçlerden durýardy.

Rusda orta asyr gatnaşyklarynyň kemala gelmegi birnäçe tapgyrlarda bolup geçýär. Şol döwürleriň birinjisi IX-X asyrlaryň sepgidinde başlap, rus taryhynda ol «*oknýaženiýe*» (knýazlyklaryň hökümdarlygy) diýlip atlandyrylýar. Bu döwürde *knýaz*[1] mülkleriniň döremegi çalt depginlerde dowam edýär. Şeýle ýer eýeçiligi beýik knýazyň hökümdarlygyna tabyn edilen knýazlyklarda hem döreýär. Knýazlar öz tabynlygklaryndaky ýerleri öz družinaçylaryna gulluk ýerleri edip paýlap beryärdiler.

«Öten ýyllaryň hekaýaty» (XII asyr) atly ýyl ýazgysynyň beýäň maglumatlaryna görä, rus knýazlarynyň dinastiýasy öz gözbaşyny 859-njy ýylda Nowgoroddan alyp gaýdýar. Şol ýyl warýaglara (Skandibawiýanyň ýaşaýjylaryny we olaryň rus knýazlarynyň goşunynda gulluk edenlerini Rusda şeýle atlandyrypdyrlar) salgyt tölän demirgazyk slawýan taýpalary olary öz ýurtlaryndan çykaryp kowupdyrlar. Bu wakadan soň Nowgoradda özara uruşlar başlaýar. Özara dawa-jenjelleriň we uruşlaryň öňuni almak üçin nowgorodlylar araçy hökmünde warýag knýazlaryny çagyrypdyrlar. 862-nji ýylda Ladoga kölüniň töwrekelerinde mesgen tutan warýag knýazy Rýurik nowgorodlylaryň çakylygy boýunça gelýär we ol häkimiýeti öz eline alýar. Şu wagtdan tä XVI asyryň ahyryna çenli dowam eden Rýurikleriň dinastiýasynyň häkimiýeti başlaýar.


Rýurik

[1] Slawýanlaryň knýazlyklary türkmenleriň orta asyr beglikleri, ýewropalylaryň bolsa gersoglyklary we graflyklary ýaly bir zat.

Gadymy rus döwletiniň dören senesi hökmünde 882-nji ýyl kabul edilendir. Şol ýyl Rýurik ölenden soň Nowgorodda häkimiýet başyna gelen Oleg Kiýewe ýöriş geçirip, bu ýeriň hökümdarlary Diri we Askoldy öldürýär we bu ýerleri hem öz döwletiniň düzümine goşýar. Döwletiň paýtagty Kiýew şäherine geçirilýär, şol sebäpden hem gadymy rus döwletini Kiýew Rusy diýip atlandyrypdyrlar.

Döwletiň başynda beýik knýaz durupdyr. Ol beýleki knýazlardan we öz nökerlerinden – družinaçylaryndan düzülen maslahatyň kömegi bilen dolandyryşy amala aşyrypdyr. Bu maslahat giçki döwürde boýarlar dumasyna (maslahat) öwrülipdir.

Beýik knýazyň nökerleri uly (*boýarlar, mužlar*[1]) we kiçi (*gridler, otroklar*[2]) družinalara bölünipdir. Salgytlary ýygnamaklyk we kazyýet ýygymlaryny toplamaklyk, adatça uly družinalar tarapyndan amala aşyrylypdyr. Onuň wekillerine knýaz ilatdan salgyt ýygnamaga hukuk beripdir. Wagtyň geçmegi bilen družinaçylaryň köpüsi feudal ýer eýelerine öwrülipdirler. Olar özbaşdak hojalyk ýöredipdirler we ykdysady we harby taýdan kem-kemden güýçlenip, soňa-baka beýik knýazyň özüne garşy durmagy başarypdyrlar.

Şäherleri knýazlaryň harby emeldarlary bolan *posadnikler* – dikmeler tarapyndan dolandyrylypdyr. Knýazyň harby emeldarlary müňbaşy (*tysýaçnik*), ýüzbaşy (*sotnik*) harby derejelerini göteripdirler. Bu derejeler gündogar slawýanlara türki halklaryndan geçipdir we olar müňlüklere, ýüzlüklere baştutanlyk etmeklik bilen bir hatarda, şol bir wagtyň özünde raýat dolandyryşyny hem amala aşyrypdyrlar.

---

[1] Türkmençe «baýarlar», «hojaýynlar» we «kişiler» diýen manyda.
[2] Türkmençe «ýigdekçe», «ýetginjek» diýen manyda.

Kiýew knýazlaryň ygtyýarynda uly goşunlar bolupdyr. Onuň esasyny beýik knýaza garaşly bolan knýazlaryň, boýarlaryň goşunlary, beýik knýazyň goragynda duran družinasy tutupdyr. Aýratyn ýagdaýlarda bolsa halkdan meýletin goşunlar (*opolçeniýe* - ýygyn) hem ýygnalypdyr. Harby goşunda esasy orny atly goşun tutupdyr. Atly goşun uzak ýörüşlere gidilende, günortaly türki taýpalarynyň atly toparlaryna garşy durmakda ulanylypdyr. Gadymy Rusda gämi floty hem bolupdyr. Ol Gara deňizde we derýalarda hereketi edipdir.

Şertnamalary baglaşmak, olary ýatyrmak, uruş yglan etmek, ýaraşyk baglaşmak ýaly wezipeler beýik knýazyň ygtyýaryna degişli bolupdyr. Kiýewli knýazlar her ýylda ilatdan «*polýudýe*»[1] salgydyny ýygnapdyrlar. Wizantiýa imperatory Konstantin Bagrýanarodnyý Rus döwleti hakyndaky ýazgylarynda jan başyna salgydyny ýygnamaklygyň her ýylyň noýabr aýynda amala aşyrylandygyny belläpdir.

Feodal hojalykda köp sanly durmuş gatlaklary ulanylypdyr. Olar feodal zähmeti arkaly rehimsiz ezilipdir. Önüm öndürijileriň arasynda *smerdler*, *zakuplar*, *rýadowiçler*, *izgoýlar*, gullar, ýesirler bolupdyrlar. Olaryň umumy sanynda esasy köpçüligi smerdler düzüpdir. Smerdler – bular gadymy rus döwletinde oba jemagatynyň agzalary bolupdyrlar. Smerdiň özbaşdak hojalygy we şol sanda önümçilik üçin zerur bolan serişdelere ygtyýar edip bilmek hukugy bolupdyr. Smerdleriň hem iki sany topary bolupdyr:

1. Erkin smerdler
2. Feodal tabynlyga düşen smerdler

[1] Jan başyna salgyt.

Tozgunçylyga düşen smerdleriň hatary soňra feodal tabynlyga düşen ilatyň köp bölegininiň wekilleri bilen üsti ýetirilipdir.

IX-XI asyrlarda halk ýygnagy öz ähmiýetini ýitiripdir. Häkimiýet indi diňe beýik knýazyň elinde bolmagynda galypdyr. XI-XII asyrlarda şäherleriň ösmegi bilen hem halk ýygnagy bolan «weçeler» indi başga häsiýete eýe bolupdyr.

**Ilkinji rus knýazlarynyň içeri we daşary syýasaty.** Gadymy Rus döwletiniň esaslandyrylmagy nowgorodly knýaz Olegiň (882-912) ady bilen baglanyşyklydyr. 882-nji ýylda ol kriwiçleriň ýurduna ýöriş geçirýär we Smolenskini, soňra bolsa Lýubeçi we Kiýewi eýeleýär. Soňra ol drewlýanlaryň, sewerýanlaryň, radimiçleriň, wýatiçleriň, horwatlaryň we tiwersleriň ýerlerini öz döwletiniň düzümine birikdirýär. Ol boýun egdirilen taýpalary salgyt tölemäge mejbur edýär. Oleg hazarlar bilen uruşlary alyp barypdyr, 907-nji ýylda bolsa Konstantinopoly gabap, wizantiýa imperatoryny paç tölemäge mejbur edýär. 911-nji ýylda ol Wizantiýa bilen amatly söwda şertnamasyny baglaşmagy başarýar.

Oleg ölenden soň Igor (912-945) beýik knýazlyga göterilýär. Ol Olegiň içeri we daşary syýasatyny dowam etdirip, gündogar slawýanlaryň Dnestr bilen Dunaýyň aralygynda ýaşaýan taýpalaryny özüne tabyn edýär. 941-nji ýylda Igor Konstantinopola şowsuz ýöriş geçirýär. Ýöne 944-nji ýylyň ýörişi şowly tamamlanypdyr. Ýörişiň netijeleri boýunça grekler bilen ruslaryň arasynda şertnama baglaşylyp, Wizantiýa Igora paç tölemäge boýun bolýar. Rus knýazlarynyň arasynda ilkinji bolup Igor beçeneler (ruslar peçenegler, polowesler diýip atlandyrypdyrlar) bilen urşa giripdir. Ol ikinji gezek paç ýygnamaga synanyşandygy üçin drewlýanlar tarapyndan öldürilipdir.

Igor öldürilenden soň häkimiýet onuň aýaly Olganyň eline geçýär. Ol ärini öldüren drewlýanlardan rehimsiz öç alypdyr. Ol döwletiň düzümine girýän käbir ýerlere aýlanypdyr we drewlýanlar we nowgorodlylar babatynda salgydyň takyk ölçegini kesgitläpdir. Olga özüne tabyn ýerlerden salgyt ýygnamak üçin *stanowişalary* (düşelgeler) we *pogostlary* döredýär. Şeýdip paç ýygnamagyň täze usuly bolan «powoz» kesgitlenilýär. Belli bir möhlete çenli ýygnalan paç stanowişalara ýa-da pogostlara getirilipdir, özi hem salgyt birligi hökmünde daýhan hojalygy (azal üçin salgyt) ýa-da ojagy bolan öý (tüse salgydy) kabul edilipdir.


Igor


Olga

Olga nesilşalygynyň mülklerini möçberini ep-esli artdyrypdyr. Ol Konstantinopola gidip hristiançylygy kabul edýär. Olga ilki ogly Swýatoslaw Igorýewiçiň kämillik ýaşyna ýetmändigi, soňra bolsa onuň hemişe ýörişlerde bolýandygy üçin ýurdy özi dolandyrypdyr. 968-nji ýylda ol beçeneler tarapyndan gabalan Kiýewiň goragyna hem baştutanlyk edýär.

964-nji ýylda Kiýew Rusunda häkimiýet kämillik ýaşyna ýeten Swýatoslaw Igorýewiçiň (964-977) eline geçýär. Ol döwletiň syýasatyny düýpli uýtgedýär we onuň araçäklerini berkitmäge uly üns berýär. 964-966-njy ýyllarda Swýatoslaw wýatiçleriň ýerini hazarlaryň elinden alypdyr we öz döwletiniň düzümine goşupdyr. X asyryň 60-njy ýyllarynda Hazar hanlygyny derbi-dagyn edip, onuň paýtagty Itil şäherini eýeleýär we wolgo-kamaly bulgarlar bilen uruşlary alyp barýar. 967-nji

ýylda Swýatoslaw Wizantiýanyň imperatorynyň teklibi bilen Bolgariýa çozup girýär we Dunaý hem-de Pereýaslawes derýalarynyň deňze guýýan ýerinde ornaşýar. 971-nji ýylda bolgarlar we wengerler bilen ýaranlyk baglaşyp, ol Wizantiýa bilen urşa başlaýar. Emma bu uruş ruslar üçin şowsuz tamamlanýar we Swýatoslaw ýurduna gaýdyp gelýärkä Dnepriň boýlarynda beçeneler bilen uruşda öldürilýär.

Knýaz Swýatoslawyň ogly Wladimir kakasynyň dogany Dobrynýanyň kömegi bilen 969-njy ýylda Nowgorodyň knýazlygyna eýe bolýar. 977-nji ýylda kakasy aradan çykandan soň uly agasy Ýaropolk bilen özara uruşda üstün çykýar. Wýatiçleriň, litwalylaryň, radimiçleriň, bolgarlaryň üstüne ýörişleri geçirip, Wladimir Kiýew Rusunyň mülklerini berkidýär. Peçeneglerden goranmak üçin Wladimir birnäçe gorag seňňerlerini we galalaryny gurdurýar. Rusuň günorta çäklerini goramakda ol ýurduň demirgazygynyň ilatyny hem peýdalanypdyr. Kiýew Rusuny berkitmek we ony Ýewropanyň kuwwatly döwletleriniň hataryna goşmak maksady bilen Wladimir 988-nji ýylda hristiançylygy umumy döwlet dini diýip yglan edýär. Onuň özi hem hristiançylygy kabul edýär we tiz wagtdan Wizantiýanyň imperatorynyň uýasy Anna öýlenýär. Hristiançylygyň kabul edilmegi Rus döwletiniň ösüşine we onuň halkara at-abraýyna ägirt uly täsir edipdir. Wladimiriň knýazlyk eden ýyllary Kiýew Rusunyň ýokary göterilýän döwri bolupdyr. Emma ol ölenden soň onuň ogullarynyň arasynda özara uruşlar başlaýar.


Wladimir Swýatoslawowiç

1015-nji ýylda Wladimiriň ogullarynyň biri Swýatopolk Kiýewdäki häkimiýeti basyp alyp, özüni beýik knýaz diýip yglan edýär. Swýatopolkyň buýrugy bilen onuň üç dogany - Boris Rostowskiý, Gleb Muromskiý we Swýatoslaw Drewlýanskiý öldürilýär. Munuň üçin halk Swýatopolky «*Okaýannyý*» (Lagnaty, Nälet siňen) diýip atlandyrypdyr.

Swýatopolkuň garşysyna Wladimiriň Nowgorodda knýazlyk edýän ogly Ýaroslaw baş göterýär. Swýatopolkyň peçenegleri kömege çagyrandygy üçin Ýaroslaw hem kömek sorap warýaglara ýüz tutýar. Doganlaryň arasyndaky özara uruşlar Swýatopolkyň Polşa gaçyp gitmegi bilen tamamlanýar we ol şol ýerde-de ölýär.

1019-njy ýylda Ýaroslaw Wladimirowiç beýik knýazyň häkimiýetine eýe bolýar. Emma 1024-nji ýylda Ýaroslawyň garşysyna dogany Mstislaw Tmutarakanskiý baş göterýär. Bu özara uruşlardan soň Kiýew Rusy iki bölege bölünýär: Dneprden günbatardaky ýerler Ýaroslawyň, gündogary bolsa Mstislawyň eline geçýär. 1035-nji ýylda Mstislaw ölenden soň Ýaroslaw ýene-de Kiýew Rusunyň ýeke-täk hökümdaryna öwrülýär.

# II BAP. GÜNBATAR ÝEWROPA ÝURTLARY IRKI ORTA ASYRLAR DÖWRÜNIŇ AHYRLARYNDA

## § 1. XI asyryň ahyrlaryna çenli döwürde Günbatar Ýewropada feodalçylyk gurluşynyň esasy alamatlary

**IX-XI asyrlarda Günbatar Ýewropa ýurtlarynda orta asyr gatnaşyklarynyň kemala gelmegi.** Günbatar Ýewropanyň aglaba ýurtlarynda orta asyr gatnaşyklarynyň kemala gelmegi tamamlanýar. Käbir ýurtlarda, mysal üçin Italiýada we Fransiýada feodalçylyk gatnaşyklarynyň kemala gelmegi eýýäm X asyrda tamamlanan bolsa, Angliýada we Wizantiýada bu ýagdaý XI asyryň ahyrynda, Germaniýada bolsa has giç – XII asyryň başlarynda bolup geçdi. Orta asyr gatnaşyklarynyň berkarar bolmagy Skandinawiýa ýurtlarynda has hem haýal dowam etdi. Emma XI asyryň ahyrlarynda Günbatar Ýewropanyň ýurtlarynyň ählisinde diýen ýaly we Wizantiýada feodalçylyk önümçilik gatnaşyklary agalyk ediji ýagdaýa eýe boldy. Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň her biriniň ösüşinde özboluşly içki aýratynlyklaryň bolandygyna garamazdan, sebitiň ýurtlarynyň ähli̇si üçin hem häsiýetli umumylyklar bardy.Ýurtlaryň ählisinde ýekebara hojalyk ýöredýän ownuk daýhan ýerleri bilen utgaşdyrylýan mülk görnüşindäki iri ýer eýeçiligi agalyk edýärdi. Daýhanlaryň esasy köpçüligi ol ýa-da beýleki bir görnuşde iri ýer eýelerine tabyn edilipdi. Bu tabynlyk iri ýer eýelerine ýer salgydy bolan rentany tölemek we başga-da birnäçe salgytdyr borçlary ýerine ýetirmek arkaly ýüze çykýardy. Öňki erkin oba jemagatlary, indi bu döwre çenli tabyn jemagatlara öwrülipdiler.

Wizantiýada aýry-aýry iri feodallaryň mülkleriniň has görnükli orun eýeländiklerine garamazdan, ekerançylyk pudagynda ýere döwlet eýeçiligi we erkin we ýarym erkin daýhanlar hem uly ähmiýete eýedi. Orta asyr gatnaşyklarynyň

ýüze çykyp ugran irki döwürlerinde natural hojalyk agalyk edýärdi; senetçilik ekerançylykdan ýaňy bölünip aýrylyp ugrapdy. Günbatar Ýewropa ýurtlarynda tabyn daýhanlaryň, aýratyn hem olaryň iri mülklerde ýaşaýanlarynyň arasynda zähmet borçlary giň ýaýrapdy we hojalygy ýöretmeklik zähmet borçlaryny ulanmagyň hasabyna ýöredilýärdi. Önüm görnüşinde salgyt tölemeklik hem giň gerime eýe bolupdyr. Pul salgydy şindi gowşak ösüpdi.

Ownuk daýhan hojalygy iri feodal mülkdarlary tarapyndan ezilýändigine garamazdan, iri gul eýeçilik mülklerindäkiden has ýokary öndürijiliklidi. Umuman alanyňda, IX-XI asyrlarda Ýewropada feodalçylyk gatnaşyklarynyň kemala gelmegi, ykdysady ösüşlere we öndüriji güýçleriň ösüşinde uly öňe gidişlige getirdi. Ekerançylyk pudagyndan kem-kemden bölünip aýrylyp, öňki alyş-çalyşyň ornuna senetçilik pudagy ýüze çykýar, Günorta we Demirgazyk Ýewropada rim döwründäki şäherler hem ýuwaş-ýuwaşdan dikeldilýär, täze şäherler, söwda merkezleri, deňiz söwdasy üçin portlar peýda bolýar.

Feodal ýer eýeçiligi bilen feodalyň syýasy häkimiýetiniň arasyndaky bozulmaz arabaglanyşyk, XI asyryň ortalaryna çenli döwürde Ýewropada kemala gelen durmuş-syýasy gatnaşyklaryň häsiýetli aýratynlygy bolupdyr. Feodalyň iri mülki diňe bir hojalyk birligi bolman, eýsem ol kiçijik garaşsyz döwleti – senýoriýany ýada salýan syýasy birleşmedi. Öz mülkinde ýaşaýan ilat babatynda feodal diňe bir ýer eýesi bolman, eýsem ol ygtyýarynda kazyýet, dolandyryş, harby we syýasy häkimiýet bolan hökümdardy – senýordy. Jemgyýetiň şeýle tertipde guralmagy X-XI asyrlarda Ýewropada syýasy dagynyklygyň emele gelmegi üçin şertleri döredti.

**Feodal jemfgyýetiniň esasy gatlaklary. Daýhanlar.** XI asyrda Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň aglabasynda we Wizantiýada jemgyýet eýýäm iki sany esasy gatlaga – iri ýer eýelerine we tabyn daýhanlara bölünýärdi. Käbir ýurtlarda

(mysal üçin, Fransiýada) ilatyň esasy köpçüligi bolan tabyn daýhanlar aýratyn agyr ýagdaýda galýardylar. Olar öz senýorlaryna şahsy babatda, ýer eýeçilik gatnaşyklary we kazyýet-dolandyryş taýdan hem doly tabyndylar. Şeýle daýhanlary ýeri bilen bilelikde elden-ele geçirip bolýardy, sebäbi olar hojaýynyň doly eýeçiligindäki emläk ýaly bir zatdy. Bulardan başga-da, daýhanlar ynsanyň şahsyýetini kemsidýän birnäçe borçlary ýerine ýetirýärdiler we olar salgyt tölemäge mejbur edilýärdi, çünki borçlar we tölegler onuň şahsy taýdan hojaýyna tabyndygyna güwä geçýän esasy dessurlardy. Şeýle daýhanlaryň sanawuna, öňki gullar hem gelip goşulypdyrlar. daýhalaryň has tabyn edilen bu toparlary käbir ýurtlarda *serw* diýlip atladyrylypdyr, ýogsam antiki döwürdäkiden tapawutlylykda, olar indi gullar däldiler.

Şahsy taýdan azat daýhanlar serwlere görä birneme ýeňil şertlerde ýaşapdyrlar, emma olar hem ýer eýeçilik gatnaşyklarynda senýorlara bagly bolup galýardylar. Günbatar Ýewropada olar daýhanlaryň esasy köpçüligini tutýardylar.


Rysar

Daýhanlaryň eýleki toparlary bilen deňeşdirilende, olar öz gozganýan emläklerine, kähalatlarda bolsa, senýoryň razylygy bilen öz ýerlerine hem has erkin eýeçilik edip bilýärdiler. Emma olar hem öz senýorlaryna ýer salgydyny tölemeli bolýardylar. IX-XI asyrlarda Angliýada, Germaniýada, Fransiýanyň günortasynda, Italiýada eýeçiliginde allodlar bolan erkin daýhanlaryň uly bolmadyk topary hem bolupdyr. Olar senýora diňe kazyýet we syýasy taýdan tabyn bolup galýardylar.

**Feodallar gatlagy. Feodal (iýerarhiýasy) basgançagy.** Günbatar Ýewropa döwletlerinde feodal gatlagyň aýry-aýry wekilleriniň arasyndaky gatnaşyklar *feodal iýerarhiýasy* («basgançak») esasynda ýola goýlupdyr. Bu basgançagyň çür depesinde ähli feodallaryň ýokary senýory, olaryň süzereni – feodal iýerarhiýanyň baştutany bolan korol durýardy. Ondan aşaky basgançagy korol tarapyndan iri mülkler we giň ygtyýarlyklar berlen dünýewi hem-de dini feodallar düzýärdiler. Bular feodal jemgyýetiniň derejeli gatlaklary bolan gersoglardy, graflardy, arhiýepiskoplardy, ýepiskoplardy we uly monastyrlaryň abbatlarydy. Formal taýdan olar wassal hökmünde korolyň tabynlygyndadylar, emma iş ýüzünde bolsa korol häkimiýetine doly derejede tabyn däldiler: olaryň uruş yglan etmäge, pul zikgelemäge, kähalatlarda bolsa öz mülklerinde ýokary kanunçylygy ýöretmäge hukuklary bardy. Olaryň hem özleriniň wassallary bolup, olaryň hataryna baronlar degişli bolup, hatda olaryň hem öz mülklerinde käbir syýasy ygtyýarlyklary bolupdyr. Baronlardan aşakdaky basgançagy, feodal gatlagyň iň aşaky gatlagy hasap edilýän ownuk feodallar bolan rysarlar düzüpdirler. Feodal gatlagyň iň aşaky gatlagyny düzensoňlar, rysarlaryň hemişelik wassallary bolmandyr. IX-XI asyryň başlarynda «rysar» adalgasy öz senýorynyň peýdasyna harby gulluk edýän ýönekeý atly urşyjyny (nemesçe «*ritter*», «atly») aňladypdyr. Giçkiräk döwürde, ýagny XI-XII asyrlarda feodal gatnaşyklarynyň berkemegi bilen, rysar has giň many-mazmuna eýe bolýar we bir tarapdan ýönekeý halk bilen deňeşdirilende asylzadalygyň, beýleki bir tarapdan bolsa, dini feodallardan tapawutlylykda, harby gatlaga degişliligiň alamatyna öwrülýär. Adatça, rysarlaryň tabynlygynda feodal basgançaga girmeýän ýer paýlaryna berkidilen daýhanlar durupdyrlar. Her bir feodal özünden aşaky basgançakda duran feodalyň, eger-de, ol özünden ýer alan bolsa, onuň senýory, eger-de, özünden ýokardykadan ýer alan bolsa, onda onuň wassaly bolupdyr.

Feodal iýerarhiýasynyň aşaky başgançaklarynda duran feodallar, adat bolşy ýaly, öz senýorlarynyň süzerenlerine tabynlyk bildirmändirler. Şonuň üçin hem Günbatar Ýewropada Angliýadan beýleki ýurtlarda feodal iýerarhiýasyndaky gatnaşyklar «meniň wassalymyň wassaly – meniň wassalym däl» düşünjesi boýunça düzgünleşdirilipdir.

Dini feodallaryň arasynda hem eýeleýän dini derejelerine laýyklykda öz iýerarhiýasy (Rim papasyndan başlap tä ybadathanalaryň ýönekeý ruhanysyna çenli) bolupdyr. Olaryň köpüsi şol bir wagtyň özünde ýer eýeçilik gatnaşyklary boýunça dünýewi feodallaryň hem wassallary bolup bilipdirler.

Wassalçylyk gatnaşyklaryny üpjün edýän we onuň esasyny düzýän - feodal ýer eýeçiligi bolan *feod* ýa-da nemesçe *len* bolup, ol adatça wassala senýor tarapyndan berlipdir. Feod harby gulluk üçin berilýän ýer hökmünde diňe feodal gatlagyň wekiline berlip bilnipdir. Feodyň eýesi diňe bir oňa gönüden-göni eýeçilik edýän wassal däl, eýsem ondan ýokarda durýan senýor hem ýer eýesi hasap edilipdir. Ýere bolan hususy eýeçilik senýor bilen wassalyň arasyndaky şahsy howandarlyk we wepadarlyk baradaky özara ylalaşyga esaslanypdyr.

Feodyň wassala berilmegi, ýagny eýeçiligiň girizilmegi hem *inwestitura* diýlip atlandyrylypdyr. Munuň özi dabaraly waka bolup, şonda özünden ýokarda duran feodalyň wassallygyna geçýän feodal, köpçüligiň öňünde özüni onuň «adamy» diýip yglan edipdir. Bu dabara *ommaž* yglan etmek däbi (*hommage* – fransuz dilinde *I'homme* - adam) diýlip atlandyrylypdyr. Dabara wagty senýoryň öňünde oňa wepalylyk hakynda kasam edilipdir. Ol fransuzlarda «*fua*» (fransuzça *foi* - wepalylyk) diýlip atlandyrylypdyr.

Senýoryň peýdasyna gulluk etmek borjundan (adatça ýylyň dowamynda 40 gün) başga-da, wassal onuň garşysyna nähilidir bir hereket etmezlige, senýoryň talaby boýunça öz nökerleri bilen onuň mülküni goramaga, onuň geçirýän kazyýet ýygnaklaryna gatnaşmaga we zerurlyk ýüze çykanda pul

kömegini bermäge borçlanypdyr. Wassal senýoryň ogluna rysarlyk derejesi berlende, senýor gyzlaryny durmuşa çykaranda ýa-da ol ýesir düşende kömek etmeli hem bolupdyr. Senýor hem öz gezeginde, wassalynyň üstüne duşmanlary çozanda ýa-da ol kynçylyga sezewar bolanda kömek etmäge borçlanypdyr. Şeýle hem senýor wassalyň kämillik ýaşyna ýetmedik mirasdüşerlerine, aýalyna we gyzlaryna howandarlyk etmek borçlaryny öz üstüne alypdyr.

Wassal gatnaşyklarynyň bulaşyklygy we wassallyk borçlaryň köplenç ýagdaýlarda ýerine ýetirilmezligi zerarly döreýän oňşuksyzlyklar IX-XI asyrlarda adaty ýagdaýa öwrülipdir. Uruşlar feodallaryň arasynda döreýän jedelli çözmegiň esasy serişdesine öwrülýär. Emma XI asyryň birinji ýarymyndan başlap buthana feodallaryň arasyndaky dawa-jenjelleri peseltmäge we parahatçylygy ornaşdyrmaga çalşypdyr. Özara uruşlardan esasan daýhanlar ejir çekýärdiler, sebäbi ekerançylyk ýerleri uruşlar döwründe söweş meýdanlaryna öwrülýärdi. Daýhanlaryň obalary talaňçylyga sezewar edilip, olaryň öýleri ýandyrylypdyr.

**Feodallaryň durmuşy we endikleri.** Orta asyr gatnaşyklarynyň kemala gelýän, feodalçylyk düzgünliň berkarar edilýän döwründe feodallaryň esasy pişesi talaňçylyk bilen utgaşdyrylýan uruşlardy. Olaryň iň halaýan güýmenjeleri aw-şikar bilen atly başa-baş söweş (*turnir*) bolupdyr.

X-XI asyrlarda Ýewropada köp sanly galalar gurlupdyr. Gala feodalyň adaty öýi bolup, şol bir wagtyň özünde ol ony daşarky duşmanlaryndan, goňşy feodallardan we daýhanlar gozgalaňlaryndan goraýan berkidilen gaçybatalgasydy. Feodalyň galasy onuň syýasy, kazyýet, dolandyryş we harby häkimiýetiniň amala aşyrylýan ýeri bolup hyzmat edipdir.Galalar adatça beýik alaňyň üstünde ýa-da derýanyň uçut kenarynyň gyrasynda gurlupdyr, sebäbi şeýle galalardan bütin gözýetim gowy görnüpdir we duşmanlardan goranmak üçin amatly bolupdyr.

X asyryň ahyrlaryna çenli galalar köplenç agaçdan iki gat diň görnüşinde bina edilipdir. Onuň ikinji gatynda feodalyň özi, aşakysynda bolsa onuň nökerleri we hyzmatkärleri ýaşapdyr. Şol ýerde ýa-da kömekçi öýlerde ýaraglar, azyk önümleri, mallaryň iými we mallar saklanylypdyr.

Galalaryň daşyna seňňerler we içi suwdan doldurylan garymlar aýlanylypdyr. Takmynan XI asyryň başlaryndan galalary daşdan gurup ugraýarlar  we ol adatça iki-üç gat diwarly we atyşhanaly edilip gurulýar. Galanyň ortasynda hemişekiler ýaly feodalyň öz ýaşaýan köp gatly öýi, özboluşly erkgalajyk – «*donžon*» ýerleşipdir. Şeýle binanyň ýerzemini adatça, zyndan hökmünde ulanypdyrler we onda ýesirler, boýunegmezek wassallar saklanylypdyr. Galalary diňe uzaga çeken gabawdan soň basyp alyp bolýardy. Kuwwatly galalary gurmaga mümkinçilikleri we serişdeleri bolmadyk ownuk feodallar öz öýleriniň diwarlaryny berkidýärdiler we onuň çüňklerinde garawulhanalary gurýardylar.

X-XI asyrlarda Ýewropanyň esasy goşuny agyr ýaraglanan atly goşun bolupdyr. Her bir feodal öz senýoryna harby gulluk edip bermäge borçlydy. Şol döwürlerde rysaryň esasy ýaragy haç pisint saply gylyç we uzyn naýza bolupdyr. Ol söweş paltasy hem-de *palisa* hem ulanypdyr. Duşmandan goranmak üçin rysar galkan ulanypdyr, sowut we ýüzi ýapyk tuwalga geýipdir. XII-XIII asyrlarda rysarlaryň *latlary* hem peýda bolupdyr.

Ömrüni at üstünde geçirip, rysarlar fiziki zähmete gyýa göz bilen garapdyrlar we olar sowatsyz hem-de gödek bolandyklaryna garamazdan, mertebäni, abraýy ähli zatdan öňde goýupdyrlar. Olar dönüklige we biwepalyga ýigrenji, çalasynlygy, söweşlerde batyrlygy durmuş ýörelgesine öwrüpdirler, öz hyzmatkärleri we wassallary babatynda jomart bolmaklyga asylzadalygyň esasy alamaty hökmünde garapdyrlar. Şunuň netijesinde XII-XIII asyrlarda Ýewropada rysarlar babatynda ezilenleriň hem-de ejizleriň howandary

hakyndaky gürrüňler giňden ýaýrapdyr we rysarçylygyň özboluşly ýörelgeleri kemala gelipdir.

**Daýhanlaryň ýaşaýyş durmuşy.** XI asyra çenli daýhanlar harby gullukdan doly çetleşdirilipdir we munuň özi hukuksyzlygyň esasy alamatyna öwrülipdir. Daýhanlaryň paýyna bütin jemgyýeti eklemek borjy ýüklenen ýeňil bolmadyk agyr zähmet düşüpdir. Daýhanlar adatça galalaryň eteginde, merkezinde ybadathana ýerleşýän obalarda ýaşapdyrlar. Geografiki şertlere görä, obalar uly ýa-da kiçi bolupdyrlar, daglyk ýerlerde bolsa birnäçe öýlini birleşdirýän hutorlar agdyklyk edipdir. Daýhanlaryň öýleri köplenç agaçdan ýa-da daşy palçyk bilen suwalan agaç gapyrgalaryndan gurlupdyr. Ýewropanyň günortasynda daşdan edilen daýhan öýleri hem giň ýaýrapdyr. Köplenç halatlarda oba ilatynyň öýleri ýönekeý sümelgeler ýa-da ýer kümeleri bolupdyr.

Öýleriň içi ýaşamak üçin dar bolup, olarda hapaçylyk, gyşyna bolsa sowuk höküm sürüpdir. Köp öýler ojaklar arkaly ýyladylypdyr we olarda adamlar bilen bir hatarda mallary hem saklapdyrlar. Hasylsyzlyk, mallaryň gyrylmagy we açlyk daýhan durmuşynyň hemişelik hemrasy bolup galýardy. Obalarda çaga ölümi ýokary bolup galmagyny dowam etdirýärdi.

Elbetde, daýhan durmuşynyň agyr hem-de çydamsyz bolup galýandygyna garamazdan, onuň hem kökleri asyrlaryň jümmüşine uzalyp gidýän özboluşly däp-dessurlary we baýramçylyklary bardy. Bu döwürde esasy baýramçylyklar we dessurlar din bilen baglanyşykly bolup galypdyr. Roždestwoda[1], Pashada[2], Duhowa (Ruhuň) gününde[3], Troisada[4] we beýlekilerde adamlar şatlanýardylar we özleriniň

[1] Isa pygamberiň dünýä inen güni.

[2] Hristiançylygyň Isanyň direlmegi mynasybetli geçirilýän baş baýramy.

[3] Troisa baýramçylygynyň ikinji güni. Şol gün apostollaryň kalbyna keramatly ruh aralaşýar.

[4] Troisa baýramçylygy Pashadan 50 gün geçenden soň bellenilýär.

ýeňil bolmadyk durmuşlaryny ýatdan çykarmaga çalyşýardylar. Baýramçylyklarda we dürli dabaralarda adamlar aýdymlary aýdypdyrlar, tans edipdirler. Köp sanly halky dessurlary, aýdymlary, aýdyşyklary, sazlary, tanslary, nakyllary, matallary, hekaýatlary, rowaýatlary we başgalary daýhanlaryň durmuşy döredipdir. Şeýdip irki orta asyrlarda jemgyýetiň ruhy durmuşy kemala gelipdir.

Feodalyň galasy bilen daýhanlaryň obasynyň arasynda kähalatlarda dartgynly ýagdaýlaryň ýüze çykýandygyna garamazdan, umuman alanyňda ysnaşykly gatnaşyklar höküm sürüpdir. Galagoply günlerde daýhanlar feodala howandar, onuň galasyna bolsa gaçybatalga hökmünde garapdyrlar we uruşlar döwründe galanyň diwarlarynyň aňyrsynda gizlenýärdiler. Kähalatlarda oba adamlary feodalyň galasyna rysarlaryň turnirini görmäge, gezende žonglýorlaryň (darbazçy) çykyşyna tomaşa etmäge ýygnanýardylar.

Daýhanlaryň durmuşynda oba buthanasy hem uly ähmiýete eýe bolupdyr. Buthana oba adamlarynyň dini garaýyşlara ýugrulan ruhy isleglerini kanagatlandyrypdyr. Obada iň uly bina bolmak bilen buthana dürli ýygnaklaryň geçirilýän, gymmatlyklaryň saklanylýan we kähalatlarda, adamlaryň duşmandan goranmak üçin gaçyp gelýän ýeri bolup hem hyzmat edipdir.

## § 2. Fransiýa IX-XI asyrlarda

**Fransuz korollygynyň döremegi.** 843-nji ýylyň Werden şertnamasy Fransuz korollygynyň döremeginiň başyny başlady. Bu şertnama boýunça Frank döwleti Lýudowik Hudaýhonyň ogullarynyň arasynda paýlaşyldy. 855-nji ýylda Lotar ölenden soň onuň korollygy dargaýar: imperator derejesine eýe bolan uly ogly Lýudowigiň paýyna Italiýa, ikinjisi Karla – Prowans korollygyny (soňra Burgundiýa ýa-da Arelat) emele getiren Günorta-Gündogar Galliýanyň ýerleri, körpesi Lotara bolsa,

Lotaringiýa diýlip atlandyrylan Demirgazyk deňzi bilen Wogeziň arasyndaky ýerler düşüpdir. Öňki Frank döwletiniň ýerleri Karl Beýigiň nesilleriniň umumy mirasy diýlip hasaplanypdyr, şol sebäpden hem korollaryň haýsydyr biriniň aradan çykmaklygy, onuň serhetlerini kesgitlemek, wagtlaýyn birleşmek ýa-da ýerlerini täzeden paýlaşmak meselelerini döredipdir. Esasy oňşuksyzlyklar Lotaringiýanyň üstünde ýüze çykypdyr, sebäbi ol Karolingleriň asyl mülkleridi, üstesine-de bu ýerde ýerli dinastiýa kemala gelip bilmändir. 870-nji ýylda Mersen şertnamasy boýunça Karl Takyr bilen Lýudowik Nemesiň arasynda  paýlaşylan Lotaringiýa, tiz wagtdan öňki araçäklerinde dikeldilýär we birnäçe onýyllyklaryň dowamynda elden-ele geçip durupdyr, emma ahyr soňunda taýpa gersoglygy hukugy bilen Gündogar Frank döwletiniň düzümine goşulýar. Günbatar Frank döwleti, ýa-da soňra atlandyrylyşy ýaly Fransiýa bolsa 843-nji ýylyň araçägine dolanyp gelýär we şol çäklerde-de tä XIII asyryň ahyryna çenli saklanyp galýar.

Etniki babatda Fransuz korollygy çylşyrymly döwlet bolupdyr. Onuň çet günorta-günbataryndaky Gaskoniýada basklar, çet demirgazyk günbataryndaky Bretanda – keltler, demirgazygynda – Flandriýada german dilli flamandlar şaýardylar. X asyryň başlarynda Senanyň aşak akymlaryndaky ýerleri normanlar eýeleýärler. Ýurduň galan ýerleri roman dilli bolupdyr, ýöne şol ýerleri demirgazykfransuz we günortafarnsuz  ýa-da prowansal halkyýetleri eýeläpdirler. Olaryň arasyndaky şertli araçäk Puatýe-Lion ugry boýunça geçipdir.

Ýurduň syýasy durmuşynyň merkezi däp bolup gelşi ýaly demirgazyk-gündogarda ýerleşipdir. Hemişelik paýtagt şindi bolmansoň korol öz adamlary bilen bir ýerden başga bir ýere göçüp-gonup ýörüpdir. Şunda korol köplenç Landa, X asyryň ahyrlaryndan bolsa, Parižde eglenipdir. Uzakdaky welaýatlary dolandyrmak graflara (*comites*) we olaryň orunbasarlary wikontlara (*vicecomites*) ynanylypdyr. IX asyryň ortalaryna

çenli olar döwlet gullukçylary bolup galypdyrlar; seperatizme garşy göreşmek maksady bilen Karolingler nirede mülkleri ýok bolsa olary şol ýerlere dikme edip belleýärdiler, şunda olaryň ýerlerini tiz-tizden üýtgedip durýardylar, ýöne ýurduň günortasynda dolandyryşa köne begzadalary hem çekmäge mejbur bolýardylar. Emma graflar we wikontlar özlerine ynanylan ýerlerde wassallary we ýerleri edinenlerinden soň, olar korolyň erkini beýan edijilerden, giň hak-hukukly feodallara öwrülýärdiler. Fransiýanyň dürli ýerlerinde kemala gelýän feodal gurluşy we immunitetleri paýlamaklygyň giň gerime eýe bolmagy, hökümdaryň wekilleriniň ýerlerdäki hereketini kynlaşdyrypdyr we Karl Beýigiň we Lýudowik Hudaýhonyň döwründe ýüze çykan merkezleşdirilen döwletiň binýadyny gowşadypdyr. 877-nji ýylda Alp daglarynyň aňyrsyna ýörişe ugramak bilen Karl Takyr öz wassallarynyň ýörişden dolanyp gelmedikleriniň wezipesine we benefisisine olaryň ogullarynyň eýe bolup bilmekleri baradaky talaplar bilen razylaşmaga mejbur bolýar. Korolyň bu kararyny kanun esasynda tassyk eden *Kýersiý kapitulýarisi* hökümdarlar tarapyndan berilýän gulluk wezipeleriniň we emläkleriniň mirasdüşer ýagdaýa geçmeginde möhüm ähmiýete eýe bolýar. Benefisiỳleriň mirasdüşer häsiýete eýe bolmagy kem-kemden durmuşa ornaşypdyr we X asyryň ahyrynda ol feod ýaly nesilden-nesle geçýän emläge öwrülipdir.

IX asyryň ahyryndan Karolingleriň häkimiýeti nominal häsiýete eýe bolupdyr. Bu döwürde hakyky häkimiýete demirgazykfransuz feodallarynyň has täsirlilerinden, esasan hem normanlar bilen uruşlarda tapawutlanan Parižiň Robertinler urugyndan bolan graflaryň biri eýeçilik edipdir. 987-nji ýylda Karolingler dinastiýasynyň ýaşamagyny bes etmegi bilen iri magnatlar tagta hut şu urugdan bolan Gugo Kapeti[1] çykarýarlar. Gugonyň nesilleri bolan Kapetingler dinastiýasy Fransiýany tä 1848-nji ýyla çenli (XVIII asyryň

[1] Kapet – fransuzlaryň söýgüli baş gaby.

ahyrlaryndan – XIX asyryň başlarynda arakesme) dolandyrýarlar.

Karl Takyryň (877-nji ýylda aradan çykýar) mirasdüşerleriniň emelsizligi we nalajedeýinligi, wassallyk gatnaşyklarynyň bozulmagy korol häkimiýetiniň abraýynyň gaçmagyna uly täsir edipdir. Dolandyryjy dinastiýanyň çalyşmagy korol häkimiýetine ýene-de agyr zarba urýar, sebäbi köp welaýatlarda, aýratyn hem onuň günortasynda, Kapetingleriň häkimiýeti köp wagtlap ykrar edilmändir.

Ýurduň norman ilaty agdyklyk edýän gyrak-çetlerinde seperatizm has hem güýçli bolupdyr. Eýýäm X asyryň başlarynda Gaskon (soňra Giýen bilen goşuldy), Bretan, Normandiýa, Burgundiýa iş ýüzünde doly garaşsyzlygyny alýar. Bu ýerleriň aýratyn hukuk derejesi (*statusy*) olaryň hökümdarlarynyň titullarynda (gersoglar) öz beýanyny tapýar. Korolyň häkimiýetini diňe ýurduň demirgazyk-gündogarynda ykrar edipdirler, ýöne bu ýerde-de korolyň garşysyna birnäçe iri wassallar garşy durup, olaryň graf derejesini göteren iki sanysy – Flandriýanyň we Şampanyň graflary öz senýorlaryndan (koroldan) güýçli bolupdyrlar. Gugo Kapetiň we onuň mirasdüşerleri Robert Hudaýhonyň (996-1031), Genrih I-niň (1031-1060) we Filip I-niň (1060-1108) hökümdarlygy iş ýüzünde olaryň Pariž bilen Orleanyň arsyndaky uly bolmadyk domenleri bilen çäklenipdir. Ol ýerler soňra *Il-de-Frans* - «Fransiýa adasy» adyna eýe bolýar we tä XII asyryň başlaryna çenli korol häkimiýetine degişli bolan bu ýerleriň çägi üýtgemändir. Korolyň domeniniň çäginden daşarda Kapetingleriň häkimiýeti ýagdaýa göräräk ykrar edilipdir, ýagny feodal iýerarhiýanyň baştutany hökmünde wassallar üçin ýokary süzeren bolup galypdyr. Korol öz wassallarynyň arasyndaky jedelleri çözüpdir, olaryň wepat bolanlarynyň kämillik ýaşyna ýetmedik çagalaryna howandarlyk edipdir, uruşlarda serkerdelik edipdir. Galan wagtlary iri senýorlar erkin bolupdyrlar: kazylyk edipdirler, pul

zikgeläpdirler, öz peýdalaryna salgyt ýygnapdyrlar, islese goňşylary bilen urşa giripdirler, beýleki ýurtlaryň monarhlary we olaryň wassallary bilen gatnaşyklara erkin girişipdirler. Korolyň öz içki işlerine gatyşmagyna ony aýgytly garşylyk görkezipdirler we fransuz tagtyna Kapetingleri özleriniň getirendiklerini arkaýyn duýdurypdyrlar.

**Durmuş-ykdysady ösüş.** Fransiýanyň taryhynda orta asyr gatnaşyklarynyň kemala geliş döwri IX-XI asyrlara düşýär. Bu döwrüň başynda ýurtda şindi feodallaryň tabynlygyna geçmedik daýhanlar köpdi. Üstesine-de, feodallardan ýer paýyny alan daýhanlaryň hem aglabasy öz senýorlarynyň tabynlygyna dolulygyna geçmändiler we kazyýet hem-de dolandyryş babatynda erkin bolup galýardylar. Ýöne, muňa garamazdan, şahsy babatda erkinligini ýitiren daýhanlaryň, serwleriň, kolonlaryň we immunitet ýerlerinde ýaşaýan ilatyň sany hem artýardy. Dolandyryjy feodal gatlagyň kemala gelmegi hem entäk doly tamamlanmandy we ol jemgyýetiň beýleki durmuş toparlaryndan doly bölünip aýrylmandy we feodal jemgyýeti üçin häsiýetli bolan iýerarhiýa gurluşyna doly eýe bolmandy.

XI asyryň ahyryna çenli korol häkimiýetiniň gowşamynyň güýçli depginde dowam edýän şertlerinde iri senýorlar hem özleriniň giň mülklerini merkezleşdirilen usulda dolandyrmak ukyplaryny ýitiripdirler. Ýerlerde özbolușly häkimiýetsizlik ýaly bir ýagdaý döreýär; şeýle şertlerde olaryň hukuklarynyň hem-de ygtyýarlyklarynyň ep-esli bölegi ort gürpdäki senýorlaryň ýagny bir ýa-da birnäçe galalaryň eýeleriniň eline geçýär. Muny IX asyryň ikinji ýarymynda, aýratyn hem X-XI asyrlarda özara uruşlaryň giň gerime eýe bolýan we normanlaryň, araplaryň hem-de wengrleriň yzygider çozuşlary döwründe Fransiýanyň dürli ýerlerinde köp sanly gowy berkidilen galalar peýda bolýar. Günorta-Günbatar Ýewropanyň durmuşynda uly yz galdyran bu jemgyýetçilik hadysasy ýörite edebiýatda öz beýanyny tapypdyr we

*inkastellamento* (sözme-söz - «galalaşmak») adyna eýe bolupdyr. Galalaryň eýeleri bolan şatelenler töwerekdäki obalaryň ilatynyň üstünden ýuwaş-ýuwaşdan özleriniň kazyýet-dolandyryş häkimiýetlerini girizipdirler. Indi, şol etrapçanyň (okrug) ilaty degişli ýerdäki feodala şahsy taýdan ýa-da ýer paýy bilen bagly bolandygyna ýa-da bagly däldigine garamazdan, şol ýeriň feodalynyň «adamlary» hasap edilipdir. Emma bu tabynlyk öňi bilen käbir ýygymlar we hyzmatlar () bilen çäklenendigi üçin bu borçlary ýerine ýetirýän daýhanlar kem-kemden ýer salgydyny töleýän tabyn adamlaryň hataryna goşulypdyrlar. Netijede, ýer we şahsy taýdan feodala bagly bolan daýhanlar babatynda kazyýet-dolandyryş tabynlygynyň girizilmegi, olaryň beýleki raýat hukuklarynyň ýitirilmegine we feodal agalyga doly sezewar edilmeklerine getiripdir.

Şeýlelikde, XI asyryň ahyrlaryna çenli fransuz daýhanlarynyň ählisi feodallara tabyn ilata öwrülýärler. Emma, muňa garamazdan, durmuş-ykdysady we durmuş-hukuk taýdan fransuz daýhanlarynyň ýagdaýy birmeňzeş bolmandyr. Daýhanyň jemgyýetde eýeleýän orny, onuň hojaýyna tabynlygynyň derejesi, oturýan ýeriniň aýratynlygy, daýhanyň oba adamlarynyň haýsy durmuş toparyna degişliligi we başgalar Fransiýanyň dürli sebitlerinde tapawut edipdir. Ýöne ýagdaý nähili bolanda-da IX-XI asyrlarda fransuz daýhanlarynyň feodal tabynlygynyň has-da berkäpdir. Daýhanlaryň ýer eýelerine tabynlygynyň güýçlenýändigine X-XI asyrlarda ýurduň demirgazygynda bolup geçen iki sany daýhanlar gozgalaňy (997-nji ýylda Normandiýada, 1024-nji ýylda Bretanda) hem şaýatlyk edýär. Netijede, gürrüňi edilýän döwürde, Fransiýada tabyn daýhançylyk doly kemala gelýär.

## § 3. Italiýa XI asyryň ahyrlaryna çenli döwürde

**Italiýanyň syýasy dagynyklygy.** Orta asyrlarda Italiýa bitewi döwlet bolmandyr. VI-VIII asyrlarda Demirgazyk Italiýa

langibardlaryň gol astynda bolupdyr we şondan hem hem Lombardiýa ady gelip çykýar. VIII asyrdan başlap ol Karolingleriň imperiýasynyň düzümine girizilýär. Karolingler imperiýasynyň dargamagy we 855-nji ýylda Demirgazyk we Orta Italiýanyň aýratyn korollyga öwrülmegi hem ýagdaýy düzedip bilmändir: korollygyň şol wagtky paýtagty Pawiýada graflaryň biriniň başyna uly dabara bilen langobardlaryň demir täji geýdirilipdir, beýleki garflar bolsa özbaşdak hökümdarlar bolup galypdyrlar. Şonuň üçin hem bütin orta asyrlaryň dowamynda Italiýanyň täji ugrunda köpler, esasan hem keseýerli dalaşgarlar göreşipdirler.

Rim şäheri keramatly Pýotryň *Patrimoniýasy* (mülki) diýlip atlandyrylan we Orta Italiýanyň ep-esli bölegini öz içine alan Papa welaýatynyň merkezi bolupdyr. Bu döwletiň başynda rim papalary durup, olar dini hem-de dünýewi häkimiýetlere eýe bolupdyrlar we Günbatar Ýewropanyň hökümdarlarynyň başyna täç geýdiripdirler. Rawenna ekzarhaty we Italiýanyň käbir ýerleri rim papalarynyň wassallary hasap edilipdir. Häzirki döwürde Papa welaýatyndan Rim şäheriniň bir bölegini tutup oturan Watikan döwleti saklanyp galypdyr.

Günorta Italiýa hem syýasy taýdan bitewi bolmandyr. VI asyrdan başlap Apuliýa, Neapol, Sisiliýa we Sardiniýa Wizantiýanyň welaýatlary bolup gelýärdi. IX asyrda araplar Apuliýanyň bir bölegini eýeleýärler, Sisiliýada bolsa olar paýtagty Palermoda ýerleşen emirlik döredipdirler. Feodallaryň özara uruşlary we wizantiýalylaryň we araplaryň arasyndaky agalyk ugrundaky uruşlar Günorta Italiýanyň üstüne täze basybalyjylaryň çozmaklaryna sebäp bolýar. Fransiýanyň Normandiýa gersoglygynda ýaşaýan normanlar XI asyryň ortalarynda Kalabriỳanyň birnäçe welaýatlaryny, şeýle hem Sisiliýany we XI asyryň ahyrynda bolsa tutuş Günorta Italiýany eýeläp, 1130-njy ýylda Sisiliýa korollygyny döredýärler.

**Feodalçylyk gatnaşyklarynyň kemala gelmegi.** VI-VIII asyrlarda langobardlaryň döwründe Demirgazyk we Orta

Italiýada feodalçylyk gatnaşyklary kemala gelip ugraýar. Germanlaryň Italiýa çozup giren langobard taýpasy ýerli rim ilatyny gyryp ýa-da kowup çykaryp, onuň ýerlerini eýeleýärler. Däp bolşy ýaly, gelmişekler öz däp-dessurlaryny, özleriniň «*fara*» diýlip atlandyrylan urug jemagatçylyk gurluşlaryny saklap galyp, ýerli ýaşaýjylar bilen goşulyşman, aýratyn mesgen tutupdyrlar. Langobardlar boýun egdirilen italiýaly daýhanlardan, esasan hem kolonlardan, önüm görnuşinde hasylyň üçden bir bölegini salgyt hökmünde alypdyrlar.

Italiýada feodalçylyk gatnaşyklarynyň kemala gelmegine rimlileriň hususy eýeçiligi uly täsir edipdir we şonuň esasynda langobard faralary dargap, erkin daýhanlarynyň arasynda emläk we hukuk taýdan deňsizlik ýüze çykýar. Eýýän VII asyryň ahyrynda langobardlaryň ýer paýlary alloda öwrülýär we munuň özi iri ýer eýeçiliginiň döremegine giň ýol açýar. Italiýada iri ýer paýlaryna gazindler (korolyň nökerleri), graflar we korolyň özi eýe bolýar. Emma langobard jemgyýetiniň esasy köpçüligi bolan erkin daýhanlaryň garyplaşmagy güýçlenipdir, şunuň üçin hem olar özlerine baý ýer eýelerini howandar edinmäge we olaryň tabynlygyna geçmäge mejbur bolýarlardylar. Rimli gullar we kolonlar hem kem-kemden garyplaşan langobardlar bilen garyşyp Italiýada tabyn daýhanlaryň gatlagyny emele getirýärdiler.

VIII asyryň ahyrlaryndan franklaryň basybalyşlarynyň netijesinde Italiýanyň feodallaşmagy güýçlenýär we ownuk ekerançylaryň tozmagyna hem-de olaryň tabyn ýer eýelerine – *libelliýarilere* öwrülmegine sebäp bolýar. Olar ýerlere şertnama (*libella*) esasynda eýe bolup, öndüren önümleriniň dörtden bir, kähalatlarda bolsa, üçden bir bölegini feodala berýärdi we käbir zähmet borçlaryny ýerine ýetirýärdi. Mundan başga-da, ýere eýe bolmagyň prekariý, şeýle hem *emfitewzis* (önüm ýa-da pul salgydyny tölemek şerti bilen hemişelik kärendeçilige berilýän ýerler) ýaly görnüşleri hem bolupdyr.

Italiýada ýere şahsy taýdan erkin eýeçilik edýän jemgyýetçilik topary hem bolupdyr. Emma olar hukuk taýdan erkin bolsalar-da, ýeriň hakyky eýesiniň feodal bolandygy üçin, olar ýer eýesiniň peýdasyna käbir borçlary ýerine ýetiripdirler.

Günorta Italiýada we Sisiliýada jemgyýetiň feodallaşmagy haýal dowam edipdir, sebäbi bu ýerde wizantiýalylar gözbaşyny guleýeçilik gurluşyndan alyp gaýdýan köne düzgünleri saklamaga çalşypdyrlar.

**Şäherleriň ösüşi.** Italiýanyň şäherleri bütin orta asyrlaryň dowamynda ýurduň durmuş-ykdysady we syýasy ösüşiniň mazmunyny we usulyny kesgitlemek bilen uly ähmiýete eýe bolupdyrlar. Antiki şäherleriň köşkleri, ybadathanalary, gala diwarlary we minaralary, köprüleri, ýollary senetçiligiň we söwdanyň orta asyr merkezleri üçin maddy binýat bolup hyzmat edipdir. Käbir antiki şäherler hemişelik ýitipdirler, ýöne olaryň bir bölegi saklanyp galypdyr we gaýtadan ýokary göterilipdirler. Italiýada diňe orta asyrlar zamanynda dörän şäherler hem az bolmandyr. IX-XI asyrlarda Italiýada feodalçylyk esasynda döreýän şäherler Ýewropanyň beýleki ýurtlaryndan has ir peýda bolýar.

Italiýanyň şäherlerinde haryt-pul gatnaşyklary ir döwürden ösüp başlaýar. Mysal üçin, Lukkada eýýäm IX asyrda pul zikgeläpdirler we ýukajyk mawut matalaryny dokapdyrlar, Pawiýada-da IX-X asyrlarda pul zikgelenilipdir we deri eýlemek bilen meşgullanylypdyr. Lombardiýanyň Po derýasynyň boýundaky söwda ýollarynyň ugrunda ýerleşýän şäherlerinde senetçilik we söwda pajarlap ösüpdir: Milanda ýaraglary we matalary öndüripdirler, Pýaçensede ýarmarkalar yzygider açylyp durupdyr, Pawiýanyň üstünden bolsa Alp daglarynyň aňyrsyndan getirilýän harytlar geçirilýärdi.

Söwda işleri Italiýanyň port şäherlerinde hem giň gerime eýe bolupdyr; eýýäm VIII-IX asyrlarda Wenesiýa Müsür, Siriýa, balkan ýurtlary bilen söwda edipdir; X asyrda Genuýa we Piza Orta ýer deňziniň günbatar sebitindäki şäherlere haryt

ugradýardylar. Günorta Italiýanyň Amalfi we Bari portlary araçy söwdany alyp barmak bilen Wizantiýanyň bazarlaryna däne, zeýtun ýagyny, ýarag äkidýärdiler, ol ýerden bolsa öz gämileri bilen gündogar harytlaryny getirýärdiler. Italiýanyň aýry-aýry welaýatlarynyň haryt önümçiligine ýöriteleşmegi netijesinde ýuwaş-ýuwaşdan içerki söwda hem giňäpdir.

**Italýan şäherleriniň syýasy taýdan ösüşi.** Italiýanyň ýerinde köp sanly şäherleriň – syýasy merkezleriň we özara bäsleşýän hem-de uruşýan ençeme feodal mülkleriniň – gersoglyklaryň, graflyklaryň, *markizatlyklaryň* we ýepiskopçylyklaryň bolmaklygy, Italiýany kese ýerli basybalyjylaryň eýelemegi üçin amatly şertleri döredipdir. 962-nji ýylda german imperatory Otton I Rimi eýeläp, başyna imperatoryň täjini geýýär we german hem-de italýan ýerlerini öz içine alýan Rim imperiýasynyň döredilýändigini yglan edýär. Emeli usulda döredilen, ykdysady umumylygy we etniki bitewiligi bolmadyk bu syýasy birleşmäniň döredilmegi, german feodallarynyň italýan topragyna yzygider çozup durmaklaryna sebäp bolýar. Emma şäherleriň ykdysady we syýasy taýdan güýçlenmegi Italiýda feodal eden-etdiliklerine we keseýerli basybalyjylaryň çozuşlaryna gaýtawul berip biljek güýçleriň döremegine getirýär. IX asyrdan başlap italýan şäherleri öz hukuklary ugrunda senýorlara – dünýewi we dini feodallara garşy göreşe başlaýarlar. Şunuň netijesinde, XI asyrýn ahyrlarynda öz-özüni dolandyrýan şäher *kommunalary* peýda bolýar. Giçki döwürlerde olaryň köpüsi özbaşdak şäher-respublikalara öwrülýärler. Şäher-respublikalary daşary gatnaşyklar, uruş we parahatçylyk, salgyt, söwda, senetçilik bilen baglanyşykly işleri ýöredýän saýlawly geňeşler tarapyndan dolandyrylypdyr. Ykdysady we syýasy meseleleriň şäher-döwletiň eline geçmegi onuň güýçlenmegine getiripdir, şonuň üçin hem şäherler öz güýçlerini wagtlaýyn birleşdirip, daşar ýurt basybalyjylaryna aýgytly garşylyk görkezip bilipdirler. Bu döwürde iri şäher-döwletleri hökmünde Milan,

Florensiýa, Wenesiýa, Genuýa, Siýena, Lukka we Werona orta çykýarlar. Italiýanyň durmuş-ykdysady we syýasy ösüşiniň çylşyrymly şertlerine garamazdan, IX-XI asyrlarda italýan halkyýetiniň kemala gelmegi tizleşipdir.

## § 4. Germaniýa X-XI asyrlarda

**Germaniýada feodalçylyk gatnaşyklarynyň kemala gelmeginiň aýratynlyklary.** X asyryň başlaryna çenli döwürde Germaniýada orta asyr gatnaşyklary kämilleşipdir. German jemgyýeti iri ýer eýelerine we olara tabyn bolan daýhanlardan ybaratdy. Germanlaryň durmuş-ykdysady gurluşynda feodal mülki uly ähmiýete eýe bolupdyr.

Emma Germaniýada orta asyr gatnaşyklarynyň kemala gelmegi Fransiýa bilen deňeşdirilende has haýal gidýärdi. Bu ýerde feodal gatnaşyklara çekilmedik erkin jemagatçylaryň giň gatlagy entäk saklanyp galýardy. Oba jemagatynda ep-esli ekerançylyk ýerlerine eýeçilik eden orta we iri allodçylar tapawutlanýardylar we olaryň ýerleri kem-käsleýin hukuksyz adamlar tarapyndan işlenilip bejerilipdir. Emma bu allodçylar doly derejede feodal ýer eýeleri däldiler, sebäbi olaryň hojalygynda tabyn daýhanlaryň zähmertini ulanmaklyk şindi adata öwrülmändi.

Germaniýada feodalçylyk gurluşynyň doly kemala gelip ýetişmändigi, ýurduň syýasy gurluşynda-da öz beýanyny tapypdyr. Grafyň wezipesi we ýerli dolandyryş ulgamy şindi doly kemala gelmändi, köp welaýatlarda köne, esasan hem taýpalaryň kazyýet we harby guramalary saklanyp galýardy. Feodalçylyk iýerarhiýasy hem entäk doly kemala gelmändi.

X asyryň başlarynda Germaniýanyň ýerinde birnäçe taýpa gersoglyklary bolup, Reýn bilen Elbanyň we onuň şahasy Zaalyň aralygynda Saksoniýa we Türingiýa, Reýniň orta akymlarynda we Maýnyň boýlarynda Frankoniýa, Dunaý bilen Reýniň ýokary akymlarynda we onuň goşandy Nekkaryň

boýunda Şwabiýa we Dunaýyň orta akymynda Bawariýa gersoglyklary ýerleşýärdi. Gersoglar iri ýer eýelerine öwrülmek bilen öz häkimiýetlerini güýçlendirmekde taýpa serdarlaryna daýanýardylar. Bu bolsa Germaniýanyň taryhy ösüşini bökdän taýpa dagynyklygyna alyp barypdyr.

**Bitewi german döwletiniň döremegi.** 911-nji ýylda Germaniýada Karolingleriň dinastiýasy synandan soň, german gersoglarynyň biri Konrad I Frankoniýaly korol diýlip yglan edilýär. Emma tiz wagtdan korol häkimiýeti bilen taýpa gersoglarynyň arasynda açа-açan dawalar başlaýar we ol korolyň ýeňilmegi bilen tamamlanýar. Konrad I aradan çykandan soň taýpa gersoglarynyň arasynda häkimiýet ugrunda göreşler başlaýar. Netijede, 919-njy ýylda korollyga bir bada iki sany gersog – Genrih I Saksonyýaly we Arnulf Bawariýaly saýlanylýar.

Emma gersoglaryň özbaşdaklygyna we merkezi häkimiýetden daşlaşmaga gönükdirilen syýasatlaryna garamazdan, Germaniýada korol häkimiýetiniň güýçlenmegi üçin zerur şertler bolupdyr. Korol häkimiýetiniň güýçlenmegine öňi bilen köp sanly orta we iri allodçylar gyzyklanýardylar, sebäbi munuň özi olara jemagat ýerlerini eýelemäge we iri feodallardan goranmaga mümkinçilik berýärdi. Korol häkimiýetiniň güýçlenmegi bilen monastyrlar we ýepiskoplyklar hem gyzyklanýardylar, çünki merkezi häkimiýet ummasyz uly ýerleri dini edaralara peşgeş berýärdi. IX asyryň ahyrlarynda normanlaryň we X asyryň başlarynda Pannoniýadan wengrleriň çozup başlamagy Germaniýanyň birleşmegine oňaýly täsir edipdir. Goňşylaryň atly goşunlary Germaniýanyň üstüne duýdansyz çozuşlary ýaly, ýurdy talap, çaltlyk bilen hem çykyp gidýärdiler. Käbir gersoglyklaryň öz pyýada goşunlary bilen basybalyjylara garşylyk görkezmäge edýän synanyşyklary gowy netije bermeýärdi.

Germaniýada korol häkimiýetiniň güýçlenmegi üçin emele gelen şertleri Sakson dinastiýasynyň (919-1024)

korollary peýdalanypdyrlar. Genrih I-niň we Otton I-niň dolandyran döwürlerinde irki German döwleti iş ýüzünde kemala gelipdir. Başarjaň hökümdar Genrih I (919-936) öz häkimiýetiniň ähli german gersoglarynyň, şol sanda Arnulf Bawariỳaly hem ykrar etmegini gazanypdyr. Fransiýadaky özara uruşlary we fransuz korolynyň Lotaringiýadaky häkimiýetiniň gowşamagyndan peýdalanyp, ol Lotaringiýany Germaniýa korollygyna birleşdirýär. German koroly wengerleriň çozuşlaryna hem degerli gaýtawul bermegi başarýar.

Galalaryň gurulmagy we agyr ýaraglandyrylan rysar goşunlarynyň döredilmegi wengrleriň çozuşlaryna gaýtawul bermekde uly ähmiýete eýe bolupdyr. 933-nji ýylda sakson-türingiýa araçäginde wengrleriň üstünden aýgytly ýeňiş gazanylypdyr.

**Ottonlaryň dini syýasaty.** Wengrlere garşy üstünlikli uruşlaryň alnyp barylýandygyna garamazdan ýurtda korolyň häkimiýeti entekler durnukly häsiýete eýe bolup bilmändir. Korol häkimiýetiniň merkezleşdiriş syýasatyna taýpa gersoglary berk garşylyk görkezýärdiler. Olar Genrih I-niň korol derejesini, diňe ol gersoglaryň içerki işlerine gatyşmazlygy wada edenden soň ykrar edipdirler. Emma, haçan-da, Genrih I-niň ogly we mirasdüşeri Otton I (936-973) gersoglaryň özbaşdaklygyny çäklendirmäge synanyşanda, gozgalaňlar başlaýar.

Ýerlerdäki separatistik hereketleriň öňüni almak we merkezi häkimiýetiň abraýyny berkitmek üçin korola ýerlerde merkezi häkimiýeti amala aşyrmakda, onuň ýerlerdäki ygtybarly daýanjy bolup biljek dolandyryş edaralary zerurdy. Otton I bu wezipäni buthana bilen ýaranlyk baglaşyp, onuň işini döwletiň bähbitlerine tabyn etmek arkaly çözmäge synanyşypdyr. Korol tarapyndan buthana giň ýerleriň bagyş edilmegi bu ýaranlygyň ykdysady daýanjy bolup hyzmat edipdir. Buthanalara şeýle ýerleriň berilmegi Otton I-niň we

onuň mirasdüşeri Otton II-niň döwründe giň gerime eýe bolupdyr.

Buthanalara ýerleri bagyş etmeklik şol ýerlerde oturan ilatyň üstünden giň syýasy hukuklary bermeklik bilen utgaşdyrylypdyr. Netijede, buthana korol tarapyndan berilýän immunitete eýe bolan iri ýer eýesine öwrülipdir. Buthananyň immunitete eýe bolan ýerlerinde ruhanylaryň kazyýetinden beýleki kazyýetler ykrar edilmändir. Buthana edaralary tabyn ilatyň üstünden ýokary hukuk (jenaýat) ygtyýarlyklaryna eýe bolýarlar.

Ottonlaryň berỳän immunitet artykmaçlyklary, buthana edaralarynyň giň dolandyryş ygtyýarlyklary, olary döwletiň möhüm ýerine ýetiriji edarasyna öwrüpdir. Korolyň özüne göniden-göni tabyn edilen abbatlyklara we ýepiskoplyklara, olaryň öz mülkleriniň çäginden has uzaklara çykyp gidýän «*korol banny*» diýlip atlandyrylan ygtyýarlyklar berlipdir. Korol banny – munuň özi döwlet dolandyryş wezipeleriniň we ygtyýarlyklarynyň toplumy (kazyýet, harby, dolandyryş we başgalar) bolup, oňa diňe korol we onuň wezipeli adamsy ygtyýar edip bilipdir. Görnüşi ýaly, Germaniýada dini edaralar hem edil korolyň ýerlerdäki wezipeli adamlary ýaly ygtyýarlyklara eýe bolupdyrlar.

Katolik buthanasyna ekerançylyk ýerlerini sahylyk bilen eçilip, Otton I şol bir wagtyň özünde-de ony tagtyň tabynlygyna salmaga we öz häkimiýetiniň gulak asyjy guralyna öwürmäge çalşypdyr. Ýepiskoplyklardaky we abbatlyklardaky ähli wezipeler diýen ýaly korolyň garamagynda galypdyr we ol islän adamsyna buthana wezipelirini berip bilipdir. Ruhanylar diňe dalaşgäri görkezip bilýärdiler, korol bolsa olary wezipä tassyklaýardy. Haçan-da, arhiýepiskopyň, ýepiskopyň ýa-da abbatyň wezıpesi boşanda, şol ýere täzeleri bellenilýänça, olaryň ýerlerinden ýygnalýan salgytlar korolyň hazynasyna geçirilýärdi, şol sebäpden hem korol täze adamlary wezipä bellemäge howlukmandyr.

Buthananyň ýokary wezipeli adamlary korol tarapyndan dolandyryş, diplomatik, harby we döwlet gullugyna işe çekilipdir. Ýepiskoplaryň we abbatlaryň wassallary otton goşunlarynyň esasyny düzüpdirler; köplenç olaryň başynda buthananyň wezipeli adamy durupdyr. Korol häkimiýetiniň gullugyna tabyn edilen we onuň esasy daýanjyna öwrülen şeýle buthana guramasy edebiýatda imperiýa buthanasy (*Reichskirche*) diýlip atlandyrylýar. Otton I-niň syýasy täsiriniň güýçlenmegine 955-nji ýylda Augsburgyň golaýyndaky Leha derýasynyň boýunda wengerleriň üstünden gazanylan ýeňşiň ähmiýeti hem uly bolupdyr. Şundan soň wengrleriň çozuşlary doly bes edilipdir.

**German korollarynyň italýan syýasaty we Mukaddes Rim imperiýasynyň döredilmegi.** Otton I-niň katolik buthanasy babatyndaky syýasatynyň ahyrky maksady Günbatar Ýewropanyň hristianlarynyň ruhy hökümdary hasaplanylýan Rim papasyny german korollarynyň häkimiýetine doly tabyn etmeklik bolup durýardy. Papalygy eýelemeklik Italiýany basyp almak we bir wagtky Beýik Karlyň imperiýasyny dikeltmeklik maksatnamasy bilen baglanyşyklydy. Bu syýasatda nemes feodallarynyň aglabasy Otton I-ni ikelläp goldaýardylar.

Italiýanyň dagynyklygy, ýerli hökümdarlaryň basybalyjylara garşy göreşmek üçin bileleşip bilmezlikleri Ottona öz öňünde goýan maksadyna ýetmäge mümkinçilik berýär. 951-nji ýylda Otton özüniň Italiýa birinji ýörişine başlaýar we Lombardiýany eýeläp, langobardlaryň koroly derejesine eýe bolýar. Bu wakadan on ýyldan soň, Papa bilen italýan feodallarynyň arasynda tutaşan özara göreşlerden peýdalanyp, Otton I Italiýa täze ýöriş geçirýär. 962-nji ýylda papa Ottonyň başyna imperatorlyk täjini geýdirýär. Bu wakanyň öňisyrasy Otton I ýörite şertnama bilen papanyň

Italiýadaky dünýewi mülklerine[1] bolan talaplaryny tassyk edýär, emma bu ýerleriň ýokary senýorlygyny öz garamagynda saklap galýar. Şertnama görä, papanyň imperatoryň öňünde kasam etmek däbi girizilipdir we ol papalygyň german imperiýasyna tabynlygyny aňladypdyr. Şeýdip, 962-nji ýylda german imperatorlary tarapyndan dolandyrylýan orta asyrlaryň «Rim imperiýasy» (XII asyryň ahyrlaryndan ol Mukaddes Rim imperiýasy diýlip atlandyrylyp başlaýar) döreýär. Bu imperiýanyň düzümine Germaniýadan başga-da, Demirgazyk we Orta Italiýanyň bir bölegi, käbir slawýan ýerleri, şeýle hem Fransiýanyň günortasynyň bir bölegi we günorta-gündogary girizilipdir. XI asyryň birinji ýarymynda imperiýanyň düzümine Burgundiýa korollygy (Arelat) hem birikdirilýär.

German korollary tarapyndan täze imperiýanyň döredilmegi, öz döwründe Karolingleriň hökümdarlygy ýaly ägirt uly syýasy birleşmäniň döremegine getiren meýilleriň, täze şertlerde iş ýüzünde amala aşmasy boldy. Beýik Karlyň imperiýasy ýaly, Mukaddes Rim imperiýasy hem emeli usulda döredilen ýasama syýasy birleşmedi, ýöne täze dörän bu imperiýa, hemişe kämilleşip we öz keşbini özgerdip, ençeme asyrlap ýaşapdyr. Başky döwürlerde, ýagny X- XI asyryň başlarynda Mukaddes Rim imperiýasy Germaniýada merkezi häkimiýetiň berkemegine, onuň ýerleriniň wagtlaýyn jebisleşmegine ýardam edipdir. Emma giçki döwürlerde, ýagny XI asyryň ahyrlaryndan, aýratyn hem XII-XIII asyrlarda ol Fransiýada, käbir slawýan ýerlerinde we Italiýada merkezleşdirilen döwletleriň döremegine barha päsgel beripdir. Şu ýüzýyllyklarda Mukaddes Rim imperiýasy Germaniýanyň özüniň hem merkezleşmegini bökdäpdir. Imperatoryň derejesi we bütin Günbatar Ýewropada agalyk ugrundaky islegler, german döwletiniň kuwwatynyň bisarpa ulanylmagyna we şunuň esasynda bolsa soňra Germaniýanyň özünde hem uzak

[1] Papa welaýatyndaky ýerlerinden başga-da, papanyň Italiýadaky döwletlerde-de birnäçe hususy mülkleri bolupdyr.

wagtlap syýasy dagynyklygyň höküm sürmegine sebäp bolupdyr.

Otton I-den başlap imperatorlar papalar bilen gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek, italýan feodallarynyň özara dawalaryna gatnaşmak we bu baý ýurdy öz häkimiýetine doly tabyn etmek üçin öz hökümdarlyklarynyň köp wagtyny Italiýada geçiripdirler. Korolyň özüniň hemişe diýen ýaly Germaniýada bolmazlygy, nemes feodallarynyň bähbidine bolupdyr. Bu ýagdaý olaryň özbaşdaklygynyň we ýurtda merkezden daşlaşmaga gönükdirilen meýilleriň güýçlenmegine getirýär.

**Germaniýada feodalçylyk düzgüniň berkemegi.** X asyryň bütin dowamynda Germaniýada jemgyýetiň feodallaşmagy we bu hadysa öňki erkin jemagatçylaryň aglaba köpçüliginiň çekilmegi dowam edipdir. Bu işde aýratyn möhüm wezipe irki feodal döwlete degişli bolup, onuň içeri syýasaty dolylygyna täze gurluşyň dabaralanmagyna gönükdirilipdir. Genrih I-niň giň gerime eýe bolan gala gurluşygy we agyr ýaraglanan rysar goşunlarynyň döredilmegi german jemgyýetiniň feodallaşmagyny has-da çaltlandyrypdyr. Korolyň galalary diňe bir wengrleriň çozuşlaryny yzyna serpikdirmekde mäkäm berkitmeler bolup hyzmat etmän, eýsem galalaryň töweregindäki etraplarda we obalarda döwlet häkimiýetini hem düýpli berkidipdir. Pyýada nöker goşunyndan, rysarlaryň atly goşunyna geçilmegi erkin jemagatçylar gatlagynyň dargamagyna getirýär; olaryň ýokary gatlagy rysarlaryň hataryna goşulypdyr we şol ýol bilen hem ýokary hatlagyň düzümine giripdir, garyp düşen erkin jemagatçylaryň giň toparlary bolsa, atly goşunda gulluk etmäge güýçleri ýetmäninden soň, tabyn ilatyň düzümine goşulypdyrlar. German jemgyýetiniň feodallaşmagyna Ottonlaryň buthana babatyndaky syýasaty hem uly itergi beripdir. Buthana ýerlerinde immunitet gatnaşyklarynyň

ösmegi, öňki erkin jemagatçylary feodallaryň şahsy tabynlygyna geçiripdir.

Şol döwürlerde Germaniýanyň ykdysadyýetinde öndüriji güýçleriň ösmeginiň netijesinde çuňňur içki durmuş-ykdysady ilerlemeler bolup geçipdir: üç meýdanlylyk giňden ýaýrapdyr, boş ýatan we tarp ýerleriň özleşdirilmegi, tokaýlardan täze ýerleriň açylmagy esasynda sürüm ýerleriniň mukdary artypdyr, ýurduň günortasynda üzümçilik meýdanlary giňäpdir, oba senetçiligi ösüpdir.

VIII-IX asyrlarda Gündogar Frank döwletiniň ýerinde az-kem senetçilik we söwda işleri ýola goýlan köp sanly kiçeňräk şäherçeler peýda bolýar. Olar deňiz kenaryndaky amatly duralgalaryň ýerinde, derýalaryň geçelgelerinde, galalaryň (*burg*) töwereklerinde we ýepiskoplaryň oturýan ýerlerinde peýda boldylar. Bulardan başga-da, Reýniň we Dunaýyň boýlaryndaky öňki rim-german araçäginiň ugrunda köne rim şäherleri bolan Trir, Köln, Maýns, Augsburg we başgalar hem saklanyp galýardylar. Tutýan meýdanlarynyň ep-esli kiçelendigine we esasan ekerançylyga ýöriteleşendiklerine garamazdan, olar antiki döwrüň senetçiligini we rimiň maddy hem-de ruhy medeniýetiniň däplerini azda-kände saklap galýardylar. Senetçilik önümçiligi mülkleriň içinde-de ösýärdi. X asyrda obalarda senetçiligiň oba hojalygyndan bölünip aýrylýandygy göze ilip başlady. Öňi bilen senetçiligiň hem-de söwdanyň merkezleri bolan orta asyr nusgasyndaky şäherler ösýärdi. Olaryň birleri tarpdan dörän bolsa, ikinji birleri öňki german şäherçeleriniň esasynda, üçünji birleri bolsa, köne rim şäherleriniň çäginde, ýöne düýbünden täze nusgada ýüze çykdy.

Germaniýada feodalçylygyň mundan beýläk berkemegi erkin jemagatçy daýhanlaryň gatlagyny we erkin jemagatlaryň sanyny üzül-kesil kemeltdi. Frislandiýa, Ditmarşen, Tirol ýaly gyrak-çetlerde we belli bir derejede Saksoniýada bolaýmasa, Germaniýanyň galan ýerlerinde ilatyň agramly bölegi

feodallaryň tabynlygyna geçdi. Iri feodal ýer eýeçiligi bolan mülkleriň-senýoriýalaryň ähmiýeti artýar. Şeýle mülklerde tabyn daýhanlary işledýärdiler we olardan dürli görnüşdäki önüm ýygymlaryny alýardylar. Zähmet borjunyň köpçülikleýin girizilmegi daýhanlaryň şahsy hukuklaryndan mahrum bolmaklaryna getirýär.

X asyrda feodal gatlagyň jebisleşmek hadysasy hem ösýär: wassalçylyk gatnaşyklary giň ýaýraýar, agalyk ediji gatlagyň iýerarhiýasy – basgançaklara bölünmegi kemala gelýär. Ýurduň ykdysady we syýasy merkezi hökmünde feodal mülk orta çykýar. Töwerekde ýaşaýan ilatyň üstünden ýola goýulýan dolandyryş we kazyýet häkimiýetleri ilkinji nobatda hut şu ýerden amala aşyrylýardy.

IX-X asyrlarda Nemes korollygy irki feodal döwleti hökmünde german taýpalarynyň syýasy taýdan birleşmeginde möhüm ähmiýete eýe bolupdyr we hut şonuň ýerinde nemes halkyýetiniň düýbi tutulypdyr.

**XI asyryň ikinji ýarymyndaky syýasy krizis we inwestitura ugrundaky göreşler.** Frankon (Sali) dinastiýasynyň (1024-1125) ilkinji korollary Konrad II we Genrih III kemala gelen täze durmuş şertlerinde merkezi häkimiýetiň güýjüni saklamaga çalşypdyrlar. Konrad II dünýewi we dini magnatlaryň hetdenaşa güýçlenen täsirini peseltmek üçin senýorlar bilen wassallaryň arasyndaky gatnaşyklara goşulypdyr we öz syýasatynda ownuk feodallara daýanyp ugrapdyr. Ol wassallaryň ýerlerini ellerinden almagy senýorlara gadagan edýär. Genrih III eýýäm imperiýa monastyrlaryndan peýda bolmanyndan soň, aýry-aýry feodallaryň garamagyndaky täze, «şahsy» monastyrlarlaryň ruhanylary bilen ýakynlaşmaga çalşypdyr we olara howandarlyk edipdir. Emma bu çäreler german welaýatlarynda-da, imperiýanyň beýleki ýerlerinde-de syýasy krizisiň öňüni alyp bilmändir. Bu krizis Genrih IV-niň (1056-1106) dolandyran ýyllarynda has-da güýjeýär. 1065-nji ýyla çenli

Genrih IV kämillik ýaşyna ýetmändir. Sonuň üçin hem bu ýagdaýdan merkezi häkimiýetiň tarapdarlary peýdalanypdyrlar. Netijede, hut şu döwürde italýan feodallary we italýan şäherleri tarapyndan goldanylýan papalyk bilen kuwwatly nemes feodallarynyň arasynda ýaranlyk döreýär.

Imperiýada ýüze çykan syýasy krizis XI asyryň 70-nji ýyllarynda imperator bilen papanyň arasyndaky inwestitura bermek hukugyna eýe bolmak bilen baglanyşykly göreşlere ýazyp gidýär. Aslyýetinde, inwestitura diýlip, senýoryň öz wassalyna feod bagyşlamagy we ony feoda getirip ýerleşdirmegi bilen baglanyşykly däbe aýdylypdyr. Arhiýepiskoplar, ýepiskoplar we abbatlar babatynda, inwestitura diňe bir olara tabyn ilaty bilen bileleikde mülk ýerlerini bagyşlamak bilen çäklenmän, eýsem olaryň dini wezipelere tassyklanylmagyny hem-de derejeleriň berilmegini hem aňladypdyr. Inwestitura bolan hukuk, iş ýüzünde, ruhanylar tarapyndan saýlanylan ýepiskoplary we abbatlary wezipä bellemägi we tassyk etmegi aňladypdyr.

Otton I-den başlap, german imperatorlary ýokary ruhalylary bellemäge bolan inwestiturany, öz häkimiýetleriniň esasy diregi hasap edipdirler. Şeýle ýagdaýa kaýyl bolup gelýän papalar, XI asyryň ikinji ýarymyndan başlap bu hukuga dawa edip ugraýarlar. Bu göreşlerde din işlerinde kimiň esasy orunda bolmalydygy (imperator ýa-da papa) hakyndaky mesele, Germaniýada irki feodal monarhiýanyň ykbaly, Germaniýanyň we Italiýanyň welaýatlarynyň arsyndaky özara gatnaşyklar, Demirgazyk we Orta Italiýanyň şäherleriniň mundan beýläkki ösüşi bilen baglanyşykly möhüm meseleler çözülipdir.

**Saksoniýadaky 1073-1075-nji ýyllaryň gozgalaňy.** Genrih IV papanyň we özüniň garşydaşy bolan Germaniýanyň iri feodallaryna garşy göreşde öz häkimiýetiniň maddy binýadyny berkitmek üçin Saksoniýany korolyň domenine öwürmäge çalşypdyr. Saksoniýada korol galalary – burglar

gurlupdyr we saklanyp galan jemagat we daýhanlaryň allod ýerleriniň hasabyna korol mülkleri döredilipdir. Mundan başga-da, feodallaryň aşaky gatlagy bolan korolyň rysarlarynyň-ministeriallarynyň gulluk ýerleri hem döredilipdir.

Korol tarapyndan geçirilen bu çäreler Saksoniýada entäk saklanyp galýan allodçy-daýhanlary tabynlyga geçiripdir. Şunuň bilen bir hatarda, Genrih IV ir döwürde korola degişli bolan we soňra iri feodallar tarapyndan bikanun eýelenilen Saksoniýadaky ýerleri yzyna dolap almaga çalşypdyr. Korolyň bu syýasaty 1070-nji ýylda saksoniýaly feodallaryň topalyň turuzmagyna getirýär. Topalaňa Saksoniýada erkin oba jemagatlarynyň dikeldilmegini talap edip, erkin we tabyn daýhanlaryň hem bir bölegi çekiliupdir. Emma bu topalaň 1071-nji ýylda basylyp ýatyrylýar.

1073-nji ýylda daýhanlaryň köpçülikleýin gozgalaňy başlaýar. Gozgalaňçylar korolyň galalaryny ýykypdyrlar we korol mülkleriniň hojalyk-dolandyryş merkezlerini tozdurypdyrlar. Daýhanlaryň üstünliklerini öz bähbitleri üçin ulanmaga çalşyp, gozgalaňa Otton Nortgeýmliniň baştutanlygyndaky saksoniýaly begzadalaryň topary hem goşulýar. Emma daýhan gozgalaňynyň giň gerime eýe bolmagy we onuň Türingiýa ýaýramagy ýerli feodallary gorkuzypdyr. Şonuň üçin hem 1074-nji ýylda korol bilen geçirilen gepleşiklerde, olaryň serdarlary daýhanlaryň garşylyk görkezýändiklerine garamazdan, eglişik edýärler. Unstrut derýasynyň boýundaky Homburgyň eteginde bolan aýgytly söweşde saksonlaryň feodal atly goşuny söweş meýdanyndan gaçyp gidýär. Söweş meýdanynda korolyň goşunlary bilen ýekme-ýek galan gozgalaňçy daýhanlaryň pyýada goşunlary bolsa Genrih IV tarapyndan derbi-dagyn edilýär. Genrih IV begzadalar bilen parahatçylyk şertnamasyny baglaşýar we Otton Nortgeýmskini bolsa özüniň Saksoniýadaky dikmesi edip belleýär. 1073-1075-nji ýyllaryň gozgalaňynyň ýeňilmegi Saksoniýa gersoglygynda daýhanlaryň tabynlyga geçmegini

tizleşdiripdir we erkin daýhanlarynyň sanyny üzül-kesil kemeldipdir.

**German imperatorlarynyň dini syýasatynyň ýoga çykmagy.** Inwestitura ugrundaky göreşde papalyk buthananyň täsirini güýçlendirmegi we onuň ruhy abraýyny dikeltmegi maksat edinýän *klýuniý*[1] hereketini özüne ýaran edinipdir. Papalyk buthana ýerlerini eýelemäge we dini guramalaryň üstünden agalyk etmage dyrjaşýan dünýewi feodallaryna garşy durmak üçin buthana guramasyny jebisleşdirmäge, onuň syýasy-ykdysady we ruhy kuwwatyny artdyrmaga çalşypdyr.

Monahlara daýanmak bilen klýuniý hereketi nemes ruhanylarynyň arasyna-da ýrapdyr we ýurduň içinde separatistik güýçleri berkidipdir. Asly Demirgazyk Italiýadan gelip çykan we köp ýyllaryň dowamynda papalygyň iş dolandyryjysy bolup işlän monah Gildebrand klýuniý hereketiniň barypýatan tarapdarlarynyň biri bolupdyr. 1059-njy ýylda Rimiň Lateran ybadathana soborynda papany saýlamagyň täze tertibi girizilýär. Soboryň kararyna laýyklykda, papany daşyndan täsir etmezden, buthananyň ýokary derejeli ruhanylary bolan kardinallar (kardinallyk derejesi papalar tapyndan berlipdir) saýlap bilipdirler. Lateran soborynyň bu karary imperatorlaryň papanyň saýlawyna gatyşmagyna we bu işe daşyndan täsir etmek isleglerine garşy gönükdirilipdir. Bu soborda ýepiskoplara we abbatlara dünýewi häkimiýet tarapyndan inwestitura berilmegine hem garşy çykylypdyr. Gildebrand 1073-nji ýylda Grigoriý VII ady bilen papalyga saýlanypdyr we özüniň buthanany berkitmek bilen baglanyşykly maksatlaryny durmuşa geçirmäge girişipdir. Şunda ol dünýewi häkimiýet tarapyndan bellenilen birnäçe nemes ýepiskoplaryny wezipesinden boşadypdyr.

---

[1] 910-njy ýylda Burgundiýada esaslandyrylan Klýuniý monastyrynyň ady bilen baglanyşykly. Bu barada degişli
bölümde gürrüň edilýär.

Saksoniýadaky gozgalaňy basyp ýatyryp, Genrih IV nemes ruhanylaryny özüne tabyn etmek we ruhanylaryň korol häkimiýeti bilen gatnaşyklaryny çäklendirmek isleýän Grigoriý VII-niň hereketlerine garşy çykýar. 1076-njy ýylda nemes ruhanylarynyň Wormsdaky ýygnagynda Genrih IV Grigoriý VII-niň papalykdan çetleşdirilýändigini yglan edýär. Grigoriý VII hem öz gezeginde Genrihi buthanadan çykarýar[2] we ony imperatorlyk derejesinden mahrum edip, döwletiň ähli raýatlaryny koroluň öňündäki kasamdan azat edýär. Grigoriý VII-niň bu hereketi Germaniýanyň iri feodallarynyň we ýokary derejeli din adamlarynyň arasynda giň goldawa eýar. Günorta german feodal begzadalary korolyň garşysyna hakyky urşa başlaýarlar, saksoniýaly feodallar hem täzeden gozgalaň turuzýarlar.

Genrih IV boýun synmaga mejbur bolýar: az sanly köşk adamlaryny ýanyna alyp ol papa bilen duşuşmak üçin Italiýa ugraýar. Alp daglarynyň geçmesi kyn geçitlerinden geçip Genrih IV Demirgazyk Italiýanyň Kanossa galasynda oturan Grigoriý VII-niň özüni kabul etmegine garaşyp ýatýar. Resmi däl taryhy ýazgylaryň şaýatlyk etmeginä görä, hökümdarlyk alamatlarynyň ählisini boýnundan sypyran, aýakýalaňaç, aç-suwsuz korol Genrih üç günläp Kanossa galasynyň derwezesiniň öňünde özüniň kabul edilmegine garaşyp durupdyr. Papanyň huzuryna goýberilen nemes koroly dyzyna çöküp günäsiniň geçilmegini towakga edipdir.

Emma Genrihiň sadyklygy syýasy öwrüm bolupdyr we ol ýagdaýyny birneme berkidip, ýene-de Grigoriý VII-niň garşysyna çykypdyr. Birnäçe wagtlap dowam eden özara garşylyklaryň netijesinde 1122-nji ýylda korol bilen papanyň arasynda Worms *konkordatyna* gol çekilipdir. Bu resminamanyň aşagyna Genrih IV-niň ogly Genrih V bilen papa Kalikst II öz gollaryny goýýarlar.

---

[2] Buthanadan çykarmaklyk hristian adamsy üçin dinden çykanlygy aňladypdyr.

Worms konkordaty imperiýanyň dürli ýerleri babatynda ýepiskoplary saýlamagyň tapawutly ulgamyny kesgitläpdir. Germaniýanyň özünde ýepiskoplar imperatoryň hut özüniň gatnaşmagynda ruhanylar tapayndan saýlanylypdyr, eger-de, ýepiskoplyga birnäçe dalaşgär hödürlenilen ýagdaýynda, aýgytlaýjy söz imperatoryň ygtyýarynda galypdyr. Imperator dünýewi inwestiturany amala aşyrypdyr, ýagny ýepiskopyň eline ýepiskoplykdaky dini häkimiýetiň alamaty bolan *skipetri*[1] tutdurypdyr. Şundan soň papanyň özi ýa-da onuň *legaty* (wekili) tarapyndan ýerine ýetirilýän dini inwestitura amala aşyrylypdyr: dini häkimiýetiň alamaty hökmünde ýepiskopyň barmagyna ýüzük dakylypdyr, eline bolsa hasa tutdurylypdyr. Italiýadaky we Burgundiýadaky ýepiskoplaryň saýlawy bolsa imperatoryň ýa-da onuň wekili gatnaşmazdan amala aşyrylypdyr. Diňe ýepiskopyň saýlawy bolup geçenden soň we ol papa tarapyndan tassyk edilenden alty aý soň, imperator ýepiskopyň eline skipetr bermek bilen inwestiturany amala aşyrypdyr. Munuň özi ýepiskoplaryň korol tarapyndan tassyk edilmeginiň ähmiýetiniň gaçandygyny görkezipdir. Worms konkordaty Italiýadaky we Burgundiýadaky imperiýa buthana ulgamyny dargadypdyr. Germaniýanyň özünde bolsa Ottonlaryň buthana syýasatynyň esaslaryny bozýan ylalaşyjy düzgün esaslandyrylypdyr.

XII asyrda Germaniýada merkezi häkimiýet gowşaýar we uzaga çeken feodal dagynyklyk döwri başlaýar.

## § 5. Skandinawiýa ýurtlary IX-XI asyrlarda

**Demirgazyk Ýewropada «wikingleriň eýýamy».** IX-XI asyryň ortalary Demirgazyk Ýewropanyň taryhyna «wikingleriň eýýamy» ady bilen giridir. Bu döwür başda harby çozuşlaryň, soňra bolsa skandinawiýaly konunglaryň (korol)

---

[1] Patyşa häkimiýetiniň nyşany bolan gymmat baha daşly, nagyşly gysga hasa.

baştutanlygynda amala aşyrylan has guramaçylykly ýörişleriň zamany bolup, bu ýörişler halkara söwda gatnaşyklary, täze ýerleri açmak we şol ýerlerde mesgen tutmak bilen utgaşdyrylypdyr. Skandinawiýanyň özünde bu döwür urug-taýpa gatnaşyklarynyň dargamagy we ilkinji döwlet birleşmeleriniň döremegi bilen alamatlandyrylýar.

Şular bilen bir hatarda «wikingleriň eýýamynda» skandinawiýa halklarynyň maddy we ruhy medeniýetinde çuňňur ilerlemeler bolup geçipdir. Bu döwürde Skandinawiýa ýarym adasynyň tokaýly zolaklaryny özleşdirmek giň gerime eýe bolup ugraýar. Çalt ýüzýän we tiz öwrülip bilýän gämiler peýda bolýar. Şeýle gämiler bilen wikingler Demirgazyk we Baltika deňizlerinde ýüzüpdirler, Sena derýasy boýunça Parižе, Dnepr boýunça bolsa Konstantinopola çenli barypdyrlar.Wikingleriň gämileri Orta ýer deňzini we Atlantikanyň Islandiýadan başlap, tä Demirgazyk Amerikanyň kenarlaryna çenli aralyklardaky suwlarda gezipdirler. Gyzgalaňly halkara söwda gatnaşyklarynyň başlamagy bilen Demirgazyk Ýewropada - Daniýada Haýtabýu (häzirki Şlezwigiň ýerinde), Melaren kölündäki Birka (Günorta Şwesiýada), Günorta Norwegiýadaky Skiringosal ýaly möhüm merkezleri ýüze çykýar. Gala we fortifikasiýa işlerinde haýran galdyryjy çözgütleri özünde jemleýän tegelek berkitmeler peýda bolýar. Şeýle usulda gurlan galalar has hem Ýutlandiýada we onuň bilen ýanaşyk adalarda köp bolupdyr.

**IX- X asyryň birinji ýarymynda wikingleriň basybalyşlary.** «*Wiking*» sözüniň manysy doly anyk däl; alymlar onuň «*wik*» - deňiz burnagy (buhta) sözünden gelip çykýan bolmagynyň mümkindigi hakyndaky çaklamany öňe sürýärler. Sebäbi wikingler deňziň gury ýere süsňäp girýän amatly duralgalaryndan öz gämileri bilen dürli ugurlara ýörişlere gidipdirler. Günbatar Ýewropa ýurtlarynda olar *normanlar* («demirgazykly adamlar»), slawýanlaryň arasynda bolsa – warýaglar ady bilen tanalypdyr.

Wikingleriň çozuşlary baradaky ilkinji ýatlamalar VIII asyra degişlidir. 793-nji ýylda skandinawýalylaryň topary Angliýanyň Demirgazyk-Gündogaryndaky monastyra çozupdyr we talanlaryndan soň ony otlapdyrlar. Tiz wagtdan şeýle hadysalar Angliýanyň, Irlandiýanyň, Frank korollygynyň, Germaniýanyň, Baltika deňziniň günorta kenarlarynyň ilaty üçin hakyky betbagtçylyga öwrülipdir. Wagşy butparaz taýpalar tarapyndan amala aşyrylýan duýdansyz ýörişler sebitiň halklarynyň başyna agyr külpetleri getiripdir we uzak wagtyň dowamynda şeýle betbagtçylyklaryň çäresi tapylmandyr.

Wagtyň geçmegi bilen normanlaryň hüjümlerine sezewar edilýän ýurtlaryň hökümdarlary, goranmagyň usullaryny tapypdyrlar we olara garşy guramaçylykly harby hereketleri alyp barypdyrlar. Franklaryň beren degerli gaýtawuly daniýaly konung Godfrede Ýutlandiýanyň günortasyny goraýan gorag seňňerini grmaga mejbur edýär. *Danewirke* («Daniýa seňňeri») ady bilen belli bolan bu gorag seňňeriniň gurluşygy IX asyryň başlarynda başlap, indiki ýüzýyllykda-da dowam etdirilipdir.

Daniýaly basybalyjylar Demirgazyk Atlantikanyň Farer, Şetland, Orkneý we Gebrid adalarynda ornaşypdyrlar. 870-nji ýyldan soň Norwegiýadan bolan göçegçiler Islandiýany açypdyrlar we şol ýerde mekan tutupdyrlar. Ilkinji bolup ada Ingolf Arnarson göçüp gelipdir we ol adanyň günorta-günbataryndaky gyzgyn çeşmeleriň – geýzerleriň bol ýeri bolan Reýkýawikde («Bug göterilýän aýlag») ornaşypdyr. IX-X asyryň başlarynda norwegiýalylar we daniýalylar Irlandiýanyň ep-esli bölegini eýeläp, bu ýerlerde öz korollyklaryny esaslandyrypdyrlar. IX asyrda Baltika deňziniň günortasynda ornaşan şwedler Dnepr boýunça günorta ýüzüp Wizantiýanyň ýerlerine çykypdyrlar.


Beýik Alfred

IX asyryň bütin dowamynda daniýaly wikingler Demirgazyk Germaniýany, Fransiýany, Angliýany, şol sanda Gamburg, Dorestad (Reýniň deňze guýýan ýeri), Ruan, Pariž, Şartr, London, Kenterberi, Ýork ýaly şäherleri talapdyrlar. IX asyryň ahyrlarynda Demirgazyk we Gündogar Angliýanyň ep-esli ýerleri eýeläp, olar bu ýerde mesgen tutupdyrlar. Uesseksiň koroly Alfreda (871-899) olaryň çozuşlaryny saklamak kynlyk bilen başardypdyr. Adanyň gündogary soňra Denlo («Daniýa hukugynyň welaýaty») diýlip atlandyrylyp, göçüp gelenler bu ýerlerde köp asyrlap dowam eden öz durmuş we hukuk tertiplerini girizipdirler.

Şol bir wagtyň özünde-de wikingler Orta ýer deňziniň günbatar böleginde peýda bolup Italiýanyň, we Günorta Fransiýanyň, Ispaniýanyň we Portugaliýanyň şäherlerini talaňçylyga sezewar edipdirler.

IX-X asyrlaryň sepgidinde Demirgazyk Fransiýada söweşýän daniýaly goşunlar Kotanten ýarym adasynda ornaşypdyrlar. 911-nji ýylda Fransiýanyň şu ýerlerini fransuz koroly olaryň serkerdesi Rollona ýurdy normanlardan goramak şerti bilen mülk (len) ýeri edip berýär. Şol ýeriň esasynda Normandiýa gersoglygy ýüze çykýar. Normandiýa gersoglygy hukuk taýdan tabyn, emma iş ýüzünde bolsa günbatar frank korollaryndan we daniýaly konunglardan erkin ýagdaýda galypdyrlar. Indiki asyrlarda normandiýalylar özleriniň skandinawiýaly aslyny, köp däp-dessurlaryny we dillerini ýitiripdirler. Olar ýerli halklar bolan keltler, rimliler we franklar bilen garyşypdyrlar. Normandiýada güýçli merkezi häkimiyeti bolan gersoglyk kemala gelýär. 1066-njy ýylda olar Angliýany we Günorta Italiýany Sisiliýa bilen bilelikde eýeleýärler we XII asyryň başlarynda Sisiliýa korollygyny esaslandyrýarlar. Bu ýerde-de olar güýçli merkezleşdirilen döwlet döretmegi başarýarlar.

Bu döwürde wikingler Demirgazyk Atlantikadaky adalary açypdyrlar. Takmynan 930-njy ýyla çenli Islandiýanyň bütin

kenar ýakalary norwegiýalylar tarapyndan ilatlaşdyrylypdyr. Kiçijik obalar bolup oturmak bilen olar maldarçylyk, balykçylyk, şeýle hem az-kem ekerançylyk bilen meşgullanypdyrlar.

X asyryň 80-nji ýyllarynda islandiýalylar hem-de norwegiýalylar tarapyndan Grenlandiýa açylypdyr we bu ýere göçüp gelip başlapdyrlar. Tiz wagtdan olar tarapyndan Demirgazyk Amerikanyň kenarlarynda *Hellýuland* («Tekiz daşlaryň ýurdy»), *Markland* («Tokaý ýurdy»), *Winland* («Ýabany üzümiň ýurdy») adalary açylypdyr. Norwegiýalylaryň we islandiýalylaryň Demirgazyk Amerikanyň kenarlaryna amala aşyrylan ýüzüşleri olaryň halk şadessanlary bolan «sagalarda» («Grenlandiýalylar hakynda saga», «Eýrik Çypar hakynda saga») öz beýanyny tapypdyr. Şol ýüzüşlere Grenlandiýa ilki göçüp gelen Eýrik Çyparyň ogly Leýw Bagtly (Şowly) ýolbaşçylyk edipdir. Şeýlelikde, wikingler Kolumbdan bäş ýüz ýyl öň Amerika aralaşyp ugrapdyrlar.

**Wikingleriň X asyrýn ikinji – XI asyryň birinji ýarymyndaky ýörişleri.** Skandinawiýalylaryň X asyryň ahyrlarynda we XI asyryň başlarynda gazanan iň uly üstünlikleri Angliýanyň tabyn edilmegi boldy. Özara göreşler zerarly gowşan iňlis korollyklary olaryň oljasyna öwrülipdirler. Başda daniýaly we norwegiýaly serdarlar Angliýanyň korollarynyň gullugyna durupdyrlar, munuň üçin hak-heşdek we dürli görnüşdäki sylag-serpaýlary alýardylar. Emma wagtyň geçmegi bilen şol berimler iňlisleriň özleri üçin tölemesi kyn bolan agyr tölege öwrülýär. 1016-njy ýylda daniýalylaryň serdary Knud iňlis tagtyny eýeleýär, dogany aradan çykandan soň bolsa Daniýanyň tagtyna-da eýe bolýar. 1028-nji ýylda ol Norwegiýanyň häkimiýetini hem öz eline alýar. Şeýdip, Beýik Knudyň (1016-1035) döwleti döreýär. Emma bu döwlet hem irki orta asyrlaryň beýleki syýasy birleşmeleri ýaly uzak

ýaşamandyr. 1042-nji ýylda onuň ogly Hardaknut ölenden soň daniýalylar iňlis we norweg täçlerini ýitirýärler.

Norweg konungy Harald Hardrad («Ýowuz hökümdar», 1046-1066 ) tagta çykan iň soňky wiking hasap edilýär. Ol ýaş wagtlary Gündogar we Günorta Ýewropa gurnalan ýörişlere gatnaşypdyr, Konstantinopoldaky warýag nöker goşunynda gullyk edipdir we Italiýada hem-de Sisiliýada söweşipdir. Onuň aýaly Kiýew knýazy Ýaroslawyň gyzy bolupdyr. 1066-njy ýylda Harald iňlis tagtyny eýelemek maksady bilen uly deňiz goşunyny jemleýär we Gündogar Angliýanyň kenarlaryna tarap ugraýar. Adanyň skandinawiýaly ilaty onuň tarapyna geçýär, emma iňlis begzadalary tarapyndan tagta çykarylan korol Garold norwegiýaly konungy Ýorkuň töweregindäki Stemfordbrijiň ýanynda ýeňlişe sezewar edýär. 1066-njy ýylyň 25-nji sentýabrynda Harald Hardrad wepat bolýar. Angliýa wikingleriň howpundan hemişelik halas bolýar, emma bu wakadan üç hepde geçenden soň – 14-nji oktýabrda Gastingsdäki söweşden soň Angliýany normand gersogy Wilgelm Basybalyjy eýeleýär.


Beýik Knud

1069-njy ýylda daniýa konungy Sweýn Estridsson Angliýanyň üstüne çozmaga hyýallanypdyr, ýöne ep-esli töleg alandan soň Angliýanyň gündogar kenarlaryny taşlap gidýär. Daniýanyň konungy Knud II-niň Angliýanyň üstüne çozuş geçirmek maksady hem amala aşman galýar. Şunuň bilen wikinleriň basybalyşlary tamamlanýar. XI asyryň ahyrlaryna çenli skandinawiýalylaryň golastynda Demirgazyk Şotlandiýa, Gebrid we Orkneý adalary, şeýle hem Irlandiýanyň Men adasy, Dublin we Leýnster galypdyr.

**Irki orta asyrarda skandinawlaryň durmuş we jemgyýetçilik-syýasy gurluşlary.** Daniýa, Şwesiýa we Norwegiýa antiki dünýäniň çäginden daşarda galandygy, şol

sebäpden hem feodalçylçylyk gatnaşyklary giç kemala gelipdir we urug-jemagatçylyk gurluşynyň we patriarhal gulçulygyň täsiri uzak wagtlap saklanyp galypdyr. Irki feodalçylyk döwri Skandinawiýada XII-XIII asyrlara çenli dowam edipdir. Kemala gelen feodalçylyk gurluşy özüniň özboluşlylygy bilen tapawutlanypdyr: Skandinawiýa ýurtlarynda daýhanlaryň şähsy tabynlygy we zähmet borjy giň ýaýramandyr, Norwegiýada bolsa bu ýagdaý asla bolmandyr; feodallaryň gulluk ýerlerine eýeçilikleri çäkli bolupdyr, wassalçylyk gatnaşyklary ýa-da feodal iýerarhiýasy bolsa, Günbatar Ýewropa ýurtlaryndan tapawutlylykda, juda gowşak ösüpdir. Esasan norwegiýalylar tarapyndan ilatlaşdyrylan we özleşdirilen Islandiýa barada aýdylanda bolsa, ol XIII asyryň 60-njy ýyllaryna çenli, tä Norwegiýa tarapyndan eýelenilýänçä, kiçijik obalarda (hutor) erkin durmuşda ýaşaýan jemagatçylaryň ýurdy bolup galypdyr.

Skandinawiýanyň ilatynyň esasy köpçüligini erkin adamlar (*bond*) düzüpdir. Bondlar ekerançylar, maldarlar, awçylar we balykçylar bolup, olar biri-birinden has uzaklarda ýerleşýän dört-bäş öýli toparjyklar (Norwegiýada, Şwesiýanyň käbir ýerlerinde we Islandiýada) ýa-da kiçijik obalarda (Daniýada we Şwesiýanyň bir böleginde) ýaşaýrdylar. Daniýada ýerler erkin jemagatçylaryň arasynda paýlaşylyp durlupdyr. Uly maşgala ekerançylyk ýerlerine eýe bolup, ol elden-ele geçmändir we şeýle ýerler *odal* diýlip atlandyrylypdyr. Tokaýlar, çemenlikler we beýleki ýerler etrabyň ilatynyň umumy eýeçiligindäki ýerler (*almenning*) diýlip hasap edilipdir.

Wagtyň geçmegi bilen Skandinawiýada begzadalaryň jemgyýetçilik täsiri artyp ugraýar. Şeýle ýagdaýyň ýüze çykmagynyň esasy şerti hökmünde mal sürüleri, söwda we wikingler tarapyndan IX-XI asyryň birinji ýarymynda amala aşyrylan basybalyjylykly ýörişlerde toplanýan baýlyklar hyzmat edipdir. Urug begzadalarynyň ygtyýarynda ekerançylyk ýerleriniň bolan ýerlerinde gullar we ýer paýlary bölünip berlen

garyp düşen jemagatçylar işledilipdir.Ýutlandiýa ýarym adasynda, Skonda we Şwesiýanyň tekiz düzlüklerinde ekerançylyk uly ähmiýete eýe bolup, bu ýerlerde zähmet borjuna esaslanýan mülkler peýda bolýar.

Jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň kämilleşmegi we ösmegi Skandinawiýada döwletleriň döremegi üçin amatly şertleri döredipdir. Wikingleriň ýörişleri bolsa bu hadysany has-da tizleşdiripdir. Skandinawiýaly ilkinji konunglar başda taýpa ýa-da taýpa bileleşikleriniň serdarlary bolupdyrlar. Döwletiň döremek hadysasy Daniýada VIII asyrda başlaýar. X asyryň ikinji ýarymynda Harald Gökdiş (takm.950 - takm. 986-njy ýyllar) korol häkimiýetini ep-esli berkidipdir. IX asyryň ahyrlarynda konung Harald Owadan Saçly Norwegiýanyň köp taýpalaryny birleşdirmek başardýar we XI asyryň başlarynda Norwegiýany birleşdirmek işi umuman alananda tamamlanýar. Emma Norwegiýada korol häkimiýeti berk bolmandyr. Korol Olaw Haraldsson (1016-1028) ýurdundan kowlupdyr we 1030-njy ýylda gozgalaň turzan daýhanlar hem-de begzadalar bilen uruşlarda öldürilipdir. Soňra Norwegiýa wagtlaýynça daniýa koroly Knutyň ägirt uly, ýöne syýasy taýdan gowşak döwletiniň düzümine birikdirilipdir. Şwesiýanyň ýerinde uzak wagtlap iki sany döwlet ýerleşipdir, olaryň biri demirgazykda, merkezi Upsalada ýerleşen sweý taýpasynyň ýerinde, ikinjisi bolsa, günortarakda ýot taýpasynyň ýaşaýan ýerinde dörän döwletlerdi. Bu iki döwlet XI asyryň başynda upsalaly korol Olaf Skýotkonung (takm. 995 - 1020) tarapyndan birleşdirilipdir.

Bu döwürde Skandinawiýa ýurtlaryna hristiançylyk dini hem ýaýrapdyr. Emma ýurtlaryň hristianlaşmagy kynlyk bilen dowam edipdir, sebäbi ilatyň esasy köpçüligi öz durmuşlaryny köneden gelýän urugçylyk zamanynyň köphudaýlylyk ynançlary bilen baglanyşdyrýardy. Skandinawiýa ýurtlarynda hristiançylyk X asyryň ahyrlarynda- XI asyryň başlarynda berkemegi başarypdyr, emma köphudaýlylyk XII asyrda hem

belli bir derejede saklanyp galypdyr. Muňa garamazdan hristiançylygyň täsiri güýçlenipdir. 1103-nji ýyl töweregi Lundada umumy skandinaw arhiýepiskopçylygy esaslandyrylýar.

## § 6 . Angliýa XI asyryň ortalaryna çenli döwürde

**Britaniýadaky Anglosaks korollyklary we orta asyr gatnaşyklarynyň kemala geliş aýratynlyklary.** Taryhy maglumatlar Britan adalarynyň iň gadymy ilatynyň iberileriň bolanlygyny tassyk edýär. Olar esasan Kornuolyň, Irlandiýanyň, Uelsiň hem-de Şotlandiýanyň ýerinde mesgen tutupdyrlar. Iberiler galapyn Solsberi düzlüginden başlanýan baýyrlyklaryň eňňitlerinde ýaşapdyrlar. Ilat esasan oba hojalygy bilen meşgullanyp, esasy zähmet gurallary kätmen bilen pil bolupdyr. Gazuw-agtaryş işleri netijezinde ýuze çykarylan zähmet gurallary we öý esbaplary iberileriň materik bilen, hususan-da, Ispaniýa hem-de Ortaýer deňziniň ýakasynda ýerleşýän ýurtlar bilen giň deňiz we kerwen söwdasyny alyp barandyklaryny tassyklaýar.

Biziň eýýamymyzdan öňki ikinji müň ýyllykda Britaniýa täze taýpalar  çozup girýärler. Angliýanyň rimliler tarapyndan basylyp alynmaklygy-da şu döwre degişlidir. Rim serkerdesi Gaý Ýuliý Sezar b. e. öňki 55-nji ýylda Galliýany eýeläp, öz legionlary bilen Britaniýa hüjüm edip ugraýar. Şol ýylyň tomsunda we 54-nji ýylda iki sany rim legiony Britaniýa çozup, Angiýanyň günortasyndaky ýerleri  eýeleýär.

Rimlileriň agalygy 460 ýyla golaý dowam edipdir. Ýerli ilat olara gazaply garşylyk görkezipdir we rim garnizonlaryny ençeme gezek derbi-dagyn edipdirler. 408-nji ýylda rimliler Britaniýadan çykyp gidensoňlar bu ýerlere Şotlandiýanyň hem-de Irlandiýanyň ýerlerinden keltler çozup giripdirler.  Keltleriň çozuşlaryna brittler ýangynly garşylyk görkezipderler we keltlere garşy uruşlarda germanlaryň  saks taýpasyny kömege

çagyrypdyrlar we olara Kentden ýer bölüp beripdirler. Tiz wagtdan sakslar Britaniýaniýa göçüp gelýän öz kowumdaşlary bolan angllar (ingl, iňlis), ýutlar we frizler bilen birleşip, yurt eýeleri keltlere garşy urşa başlaýarlar. Keltler sakslara berk garşylyk görkezýändiklerine garamazdan, anlosakslaryň hüjümine döz gelip bilmän günbatara, Irland deňzine tarap yza çekilipdirler.

Netijede, Angliýany anglosakslar basyp alypdyrlar we şol ýerlere köpçülikleýin göçüp barypdyrlar. Basylyp alnan ýerlerde keltleriň sany azalypdyr: olaryň bir bölegi ýok edilipdir, ikinji bir bölegi bolsa günbatara gysylyp çykarylypdyr. Keltleriň galan bölegi kontinente - Fransiýanyň günbataryndaky Bretan (Armorika) welaýatyna göçüp gidipdirler. Britaniýada galan keltler barada aýdylanda bolsa, olar germanlar bilen garyşypdyrlar we soňra iňlis etnosynyň – halkyýetiniň düzümine goşulypdyrlar.

VI-VII asyrlaryň anglosakson kanunnamalarynyň berýän maglumatlaryna görä, ýurduň merkezinde we günortasynda ilatyň esasy pişesi ekerançylyk bolupdyr, ýöne maldarçylyk, balykçylyk, awçylyk, şeýle hem käbir etraplarda duz öndürmek, demir we gurşun gazyp almak hem möhüm ähmiýete eýe bolupdyr. Ekerançylykda sürümli ýerler giň ýaýrapdyr. Ýer sürlende köplenç agyr künde ulanylyp, ony adatça 4 ýa-da 8 sany öküz dartypdyr, seýrek halatlarda bir öküz goşulan kündeler hem ulanylypdyr. Sebäbi Angliýanyň topragy gaty toýunsow bolansoň, ýeri diňe 4 ýa-da 8 sany öküz goşulan agyr künde bilen sürüp bolýardy. Angliýanyň merkezi we günorta etraplarynda eýýäm ekerançylygyň iki meýdanly usuly giň ýaýrapdyr. Daýhanlar tarapyndan güýzlik bugdaý, süle, çowdary, arpa, dary we beýleki dänelik ekinler ekilipdir.

Britaniýada mesgen tutan döwürlerinden beýläk, tä orta asyr gatnaşyklary ýüze çykýança anglosakslarda jemagatçylyk gurluşy hokum süripdir we olar ekerançylyk ýerlerine köpçülik – jemagat bolup eýeçilik edipdirler. Şonuň üçin hem IX asyra

çenli Angliýanyň ilatynyň esasy köpçüligini erkin daýhanlar – *kerller* düzüpdir.

Her bir kerliň ygtyýarynda ep-esli ululykdaky ýer paýy – *gaýd* bolupdyr. Munuň özi iňlis obasynda uly patriarhal maşgalalaryň agdyklyk edendigini görkezýärdi. Bu ýagdaýyň özi, Angliýada franklaryň allody ýaly, erkin eýe bolnup bilinýän ýer eýeçiligiň kemala gelmegine päsgel beripdir. Gaýdlara uly maşgalanyň ähli agzalary tarapyndan bilelikde eýeçilik edilipdir. Giçki döwürde uly patriarhal maşgalalaryň eỳeçiligindäki şeýle ýerler, adaty jemagat hukugynda *folklend* (halkyň ýeri) diýlip atlandyrylypdyr. Şeýle ýerleri miras galdyryp, satyp ýa-da aýal ugry boýunça miras galdyryp bolmandyr.

VI-VII asyrlarda kerller erkin bolupdyrlar we olaryň halk ýygnaklaryna gatnaşmaga, ýarag götermäge hukuklary bolupdyrlar. Kerller anglosaks korollyklarynyň nöker goşunlarynyň hem esasyny düzüpdirler.

**Angliýanyň durmuş ýagdaýy. Tabyn ilatyň ýüze çykmagy.** Irki anglosaks kanunnamalary iňlis jemgyýetinde kerllerden başga-da durmuş toparlarynyň bolandygy baradaky maglumatlary berýärler. Kanunnamalarda janlary has ýokary wergeldler bilen goralýan urug begzadalarynyň (*erl*), birneme gijräk bolsa, korol nökerleriniň (*gezit*), şeýle hem gullaryň, ýarym erkin adamlaryň (*let*) we *uilleriň* (anglosakslar tarapyndan boýun egdirilen uelsli keltler) bolandygy hem görkezilýär. Jemgyýetiň aşak gatlagy bolan letler we uiller keseki ýerlerinde oturyp, öz hojaýynlaryna önüm salgydyny töläpdirler, kähalatlarda bolsa, zähmet borçlaryny hem ýerine ýetiripdirler. Olar erlleriň, belli bir derejede bolsa, kerlleriň ýerlerinde zähmet çekýän esasy işçi güýji bolupdyrlar.

VII asyryň ahyryndan başlap anglosaks döwletlerinde orta asyr gatnaşyklary kemala gelip, kerlleriň arasynda emläk deňsizligi ýüze çykyp ugraýar, olaryň bir bölegi ýersizleşip, özüni oňarýan kerlleriň tabynlygyna düşýärler. Emma

Angliýada orta asyr gatnaşyklarynyň we feodal ýer eýeçiliginiň döremeginiň baş şerti korollar tarapyndan nökerlere hem-de buthanalara ýerleriň köpçülikleýin berilmegi boldy. Korollar tarapyndan berilýän şeýle ýerlere eýeçilik hukugy ýörite hatlar bilen resmileşdirilip, ol «*boklend*» (*boc* – hat we *land* – ýer, resmileşdirilip berlen ýerler) diýlip atlandyrylypdyr.

Boklendiň ýüze çykmagy bilen Angliýada iri feodal ýer eýeçiligi döreýär. Şol ýerler elden ele geçip bilýän ýerlere öwrülip, ekerançylyk ýerlerinde oturýan adamlar bolsa, kem-kemden boklendiň eýelerine garaşly bolup ugraýarlar, ýogsam, olar entek, köp wagtlap şahsy erkinliklerini saklap galypdyrlar. Angliýada daýhanlary özlerine tabyn edýän iri ýer eýeleri *glaford* (giçki döwürde «*lord*», ýagny «senýor», «hojaýyn») diýlip atlandyrylypdyr. Emma boklendiň we glafordyň ähmiýetiniň güýçlenýändigine garamazdan, tä XI asyra çenli kerlleriň esasy köpçüligi feodal tabynlygyna düşmändir, urug jemagaty bosa oba jemagatyna öwrülip, öz erkinligini ýitirmändir. Şol sebäpden hem boklende berlen ýerlerde zähmet çekýänler anglosaks kerlleri däl-de, gullar we ýerli ilatdan bolan ýarym tabyn adamlar bolupdyrlar.

Angliýada feodalçylyk gatnaşyklarynyň kemala gelmeginde korolyň häkimiýetiniň täsiri uly bolupdyr. VI asyrdan başlap anglosakslaryň arasynda hristiançylyk dini ýaýrap ugraýar. Şonuň üçin hem feodalçylyk düzgünleriniň kemala gelmegine buthana hem öz goşandyny goşupdyr. Anglosakslaryň hristianlaşdyrylmagy 597-nji ýylda Kentde başlaýar we bu iş VII asyryň ahyryna çenli dowam edýär. Hristian buthanasy özüniň dini abraýy bilen korol häkimiýetiniň berkemeginde uly hyzmatlary görkezipdir. Munuň üçin korollaryň özleri hem ybadathanalara we ýepiskoplara boklenleri sahylyk bilen eçilipdirler.

Angliýada hristiançylygyň iki sany ugry täsir ugrunda özara bäsleşipdirler. Ol ugurlaryň birinjisi, grek-prawoslaw buthanasy bilen bagly bolan irland buthanasy, ikinjisi bolsa

katolik missionerleri tarapyndan esaslandyrylan Rim papasyna tabyn ýerli buthanady. Bäsdeşlikde katolikçilik üstünlik gazanmagy başarypdyr, sebäbi katolikçi ýerli buthana has merkezleşdirilendi we giň syýasy-ykdysady kuwwata eýedi.

Angliýa anglosakslar tarapyndan eýelenilýärkä ýüze çykan wagşy döwletleri öz gurluşlary boýunça harby demokratiýany ýatladýardylar. VI-VII asyrlarda bu döwletlerde korol taýpa serdary ýaly bir zatdy. Bu döwletlerde biri-birinden sähel uzaklykda ýerleşýän obalar birleşip - etrapçalary, etrapçalar hem birleşip ýüzlükleri emele getirýärdiler. Şeýle ýüzlüklerde halk ýygnaklary uly ähmiýete eýedi. IX asyryň başlarynda Angliýadaky korollyklarda has uly dolandyryş-çäk birleşmesi bolan graflyklar (*skir* ýa-da *şaýr*) hem peýda bolýardylar. Olaryň hem her biriniň öz halk ýygnaklary (*mot* ýa-da *gemot*) bardy. Has irkiräk döwürde korollyklarda erkin jemagatçylar-esgerler gatnaşýan umumyhalk maslahatlary hem bolandyr diýlip çak edilýär. Sebäbi, eýýäm bellenilip geçilişi ýaly, korollyklaryň goşunlary uzak wagtlap kerllerden düzülipdir.

Feodal gatnaşyklarynyň ösmegi bilen obalaryň, ýüzlükleriň we graflyklaryň halk ýygnaklarynda esasy orun iri ýer eýeleriniň, glafordlaryň we olaryň gullukçylarynyň eline geçipdir, ýönekeý kerller bolsa öz täsirlerini ýitiripdirler. Graflyklaryň halk ýygnaklarynda korol häkimiýetiniň wekilleriniň - şerifleriň (*şaýrriw*) ähmiýeti artypdyr. Şerifler halk ýygnaklaryna başlyklyk edip gelen öňki urug serdarlary bolan *eldermenleriň* elinden häkimiýetini alypdyrlar Korollyklaryň harby taýdan guralyşynda kerlleriň hem ähmiýeti gaçypdyr, sebäbi korol häkimiýetiniň güýçlenmegi hem-de berkemegi bilen gezit goşunlarynyň (korolyň nökerleri) täsiri artýar.

**Angliýanyň birleşdirilmegi.** Anglosakslar tarapyndan eýelenilenden soň, V asyryň ikinji ýarymyndan - VII asyryň başlaryna çenli döwürde Britaniýanyň ýerinde (bu ýerler soňra

Angliýanyň ýerlerini emele getirdi) birnäçe anglosaks wagşy korollyklary peýda boldy. Ýut taýpasy Angliýanyň çet günorta-gündogarda - Kent, sakslar - adanyň günortasynda we günorta-gündogarynda - Uesseks bilen Susseks, angllar gündogarda - Gündogar Angliýa, demirgazykda – Nortumbriýa we merkezde bolsa Mersiýa korollyklaryny esaslandyrýarlar.

Britaniýada german taýpalary tarapyndan esaslandyrylan bu korollyklaryň ählisi, edil Ýewropada franklaryň, burgundlaryň, westgotlaryň we beýlekileriň döreden irki feodal syýasy birleşmeleri ýaly döwletlerdi. Korollyklar emele gelenden soň olaryň arasynda sebitde *gegemonlyk*[1] ugrunda gazaply göreşler bolup durýardy. VII-VIII asyrlarda bu göreşlerde artykmaçlyk Nortumbiýanyň hem-de Mersiýanyň tarapynda bolýar. Emma VIII asyryň ortalaryndan başlap öňdebaryjylyk eýýäm günorta korollyklarynyň birine – Uessekse (paýtagty Winçester) geçýär. Günortadaky Susseksi, Esseksi we Kenti tabyn edip, uesseks korollary IX asyryň başlarynda Mersiýanyň we Nortumbriýanyň garşylygyny syndyrypdyrlar. 829-njy ýylda Uesseksiň koroly Ekbert ähli anglosaks korollyklaryny boýun egdirip tutuş Angliýany birleşdirýär.




Angliýada merkezleşdirilen döwlet emele gelenden soň halk ýygnagy iri begzadalaryň - magnatlaryň Geňeşi bilen çalşyrylyp, ol *Uitenagemot* (Pähimdarlaryň geňeşi) diýlip

---

[1] *Gegemoniýa* – birinjilik, agalyk, ýolbaşçylyk.

atlandyrylypdyr. Bu geňeşe iňlis korollygynyň ähli iri mülk eýeleri gatnaşypdyrlar we olar korolyň häkimiýetini ep-esli çäklendiripdirler. Magnatlaryň geňeşi kanunlary tassyklapdyr we ýurduň ýokary kazyýetiniň wezipesini ýerine ýetiripdir. Korollary saýlamak ýa-da tagtdan çetleşdirmek hukugy hem şol geňeşiň ygtyýarynda galypdyr we geňeşiň çözgüdi bolmasa, korolyň permanlarynyň güýji bolmandyr. Emma ýurduň birikdirilmegi Angliýany daniýalylaryň salýan howpundan halas edip bilmändir.

**Daniýalylar bilen göreş.** IX asyryň başlarynda anglosakslar Britaniýanyň ýerine birsyhly hüjüm edýän daniýalylar we normanlar bilen uzaga çeken we agyr söweşlere başladylar. Bu uruşlar üç ýüz ýyllap dowam edýär. Daniýalylaryň we normanlaryň ep-esli bölegi Angliýanyň demirgazyk-gündogar böleginde mesgen tutupdyrlar. Olar Günorta-Gündogar Angliýa hem çozuşlary geçirýärdiler.

Bu uruşlarda daniýalylaryň uly üstünlige eýe bolmagynyň esasy sebäbi, anglosaks döwletleri özara oňuşmaýardylar, şonuň üçin hem harby artykmaçlyk hemişe gowy ýaraglandyrylan daniýalylaryň we normanlaryň tarapyndady. Skandinawiýa demir magdanlaryna baýdy. Bu bolsa olara goşunlaryny ýeterlik derejede söweş paltalary, uzyn gylyçlar, sowutlar, demir tuwalgalar, galkanlar bilen üpjün etmäge mümkinçilik berýärdi. Skandinawiýalylaryň köp kürekli gämilerinde ýüze çenli uruşyjyny ýerleşdirip bolýardy. Olar belli bir ýerleri eýeläp, dessine daşyna agaç haýat aýlanan berkitmeleri gurýardylar we basylyp alnan ýurtda ornaşýardylar. Emma anglosakslaryň goşunlary esasan naýzalar we gysga gylyçlar bilen ýaraglandyrylypdyr, sowutlary bolmandyklary üçin bolsa, olar söweşlerde gönden edilen geýimleri geýipdirler.

IX asyryň 60-njy ýyllarynyň aýaklarynda Angliýanyň ep-esli bölegi eýýäm daniýalylaryň elindedi. Daniýalylar bilen uruşlarda anglosakslara günbatar sakslaryň Uesseks korollygy

baştutanlyk edipdir, şonuň üçin hem onuň ýerleri beýleki korollyklardan az zyýan çekipdir. Daniýalylar bilen uruşlar Uesseksiň koroly Alfred Beýigiň (871-900) döwründe aýgytly häsiýete eýe bolýar. Alfred bir tarapdan daýhan ýygynlaryna (*fird*), beýleki bir tarapdan bolsa öz döreden agyr ýaraglandyrylan ownuk mülkdarlaryň atly goşunlaryna daýanmak bilen anglosakslaryň harby güýçlerini berkidip başlaýar. Alfred uly deňiz goşunyny döretmegi we serhet berkitmelerini gurmagy hem başarýar. Bu bolsa anglosakslara daniýalylaryň hüjümleriniň öňünde durup bilmäge mümkinçilik berýär.

Alfred daniýalylary Angliýany ikä bölmek barada şertnama baglaşmaga mejbur edýär. Şertnama boýunça Angliýanyň günorta-günbatary anglosakslaryň, demirgazyk-gündogary bolsa daniýalylaryň («daniýa hukugynyň welaýaty» - ýa-da Denlo) ýeri diýlip ykrar edilýär. Alfred anglosakslaryň ähli köne kanunlaryny ýygnap we olaryň üstüne täzelerini goşup neşir edýär. «Korol Alfrediň hakykaty» adyna eýe bolan kanunnama Angliýada orta asyr gatnaşyklarynyň kemala gelendigine şaýatlyk edipdir. X asyryň ikinji ýarymynda korol Edgar (959-975) daniýalylaryň elindäki Denlo welaýatynyň özbaşdaklygyny ýatyrýar we Angliýanyň ähli ýerlerini ýene-de bir bitewi döwlete birikdirýär.

Emma X asyryň birinji ýarymynda daniýalylaryň hüjümleri gaýtalanypdyr. 1013-nji ýylda Daniýanyň koroly Sweýn Angliýanyň üstüne çozýar. Gazaply we gandöküşikli uruşlaryň netijesinde Angliýa daniýalylara tabyn edilipdir. Uruşlar döwründe ilat köpçülikleýin gyrlypdyr, buthanalar we şäherler talanypdyr, obalar tozdurylypdyr we ýakylypdyr. Angliýanyň gutarnykly tabyn edilmegi 1017-nji ýylda daniýa koroly Knut döwründe bolup geçýär. Onuň döwletiniň düzümine Daniýanyň we Angliýanyň ýerlerinden başga-da, Norwegiýanyň ýerleri hem girizilýär.

Daniýa agalygy Angliýa düýpli özgerişleri getirmändir. Basylyp alnan Angliýada Knut daniýalylar bilen iňlisleriň arasynda tapawut goýmandyr. Ol monastyrlara hemaýat edip, buthanasynyň goldawyny gazanmaga ymtylypdyr. 1035-nji ýylda Knut ölenden soň Daniýanyň agalygyndan azat bolmak ugrunda uruşlar başlanýar. Iňlisleriň azat edijilik hereketine iňlis koroly Etelrodyň ogly Eduard Toba eden (1042-1066) baştutanlyk edýär. 1042-nji ýylda ol Angliýany daniýalylaryň agalygyndan azat edýär.

**IX-XI asyrlarda Angliýad feodalçylyk gatnaşyklarynyň ýagdaýy.** VIII-X asyrlaryň dowamynda anglosakslaryň jemagatçylyk gurluşy dagamagyny dowam etdiripdir. Oba jemagatynyň ygtyýaryndaky ýerler (folklend) bilen bir hatarda, iri begzadalara korol tarapyndan berilýän ýer eýeçiligi (boklend) hem güýçlenýärdi. Bulardan başga-da, korolyň hatlary ýer eýelerine ençeme ýeňillikleri we giň immunitetleri beripdir. Angliýada daýhanlaryň ýer paýlary kem-kemden azalypdyr we eýýäm X asyryň başlarynda *wirgata* (özbaşdak hojalyk paýy - 12,5 ga) adyny göterýärler. Korol mülklerinden gelýän girdejiler onuň hazynasynyň esasy çeşmesi bolupdyr. Mundan başga-da, korolyň ilatdan goşun salgydyny – *firmany* talap etmäge-de hukugy bolupdyr. Daniýalylaryň çozuşlary daýhan hojalyklaryna ýaramaz täsir edipdir we bu ýagdaý olaryň ykdysady taýdan gowşamagyna hem-de tozmagyna getirýär. Bulardan başga-da, daýhanlar döwlet borçlaryny (galalary, köprileri, ýollary gurmak) ýerine ýetirmek üçin köp wagtlaryny sarp edýärdiler, feodal ýygynlarynda garawulçylyk gullugyny ýerine ýetirýärdiler. Netijede, ykdysady taýdan gowşan daýhan oba jemagatlary begzadalaryň «howandarlygyna» düşýärdiler, ýagny jemagat ýerleri olaryň ygtyýaryna geçirilýärdi – kommendasiýa edilýärdi.

Daýhanlaryň oba jemagatlary bilen goňşyçylykda ýerleşýän iri ýer eýesine – lendlora baglylygy döwlet

häkimiýeti tarapyndan immunitet, ýagny lordyň içki işlerine döwlet häkimiýetiniň gatyşmazlygyna hukuk berýän korol hatynyň esasynda kanunlaşdyrylypdyr. Immunitet hukugyny alan iri ýer eýesiniň tabynlygyna düşen daýhan *sokmen* diýlip atlandyrylypdyr. Sokmen şindi erkin hasaplanypdyr: ol öz ýerine eýelik etmegini dowam etdiripdir, hat-da ol mülkden hem gidip bilýärdi. Emma kazyýet taýdan şeýle daýhan iri ýer eýesine bagly bolup galypdyr. Bu bolsa lendlordlara daýhany kem-kemden ol ýa-da beýleki tölegler ýa-da borçlar arkaly özlerine bergi-borçly adama öwürmäge mümkinçilik beripdir. Korol häkimiýeti hem öz nobatynda, daýhanlary hukuksyz gatlaga (krepostnoý) öwürmäge ýer eýelerine işjeň hemaýat etmegini dowam etdiripdir.

Şeýlelikde, anglosaks jemgyýetinde daýhanlaryň şeýle toparlary bolupdyr: geburlar – bular ekerançylyk ýerlerini we zähmet gurallaryny ýer eýeleriniň özünden alýan ýersiz erkin adamlar bolup, olara işläp bermeklik we önüm görnüşinde salgyt tölemeklik buýrulypdyr. Iri ýer eýeleriniň hojalygynda zähmet çekýän gullar we ýer paýy lorduň ygtyýaryna geçen garyplar hem hukuk taýdan geburlara golaý bolupdyrlar. *Kotterler* (*kossetller*) – bular ujypsyzja ýer paýy bolan daýhanlardy. Genitler – bular bolsa ýerleriň korol tarapyndan boklend edilip berilmegi netijesinde feodal garaşlylyga geçen daýhanlardy. Olar önüm salgydyny töläpdirler we agyr bolmadyk zähmet borjuny ýerine ýetiripdirler. Genitleri berkitmeleri abatlamak işlerinde, harby gullukda ulanypdyrlar, olar korolyň emeldarlaryny azyk bilen üpjün etmäge borçlandyrylypdyr.

Emma X-XI asyrlarda anglosaks jemgyýetiniň feodallaşýandygyna garamazdan, bu hadysa entek tamamlanmandyr we daýhanlaryň 50% golaýy, ylaýta-da Angliýanyň demirgazyk-gündogar etraplarynda we daniýa obalarynyň zolagynda erkin bolupdyr. Şeýlelik bilen, gürrüňi edilýän döwürde entek erkin daýhanlar bilen ownuk ýer

eýeleriniň arasynda düýpli tapawut bolmandyr. Hatda feodallaryň özleri hem erkin daýhanlaryň ýokary gatlagyndan doly saýlanmandyr. Dowam edýän şeýle ýagdaý bilen korol häkimiýeti ylalaşmaly bolupdyr. Sebäbi daşky howp koroly ownuk we orta ýer eýeleri, şeýle hem erkin daýhanlar bilen bilelikde hereket etmäge mejbur edipdir. Bularyň barysy Angliýada jemgyýetiň feodallaşmak hadysasynyň haýal dowam edýändigini we feodal gatnaşyklarynyň kemala gelmeginiň şindi tamamlanmandygyny görkezipdir.

## § 7. Ispaniýa VIII-XI asyryň ortalarynda

**Ispaniýanyň musulmanlar tarapyndan basylyp alynmagy.** VII asyryň ahyrlaryna çenli araplar Wizantiýanyň Demirgzyk Afrikadaky mülklerini eýelemegi tamamlaýarlar we ilki 709-njy ýylda, soňra bolsa 711-nji ýylda olaryň goşun bölümleri bogazdan geçip Westgot korollygynyň ýerine aralaşýarlar. Araplardan başga-da basybalyşlara Demirgazyk Afrikanyň ilaty bolan täzelikde Yslamy kabul eden berberiler hem gatnaşypdyrlar. Westgot goşunlarynyň sany araplaryňkydan has köp bolupdyr, emma, muňa garamazdan, olaryň goşunlary ilkinji uly söweşde araplar tarapyndan derbi-dagyn edilýär. 714-nji ýyla çenli korollygyň ähli uly galalary basylyp alynýar. Araplar we berberiler (olary Ýewropada mawrlar diýip atlandyrýardylar) westgotlaryň Pireneý daglaryndan demirgazykdaky ýerlerini hem eýeleýärler. Araplaryň Frank döwletiniň jümmüşine aralaşmaga eden hüjümleri Karl Martell tarapyndan saklanypdyr. Westgot döwletiniň şeýle ýagdaýa düşmegine we onuň araplar tarapyndan basylyp alynmagyna ýurduň içinde dowam edýän çylşyrymly durmuş-syýasy wakalary sebäp bolupdyr. Westgot korollary ýurtda ýowuz düzgünleri girizipdiler we ýerli daýhanlar dürli borçlar we salgytlar bilen tabyn edilipdi. Begzada toparlary häkimiýet ugrunda ýangynly göreşýärdiler

we ýagdaý şeýle bolansoň, westgotlarda tagty miras almagyň hukuk kadalary kemala gelip ýetişmändir. Katolik buthanasynyň hökmürowanlygy dünýewi begzadalarynyň bir böleginde, şeýle hem ýurtda ýaşaýan arianlaryň we ýahudylaryň ýiti nägileligini döredýärdi. Şol sebäpden hem ilatyň agramly bölegi araplaryň basybalyşlaryna parhsyz garapdyrlar, ýokary gatlaklaryň käbirleri bolsa araplara bu işde belli bir derejede ýardam edipdirler. Araplara diňe ýarym adanyň demirgazygyndaky daglyk eytraplarynda (bu ýerlerde soňra ispan-hristian döwletleri döredi) degerli garşylyk görkezipdirler.

**Musulman Ispaniýasy.** 755-nji ýyla çenli musulman Ispaniýasy ýa-da *al-Andalus* Omeýýalaryň halyflygynyň düzümine giripdir. Emma, haçan-da, häkimiýet Abbasy halyflarynyň eline geçende, synan omeýýalar nesilşalygynyň wekili Abdyrahman al-Andalusda emiriň häkimiýetini öz eline almagy almagy başarýar. Kordowa şäheri onuň paýtagtyna öwrülýär. 929-njy ýylda emir Abdyrahman III musulman Ispaniýasynyň doly garaşsyz döwlete öwrülmegini gazanýar we özüni halyf[1] diýip yglan edýär. X asyr al-Andalusyň syýasy taýdan kuwwatynyň ýokary derejelere ýeten döwri boldy, ýöne eýýäm şu döwürlerde başlan feodal dagynyklygy, 1008-1031-nji ýyllarda özara uruşlaryň we tagt agdarylyşyklaryň bolmagyna sebäp boldy. Netijede, öňki al-Andalusyň ýerinde köp sanly ownuk beglikler (*taýf*, taýpa) peýda boldy. Şolardan iň ulylary Kordowa, Toledo, Sewilýa, Walensiýa we Saragos taýflarydy.

Irki orta asyrlarda musulman Ispaniýasy ykdysady taýdan Ýewropanyň gülläp ösen ýurtlarynyň birine öwrülýär. Ýurduň günortasynda ýokary derejede ösen suwaryş ulgamlary döredilip, ekerançylyk pudagynda ýokary hasyl berýän adaty ekinler (dänelik ekinleri, üzüm we başgalar) ekilipdir we

[1] Şol sebäpden hem musulman Ispaniýasy öz döwründe Kordowa halyflygy adyna-da eýe boldy.

täzeleri (şekerçiňrik, şaly, gowaça, käbir gök we bakja ekinleri, miwe agaçlary) ekin dolanyşygyna girizilipdir. Ispaniýanyň merkezi etraplarynda dowardarçylyk giň gerime eýe bolupdyr. Araplaryň agramly bölegi eýýäm söwda-senetçilik merkezlerine öwrülen şäherlerde ornaşypdylar. Al-Andalus öz matalary, külalçylyk önümleri, metaldan we gönden öndürilen harytlary bilen şöhratlanypdyr. Musulman dünýäsiniň beýleki sebitleri bilen çylşyrymly gatnaşyklaryň saklanyp galandygyna garamazdan, musulman Ispaniýasy Orta ýer deňzinde, şeýle hem Müsür, Wizantiýa, Ýewropa, hatda Merkezi Aziýa we Hindistan bilen gyzgalaňly söwda gatnaşyklaryny alyp barypdyr. Al-Andalusyň ykdysady abadançylygy tä XV asyra çenli ol hristianlar tarapyndan doly eýelenýänçä dowam edýär we onuň baý şäherleri ýörişleri geçirmek üçin hemişe özüne çekip durupdyr.

Musulman Ispaniýasynyň durmuş gurluşy bu ýerde feodalçylygyň özboluşly ýerli nusgasynyň bolandygyna şaýatlyk edýär. Ekerançylyk pudagynda ownuk daýhan hojalygy agalyk edipdir we iri mülkler düýbünden diýen ýaly bolmandyr. Hristian ýurtlaryndan tapawutlylykda, al-Andalusda daýhanlar ekerançylyk ýerlerine berkidilmändir we şahsy tabynlygyň agyr zulmuna sezewr edilmändir. Daýhanlar esgerlere, emeldarlara, köşk adamlaryna berilýän gulluk ýerlerini kärendesine alýardylar we kärende tölegi hökmünde öndüren önümleriniň 2/3 bölegini tabşyrýardylar. Daýhanlar ep-esli mukdardaky salgydy döwlet hazynasyna-da töleýärdiler. Günbatar Ýewropanyň irki orta asyr döwletlerinden tapawutlylykda, tölegler esasan pul görnüşinde alnypdyr.

Al-Andalusyň syýasy taýdan ösüşi häkimiýetiň merkezleşdirilendigine we ösen dolandyryş edarasynyň bolandygyna garamazdan, hatda halyflyk döwründe-de özuniň durnuksyzlygy bilen tapawutlanypdyr. Aýry-aýry ýerleriň, aýratyn hem gyrak çetleriň hökümdarlary, köplenç halatlarda Kordowadan içki özbaşdaklygy gazanypdyrlar. Araplaryň dürli

taýpalarynyň, araplaryň hem-de berberileriň arasynda ýüze çykýan dürli oňşuksyzlyklar zerarly, hemişe topalaňlar turup durupdyr. Araplar bilen basylyp alnan ýerleriň ilatynyň arasyndaky gatnaşyklar hem ýönekeý bolmandyr. Ilatyň ep-esli bölegi musulmançylygy kabul edipdir, beýleki bir bölegi bolsa hristian dinini saklap, mawrlaryň dilini we medeniýeti özleşdiripdirler (olary *mosarab,* ýagny araplaşan diýip atlandyrypdyrlar). Muňa garamazdan, ilatyň şu bölegi doly derejede erkin bolmandyr we olar häli-şindi gozgalaň turzup durýardylar. Şeýle gozgalaňlaryň esasy merkezi Toledo şäheri bolupdyr.

Musulman Ispaniýasynyň ýokary derejede ösen şäher siwilizasiýasy irki orta asyrlarda Günbatar Ýewropanyň geljekki medeni ösüşleri üçin binýat bolup hyzmat edipdir. Kordowanyň, Sewilýanyň, Toledonyň dünýewi we dini mekdeplerinde hukuk, filosofiýa, taryh ylymlary öwrenilipdir, üstesine-de, bu ýerlerde hristiançylyk Ýewropasyndan bolan adamlar hem bilim alýardylar. Kordowaly halyflaryň kitaphanasynda saklanýan kitaplaryň sany 400 müňe ýetip, olaryň arasynda antiki döwrüň we wizantiýaly awtorlarynyň terjimeleri hem saklanylypdyr. Gyzykly ýeri, şol kitaplaryň arasynda alysdaky Merkezi Aziýanyň alymlarynyň (al-Horezmi, Ibn Sina, al-Biruni we başgalar) eserleri hem bar eken. Andalusly alymlaryň we terjimeçileriň işleri orta asyr ýewropa ylmynyň kemala gelmeginde aýgytly orun eýeläpdir; arap-ispan edebiýatynyň wakalaryny we usullaryny beýleki ýurtlaryň ýazyjylary, şahyrlary işjeň ulanypdyrlar; arap diliniň söz baýlyklary ähli ýewropa dillerini, öňi bilen bolsa ispan we portugal dillerini baýlaşdyrypdyr.

**Ispan-hristian döwletleriniň döremegi we Rekonkistanyň başlanmagy.** 709-714-nji ýyllaryň ýörişlerinde araplar Kantabriý daglarynyň, Pireneýleriň we Biskaý aýlagynyň aralygynda ýerleşýän uly bolmdyk ýerleri

eýeläp bilmändirler. Kantabr, astur, bask[1] ilatynyň ýaşaýan bu ýerlerini, öz döwründe rimliler hem, gotlar hem basyp alyp bilmändirler. Olaryň ýurdunda feodalçylyk gurluşy hem ýaýramandyr. Arap basybalyşlary döwründe Asturiýa gaçyp gelen westgot goşunlarynyň uly bolmadyk galyndylary ýerli ilatyň goldawuna eýe bolupdyr. Araplara garşy göreşiň iň soňky galyndysy bolan bu toparlanyşygy ýok etmek üçin 718-nji ýylda bu ýere ugradylan arap goşunlary Kowadonga diýen ýerde derbi-dagyn edilýär. Ýeňijilere got patyşasynyň garyndaşy Pelaýo baştutanlyk edipdir we ol Asturiýanyň koroly diýlip yglan edilýär. VIII asyrý 50-nji ýyllarynyň ahyrynda al-Andalusdaky özara uruşlardan peýdalanyp, asturiýaly korollar araplaryň elinden birnäçe ýerleri gaýtaryp alýarlar. Şol ýerleriň bir bölegi (Galisiýa) Asturiýanyň düzümine goşulýar, beýleki bölegi bolsa tozdurylýar. Netijede, Asturiýa bilen al-Andalusyň arasyndaky araçäkde ilat ýaşamaýan boş zolak emele gelýär. Boş ýatan bu ýer zolagy Asturiýany araplaryň çozuşyndan gorapdyr, beýleki bir tarapdan bolsa, geljekde özleşdirmek we ilatlaşdyrmak üçin hristianlara goşmaça ýer gaznasy bolup hyzmat edipdir. Musulmanlar tarapyndan basylyp alnan ýerleriň ispan-hristian döwletleri tarapyndan gaýtarylyp alynmagy *Rekonkista*[2] adyna eýe boldy.

Rekonkistanyň durnukly ýagdaýda dowam etmegi we onuň ahyrsoňunda XV asyrda ýeňiş bilen tamamlanmagy hristian ýerleriň ilatynyň ähli toparlarynyň bu herekete bolan işeňňir gyzyklanmasy bilen düşündirilýär. Basyp alyşlar döwründe feodallar täze ýerlere, eýelenen ýerlerde wezipelere we dolandyryşa eýe bolýardylar, merkezi häkimiýet babatynda öz şahsy özbaşdaklyklaryny berkidýärdiler. Katolik buthanasy diňe bir giň ekerançylyk ýerlerine eýe bolman, eýsem basylyp alnan musulman ýerlerinde täze buthanalary, monastyrlary, ýepiskoplyklary döretmäge mümkinçilik alýardy, hristianlary

---

[1] Pireneý ýarym adasynyň awtohton, ýagny ýerli ilaty.
[2] *Reconquista* (ispan.) – gaýtaryp almak.

musulmanlara garşy uruşlara ruhlandyrmak bilen ol jemgyýetde we günbatar ýewropaly hökümdarlaryň arasynda öz dini-syýasy abraýyny artdyrýardy. Al-Andalusyň üstünden gazanylýan ýeňişler korollaryň hazynasyny baýlaşdyrýardy, onuň abraýyny diňe bir döwletiň içinde däl, eýsem halkara giňişlerinde hem berkidýärdi. Bu herekete giň daýhanlar köpçüligi hem gatnaşýardy we olar täze eýelenilýän ýerlerde özlerine feodal tabynlygyndan dynç, erkin durmuş garaşýandyr öýdýärdiler. Rekonkistanyň döwründe esaslandyrylýan şäherlere ýa-da olaryň musulmanlaryň elinden alynýanlarynda şäherlilere uly ýeňillikler berlipdir. Umuman alnanda, Rekonkista gatnaşyjylaryň ählisini esasan baý oljalary almak islegleri birleşdirýärdi.



Rekonkistanyň döwürleri

Rekonkista tas sekiz asyrlap dowam edip, Ispaniýanyň taryhynyň dürli döwürlerinde onuň öz aýratynlyklary boldy. Mysal üçin, VIII asyryň ortalaryna çenli Asturiýanyň Rekonkistasy üçin ilaty günortadan demirgazyga göçürmek, korollygyň içki etraplaryny uruşlar zerarly tozan ýerleriň, şeýle hem gaçyp gelen mosarablar tarapyndan ilatlaşdyrmak häsiýetli bolupdyr. IX asyryň ortalaryna çenli ilat ýaşamaýan serhetýaka ýerleri özleşdirmek aýry-aýry daýhan hojalyklary we mülkdarlar tarapyndan amala aşyrylypdyr. Emma, haçan-da, Rekonkista araçäge - ilat ýaşaýan ýerlere ýetende ýa-da galalaryň we şäherleriň alkymyna gelende, bu işe ýolbaşçylygy korol häkimiýeti öz üstüne alýar.

VIII asyryň ahyrynda Asturiýa korollygyndan başga-da, Pireneý ýarym adasynda Rekonkistanyň ýene-de bir merkezi – franklaryň mülkleri döreýär. 778-nji ýylda Beýik Karlyň Saragosa ýörişi şowsuz tamamlanan bolsa-da, tiz wagtdan franklara häzirki Kataloniýanyň ýerlerini eýelemek başardýar. Şol ýerde merkezi Barselona bolan Ispan markasy esaslandyrylýar. Asturiýanyň, Kataloniýanyň we arap mülkleri bilen aralykdaky daglyk etraplar elden-ele geçip durupdyr we soňra IX-X asyrlaryň dowamynda bu ýerde Nawarra korollygy we Aragon graflygy döreýär. Şeýlelikde ýarym adanyň tutuş demirgazygy araplaryň elinden gaýtarylyp alnypdyr.

X-XI asyryň başlarynda Ispaniýanyň syýasy kartasynda möhüm üýtgeşmeler bolup geçýär. Karolingleriň imperiýasy darganyndan soň Ispan markasynyň ýerinde özbaşdak Barselona graflygy döredi. Asturiýanyň korollary Duero derýasyndan demirgazykda ýerleşýän birnäçe iri şäherleri mawrlaryň elinden alyp, öz paýtagtlaryny Owýedo şäherinden Leona geçirýärler. X asyryň ikinji ýarymynda Kordowa halyflygynyň gülläp ösen döwründe Rekonkista togtadylypdyr. Musulman goşunlary meşhur serkerde al-Mansuryň serkerdeliginde Asturiýa-Leon korollygynyň we Barselona graflygynyň ýerlerini tozdurypdyrlar. Bu döwürde Leondaky korol häkimiýeti gowşaýar we ýurdüň gündogardaky dagynyk ýerlerini birleşdirmegi başaran Kastiliýa graflarynyň täsiri güýçlenýär. 1035-nji ýylda Aragon bilen Kastiliýa korollyga öwrülýärler. 1037-nji ýylda kastiliýaly korol Ferdinand I Leon korolynyň goşunlaryny derbi-dagyn edip, hristian Ispaniýasyny öz golastyna gecirýär. Şeýlelikde, XI asyryň 30-njy ýyllarynyň ahyryna çenli Pireneý ýarym adasynda Kastiliýa[1], Nawarra, Aragon korollyklary, Barselona graflygy we otuza golaý musulman beglikleri ýerleşipdir.

---

[1] Ylmy edebiýatda hristian Ispaniýasynyň günbataryndaky döwletleri Asturiýa-Leon (VIII-XI asyrlar) we Leon-Kastiliýa (XI-XIII asyrlar) korollyklary diýip atlandyrmak kabul edilendir.

**Asturiýa-Leon korollygynyň durmuş-ykdysady we syýasy gurluşy.** Pireneý ýarym adasynyň demirgazygynyň Kataloniýanyň kenarýakasyndan galan bölegi rim döwrüniň hem, westgotlaryň döwrüniň hem yzagalak künjegi bolup galypdyr. Arap basybalyşlary, ýurduň günortadan yzygider geçirilýän çozuşlar sebitiň ykdysady ösüşine päsgel beripdir. XI asyra çenli Asturiýa-Leon korollygy az ilatlaşan ekerançylyk ýurdy bolup galýardy. Biri-birinden ep-esli daşlykda ýerleşýän obalaryň ýaşaýjylary dänelik (bugdaý, arpa) we tehniki ekinleri (zygyr, kenep) ösdürip ýetişdirmek bilen meşgullanypdyrlar. Rekonkistanyň täsiri bilen maldarçylyk giň gerime eýe bolupdyr. Maldarçylyk ekerançylyk bilen deňeşdirilende az işçi güýjüni talap edýärdi, üstesine-de, howsalaly döwürlerde mallary howply ýerlerden tiz sürüp äkidip bolýardy. Bu ýerleri az ilatlaşansoň mal bakmak üçin giň öri meýdanlary bardy. Musulmanlara garşy uruşlaryň söweş atlaryny talap edýändigi üçin Asturiýa-Leonda gylýalçylyk pudagy has-da ösüpdir. Bu korollykda balykçylyk, duz gazyp almak ýaly önümçilikler, öý we mülk senetçilikleri giň gerime eýe bolupdyr. Emma söwda gowşak ösüpdir.

Asturiýa-Leon korollygynyň durmuş gurluşy feodalçylyk jemgyýetiniň kemala gelip ugramagy bilen häsiýetlendirilýär. Bu ýerde tabyn daýhanlar kantabr-bask jemagatçylarynyň hukuksyzlaşnagyndan, arap basybalyşlary zerarly günortaly tabyn daýhanlaryň demirgazyga göçürilmeginden we ýesir düşen mawrlaryň ýere berkidilmeginden kemala gelipdirler. X asyryň ortalarynda korollykda feodal ýygymlaryň we salgytlaryň takyk ulgamy hem döreýär. Ýer eýeçiligi boýunça tabyn edilen daýhanlar (*hunýores de eredad*, *solarýegos*) ýer salgydyny töläpdirler, zähmet borçlaryny ýerine ýetiripdirler. Şahsy taýdan tabyn daýhanlar (*hunýores de kabesa, kolýasos*) bolsa, agzalyp geçilen salgytdan we borçdan başga-da, jan başyna salgyt, emläge eýe bolmaga hukuk üçin ýygym, mülkden daşarda nikalaşýandygy üçin töleg töläpdirler. Emma

feodal borçlaryň köp hem-de agyr bolandygyna garamazdan, Asturiýa-Leon korollygynda tabyn daýhançylygyň berk hem-de agyr görnüşleriniň kemala gelmegi üçin şertler döremändir. Üstesine-de, erkin daýhanlar goşunyň üstüni doldurmak üçin möhüm çeşme bolup hyzmat edipdir, şol sebäpden hem döwlet häkimiýeti erkin daýhanlaryň sanynyň köp bolmagy hakynda aladalanypdyr. X asyrdan başlap kastiliýaly graflar hatda söweş atyny we harby esbaplary edinmäge mümkinçiligi bolan erkin daýhanlara käbir artykmaçlyklary hem beripdirler. Munuň özi şeýle daýhanlaryň (*kabalýeros-wilýanos*) agalyk ediji toparlaryň aşaky gatlaklary bilen goşulyşmagyna getiripdir. Erkin daýhanlar al-Andalusdan boş ýerlere getirilýän mosarablaryň hasabyna-da köpelipdir.

Asturiýa-Leon korollygynyň ýokary gatlagyny dünýewi begzadalar, orta we ownuk feodallar (*infanson*), iri ruhanylar düzüpdir. Iri mülkleriň esasy köp ýaýran ýerleri Galisiýa, ownuk daýhan hojalyklarynyňky bolsa Kastiliýa bolupdyr. Bu döwlet entek irki feodal döwleti bolup galypdyr. Şonuň üçin hem VIII asyrda korol şol bir wagtyň özünde erkin daýhanlardan düzülen goşunlaryň harby serdarynyň wezipesini hem ýerine ýetiripdir, diňe X asyrda ýokary häkimiýeti miras almagyň düzgünleri kemala gelipdir. Bu döwürde merkezi we ýerli häkimiýetiň ýönekeý ulgamy (korol geňeşi, köşk graflary, ýerlerdäki kazylar we graflar) ýüze çykypdyr. Döwletiň harby gurluşynda feodal nöker goşunlary bilen bir hatarda, daýhan nöker goşunlary hem uly orna eýe bolupdyr. Korollykda immunitetiň gowşak ýaýramagy, benefisileriň (ol Ispaniýada *prestimoniýa* diýlip atlandyrylypdyr) feoda öwrülmeginiň haýal dowam etmegi we korolyň şahsy mülkleriniň (domen) mawrlaryň elinden alnan ýerleriň hasabyna berkemegi - feodal gatnaşyklarynyň esasy aýratynlygy bolupdyr. Munuň özi merkezi häkimiýetiň umuman alnanda durnukly bolup galamagyna uly täsir edipdir. Bulardan başga-da, daşarky howpuň saklanyp galmagy, ýokary gatlaklara iri feodallara

merkezi häkimiýete garşy bölünişikçilik syýasatyny ýöretmäge mümkinçilik bermändir. Şunuň netijesinde, ýurtda feodal dagynyklyk höküm sürse-de, ol Ispaniýanyň döwlet bitewiliginiň ýitirilmegine getirmändir.

**Kataloniýa, Nawarra we Aragon döwletleri.** IX asyrda Ispan Markasynyň esasynda frank hökümdarlarynyň dikmeleri tarapyndan dolandyrylýan birnäçe graflyklar döreýär. Olaryň arasynda iň kuwwatlysy Barselona graflygy bolup, şol ýerde IX asyryň soňky çärýeginde Wifrid Saçly tarapyndan esaslandyrylan dinastiýa berkeýär. Frank döwleti dargandan soň Ispan Markasy Fransuz korollygynyň düzümine goşulýar. Wagtyň geçmegi bilen onuň özbaşdaklygy kem-kemden berkäpdir we haçan-da, Karolingleriň dinastiýasy ýatyrylandan soň, Ispan Markasynyň graflary Gugo Kapeti korol diýip ykrar etmekden boýun gaçyrýarlar. Şu döwürden başlap olaryň fransuz tagtyna tabynlygy juda peselýär, ýogsam olar hukuk taýdan Fransiýa tabynlygy 1259-njy ýyla çenli dowam edipdir. XI asyrda Ispan Markasynyň ýerleri Barselona garflygynyň syýasy häkimiýetine birleşdirilip başlaýar. Soňky döwürlerde bu ýerler «Kataloniýa» ýa-da «Kastiliýa» diýlip atlandyrylyp, bu atlaryň ikisi hem «galalar ýurdy» diýen manyny aňladypdyr.

Kataloniýa hem Rekonkista hereketine goşulypdyr. Üstünlik bir gezek Kataloniýanyň tarapynda bolan bolsa, soňra ol araplaryň eline geçipdir. X asyryň ortalarynda kataloniýaly graflyklar Kordowa halyflygynyň wassallaryna öwrülipdirler we onuň bilen gyzgalaňly söwda gatnaşyklaryny alyp barypdyrlar. 985-nji ýylda araplar Barselona duýdansyz çozup, ony tozdurýarlar, emma XI asyryň başlarynda üstünlik hristianlaryň tarapyna geçýär. XII asyryň başlarynda hristianlar bilen bilen musulmanlaryň arasyndaky serhet Ebro derýasyna tarap günorta süýşürilýär, käbir musulman emirleri, şol sanda Saragossanyň emiri bolsa Barselonanyň graflaryna paç töläpdirler.

Irki orta asyrlarda Asturiýa-Leon korollygyndaky we Kataloniýadaky düzgünler bilen deňeşdirilende, Nawarrada we Aragonda yzagalak jemgyýetçilik gurluşy höküm sürüpdir. Bu sebit döwründe rimliler tarapyndan gowşak özleşdirilipdir, westgotlaryň hem-de franklaryň täsiri hem ýüzleý bolupdyr. Gürrüňi edilýän döwürde bu ýerde bask dilli ilat agdyklyp edip, olar haýal romanlaşypdyrlar. Feodalçylyk gurluşy bilen baglanyşykly ýer eýeçiligi uly derýalaryň jülgelerinde ösüpdir, daglyk etraplarda bolsa daýhanlaryň erkin oba jemagatlary ýaýrapdyr. Agalyk ediji gatlagyň kemala gelmegi, onuň feodalçylyk döwri üçin häsiýetli bolan iýerarhiýa gurluşynyň kemala gelişi yza galypdyr.


Kordowadaky Alkasar köşgi

X-XI asyrlaryň sepgidinde paýtagty Pamplonada ýerleşen we düzümine düzümine Aragon bilen Kastiliýa hem goşulan Nawarra korollygy Beýik Sançonyň döwründe güýçli döwlete öwrülipdir. 1035-nji ýylda Sanço ölenden soň onuň döwleti dargaýar. Özüniň güýçli goňşylary tarapyndan araplar bilen araçäk ýerlerinde gysylyp çykarylan Nawarra ýuwaş-ýuwaşdan Rekonkista gatnaşmakdan çetleşýär. Mundan beýläk onuň ykbaly Fransiýanyň ykbaly bilen aýrylmaz baglanyşýar. Emma, tersine, Aragon döwleti XI asyrda Ebro derýasynyň boýundaky musulman emirlikleriniň hasabyna öz ýerlerini giňeldip, yzygider hüjüm ediş syýasatyny ýaýbaňladyrýar. Netijede, daşary syýasatdaky maksatlaryň Barselona graflygynyňky bilen meňzeşligi olaryň XII asyrda bitewi döwlete goşulmaklaryna getirýär.

## § 8. Kiýew Rusy IX-XII asyrlarda

**IX-XI asyrlarda Kiýew Rusunyň ykdysady ýagdaýy.** Gadymy Rus döwletinde senetçilik bilen meşgullanýan hünärmentçileriň 60 gowrak görnnüşli işleri ýerine ýetirýän toparlary bolupdyr. Şonuň üçin hem şäherlerde demir ussaçylygy, ýarag ýasamaklyk, mis we kümüş şaýy pullaryny ýasamak, külalçylyk, daş işläp bejermek, deri we gön eýlemek, aýna ýasamaklyk ýaly senetçilik işleri giň gerime eýe bolupdyr.

Kiýewli Rusunda ilatyň zergärçilik, ädikçilik, agaç ussaçylygy, dokmaçylyk, tikinçilik bilen meşgullanandyklary hakynda baý maglumatlar saklanyp galypdyr. Hatda şol zamanlarda senetçiligiň hünärmentçiligiň hataryna dini suratlary çekmek we kitaplary göçürmek hem giripdir.

Arheologlaryň geçiren barlaglary netijesinde köp sanly gymmatly maddy maglumatlar ele salyndy. Olaryň arasyndaky senetçilik önümleriniň tapyndylary rus senetçilik önümleriniň günbatar Ýewropadaky şol wagtky senetçilik önümlerinden birjikde pes durmandygyny aýdyň görkezýär. Şeýle häsiýetli ýagdaý polatdan, altyndan edilen önümlerde, gazma nagyş bilen süňkden ýasalan zatlarda, aýakgap harytlarynda aýdyň görünýär. Gündogar ýurtlarynda we Günbatar Ýewropada şeýle harytlar uly islegden peýdalanypdyr. Şäherlerde hünärment senetçileriň birleşmeleri emele gelipdir. Muňa mysal edip demirçileriň we agaç ussalarynyň birleşmelerini görkezmek bolar.

IX-XI asyrlarda oba hojalygynda-da düýpli özgerişilikler bolupdyr. Ilkidurmuş jemgyýetçilik durmuşynyň ýagdaýlaryna garanda bu döwürde oba hojalyk gurallary kämilleşipdir. Günorta ýerlerde gara toprakly ýerleri goşa öküze goşulan kündeler arkaly işläp

bejeren bolsalar, demirgazykda azal ýekeje ata goşulyp, ýer sürümi alnyp barylypdyr. Gadymy Rusuň ykdysadyýeti XI asyrda has hem rowaçlanypdyr. Esasy ekerançylyk guraly azal we günorta etraplarda ulanylýan azala ýakyn bolan künde gurallary bolupdyr.

Rus ýerlerinde ekilen ekinler hakynda «Igoryň polky hakynda hekaýat» atly gadymy ýazuw ýadygärligi baý maglumatlary berýär. Onda berilýän maglumatlara görä, gadymy ruslar bugdaý, dary, noýba, arpa, süle ekipdirler. Zygyr bilen kenep ýaly ekinler bolsa ýetişdirilýän oba hojalyk önümleriniň içinde köp mukdarda öndürilýänleriniň hataryna giripdir.

Hasyly demirden ýasalan orak we aňňal bilen ýygypdyrlar. Dänelik ekinleri tehniki taýdan işlänlerinde el degirmenlerinden peýdalanypdyr. Dänelik ekinleri we ätiýaçlyk önümleri ýörite ýerzeminlerde saklapdyrlar. Suw bilen işleýän degirmenler, biraz gijiräk, ýagny, XIII asyryň başlarynda ýüze çykypdyr.

Iri feodal hojalyklarynda bakja ekinleri ekilýän ýerler we gür baglar bolupdyr. Şol hojalyklarda ýer işlerini kätmen we pil bilen işläp bejeripdirler. Knýaz we buthana hojalyklarynyň süri-süri mallary we gylýallary bolupdyr. Hojalykda öküz, sygyr, goýun, geçi, doňuz ýaly öý haýwanlaryndan başga-da towuklary, ördekleri, gazlary, kepderileri ösdürip ýetişdiripdirler.

Rusda senetçilik we hünärmentçilik ösüpdir. Senetçileriň ýasan demir ýaraglary, oba hojalyk we durmuş gurallary döwletiň daşynda-da, içinde-de uly islegden peýdalanypdyr. Netijede, senetçiligiň we söwdanyň ösmegi Rus şäherleriniň öňe saýlanmagyna getiripdir. Meselem, IX-X asyrlarda Rusda 24 sany şäheriň bolandygy aýdylýar. Olaryň hatarynda Nowgorody, Smolenskini, Kiýewi, Çernigowy görkezip bolar. Umuman alnanda IX asyryň ortalarynda emele

gelen Rus döwletinde VIII-XI asyrlarda feodalçylyk gatnaşyklary ep-esli ösüpdir. Soňraky ýyllarda onuň kuwwaty ösüp, has hem ýokary galýar.

**«Rus hakykaty».** Ýaroslaw *Mudrynyň* (Paýhasly – 1019-1054) döwründe Rus Ýewropanyň güýçli döwletleriniň birine öwrülýär. 1036-njy ýylda rus goşunlary peçeneglere agyr zarba urýarlar, şundan soň olaryň çozuşlarynyň yzy kesilýär. Onuň döwründe ýeke-täk rus kanunnamasy – «Rus hakykaty» («Русская правда») kabul edilýär. Kiýew Rusunda orta asyr gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek maksady bilen kabul edilen bu kanunnamanyň örän uly ähmiýeti bolupdyr. Onda knýaz nökerleriniň öz aralaryndaky we şäherleriň ilaty bilen gatnaşyklary kesgitlenilipdir, dürli görnüşli jedelleri çözmeklik we ýetirilen zyýanyň öwezini dolmaklyk bilen baglanyşykly kanunçylyk çözgütleri beýan edilipdir.


Ýaroslaw Paýhasly

«Rus Hakykaty» XIII-XVIII asyrlaryň üç sany nusgalarynda biziň günlerimize gelip ýetip, olar Gysga, Ýaýbaň we Gysgaldylan diýlip atlandyrylypdyr. «Rus Hakykatyndan» öň hem ruslarda kanunnamanyň bolandygy mälimdir, ýöne olar biziň günlerimize gelip ýetmändir. «Rus Hakykaty» birnäçe bölümlerden ybarat bolup, onuň iň gadymy bölegi «Iň gadymy Hakykat» ýa-da «Ýaroslawyň Hakykaty» 1016-njy ýylda Ýaroslaw Mudryý tarapyndan neşir edilipdir. «Rus Hakykatynyň» 1072-nji ýylda neşir edilen «Ýaroslawyň nesilleriniň Hakykaty» we 1113-nji ýylda düzülen «Wladimir Monomahyň düzgünnamasy» atly görnuşleri hem bolupdyr.

«Rus Hakykatynda» şol döwrüň durmuş-ykdysady gatnaşyklary, düzgünleşdirilipdir, jemgyýetçilik gurluşy kesgitlenilipdir. Bu kanunnamada jemgyýetiň dürli durmuş gatlaklaryna bölünendigi görkezilýär. Kanunnama esasy ünsi «kişileriň» («muž») bähbitlerini goramaga gönükdiripdir. «Kişi» - munuň özi harby adam bolup, ol ýönekeý ekerançy-jemagatçylara garşy goýlupdyr. Ol köpsanly *çelýadlaryň* (hyzmatkär) zähmeti ulanylýan «horomlarda»[1] ýaşapdyr.

«Rus Hakykatynda» urugçylyk zamanasy üçin häsiýetli bolan gan almak däbi ýatyrylypdyr. Munuň üçin hun (*wira*) girizilip, onuň möçberi kesgitlenilipdir. Gyzykly ýeri huny öldürleniň jesedi tapylan oba jemagatynyň ähli agzalary töläpdirler. Hunuň möçberi öldürileniň durmuş ýagdaýyna görä kesgitlenilipdir. Iň ýokary töleg *ognişanyň* (jemagatyň kethudasy) ölümi üçin alnyp, munuň üçin 80 öküz ýa-da 40 goýun tölenilmeli edilipdir. *Smerdi* (wagtyň geçmegi bilen hukugyny ýitiren jemagatçy daýhan) ýa-da *holopyň* (talaban) ölümi üçin alynýan töleg oba kethudasynyňkydan 16 esse az bolupdyr.

Kanunnamada adamyň ýenjilmegi, maýyp edilmegi, holoplary gizläp saklamak, ýaraglary we geýim-gejimleri zaýalamak bilen baglanyşykly jerimeler we çäreler hem göz öňünde tutulypdyr. Talaňçylyk etmek, öý otlamak we at ogurlamak jenaýatyň iň agyrlary hasap edilipdir. Munuň üçin günäkäriň elinden ähli emlägi alnypdyr, jemagatdan kowlupdyr ýa-da azatlykdan mahrum edilipdir.

**Kiýew Rusunyň gowşap başlamagy.** Feodal gatnaşyklarynyň kemala gelmeginiň ikinji tapgyry Rus döwletiniň taryhynda XI-XII asyrlaryň sepgidinde başlaýar. Bu döwür ylymda «*oboýariwaniýe*» (ýerleriň

[1] Agaçdan gurlan uly öý.

boýarlaryň eline geçmegi) diýlip atlandyrylýar. Bu döwürde boýarlaryň, ýagny knýazyň uly družinaçylarynyň we feodallaşýan ýerli begzadalaryň täsiri artýar. Ekin ýerleriniň boýarlaryň eýeçiligine geçmegi we boýarlaryň ýerleriniň möçberiniň artmagy soňra Rusda feudal dagynyklygyň ýüze çykmagyna getirýär.

Feodal gatnaşyklarynyň güýçlenmegi ýerli knýazlaryň we boýarlaryň güýçlenmegine, olaryň kuwwatly syýasy güýje öwrülmeklerine we olaryň beýik knýazlar bilen häkimiýet ugrunda göreşe başlamaklaryna getirýär. Şeýle hadysalar şindi Ýaroslaw Paýhaslynyň döwründe ýüze çykyp ugraýar. Ýaroslawyň ogullary Izýaslawyň, Swýatoslawyň we Wsewolodyň 1054-1072-nji ýyllarda döwleti bileleşip dolandyrmaklary hem Rus döwletiniň dagynyk ýagdaýa düşmeginiň öňüni alyp bilmändir. Şonuň üçin hem 1097-nji ýylda özara göreşleri bes etmek we Rus bilen goňşuçylykda ýaşaýan türki taýpalaryna garşy bileleşip göreşmek üçin Lýubeçde rus knýazlarynyň gurultaýy geçirilýär. Gurultaýa Swýatoslaw Izýaslawowiç, Wladimir Monomah bilen bir hatarda ýene-de dört knýaz gatnaşypdyrlar. Gurultaýda atalaryň häkimiýetini ogullarynyň miras almagy bilen baglanyşykly meseleler hem ara alnyp maslahatlaşylypdyr. Emma knýazlaryň arasyndaky özara uruşlar barybir dowam edipdir. Bu döwürler Kiýew bilen bir hatarda Nowgorod, Çernigow, Smolensk, Polosk we başga-da birnäçe şäherler ösüp ulalypdyrlar we ýurduň paýtagty bilen bäsleşipdirler. Netijede Kiýew Rusunyň ýerinde özbaşdak knýazlyklaryň döremegi üçin amatly şertler ýüze çykýar. Emma 1068-1093-nji ýyllarda gypjaklaryň hüjümleri bu hereketi gowşadypdyr we knýazlyklary birleşmäge mejbur edipdir. Sebäbi güýçli garşydaşdan üstün çykmak üçin bitewi döwlet gerekdi.

Wladimir Monomahyň knýazlyk eden döwründe Kiýew Rusy ep-esli kuwwatlanypdyr.

Wladimir Wsewolodowiç Monomah (1113-1125) Wsewolod Ýaroslawiçiň ogly, Ýaroslaw Paýhaslynyň hem agtygy bolupdyr. Onuň ejesiniň wizantiýa imperatory Konstantin Monomahyň gyzy bolandygy üçin oňa Monomah diýlipdir. 1078-nji ýylda onuň kakasy Kiýewiň knýazy bolýar, onuň özüne bolsa Çernigow mülk edilip berilýär. 1093-nji ýyldan başlap Wladimir Monomah gypjaklar we olaryň ýarany Oleg Swýatoslawowiç bilen urşa başlaýar we özi Pereýaslawl knýazlygynda mesgen tutup, oňa Çernigowy bermäge mejbur bolýar. Pereýaslawlyň üstüne hemişe gypjaklar çozup durupdyrlar, şonuň üçin hem Wladimir Monomah rus ýerleriniň birleşdirilmegi we gypjaklara garşy bileleşip göreşmegiň tarapdary bolupdyr. Onuň özi 1103-nji, 1107-nji we 1111-nji ýyllarda gypjaklara garşy guralan ýörişleriň guramaçysy bolupdyr.

1113-nji ýylda kiýew knýazy Swýatoslaw Izýaslawowiç ölenden soň Kiýewde halk gozgalaňy başlaýar. Ýokary gatlagyň wekilleri knýazlyga Wladimir Monomahy çagyrýarlar. Kiýewiň knýazlygyny ele alyp Wladimir gozgalaňy basyp ýatyrýar, ýöne şunuň bilen bir hatarda, ýönekeý halkyň durmuşyny ýeňilleşdirýän käbir çäreleri durmuşa geçirýär. Wladimir Monomahyň dolandyran ýyllarynda Kiýew Rusy ep-esli kuwwatlanypdyr. Ol ýurduň dörtden üç bölegini öz häkimiýetine tabyn edýär we knýazlaryň özara uruşlarynyň bes edilmegini gazanýar. Emma ol ölenden soň ýurtda feodal dagynyklyk ýene-de güýçlenýär we 1132-nji ýylda Kiýewr Rusy birnäçe knýazlyklara dargaýar.

1054-nji ýylda Ýaroslaw Paýhasly ölenden soň onuň nesilleri döwleti özbaşdak dolandyrylýan feodal

mülklerine öwürýärler. 1097-nji ýylyň Lýubeç gurultaýy hem şol bölünişigi ykrar edýär. Netijede, Kiýew Rusunyň esasynda birnäçe özbaşdak knýazlyklar peýda bolýarlar: Çernigow, Polosk, Pereýaslawl, Galisiýa, Wolyn, Smolensk, Rýazan, Rostow-Suzdal, Kiýew knýazlyklary we Nowgorod ýerleri. Bu ýerleriň her birinde ýerli düzgünler, kanunlar hereket edipdir, hatda daşary syýasat hem özbaşdak ýöredilipdir. Rus knýazlyklarynyň arasynda Wladimir-Suzdal, Galisiýa-Wolyn knýazlyklary we Nowgorod respublikasy tapawutlanypdyrlar.

**Wladimir-Suzdal knýazlygy** Oka we Wolga derýalarynyň aralygynda ýerleşipdir. Onuň ýerinde Rostow, Suzdal, Ýaroslawl, Wladimir, Ýurýew, Murom ýaly şäherler ösüp ýetişipdir. XII asyryň ortalarynda ilki Suzdal, soňra bolsa Wladimir şäheri knýazlygyň baýtagtyna öwrülýär. Wladimir Monomahyň körpe ogly Ýuriý Eli Uzynyň (1154-1157) döwründe Wladimir-Suzdal knýazlygy özbaşdak ösüşe eýe bolýar. Ol Suzdaly knýazlygyň merkezi hökmünde saýlap alýar.

Bu knýazlyk daş-töweregi sümme tokaýlar bilen gurşalan amatly giňişliklerde we türki taýpalaryndan ep-esli uzaklykda ýerleşipdir. Bu bolsa onuň ykdysady taýdan ösüşine oňaýly täsir edipdir. Ýuriý Dolgorukiniň döwründe täze şäherler peýda bolupdyr. Şolaryň biri hem Moskwa şäheridi. Moskwa öň Ctepan Kuçka atly bir boýaryň mülki eken. Ýuriý Eli Uzyn boýary jezalandyryp öldüripdir we Moskwany öz tabynlygyna alypdyr.

Ýuriý Eli Uzyn hemişe Kiýewi almaga dyrjaşypdyr we ömrüniň ahyrynda ol bu maksadyna ýetipdir. 1157-nji ýylda knýazlygyň başyna onuň ogly Andreý Hudaỳhon (1157-1174) gelýär. Ol knýazlygyň paýtagtyny Wladimir şäherine geçirýär. Ol Wolga Bulgariýasyna, Nowgoroda we Kiýewe garşy birnäçe ýörişleri geçiripdir. 1169-njy ýylda Andreý Hudaỳhonyň goşunlary Kiýewi eýeleýär.

Emma Kiýewi uzak elde saklamak başartmandyr, çünki onuň bu ýerde dikme edilip goýlan inisi Gleb zäherlenilip öldürilýär. Öz döwründe köp işleri amal etmegi başaran hem bolsa, Andreý Hudaỳhonyň köp ýörişleri şowsuz tamamlanypdyr we boýarlaryň nägileleigini döredipdir. Netijede, onuň garşysyna dildüwşük guralýar we ol 1174-nji ýylda öldürilýär.

Andreý Hudaỳhonyň ölüminden soň tagta onuň inisi Wsewolod Uly Höwürtge (1176-1212) çykarylýar. Onuň dolandyran döwri Wladimir-Suzdal knýazlygynyň ýokary göterilen ýyllary hasap edilýär. XII-XIII asyrlaryň sepgidinde Wsewolod iň kuwwatly hem-de täsirli rus knýazy bolupdyr. Wsewolod Ýurýewiç Nowgoroda we Muram, Rýazan ýerlerine öz täsirini ýetiripdir. Ogullarynyň we gyzlarynyň köp bolandygy üçin ol köp ýurtlar bilen dinastiýa nikalaryny baglaşyp, öz täsirini has-da artdyrypdyr.

Wsewolod Uly Höwürtge ölenden soň onuň ogullarynyň arasynda häkimiýet ugrunda göreşler tutaşýar. Onuň uly ogly Konstantin Nowgorod knýazy Mstislaw Edermen (Udaloý) bilen bileleşip, özüni Wladimirden kowan doganlary Ýuriý hem-de Ýaroslaw bilen urşupdyr. 1216-njy ýylda Ýurýew-Poilsk şäheriniň ýanynda olaryň goşunlary duşuşýarlar. Gandöküşikli söweşde Konstantin bilen Mstislaw garşydaşlaryndan üstün çykýarlar. Bu ýeňiş Wladimir-Suzdal knýazlygynyň kuwwatlanmagyna we soňra XIV asyrda rus ýerleriniň Moskwanyň daşynda birleşdirilip başlanmagyna getirýär.

**Galisiýa-Wolyn knýazlygy** Dnestr, Prut, Bug we Pripýat derýalarynyň akymynda ýerleşipdir. Bu knýazlygyň güýçlenmegi XII asyryň ikinji ýarymynda knýaz Ýaroslaw Bilgäniň (Osmomysl) (1152-1187) dolandyran döwründe bolup geçýär. Şindi ýaş ýigit wagty boýarlar ony Ýuriý Eli Uzynyň gyzyna öýlendiripdirler.

Şol sebäpden hem boýarlar aýalynyň üsti bilen knýaza güýçli täsir edipdirler. Boýarlaryň syýasy täsiri bilen baglanyşykly özara dawalar Ýaroslaw ölenden soň has hem güýjeýär we häkimiýet başyna wolyn knýazy Roman Mstislawowiçiň (1199-1205) gelmegi bilen bes edilýär. Ol Galisiýany we Wolyn ýerleriniň aglaba bölegini birleşdirýär. Şonuň üçin hem bu döwlet Galisiýa-Wolyn knýazlygy diýlip atlandyrylýar. Ol Rusuň günorta ýerlerini hem öz tabynlygyna almaga çalşypdyr, ýöne bu oňa başartmandyr.

Roman ölenden soň onuň mülkleri dargapdyr, sebäbi onuň mirasdüşeri, uly ogly Daniil (1205-1264) häkimyet başyna gelende bary-ýogy dört ýaşynda eken. Şonuň üçin hem uzaga çeken özara uruşlar başlaýar. Galisiýany we Wolyny paýlaşmaga Wengriýa bilen Polşa hem dalaş edipdirler. Diňe 1238-nji ýylda Daniil Romanowiç Galiçde öz häkimiýetini berkitmegi başarýar.

Rus mongollar tarapyndan basylyp alnandan soň Daniil Romanowiç olaryň wassalyna öwrülýär. Altyn Ordanyň hökümdarlary öz günbatar serhetlerini berkitmek üçin bu knýazlygy saklap galypdyr. Galisiýa Watikan hem öz täsirini ýetirmäge çalşypdyr we Diniil Romanowiçi mongollara garşy göreşde ulanmak maksady bilen oňa korol derejesini wada edipdir. 1255-nji ýylda Daniil korolyň täjini geýýär, ýöne katolikçiligi kabul etmekden ýüz öwürýär. Ol ölenden soň Galisiýa-Wolyn knýazlygy dargaýar we XIV asyryň ortalaryna çenli onuň ýerleri Polşa (Galisiýa) we Litwa (Wolyn) tarapyndan paýlaşylýar.

**Nowgorod feodal boyar respublikasy** 1136-nji ýylda ýylda döreýär. XI-XII asyrlarda nowgorodlylar Fin aýlagynyň günorta kenarlaryny özleşdiripdirler we Baltika deňzine çykalga eýe bolupdyrlar. Nowgoroda Kolsk ýarym adasynyň kenar ýakalaryndan (Pomorýe)

Urala çenli uzalyp gidýän giň ýerler hem degişli bolupdyr. Netijede, onuň düzümine gazylyp alynýan peýdaly magdanlary, gür tokaýlary, mes toprakly ýerleri we gymmat bahaly samyr derisi öndürilýän baý ýerler giripdir.

Nowgorod boyar respublikasynda knýazyň ygtyýarynda diňe harby we kazyýet işleri saklanyp galýar. Üstesine-de, onuň şu ygtyýarlyklary hem belli-külli çäklendirilipdir. Respublikanyň ýokary dolandyryş guramasy *weçe*[1] – halk ýygnagy bolupdyr.

Nowgorodda häkimiýet doly derejede boýarlaryň elinde bolup, olardan şäher öz-özüňi dolandyryş edarasynyň baştutany posadnik we şäher ýygynlarynyň serkerdesi tysýaçnik (müňbaşy) saýlanypdyr. Boýarlar ýerli buthananyň baştutany bolan arhiýepiskopy hem belläpdirler we onuň işini kesgitläpdirler. Bulardan başga-da, täsirli boýarlardan «baýarlaryň geňeşi» hem saýlanylypdyr. Nowgorodda Günbatar Ýewropa ýurtlaryndaky ýaly täjirleriň söwda gildiýalary hem bolupdyr.

Nowgorodyň syýasy durmuşynyň aýratynlyklarynyň biri-de, onda häli-şindi şäher topalaňlary (1136-njy, 1207-nji, 1228-nji, 1270-nji ýyllarda) turup durupdyr. Respublikanyň syýasy durmuşynyň ýene bir aýratynlygy, ol umumy rus meselelerine gyzyklanma bildirmändir. Şonuň üçin hem ol rus ýerleriniň birikdirilmeginde syýasy merkeze öwrülip bilmändir. Ol şwed we nemes feodallarynyň ýörişlerini häli-şindi yzyna serpikdirip durmaly bolupdyr. Nowgorod mongollaryň çozuşlaryna sezewar edilmändir, ýöne Altyn Orda tabynlyk bildiripdir we oňa paç töläpdir. XIV asyrdan başlap Twer, Moskwa we Litwa Nowgorody tabyn etmäge çalşypdyrlar. Bu bäsleşikde Moskwa üstün çykýar we 1478-nji ýylda

---

[1] Köne slawýan *wet* – (maslahat, geňeş) sözünden.

Nowgorod ýerleri merkezleşdirilen Rus döwletiniň düzümine goşulýar. Şeýleikde, Nowgorod feodal boýar respublikasy ýaşamagyny bes edýär.

## III Bap. ÝEWROPA ÝURTLARY ÖSEN ORTA ASYRLAR ZAMANYNDA

### § 1. Orta asyr şäherleriniň döremegi we ösüşi

**Irki orta asyrlarda şäher durmuşynyň ösüşi.** Orta asyr şäherleri Ýewropada feodal jemgyýetiň ykdysady ösüşine, onuň durmuş-syýasy we medeni durmuşyna ägirt uly täsir edipdir. XI asyrda Günbatar Ýewropanyň aglaba ýurtlarynda şäherler, şeýle hem feodal jemgyýetiniň gurluşy doly derejede kemala geldi we ol irki hem-de ösen orta asyrlar zamanlarynyň arasyny bölýän döwür hökmünde gyzmat etdi.

Günbatar Ýewropada orta asyrlaryň ilkinji ýyllyklary ykdysadyýetde natural hojalygyň doly agalygy bilen häsiýetlendirilip, ýaşaýyş-durmuşda ulanylýan ähli zatlar hojalygyň agzalarynyň güýji we serişdeleri bilen öndürilipdir. Daýhanlar ilatyň agramly bölegini düzmek bilen, olar zerur oba hojalyk we senetçilik önümlerini, zähmet gurallaryny, geýim-gejimleri özleri öndüripdirler. *Zähmet gurallarynyň öndürijiniň özüne degişli bolmaklygy, şeýle hem oba hojalygynyň senetçilik önümçiligi bilen utgaşdyrylmagy – natural hojalygynyň häsiýetli aýratynlygydyr.* Şol döwürler diňe az sanly hünärment-senetçiler kiçijik şaherçelerde we iri feodallaryň mülklerinde ýaşaýardylar. Az sanly oba senetçileri (demirçiler, külallar, deri eýleýänler) we hünärmentler (duz gaýnadyjylar, odunçylar, awçylar) senetçilik hem-de hünärmentçilik bilen bir hatarda oba hojalygy bilen hem meşgullanýardylar.

Önüm alyş-çalyşy we söwda örän pes derejededi. Diňe käbir ýerlerde gazylyp alynýan magdanlaryň (demir, galaýy, mis, duz), şeýle hem Gündogar ýurtlaryndan kynlyk bilen getirilýän juda gymmat bahaly zynat harytlaryň (ýüpek matalar, zergärçilik önümleri, ýaraglar, hoşboý ysly otlar we başgalar) satuwy guralypdyr. Söwda işlerini köplenç keseýerli täjirler (grekler, siriýalylar, araplar, jöhitler we başgalar) alyp barýardylar. Köne rim şäherleri tozup, ykdysadyýetiň agrarlaşmagy, ýagny ekerançylyk we maldarçylyk önümçilikleriniň agalygy dowam edipdir, wagşy döwletleriň ýerlerinde şäherler ýaňy ýüze çykyp ugrapdy, şol sebäpden hem söwda pes derejededi.

Elbetde, orta asyrlar döwrüniň başlanýan döwürlerinde hem Ýewropa «şähersiz» däldi. Wizantiýanyň we Günbatar Rim imperiýasynyň tozan hem-de ýykan-ýumran edilen şäherleri (Milan, Florensiýa, Bolonýa, Neapol, Amalfi, Pariž, Lion, Arl, Köln, Maýns, Strasburg, Trir, Augsburg, Wena, London, Ýork, Çester, Gloster we başgalar) şindi saklanyp galýardy. Emma olaryň aglabasy dolandyryş merkezleri, ýa berkitmeler ýa-da bolmasa, din adamlarynyň (ýepiskoplar, arhiýepiskoplar, abbatlar) oturýan ýerleri hökmünde ulanylýardy. Olaryň az sanly ilaty oba adamlaryndan känbir tapawutlanmaýardylar; şäher meýdançalary köplenç ekin ýerleri ýa-da öri meýdanlary hökmünde peýdalanylýardy. Söwda bilen senetçilik şäherlileriň özlerine hyzmat edipdir we ol golaý-goltumdaky obalaryň ilaty üçin niýetlenilmändir.

Ýewropada şäherler esasan rim täsiriniň ýaýran ýerlerinde saklanyp galypdyr. Wizantiýanyň iri şäherleri, Italiýanyň, Galliýanyň we westgotlaryň, soňra bolsa araplaryň Ispaniýadaky söwda nokatlary feodalçylyk gatnaşyklarynyň ösmegine uly täsir edipdirler. V-VII asyrlarda şäherleriň tozgun ýagdaýa düşendiklerine garamazdan, olaryň döwrüne görä gür ilaty ýöriteleşdirilen senetçilik önümçiligi, hemişelik bazarlary, şäher dolandyryş edaralary we sehleri bardy. Italiýanyň we

Wizantiýanyň aýry-aýry şäherler Gündogar bilen araçy söwdanyň alnyp barylýan iri merkezleridi. Emma Ýewropanyň aglaba ýerlerinde antiki şäher dessurlary ýokdy, bu ýerlerdäki az sanly seýrek şäherçeler az ilatlydy we olaryň ykdysady ösüşdäki täsirler juda pesdi.

Şeýlelikde, irki orta asyrlarda Ýewropanyň çäginde şäher gurluşy tamamlanan ulgam hökmünde şindi kemala gelmändir. Bu döwürler Günbatar Ýewropa öz ösüşinde köp sanly gülläp ösen, kämil hojalygy, owadan ymaratlary we gür ilatly şäherleri bolan Wizantiýadan we Gündogar ýurtlaryndan yza galýardy. Emma wagtyň geçmegi bilen Günbatar Ýewropanyň şäherçeleri syýasy-dolandyryş, goranyş we dini merkezler bolmak bilen, olar alynýan girdejileriň paýlaşylýan ýerine, haryt önümçiliginiň we medeniýetiň ojagyna öwrülipdirler hem-de jemgyýetiň feodallaşmagynda uly ähmiýete eýe bolupdyrlar.

**Orta asyr şäherleriniň döreýşi baradaky nazaryýetler.** Orta asyr şäherleriniň döremeginiň sebäpleri we şertleri uly gyzyklanma döredýär. Bu soraga jogap bermek üçin XIX-XX asyrlaryň alymlary dürli nazaryýetleri we çaklamalary öňe sürüpdirler. Alymlaryň aglaba köpçüligini ilatly ýerleriň haýsy görnüşleriniň esasynda orta asyr şäherleriniň dörändigi, säher guramalarynyňdyr edaralarynyň, şeýle hem şäherlerde hereket eden hukuk kadalarynyň nähili ýol bilen ýüze çykandygyi hakyndaky meseleler aýratyn gyzyklandyrypdyr. Şunda alymlar şäherleriň surmuş-ykdysady meselelerine hem uly üns beripdirler. Orta asyr şäherleriniň döremegi bilen baglanyşykly meseleleri aýdyňlaşdyrmakda Sawinýi, Týerri, Gizo, Renuar ýaly taryhçylar «Roman» nazaryýetini öňe sürüpdirler. Bu nazaryýete eýerijiler esasan Günbatar Ýewropanyň öňki Rim imperiýasy bilen baglanyşykly köne şäherleriniň taryhyny öwrenipdirler, şol sebäpden hem orta asyr şäherlerini olaryň göniden-göni dowamy hasap edipdirler. «Mülkdarçylyk» nazaryýeti boýunça (Eýhgorn, Niç we başgalar) şäher we onuň

dolandyryş edaralary feodal mülküniň we onuň dolandyrylyşynyň we hukugynyň esasynda döräpdir diýip hasap edipdirler. «Marka» nazaryýeti (Maurer, Girke, Below) şäher edaralanynyň we hukugynynyň döreýşini erkin oba jemagaty – marka bilen baglanyşdyrypdyrlar. «Burg» nazaryýeti (Keýtgen, Metland) şäheriň gözbaşyny burglarda (gala) we burg hukugynda görüpdir. «Bazar» nazaryýeti (Zom, Şreder, Şulte) şäher hukugynyň söwda işleriniň alnyp barylýan ýerlerinde hereket eden bazar hukugynyň esasynda kemala gelendigi hakyndaky pikirleri öňe sürüpdir.

Nemes taryhçysy Ritşel XIX asyryň ahyrynda «burg» we «bazar» nazaryýetlerini birleşdirmäge synanyşypdyr. Ol irki şäherleriň burglaryň daşynda dörän täjir obalarynyň esasynda kemala gelendigini belleýär. Belgiýaly taryhçy A.Pirenn bolsa şäherleriň döremeginde yklymara we sebitara üstaşyr söwda gatnaşyklarynyň, şeýle hem täjirleriň uly orna eýe bolandyklaryny belleýär. «Söwda» nazaryýeti adyna eýe bolan bu garaýyşlara görä, Günbatar Ýewropada şäherler söwda faktorileriniň esasynda kemala gelipdir. Umuman alnanda, orta asyr şäherleriniň döreýşi barada dürli garaýyşlaryň saklanyp galýandygyna garamazdan, olaryň ählisi şäherleri öňi bilen senetçiligiň hem-de söwdanyň merkezi hökmünde häsiýetlendirýärler, onuň döremeginiň sebäplerini bolsa senetçiligiň oba hojalygyndan bölünip aýrylmagy, pul-haryt gatnaşyklarynyň ösüşi we jemgyýetde bolup geçen iň durmuş özgerişleri (sosial ewolýusiýa) bilen düşündirýärler.

**Öndüriji güýçleriň ösmegi we senetçiligiň oba hojalygyndan bölünip aýrylmagy.** *X-XI asyrlarda Günbatar Ýewropanyň ykdysadyýetinde uly üýtgeşiklikler bolup geçýär – asyrlar boýy bölünmän dowam edip gelen oba hojalyk pudagynyndan senetçilik önümçiligi bölünip aýrylýar.*

Orta asyrlaryň başky döwürlerinde senetçilik entek oba hojalygyndan bölünip aýrylmandy. Emma ýer sürmek üçin demir azallary, kündeleri, orak, çekiç, pil, kätmen we beýleki

zerur zatlary ýasamak ýa-da mawut dokamak  üçin çylşyrymly esbaplar, aýratyn bilimler we zähmet endikleri gerek bolupdyr. Indi daýhana ekerançylyk hem-de senetçilik bilen meşgullanmak kyn düşýärdi. Daýhanlaryň arasynda senetçilik önümlerini ýasamaga ökde, ussat adamlar peýda bolupdyr. Şeýle adamlaryň maşgalalarynda ir döwürlerden bäri aýratyn zähmet tejribesi toplanypdy hem-de hünär endikleri kemala gelipdi. Olaryň demir ussalary, küýzegärleri we beýleki senetçileri oba hojalygy bilen barha az meşgullanypdyr. Netijede, senetçilik olaryň esasy kärine öwrülipdir. Hasylyň ýokarlanmagy netijesinde käwagtlar daýhanlaryň özlerinde-de az-owlak artykmaç önüm galypdyr. Olar şol azyk önümleriniň bir bölegini senetçilik önümlerine çalşyp bilipdirler.



Karkason şäher galasy

Hojalygyň ösmegi senetçiligiň kem-kemden oba hojalygyndan bölünip aýrylmagyna sebäp getiripdir. Senetçilik adamlaryň uly toparynyň aýratyn kärine öwrülipdir. Senetçiler tarapyndan ýasalan önümler daýhanlaryň ýasan zatlaryndan has berk, hil taýdan bolsa ýokary bolupdyr. Adamlar ökde ussalaryň ýasan zatlaryna has köp isleg bildiripdirler. Senetçi hem öz ýasan zatlaryny azyk önümlerine çalşyp bilipdir. Ol indi diňe öz käriniň, senediniň, özüniň öndüren önümlerinden gelýän girdejiniň hasabyna eklenip bilipdir. Emma senetçileriň ýaşaýan obalarynda buýurmalar we senetçiniň önümine isleg

bildirýän alyjylar az bolupdyr. Üstesine-de, önüm salgydy ýygnalan mahalynda ussanyň -senetçiniň ýasan zatlarynyň köpüsini mülkdar mugtuna alypdyr. Şoňa görä-de, senetçiler öz ýasan zatlaryny satmak üçin alyjylary gözläp, ondan-oňa aýlanyp ýörüpdirler.

Wagtyň geçmegi bilen şeýle senetçiler oturymlaşyp başlapdyrlar. Olaryň külbeleri ullakan monastyrlaryň we feodal mülkdarlarynyň köşk-galalarynyň ýanynda salnypdyr, gadymy Rim galalarynyň harabalarynyň içinde döräpdir. Senetçileriň obalary möhüm ýollaryň çatrygynda, derýa geçelgeleriniň golaýynda hem-de deňizleriň amatly gämi duralgalarynda döräpdir. Sebäbi senetçi ussalar monastyrlarda we köşk-galalarda ýaşaýan adamlara gündelik durmuşda zerur bolýan ýaraglary, öý esbaplaryny ýasap berýärdiler, geýim-gejimleri tikýärdiler. Senetçileriň obalaryna täjirler hem ýygy-ýygydan gelipdirler, soňra bolsa şol ýerlere göçüp barypdyrlar. Olar gymmatbaha gündogar harytlaryny, duz, şeýle hem senetçiler üçin zerur bolan demir, ýüň, zygyr ýaly çig mallary hem getiripdirler. Azyk hem-de beýleki oba hojalyk harytlaryny satmak we özlerine gerek bolan senetçilik önümlerini satyn almak üçin bu ýerlere ýakyn obalardan daýhanlar hem gelipdirler. Senetçiler hem öz gezeginde öndüren zatlaryny satyp we önümçilik üçin zerur çig-mallary satyn alypdyrlar. Netijede, senetçileriň obalary alyş-çalyşyň we söwdanyň merkezlerine öwrülip ugraýarlar.

Senetçiligiň oba hojalygyndan bölünip aýrylmagy netijesinde Günbatar Ýewropada şäherler döräpdir we ösüpdir. Ilaty esasan oba hojalygy bilen meşgullanan obalardan tapawutlylykda, şäherler senetçilgiň hem-de söwdanyň merkezine öwrülipdirler. Başyna giden rysarlaryň, orta asyrlar döwri üçin giň ýaýran hadysa bolan talaňçylaryň çozuşlaryndan goranmak üçin senetçiler we täjirler öz obalaryny berkitmäge başlaýarlar. Bu berkitmeleriň daşyna daşdan salnan berk diwarlary salypdyrlar. Şäheriň içine mähnet derwezelerden

girilip, olary sakçylar berk goraýan ekenler. Diňe köp goşun şäher berkitmelerini eýeläp biljekdi. Şäherler iň ilki Italiýada we Fransiýada döräpdirler (Günorta Fransiýa we Demirgazyk Italiýa). Bu ýerlerde senetçilik oba hojalykdan IX asyrlarda bölünip aýrylyp başlapdyr. X-XI asyrlarda şäherler Günbatar Ýewropanyň beýleki ýurtlarynda hem döräpdir. Germaniýada köp şaherler gämi gatnawly Reýn hem Dunaý derýalarynyň kenarlarynda ýüze çykypdyr. Fransiýanyň demirgazyk-gündogaryndaky Flandriýa graflygynda şäherler kän bolupdyr.

Senetçiligiň özbaşdak önümçilik pudagyna öwrülmeginde oba hojalygynyň özünde bolup geçen ilerlemeler hem uly täsir edipdir. Ekerançylyk pudagynda dänelik we tehniki ekinleriniň ekilýän ýerleriniň möçberi artýardy, bakjaçylyk, miweçilik, üzümçilik önümçiligi giňeýärdi, oba hojalygy bilen baglanyşykly bolan çakyr önümçiligi, juwazçylyk we un üwemek ösýärdi we kämilleşýärdi. Mallaryň baş sany, önümliligi ýokarlanýardy we olaryň tohumy gowylandyrylýardy. Atlaryň ulanylyp başlamagy ýük daşamakda, harby işde, gurluşykda we ýeri işläp bejermekde uly üstünlige eýe boldy. Netijede, oba hojalyk önümçiliginiň ösmegi we giňemegi senetçiligiň bölünip aýrylmagynda möhüm şert döredýärdi.

Orta asyr şäherleriniň döremeginde ykdysady şertler bilen bir hatarda, I we II müňýyllyklaryň sepgidinde möhüm social we syýasy şertler hem ýüze çykýar. Jemgyýetiň feodallaşmaklygy tamamlanypdyr. Döwlet we buthana şäherleriň mysalynda öz daýanç nokadyny hem-de girdejisi çeşmesi hökmünde garapdyrlar we olaryň ösüşine ýardam edipdirler. Jemgyýetiň içinden ýaraglara, zynatlara we durmuş eşretlerine isleg bildirýän ýokary gatlak ýüze çykypdyr. Döwlet salgytlarynyň mukdarynyň artmagy daýhanlaryň bazaar bilen gatnaşyklaryny ýygjamlaşdyrypdyr. Daýhanlar häli-şindi şäherlere artykmaç önümlerini, kähalatlarda bolsa, özleri üçin zerur bolan azyk önümleri hem bazarlara çykarýardylar.

Beýleki bir tarapdan, feodal agalyga sezewar edilýän daýhanlar şäherlere gaçypdyrlar.

**Şäher önümçiligi.** Şäher bazarynda satylýan her dürli zatlar senetçileriň kiçijik ussahanalarynda öndürilipdir. Adatça ussahanalar birinji gatda ýerleşipdir, hemme zat el bilen, ýönekeý zähmet gurallarynyň kömegi bilen ýasalypdyr. Orta asyr şäherlerindäki senetçilik gol zähmetine esaslandyrylan ownuk önümçilik bolupdyr. Senetçilik tehnikasy haýal ösüpdir. Adatça ogly atasynyň hünärini dowam etdiripdir. Atasy ogluna ussaçylygyň syrlaryny öwredipdir we şonuň bilen birlikde ol oňa özüniň ýönekeýje gurallaryny galdyrypdyr. Senetçiler uzak wagtlap öwrenmek, örän köp tejribe ýygnamak we gol zähmetine türgenleşmek netijesinde öz hünärini kämilleşdiripdirler. Ussahanada esasy senetçi ussa bolupdyr. Onuň özi ussahananyň-da, guralyň-da eýesidi. Ol her bir zady ýasamak üçin başdan-aýak özi işläpdir. Ussahana köplenç dükan hem bolup hyzmat edip, ussa onda taýýar zatlary satypdyr. Şäherdäki senetçi zähmet gurallarynyň we ussahananyň eýesi bolupdyr. Ussahanada ussadan başga-da şägirtler we onuň kömekçileri işläpdirler. Şägirtler senet öwrenipdirler hem-de kömekçi işleri ýerine ýetiripdirler. Ökde ussa bolup çykmak üçin, köp wagtlap – iki ýyldan ýedi ýyla çenli şägirt bolmaly eken. Atasy ogluny şägirtlige berende ony köp ýyllap ussanyň ýanynda goýupdyr (şägirt tutunmak hakyndaky şertnama esasynda). Keseki şägirtler kyn durmuşda ýaşapdyrlar. Olary ussanyň öý hojalygyna kömek bermäge mejbur edipdirler. Senetçiligi öwrenen şägirt ussanyň esasy kömekçisine – sag goluna öwrülipdir. Ol ertirden agşama çenli ussahanada işläpdir. Kömekçisi öz çeken agyr zähmeti üçin sähelçe hak alypdyr. Emma ol ussaçylyga ýetişenden soň gerek puly ýygnap, öz ussahanasyny açyp bilipdir. Her ussa öz ussahanasynda zähmet çekipdir. Emma senetçileri biri-biri bilen baglanyşdyrýan umumy bähbitleri köp bolupdyr. Olar

diňe bileleşip özlerini iri mülkdarlaryň gysmaklaryndan we talamaklaryndan gorap bilipdirler.

Daýhanlar uzak wagtlap ozalkysy ýaly özlerine gerek zatlary özleri öndürýärdiler, şoňa görä-de, ilkibada senetçilik önümleriniň hyrydarlary az bolupdyr. Şäher ussalary alyjylary şahere köp çekmeli hem-de özlerini oba senetçileriniň bäsdeşlik etmeginden goramaly bolýardylar. Munuň üçin bir şäherde ýaşaýan kärdeş senetçiler hünär bileleşiklerine – sehlere birleşipdirler. Dokmaçylaryň, ädikçileriň we başgalaryň ençeme sehleri bolupdyr. Ussalar umumy ýygnakda sehiň ähli agzalary üçin hökmany düzgünnamasyny - *ustawyny* kabul edipdirler. Ustaw ussalaryň zatlary belli bir nusgada, ýokary hilli ýasamaklaryny talap edipdir. Her bir ussanyň näçe stanogynyň bolmalydygy, onuň ussahanada näçe şägirt hem-de ussa kömekçini saklamaga haklydygy barada düzgünnamada aýdylypdyr. Sehleriň ustawy senetçileriň biri-biriniň elinden buýurmalary almagy, alyjylary dürli ýollar bilen öz tarapyna çekmegi gadagan edipdir. Sehler bir senetçi beýleki senetçiniň hasabyna baýlaşmaz ýaly, ussahanalaryň kiçeňräk bolup galmagyny, önümleri öndürmekde we satmakda hemme ussalar üçin birmeňzeş şertler döretmäge çalşypdyrlar. Her sehiň başynda ussalar tarapyndan saýlanylýan arçynlar durupdyrlar. Olar ustawyň berjaý edilişine gözegçilik edipdirler we ony bozanlara berk temmi beripdirler. Mysal üçin, Londonyň nanbaýynyň satan çöregi bolmalysyndan ýeňil çyksa, onda ony kapasada bütin şähere aýlap, it masgarasy edipdirler. Seh ustawlaryny bozujylara jerime salmaklyk giň ýaýrapdyr.

Sehiň ussalary öz bazarlarynda doly hojaýyn bolmak isläp, sehlere girmedik senetçileri ýanapdyrlar we hatda şäherden hem kowup çykarypdyrlar. Olar başga ýerden senetçileriň şäher bazarynda zat satmazlygyna berk gözegçilik edipdirler. Senetçileriň bütin durmuşy sehler bilen baglanyşykly bolupdyr. Seh ussalary bilelikde baýram edipdir. Eger ussa ölse, onda dul galan aýaly we ýaş çagalary sehiň

kassasyndan pul kömegini alypdyr. Sehiň agzalary nobat boýunça şäherde sakçylyk gullugyny ýerine ýetiripdirler we şäher goşunyny düzüpdirler. Senetçiler şäheriň duşmanlaryna garşy göreşde birleşip, agzybir çykyş edipdirler.


Sent-Mişel abbatlygy (Normandiýa, Fransiýa

Sehler önümleriň ýokary hilli bolmagyny üpjün edipdir. Şäherlerde täze-täze senetçilik hünärleri ýüze çykypdyr, täze sehler döredilipdir. Emma şäherlerde ussalaryň sanynyň köpelmegi bilen olaryň arasyndaky bäsdeşlik güýçlenipdir. Sehler deňligi saklajak bolup näçe çalyşsalar-da, ussalaryň bir bölegi baýlaşypdyr, beýlekileri bolsa garyp düşüpdir. Sehler ussa kömekçileriniň ussalyga erkin geçmekligine päsgel berip ugrapdyr. Ussa kömekçileri kyn synagdan geçmeli bolupdyrlar: diňe öz puluna gymmat çig maldan önümiň oňat nusgasyny - şedewr[2] ýasamaly bolupdyr. Diňe ussalaryň ogullary ussa diýen ady aňsatlyk bilen alyp bilipdir. Ömrüniň köpüsini ussanyň işgär – şägirdi bolup işlän, ussa kömekçileri şäherlerde barha köpelipdir. Olara «ömürlik şägirt» diýip at beripdirler. Sehler ussahanalara täze zähmet gurallaryny girizmäge rugsat bermändirler. Seh arçynlarynyň möhüm oýlap tapyşlary ýok eden we oýlap tapyjylardan rehimsiz öç alan mahallary hem bolupdyr. Orta asyrlaryň ahyrlarynda sehleriň dowam etmegi tehnikanyň ösmegini saklap başlapdyr hem-de şäherde senagat önümçiliginiň ýüze çykyşyny bökdäpdir.

**Şäherleriň senýorlar bilen göreşi.** Şäheriň nirede dörändigine garamazdan, onuň dörän ýeri haýsy hem bolsa bir

[2] *Sedewr* – ýokary derejede ýasalan sungat eseri.

feodalyň elinde eken. Şäher ilatynyň hemmesi senýoryň häkimýeti astynda bolupdyr, şol sebäpden hem şäherler mülkdara - senýora öz senetçilik önümlerinden salgyt töläpdirler. Feodalyň mülk kethudalary şäherleri kazyýete çekip bilipdirler, jerime salypdyrlar we olardan gaýry tölegleri alypdyrlar. Ilki-ilkiler mülkdarlar öz ýerlerinde dörän şäherlere hemaýat edipdirler. Emma şäherler ösdügiçe we baýlaşdygyça mülkdarlar olardan köp girdeýji aljak bolup çalşypdyrlar. Şäherlere täze pul salgytlaryny salyp, olary çendenaşa horlapdyrlar. Feodalyň söwdagärleriň dükanyndan we senetçileriň ussahanalaryndan göwnüne ýaran zatlaryny güýç bilen alyp giden mahallary seýrek bolmandyr. Mülkdarlaryň gysmaklary we talaňçylyklary şäherde senetçiligiň hem-de söwdanyň ösmegine päsgel beripdir. Şäher adamlary feodalyň häkimýetinden azat bolmaga çalşypdyrlar. Feodallar bilen şäherleriň arasynda häli-şindi uruş bolup, olar onlarça we hatda ýüzlerçe ýyla çekipdir. Şäherleriň feodallara garşy göreşleri XII-XIII asyrlarda Günbatar Ýewropanyň ähli ýurtlarynda bolup geçipdir.

Feodallaryň şäherlerden mümkin boldugyça köp girdeji almaga çalyşmagy, şäherlerde gutulgysyz *kommunal* hereketiň (X-XIII asyrlarda Günbatar Ýewropanyň ähli ýerlerinde şäherler bilen senýorlaryň arasynda bolup geçen göreşleri şeýle atlandyrmak kabul edilendir) başlanmagyna getiripdir. Başda şäherliler feodal agalygynyň zabun görnüşleriniň biri bolan salgytlaryň azaldylmagy we söwda ýeňillikleri ugrunda çykyş edipdirler. Soňra hukuk we içki öz-özüňi dolandyryş edaralaryny döretmek ýaly syýasy talaplar hem örboýuna galypdyr. Şu göreşlerde şäherleriň senýorlar babatyndan garaşsyzlygy, olaryň geljekki ösüşleriniň we syýasy gurluşynyň ykbaly çözülipdir. Netijede, şäherleriň birnäçesi gandöküşikli uruşlar we gozgalaňlar arkaly garaşsyzlyk gazanypdyrlar we şäherleriň beýleki bir topary bolsa senýora pul töläp

özbaşdaklyga eýe bolupdyrlar. Emma birentek şäherler feodallaryň häkimýetinden azat bolup bilmändirler.

Kommunal hereket her ýurtda birhili şertlerde bolup geçipdir we dürli netijeler bilen tamamlanypdyr. Eýýäm IX-XII asyrlarda Günorta Fransiýada şäherliler gan dökmezden özbaşdaklyk gazanypdyrlar. Tuluzanyň, Marseliň, Monpelýeniň we Günorta Fransiýanyň beýleki şäherleriniň graflary diňe bir şäherleriň senýorlary bolman. Eýsem tutuş welaýatlaryň hökümdarlary bolupdyrlar.Olar şäherleriň ösmegine gyzyklanma bildiripdirler we şonuň üçin hem olara municipal erkinlikleri paýlapdyrlar, olaryň içki özbaşdaklygyny çäklendirmäge çalyşmandyrlar. Emma şunuň bilen bir hatarda, senýorlar kommunalaryň has kuwwatly hem-de doly garaşsyz bolmaklygyny islemändirler. Mysal üçin, Günorta Fransiýanyň Marsel şäheri tutuş bir asyrlap diýen ýaly begzadalaryň respublikasy bolupdyr. Emma XIII asyryň ahyrlarynda Prowansyň grafy Karl Anžuýly sekiz aýlyk gabawdan soň şäheri eýeleýär we onuň başynda öz dikmesini goýup, şäheriň girdejilerini öz jübüsine urupdyr.


Segowiýadaky Alkasar galay (XII asyr)

Demirgazyk Italiýanyň köp şäherleri – Wenesiýa, Genuýa, Siýena, Florensiýa, Lukka, Rawenna, Bolonýa we beýlekiler IX-XII asyrlarda şäher-döwletlerine öwrülipdirler. Bu şäherleriň özbaşdaklyk ugrundaky göreşleriniň netijesini Germaniýa gidýän möhüm ýolluň ugrunda ýerleşýän, söwdanyň we senetçiligiň merkezi bolan Milan şäheriniň mysalynda görmek bolýar. XI asyrda bu ýerde grafyň häkimiýeti, dünýewi begzadalara we din adamlaryna daýanýan

arhiýepiskopyň häkimiyeti bilen çalşyrylypdyr. XI asyryň bütin dowamynda şäherliler öz senýorlarynyň - arhiýepiskopyň garşysyna göreş alyp barypdyrlar. Şol asyryň 50-nji ýyllarynda arhiýepiskopyň garşysyna gönükdirilen göreşler hakyky raýatlyk urşuna öwrülýär. Diňe XI asyryň ahyrynda şäher kommuna derejesine eýe bolýar. Kommunanyň başyna iri söwdagärlerden saýlanylan konsullar geňeşi geçýär.

XII-XIII asyrlarda şeýle hukuklary Germaniýanyň imperiýa şäherleri diýlip atlandyrylýanlary eýe bolýar. Kagyz ýüzünde olara imperatora tabyndylar, emma iş ýüzünde garaşsyz şäher respublikalarydy (Lýubek, Nýurnberg, Maýn-boýundaky-Frankfurt we başgalar). Olar şäher geňeşleri tarapyndan dolandyrylýardy we olaryň özbaşdak uruş yglan etmäge, ýaraşyk hem-de ýaranlyk baglaşmaga, pul zikgelemäge we başgalara hukuklary bardy.

Demirgazyk Fransiýanyň Amýen, Sen-Kanten, Nuaýýon, Bowe, Suasson, Lan we Flandriýanyň Gent, Brýugge, Ipr, Lill, Due, Sent-Omer, Arras we beýleki şäherleri senýorlar bilen aýgytly göreşleriň netijesinde öz-özüni dolandyrýan şäher-kommunalaryna öwrüldiler. Bu şäherlerde geňeş, onuň başyna bolsa *mer, burgomistr* ýaly wezipeli adamlary saýlapdyrlar, olaryň öz kazyýeti, goşuny, maliýe serişdeleri bolupdyr, şäherlerde salgydyň möçberi hem özbaşdak kesgitlenilipdir.

Emma hemişe beýle bolup durmandyr. Demirgazyk fransuz şäheri Lanyň özbaşdaklyk ugrunda senýorlar bilen göreşi 200 ýyldan hem köp wagtlap dowam edipdir. 1106-njy ýylda Lanyň senýorlygyny öz eline alan ýepiskop Godri şäherde aýratyn ýowuz senýorial düzgüni girizipdir. Lanyň ilaty ýepiskopdan käbir hukuklary kepillendirýän hartiýany satyn almagy başarypdyrlar we pul töläp, ony korola-da tassykladypdyrlar. Emma tiz wagtdan ýepiskop beren hartiýasynyň özi üçin bähbitsizdigine göz ýetirip we korola peşgeş berip, hartiýanyň güýjüni ýatyrypdyr. Şäherliler gozgalaň turzupdyrlar we ýepiskop Godrini öldüripdirler. Korol

ýaragly güýçlere daýanyp şäherde köne düzgüni gaýtadan dikeldýär, emma 1129-njy ýylda şäherliler täzeden gozgalaň turuzýarlar. Bu kommunal erkinlik ugrundaky korol bilen şäherlileriň arasyndaky bu uruşlar uzak ýyllar dowam edýär. Diňe 1331-nji ýylda korol öz ýaranlaryna daýanyp şäherlileriň üstünden gutarnykly ýeňiş gazanýar.

Şäherleriň senýorlara garşy göreşiniň möhüm netijesi bolupdyr. Eger-de, öz hojaýynyndan haçan hukuksyz daýhan şäherde bir ýyldan ýekeje gün artyk ýaşan bolsa, ol erkin adam hasaplanypdyr. Orta asyrlarda ýörgünli bolan «şäher howasy adamy erkin edýär» diýen nakyl ýöne ýerden döremändir. Şäherler senýorlaryň häkimýetinden azat bolanlaryndan soňra, öňküsinden has çalt ösüp başlapdyr. Erkinligini gazanan şäherlere köp täze gaçgaklar gelipdirler. Olar özleriniň zähmetleri bilen şäherleriň baýlygyny artdyrypdyrlar.

**Şäher durmuşy.** Şäherliler garaşsyzlygy gazanyp, öz dolandyryş edaralaryny döredipdirler. Her şäheriň öz kazyýeti, hazynasy, goşuny bar eken. Şäheriň başynda şäher geňeşi durup, ony şäherlileriň özleri saýlapdyrlar. Fransiýada we Angliýada şäher geňeşiniň başlygyna «*mer*» ýa-da «*burgomistr*» diýip at beripdirler. Häzirki döwürdäki şäherlere garanyňda, orta asyrlarda şäher ilaty (5-6 müňe golaý) onçakly köp bolmandyr. Günbatar Ýewropada diňe Angliýanyň ýa-da Fransiýanyň Pariž ýaly käbir şäherlerinde ilatyň sany onlarça müňe ýetipdir. Şäherleriň esasy kärleri senetçilik bilen söwda bolsa-da, olar uzak wagtlap oba hojalyk bilen hem meşgullanypdyrlar. Şäherleriň daş-töweregi ekin meýdanlaryndan, baglardan we bossanlardan doly bolupdyr. Öri meýdanlarda süri-süri mallar gezipdir. Şäher ilatyna dar howlularda ýaşamak kyn düşüpdir. Şonuň üçin hem jaýlary 2-3 gat edip salyp başlapdyrlar. Köçeler örän dady. Günbatar Ýewropanyň şäherlerindäki köçelere köp wagtlap daş düşelmändir we yşyklandyrylmandyr, şäherlerde hapaçylyk hokum sürüpdir (mysal üçin, kir suwy penjireden köçä serpip

goýberipdirler). Ýagyş ýagan mahallary şäherler erbet batga bolup, ýörär ýaly bolmandyr. Daryşganlykdan we hapaçylykdan ýaňa her dürli ýokanç keselleri ýaýrap, şäher ilatyndan köp adam ölüpdir. Bazar meýdançasy şäherdäki ýeke-täk giňişgenlik ýer bolupdyr. Bazar meýdançasynyň ýanynda şäheriň esasy buthanasy ýerleşipdir. Ol şäheriň iň beýik we owadan jaýy bolupdyr. Şäher meýdanynda şäher geňeşiniň jaýyny – ratuşany, onuň golaýynda bolsa baý şäherliler öz öýlerini gurupdyrlar. Iri şäherlerde, aýratyn hem syýasy-dolandyryş merkezlerinde iri feodallardan, korolyň dolandyryjylaryndan, täjirlerden, senetçilerden başga-da, notariuslar, lukmanlar, mekdepleriň we uniwersitetleriň mugallymlary ýaly ýüze çykyp ugran intelligensiýa gatlagynyň beýleki wekilleri hem ýaşapdyrlar.

Ýewropanyň käbir ýurtlarynda şäher ilaty «*bürger*» (nemes diliniň *burg* sözünden gelip çykypdyr. Soňra bu sözüň esasynda latynçanyň *burgensis* we fransuzlaryň *bourgeoisie* sözleri döreýär) diýlip atlandyrylypdyr. Emläk hem-de durmuş derejesi boýunça býurgerler deň bolmandyrlar. Onuň düzüminde patrisiler – söwdagärleriň, senetçileriň gurply gatlagy, öý eýeleri, ýönekeý zähmetkeşler we şäher plebsi – garyplary bolupdyr. Şäher ilatynyň durmuş gurluşynyň düýpli üýtgemegi bilen «býurger» adalgasy öz manysyny üýtgedipdir. Eýýäm XII-XIII asyrlarda bu at bilen şäherleriň doly hukukly raýatlary atlandyrylypdyr. XIV-XV asyrlarda şu adalga bilen şäherlileriň baý we tütjar gatlaklary atlandyrylyp, soňra olardan *buržuaziýa* gatlagy kemala gelipdir. Giçki döwürde şäher gatlagy wekilçilikli-gatlaklaýyn ýygnaklarda möhüm orna eýe bolupdyrlar.

**Şäher söwdagärleri we täjirçilik birleşmeleri.** Senetçilik bilen bir hatarda, söwda hem orta asyr şäherleriniň möhüm pudagy bolupdyr. Olaryň ilatynyň ep-esli bölegi üçin söwda esasy eklenç çeşmesine öwrülipdir. Hakyky söwdagärleriň arasynda ýaşaýyş-durmuş we iş şertleri boýunça

senetçilere golaý ownuk dükanlaryň eýeleri agdyklyk edipdirler. Söwdagärleriň saýlantgy bölegini – elitasyny üstaşyr we lomaý söwda bilen baglanyşykly baý täjirler emele getiripdirler. Olar alysdaky şäherler we ýurtlar bilen söwda geleşiklerini baglaşypdyrlar, şol ýerlerde öz söwda edaralaryny döredip, haryt getirmek we harytlary äkitmek bilen meşgullanypdyrlar. Köplenç ýagdaýlarda olar bankçylara we iri süýthorlara öwrülipdirler. Has baý täjirler Konstantinopolyň, Londonyň, Marseliň, Wenesiýanyň, Genuýanyň, Lýübegiň söwdagärleri hasap edilipdir. Emma köp ýurtlarda uzak wagtlap täjirleriň ýokary gatlagyny kese ýerliler düzüpdirler.

Emma Orta asyrlarda täjirçilik peýdaly iş bolupdyr, emma söwda etmeklik kyn we howply eken. Täjirleri gury ýerde «asylly» galtamanlar - rysarlar, suwlarda bolsa deňiz garakçylary talapdyrlar. Täjirler feodalyň mülküniň üstünden geçendikleri üçin köpri we geçelge paçlaryny tölemeli bolupdyrlar, munuň üçin feodallar gury ýerlerde hem köpri gurupdyrlar. Täjirleriň arabalarynyň turuzýan tozanlary üçin hem töleg alypdyrlar. Ýollar darajyk hem daş düşelmedik bolup, olar ýazyna hem-de güýzüne erbet batgalyk bolupdyr. Arabalar kän döwüler ekeni. Ýere gaçan haryt şol ýeriň hojaýynynyňky hasaplanypdyr. Şol döwürler «arabadan gaçan zadyň köydügi bil» diýýär ekenler. Bardy-geldi gaý turup, heläk bolan gämini tolkunlar kenara eltäýse, onda abat galan harytlar kenar ýakasyna eýelik edýän feodalyň ygtyýaryna geçipdir.

Täjirler talaňçylyklardan dynmak üçin toparlara birleşipdirler, goragçylar tutupdyrlar we olar bilen birlikde teleke etmäge gidipdirler. Edil Aziýanyň çöllerinden barýan kerwenler ýaly, täjirleriň hatar-hatar kerwenleri hem Ýewropa ýurtlarynyň içi bilen dürli ugurlara gidipdirler. Täjirleriň özleriniň talaňçylyk hem-de galtamançylyk edýän wagtlary seýrek bolmandyr.

Agyr şertleriň bolmagyna garamazdan Ýewropada söwda işleri ösüpdir we guramaçylyk taýdan kämilleşipdir. Eýýäm irki orta asyrlaryň ahyrlarynda täjirleriň şäher guramasy – gildiýalar döreýär. Edil senetçileriň sehleri ýaly, gildiýalar hem täjirleri hünär bähbitleri esasynda birleşdiripdir. Söwda gildiýalary söwdada öz agzalaryna agalyk ediji ýagdaýy üpjün edipdirler, öz agzalarynyň hukuklaryny gorapdyrlar, täjirlere ýardam edipdirler, şunuň bilen bir hatarda, olar harby hem-de dini guramalar hem bolupdyrlar. Her şäheriň täjirler gatlagy hem edil senetçileriňki ýaly, garyndaşlyk we bähbit birlikleri boýunça birleşipdirler, olara goňşy şäherleriň täjirleri hem goşulypdyrlar. «Söwda öýleri» - täjirleriň maşgala kompaniýalary hut şol döwürler peýda bolupdyrlar. Orta asyrlarda söwda hyzmatdaşlygynyň paýdarlar ýoldaşlygy (ammarçylyk, *kompanýonaž, kommenda*) ýaly görnüşleri gülläp ösüpdir. Eýýäm XIII asyrda ilki Barselonada, soňra Ýewropanyň köp şäherlerinde söwda konsulynyň wezipesi döreýär. Şäherler öz täjirleriniň bähbitlerini we janyny goramak üçin beýleki şäherlere we ýurtlara öz konsullaryny ugradýardylar. XV asyryň ahyrlarynda biržalar ýüze çykyp, söwda ylalaşyklary we geleşikleri baglaşylypdyr.

Ýewropalylar Gündogar ýurtlary bilen gadymy wagtlardan bäri söwda edip gelipdirler. Olar Ortaýer deňzinden geçip, Siriýanyň we Müsüriň tebigy gämi duralgasyna ýüzüp barypdyrlar. Arap we Eýran täjirleri bu ýerlere gymmat bahaly harytlaryny getiripdirler. Ýewropanyň täjirleri olardan zynat zatlary satyn alyp, ony öz ýurtlaryndaky baý adamlara köp esse gymmat satypdyrlar. Gündogara gidýän amatly söwda ýollaryny Italýan şäherleri bolan Wenesiýanyň we Genuýanyň täjirleri basyp alypdyrlar. Bu şäherler Wizantiýa bilen hem-de biri-biri bilen bäsdeşlik edipdirler. Olaryň arasynda gazaply uruşlar ýüzlerçe ýyllar dowam edipdir. Wenesiýa we Genuýa özbaşdak şäher respublikalary bolup, häkimýet baý täjirleriň ellerinde bolupdyr. Baýlar gämi flotiliýalaryny, onlarça izaýlara

ýüzmegini we dükanlara eýelik edipdirler. Ortaýer deňziniň kenar ýakalaryndaky Ýewropa şäherleri, aýratyn hem Italýan şäherleri, Gündogar ỳurtlary bilen alnyp barylỳan söwda işleriniň hasabyna ösüpdirler hem-de baýlaşypdyrlar.

Möhüm söwda ýoly Baltika deňzi bilen Demirgazyk deňziň üstünden geçipdir. Bu ýerlerde hojalykda zerur bolan duz, sütüli derileri, ýüň, mawut, mum, demir we beýleki harytlary söwda edipdirler. Demirgazyk Ýewropanyň şäherleriniň we ýurtlarynyň (Russiýadaky Nowgoroddan Angliýanyň paýtagty Londona çenli) täjirleri bu söwda gatnaşypdyrlar.

Kähalatlarda dürli şäherleriň täjirleri iri assosiasiýalary – bileleşikleri hem döredipdirler. Şeýle bileleşikleriň iň irisi demirgazyk german şäherleriniň söwda-syýasy bileleşigi - meşhur Ganza assosiasiýasy bolupdyr. Ýewropanyň demirgazygyndaky söwdany ele salmak maksady bilen nemes şäherleriniň täjirleri XIV asyrda Ganza bileleşigine birleşipdirler. Merkezi Lýubekde ýerleşen bu bileleşige 70-den gowrak şäher giripdir. Ganza bileleşiginiň täjirleri Demirgazyk we Baltika deňizleri arkaly edilýän söwdadan öz bäsdeşlerini gysyp çykarmaga çalşypdyrlar. Nowgorodda, Brýuggede, Londonda we beýleki şäherlerde olaryň gowy berkidilen we abzallaşdyrylan söwda saraýlary-ammarlary bolupdyr. Ganzanyň uly harby floty bolansoň, ol goňşy ýurtlarda amatly söwda şertlerini köplenç ýarag güýji bilen gazanypdyr. Ol Daniýa garşy iki gezek urşupdyr hem-de ganzalylaryň aýratyn hukularyny ykrar etmäge Daniýa korolyny mejbur edipdir.

Ýewropada söwdanyň iň gyzgalaňly ýerleri ýarmarkalar bolupdyr. Her ýylda geçirilen söwda bazarlaryna dürli şäherlerden hem-de ýurtlardan täjirler gelipdirler. Olar ýarmarkalara ýörgünli harytlary getiripdirler we olary ownuk söwdagärlere hem-de senetçilere satypdyrlar. Fransiýanyň demirgazyk-gündogarynda Şampan graflygyndaky ýarmarkalar bütin ýyllap diýen ýaly dowam edipdir. Şampandaky

ýarmarkalarda Gündogardan getirlen zynatly zatlary-da, Demirgazyk Ýewropadan getirlen harytlary-da satypdyrlar. Ýarmarkalar şowhunly we märekeli bolupdyr. Täjir dükanlarynyň aralygynda tekjeler goýlup şolaryň aňyrsynda pul çalyşýanlar – serraplar oturypdyrlar. Täjirler serraplaryň kömegine örän mätäç bolupdyrlar, çünki her bir ýurduň pulunyň agramy we zikgelenilişi tapawut edipdir. Şol pullary diňe bir korollar däl eýsem, iri feodallar we şäherler hem dolanyşyga goýberýärdiler. Diňe Fransiýanyň özünde 80-den hem köp dürli pul çykarylypdyr. Serraplar belli bir hak alyp, täjirleriň pullaryny ýarmarkada ulanylýan ýörgünli pullara çalşyp beripdirler. Serraplarda kem-kemden pul köp toplanypdyr. Olar pullaryny karzyna berip başlapdyrlar. Karz alnan puly belli möhletde göterimi bilen yzyna gaýtaryp bermeli bolupdyrlar. Adatça göterim juda ýokarydy – karz alnan puldan esse ýarym, iki esse köp edip gaýtaryp bermeli bolupdyr. Söwdanyň ösmegi bilen şäher serraplaryň we süýthorlaryň ellerinde ymgyr köp baýlyk toplanypdyr.

Şeýlelik bilen, XI asyrdan başlap, oba hojalygynyň we senetçiligiň ösmegi, şäherleriň ulalmagy, öz-özüni dolandyran hojalyk gatnaşyklaryny dargadypdyr. Şäherler bilen obalaryň arasynda söwda gatnaşyklary ösüpdir. Birentek ýurtlaryň daýhanlary garaşlylykdan azat bolupdyrlar. Şäherleriň senetçileri diňe öz hünäri bilen meşgullanyp ussaçylygy birkemsiz öwrenipdirler, gurallaryň we esbaplaryň işledilişiniň tärlerini kämilleşdiripdirler. Senetçiligiň oba hojalykdan bölünip aýrylmagy bilen daýhanlaryň ýeri işläp bejermek we mallary idetmek üçin wagtlary köp bolupdyr. Senetçiligiň oba hojalykdan aýrylmagy netijesinde adamlaryň zähmeti has öndürijilikli häsiýete eýe bolupdyr. Täze kapitalistik gatnaşyklaryň ösüşine giň ýol açylypdyr we munuň üçin amatly şertler döräpdir.

## § 2. Haçly ýörişler

**Haçly ýörişleriň başlanmagynyň sebäpleri we olaryň häsiýeti.** Haçly ýörişler günbatar ýewropaly feodallaryň Ýakyn Gündogar ýurtlaryna garşy alyp baran basybalyjylykly uruşlary bolup, iki ýüz ýyla golaý – 1096-1270-nji ýyllar aralygynda dowam edipdir. Haçly ýörişleri gurnaýjysy hem-de ruhlandyryjysy hökmünde katolik buthanasy öňe çykypdyr we bu uruşlara dini mazmun berlip, ol hristianlaryň musulmanlara garşy göreşi hökmünde häsiýetlendirilipdir. Bu uruşlarda hristianlaryň haçy nyşan hökmünde ulanylypdyr, şol sebäpden hem ol haçly ýörişler ýa-da uruşlar adyna eýe bolupdyr. Haçly ýörişlerini ilkinji nobatda günbatar ýewropaly feodallaryň Gündogardaky baý ýerleri basyp almaga, olaryň öz baýlyklaryny hem-de girdejilerini artdyrmaga gönükdirilen uruşparaz syýasaty bilen baglanyşykly boldy. Bu meýiller has hem XI asyryň ahyrlarynda ykdysady ösüşler, şäherleriň döremegi, söwda yzygider gatnaşyklarynyň ýola goýulmagynyň esasynda ýüze çykan feodallaryň maddy isleglериniň ýokarlanmagy bilen döredi. Haçly ýörişleriň geçirilmegine gündogardaky ýerleriň eýelenilmeginiň hasabyna öz täsirini güýçlendirmek isleýän katolik buthanasy hem uly gyzyklanma bildirýärdi.

XI asyryň ahyrlarynda Gündogarda emele gelen syýasy ýagdaý günbatar ýewropaly feodallaryň Gündogarda basybalyşlary geçirmegi üçin amatly şertleri döredipdir. XI asyryň ortalarynda Merkezi Aziýadan gelen türkmen seljuklar Bagdady eýeleýärler, soňra bolsa Malazgirt söweşinde (1071) wizantiýa goşunyny derbi-dagyn edip, bütin Kiçi Aziýanyň hökümdarlaryna öwrülýärler. 1072-nji ýylda türkmenler Müsüriň hökümdarlary bolan fatimileriň elinden hristianlar üçin mukaddes şäher hasaplanylýan Iýerusalimi[1] alýarlar.

[1] Araplar bu şäheri Kuddus (Beýt al-Mukaddas) – Mukaddes şäher diýip atlandyrýarlar.

Iýerusalimiň eýelenilmegi Rim papasyna türkmenlere garşy göreşmek üçin Günbatar Ýewropada giň wagyz işlerini geçirmäge bahana bolup hyzmat edýär. Munuň üçin «gündogarly dindeşlere kömek» we «Isa Pygamberiň tabydyny musulmanlardan halas etmek» hakyndaky şygarlar öňe sürlüpdir. Papalyk tarapyndan, hamana musulmanlaryň Palestinadaky hristianlara ejir berýändikleri, hristian mukaddeslikleriniň depelenilýändigi, hristian dindarlarynyň mertebeleriniň kemsidilýändigi, Iýerusalime gelýän günbatar ýewropaly zyýaratçylaryň yzarlanylýandygy hakyndaky çyna berimsiz toslamalary ýaýradýardy. Papanyň çagyryşlary Günbatar Ýewropada giň seslenme döredipdir.

Muňa Wizantiýanyň düşen ýagdaýy hem uly täsir edipdir. Balkan ýarym adasyndan çozup gelen peçenegler wizantiýanyň imperatory Alekseý I Komniniň goşunlaryna agyr zarba urýarlar we Konstantinopolyň etegine süýşüp gelýärler. Şol bir wagtyň özünde türkmen seljuklar hem Wizantiýanyň garşysyna güýçli deňiz goşunlaryny döredip peçenegler bilen gepleşiklere başlaýarlar. Alekseý I Günbatar Ýewropanyň hökümdarlarlaryna kömek sorap ýüz tutmaga mejbur bolýar. Şu maksat bilen ol papa Urban II-niňkä (1088-1099) öz ilçilerini ugradýar. Alekseý Komniniň haýyşlary günbatar ýewropaly feodallara we katolik buthanasyna basybalyjylykly maksatlaryny amala aşyrmakda amatly mümkinçilik döredýär.

Haçly ýörişleriň umumy häsiýeti, onuň öňünde goýlan harby-strategiki wezipeleri we ýörişlere gatnaşyjylaryň düzümi her döwürde bir hili bolupdyr. Ilkinji haçly ýörişler ýewropalylaryň Ýakyn Gündogara geçiren giň harby-kolonizasiýa hereketi boldy. Şunda esasy üns täze ýerleri basyp almaklyga gönükdirilýärdi. Haçly ýörişlere iri we ownuk feodallar bilen bir hatarda, daýhanlar köpçüligi hem gatnaşdy.Feodallaryň hem-de daýhanlaryň hersiniň öz maksatlary bardy. Ownuk rysarlar XI asyryň ahyrlarynda ýerleriň ýetmezçiliginden we elleriniň ýukalygyndan ejir çekip

gündogar ýurtlarynda mülkleri edinmäge we talaňçylyk etmäge gyzyklanýardylar. Iri feodallar bolsa täze mülkler we baýlyklar bilen bir hatarda, Ýakyn Gündogarda täze haçparaz döwletlerini döredip, özleriniň syýasy abraýlaryny artdyrmaga çalyşýardylar. Tersine, agyr salgytlara we çydamsyz zähmet borçlaryna sezewar edilen daýhanlar «deňziň aňyrsynda» emläk edinmek, açlykdan hem-de senýorlaryň eden-etdiliklerinden halas bolup, erkinlige eýe bolmak isleýärdiler. Haçly ýörişlere demirgazyk italýan şäher-döwletleriniň – Wenesiýanyň, Genuýanyň, Pizanyň täjirleri hem işeňňir gatnaşypdyrlar. Olar Lewant (Gündogar Ortaýer sebiti) söwdasynda öz orunlaryny giňeltmegi we berkitmegi maksat edinýärdiler.

Daýhanlaryň gatnaşýandyklary üçin ilkinji haçly ýörişleri (XII asyryň ortalaryna çenli) köpçülikleýin, ýöne şunuň bilen bir hatarda dagynyk häsiýete eýe boldy. XII asyryň ortalaryndan daýhanlar ýuwaş-ýuwaşdan hereketden galyp ugraýarlar. Haçly ýörişler esasan feodallaryň ýörişlerine öwrülýärler. Bu hereket dini baýdaga bukulyp dowam eden-de bolsa, soňa-baka onuň dini häsiýeti hem gowşaýar we basybalyjylykly maksatlar haçly ýörişleriň esasy mazmunyna öwrülýär.

Haçly ýörişleriniň ruhlandyryjysy we onuň işeňňir gatnaşyjysy papanyň baştutanlygyndaky katoliki buthanasydy. Papa dünýewi feodallara öz güýçlerini jemlemäge ýardam edýärdi, ýewropa jemgyýetine haçly ýörişleriň zerurlygyny we onuň hudaýyň halaýan işidigini düşündirýärdi. Rim papasy bir tarapdan, buthana ýerleriniň esasy dalaşgäri bolan başyna giden erkin rysarçylygy Ýewropanyň çäginden çykarmak, beýleki bir tarapdan bolsa, rysarlaryň güýç-kuwwatyny bütin hristian dünýäsinde öz agalygyny ýola goýmak we Gündogarda papanyň täsirindäki haçparaz döwletleri döretmek isleýärdi.

**Häçly ýörişleriň başlanmagy.** 1095-nji ýylyň güýzünde Rim papasy Urban II Fransiýanyň Klermon şäherinde buthana ýygnagyny (sobor) çagyrýar. Ýygnak gutarandan soň papa ýönekeý halkyň, rysarlaryň we din adamlarynyň ýygnan ägirt uly mähellesiniň öňünde adamlary ýaraga ýapyşmaga we musulmanlaryň elinden «Isanyň tabydyny halas etmäge» ugramaga çagyryş bilen ýüzlenýär. Bu wakadan bir ýyl öň Rim papasynyň wekilleri bütin Ýewropa aýlanyp haçly ýörişlere geçirmek maksady bilen wagyz işlerini geçiripdirler. Indi bu ýygnanyşykda haçly ýörişiň maksatnamasy düzülipdir. Papa ýörişe gatnaşyjylaryň ählisiniň günäleriniň geçiljekdigini, kim




şehit bolsa, onuň dessine jennete barjakdygyny yglan edipdir. Papa daýhanlary we garyplary krepostnoýçylyk hukugyndan boşatmaga we olaryň ähli emläklerini goramaga söz berýär.

Klermondaky ýygnakdan soň ýepiskoplar, ruhanylar we monahlar musulmanlara garşy wagyzlary has hem

güýçlendirýärler. Demirgazyk we Orta Fransiýanyň, Germaniýanyň reýnýaka ýerlerinde ýönekeý halkynyň arasynda monar Pýotr Amýenliniň (Çöldegezen) wagyzlary giň meşhurlyga eýe bolupdyr. Onuň wagyzlarynyň täsiri bilen ruhlanan garyp adamlaryň müňlerçesi 1096-njy ýylyň ýaz aýlarynyň başynda keramatly topraga tarap ugraýarlar. Olara Pýotr Çöldegezen, asly Demirgazyk Fransiýadan bolan garyp rysar Walter Ỳalaňaç we Reýn derýasynyň boýlaryndan bolan monah Gotşalk baştutanlyk edýär. Taýaklar, paltalar bilen ýaraglanan, aç-hor, garyp düşen daýhanlar Reýniň hem-de Dunaýyň boýlary bilen günorta – Konstantinopola tarap süýşüp ugraýarlar. Olar wengerleriň, bolgarlaryň, grekleriň ýurtlarynyň üstünden geçip ýol ugruna obalary talaýardylar, adamlary horlap, zorluk edýärdiler, bigünä adamlary öldürýärdiler. Ýerli halk olara berk gaýtawul berýärdi, şonuň üçin hem haç göterijiler uly ýitgileri çekýärdiler. 1096-njy ýylyň tomsunda hatarlary seýreklän daýhan goşunlary Konstantinopola gelýärler. Bu ýerde-de haç göterijiler özlerini diýseň zabun alyp barýardylar. Şonuň üçin hem zähresi ýarylan Alekseý Komnin çaltrak olary Bosforyň üsti bilen Kiçi Aziýa geçirmäge alňasapdyr. Rysarlardan düzülen esasy güýçleriň gelerine garaşman garyplar öňe tarap eňipdirler. 1096-njy ýylyň oktýabrynda seljuklar haç göterijileriň bu toparyny gabawa alyp, olary dolulygyna derbi-dagyn edýärler.

**Birinji haçly ýöriş.** Şol ýylyň tomsunda Gündogara tarap günbatar ýewropaly feodallar ugraýarlar. Rysarlar gowy ýaraglanypdyrlar, öz emläkleriniň bir bölegini satyp, ýa-da zamunyna goýup bol azyk ätiýaçlyklaryny hem-de pul serişdelereini edinipdirler.

Haçly ýörişlere hemmelerden öň lotaringiýaly feodallar ugraýarlar. Olaryň başynda gersog Godfrid Bulýonskiý durupdyr. Günorta Italiýanyň norman rysarlaryna Wizantiýa bilen köp wagtdan bäri mäşi bişişmän gelýän Boemund Tarentli baştutanlyk edýärdi. Ol Gündogarda özbaşdak graflygy

esaslandyrmagyň arzuwyndady. Günorta Fransiýada-da uly goşun döredilip, oňa garf Raýmund Tuluzskiý serkerdelik edýärdi. Demirgazyk we Orta Fransiýanyň rysarlaryna Robert Normandiýaly, Bluanyň grafy Etýen we graf Robert II Flandriýaly baştutanlyk etdi.

Gündogara ugran rysar goşunlarynyň yzy bilen daýhanlaryň ägirt uly topary hem ýola düşýär. Goşunlaryň bir bölegi reýn-dunaý ýoly, beýleki biri Adriatika deňziniň kenary bilen ýoräpdirler. Rysar goşunlarynyň üçünji bir topary bolsa Italiýadan gämi bilen Balkan ýarym adasyna geçipdirler. Ýörişler döwründe rysarlar wizantiýa mülklerinde ýowuz talaňçylyklary geçiripdirler.


Edessanyň türkmenler tarapyndan gaýtarylyp alynmagy (miniatýura)

1096-njy ýylyň ahyrlarynda – 1097-nji ýylyň başlarynda haçly goşunlar Konstantinopola gelip başlaýarlar. Imperator Alekseý I haç göterijileri öz bähbitleri üçin peýdalanmaga çalşypdyr. Ol para-peşgeş bilen haç göteriji senýorlary we rysarlary wassal kasamyny etmäge yrypdyr. Haç göterijiler türkmenler tarapyndan Wizantiýanyň elinden basylyp alnan ýerleri Alekseý I-ä gaýtaryp bermegi wada edipdirler. Şundan soň imperator haçly goşuny Kiçi Aziýa geçirip goýberýär.

XI asyryň ahyrlarynda Kiçi Aziýada özara bäsleşýän türkmen döwletleriniň oňşuksyzlygy haç göterigileriň öňe süýşmegini ýeňilleşdiripdir. 1098-nji ýylyň başynda Balduin Flandriỳalynyň baştutanlygyndaky rysarlar Demirgazyk

Mesopotamiýadaky Edessa şäherini eýelemek başardýar[1] we haçparazlaryň Ýakyn Gündogardaky ilkinji döwleti – Edessa graflygy (1098-1144) esaslandyrylýar. Haçparazlaryň esasy güýçleri Siriýa çozup girdiler we Orta ýer deňziniň gündogaryndaky iň ulu we gowy berkidilen Antiohiýa galasyny gabaýar. Antiohiýany diňe şäher galasyny goraýan serkerdeleriň biriniň dönükligi zerarly eýelemek başardýar.[2] Basylyp alnan we tozdurylan şäherdäki häkimiýet uzaga çeken dawa-jenjellerden soň Boemund Tarentskä bermeklik karar edilýär. Şeýdip haç göterijileriň ikinji döwleti Antohiýa graflygy (1099-1287) esaslandyrylýar.

Siriýadan soň haçly goşunlar Palestina tarap ugraýar we 1099-njy ýylyň tomsunda Iýerusalim zabt edilip alynýar. Şähere kürsäp giren haç göterijiler ilaty uçdan tutma gyryp başlapdyrlar. Ilatyň köpüsi gyrlypdyr, öýleri bolsa talanypdyr. Basybalyjylaryň açgözlüginiň we rehimsizliginiň çägi bolmandyr. Altyn edinmegiň arzuwynda haç göterijiler görlüp-eşidilmedik rehimsizlikler edipdirler. Şäheriň garrylary, aýallary we çagalary – jemi on müň adam - gaçyp şaher metjidinde gizlenipdirler. Emma rysarlar olaryň birini goýman öldüripdirler. Bet işler tamamlanandan soň rysarlar «Isanyň Tabydy» diýlip atlandyrylýan ybadathana baryp çokunypdyrlar. Haçly ýöriş öz maksadyna ýetipdir: Iýerusalim, «Isanyň tabydy» azat edilipdir. Günbatar Ýewropanyň feodallary basyp alnan ýurtlaryň halklarynyň başyna gyrgynçylyk we talaňçylyk salypdyrlar, milli we dini ezilişi güýçlendiripdirler.

Haçparazlar Ortaýer deňziniň gündogar kenarynda Siriýa bilen Palestinanyň aralygyndaky 1200 kilometre uzalyp gidýän insiz zolakda öz döwletlerini döredipdirler. Olardan iň esasysy Iýerusalim korollygy (1099-1291) hasaplanypdyr. Basybalyşlaryň netijesinde Ierusalim korollygyndan demirgazykda haçparazlaryň ýene-de üç sany döwleti – Tripoli

---

[1]Edessa (Şanly Urfa) 1146-njy ýylda Nureddin Zeňňi tarapyndan azat edildi.
[2] Antiohiýa 1286-njy ýylda soltan Beýbars tarapyndan azat edildi.

graflygy (1002-1187[1]) hem döredildi. Netijede, Ýakyn Gündogarda haç göterijileriň dört sany döwleti döredildi. Olaryň iň täsirlisi Iýerusalim korollygy boldy. Iýerusalim korollygy[2] beýleki üç haçparaz döwletine-de diýenini etdirip bilýärdi.

Basylyp alnan ýerlerde haçparazlar feodal düzgünleri girizipdirler. Palestinanyň ýerlerinde köp sanly galalar peýda bolupdyr. Onuň mes toprakly ekerançylyk ýerleri baronlaryň we rysarlaryň mülklerine öwrülipdir. Basylyp alnan ýerleri hem-de öz mülklerini ellerinde saklamak üçin rysarlar hemişelik goşunda gulluk etmeli bolýardylar. Ýerli halk garaşly daýhanlara öwrülipdir we olaryň boýnuna agyr salgytlar we borçlar ýüklenipdir. Ýewropaly basybalyjylar Gündogarda feodalçylyk gurluşyny saklapdyrlar. Olar şahsy taýdan azat ilaty güýç bilen garaşly ilata öwrüpdirler. Täze hojaýynlar daýhanlardan hasylyň üçden bir böleginden ýarysyna çenlisini alypdyrlar, miweli agaçlardan, zeýtun agaçlaryndan ýyglan miwelerden, üzümden hem şonça alypdyrlar. Mundan başga-da, boýun egdirilen ilat korola köp salgytlar tölemeli, katolik buthana bolsa ondan birini bermeli bolupdyr. Emma basylyp alnan ýerleriň halky haçparazlary ýigrenýärdiler. Şonuň üçin hem olaryň häkimiýeti ygtybarsyz bolupdyr.

Haçparaz döwletleriň syýasy gurluşynda feodal iýerarhiýa saklanyp galypdyr. Senýorlaryň arasynda iň ýokary basgançakda Iýerusalim koroly durupdyr; beýleki üç graflyk onuň wassal tabynlygyndady, emma iş ýüzünde olar garaşsyz döwletler bolupdyrlar. Graflaryň her biriniň tabynlygynda öz wassallary bardy.Wassallar süzereniň peýdasyna harby gullugy ýerine ýetirmeli bolupdyrlar. Emma Günbatar Ýewropadaky dessurlardan tapawutlylykda, iýerusalimiň koroly öz

---

[1] 1201-nji ýylda Raýmond III Tripolini Antiohiýa graflygyna bagyş etdi. Tripoli 1286-njy ýylda türkmenler
tarapyndan azat edildi.

[2] 1291-nji ýylda soltan Beýbars Palestinany doly azat edýär.

wassallaryny bütin ýylyň dowamynda gulluk etmäge borçlandyrýardylar, sebäbi haçparazlar goňşy türkmen döwletleri bilen yzygider uruşlary alyp barmaly bolýardylar. Baronlar we beýleki wassallar feodal geňeşe – assiza ýa-da kuriýa gatnaşmaga borçly bolupdyrlar. Korolyň kuriýasy ýa-da «ýokary ýygnak» iri feodallardan ybarat bolup, ol şol bir wagtyň özünde feodal kazyýetiň hem-de harby-syýasy geňeşiň wezipesini ýerini ýerine ýetiripdir. Bu geňeş korolyň häkimiýetini çaklendiripdir; onuň ygtyýary bolmasa korol nähilidir bir möhüm karar çykaryp bilmändir. Bu düzgünler «Iýerusalim assizleri» atly kanunnamada beýan edilip, olar Iýerusalim korollygynda hereket eden kanunlaryň toplumy bolupdyrlar.

Iýerusalim korollygynyň syýasy taýdan merkezleşmegine ykdysady gatnaşyklaryň bolmazlygy päsgel beripdir. Döwletde söwda hojalyk durmuşynda uly ähmiýete eýe bolupdyr, emma ony esasan daşary bazar bilen ykjam baglanyşygy bolan we haçparazlaryň döwletinde ykdysady arabaglanyşygy ýola goýmak islemeýän Wenesiýanyň, Genuýanyň, Pizanyň täjirleri alyp barypdyrlar. Italýan täjirleri Siriýanyň we Palestinanyň port şäherlerinde uly ýeňilliklerden peýdalanýardylar. Olar ýerli häkimiýetlerden erkindiler we Italiýadan bellenilýän konsullar tarapyndan dolandyrylýardy.

Haçparazlaryň döwletlerinde buthana ägirt uly mülklere eýe boldy. Gündogardaky feodallaryň ep-esli bölegini katolik iýerarhlary (ýepiskoplar) düzýärdiler. Olar ondan bir (1/10) salgyt görnuşinde ummasyz girdeji alypdyrlar, ýöne salgyt tölemändirler.

Haçparaz döwletleri berk däldi. Olar Siriýa bilen Palestinanyň aralygynda ýerleşýän dagynyk mülklerdi. Haçparazlar esasan kenarýaka şäherlerinde we öz howpsulyklaryny berkitmek üçin gurduran galalarynda ýaşaýardylar. Günortadan Iýerusalim korollygyna ilki Fatimileriň, soňra bolsa Eýýubileriň döwletleri, Gündogardan,

ýagny Siriýa çöllügi tarapdan bolsa seljuklaryň we olaryň emirleriniň howp salýardylar. Has beteri-de haçparazlaryň özleri hem biri-biri bilen oňuşmandyrlar.

Haç göterijileriň mülklerini goramak maksady bilen birinji haçly ýörişinden soň *tampliýerler* (ybadathanaçylar) we *ioannitler* (ýa-da gospitalýerler) ýaly dini-rysarçylyk ordenleri – guramalary döredilip başlaýar. Ordenler harbylaşdyrylan monahçylyk «doganlyklarydy» - birleşmeleridi. Ordenleriň esasy wezipesi haçparazlaryň mülklerini goramak hem-de giňeltmek bolupdyr. Ordenler beýik magistrler tarapyndan dolandyrylyp, gönüden-göni Rim papasyna tabyndylar we ýerli häkimiýete bagly däldiler. Wagtyň geçmegi bilen olar uly ýeňillikler gazandylar we diňe bir Gündogarda däl, eýsem Günbatar Ýewropada hem iri mülkdarlara öwrüldiler.

Ordenleriň agzalary bolan monahlar maşgala edinmändirler, olar çokunýardylar we agyz bekleýärdiler. Ýöne gerek bolan wagty ellerine ýarag alyp söweşýärdiler. Şonuň üçin hem olar monah ýektaýlarynyň aşagyndan rysarlaryň sowudyny geýýärdiler. Italýan rysarlary Palestina gelýän zyýaratçylara kömek berýärdiler, hassalary Ierusalimiň keramatly Ioann ybadathanasynyň hassahanasynda bejerýärdiler. Şonuň üçin hem olary Ioannitler ýa-da Gospitalýerler diýip atlandyrýardylar. Bu ordeniň agzalary ýüzi ak haçly gyzyl reňkli monah donlaryny geýipdirler.

Fransuz rysarlarynyň guramasy gadymy döwürde Süleýman pygamberiň ybadathanasynyň ýerinde beýik baýryň üstünde ýerleşipdir. Şonuň üçin hem fransuz rysarlarynyň ordeni *tampliýerleriň* (ybadathanaçylar) ordeni diýen ada eýe bolupdyr. Tampilýerler gyzyl haç çekilen ak reňki monah donuny geýipdirler. Ierusalimdäki nemes hassahanasynyň esasynda *tewton ordeni* döredilip, olary ak donuň ýüzündäki gara haç boýunça tanap bolýardy.

XII asyrda ordenler Iýerusalim korollygynyň iň kuwwatly hem-de jebis güýjüne öwrüldiler. Emma olaryň hetdenaşa

özbaşdaklygy we beýleki feodallar bilen dawa-jenjelleri ahyr netijede haç göterijileriň döwletleriniň gowşamagyna sebäp bolýar. Gündogardaky mülklerini ýitirensoňlar ordenler öz işlerini Ýewropa geçirýärler. Ioannitler we tampliýerler öz baýlyklaryny süýthorçulykda we bank işlerinde peýdalanypdyrlar. Tewton ordeni öz hereketini Baltika deňziniň kenarlaryna gönükdirýär we şol ýerden gylyç göterijileriň orden bilen billelikde öz döwletini döredýär.

**Ikinji haçly ýöriş.** XII asyrda Kiçi Aziýadaky, Palestinadaky türkmen döwletleri berkäpdirler we şonuň netijesinde haçparazlar öz mülklerini ýitirip ugradylar.1144-nji ýylda Mosulyň hökümdary Nureddin Zeňňi Edessany eýeledi. Muňa jogap edip Ikinji haçly ýöriş (1147-1149) yglan edildi. Bu ýorişiň esasy ruhlandyryjysy hökmünde abbat Bernar Klerwosly çykyş etdi. Emma fransuz koroly Lýudowik VII we german koroly Konrad III tarapyndan baştutanlyk edilen ýoriş doly şowsuzlyga uçrady. Nemes haçgöterijileri Kiçi Aziýada seljuklar tarapyndan derbi-dagy edilýär; fransuz haçparazlary bolsa Damasky netijesiz gabapdyrlar we hiç hili üstünlik gazanyp bilmän Ýewropa dolanýarlar.

XII asyryň ortalarynda günbatar ýewropa döwletleriniň arasynda, şeýle hem olaryň Wizantiýa bilen arada Orta ýer deňzinde agalyk ugrunda özara göreşler güýjäp ugraýar. Bu bolsa haçly ýorişleriň netijesiz tamamlanmagyna getirýär.

**Üçünji haçly ýöriş.** XII asyryň ikinji ýarymynda Müsüriň, Siriýanyň hem-de Yragyň bir böleginde Eýýubileriň döwletiniň (1171-1250) döremegi bilen Ýakyn Gündogardaky haçparaz döwletleriniň ýagdaýy has hem kynlaşdi. Eýýubi hökümdary Ýusup Salaheddin (ýewropa çeşmelerinde Saladin) 1187-nji ýylda Iýerusalimi haçparazlaryň elinden aldy. Bu waka Üçünji haçly ýorişiň (1189-1192) başlanmagyna bahana boldy. Bu ýörişe Germaniýanyň, Fransiýanyň we Angliýanyň feodallary gatnaşyp, oňa german imperatory Fridrih I Barbarossa, fransuz koroly Filip II Awgust we iňlis koroly

Riçard Şirýürek dagylar baştutanlyk edýärdiler. Fridrih I-niň Wizantiýa imperiýasy babatynda basybalyjylykly maksatlary bardy, şonuň üçin hem ol Wizantiýanyň esasy garşydaşy – Rumly seljuk soltanynyň goldawyna daýanypdyr. Sebäbi seljuk soltany Ýusup Salaheddin bilen hem bäsleşýärdi, şol sebäpden Wizantiýa hem Eýýubiler döwleti bilen ýaranlyk baglaşypdyr.


Musulman urşujylary (№4 seljuk-türkmen atlysy)

Emma Fridrihiň ýörişi pajygaly tamamlanypdyr. German goşunlary 1190-njy ýylyň iýun aýynda Siriýanyň Selewkiýa şäheriniň etegine gelipdir. Barbarossa Salef derýasynyň boýunda düşlemegi buýurýar. Taryhçylaryň ýazmagyna görä, imperator suwa düşmek isläpdir. Emma çalt akýan däli derýajyk Fridrihi öz girdabyna alyp gark edipdir. Fransuz we iňlis haç göterijileri ýörişiň bütin dowamynda oňuşmandyrlar. Riçard I Angliýanyň Ortaýer deňzindäki täsirini güýçlendirmek maksady bilen ýolda Sisiliýany eýelemäge synanyşýar. Riçardyň bu hereketi Filip II-niň hem-de täzelikde german tagtyna çykan we Sisiliýa tagtyna tamakinçilik edýän Genrih VI-nyň garşylygyna duçar bolýar. Riçard diňe Kipri eňňut edýär.

Palestina gelip haç göterijiler ur-tut Akkany gabaýarlar we ony diňe 1191-nji ýylda eýelemegi başarýarlar. Emma uruşlaryň gyzgalaňly dowam etdirilýän wagty Filip II Ýewropa gidýär we Genrih VI bilen Riçardyň garşysyna ýaranlyk baglaşýar. Iýerusalimi eýelemäge eden netijesiz

synanyşyklardan soň, Riçard hem Salaheddin bilen ylalaşyk baglaşmaga mejbur bolýar. Ylalaşyk boýunça eýýubi hökümdara Riçarda Tirden Ýaffa çenli aralykdaky insizje zolagy berýär. Zyýaratçylara we täjirlere üç ýylyň dowamynda Iýerusalime gelmäge ygtyýar edilýär. Iýerusalim şäheri eýýubileriň döwletiniň düzümine goşulandan soň, korollygyň paýtagty indi Akka geçirilýär.

**Dördünji haçly ýöriş (1202-1204).** Dördünji haçly ýörişe Fransiýanyň, Angliýanyň, Germaniýanyň rysarlary gatnaşdylar. 1198-nji ýylda Rim papasy Innokentiý III (1198-1216) Ýewropa döwletleriniň korollaryna hat ýazyp, olary haçly ýörişe çagyrýar. Başky maksatnama boýunça haçparazlar Müsüre ugramalydylar, emma ýöriş Konstantinopolyň basylyp alynmagy we Wizantiýanyň derbi-dagyn edilmegi bilen tamamlanýar.

Haçly ýörişiň ugrunyň üýtgemegine Wenesiýa sebäp bolýar. Çünki öz gämileriniň ýoklugy sebäpli haçparazlar Wenesiýa ýüz tutýarlar. Wenesiýanyň dolandyryjylary Wizantiýada öz orunlaryny berkitmek üçin pursatdan peýdalanýarlar. Wenesiýanyň dožy Enriko Dandolo (1192-1205) munuň üçin ägirt köp pul - 85 müň kümüş marka talap edipdir. Haçparazlar kireý bilen ylalaşypdyrlar, emma tiz wagtdan şunça puly töläp bilmejekdiklerine göz ýetirýärler. Onda Dandolo haç göterijileriň ünsüni Wenesiýanyň esasy söwda gatnaşyklaryny alyp barýan ýurdy bolan Müsürden sowmak üçin, olara ýetmeýän puluň öwezine, wenesiýalylaryň esasy söwda bäsdeşi, Adriatika deňziniň kenaryndaky Dalmasiýanyň iri söwda merkezi bolan Zadar şäherini basyp almaga ýardam etmegi teklip edýär. 1202-nji ýylda şäher basylyp alynýar. Soňra Dandolo haçparazlaryň baştutany, italýan markizi Bonifasiý de Monferrat bilen dilleşip, goşunlary we floty Konstantinopolyň üstüne ugradýar. Muňa-da Wizantiýada imperator Isaak II Angeliň tagtdan düşürilmegi we 1202-nji ýylyň baharynda onuň ogly Alekseý Angeliň

Wenesiýa gaçyp gelmegi hem-de kakasynyň tagtyny gaýtaryp almaga kömek soramagy sebäp bolýar. Şazadany rim papasy Innokentiý III hem goldaýar, ýöne, eger-de, iş şowuna düşen ýagdaýynda, papa imperiýanyň prawoslaw buthanasyny rime tabyn etmegi Alekseýiň boýnuna goýýar. 1203-nji ýylyň tomsunda haçparazlar Konstantinopoly gabap, tagty Isaak II-ä gaýtaryp alyp berýärler. Emma imperator berlen kömek üçin wada eden pulunyň diňe ýaryny - 100 müň kümüş pul töleýär.

1204-nji ýylyň aprelinde haçparazlar şäheri zabt edip alýarlar we ony aýylganç talaňçylyga sezewar edýärler.

**Soňky haçly ýörişler.** XIII asyrda ýene-de birnäçe haçly ýörişler geçirilýär, emma olar Gündogardaky ýagdaýy üýtgedip bilmändirler. Bäşinji haçly ýöriş döwründe (1217-1221) nemes, iňlis, golland we wenger rysarlaryna uzaga çeken gabawdan soň Müsüriň Orta ýer deňziniň kenaryndaky möhüm Damiýetta portuny eýelemek başardýar. Emma özara oňşuksyzlyklar we serkerdeleriň emelsizligi haçparazlary basylyp alnan ýerlerden çykyp gitmäge mejbur edýär.

Altynjy haçly ýörişe (1228-1229) german imperatory, Fridrih I Barbarossanyň agtygy Fridrih II baştutanlyk edip, oňa nemes, fransuz, iňlis we italýan rysarlary gatnaşýarlar. Fridrih II Siriýa ugrap, Müsür bilen Damaskyň arasyndaky özara uruşdan peýdalanýar we Müsüriň soltany bilen şertnama baglaşyp, Iýerusalimi we Palestinanyň käbir şäherlerini alýar. Muňa derek imperator soltana onuň garşydaşlaryna garşy uruşlarynda kömek bermäge borçlanýar. Emma 1244-nji ýylda musulmanlar Iýerusalimi ýene-de gaýtaryp alýarlar.

Ýedinji haçly haçly ýörişini (1248-1254) papa Innokentiý IV guraýar we ol Müsüre garşy gönükdirilipdir. Ýörişe fransuz koroly Lýudowik IX Keramatly baştutanlyk edip, onuň gatnaşyjylary esasan fransuz rysarlary bolupdyrlar. Lýudowik IX Fransiýanyň günortasyndaky şäherleri üçin Demirgazyk Afrikada artykmaçlyk gazanmak isläpdir. Emma bu ýöriş hem şowsuzlyk bilen tamamlanypdyr. Sekizinji haçly

ýörişin-de (1270) Lýudowik IX baştutanlyk edipdir. Bu gezek fransuz korolynyň floty Tunise tarap ugraýar. Emma bu ýöriş hem şöhratsyz tamamlanýar, korolyň özi bolsa ýokanç keselinden ölýär. Sekizinji haçly ýöriş iň soňky ýöriş bolupdyr. Palestinany eýelemeklik ýewropalylara başartmandyr; 1291-nji ýylda olar Kipr adasyndan beýleki  ähli ýerlerinden mahrum bolýarlar.

Bu şowsuzlykdan soň papalygyň täze haçly ýörişler baradaky çagyryşlary Günbatar Ýewropada goldaw tapmandyr. Haç göterijileriň Gündogardaky mülkleri biri-biriniň yzyndan musulmanlaryň eline geçipdir: 1268-nji ýylda Müsür Antiohiýany, 1289-njy ýylda – Tripolini eýeleýär, 1291-nji ýylda bolsa haç göterijileriň iň soňky umydy Akka hem elden gidýär. Iýerusalim korollygy ýaşamagyny bes edýär. XIV-XV asyrlarda Ýewropa döwletleri tarapyndan osmanly türkmenlere garşy haçly ýörişler geçirilýär, ýöne olaryň hem ähli̇si şowsuz tamamlanýar.

**Haçly ýörişleriň netijeleri.** XIII asyryň ahyrlaryna çenli haçly ýörişleriň pese düşmeginiň esasy sebäpleri Ýewropada bolup geçen durmuş-ykdysady we syýasy özgerişler bilen baglanyşykly boldy. Öndüruji güýçleriň ösmegi netijesinde tebigy betbagtçylyklaryň ýetirýän zyýany ep-esli peseldi. Hukuksyz daýhanlar indi deňziň aňyrsynda erkinlik gözlemek hakynda arzuw etmeýärdiler. Erkin durmuşyň gözleginde daýhanlar şäherlere siňýädiler.

Rysarlaryň durmuşynda-da uly üýtgeşmeler bolup geçdi. Korol häkimiýetiniň berkemegi bilen feodallaryň arasyndaky özara uruşlar seýrek hadysa öwrüldi. Ownuk rysarlar Gündogardaky hatarly söweşlere gidenlerindeni korol goşunynda gulluk edenlerini goy gördüler. Üstesine-de, Ýewropanyň özünde-de rysarlara güýmener ýaly uruşlar tapyldy. Nemes rysarlary Labanyň we Oderiň boýlaryndaky, Baltikanyň gündogar kenarlaryndaky ýerleri eýelemäge eňdiler. XIII asyryň başlarynda fransuz rysarlary Langedogyň baý

ýerlerini eýelemek we baý oljalary edinmek bilen meşgullandylar. Olar wagtal-wagtal goňşy Ispaniýa mawrlar bilen uruşmaga hem gidýärdiler. Iňlis feodallary bolsa içeri syýasy göreşler we Uelsdäki hem-de Irlandiýadaky basybalyjylykly uruşlar bilen gümradylar. Galyberse-de, täjirleriň haçly ýörişlere gatnaşmak höwesi hem öz-özünden ýatyp galdy: wenesiýalylar, genuýalylar, prowansallylar, kataloniýalylar lewant ýurtlary bilen söwda şertnamalary baglaşanlaryny kem görmeýärdiler. Şeýlelikde, XIII-XIV asyrlarda Günbatar Ýewropanyň ähli gatlaklarynda haçly ýörişlere gatnaşmak höwesi gaçdy.

XI asyryň ahyrlaryndan XIII asyryň ahyrlaryna çenli dowam eden haçly ýörişler günbatar feodallarynyň Gündogarda alyp baran basybalyjylykly uruşlary boldy. Ol uruşlar ýewropalylara we Gündogaryň musulman halklaryna agirt köp pidalar çekdirdi, emma welin, ýewropaly feodallar Ýakyn Gündogaryň baý ýurtlaryny basyp almak maksadyna ýetip bilmediler. Şeýlelik bilen, 200 ýyllap diýen ýaly dowam eden haçly ýörişler (1095-1270) tamamlandy. Haçly ýörişler ummasyz adam ýitgilerinden başga-da, Ýewropa ýurtlarynyň ägirt uly serişdeleriniň ýele sowrulmagyna getirdi.

Haçly ýörişler döwründe ýewropalylar bilen musulmanlaryň arasyndaky gatnaşyklaryň ýiti häsiýetde bolmagyna garamazdan, halklar biri-birinden köp zatlary öwrenipdirler. Ýewropalylar Gündogar ýurtlarynda ýaşap we musulmanlar bilen söwda edip, täze ekinleri bilen tanşypdyrlar. Ýewropada hem şaly, limon, erik, garpyz ekmäge başlapdyrlar. Ýewropalylar gündogar halklaryndan arassaçylyk we medeni endiklerini, ýüpek matalary dokamagy, ýüz görülýän aýnalary öndürmegi, owadan geýinmegi, zynat içinde ýaşamagy, aňrybaş lezzetli tagamlary iýmegi, metallary ýokary hilde işläp bejermegi, gymmat ýaraglary öndürmegi we başgalary öwrenipdirler.

## § 3. Fransiýa XI-XV asyrlarda

**Fransiýada feodal jemgyýetiň esasy gatlaklarynyň döreýiş aýratynlyklary.** Orta asyrlar döwrüniň taryhy öwreniji alymlar Fransiýany «feodalizmiň merkezi» hasaplaýarlar. Ýurduň demirgazyk we merkezi welaýatlarynda ekerançylyk pudagynyň, ilkinji nobatda bolsa däneçiligiň ösüşi üçin amatly şertler kemala gelýär. Sena we Luara derýalarynyň boýlaryndaky, Parižiň we Orleanyň töweregindäki ýerler özüniň tebigy geografiki şertleri – mes toprakly ekerançylyk ýerleri, derýalar we guryýer ýollary, has gür ilatlylygy bilen tapawutlanypdyrlar. XI asyrda bu ýerlerde ençeme asyrlap dowam eden feodal jemgyýetinde gatlaklaryň kemala gelmek hadysasy tamamlanýar. XI asyryň ahyryna çenli feodal gatlagy san taýdan artdy we öz içinde birnäçe gatlaklara bölündi.Gözbaşyny karolingler döwrüniň begzadalaryndan alyp gaýdýan iri senýorlardan, orta feodallar gatlagyny emele getiren köp sanly gapdal şahalar bölünip aýrylýar. Korolyň hem-de iri magnatlaryň hyzmatkärlerinden we wassallaryndan gelip çykan ownuk feodallaryň sany agdyklyk edipdir. Feodallaryň aşaky gatlagynyň üsti oba jemagatlaryndan bölünip çykan we rysarlara öwrülen adamlaryň hasabyna doldurylypdyr.

Eýýäm XI asyrda feodallar gatlagy ilatyň beýleki gatlaklaryndan doly bölünip aýrylypdyr we artykmaç hukukly, ýapyk durmuş toparyna öwrülipdir. Bu döwre çenli feodallar ýere bolan eýeçilik hukuklaryny doly derejede ýola goýýarlar. Muny şol döwürlerde hukuk kadasyna öwrülen «senýorsyz ýer ýokdur» diýen düşünjäniň ýörgünli bolmagy hem tassyk edýär. Senýorlaryň eýeçiligine köpçülik bolup peýdalanylýan ýerler hem geçirilýär. Feodalçylyk gurluşynyň kemala gelmeginiň tamamlanandygyny, onuň içinde dörän wassallyga esaslanýan feodal iýerarhiýasy – basgançagy hem görkezipdir. Fransuz feodal gatlagynyň iýerarhiýasyny «Meniň wassalymyň wassaly

meniň wassalym däl» hukuk kadasy tapawutlandyrypdyr. Feodalçylyk iýerarhiýasy magnatlaryň bähbitlerini we aýraty hukuklaryny merkezi hökümetiň eden-etdiliklerinden gorapdyr we agalyk ediji gatlagy jebisleşdiripdir.

Feodal tabynlygyndaky hukuksyz daýhançylygyň kemala gelmegi haýal dowam edipdir, emma bu ýagdaý hem XI asyrda doly tamamlanypdyr. XI asyrda daýhanlaryň esasy köpçüligi ýer eýeçiligi we hukuk taýdan feodallara tabyn edilen serwler bolupdyrlar.

Bu döwürde Fransiýanyň oba hojalygynda öndüriji güýçler ösüpdir we şunuň netijesinde oba hojalyk pudagynyň önümliligi ýokarlanýar. Demirden edilen zähmet gurallary, ýeriň birnäçe gezek gaýtalanylyp sürülmegi, atlaryň sürüm işlerinde ulanylmagy gowy netijeleri beripdir. Muňa ýurduň demirgazygynda üçmeýdanlylygyň ýaýramygy hem oňyn täsir edipdir. Günorta welaýatlaryň tebigy şertlerine görä, uzak wagtlap ikimeýdanlylyk we ýeňil azallar saklanyp galypdyr. Bu ýerlerde dänelik ekinler bilen bir hatarda üzüm, tehniki ekinler we miweli agaçlar ösdürilip ýetişdirilipdir. Boş ýatan we tokaýlardan arassalanan ýerleriň ekin dolanyşygyna girizilmegi giň gerime eýe bolupdyr we XII asyryň ikinji ýarymynda has ýokary derejelere ýetipdir. Şunuň netijesinde hasylsyzlyk, gurakçylyk we suw joşmalary zerarly häli-şindi ýüze çykyp duran açlyklar seýrekeşipdir.

Ekin meýdanlaryň giňemegi we hasyllylygyň ep-esli ýokarlanmagy daýhan hojalyklaryna diňe bir özleri üçin zerur bolan önümi däl, eýsem artykmaç önüm öndürmäge-de mümkinçilik beripdir. Zähmet öndürijiligi esasan daýhan hojalyklarynda ýokarlanypdyr, sebäbi daýhan feodalyň ýerinde däl-de, hut öz ýerinde höwes bilen zähmet çekipdir. Şonuň üçin hem senýorlar üçin dayhanlaryň feodal mülklerinde zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegi däl-de, olaryň öndüren önümleriniň bir bölegini salgyt hökmünde almaklyk bähbitli bolupdyr. XII-XIII asyrlarda ähli ýerlerde daýhanlaryň zähmet

borçlaryny ýerine ýetirýän mülkleri ýatrylyp, ýerleri nesildennesle geçirmek şerti bilen daýhan hojalyklarynyň arasynda paýlamak tertibi girizilip ugraýar. Munuň özi zähmet borjunyň, önüm salgydy bilen çalşyrylmagyna getirýär.

**Fransiýanyň şäherleri XI-XIII asyrlarda.** Öndüriji güýçleriň ösüşinde bolup geçen ilerlemeler we şunuň bilen baglanyşykly senetçiligiň oba hojalygyndan bölünip aýrylmagy, senetçiligiň hem-de söwdanyň merkezleri bolan şäherleriň ösüşine oňyn täsir edýär. Eýýäm X asyrdan başlap Fransiýada rimliler tarapyndan esaslandyrylan we V-IX asyrlarda tozgunçylyga sezewar bolan köne şäherler (Bordo, Tuluza, Lion, Marsel, Nim, Puatýe, Pariž, Ruan we başgalar) gaýtadan gülläp ugraýar. Täze şäherler peýda bolup başlaýar. XIII asyra çenli ýurtda köpsanly iri, orta we ownuk şäherler bolup, olaryň sany soňraky asyrlarda şähelçe artypdyr. Munuň özi Fransiýanyň häzirki zaman şäherleriniň esasy köpçüliginiň döremeginiň hut şu döwürlerde tamamlanandygyna şaýatlyk edýär.

Günorta Fransiýanyň XI-XII asyrlardaky ösüşiniň aýratynlyklary onuň şäherleriniň gülläp ösüşi bilen baglanyşykly boldy. Muňa olaryň Orta ýer deňzinde alnyp barlan söwda işlerine we haçly ýörişlere işjeň gatnaşmaklary sebäp bolupdyr.

Işjeň daşary söwda gatnaşyklary senetçiligiň ösüşine, aýratyn hem mawut önümçiliginiň giňemegine oňyn täsir edýär. Mysal üçin, Nim bilen Monpelýe eksporta ugradylýan ýükajyk mawut öndürmeklik bilen şöhratlanypdyrlar. Günorta şäherleri özbaşdaklyga ir eýe bolupdyrlar. Sebitiň şäherleri ýarag güýji bilen däl-de, maliýe geleşikleri we erkinligi satyn almak ýoly bilen senýorlaryň agalygyndan dynypdyrlar. XII asyryň dowamynda günorta şäherleriniň tas ählisinde diýen ýaly *konsulat* (şäher ilaty tarapyndan saýlanylan konsullaryň dolandyryşy) düzgüni girizilipdir. Dolandyryş şäherleriň doly hukukly raýatlarynyň gatnaşýan uly Geňesiniň ygtyýarynda

bolupdyr. Şeýle dolandyryş bu ýerlerden uzakda ýerleşen korol häkimiýetiniň täsiri bolmazdan kemala gelipdir. Giň özbaşdaklyga eýe bolup we daşary söwda bilen ykjam baglanyşyp, günorta şäherleriniň Fransiýanyň merkezleşen döwlet hökmünde kemala gelmeginde ähmiýeti bolmandyr, tersine, olaryň özbaşdaklygy günorta welaýatlaryň bölünişikçilik meýillerini güýçlendiripdir.

Fransiýanyň demirgazyk şäherleriniň taryhy ykbaly başgaça boldy. Sebitiň Arras, Bowe, Sanlis, Amýen, Nuaýon, Lan we Reýms ýaly iri şäherleriniň ykdysady taýdan ýokary göterilişi diňe XII asyrda bildirip ugrady. Bu şäherleriň ösüşi Demirgazyk-Gündogar Fransiýanyň mawut we zygyr matalary öndüýän önümçilikleri bilen baglanyşyklydy. Bu sebitde şäherler özbaşdaklyklaryny esasan ýaragly gozgalaňlar ýoly bilen gazanyp bildiler.

Özbaşdaklygyň gazanylmagy şäherleriň ykdysady kuwwatynyň artmagyna getirýär. Onuň esasy bolup senetçilik önümçiligi hyzmat edyärdi. Wagtyň geçmegi bilen senetçilikde täze pudaklar we sehler döreýärdi. Demirgazyk-Gündogar Fransiýanyň şäherlerinde diňe mawutçylygyň özünde 25 sany hünär bardy. Amýen şäheriniň sehlere birleşen senetçilik hünärleriniň sany 80-e, Abbewiliňki – 64-e, Sen-Kanteniňki bolsa – 53-e ýetipdir. XIV asyryň başlaryna çenli Parižde hasaba alnan sehleriň sany 350-ä ýetipdir.

XIII asyrda Marna we Sena derýalarynyň boýunda ýerleşýän şäherlerde şampan ýarmarkalary giň meşhurlyga eýe bolýar. 1284-nji ýylda Şampanyň korolyň hususy mülklerine (domen) goşulmagy onuň Pariž bilen ykdysady gatnaşyklaryny berkidýär. XIII asyrda Pariž şäheri Demirgazyk Fransiýanyň iri ykdysady merkezi we onuň syýasy paýtagty hökmünde orta çykýar. Bu döwürde onuň ilaty 70 müňe ýetýär. Şol döwürler Ruanda 50 müň, Demirgazyk Fransiýanyň galan şäherlerinde bolsa ortaça 5-6 müň ilat ýaşapdyr.

**XI-XII asyrlaryň syýasy dagynyklygy.** 987-nji ýýlda Fransiýada häkimiýet başyna täze Kapetingler dinastiýasy gelýär gelýär. Dinistiýanyň iIlkinji wekili Gugo Kapet bolupdyr. Kapetiň domeni uly bolmandyr: oňa Pariź bilen Orlean şäherleri, Sena we Luara derýalarynyň jülgeleri degişlidi. Onuň mülkleriniň daş-töwereginde feodal hökümdarlyklary – Normandiýa, Burgundiýa, Bretan gersoglyklary we Şampan graflygy ýerleşip, olaryň ýerleri korolyňkydan birnäçe esse köpdi. Emma korolyň mülkleri ygtybarsyz ýagdaýdady, sebäbi wassallary oňa gulak asmaýardylar. Şonuň üçin hem Gugo Kapet öz mülklerine aýlanmaga çykanda hemişe hökman ýanyna ýaragly goragçylary almaga mejbur bolupdyr.

XI asyryň başynda Fransiýa dagynyklyk döwletdi. Ýurduň demirgazygynda we günortasynda ilat dürli dialektlerde – şiwelerde gürleşýärdiler. Munuň özi ýurduň ilatynyň ykdysady, etniki we medeni durmuşynda uly aratapawudyň höküm sürendigine şaýatlyk edýärdi.

Gersoglar we graflar korola formal taýdan boýun egýärdiler. Olaryň her biri korol häkimiýetinden garaşsyz bolmaga çalyşýardy. Netijede, ne korol, ne-de iri feodallar öz wassalaryna bil baglap bilýärdiler. Diňe Normandiýanyň gersogy berk syýasy häkimiýete daýanypdyr, şonuň üçin hem onuň mülklerinde tertip-düzgün we asudalyk hokum sürüpdir. 1066-nji ýylda Normandiýa syýasy taýdan Angliýa goşulýar. Normandiýanyň demirgazyk-günbatar tarapynda ykdysady we söwda taýdan möhüm Flandriýa welaýaty ýerleşýardi. Flandriýanyň üstünden uly söwda ýollary geçipdir. Bu ýerde şäherler peýda bolup, dokma senagaty ösüp başlaýar. Flandriýadan başga-da, Fransiýanyň Anžu, Men, Akwitaniýa we Tuluza welaýatlary hem ykdysady taýdan ösen ýerlerdi. Güňorta Fransiýada ýerleşýän Tuluza ýa-da Langedok ykdysady we medeni taýdan has öňde barýan welaýatdy.

Fransiýanyň çet günbatar böleginde Bretan graflygy ýerleşýärdi. Bretanlylar däp-dessurlary we adatlary boýunça Ewropanyň köp halkyýetlerinden düýpli tapawutlanýardylar. Bretany diňe XVI asyrda Fransiýanyň düzümine goşmak başardýar. Ýurduň gündogarynda Şampan we Burgundiýa welaýatlary ýerleşýärdi. Umuman alanyňda Kapeting dinastiýasynyň ýagdaýy kyn bolupdyr. Emma, muňa garamazdan, hut Fransiýada, esasan hem onuň demirgazygynda döwletiň merkezleşmegi has yzygider amala aşyrylypdyr. Döwletiň merkezleşmegine şäherleriň peýda bolmagy we ösmegi uly itergi beripdir, sebäbi pul-haryt gatnaşyklarynyň ösmegi biri-birinden üzňe ýerleriň arasyndaky söwda-ykdysady gatnaşyklaryň ýygjamlaşmagyna getirýär. Ykdysady umumylygyň kemala gelmegi ýurduň syýasy taýdan birleşmegini tizleşdiripdir. Şähreleriň peýda bolmgy orta asyr jemgyýetinde täze gatlagy – şäherlileri döredipdir. Şäherliler korol häkimiýetiniň güýçlenmegini, feudal eden-etdilikleriň aradan aýrylmagyny, önümçilige we söwda gatnaşyklaryna päsgel berýän yzagalak düzgünleriň (gümrük serhetleri, agram we ölçeg birlikleriniň arasyndaky tapawut we başgalar) ýatyrylmagyny isleýärdiler. Netijede, korol häkimiýeti bilen şäherleriň arasynda syýasy bileleşik döreýär.

Filipp I-niň (1060-1108) döwründe Fransiýada korolyň häkimiýeti güýçlenip ugraýar we XII asyryň ahyrynda haçan-da, feodallaryň şäherler bilen göreşi başlananda (kommunal hereketi) korol şäherleri aýgytly goldap çykyş edýär. Çünki korolyň mülkleri söwda ýollarynyň ugrunda ýerleşýärdi. Korolyň şäherleri goldap çykyş etmegi, onuň mülkleri bolan Pariź we Orlean şäherlerinde söwdanyň ösüşine uly täsir edýär.

XII asyryň başlary korol häkimiýetiniň berkemeginde öwrülişikli döwür boldy. Lýudowik VI (1108-1137) we onuň kansleri, Rim papasynyň Fransiýadaky wekili abbat Sugeriý korol domenindäki feodallar – senýorlar Montleriniň, Pýuiziň

we Tomas de Marlyň garşylygyny syndyrýarlar. Olaryň galalary ýa ýumrulypdyr ýa-da olarda korolyň goşunlary ýerleşdirilipdir. Lýudowik VII (1137-1180) Burž we Sans şäherlerini eýeläp, özüniň şahsy mülklerini giňeldýär. Eleonora Akwitaniỳala öýlenip bolsa, Lýudowik öz täsirini günorta-da ýetirýär. Emma tiz wagtdan Lýudowik Eleonora bilen aýrylyşýar we baý Akwitaniýanyň mirasdüşer melikesi fransuz korolynyň ýapjasy, Anžunyň grafy Genrih II Plantagenete durmuşa çykýar. 1154-nji ýylda Genrih Plantagenet iňlis tagtyna çykýar, bu bolsa geljekde Fransiýa bilen Angliýanyň arasyndaky gatnaşyklaryň ýitileşmegine sebäp bolýar.

Filipp II Awgustyň (1180-1223) dolandyran ýyllarynda korolyň şahsy mülkleri has-da giňedi. Bu döwürde Fransiýanyň ýerleriniň ep-esli böleginiň Angliýanyň elinde bolany sebäpli fransuz korollary şol ýerleri gaýtaryp almak üçin iňlisler bilen hemişe göreşipdirler. Iňlisler fransuzlar üçin deňiz ýollaryny-da ýapypdyrlar. Iki döwletiň arasynda gazaply uruşlar başlaýar. Bu uruşlarda fransuzlar üstünlik gazanmagy başarýarlar. Korol Pariźiň howpsuzlygyny üpjün edýär we deňiz kenaryna çykmagy başarýar.

Filip II iňlis koroly Genrih II Plantagenetiň elinden Men, Puatýe, Anžu, Turen welaýatlaryny, soňra bolsa Akwitaniýany hem gaýtaryp alýar. Filipp II edenli hökümdar we başarjaň diplomat bolmak bilen 1202-1204-nji ýyllarda iňlis koroly Ioann II Ýersiziň elinden Normandiýany gaýtaryp alýar. Iňlis koroly bilen alnyp barylýan uruşlara goňşy döwletler hem goşulýarlar. Ioann II fransuzlara garşy urşa german imperatory Otton IV-ni, Flandriýanyň grafyny hem çekmegi başarýar. Emma 1214-nji ýylda Anžeriň golaýyndaky Laroş-o-Muanda we Buwiniň eteginde (Flandriýa) bolup geçen söweşlerde Filip II-niň goşunlary iňlisleri derbi-dagyn edýär. Angliýa bilen uruşlarda Filipp II şäherleriň meýletinçilerden düzülen goşunlaryny peýdalanyp, şeýle goşunlarynyň möhüm ähmiýetini duýdy. Korol feodallar bilen göreşler döwründe

şäherlerin uly ähmiýetine düşünipdir, olary tutanýerli goldap, şäherler bilen şertnama baglaşýar. Şertnama iki tarap üçin hem özara peýdaly bolupdyr.

Sena derýanyň aşak akymlary Fransiýanyň düzümine goşulandan soň Pariź şäheri tiz baýlaşýar we ýurduň paýtagtyna öwrülýar. 1200-nji ýylda Parižde orta asyrlar döwründe Ýewropada ilkinji ýokary okuw mekdebi - Sorbonna uniwersiteti açylýar. Şäherde söwda we senetçilik ösýärdi, senetçilikde sehler aýratyn uly ähmiýete eýe bolýardylar. Şeýlelik bilen, korol Filip II özüniň hususy ýer mülkleriniň möçberini dört esse ulaldypdyr we girdejilerini birnäçe esse artdyrmagy başarypdyr.

**Döwletiň dolandyrylyşy.** Filip II döwlet dolandyryş ulgamyny döretmekde we özüniň syýasy häkimiýetini berkitmekde-de birnäçe uly işleri durmuşa geçirýär. Ol ýurduň merkezi dolandyryş edarasyny - Korol geňeşini döredýar we ýerli dolandyryş guramalaryny berkidýar. Iri ýer eýeleriniň merkezi häkimiýete ýiti garşylyk görkezendikleri üçin korol olary ykdysady hem-de syýasy taýdan gowşadýar we döwlet edarasynyň işini düýpli täzeleýär. Filip II korolyň köşgünde hereket edýän feodallar Geňeşini ýatyrýar we onuň ornuna döwlet edaralaryny döredýär.

Filip II harby özgertmeleri geçirip, korol goşunlarynyň baştutanynyň - harby serkerdäniň (*konnetabl*) wezipesini belleýar. Korolyň özi tarapyndan amala aşyrylyp başlanan kazyýet işlerini – *kanselýariýa* ýöredipdir, köşk dolandyryjysynyň we hazynanyň işlerini - *kamerariý* alyp barypdyr, maliýe ministriniň wezipesini bolsa - *butikulýariý* ýerine ýetiripdir. Netijede, Korolyň geňeşi hemişe hereket edýän dolandyryş edarasyna öwrülýär. Korol geňeşine ylymly-bilimli, sowatly we tejribeli adamlar - hukukçylar, orta we ownuk rysarlar, ruhanylar işe çekilipdir.

Filip II özüniň welaýatlardaky häkimiýetini berkitmek üçin ýörite wezipeli adamy belläp, oňa kazyýet we polisiýa

häkimiýetini berýar. Meýletin goşun hem onuň tabynlygyna geçirilýär. Korolyň talaby boýunça iri ýer eýeleri harby borçlylygy ýerine ýetirmäge mejbur edilýär. Filip II-niň her ber welaýatda öz ygtybarly ýaranlary bardy: şäherler, buthana, ownuk rysarlar.

Amala aşyrylan işleriň netijesinde korola özüniň şahsy häkimiýetini berkirtmek başardýar, şonuň üçin hem mülkdarlar Filip II-ä garşy açyk çykyş etmäge gorkýardylar. Diňe Fransiýanyň günortasynda ýerleşýan Tuluza graflygyna köp wagtlap öz garaşsyzlgyny saklap galmak başardypdyr. Amatly sowda ýolunda ýerleşip, Tuluzanyň halky korola we ony goldaýan Rim papasyna ýiti garşylyk görkezýärdi.

Filip II-den soň belli fransuz korollarynyň biri bolan Lýudowik IX (1226-1270) Fransiýada merkezi häkimiýeti berkitmäge gönükdirilen birnäçe işleri durmuşa geçirýär. Lýudowik IX kazyýet özgertmelerini geçirip, ýurtdaky ýokary kazyýet ygtyýarlygyny öz eline alýar we möhüm meselelere korolyň kazyýetinde seredilip başlaýar. Korolyň permany bilen döwlet edaralarynyň işi düýpli berkidýar we ýörite kazyýet palatasy (edara) - Parlament döredilýär. Kazyýet palatasynda ýörite hukukçylar işläp, olar korolyň hökümeti üçin zerur kanunlary işläp taýýarlaýardy.

Korol mülkleriniň dolandyryş edaralaryny barlamak üçin ýörite derňewler döredilýär. Öňler her bir feodalyň öz puly bardy. Lýudowik IX Fransiýanyň hemme ýerinde birmeňzeş güýji bolan kümüş puly dolanyşyga goýberýär. Korolyň pulyny zaýalamak gadagan edilipdir. Lýudowigiň geçiren pul özgertmesini fransuz täjirleri ikelläp goldapdyrlar. Şeýlelikde, korolyň geçiren özgertmeleri Fransiýanyň welaýatlarynyň ykdysady taýdan ýakynlaşmagynda amatly şerleri döredipdir.

Fransiýada korol häkimýetiniň güýçlenmeginde Filipp IV-niň (1285-1314) hyzmaty hem uly bolupdyr. Filip IV Şampan grafynyň mirasdüşer melikesine öýlenmek bilen bu welaýata we onuň merkezi Lion şäherine eýe bolýar. Ol

Ýewropanyň ýüň dokmaçylygynyň baş merkezi bolan Flandriýany basyp almagy hem niýet edinipdir. Flandriýanyň şäherleriniň ýolbaşçýlary mawut öndürýän iri kärhanalaryň eýeleri bolupdyrlar. Şäherleriň senetçiler işçileri hakyna tutup işledýärdiler we öz taýýar önümlerini täjirlere satýardylar. Flandriýaly senetçileri Angliýa  bilen ýakyn aragatnaşyk saklapdyrlar. Filipp IV Flandriýany eýelemek üçin birnäçe gezek synanyşýar, emma onuň goşunlary ýerli senetçiler we daýhanlar tarapyndan derbi-dagyn edilýar. Sundan soň fransuz koroly Flandriýany basyp almak maksadyndan el çekýär.

**Albigoý uruşlary.** Korolyň domenleri XIII asyryň başlaryna çenli ýurduň demirgazyk welaýatlaryndan üzňe ýaşan günorta welaýatlaryň ýerleriniň hasabyna giňeýär. Günortany korolyň domenine birikdirmek wezipesini bu ýerde ýüze çykan içeri ýagdaý ýeňilleşdiripdir. Günorta Fransiýanyň şäherleriniň ykdysady taýdan ösmegi, olaryň syýasy taýdan özbaşdaklygy sebitde durmuş gapma-garşylyklarynyň ýitileşmegine itergi berýär. Bu gapma-garşylyklar XII asyryň 40-njy ýyllarynda *waldensçileriň* we *katarçylaryň* ýeretik taglymatlarynyň esasynda dörän ideologiki göreşler zerarly ýüze çykypdyr. Bu göreşleriň dörän ýeri bolan Günorta Fransiyadaky Albi şäheri feodalçylyga we resmi buthana garşy «*Albigoý ýeresi*» (albigoýçylar) atly köpçülikleýin halk hereketini döredipdir.

Ýagşylyk hem-de ýamanlyk hakyndaky dualistik ynançlara eýemek bilen albigoýçylar ýer üstüniň ýaşaýşyny we katolik dinini melgunyň ýaradanlary diýip hasap edipdirler, olar buthananyň esasy ynançlaryny inkär edipdirler, buthana iýerarhiýasynyň, buthana ýer eýeçiliginiň we salgytlarynyň ýatyrylmagyny talap edipdirler. Albigoýçylar hristiançylyk başky döwründäki ýaly adatylygy we ýönekeý durmuş ýörelgelerini öňe sürüpdirler. Käbir albigoýçylar garyplygy we baýlykdan ýüz öwürmegi wagyz edipdirler. «Hiç kim hiç zada eýelik etmeli däldir» diýip, waldensçiligi  esaslandyran lionly Pýotr Waldo aýdypdyr.

Albigoýçylaryň esasy köpçüligini şäherliler we daýhanlar düzüpdir. Hatda Tuluzanyň grafy Raýmond hem albigoýçylyga ýykgyn edipdir. Albigoýçylygyň demirgazyga ýaýramak ähtimallygy ýüze çykýar, şonuň üçin hem onuň öňüni almalydy. Iň esasy zat bolsa, albigoýçylyk hereketi korola günortanyň işlerine gatyşmak üçin amatly mümkinçilik döredýär. 1209-njy ýylda papa Innokentiý III-ä demirgazykly feodallaryň gatnaşmagynda albigoýçylara garşy haçly ýöriş guramak başardýar. Demirgazyklylaryň goşunlaryna baron Simon de Monfor serkedelik edýär. 1213-nji ýylda Mýureniň eteginde bolan söweşde haç göterijiler aýgytly ýeňiş gazanýarlar. Berk garşylyk görkezilenden soň Bezýe we Karkasson şäherleri eýelenilýär. Emma graf Raýmonda Tuluzany, Nimi, Bokeri we Ažany elde saklamak başardýar. Simon de Monfor öldürilenden soň göreşe fransuz koroly Lýudowik VIII hut özi goşulyşýar. 1224-nji we 1226-njy ýyllaryň şowly ýörişleriniň netijesinde korol Tuluza graflygyny we 1229-njy ýylda bolsa Orta ýer deňziniň kenaryndaky käbir ýerleri öz domenine birikdirýär.Albigoýçylaryň iň soňky daýanç nokady bolan Montsegýur galasy 1244-nji ýylda 10 aýlyk gabawdan soň eýelenilýär. Emma Akwitaniýa Plantagenetleriň elinde galypdyr. Uruşlar günortadaky şäherleriň ykdysady kuwwatyna agyr zarba urupdyr; urşuň ýetiren zyýanyndan günorta şäherleri ýuwaş-ýuwaşdan çykypdyrlar, emma korol häkimiýetinden özbaşdaklyklaryny ýitirýärler.


Fillip Görmegeý

**Papalyk bilen korol häkimiýetiniň arasyndaky göreşler we Baş ştatlaryň döredilmegi.** Filip IV-niň

döwründe korol häkimiýetiniň güýçlenmeginiň netijesinde onuň papalyk bilen gatnaşyklarynda oňşuksyzlyklar ýüze çykyp başlaýar. Korol buthananyň emläk edeinmek mümkinçiliklerini we hukugyny ep-esli çäklendirýär. Oňşuksyzlygyň ýüze çykmagyna korolyň katolik buthanysynyň ýerlerine salgyt salmagy bahana bolýar. 1296-njy ýylda papa Bonifasiý VIII öz buýrugynda fransuz ýepiskoplaryna karola salgyt tolemekligi gadagan edýär. Filip IV Papanyň bu hereketine ýurtdan altynyň we kümşüň çykarylmagyny gadagan etmek bilen jogap berýär. Munuň özi fransuz ruhanylary tarapyndan papanyň hazynasyna pul geçirilmeginiň öňüni alýardy. Bonifasiý VIII Fransiýadaky ýagdaýy ara alyp maslahatlaşmak üçin 1302-nji ýylyň 1-nji noýabrynda buthana ýygnagyny çagyrýar.

Papanyň syýasatyna Filip IV Fransiýanyň içerki işlerine gatyşylmagy hökmünde baha berýär. Korolyň kanunçylary Bonifasiỳ VIII-ni eden-etdiliklerde aýyplap başlaýarlar. Garşylyklaýyn günä bildirmeler bilen çykyş edip papa Filip IV-ni buthanadan çetleşdirmek hakynda bulla taýýarlaýar. Netijede, 1302-nji ýylda Filipp IV ýurduň üç gatlaglygynyň wekilleriniň (ruhanylar, begzadalar we şäherliler) gatnaşmagynda ýokary döwlet ýygnagyny çagyrýar we öňa Baş ştatlar diýip at berýär. Baş ştatlaryň goldawyna daýanyp, Filipp IV papany häkimiýetden çetleşdirmek üçin Watikana öz adamlaryny - Giýom Nogarỳeni we Giýom Pleziany iberýär. Serişde baryny sarp edip korolyň adamlary papanyň syýasy garşydaşlaryny öz taraplaryna çekýärler we papanyň köşgüne kürsäp girip, Bonifasiý VIII-ni öý tussaglygyna sezewar edýärler. Bu masgaraçylyga çydaman papa tiz wagtdan aradan çykýar. Täze papany saýlamaklyga Filipp IV-niň hut özi gatyşypdyr we papalyga öz tarapdary Bordo şäheriniň ýepiskopy Klement V-niň saýlanmagyny üpjün edýär.

1309-njy ýýlda Filip IV-niň talaby bilen papalaryň Fransiýada ýerleşýan tarapdarlary bolan Tampliýerleriň dini-rysarçylyk ordeni dinden çykanlaryň guramasy diýlip yglan

edilýär. Tamplýerlere garşy göreşde 1308-nji ýylda Filip IV ýene-de Baş ştatlary çagyrýar. Orden ýeresde aýyplanylmandyr, ýöne 1312-nji ýylda buthana ýygnagy tarapyndan ýatyrylýar. Ordeniň ähli baýlyklary hem-de emläkleri bolsa korlyň hazynasynyň haýryna geçirilýär. Korolyň talap etmegi bilen täze papa Klement V 1309-njy ýylda Rimden Fransiýanyň Awinýon şäherine göçüp gelýar. Papalar Awinýonda 70 ýyla golaý ýaşapdyrlar we şunça ýyllaryň dowamynda Rim papasy fransuz korolynyň häkimiýetine tabyn edilýär. Diňe 1378-nji ýýlda papa ýene-de Rime dolanyp barýar.

**Gatlaklaýyn wekilçiligiň gurluşy.** Fransiýanyň syýasy ulgamynda gatlaklaýyn wekilçilik uly ähmiýete eýe bolupdyr. Fransiýada ýerli, welaýat we döwlet derejesindäki gatlaklaýyn wekilçilikli ýygnaklar hereket edipdir. Onuň döwlet derejesindäki Baş ştatlar diýlip atlandyrylypdyr. Bu ýygnaklar Fransiýanyň dürli ýerlerinde her hili atlandyrylypdyr. Muňa mysal edip Ažen we Kersi garflyklaryndaky baronlaryň, rysarlaryň we konsullaryň assambleýasyny, Tuluzanyň, Karkassonyň we Bokeriň seneşallyklaryny, Langedogyň we Normandiýanyň welaýat ştatlaryny görkezmek bolar. Bu ştatlar XIII asyryň ortalaryndan bäri bellidi. Baş ştatlar döwletiň syýasy ulgamynyň bir bölegi hökmünde ýurtda merkezi döwlet häkimiýetiniň güýçlenýän döwründe ýüze çykdy.Fransiýanyň wekilçilik ulgamynda onuň şahalarynyň berk tabynlygy bolmandyr. Sebäbi ýurduň çäginiň uly bolmaklygy Baş ştatlary häli-şindi çagyryp durmaga mümkinçilik bermändir. XIV-XV asyrlaryň dowamynda Langedoýl we Langedok welaýatlarynda ştatlar tiz-tizden aýratyn çagyrylyp durupdyr, emma Baş ştatlaryň sessiýasy ýaly, olar hem şol bir meselelere seredipdirler. Olar bilen bir hatarda ýerli ýa-da welaýat ştatlary hem çagyrylypdyr. Baş ştatlaryň üç gatlagynyň her biri aýratyn ýgnanyşyp, üç sany palatany emele getiripdirler. Olar ruhanylaryň, begzadalaryň we şäherlileriň palatalarydy. Birinji

palata ybadathana prelatlaryndan durup, olar korolyň hut özüniň çakylygy bilen gelipdirler. Bulardan başga-da, bu palata welaýatlarda din adamlary tarapyndan saýlanan ruhanylar hem girýärdiler. Baş ştatlara iri feodallaryň wekilleri hökmünde korol tarapyndan çagyrylan tanymal begzadalar gatnaşypdyrlar. Üçünji palatada (XV asyryň ahyrlaryndan ol «üçünji gatlagyň» palatasy diýlip atlandyrylypdyr) şäherleriň wekilleri – şäher dolandyryş edarasynyň agzalary, baý hem-de tanymal şäherliler mejlis geçiripdirler. Adatça olary şäher jemagaty tarapyndan saýlanylman, şäher geňeşleri tarapyndan bellenilipdir. Uzak wagtlap Fransiýada, aýratyn hem begzadalaryň arasynda, saýlawlylyk düzgüni gowşak ösüpdir. Diňe XV asyryň ahyrynda saýlawlylyk gatlaklaryň üçüsi üçin hem hökmany häsiýete eýe bolýar. Her palatanyň bir sesi bolupdyr we iki palatanyň tapan çözgüdi ýa-da gelen karary üçünji palata üçin, eger-de, onuň wekilleri çözgüt bilen ylalaşmaýan bolsalar, kabul etmek hökman bolmandyr.

Baş ştatlar hemişelik hereket edýän gurama öwrülmändir. Ony çagyrmaklyk korolyň ygtyýarlyklaryna degişli bolupdyr. Korol Baş Ştatlaryň öňünde hasabat bermändir. Onuň esasy ýerine ýetirmeli wezipesi maliýe meselesini çözmeklik bolupdyr. Baş ştatlar syýasy meselelere-de garapdyr, ýöne kanunlary tassyklamaga hukugy bolmandyr. Munuň özi fransuz Baş ştatlarynyň iňlis parlamentine görä ygtyýarlyklarynyň çäkli bolamndygyna şaýatlyk edýär. Fransiýada korol häkimiýeti öz bähbitleri üçin welaýat derejesinde-de gatlaklar bilen maslahatlary geçiripdir. Munuň özi ýurduň syýasy ulgamynda Baş ştatlaryň ähmiýetini has-da peseldipdir.

Emma, muňa garamazdan, gatlaklar korolyň hereketini gözegçilige alyp biljek mümkinçiliklere eýediler. Talap etmäge bolan hukugy deputaty saýlawçylaryň sargytlary esasynda hereket etmäge borçlandyrýardy. Gatlaklaryň korol tarapyndan öňe sürülýän teklibi oňlamazlyga, onuň syýasaty bulen

ylalaşmazlyga haklary bolupdyr. Şeýlelikde, korol bilen fransuz jemgyýetiniň, halk bilen häkimiýetiň arasyndaky ylalaşyk Baş ştatlaryň üsti bilen amala aşyrylypdyr.

**Ýüz ýyllyk uruş (başky döwri).** 1337-nji ýýlda Fransiýa bilen Angliýanyň arasynda Ýüz ýyllyk uruş (1337-1453) başlanýar. Bu uruş iki döwletiň arasynda uzaga çeken oňşuksyzlygyň iň bir agyr hem-de tamamlanýan döwri boldy. Iki döwletiň arasyndaky oňşuksyzlyk Akwitaniýanyň, aýratyn hem onuň günbatar bölegi bolan Giýeniň üstünda döreýär. Sebäbi oňa iňlis koroly dalaş edýärdi. Ykdysady taýdan bu ýerler Angliýa bilen baglanyşyklydy, sebäbi iňlisler bu ýerden mawut önümçiligi üçin ýüň alýardylar. Giýenden Angliýa çakyr, duz, polat we reňkler ugradylýardy. Giýeniň begzadalary we rysarlary hem fransuz korolynyň güýçli häkimiýetine tabyn bolanlaryndan, iňlis korolynyň ýarym garaşsyz wassaly bolup galmagy kem görmeýärdiler. Fransuz korollygy üçin günorta welaýatlaryny tabyn etmek ugrundaky göreş we bu ýerde iňlis agalygyny ýok etmek, şol bir wagtyň özünde fransuz döwletini birikdirmek ugrundaky uruş hem bolup durýardy. Angliýa bilen Fransiýanyň arasynda dowam edip gelýän oňşuksyzlygyň ýene-de bir meselesi baý Flandriýa ülkesidi.

1328-nji ýylda Filip IV-niň ogullarynyň iň soňkysy özünden soň mirasdüşer galdyrman aradan çykýar. Iňlis koroly Eduard III Flip IV-niň aýal şejeresi boýunça (gyzynyň ogly) agtygydy, şonuň üçin hem oňa fransuz tagtyny eýelemäge we iki tagty birleşdirmäge amatly pursat döreýär. Emma Fransiýada tagty aýal şejeresi boýunça miras alyp bolmandyr. Şonuň üçin hem fransuz tagty Kapetingleriň gapdal şahasyndan bolan Filip VI Walua (1328-1350) berilýär. Şundan soň Eduard III fransuz tagtyna bolan hukugyny ýarag güýji bilen gazanmak isleýär. Bu uruş Ỳewropanyň derejesindäki harby hereket bolup, oňa ýaranlyk gatnaşyklarynyň üsti bilen dürli ýurtlar we syýasy güýçler gatnaşypdyrlar. Flandriýa, Aragon, Portugaliýa Angliýany goldaýardylar, Kastiliýa, Şotlandiýa we papalyk

Fransiýanyň tarapyny tutýardylar. Ýüz ýyllyk uruşda Ýewropanyň bu urşa gatnaşyjy döwletleriniň – Fransiýa bilen Angliýanyň, Angliýa bilen Şotlandiýanyň, Fransiýa bilen Flandriýanyň, Kastiliýa bilen Aragonyň arasynda milli-döwlet bölünişigi meselesi hem çözülýärdi. Milli-döwlet bölünişigi Angliýa üçin düzümine birnäçe halklar girizilen uniwersal döwleti döretmek meselesi hökmünde orta çykan bolsa, onda ol Fransiýa üçin bolsa özbaşdak döwlet döretmek üçin zerurdy.

Uruş 1337-nji ýylda iňlisleriň Fransiýanyň demirgazygyndaky şowly söweşleri bilen başlady. Olar 1340-njy ýylda Flandriýanyň kenaryndaky Sleýsiň eteginde bolan deňiz söweşinde ýeňiş gazanýarlar. 1346-njy ýylda iňlisler fransuz goşunlaryny  Kresside (Pikardiýa) bolan söweşde agyr ýeňlişe sezewar edýärler. Şunuň netijesinde olar 1347-nji ýylda möhüm deňiz porty bolan Kale şäherini eýeleýärler. Bu şäher onuň ilatynyň 12 aýlap görkezen ýiti garşylygyndan soň basylyp alynýar.

Günorta-günbatarda iňlisler deňiz tarapdan gelip Giýeni we Gaskony eýeleýärler. Bu ýerleriň dikmesi edilip Eduard III-niň ogly şazada Eduard bellenilýär. Bordoda ýerleşmek bilen şazada Eduard öz rysarlary bilen Fransiýanyň merkezi welaýatlaryna talaňçylykly ýörişleri geçirýärdi. 1356-njy ýylda nobatdaky ýörişden dolanyp gelýärkä, Puatýeniň eteginde onuň goşunlarynyň yzyndan fransuzlar ýetýärler. San taýdan artykmaçlyk fransuzlaryň tarapynda bolupdyr, emma bu söweşde-de fransuzlar  iňleslerden ýeňilýärler.

Fransuzlaryň ýeňlişleri harby işiň gowşak guralyşynda bolupdyr. Iňlis goşunlary san taýdan uly bolmandyr, emma ol gowy guralypdyr. Hakyna tutma rysarlar serkerdeleriň buýruklaryny tatakyk ýerine ýetirip, ylalaşykly, jebis hereket edýärdiler. Iňlis goşunlarynyň köpçüligini erkin daýhanlardan bolan gowy türgenleşdirilen ýaýçylar düzüpdir. Söweşlerde rysarlar atdan düşüp, ýaýçylar bilen bileleşip hereket edýärdiler.

Emma fransuz goşunlary ýaramaz guralan feudal nökerlerinden düzülipdir. Korol diňe özüne degişli goşunlara gözegçilik edip bilýärdi. Esasy goşunlar agyr ýaraglanan atly rysarlardy, ýaýçylar azdy. Rysarlar bilen pyýada goşunlar bileleşip hereket etmändirler, bu bolsa pyýada goşunyň ýagdaýyny kynlaşdyrypdyr. Başa-baş söweşlerde iňlisler fransuz rysarlaryny derrew böleklere bölüpdirler we olary atdan agdaryp, soňra töleg talap etmek üçin ýesir alypdyrlar. Urşuň ilkinji günlerinde ýesirler üçin töleg talap etmeklik giň gerime eýe bolupdyr. Aýratyn hem Puatýe söweşinde fransuz goşunlarynyň sanynyň görnetin azlygy ýüze çykypdyr. Fransuz feodallarynyň bir bölegi iňlis rysarlarynyň zarbasyna döz gelip bilmän öz nökerlerini söweş meýdanyndan alyp gidipdirler. Netijede, Puatýe söweşinde fransuz rysarlarynyň iň söweşjen goşunlary ýok edilipdir. Fransuzlaryň ýitgileri 5-6 müň adama ýetirip, olaryň ýary rysarlar bolupdyr. Fransuzlaryň köp sanlysy iňlisler tarapyndan ýesir alnypdyr. Korol Joan II Mähirli batyrgaý söweşipdir, emma hökümdarlygyna garamazdan, rysarlyk mertebesini saklamaklygyň hatyrasyna töwekgelçilik edipdir we iňlislere ýesir düşýär.

**Etýen Marseliň gozgalaňy.** Puatýeniň etegindäki ýeňliş bütin ýurdy kyn ýagdaýa salýar. Hazyna boşapdyr, urduň ep-esli bölegi iňlisler tarapyndan basylyp alnypdyr. Urşy dowam etdirmek we koroly satyn almak üçin ummasyz köp maliýe serişdeleri gerek bolupdyr. Koroly satyn almak üçin talap edilýän puluň möçberi 3 million altyn ekýu möçberinde kesgitlenilipdir. Puatýedäki ýeňlişi halk köpçüligi Fransiýanyň mertebesiniň depelenilmegi hökmünde kabul edilipdir we ilatda ýurdy goramagyň hötdesinden gelip bilmedik begzadalara ýigrenç döredipdir. Has beteri-de, ýesir alnan korol iňlisler bilen ýaraşyk baglaşyp, olaryň ähli basyp alan ýerlerini ykrar edipdir. Fransiýanyň ýagdaýy juda agyrlaşýar, oba hojalygy, söwda, senetçilik pese düşýär. Ýagdaý has hem şäherlerde agyr bolupdyr, muňa garamazdan hökümet täze salgytlary talap

edýär. Dofin[1] Karl salgyt ýygnamak üçin Baş ştatlary çagyrmagy karar edýär.

1356-njy ýylyň oktýabrynda Fransiýanyň Baş ştatlary çagyrylýar we korol uruş üçin pul talap edýar. Ýygnakda şäherleriň wekilleri agdyklyk edipdir. Jemgyýetçilik pikirini hasaba alyp Dofin we Baş ştatlar iňlisler bilen baglaşylan ýaraşygy ret edýärler. Emma halkyň arasyndaky çuňňur nägilelikleri peýdalanmak bilen Baş ştatlar ýurtdaky häkimiýeti öz eline almaga synanyşypdyr, munuň üçin wekiller Korol geňeşiniň agzalarynyň we käbir ýokary wezipeli begzadalaryň iş başyndan kowulmagyny we möhüm döwlet meseleleriniň çözülişine gözegçiligi Baş ştatlar tarapyndan düzülen 28 sany adamdan ybarat guramanyň ygtyýaryna berilmegini talap edýärler. Emma Dofin Baş ştatlaryň talaplaryny ýerine ýetirmekden boýun gaçyrýar. Netijede, Parižde tolgunyşyklar başlap, oňa şäher munisipalitetiniň başlygy Etýen Marsel baştutanlyk edýär.

1357-nji ýylyň martynda Dofinden ygtyýarsyz çagyrylan Baş ştatlar esasan şäherli wekilleriň gatnaşmagynda «Beýik mart ordonansy» adyna eýe bolan özgertmeleriň taslamasyny işläp düzýär. Şol taslama görä, Baş ştatlar hemişelik döwlet edarasyna öwrülmelidi, oňa wekilleriň arasyndan saýlanylyp alnan adamlaryň hasabyna döwlet dolandyryş edarasyny düzmeklik degişli bolmalydy. Netijede, ýurtda bir ýarym ýyl dowam eden iki häkimiýetlilik döreýär. Emma bu gysga döwürde wekilçilikli edara bilen halk köpçüliginiň, şeýle hem Baş ştatlaryň öz içindäki gatlaklaryň arasynda nähili üzňeligiň bardygy aýan bolýar. Ýokary gatlaklaryň wekilleri Fransiýanyň welaýatlarynyň öz ýyllyk

[1] 1328-nji ýylda Fransiýada häkimiýet başyna täze Walua dinastiýasy gelýär. Bu dinastiýanyň ilkinji wekili Filip VI-nyň (1328-1350) döwründe Dofin welaýaty Fransiýanyň düzümine goşulýar. Indi fransuz tagtynyň mirasdüşerleri Dofinde ýaşamaly bolupdyrlar. Şol sebäpden hem tagtyň mirasdüşerleri «dofin» diýlip hem atlandyrylypdyr.

girdejileriniň 15%-ni döwlet hazynasyna tabşyrmak baradaky talaplar bilen ylalaşmak islemändirler. Ruhanylar we begzadalar salgyt tölemek we ştatlaryň işine gatnaşmakdan ýüz öwürýärler. Ýerli bähbitler ugrunda çykyş etmek bilen şäherler parižlileri goldamakdan boýun gaçyrýarlar, bu bolsa yurt derejesinde şäherleriň jebisleşmegine uly zyýan ýetirýär. Etýen Marseliň we şäheriň ýokary gatlagynyň syýasaty parižlileriň giň köpçüliginde uly nägileleik döredýär. Sebäbi olar baý şäherliler serişde ýetmezçiligini halk köpçuliginiň hasabyna çözjek bolýarlar diýip düşünipdirler. Etýen Marseliň pul özgertmesini geçirmegi hem Parižiň ilatynyň göwnünden turmandyr.

1358-nji ýylyň fewralynda Baş ştatlaryň öz işine başlan täze ýygnagy Parižiň baýlarynyň syýasy taýdan abraýdan düşendigini görkezdi. Dofin bu ýagdaýdan peýdalanmagy ýüregine düwýär. Şol sebäpden hem Etýen Marsel korol häkimiýetine garşy gozgalaň turuzmagy karar edýär. 1358-nji ýylyň 22-nji fewralynda ol ýaragly senetçilere daýanyp köşge kürsäp girýär we korolyň gözüniň alynda onuň iki sany tanymal maslahatçylary – Şampanyň we Normandiýanyň marşallary öldürilýär. Ýüzi ak tam bolan korolyň başyna Etýen Marsel Parižiň reňki bolan gök-gyzyl reňkli papak geýdirýär we koroly öz howandarlygyna hem-de goragyna alýandygyny yglan edýär. Dofin Baş ştatlaryň işläp düzen mart ordonansyny kabul etmäge mejbur bolýar. Emma bir aýdan dofin Parižden gaçyp gidýär we paýtagty gabamaga taýýarlanmaga girişýär. Bu işde Dofin ýerlerdäki ştatlary peýdalanyp başlapdyr. Käbir ştatlar korola maliýe serişdelerini beripdir we munuň özi ýurtda parižli baýlaryň abraýynyň ýokdugyny görkezipdir. Haçan-da, dofin Parižiň garşysyna söweş hereketlerine başlanda, şäher baýlary Nawarranyň hökümdary Karl Gazaply bilen ýaranlyk baglaşyp, dönüklige ýüz urýarlar. Fransiýanyň günortasyndaky kiçijik korollyk bolan Nawarranyň hökümdary özüniň Kapetingler bilen garyndaşlygyndan peýdalanyp, Walualar bilen häkimiýet

ugrunda göreşipdir we hatda ol iňlisleriň tarapyna-da geçipdir. Parižiň şäher baýlary Nawarra bilen ýaranlyk baglaşyp, iňlis basybalyşlary döwründe juda howply bolan ýurtda syýasy bölünişikçiligiň güýçlenmegine sebäp bolupdyrlar.

**Žakeriýa we Pariž gozgalaňynyň soňy.** 1358-nji ýylda başlan daýhanlar gozgalaňy ýurtdaky ýagdaýy has hem ýitileşdiripdir. Bu gozgalaň fransuz taryhynda «Zakeriýa»[1] ady bilen bellidir. Gozgalaňyň esasy sebäbi fransuz daýhanlarynyň agyr ýagdaýy bolupdyr. Çünki daýhanlary diňe bir iňlişler däl, eýsem fransuz begzadalary hem rehimsiz talaýardylar. Munuň üstesine-de, 1348-nji ýylda ýurtda «garahassalyk» keseli hem möwç alypdyr. Şunuň netijesinde Fransiýanyň ilatynyň tas ýaryna golaýy gyrlypdyr. Ilatyň görnetin azalmagy işçi güýjüniň ähmiýetiniň artmagyna, şunuň netijesinde bolsa, zähmet hakynyň, şol sanda oba adamlarynyň hem girdejisiniň ýokarlanmagyna getiripdir. Emma hökümet işçi kanunçylygy atly kanun kabul edip, zähmet hakynyň ýokarlanmagynyň öňüni almaga gönükdirilen çäreleri geçiripdir. Mundan başga-da, uruşlar daýhan jemagatlarynyň täsirini ýokarlandyrypdyr, sebäbi iňlis basybalyşlary döwründe we hakyna tutma goşunlardan goranmak işlerinde daýhanlar özbaşdak hereket edýärdiler.

Gozgalaňyň turmagyna dofiniň hereketi bahana bolýar. Paýtagty gabamaga taýýarlanmak bilen ol töwerekdäki obalaryň ilatyndan galalary berkitmek işlerinde özüne kömek bermeklerini talap edýär. Emma 28-nji maýda Parižiň demirgazygyndaky Bowezi welaýatynda daýhanlar begzadalaryň nökerleri bilen bolan çaknyşykda birnäçe rysarlary öldürýärler. Bu waka gozgalaňyň turmagy üçin yşarat bolup hyzmat edýär. Gozgalaň tiz wagtda Demirgazyk Fransiýanyň ep-esli ýerlerini - Bowezini, Il de Fransy,

[1] Žakeriýa - iri feodallar öz daýhanlaryny «žak» («sada», «pekge») diýip atlandyrypdyrlar.

Pikardiýany we Şampany gurşap alýar. Gozgalaňlara daýhanlar bilen bir hatarda oba hünärmentleri, ownuk söwdagärler, garyp ruhanylar we tozan şäherliler hem goşulypdyrlar. Gozgalaňa gatnaşyjylaryň sany 100 müň adama ýetipdir. Žaklar salgyt resminamalaryny, salgytlaryň we borçlaryň sanawuny ýok edýärdiler, galalary ýumrup, begzadalary öldürýärdiler.

Žaklar parižli gozgalaňçylar bilen aragatnaşygy ýola goýmaga çalşypdyrlar, käbir şäherleriň aşaky gatlaklary gozgalaňçylara raýdaşlyk bildiripdirler, kähalatlarda olaryň gaçyp ýörenlerini şäherlerde gizläpdirler. Etýen Marsel žaklaryň gozgalaňlaryny öz peýdasyna ulanmaga çalşypdyr. Ol gozgalaňçy daýhanlaryň kömegi bilen Parižiň gabawyny aýyrmagy niýet edinýärdi. Emma wakalaryň gidişi Etýen Marseli žaklar bilen bileleşip hereket etmek maksadyndan dänderýär.

Žaklaryň gozgalaňy Bowezide giň gerime eýe bolup, bu ýerdäki birleşen gozgalaňçy goşunlara Gilýom Kal baştutanlyk edipdir. Ol aýry-aýry gozgolaňçy toparlara kapitanlary belläpdir we jebisligi hem-de tertip-düzgüni saklamak üçin buýruklary ýaýradypdyr. Gozgalaňçy serdaryň buýruklary korolyň möhüri bilen tassyklanylypdyr, onuň baýdagynda bolsa korolyň gerbi şekillendirilipdir.

8-nji iýunda Mello obasynyň ýanynda žaklar Karl Gazaplynyň baştutanlygyndaky goşunlar bilen duşuşýarlar. San taýdan artykmaçlyk žaklaryň tarapynda bolupdyr, emma iki günüň dowamynda taraplar söweşe girmäge milt edip bilmän durupdyrlar. Karl Gazaply Gilýom Kaly aldap tutmak üçin gepleşikleri teklip edýär. Karl Gazaply bilen Etýen Marseliň ýaranlygyna bil baglap, Gilýom Kal, zamun talap etmezden duşuşyga gelýär we ähtiýalanlyk bilen tussag edilip, öldürilýär. Şundan soň nawarraly korolyň rysarlary serdaryny ýitiren, gowşak ýaraglanan žaklaryň üstüne eňýärler we olary derbi-dagyn edýärler.

Žakeriýanyň derbi-dagyn edilmegi Pariž gozgalaňynyň basylyp ýatyrylmagyny tizleşdirýär. Iýunyň ahyrlarynda dofin uly goşun bilen Parižiň etegine gelýär. Muňa jogap edip, Etýen Marsel aç-açan dönüklige ýüz urýar we Karl Nawarralynyň getiren iňlis goşunlaryny şähere goýberýär. Emma Etýen Marseliň birnäçe egindeşleri nawarralylaryň şähere gelmeginden nägile bolýarlar we gozgalaňy taşlap gidýärler. Iýunyň ahyrky günleriniň birinde, Etýen Marsel dofiniň tarapdarlary tarapyndan öldürilýär, gozgalaň bolsa basylyp ýatyrylýar. Baş Ştatlaryň esasy özgertmeleri ýatyrylýar, ýöne käbirlerini saklap galýar.


Karl V

**Bretandaky ýaraşyk. Karl V-niň özgertmeleri.** 1360-nji ýýlda Bretanda Angliýa bilen Fransiýanyň arasynda parahatçylyk şertnamasyna gol çekilýär. Şertnama görä, iňlis koroly fransuz tagtyna dalaş etmekden el çekýär, ýöne oňa derek Luara derýasynyň aşak akymyndan tä Pireneý daglaryna çenli aralykdaky fransuz ýerleri iňlisleriň eline geçýar. Döwletleriň arasyndaky ýaraşyk wagtlaýyn häsiýetdedi, şonuň üçin hem öňki dofin, indi korol Karl V (1364-1380) pursatdan peýdalanyp, birnäçe möhüm özgertmeleri durmuşa geçirýär. Özgertmeler esasan goşuny berkitmek we ony korol häkimiýetiniň gözegçiligine tabyn etmek bilen baglanyşyklydy. Korol goşunynyň baş serkerdesiniň – konnetablyň häkimiýeti berkidilipdir. Goşunlary hakyna tutmak we olara hak tölemeklik kämilleşdirilipdir, topçylary okatmaklyk, ýaýçy we arbaletçi goşunlary türgenleşdirmek ýola goýlupdyr. Goşunlar düzülende serkerdeleriň gelip çykyşy däl-de, ilkinji nobatda olaryň ykyp-başarnyklary göz öňünde tutulypdyr. Mysal üçin, Karl V başarjaňlygy üçin konnetablyň wezipesine bretonly ownuk rysar Dýugeklen belleýär. Şu özgertmeleriň netijesinde

Fransiýa harby üstünlikler we ýeňişler hemra bolup başlaýar. XIV asyryň 70-nji ýyllarynyň ortalarynda fransuz goşunlary günortada iňlisleri deňze tarap gysyp çykarýar. Iňlisleriň elinde diňe Bordo bilen Baýonn we olaryň ikisiniň arasyndaky kenarýaka zolagy galýar.

Korolyň harby özgertmeleri salgyt ulgamynda amala aşyrylan baglanyşykly çäreler bilen berkidilipdir. Karl V tüsse (*fuaž*) salgydyny ýygnapdyr we satylýan harytlar üçin goşmaça salgytlary, mysal üçin duz (*gabel*) salgydyny girizipdir. Onuň döwründe döwlet edarasynyň işi kämilleşdirilipdir we goşmaça edaralar, wezipeler döredilipdir. Şol döwürler Karl V tarapyndan maliýe işleri boýunça generalyň, welaýat maliýe işgäriniň (*elýu*) wezipesi girizilýär.

Karl V-niň geçiren özgertmeleriniň netijesinde fransuzlar üstün çykypdyrlar. Fransuz feodallary bolsa ýagdaýa dogry düşünip, koroly we onuň daşary syýasatyny goldaýrlar. Geçirilen özgertmeleriň netijesinde ýurduň salgyt ulgamy düýbinden üýtgedilýär. Öňki döwürden tapawutlylykda, indi salgydy döwlet gullukçylary ýygnapdyrlar. Olary işiniň netijeliligi ýörite derňewçiler tarapyndan barlanylýar. Eger-de, korola begzadalary, ruhanylary we şäherlileri ýygnap maslahat geçirmek zerurlygy ýüze çykanda, ol Baş Ştarlary däl-de, öz ýakyn adamlaryny ýygnapdyr. Ol Notabl ýygnagy diýlip atlandyrylypdyr. Notablyň işine esasan korolyň doganlary, iri ýer eýeleri, ruhanylar, Pariž uniwersitetiniň wekilleri gatnaşypdyrlar.


Karl VII

Emma Karl V aradan çykandan soň onuň ornuna ogly Karl VI-nyň (1380-1422) gelmegi bilen ýurtda häkimiýet ugrunda göreşler başlaýar. Karl VI-nyň ruhy taýdan näsag bolandygy sebäpli, korolyň agasy bilen onuň howandarlary –

Burgundiýanyň we Orleanyň gersoglarynyň arasynda göreş başlaýar. Orlean gersogyny onuň günorta Fransiýadaky garyndaşlary – Armanýak grafy goldapdyr, şol sebäpden hem bu göreşleri «burgundlaryň we armanýaklaryň urşy» diýip atlandyrypdyrlar. Merkezi häkimiýetiň gowşaklygyndan peýdalanyp olar öz mülklerinde doly garaşsyz bolmak isleýärdiler we fransuz häkimiýetiniň başyna geçmäge çalyşýardylar, günortaly feodallar bolsa özbaşdaklygyny saklamak üşin göreşýärdiler.

Fransiýada bolup geçýän feodal anarhiýadan[1] peýdalanyp, 1415-nji ýýlda iňlisler ýene-de Fransiýa garşy hüjüme geçýärler. Iňlis goşunlaryna korol Genrih V baştutanlyk edip, ol Kaleni basyp almk maksady bilen Pikardiýada hüjümleri ýaýbaňlandyrýar. 1415-nji ýylyň oktýabrynda Azenkuryň eteginde iňlisler ýene-de gowşak guralan fransuz rysarlary bilen duşuşýarlar we olary derbi-dagyn edýärler. Netijede, Normandiýa bilen Men welaýatlary iňlisler tarapyndan basylyp alynýar. Şol döwürler Burgundiýa garaşsyzlygyny yglan edýar we iňlisleriň tarapyna geçýar.

Gazanylan üstünliklerden peýdalanyp iňlisler Fransiýa üçin juda agyr bolan ýaraşyk şertnamasyny baglaşmagy başarýarlar. 1420-nji ýylda baglaşylan Trua şertnamasyna laýyklykda, şindi Karl VI dirikä, Fransiýanyň koroly hökmünde Genrih V, ondan soň bolsa tagt onuň ogly geljekki Genrih VI geçmelidi. Karl VI ogly dofin Karl bolsa tagty miras almakdan çetleşdirilipdir. Şeýlelikde Fransiýa garaşsyzlygyny ýitirip, birleşen iňlis-fransuz korollygynyň bir bölegine öwrülýär. 1422-nji ýylda Genrih V tarpa-taýyn aradan çykýar, şondan birnäçe aý geçensoň Karl VI hem ölýär. Genrih V ölensoň iki döwletiň hem hökümdary hökmünde, on aýlyk Genrih VI yglan edilýär, korol kämillik ýaşyna ýetýänça ýurdy dolandyrmak, onuň agasy gersog Bedforda tabşyrylýar. Emma kanuny mirasdüşer bolansoň, baglaşylan şertnama garamazdan,

[1] *Anarhiýa* – häkimiýetsizlik.

dofin özüni Karl VII (1422-1461) diýip yglan edýär we Günorta Fransiýanyň Burže şäherinde ýerleşýär. Bu ýerde fransuz goşunlary iňlislere garşy göreşi dowam etdirmek üçin ýygnaşypdylar. Fransiýanyň giň halk köpçüligi iňlis basybalyjylaryna garsy azat edijilik urşuna başlaýarlar we täze koroly bu işde goldaýarlar. Korolyň häkimiýetini ýurduň merkezinde günortada (Langedok), günorta-gündogarda (Dofine) we günorta-günbatarda (Puatu) ýerleşýän käbir welaýatlar ykrar edipdirler.

Fransuz korolynyň ýerleri, iňlisleriň basyp alan ýerlerinden az bolmandyr, emma onuň tabynlygyndaky ýerler mes toprakly we gür ilatly däldi. Üstesine-de olar iňlislere we Burgund gersogyna degişli ýerler tarapyndan böleklenilendi ýa-da şolaryň gabawundady.

Fransiýa üçin urşuň täze tapgyry- garaşsyzlyk ugrundaky uruşlar başlaýar. Iňlisler fransuzlaryň elinden basylyp alnan ýerlerde eden-etdilikler we talaňçylyk edýärdiler. Bu bolsa fransuz ilatynyň ýiti garşylygyny we basybalyjylara bolan ýigrenjini döredýärdi. Orta asyrlarda uruşlar adatça uzaga çekýärdiler, şonuň üçin hem gaça uruşlar basylyp alnan ýerlerde göreşiň esasy görnüşine öwrülýärdi. Şeýle ýagdaý Fransiýada ýüz ýyllyk urşy döwründe giň gerime eýe bolupdyr. Iňlisler tarapyndan basylyp alnan ýerlerde oba adamlary özleriniň ýaragly toparlaryny döredýärdiler, onuň serkerdeligine bolsa tanymal rysarlary çagyrýardylar. Gaça uruş edýän halk ar alyjylaryny ýerli halk giňden goldapdyr we zerur zatlar bilen üpjün edipdir. Gaça uruşlaryň köpelmegi iňlis goşunlarynyň basylyp alnan ýerlerde has ýaýramagyna we olaryň arasynyň üzňeleşmegine sebäp bolupdyr. Şeýle şertlerde iňlisler öz berkitmelerini we galalaryny taşlap uzaga gitmäge ýürek edip bilmändirler. Fransuzlar bolsa halk ýygynlaryny we korolyň goşunlaryny birleşdirmäge çalşypdyrlar.

1428-nji ýylda iňlisler özleriniň demirgazykdaky ýagdaýyny günortada gazanylajak ýeňşiň hasabyna berkitmek

maksady bilen günortada Orlean şäherini gabamaga synanyşýarlar. Öz döwrüniň juda berk hem-de kuwwatly galasy bolan Orleanyň eňlisleriň günorta süýşmeklerini ýeňilleşdirjekdi. Şonuň üçin hem olar Bordodan goşmaça güýçleri alyp, fransuz korolyny çykgynsyz güne salmak isleýärler. Ýurt üçin şeýle kynçylykly hem-de hatarly günlerde fransuz halkynyň gahryman gyzy Žanna d’ Ark taryhy sahna çykýar.

Ýüzýyllyk uruş




Žanna d’Ark 1412-nji ýylda doglup, onuň asly Fransiýa bilen Lotaringiýanyň serhedindäki Domremi obasynyň daýhanlaryndan bolupdyr. Tozgunçylykly uruşlaryň täsiri, kemsidilen hem-de depelenilen Fransiýanyň ykbaly Žannanyň kalbynda watana bolan söýgi, basybalyjylara hem-de dönüklere bolan ýigrenç duýgylaryny oýarýar. Ol Fransiýany hut özüniň azat etjekdigine we iňlisleri ýurtdan kowup çykarjakdygyna çyn ýürekden ynanypdyr. Žanna örän ynanjaň hem-de dindar gyz bolupdyr, şonuň üçin hem ol adamlara perişdeleriň sesini eşidýändigini we olaryň özüni Fransiýanyň geljeginiň hatyrasyna gahrymançylyk görkezmäge çagyrýandyklaryny, munuň üçin özleriniň daýhan gyzyna

ýardam etjekdiklerini aýdýandyklaryny baran-gören ýerlerinde aýdyp ýörüpdir.

Orleanyň iňlisler tarapyndan gabawa alnandygyny eşidip, Žanna golaýdaky Wokuler şäherçesine gidip, onuň komendanty bilen duşuşýar. Şäherçäniň komendanty Žannanyň gürrüňlerini eşidip haýran galypdyr we oňa at-ýarag beripdir. Žanna esgeriň lybasyna girip, goşun bölüminiň ugtarmagynda iňlisler we burgundlar tarapyndan eýelenilen ýerleriň üsti bilen dofiniňkä ugraýar. Žanna hakyndaky gürrüňler tiz wagtdan bütin Fransiýa ýaýraýar we halkyň aňynda Žanna Gyzyň halasgärligine bolan ynanjy berkidipdir. Çykgynsyz güne düşen korol Žannanyň ýanyna tejribeli serkerdeleri goşup, ony fransuz goşunlarynyň baş serkerdeligine belleýär. Onuň şahsy batyrlyk bilen utgaşyp gidýän ugurtapyjylygy, mertligi fransuz esgerlerinde ýeňşe bolan ynamy, ýurduň basybalyjylardan azat edilmegine bolan ynamy güýçlendiripdir. Žanna duşman bilen alnyp barylýan söweşlerde hemişe öň hatarda bolup, esgerlere şahsy görelde gorkezipdir.

1428-nji ýylyň aprel aýynyň ahyrlarynda Žanna goşunlary bilen Orleana gelýär. Şäheriň etegindäki iňlis berkitmeleri ýeke-ýekeden fransuzlaryň eline geçýär we 8-nji maýda galanyň gabawuny aýyrmaga mejbur bolýarlar. Orleanyň azat edilmeginiň ägirt uly ähmiýeti bolupdyr. Munuň özi köp ýyllaryň ýeňlişlerinde we milli kemsidilmelinden soň farnsuzlaryň gazanan ilkinji uly ýeňşidi. Bu ýeňiş Trua ýaraşygyndan soň häkimiýetini ýitiren Karl VII-niň özüne we Fransiýanyň garaşsyz döwlet bolup biljekdigine ynamyny artdyrypdyr. Žannanyň yzygider özelenip durmagy bilen ol fransuz korollarynyň täç geýýän ýeri bolan Reýmse ýöriş guraýar. Bu ýerde Karl VII dabaraly ýagdaýda başyna täç geýýär. Munuň özi Ýewropa ýurtlarynyň hökümdarlarynyň arasynda Karl VII-niň abraýyny has-da artdyrýar. Şundan soň Şampan welaýaty iňlislerden azat edilýär. Emma Žanna tarapyndan Parižе guralan ýöriş şowsuz tamamlanýar.

1430-njy ýylyň maýynda Kompýeniň eteginde burgundiýalylar tarapyndan daşy gabalan Žanna ýesir düşýär. Burgund gersogy ony 10 müň altyn pula satypdyr. 1430-njy ýylyň ahyrynda Žannany iňlis hökümdarlygynyň merkezi Ruana getirýärler. Ýepiskop Koşon tarapyndan başlyklyk edilen buthana sudy Žannany jadygöýlükde we ýeresde aýyplap, ölüm jezasyna hokum edýär. 1431-nji ýylyň maýynda fransuz halkynyň gahryman gyzy Žanna d'Ark Ruanyň merkezi meýdanynda otda ýakylyp öldürilýär.Çärýek asyr geçenden soň Karl VII buthana sudunyň hökümini gaýtadan seretmäge buýruk berýär. Žanna aklanylypdyr, soňra bolsa keramatly diýlip yglan edilipdir. Onuň otda ýakylan ýerinde ak haç oturdylypdyr.


Žanna d'Ark

Žanna d'Arkyň edermenligi fransuz halkynyň watançylyk hem-de milli duýgusyny oýarypdyr we azat edijilik urşunyň barşynda öwrülişigiň başlamagyna getiripdir. Onuň mysalynda fransuz halkynyň zähmetsöýerlik, batyrlyk we pähim-parasatlylyk ýaly iň gowy sypatlary ýüze çykypdyr.

**Karl VII-niň salgyt we harby özgertmeleri.** 1439-njy ýylda Karl VII-niň ýörite permany bilen korolyň jemgyýetçilik zerurlyklary üçin alynýan salgydy (*talýa*) ýygnamaga bolan ýeke-täk hukugy girizilýär. Öňler bu salgydy korol hem, senýorlar alýar ekenler. Indi, korol rugsat bermese, feodallar talýany ýygnap bilmändirler, üstesine-de, olar öz mülklerinde korol gullukçylary tarapyndan talýanyň ýygnalmagyna päsgel bermezlige-de borçlandyrylypdyr. Şol bir wagtyň özünde korolyň ordonanslary bilen harby özgertmeler geçirilipdir. Özgertmeler boýunça uruş alyp barmak hukugy korola degişli

bolup, senýorlar gala edinmeklik we goşun saklamaklyk gadagan edilýär, şeýle hem hemişelik korol goşuny döredilýär. Şol pursatdan beýläk korolyň gözegçiligine geçýän goşunlar atly we pyýada (*infanteriý*) ýygynlara bölünipdir. Atly goşunlara (*žandarmlar*) begzadalar çekilipdir. Şäherleriň we obalaryň her 50 hojalygy bir esgeri – erkin atyjyny (*frank-arşer*) bermeli bolupdyrlar. Goşunlaryň iki kysymynyň esgerlerine döwlet tarapyndan hak tölenilipdir. Hemişelik goşuny saklamak uçin ýygnalýan talýa, uruş we parahatçylyk döwründe hemişe ýygnalýan salgyda öwrülipdir.

Ýüz ýyllyk urşuň soňky tapgyrynda korolyň goşunlary bilen halk ýygynlarynyň arasyndaky sazlaşykly hereketler, uruşda täze söweş tilsimleriniň ýüze çykmagyna getirýär. Öňler fransuz goşunlary şäherleri uzak wagtlap dowam edýän gabawa salýan bolsalar, indi ownuk söweşleri geçirip oňýardylar. Fransuzlaryň harby üstünlikleri korolyň garşydaşlarynyň ýurdy gowşatmaga gönükdirilen maksatlaryny yoga çykarypdyr. 1435-nji ýylda Burgundiýanyň gersogy Karl VII bilen ýaranlyk baglaşmaga mejbur bolýar. Iňlisler Parižі, Ruany, Normandiýany, Bordony elden aldyrýarlar. Olaryň elinde diňe Kale galypdyr.


Lýudowik XI

Fransiýanyň ýeňişleri Angliýany onuň ýerlerinden el çekmäge mejbur edýär. 1453-nji ýylda urşuň tamamlanmagy Fransiýanyň mundan beýläk merkezleşmegine oňyn täsir edipdir. Korol häkimiýetiniň berkeýändigi buthana syýasatynda-da öz beýanyny tapypdyr. 1458-nji ýylda fransuz ruhanylarynyň assambleýasynda «Burž Pragmatik sanksiýasy» kabul edilip, şol boýunça fransuz buthanasynyň erkinligi yglan edilýär.

Ýüz ýyllyk uruşda biçak köp ilat gyrlypdyr we döwletiň oba hojalygyna, senetçilige we söwda işlerine uly zyýan ýetirilýär. Diňe 20-30 ýyl geçenden soň, Fransiýanyň ykdysadyýeti uruşdan önki derejesine ýetýär. Uruşlar döwründe ýurduň oba hojalygynyň, senetçiligiň we söwdanyň pese düşmegi sebäpli korol häkimiýeti ilata ep-esli eglişikler edipdir. 1451-nji ýylda kabul edilen karara laýyklykda, ähli daýhanlar sekiz ýyllap salgytdan boşadylypdyr we taşlanan ýerleri gaýtadan ilatlaşdyrmak bilen baglanyşykly çäreler geçirilipdir. Iri ýer eýeleri ilatsyz mülklerine daýhanlary çekmek üçin ýerleri daýhanlaryň erkin eýeçiligine berýärdiler we munuň üçin olara salgyt tölemekde dürli ýeňillikleri berýärdiler. Feodallar öz ýerlerinde oturýan daýhan hojalyklaryny saklamak üçin olary ujypsyzja töleg alyp erkinlige goýberýärdiler. Şeýle syýasat Fransiýada daýhanlaryň feodallara şahsy tabynlygynyň galyndylaryny ýok edipdir.

Uruşlar döwründe fransuz şäherleri hem uly kynçylyklary başdan geçiripdirler. Emma goragsyz fransuz obalaryndan tapawutlylykda, gowy berkidilen galyň diwarlar şäherleriň rehimsiz talanylmagyna ýol bermändir. Şäherleriň ösüşine salgytlary azaltmak ýa-da ony bütinleý ýatyrmak bilen korol häkimiýeti hem gowy goldaw beripdir. Lýudowik XI (1461-1483) dolandyran ýyllarynda döwletiň ykdysady syýasatynda *proteksionizmiň*[1] alamatlary peýda bolup ugrapdyr. Lýudowik XI aýratyn hem oňumçiligiň ýüpek we ýüň matalaryny, metallurgiýa önümlerini öndürmek, kitap neşirýaty, aýna önümçiligi, ýaly ugurlaryny höweslendiripdir. Senetçilige uly üns bermek bilen Lýudowik she gurluşyny berkitmäge ornaşdyrmaga çalşypdyr, sebäbi senetçilik bilen meşgullanmaga bolan hukugy korolyň özünden satyn alýardylar.

---

[1] Ýurduň senagatynyň we söwdasynyň döwlet tarapyndan howandarlyga alynmagy.

Umumy döwlet, welaýat we ýerli ýarmarkalaryň gülläp ösmegi XV asyryň ikinji ýarymynda ýurduň içerki bazarynyň giňeýänliginden habar berýärdi. Bu döwürler Ýewropanyň lomaý söwda merkezleriniň birine öwrülen Lion şäheri uly ähmiýete eýe bolupdyr. Şäherde italýan we nemes bankirleri hem uly işleri alyp barypdyrlar. Ýurduň içeri söwdasynda Lion ýurduň günortasyny demirgazygy bilen birleşdirýän möhüm çatryga öwrülýär. Bu döwürde deňiz söwdasy hem güýçli ösüpdir we aýry-aýry täjirler lewant bilen ýakyn aragatnaşyk saklapdyrlar.

**XV asyryň ikinji ýarymynda Fransiýanyň syýasy taýdan birleşmegi.** Ýüz ýyllyk uruşdan soň Fransiýada korol häkimiýeti güýçlendi. Emma şonda-da XV asyryň ikinji ýarymynda merkezi häkimiýetden bölünmäge dyzaýan güçler Fransiýada entekler bardy. Burgundiýanyň we Bretonyň gersoglary merkezi häkimiýete garşy ýaragly gozgalaňlary turuzýardylar. Halkyň bähbitlerine bukulyp, olar ownuk we orta begzadalary, käbir şäherleriň ýokary gatlagyny öz taraplaryna çekýärdiler. Aýratyn hem Burgundiýanyň gersogy Karl Batyr (1467-1477) Lýudowik XI üçin howply garşydaşlaryň biridi. Ruhanylaryň, emeldarlaryň bir bölegi, şeýle hem korol tarapyndan paýtagtyň elinden alnan ýeňillikleri gaýtaryp almak maksady bilen Parižiň barjamly söwda-senetçilik gatlaklary Karl Batyry goldap çykyş edýärdiler. Olaryň syýasy dönükligi Lýudowik XI-ni olar bilen masgaraçylykly ýaraşyk baglaşmaga mejbur edýär. Emma örän hilegär we seresaply hökümdar hökmünde tanalan Lýudowik XI duşmanlaryny biri-birine garşy küşgürip, köplenç parahatçylykly usullar bilen hereket edip öz garşydaşlaryny ýuwaş-ýuwaşdan boýun egdiripdir. Özüniň esasy duşmany bolan Karl Batyryň garşysyna Lýudowik, Burgundiýanyň gersogynyň çozuşlaryndan ejir çekýän Lotaringiýanyň gersogyny we şweýsarlary peýdalanypdyr. 1477-nji ýylda Nansiniň eteginde fransuzlar bilen uruşda Karl Batyr

öldürilenden soň Lýudowik XI Pikardiýany, Niwernýeni we Burgundiýa gersoglygyny (Burgundiỳanyň günbatar bölegi) Fransiýa bilen birleşdirýär. Burgundiýa graflygy, Franş-Konte we Niderlandlar Karl Batyryň german imperatorynyň ogly Maksimilian Gabsburga durmuşa çykan gyzy Margaritanyň elinde galýar. Şeýlelikde, bu ýerler Gabsburglar nesilşalygynyň mülklerine goşulýar.

1481-nji ýylda iri söwda we deňiz porty bolan Marsel bilen bilelikde Prowans hem Fransiýanyň düzümine goşulýar. 1491-nji ýylda Karl VIII-niň (1483-1498) Anna Bretonla öýlenmegi bilen Fransiýa Bretan hem goşulýar. Netijede, şowly nikanyň netijesinde fransuz korollarynyň hususy mülkleri has hem giňeýär. Lotaringiýanyň, Franş-Konteniň, Russilýonyň we Sawoýýanyň birikdirilmegi tä XIX asyryň ortalaryna çenli dowam edýär. Emma XV asyryň ahyrlaryna çenli Fransiýanyň birleşdirilmegi umuman alnanda tamamlanypdyr. XIV-XV asyrlarda Demirgazyk Fransiýada pariş şiwesiniň esasynda bitewi dil kemala gelýär. Bu dil käbir welaýatlarda ýerli şiweleriň (günortada we Bretanda prowansal we kelt dilleri) saklanyp galýandygyna garamazdan umumy fransuz diliniň kemala gelmeginiň esasyny goýýar.

Syýasy ösüşde Fransiýa döwletliligiň täze görnüşi bolan absolýut monarhiýa gurluşyna tarap ynamly öňe gidipdir Muňa XV asyryň ahyrlarynda gatlaklaýyn wekilçiligiň ýatyp galmagy hem mysal bolup biler. XV asyrda Baş ştatlar iň soňky gezek 1484-nji ýylda çagyrylypdyr. Gatlaklaýyn wekilçiligiň ýatyp galmagynyň esasy sebäbi korol häkimiýeti tarapyndan geçirilen özgertmeler (salgyt, harby) boldy. Bu özgertmeleriň netijesinde korolyň gatlaklara baglylygy öz-özünden ýatyp galýar. Netijede, Fransiýa XVI asyra Günbatar Ýewropanyň ösen oba hojalygy, senetçiligi we söwdasy bolan syýasy taýdan merkezleşdirilen iri döwleti hökmünde gadam basýar.

## § 4. Angliýa XI-XV asyrlarda

**Angliýany normandlaryň basyp almagy.** Daniýa patyşalygy dargandan soň iňlis tagtyna köne anglosaks nesilşalygynyň wekili Eduard Toba eden (1042-1066) gelýär. Tagta çykmazyndan öň Eduard Fransiýanyň demirgazygyndaky Normandiýa gersoglygynda ýaşapdyr we Angliýa gaýdanda onuň ýany bilen köpsanly normand begzadalary hem gelipdirler. Iňlis köşgünde normandlaryň täsiri güýçlenip, anglosaks begzadalary korola täsir etmek mümkinçiliklerini ýitiripdirler. Emma anglosaks begzadalary özleriniň ýeňlendiklerini boýun almak islemändirler. Olar tanymal iňlis feodaly Godwiniň daşyna jebisleşýärler. Anglosaks begzadalaryna ownuk we orta ýer eýeleri, şäherliler we erkin daýhanlar hem goşulypdyrlar. Olar normandlar bilen gazaply göreşe başlapdyrlar, emma göreşler anglosaks begzadalarynyň doly derbi-dagyn edilmegi bilen tamamlanýar. Şunuň netijesinde Angliýa bilen Normandiýanyň arasynda has ysnyşykly syýasy aragatnaşyklar ýola goýulýar. Emma normandiýalylaryň agalygyna garşy nägilelikler saklanyp galypdyr. Şonuň üçin hem Eduard Tobaeden anglosaks begzadalaryna boýun egmäge mejbur bolýar: 1052-nji ýylda normandiýalylar ýurtdan çykarylyp kowlupdyr.

1066-njy ýylyň ýanwarynda Eduard aradan çykandan soň anglosaks begzadalary ýerli magnatlaryň iň kuwwatlylarynyň biri bolan Godwiniň ogly Garoldy (ol Kiýew knýazy Ýaroslaw Paýhaslynyň giýewisi bolupdyr) korol diýip yglan edýärler. Garold merkezi häkimiýeti güýçlendirmäge girişýär, emma iri feodallar korolyň syýasatyna garşy çykýarlar. Olar korola garşy göreşmek üçin Eduardyň dogany – Tosti bilen birleşip gozgalaň turuzýarlar. Gozgalaňçylara Eduardyň dogany Tosti we Daniýa koroly ýakyndan hemaýat edýärdiler. Angliýada başlan özara uruşlara Normandiýanyň gersogy Wilgelm hem gatyşyp ugraýar.

Wilgelm, hamana, Eduard Toba edeniň ölmeziniň öň ýany özüni Angliýanyň tagtyna mirasdüşer diýip yglan edendigi hakyndaky toslamany bahanalap, 1066-njy ýylyň sentýabrynda goşunlary bilen Angliýanyň kenaryna düşýär. Demirgazykly feodallar bilen uruşlarda tapdan düşen Garold Wilgelmiň garşysyna durup bilmeýär. 1066-njy ýylyň 14-nji oktýabrynda Gastingsiň (Angliýanyň günortasynda) ýanynda bolup geçen söweşde onuň goşunlary normandiýalylar tarapyndan derbi-dagyn edilýär we onuň özi bolsa öldürilýär. Normand gersogy Londona tarap hereket edip, ony basyp alýar we Wilgelm I Basybalyjy (1066-1087) ady bilen Angliýenyň tagtyna çykýar.

Normand basybalyşlary anglosaks begzadalarynyň we erkin daýhanlaryň ýiti garşylygyna sezewar bolýar. Garşylyklar aýratyn hem ýurduň demirgazygynda güýçlidi. Ýerli ilatyň ýerleriniň gelmişekler tarapyndan eýelenilmegi Angliýanyň demirgazygynda we demirgazyk-gündogarynda (Denlo) 1069-njy we 1071-nji ýyllarda ýerli begzadalar tarapyndan baştutanlyk edilen uly gozgalaňlar bolup geçýär. Bu gozgalaňlary basyp ýatyrmak bilen Wilgelm gozgalaňyň gidýän esasy ýerlerini - Ýork jülgesini we Darem graflygyny tozdurypdyr we bu ýerlerde ençeme onýyllyklaryň dowamynda ilat ýaşamandyr.

Gozgalaňlar basylyp ýatyrylandan soň ekerançylyk ýerleriniň agramly bölegi gelmişek rysarlaryň arasynda paýlanýar. Basylyp alnan ýerleriň ownuk ýer eýeleri (*ten*) öz mülklerini saklap galypdyrlar, ýöne olar normand *baronlarynyň* (Angliýada iri feodallar şeýle atlandyrylypdyr) wassallaryna öwrülipdirler. Angliýanyň orta we ownuk feodallary ň orta we ownuk feodallary Günbatar Ýewropanyň materik böleginde edilişi ýaly rysar diýlip atlandyrylypdyr. Iňlis buthanasynda we korolyň dolandyryş edarasynda Fransiýadan gelen gelmişekler - normandiýalylar hojaýynçylyk edipdirler. Wilgelmiň özi anglosakslaryň elinden alan ýerleriniň hasabyna şahsy

domenini döredipdir we ol möçberi boýunça Angliýanyň ekerançylyk ýerleriniň ýediden bir bölegine barabar bolupdyr. Bu ýerlerde ýerleşýän tokaýlar korolyň aw edýän ýerlerine öwrülipdir. Ýerli daýhanlara bu tokaýlarda aw etmek, agaç çapmak, odun ýygnamak berk gadagan edilipdir.

Wilgelm basybalyjynyň ägirt uly möçberdäki dmeni edinmegi onuň täsiriniň juda artmagyna getirýär. Sebäbi korol tarapyndan normand feodallaryna ýerleriň berilmegi ýuwaş-ýuwaşdan, ýagny olaryň anglosaks begzadalarynyň elinden alnyşyna görä amala aşyrylypdyr. Munuň özi normand begzdalarynyň mülkleriniň dagynyk, biri-birinden üzňe ýerleşmegine getiripdir, bu bolsa Angliýada korolyň häkimiýetinden özbaşdak, ýarym özbaşdak graflyklaryň, gersoglyklaryň ýüze çykmagyny kynlaşdyrypdyr.

**Angliýada feodalçylyk düzgüniniň kemala gelmeginiň tamamlanmagy.** Normand basybalyşlary Angliýada feodalçylyk düzgüniniň kemala gelmegine uly itergi beripdir. 1066-njy ýyla çenli Fransiýa, şol sanda Normandiýa gersoglygy hem doly feodallaşypdyr. Angliýada ekerançylyk ýerlerini, şeýle hem syýasy häkimiýeti öz ellerine alyp basybalyjylar bu ýerde öňden dowam edip gelýän feodalçylyk gatnaşyklaryny syýasy hem-de hukuk taýdan berkitmäge girişipdirler. 1086-njy ýylda korolyň permany bilen halk arasynda «Kyýamat gününiň kitaby» («*Domesdaý book*») adyna eýe bolan ählumumy ýer ýazgysy geçirilýär. Bu möhüm çäräniň şeýle ada eýe bolmagynyň sebäbi, ýerler hasabaty geçirilýän döwründe ýer eýeleri, edil kyýamnat magşar günündäki ýaly, öz ýerleriniň mukdary barada ähli zatlary aýtmaly bolupdyrlar.

Ýer ýazgysynyň maksady iki sany möhüm wezipäni durmuşa geçirmegi göz öňünde tutupdyr, birinjiden, korol öz wassallarynyň eýeçiligindäki ýeleriň we olaryň alýan girdejileriniň mukdaryny, ikinjiden, pul salgydyny girizmek üçin ilatyň elinde näçe mukdarda ýeriň bardygyny anyklamak isläpdir. Geçirilen ýer hasabynyň netijesinde her graflykda

korolyň domenine ňäçe ýeriň degişlidigi, korolyň wassallary bolan iri feodallaryň we iňlis buthanasynyň ygtyýarynda näçe mukdarda ekerançylyk ýerleriniň bardygy anyklanylypdyr.

Umuman alnanda, «Kyýamat gününiň kitaby» Angliýanyň hojalygy we durmuş gurluşy barada gymmatly maglumatlary özünde jemläpdir. «Kitapdaky» maglumatlar Angliýada feodalçylyk gurluşynyň berkändigine we erkin daýhanlaryň tabynlyga geçendigini görkezipdir. Sebäbi hasabat birligi hökmünde iňlis obasy däl-de, mülk – *manor* kabul edilipdir.

«Kyýamat gününiň kitaby» boýunça şol döwürler Angliýada 1,5 million ilat ýaşapdyr we şonuň absolýut köpçüligi (95 %) obada ýaşapdyr. Ilatyň esasy käri ekerançylyk bolupdyr. Normand basybalyşälaryndan soň iňlis feodal mülki – manor gutarnykly kemala gelýär we erkin oba jemagatyny ozone tabyn edýär. Manor hojalygy tabyn daýhanlaryň zähmet borçlaryny ulanmagyň hasabyna ýöredilipdir. XI-XII asyrlarda manor umuman alnanda natural hojalyk guramasy hökmünde saklanyp galypdyr.

«Kyýamat gününiň kitaby» boýunça daýhnlaryň esasy köpçüligini *willanlar* tutup, olaryň ygtyýarynda 30 akr[1] möçberinde doly ýer paýy (*wirgata*) ýa-da paýyň bir bölegi bolupdyr. Willanlar lorduň peýdasyna zähmet borjuny ýerine ýetiripdirler, önüm we pul görnüşinde salgyt töläpdirler. Bulardan başga-da 7-15 akr möçberinde ýer paýy bolan tabyn daýhanlar – *bordariýler* hem bolupdyr. Willanlar we bordariýler bilen bir hatarda, XI-XII asyrlarda iňlis obasynda 2-3 akr möçberdäki mellege eýeçilik eden *kotterler* hem bar eken. Olar lorda işläp beripdirler we çopançylyk, ussaçylyk ýaly işler bilen hem meşgullanyp, goşmaça gazanç edipdirler. Tabyn daýhanlaryň iň aşaky gatlagyny ýer paýy, öz hojalygy bolmadyk serwler düzüpdir. Olar edil hyzmatkärler ýaly

[1] 1 akr – 0,4 ga

feodalyň howlusynda we onuň mülkünde dürli görnüşdäki agyr işleri ýerine ýetiripdirler.

Sanynyň azalandygyna we hukuklarynyň belli bir derejede çäklendirilendigine garamazdan, Angliýada erkin daýhançylyk normand agalygyndan soň hem ýitmändir. Angliýada erkin daýhany *frigolder* diýip atladyrýardylar. Erkin daýhanlar has hem ýurduň demirgazyk-gündogarynda – Denloda köp bolupdyr. Frigolder lorda az mukdarda pul salgydyny töläpdir we ýeňiljek borçlary ýerine ýetiripdir.

**Iňlis şäherleriniň ösüşi.** Angliýada şäherler senetçiligiň hem-de söwdanyň merkezleri hökmünde X-XI asyrlarda, ýagny normand basybalyşlarynda öň peýda bolup başlaýarlar. «Kyýamat gününiň kitabynyň» berýän maglumatlaryna görä, Angliýada ýüze golaý şäherler bolup, olarda ýurduň ilatynyň 5%-ne golaýy ýaşapdyr.

Angliýanyň Normandiýa we Fransiýanyň beýleki ýerleri bilen syýasy gatnaşyklarynyň güýçlenmegi söwda gatnaşyklarynyň berkemegine hem-de giňemegine getiripdir. Söwda işlerinde aýratyn hem London, şeýle hem Sautgempton, Duwr, Sendwiç, Ipswiç, Boston we beýleki şäherler tapawutlanypdyr. Söwdanyň esasy harytlary ýüň, gurşun, galaýy, ownuk we iri şahly mallar bolupdyr. Birneme giçkiräk döwürde daşarky bazara bugdaý bilen gön hem çykarylypdyr. XI-XII asyrlarda Winçester, Boston, Stemford ýarmarkalary giň gerime eýe bolupdyrlar we bu ýerlere diňe bir Flandriýadan däl, eýsem Italiýadan, Germaniýadan hem täjirler gelipdirler.

Şäherleriň ykdysady merkezler hökmünde ulalmagy bilen şäherliler gatlagy hem ýüze çykypdyr. Esasy uly şäherler korolyň domenlerinde ýerleşipdirler we olaryň senýory korolyň özi bolupdyr. Munuň özi şäherleriň içki özbaşdaklyk ugrundaky göreşini kynlaşdyrypdyr, sebäbi şeýle uly senýor bilen göreşmäge hatda uly şäherleriň hem güýji ýetmändir. Şonuň üçin hem Angliýanyň hiç bir şäheri fransuz şäher kommunalarynyňky ýaly erkinige eýe bolup bilmändir. Olar

käbir ykdysady we maliýe ýeňillikleri, şeýle hem korolyň hartiýalary bilen resmileşdirilýän kem-käsleýin içki dolandyryş bilen oňňut edýärdiler.

Adatça şäherler erkinligi pul tölemek arkaly gazanýardylar. Munuň üçin senýora her ýylda kesgitli mukdardaky pul tölegi (ol *firma* diýlip atlandyrylypdyr) tölenýärdi. Şäherler pul töläp içki dolandyryşy we kazyýeti hem öz ellerine alypdyrlar. Bu bolsa korolyň hem-de senýorlaryň emeldarlarynyň şäher jemagatlarynyň içki işlerine gatyşmaklaryny çäklendiripdir. Bu döwürde şäherlileriň bir bölegi pul töläp söwda gildilerini döretmäge-de hukuk gazanypdyrlar. Söwda gildilerine täjirleriň özlerinden başga-da, kähalatlarda senetçiler hem giripdirler. Emma gazanylýan artykmaçlyklardan kim «*firma*» tölemäge gatnaşýan bolsa, şolar hem peýdalanypdyrlar. Uly bolmadyk şäherler käbir ykdysady ýeňilliklerden peýdalanypdyrlar, emma içki özbaşdaklyga eýe bolup bilmändirler.

XI asyryň ahyrlarynda – XII asyryň başlarynda Londonda, Linkolnda, Ýorkda, Winçesterde we beýleki şäherlerde senetçilik gildileri (sehler) hem peýda boldy.

**XI asyrýn ahyrynda – XII asyrda Angliýanyň durmuş-syýasy taýdan ösüşi.** Normand baronlary korolyň esasy wassallary bolupdyrlar. Emma Wilgelm diňe bir baronlardan däl eýsem, olaryň wassalarynyň hem tabynlygyny talap edipdir. Kimiň wassalydyklaryna garamazdan, ähli rysarlar 1085-nji ýylyň «Solsberi kasamyna» laýyklykda korolyň talaby bilen onuň goşunynda gulluk etmäge borçly bolupdyrlar. Netijede, Angliýada wassalyk gatnaşyklary Ýewropanyň beýleki ýerlerinden has merkezleşdirilen häsiýete eýe bolýar. Bu ýerde «meniň wassalymyň wassaly – meniň wassalym däl» diýen ýörelge hereket etmändir.

Normandlar basyp alandan soň Angliýada kemala gelen korol häkimiýeti Günbatar Ýewropanyň şol döwürdäki döwletlerindäkiden has güýçli bolup çykypdyr. Wilgelm I

güýçli merkezi hökümeti esaslandyrmagy başarypdyr. Graflyklaryň başyna ol dolandyryş, kazyýet we salgyt ýygnamak işleri, şeýle hem korolyň girdejileri bilen meşgullanýan şerifleri belläpdir.

Angliýada merkezi häkimiýetiň güýçlenmegi Wilgel I ölenden soň hem dowam edýär. Wilgelmiň mirasdüşerleri aýratyn hem onuň kiçi ogly Genrih I (1100-1135) merkezi häkimiýeti berkitmegi dowam etdirýär. Dolandyryşda hemişelik korol geňeşi (korol kuriýasy) uly ähmiýete eýe bolýar. Onuň düzümine korolyň kazylary, hökümetiň we hazynanyň işlerini ýöredýän, şeýle hem salgyt ýygnalyşyna gözegçilik edýän ýokary wezipeli gullukçylar we korola wepaly tanymal feodallar girizilipdir.

Eýýäm Genrih I-niň döwründe korol kuriýasynda Angliýada «Küşt tagtasynyň palatasy»[1] adya eýe bolan aýratyn döwlet edarasy tapawutlanypdyr. Bu edara korolyň girdejilerini ýygnamak we şerifleriň maliýe hasabatlaryny jemlemek bilen meşgullanypdyr.


Genrih I

Iri feodallaryň syýasy täsirini çäklendirmek we şerifleriň häkimiýetini berkitmek maksady bilen Genrih I merkezi häkimiýetiň gözegçiliginde köne anglosaks ýerli guramalaryny (erkin adamlaryň we graflyklaryň ýüzlükleri) hem dikeldip başlaýar. Ýüzlükleriň ýygnaklarynda ownuk hukuk bozmalary boýunça kazyýet işleri geçirilipdir, jerime salnypdyr, dürli hökümet barlaglary we derňewleri geçirilipdir.

[1]Bu at pul sanamak ulgamy bilen baglanyşykly bolupdyr. Edaranyň içindäki hatarlanyp goýlan stollar uzaboýuna gidýän birnäçe zolaklar arkaly biri-birinden bölünip, olaryň üstünde teňňeleriň sütünjiklerini belli bir tertipde münderläp goýýardylar we ondan oňa süýşürýärdiler, bu bolsa hut küşt oýnuny ýada salýardy.

Genrih I-niň ogul zürýady bolmandyr, şonuň üçin hem ol ölenden soň gyzy Matilda (ol Anžuýyň grafy (Fransiýa) Žoffrua Plantagenetiň aýaly bolupdyr) we ýegeni Bluanyň (Fransiýa) grafy Stefan uzak wagtlap iňlis tagtyna dalaş edipdirler. Köp ýyla çeken özara uruşlardan soň, 1153-nji ýylda buthananyň araçyllyk etmeginde Stefan bilen Matildanyň arasynda ylalaşyk baglaşylyp, tagta ilki Stefan eýe bolmaly, ol ölenden soň bolsa, mirasdarlyk Matildanyň ogly – Anžuý grafy Genrih Plantagenete geçmeli edilýär. 1154-nji ýylda Genrih II (1154-1189) iňlis tagtyna eýe bolýar. Öňki döwürlerde bolşy ýaly, Genrih II-niň häkimiýetine Angliýadan başga-da, Fransiýadaky giň ýerler – Normandiýa, Anžu, Men, Turen, Puatu degişlidi. Soňra ol Akwitaniýany hem öz golastyna geçirýär. Şeýlelikde, Angliýa Plantagenetleriň uly döwletiniň (kähalatlar ony Anžuý imperiýasy diýip hem atlandyrýarlar) bir bölegine öwrülýär. Uly möçberdäki maliýe serişdelerine eýe bolup we rysarlar, şäherlilere we erkin daýhanlara daýanyp, Genrih II feodallaryň angliýadaky topalaňlaryny basyp ýatyrýar, olaryň goşunlryny dargadyp, olaryň galalaryny ýumrupdyr.


Genrih II

Angliýada korol häkimiýetiniň berkemeginde Genrih II-niň geçiren özgertmeleri uly ähmiýete eýe bolupdyr. Ol korol kazyýetiniň ygtyýarlyklaryny giňeltmek, senýorlaryň kazyýetiniň täsirini peseltmek üçin ol kazyýet özgertmesini geçiripdir. Özgertmä laýyklykda, her bir erkin adam belli bir möçberde pul töläp, öz işini islendik ýerli kazyýetiň garamagyndan aýryp, oturdaşlar tarapyndan seredilýän korol kazyýetiniň garamagyna geçirmäge ygtyýar alypdyr.

Oturdaşlar ulgamynyň girizilmegi korol kazyýetine ýüz tutýanlaryň sanyny görnetin artdyrypdyr. Üstesine-de, Genrih II ýerli kazyýetleriň ygtyýaryndan agyr jenaýatlara seretmek hukugyny hem aýyrýar we ýer eýeçiligi bilen baglanyşykly meselelere garamaklygy bolsa ep-esli çäklendirýär. Korol kazyýetiniň ygtyýarlyklarynyň giňemegi hökümdaryň girdejileriniň görnetin artmagyna getirýär.

Genrih II harby özgertmeleri hem geçiripdir. Özgertme boýunça feodallaryň korolyň peýdasyna ýerine ýetirýän harby gulluklary uly bolmadyk möwsüm bilen çäklendirilipdir. Galan döwrüň gullugyna derek feodallar «galkan puly» diýlip atlandyrylan aýratyn tölegi tölemeli bolupdyrlar. Bu pullara korol rysarlary hakyna tutupdyr, bu bolsa ony baronlaryň ýygynlaryna bolan baglylygyny peseldipdir. Bulardan başga-da, korol her bir erkin adama öz ýagdaýyna görä at-ýarag edinmegi we çagyran pursaty ýörişe gitmek üçin korolyň huzuryna gelmegi buýrupdyr.

Emma Genrih II-niň buthana kazyýetini döwletiň gözegçiligine almaga eden synanyşygy şowsuz tamamlanypdyr. Şu meseläniň üstünde iňlis buthanasynyň baştutany Kenterberi arhiýepiskopy Tomas Beket bilen korolyň arasy bozulypdyr. Oňşuksyzlygyň dowam edýän döwründe 1170-nji ýylda korol assyranlyk bilen Beketi öldürdipdir. Şundan soň dawa rim papasy gatyşypdyr we eger-de, korol buthana suduna gatyşmagyny bes edip toba etmese, buthanadan çykarjakdygyny aýdypdyr.

**Irlandiýanyň basylyp alynmagy. Şotlandiýany basyp almaga synanyşyk.** Angliýada merkezi häkimiýeti berkidip Genrih II dagynyklyk hokum sürýän Irlandiýany basyp almagy maksat edinýär. Irlandiýa ýörişler 1169-1170-nji ýyllarda başlaýar. Ilkinji üstünliklerden soň 1171-nji ýylda Irlandiýa korolyň özi hem gelýär. Genrih gowşak ýaraglandyrylan irland feodallarynyň goşunlaryndan üstün çykmagy başarýar we olar iňlis korolyny öz hökümdarlary hökmünde ykrar edýärler.

Emma iş ýüzünde iňlisler Irlandiýanyň diňe günorta-gündogaryndaky kenarýaka ýerlerini eýelemegi başarýarlar. Şol ýerler iňlisler tarapyndan «Peýl» (sözme-söz – daşy germelen) diýlip atlandyrylypdyr. Peýlde iňlisler feudal düzgünleri girizipdirler we irlandlary tabyn daýhanlara öwrüpdirler.

Genrih II Angliýanyň demirgazyk goňşusy bolan Şotlandiýany basyp almaga-da synanyşyk edýär. Uzaga çeken serhet uruşlarynyň netijesinde Genrih şotland Koroly Wilýam Arslany ýesir alýar we 1174-nji ýylda ony Falezda özi bilen şertnama baglaşmaga mejbur edýär. Falez şertnamasy boýunça Wilýam Genrih II-ä ommaž getiripdir we Şotlandiýanyň adyndan kasam edipdir. Emma feodallaşan hem-de merkezleşdirilen döwlet bolan Şotlandiýa iňlis wassallygyndan tiz çykýar. Angliýanyň zor salmasynyň garşysyna ol Fransiýa bilen ýakynklaşypdyr we soňra (XIII-XIV asyrlarda) onuň bilen iňlislere garşy ýaranlykda durupdyr.

1189-njy ýylda Genrih II aradan çykandan soň onuň ornuna uly ogly Riçard Şirýürek (1189-1199) geçýär. Hökümdarlygynyň bir bölegini haçly ýörişlerde geçirendigine garamazdan, onuň döwründe Angliýanyň ykdysady we syýasy ýagdaýy birneme janlanýar. Riçarda haçly ýörişe gatnaşmak üçin köp pul gerek bolupdyr, şonuň üçin hem ol şäherlere erkinlik hartiýalaryny[1] köpçülikleýin satypdyr. Angliýanyň şäherleri ykdysady garaşsyzlygyny gazanyp, Angliýanyň hojalyk durmuşynda aýgytly orna eýe bolupdyrlar.

Normandlar we beýleki gelmişek halkyýetler Angliýanyň ýerli ilaty bilen bada-bat garyşmandyrlar. Emma XII asyryň ahyrlarynda normandlar bilen ýerli halkyň arasyndaky etniki we dil tapawutlary dolulygyna ýitipdir. Kemala gelýän iňlis halkyýetiniň düzümine fransuzlar hem goşulypdyrlar. Iňlis dili Angliýanyň ilatynyň esasy köpçüliginiň diline öwrülýär. Diňe

[1] *Hartiýa* – golýazma hat, şol boýunça korol şäher ilatyna ykdysady erkinligi satýar we salgytlardan boşadýar.

korol köşgüniň az sanly adamlary iňlis dili bilen bir hatarda fransuz hem-de latyn dillerini peýdalanypdyrlar.

**XIII asyrda Angliýanyň syýasy ösüşiniň esasy ugurlary.** Içerki ykdysady aragatnaşygyň berkemegi bilen feodal döwletiň merkezleşmegi dowam edipdir. Döwletiň merkezleşmegine feodallar, aýratyn hem rysarlar, şäher gatlaklary we erkin daýhanlar uly gyzyklanma bildiripdirler. Emma bu ýagdaý obadaky gapma-garşylyklar, şäherlerde gatlaklaryň arasyndaky oňşuksyzlyklar, feodal gatlaklaryň arasyndaky täsir ugrundaky göreşler bilen utgaşyp, syýasy wakalar kähalatlarda ýargly çykyşlar bilen tamamlanypdyr.

XIII asyrdaky syýasy göreşleriň birinji tapgyry Genrih II-niň «Ýersiz» diýip at alan körpe ogly Ioannyň (1199-1216) dolandyran ýyllaryna gabat gelýär. Kakasyndan merkezleşdirilen güýçli häkimiýeti miras alan Ioann ony halkyň ähli gatlaklaryna basyş etmekde ulanypdyr. Göwnüne ýaramaýan magnatlarynyň ellerinden mülklerini alyp, olary jezalandyryp we feodalçylyk düzgünleri bozup, Jon iňlis baronlarynyň korol häkimiýetine garşylygyny döredýär. Ioannyň häli-şindi talap edip duran «galkan puly» we Fransiýadaky şowsuz uruşlary hem baronlaryň gahar-gazabyny döredipdir. Baronlary iňlis buthanasy hem goldapdyr, sebäbi korol buthana wezipelerini öz eline almaga çalyşýardy we buthanany salgyt salyp heläk edýärdi.

Korolyň baronlar bilen çaknyşyklarynda öňler koroly goldaýan esasy güýçler – rysarlar bilen şäherliler hem indi korolyň garşydaşlaryny goldaýardylar. Ioannyň şowsuz daşary syýasaty ählumumy nägilelikleri has-da güýçlendiripdir. 1202-1204-nji ýyllaryň urşunda fransuz koroly Filip II Awgust iňlis korolynyň Fransiýadaky birnäçe mülklerini – Normandiýany, Anžuýy, Meni, Tureni we Puatunyň bir bölegini eýeleýär. Ioannyň Fransiýadaky gideren ýerlerini yzyna gaýtaryp almak ugrunda 1214-nji ýylda Laroş-o-Muandaky we Buwindäki alyp baran uruşlary hem ýeňliş bilen tamamlanýar. Şindi 1207-nji

ýylda Ioann Kenterberiniň arhiýepiskoplygyna Stefan Lengtony belläp, rim papasy Innokentiý III bilen hem uzaga çeken dawalara başlaýar.

1212-nji ýylda Ioannyň tagtdan mahrum edilýändigi we onuň tagtynyň fransuz koroly Filip II-ä geçýändigi hakyndaky bulla gol çekýär. Öz raýatlarynyň gozgalaň turuzmagyndan gorkup, Jon 1213-nji ýylda papa boýun egýär, özüni papanyň wassaly diýip yglan edýär we oňa her ýylda 1000 altyn marka tölemäge borçlanýar. Ioannyň bu masgaraçylykly hereketleri onuň garşydaşlaryny has hem öjükdirýär. 1215-nji ýylda rysarlaryň hem-de şäherlileriň goldamagynda baronlar korola garşy urşa başlaýarlar. Londonyň ilaty olaryň öňünde şäher derwezelerini açýarlar. Korol gozgalaňçy baronlaryň talaplaryna boýun egmäge mejbur bolýar we 1215-nji ýylyň 15-nji iýunynda «Erkinlikleriň beýik hartiýasyna» gol çekýär.

**Erkinlikleriň beýik hartiýasy**. Erkinlikleriň beýik hartiýasynyň (*Magna Charta Libertatum*) maddalarynyň esasy köpçüligi baronlaryň we buthananyň bähbitlerini arapdyr. Kabul edilen resminama boýunça korol katolik buthananyň we iri ýer eýeleriniň hukugyny berjaý etmäge, iri ýer eýeleriniň töleýän salgytlaryny azaltmaga, ruhanylardan, baronlardan we rysarlardan alynýan «galkanlyk puly» diňe ählumumy korol geňeşi ygtyýar berenden soň almaga, baronlary diňe *perleriň*[2] karary boýunça türmä basmaga, emläklerini ellerinden almaga we ýurtdan çykarmaga korol dabaraly söz beripdir. Erkinligiň beýik hartiýasy boýunça Angliýadan çet ýurtly hakyna tutma goşunlary çykarylmaga degişli edilýär we ýurtda ýeke-täk agram we ölçeg birlikleri girizilýär.

Hartiýanyň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek üçin 25 sany barondan ybarat bolan ýörite komitet saýlanylýar. Eger-de, korol hartiýany ýerine ýetirmese, baronlaryň korolyň

---

[1] *Perler* – ýokary gatlaklaryň wekiller geňeşi (**soňra lordlar palatasy**).
[2] *Prowiziýa* – düzgünnama.

garşysyna urşa başlamaga hukuklary bolupdyr. Hartiýa daşary ýurtly täjirlerine Angliýa gelmäge we ýurtda ýaşamaga ygtyýar berýär, ähli erkin adamlary korol emeldarlarynyň eden-etdiliklerinden we jerimelerinden goramaga wada edýär. Hartiýanyň yglan edilmeginiň öz döwri üçin uly ähmiýeti bolupdyr. Ol korolyň ýurduň erkin raýatlary babatyndaky eden-etdiliklerini belli-bir derejede çäklendiripdir.

Beýik hartiýa iş ýüzünde durmuşa geçirilmändir. Baronlary topalaňçylar diýip yglan eden papa daýanyp, Ioann beren sözünde tapylmandyr. Netijede uruş hereketleri başlaýar we onuň dowamynda Ioann aradan çykýar. Baronlar onuň kämillik ýaşyna ýetmnedik ogly Genrih III-niň (1216-1272) hökümdarlygyny ykrar edýärler.

**Baronlaryň agalygynyň berkarar edilmegi.** Genrih III-niň hökümdarlyk eden döwründe 1258-nji ýene-de bir uly syýasy dawa döreýär. Özüniň tükeniksiz ýygymlary, öz garyndaşlary – fransuzlara we prowansallara iri mülkleri we peşgeşleri bagyşlamak, papa bilen dostlaşyp Genrih III ählumumy nägileilikleriň döremegine sebäp bolýar. 1258-nji ýylda Genrih III baronlardan Innokentiý IV-niň çagyrmagy boýunça Italiýa ýöriş geçirmek üçin ýurduň girdejileriniň üçden birini bermeklerini talap edýär. Gahar-gazaba münen baronlar ýaraglanyp korolyň huzuryna gelýärler we ondan syýasy özgertmeleri geçirmegi talap edýärler. Korol boýun synmaga mejbur bolýar.1258-nji ýylyň iýunynda Oksfordda soňra «guduzlaryň geňeşi» adyna eýe bolan magnatlar geňeşi çagyrylyp, onda «Oksford prowiziýasy»[2] tassyk edilýär. Bu kanun boýunça ähli häkimiýet 15 sany baronyň eline berlip, olardan ygtyýarsyz korol hiç bir hili karar kabul edip bilmändir. Mundan başga-da, baronlar tarapyndan düzümine rysarlardan we şäherlilerden 12 sany wekil girýän ýorite geňeş saýlanypdyr we olar ýylda üç gezek ýygnanyşyp, 15-leriň geňeşi bilen birlikde döwlet işlerini ara alyp maslahatlaşypdyrlar.

Emma baronlaryň hojaýynçylygy rysarlary hem-de şäherlileri kanagatlandyrmandyr. 1259-njy ýylda rysarlar birnäçe özbaşdak syýasy talaplary öňe sürýärler. Baronlaryň Simon de Monfor, Lesteriň grafy tarapyndan baştutanlyk edilýän has öňden görüji toparynyň goldamagynda rysarlaryň we erkin daýhanlaryň bähbitlerini iri feodallaryň eden-etdiliklerinden goraýan «Westminster prowiziýasy» kabul edilýär. Emma baronlaryň aglabasy öz bähbitleri ugrunda çykyş etmeklerini dowam etdirýärler.

**1263-1267-nji ýyllaryň raýatlyk urşy.** Öz garşydaşlarynyň arasyndaky oňşuksyzlyga bil baglap, Genrih III «Oksford prowiziýasynyň» talaplaryny ýerine ýetirmekden boýun gaçyrýar. Bu bolsa 1263-nji ýylda raýatlyk urşunyň turmagyna sebäp bolýar. Korola garşy durýan güýçleriň başynda Simon de Monfor durup, ol diňe bir baronlara däl, eýsem rysarlaryň, erkin daýhanlaryň we şäherleriň giň gatlaklaryna daýanypdyr.Şäherleriň orta we aşaky gatlaklary Monfory işjeň goldapdyrlar. Londonyň ilaty Monfora kömek üçin 15-müňlik goşun ýygnap beripdir. 1264-nji ýylda Lýusyň eteginde bolan söweşde korolyň goşunlary derbi-dagyn edilýär: Genrih III we onuň uly ogly Eduard ýesir düşýärler. Ýeňiji Monfor hökümdaryňky ýaly ägirt giň ygtyýarlyklara eýe bolýar.

1265-nji ýylyň ýanwarynda Monfor ilkinji gezek ýygnak çagyrýar we oňa iri prelatlardan we magnatlardan başga-da, her graflykdan iki sany rysar we iri şäherleriň her birinden iki sany şäherlini çagyrýar. Munuň özi iňlis parlamentiniň başlangyjydy.

Korolyň üstünden gazanylan ýeňiş raýatlyk urşunyň güýjemegine getirýär. Urşa frigolderleriň köpçüligi, käbir ýerlerde bolsa willanlar hem goşulýarar. Daýhanlar korolyň tarapdarlarynyň mülklerini dargydýardylar, olaryň elinden öň jemagatlaryň ygtyýarynda bolan ýerleri gaýtaryp alýardylar, salgyt tölemekden boýun gaçyrýardylar. Halk hereketiniň

güýçenmegi baronlary korol bilen ylalaşyk gözlemäge itekleýär. Haçan-da şazada Eduard ýesirlikden gaçanda, baronlaryň köpüsi onuň ýany bilen gidipdirler. 1265-nji ýylda Iwşemiň eteginde bolan söweşde Monforyň goşunlary derbi-dagyn edilýär, onuň özi bolsa öldürilýär. 1267-nji ýylda Genrihe gozgalaňy doly basyp ýatyrmak başardýar. Genrih III-niň häkimiýeti doly dikeldilýär. Emma korol Angliýanyň erkin ilatyna hukuk bermese, öz häkimiýetiniň howpsuz bolmajakdygyna göz ýetirýär. Şol sebäpden hem 1263-1267-nji ýyllaryň raýatlyk urşy Angliýada gatlaklaýyn wekilçiligiň – parlamentiň döremegine getirdi.

**Iňlis parlamenti XIII-XIV asyrlarda. Gataklaýyn monarhiýanyň ýüze çykmagy.** Angliýada parlament Eduard I-niň (1272-1307) dolandyran ýyllarynda gutarnykly kemala geldi. Şu döwürden başlap iňlis feodal döwleti gatlaklaýyn monarhiýa häsiýetine eýe bolýar. Korol öz häkimiýeti üçin uly howp bolup durýan iňlis buthanasyna garşy durmakda we iri ýer eýeleriniň täsirini peseltmekde parlamente daýanypdyr we iri feodallaryň kazyýet artykmaçlyklaryny çäklendiripdir, iňlis buthanasyna koroldan ygtyýarsyz ýerleri eýelemekligi gadagan edipdir. Gatlaklaryň ýygnagy korola rysarlara we şäherlilere daýanmaga mümkinçilik beripdir. Hatda korola parlament tarapyndan berilýän subsidiýalar hem ýeňillik bilen ýygnalypdyr we öňki zorluk bilen ýygnalýan ýygymlardan has köp girdeji alyp bolupdyr. Şeýlelikde, parlamentiň döredilmegi umuman alnanda, feodal döwletini has-da güýçlendiripdir.

Iňlis parlamenti gurluşy boýunça Fransiýanyň Baş ştatlaryndan tapawut edipdir. Oňa korolyň ýörite iberilýän çakylyk hatlary boýunça arhiýepiskoplar, ýepiskoplar, iri monastyrlaryň abbatlary we baronlar çagyrylypdyr. Bulardan başga-da, parlamente her graflykdan iki rysar we iri şäherlerden iki wekil çagyrylypdyr. Rysarlar we şäherleriň wekilleri graflyklardaky we şäherlerdäki ýerli ýygnaklarda

saýlanylypdyr. Erkin daýhanlar we şäher garyplary parlamentde wekilçilik etmändirler.


Eduard I

Korol ilata salgyt salmak meselesinde parlament bilen maslahatlaşypdyr. Eduard I käwagtlar parlamentden ygtyýarsyz salgyt ýygnamaga we salgytlaryň möçberini artdyrmaga synanyşyk edipdir. Ol özüniň zorlukly hereketleri bilen rysarlaryň we şäherlileriň nägileligini döredipdir. Olary baronlar hem goldapdyrlar. 1297-nji ýylda täze topalaňlaryň turaýmagynyň howpy astynda Eduard I parlamente salgytlaryň kesgitlenilmegine gatnaşmaga hukuk berýän ýörite resminamany - «Hartiýanyň tassyknamasyny» kabul edýär.

XIV asyryň birinji ýarymynda parlament iki palata bölünip ugraýar. Ýokarkysy lordlar palatasy diýlip atlandyrylyp, oňa prelatlar we baronlar, aşakysy – jemagat palatasy bolup, onda rysarlar we şäherliler mejlis geçiripdirler. Olar san taýdan lordlardan köp bolandyklary üçin olary şertli «jemagatlar» ady bilen atlandyrypdyrlar. Ýewropanyň beýleki ýurtlarynyň gatlaklaýyn wekilçilikli ýygnaklary bilen deňeşdireniňde, iňlis parlamentinde rysarlar bilen şäherlileriň arasynda kemala gelen mäkäm bileleşik, olary has täsirli syýasy güýje öwrüpdir. Salgytlary kesgitlemek bilen bir hatarda, XIV asyrda parlament *statutlary* (kanunlar) neşir etmek hukugyna-da eýe bolýar. Parlamentiň şeýle üstünliklere eýe bolmagyna Ýüz ýyllyk uruş hem uly täsir edipdir. Seäbi urşy maliýeleşdirmek üçin parlament häli-şindi çagyrylyp durupdyr.

**Angliýanyň Uelsdäki, Şotlandiýadaky we Irlandiýadaky basybalyjylykly uruşlary.** Eduard I-niň döwründe Angliýa basybalyjylykly uruşlary hem alyp barypdyr. 1282-1283-nji ýyllarda Eduard I-ä Uelsi Angliýanyň

düzümine girizmek başardýar. Uelsli feodallaryň ýerlerini ol öz baronlarynyň arasynda paýlapdyr. 1286-njy ýylda Şotlandiýanyň koroly Aleksandr III aradan çykýar. Şotland korolynyň ogul zürýady bolmandyr, şonuň üçin hem Eduard I öz goňşysynyň ýerlerini basyp almaga synanyşýar. Başda şotland feodallarynyň bir bölegine daýanyp, Eduard I Şotlandiýanyň Angliýa wassal tabynlygyny dikeldýär, 1295-nji ýylda bolsa ol ýerde iňlis korolynyň dolandyryşyny girizýär. Emma 1297-nji ýylda Wilýams Uollesiň baştutanlygynda daýhanlaryň we şäherlileriň gozgalaňy turýar, 1306-njy ýylda bolsa gozgalaňa şotland rysarlarynyň hem gatnaşmagynda garaşsyzlyk ugrunda azat edijilik urşy başlaýar.Şotlandlaryň göreşine Robert Brýus baştutanlyk edipdir. Bu uruş 1314-nji ýylda şotlandlaryň Bennokberniň ýanyndaky ýeňşi bilen tamamlanýar. Şotlandlar öz ýurtlarynyň özbaşdaklygyny saklap galmak başardýar. 1328-nji ýylda Agliýa Şotlandiýanyň garaşsyzlygyny resmi taýdan ykrar etmäge mejbur bolýar.

Iňlisleriň Irlandiuýadaky basybalyşlary barada aýdylanda, XII asyrda basylyp alnan ýerleriň çägini giňeltmek başartmandyr. Emma Angliýanyň Irlandiýada alyp barýan netijesiz uruşlary bu ýerde merkezleşdirilen döwletiň kemala gelmegine päsgel beripdir.

**XIV-XV asyrlarda iňlis obasyndaky ykdysady we durmuş özgerişleri.** XIV asyryň ikinji çärýedinde iňlis obasynda salgydyň kommutasiýasy, ýagny zähmet borjunyň pul salgydy bilen çalşyrylmagy we daýhanlary şahsy taýdan azat edilmegi giň gerime eýe bolup başlaýar. Daýhan hojalyklary feodallaryň willanlaryň agyr zähmetine esaslanýan, pes öndürijilikli iri mülkleri bilen üstünlikli bäsleşip ugraýarlar. Şol sebäpden hem XIV asyryň ortalaryna çenli iri feodallaryň aglabasy zähmet borçlaryndan ýüz öwürýärler. Indi feodallar öz mülklerinde hakyna tutma işçileriň zähmetini peýdalanyp ugraýarlar. XIV asyryň birinji ýarymynda salgyt kommutasiýasy Angliýanyň ähli ýerlerine, esasan hem

dowardarçylyk welaýatlarynyň ýerleşýän ýerleri bolan Demirgazyk-Günbatar we Merkezi Angliýada köpçülikleýin ýaýraýar. Emma gallaçylyk welaýatlarynda kommutasiýa giň ýaýramandyr, çünki şol ýerlerde buthana hojalyklary köpdi. Emma hakyna tutma zähmet şol ýerlerde-de möhüm ähmiýete eýe bolupdyr.

1348-nji ýylda Angliýanyň başyndan mergi keseli inýär. Halk arasynda «Gara gyrgynçylyk» adyna eýe bolan bu kesel ýüz müňlerçe adamlaryň başyna ýetipdir. Ýurduň ilatynyň üçden bir bölegi gyrylypdyr. Işçi güýjüne bolan isleg artypdyr, zähmet haklary ýokarlanypdyr. Emma XIV asyryň ikinji ýarymynda korol hökümeti iri feodallaryň we şäher baýlarynyň bähbitlerini gorap, «işçi kanunçylygy» ady bilen zähmet haklaryny çäklendirmäge gönükdirilen birnäçe kanunlary kabul edýär. Şol kanunlar az hak üçin işlemekden boýun towlaýan adamlara jeza çäresini göz öňünde tutupdyr. Kanunlaryň Eduard III (1327-1377) tarapyndan neşir edilen ilkinjisi - 1349-njy ýylyň ordonansy, ýeri we ýaşaýyş üçin başga serişdesi bolmadyk 12 ýaşdan 60 ýaşa çenli bolan ähli adamlara «Gara gyrgynçylykdan» öň tölenilýän iş hakyna kaýyl bolmaklyk buýrulýar. Hakyna tutulmakdan boýun gaçyrýanlara we hakyna tutýandan gaçyp gidýänler türme tussaglygyna höküm edilipdir. Eger-de, hakyna tutýan bilen hakyna tutulýan ýokary iş haky barada dilleşseler, onda olara jerime salnypdyr. 1351-nji, 1361-nji we 1388-nji ýyllarda birnäçe *statutlar* kabul edilip, olar hukuk bozulmalary üçin berilýän jezalary güýçlendiripdirler.

«Gara gyrgynçylyk» we «işçi kanunçylyklary» zerarly kyn güne düşen iňlis daýhanlary salgyt tölemekden, zähmet borçlaryny ýerine ýetirmekden boýun gaçyrýardylar, maşgalalary bilen tokaýlara gaçyp gidýärdiler. Iňlis daýhanlarynyň ýagdaýyny has hem Ýüz ýyllyk uruş kynlaşdyrýardy. Şol döwrüň wakalary halk döredijiliginde we iňlis edebiýatynda öz beýanyny tapypdyr. XIV asyryň ortalarynda dürli sebäpler bilen tokaýlarda mesgen tutan, halk

goragçysy Robin Gud we onuň egindeşleri hakyndaky halk balladasy döreýär.

**Buthanany özgertmek ugrundaky hereket.** XIV asyryň ikinji ýarymynda Angliýada katolik buthanasyny özgertmek ugrunda giň hereket başlaýar. Bu herekete gatnaşan jemgyýetçilik toparlary dürli sebäplere görä buthana özgertmeleriniň geçirilmegine uly gyzyklanma bildirýärdiler.

XIII asyryň ahyrlaryndan bäri Angliýanyň korol häkimiýeti Ioann Ýersiziň döwründe papa tabynlyk bildiripdi. 1309-njy ýyldan bäri Awinýonda ýerleşýän papa häkimiýeti Fransiýanyň korolyny goldaýardy we Ýüz ýyllyk uruş döwründe Angliýa garşy duşmançylykly syýasat alyp barýardy. Korol we parlament iňlis buthanasyny papanyň täsirinden çykarmakda we onuň mülklerine eýe bolmakda tagalla baryny edýärdiler. Köşk begzadalary we iri feodallar buthana ýerleriniň eiň hasabyna öz mülklerini giňeltmäge çalyşýardylar. Koroly we begzadalary rysarlar hem-de şäherliler işjeň goldaýardylar. Ilatyň bu gatlaklary buthanany diňe bir Rimiň täsirinden cykarmak ugrunda däl, eýsem dini dessurlary ýönekeýleşdirmek, buthanany baýlyklaryndan mahrum etmek hem isleýärdiler. XIV asyryň 60-70-nji ýyllarynda katolik buthananyň syýasatyndan daýhanlar hem nägile bolupdyrlarlar. Sebäbi buthananyň mülklerinde feodalçylyk düzgüniniň has yzagalak görnuşleri saklanyp galypdyr. Buthana daýhanlardan zähmet borçlaryny, salgytlaryň dürli görnuşlerini we şähsy tabynlygy talap edipdir.

Buthana garşy gönükdirilen nägileliklериň güýçlenýän döwründe XIV asyryň 70-nji ýyllarynda Oksford uniwersitetiniň professory Jon Wiklif (1320-1384) özüniň çykyşlary bilen giň meşhurlyga eýe bolupdyr. Wiklif papanyň Angliýadan salgyt almaga, asla onuň dünýewi häkimiýetiň işine goşulyşmaga haky ýokdur, tersine, buthana we onuň baştutany gündelik durmuş meselelerinde dünýewi hökümdarlara tabyn bolmalydyr diýip tekrarlapdyr. Şunuň esasynda bolsa, Wiklif

korolyň buthananyň emlägini elinden almaga bolan hukugyny beýan edipdir. Iňlis hökümeti alymy goldapdyr we haçan-da, papa Wiklifi buthana kazyýetine çekmek bilen haýbat atanda ony öz howandarlygyna alypdyr. Londonyň şäher ilaty hem Wiklifi gorap çykyş edýär.

Iňlis jemgyýetinde özüniň giň goldaw tapýandygyna göz ýetirip, Wiklif buthanany düýpli özgertmek we din adamlarynyň artykmaç hukuklaryny çäklendirmek bilen baglanyşykly has aýgytly pikirleri öňe sürüpdir. Wiklif papanyň we ýepiskoplaryň dindarlaryň ruhyny halas etmäge we günä geçmek hakyndaky resminamany (indulgensiýa) bermäge bolan hukuklaryny müňkürlige alypdyr. Aslaha ol papalygyň dini merkez hökmünde zerurlygyna şübhelenipdir. Wiklif Bibliýany hristiançylyk dini taglymatyň ýeke-täk çeşmesi diýip yglan edipdir we onuň latyn dilinden iňlis diline terjime edilmegini gazanypdyr. Alymyň garaýyşlary esasan rysarlaryň hem-de şäherlileriň, ýagny iňlis jemgyýetiniň orta gatlaklarynyň bähbitlerini arapdyr. Köşk begzadalary başky döwürlerde Wiklifi goldapdyrlar, ýöne soňra alymyň çykyşlary has ýiti häsiýete eýe boalndan soň ondan ýüz öwrüpdirler. 1381-nji ýylda Wiklifiň garaýyşlary ýeres hökmünde ýazgarylypdyr.

Emma bu garaýyşlar ýönekeý halkyň arasynda giň seslenmeleri döredipdir, sebäbi Wiklife çenli bu barada *lollardlar* (pukara ruhanylar) diýlip atlandyrylan ýönekeý halk wagyzçylary aýdýardylar. Olar ýarym sergezdan durmuşda ýaşandyklary üçin ýönekeý halkyň durmuşyna gowy belet bolupdyrlar. Lollardlar diňe bir resmi buthananyň we ýokary ruhanylaryň zynatly durmuşyna däl, eýsem gatlaklaýyn hukuklara esaslanýan orta asyr düzgünlerine garşy çykyş edýärdiler. Olar «Haçan-da Adam ata ýer süryärkä, Howa ene ik egirýärkä kim begzada bolduka?» diýip soraýar ekenler.

Halk wagyzçylarynyň arasynda Jon Boll tapawutlanypdyr. Ol buthana tölenilýän ondan bir salgydyň

yatyrylmagyny, buthananyň emläginiň elinden alynmagyny talap edipdir.

**Uot Taýleriň baştutanlygyndaky daýhanlaryň gozgalaňy.** XIV asyryň ahyrlaryna çenli iňlis daýhanlarynyň ýagdaýy ep-esli ýaramazlaşypdyr.Ýüz ýyllyk urşuň gaýtadan dowam edip başlamagy bilen Riçard II (1377-1399) tarapyndan täze salgytlaryň girizilmegi halkyň içinde giň nägilelekleri döredipdir. 1377-nji ýylda parlament bir wagtlaýyn baş salgydyny girizipdir. Bu salgyt 1399-njy ýylda ikinji gezek, 1380-nji ýylda bolsa üç esse artdyrylan görnüşde ýygnalypdyr. Bu salgydyň girizilmegi we onuň ýygnalmagy bilen baglanyşykly eden-etdilikler gozgalaňyň turmagyna bahana bolýar.

Gozgalaň 1381-nji ýylyň ýazynda Angliýanyň günorta-gündogaryndaky Esseks graflygynda turýar. Daýhanlar salgytçylary kowupdyrlar, olaryň käbirlerini bolsa öldüripdirler. Gozgalaň feodallara garşy häsiýete eýe bolupdyr. Ol tiz wagtdan 40 sany graflyklaryň 25-sini gurşap alypdyr.

Gozgalaň London bilen goňşyçylykdaky Esseks we Kent graflyklarynda has guramaçylykly dowam edipdir. Kentli daýhanlar mundan biraz wagt öň buthana tarapyndan zyndana taşlanan Jon Bolly bendilikden boşadypdyrlar we ony öz baştutanlarynyň biri edip saýlapdyrlar. Gozgalaňyň serdary oba demirçi ussasy Uot Taýlerdi. Ol Ýüz ýyllyk urşa gatnaşypdyr, şoňa görä-de harby işden başy çykypdyr. Ol özüniň goşunlarynda düzgün-nyzamy we söweş tertibini girizmäge çalşypdyr.

Esseksiň we Kentiň daýhanlary Londonyň etegine ýetip gelipdirler. Olar Riçard II bilen duşuşmagy we ondan öz ýagdaýlaryny ýeňilleşdirmek üçin çäre görmegini haýyş etmekligi maksat edinipdirler. Şäher meriniň gadagan etmegine garamazdan daýhanlar Londona giripdirler. Şäher gozgalaňçylaryň eline geçipdir, korol bolsa alaçsyz galyp, özüniň geňeşçileri bilen birlikde oňat berkidilen Tauer köşk-

galasynda gizlenipdir. Gozgalaňçylar korolyň kansleri, Kenterberi buthanasynyň arhiýepiskopy Sedberini we köpsanly begzadalary jezalandyrypdyrlar.

Korol bilen gozgalaňçylaryň ilkinji duşuşygy şäheriň etegindäki Maýl-Endde bolup geçýär. Şonda gozgalaňçylar korolyň eline «Maýl-End maksatnamasy» adyna eýe bolan talaplar toplumyny gowşurypdyrlar. Maksatnamada willanlaryň statusynyň we zähmet borjunyň ýatyrylmagy, uly bolmadyk ýeke-täk pul salgydynyň (her akrdan 4 pens) girizilmegi, Angliýanyň ähli şäherlerinde erkin söwda etmäge hukuk berilmegi, gozgalaňçylaryň ählisiniň günäsiniň geçilmegi talap edilýärdi. Korol bildirilýän talaplary kabul etmäge mejbur bolýar. Daýhanlaryň bir bölegi hökümdaryň sözlerine ynanyp şäherden çykyp gidýär. Emma köp gozgalaňçylara, esasan hem kentli daýhanlara, bu eglişikler hem az görnüpdir, şonuň üçin hem Uot Taýleriň we Jon Bollyň baştutanlygynda Lobndonda galypdyrlar. Olar korol bilen täze duşuşygyň geçirilmegini talap edýärler. Korol ikinji gezek daýhanlar bilen duşuşmak üçin Smitfilde gelipdir. «Smitfild maksatnamasy» adyna eýe bolan bu talaplar maýl-end talaplaryndan hem ozdurypdyr. Daýhanlar indi koroldan ähli kanunlaryň ýatyrylmagyny, buthananyň elinden ýerleriň alynmagyny we olaryň daýhan hojalyklarynyň arasyndan paýlanylmagyny, senýorlar tarapyndan oba jemagatlarynyň elinden alnan ýerleriň gaýtarylyp berilmegini, şeýle hem tabynlygyň ähli görnüşleriniň ýatyrylmagyny talap edipdirler.

Emma aldaw hem-de ähtiýalanlyk bilen gozgalaňy basyp ýatyrmak başardýar. Gepleşikler wagtynda Londonyň meri Uot Taýleri öldürýär, rysarlaryň we şäherlileriň ýaragly toparlary bolsa korola kömege gelýärler. Korola gozgalaňçylary şäherden çykmaga yrmak, rysarlara bolsa şäherden çykan gozgalaňçylary derbi-dagyn etmek başardýar. Ýesir alnan gozgalaňçylar, şol sanda Jon Boll hem korolyň kazyýeti boýunça ýowuz jezalara höküm edilip öldürilýär. Riçard II

beren wadalaryndan dänýär we daýhanlaryň ähli salgytlary we borçlary gürrüňsiz ýerine ýetirmekleri hakynda hökümleri yglan edýär.

Uot Taýleriň gozgalaňy orta asyrlaryň iň uly halk gozgalaňlarynyň biri bolmak bilen, onda daýhanlar diňe bir durmuş-ykdysady talaplary däl, eýsem syýasy talaplary hem öňe sürmegi başarypdyrlar. Rehimsizlik bilen basylyp ýatyrylandygyna garamazdan, daýhanlar gozgalaňlary ýurduň başga ýerlerinde-de dowam edipdir. Şonuň üçin hem korolyň hökümeti gozgalaňçylary köşeşdirmek üçin käbir eglişikleri etmäge, agyr salgytlary azaltmaga we «işçi kanunlaryny» ýumşatmaga mejbur bolýar. Bu gozgalaň willanlaryň feudal tabynlygyndan çykmagyny hem çaltlandyrypdyr. XIV asyryň ahyrlarynda we XV asyryň başlarynda willanlaryň aglabasy azatlyklaryny satyn almak ýoly bilen erkinlige çykypdyrlar. 1381-nji ýylyň gozgalaňy zähmet borçlarynyň ýerine ýetirilmegine hem uly zarba urýar. Netijede, bu gozgalaň Angliýada ownuk haryt önümçiligine esaslanýan daýhan hojalyklarynyň güýçlenmegine we zähmet borjuna esaslanýan manorlaryň dargamagyna sebäp bolýar.

**XV asyrda iňlis obasynyň ykdysady ösüşi.** XV asyrda iňlis feodalizmi öz ösüşinde täze tapgyra gadam basýar. Domen hojalygy dolulygyn diýen ýaly dargaýar, domen ýerleri bolsa kärendeçilige berilýär. Tersine, daýhanlaryň ýer eýeçiligi berkäpdir, onuň önüm berijiligi ýokarlanypdyr. Daýhan hojalyklary Angliýada bazary azyk we oba hojalyk önümleri bilen üpjün edýän esasy öndürijilere öwrülipdirler.

Willanlaryň aglabasynyň şahsy taýdan azat edilmegi XV asyrda iňlis obasynda bolup geçen möhüm ilerlemeleriň biri boldy. Daýhanlar indi hukuk taýdan iki topara bölünýärdiler. Öňki willanlaryň nesilleri *kopigolder* (resminama nusgasy (kopiýa) boýunça eýelik edýänler) diýlip atlandyrylypdyr. Sebäbi olaryň eline manor kazyýetiniň ýer böleklerine eýelik etmäge ygtyýar berýän kararynyň göçürmesi (kopiýa)

gowşurylypdyr. Kopigolderler şahsy taýdan erkin bolupdyrlar we olar lorda uly bolmadyk kesgitli salgyt töläpdirler hem-de käbir borçlary ýerine ýetiripdirler. Emma olaryň ýer bölekleri korol kazyýetleri tarapyndan goralmandyr.

Iňlis daýhanlarynyň ikinji bölegi *frigolder* diýlip atlandyrylyp, olar iş ýüzünde öz ýerleriniň hakyky eýeleri bolupdyrlar we munuň üçin az mukdarda pul salgydyny töläpdirler. Frigolderleriň ýerleri korol kazyýetiniň goragyndan peýdalanypdyr we onuň eýesiniň parlament saýlawlaryna gatnaşmaga hukugy bolupdyr. Mälim bolşy ýaly, şeýle hukuk kopigolderlerde bolmandyr.

XV asyrda kopigolderleriň we frigolderleriň arasyndan has gurply daýhanlar bölünip çykypdyrlar we olar hakyna tutma işgärleri hojalykda ulanypdyrlar, garyplaşan daýhanlaryň ýerlerini satyn alypdyrlar. Şeýle baý daýhanlary Angliýada *ýomen* diýip atlandyrýardylar.

Bu döwürde ýokary gatlaklaryň içinde-de uly üýtgeşmeler bolup geçýär. XIII-XIV asyrlarda daýhanlaryň tabynlygyna we olaryň zähmet borçlarynyň hasabyna ýaşan derejeli iri feodallar indi domenlerini dargytmaga mejbur bolýarlar. Domenleriň eýeleriniň öz kärendeçilerinden alýan möçberi boýunça uly bolmadyk kesgitli önüm salgydy olaryň zynata öwrenişen baý durmuşyny üpjün edip bilmeýärdi. Feodallar gatlagynyň irki döwürleriň begzadalaryndan gelip çykan şu toparyny «köne begzadalar» diýip atlandyrýardylar. Onuň düzümine iri magnatlaryň köşgünde hyzmat eden ownuk we orta feodallar bolan rysarlaryň giň gatlagy giripdir. Emma «köne begzadalar» hem entekler güýçlidi we öz orunlaryny täze kemala gelýän feodal gatlagyna bererli däldi.

Şunuň bilen bir hatarda, iňlis feodallarynyň arasyndan başga bir topar - «täze begzadalar» güýlenýärdi we ösýärdi. Olar XV asyrda rysarlaryň şindi XIII-XIV asyrlarda hojalyk işleri bilen meşgullanan böleginden, şeýle hem daýhanlaryň we şäherlileriň gullukçy derejesine eýe bolup baýan toparlaryndan

kemala gelipdir. Täze şertlere tiz öwrenişen bu topary *jentri* diýip atlandyrypdyrlar. Olar «köne begzadalar» we tozan daýhanlaryň ýerlerini satyn alyp, mülkleriniň çägini giňeldýärdiler we ony böleklere bölüp, gysga wagtlaýyn kärendesine berýärdiler. Öz mülkleriniň girdejililigini artdyrmak maksady bilen «täze begzadalar» batgalyklary guradypdyrlar, tokaýlary, çemenlikleri arassalapdyrlar, degirmenleri, mawut öndürýän we piwo gaýnadýan kärhanalary gurupdyrlar. Olar ýerli bazar bilen aýrylmaz baglanyşykly bolupdyrlar. XV asyryň ikinji ýarymynda jentriniň iňlis jemgyýetindäki täsiri has hem artýar.

**XV asyrda Angliýada senagatyň we söwdanyň ösüşi.** Köne bilen täzäniň arasyndaky göreşler iňlis senagaty hem-de söwdasy üçin hem häsiýetli bolupdyr. XIV asyryň ortalaryndan köne şäherleriň käbirlerinde ilatyň göçmegi, haryt önümçiliginiň we alyş-çalyşyň peselmegi zerarly hojalyk çökgünligi başlaýar. Bu ýagdaý XV asyryň ahyrlarynda-da duýlupdyr. XV asyrda baý täjirler we iri senetçiler ýygnan pullaryny önümçiligi giňeltmäge däl-de, olary begzada derejelerini almak üçin ýer satyn almaga harçlapdyrlar.

Emma şunuň bilen bir hatarda, XV asyrda senetçilikde we söwdada oňyn ilerlemeler hem bolup geçýär. London, Norij, Ýork, Bristol ýaly käbir köne şäherleriň ähmiýeti artyp ugraýar we täze şäherler peýda bolup başlaýar. Sehleriň girizýän çäklendirmelerine garamazdan Angliýada XIV asyryň ortalarynda obalarda we ownuk şäherlerde ilki irimçik, soňra bolsa has nepis mawut öndürilip başlaýar. XIV asyryň ahyryndan, aýratyn hem XV asyrda bu önümi öndürijiler hökmünde täjirler we baý ussalar öňe çykýarlar. Şäherleriň töweregindäki obalaryň ýekabara daýhanlaryny olar çig mal bilen üpjün edip, olaryň öndüren taýyn önümlerini satyn alýardylar. Şeýlelikde, seh guramalarynyň köp sanly çäklendirmeleri hereket edýän köne şäherleriň daşynda

kapitalistik önümçiligiň ilkinji basgançagy bolan «pytraňňy manufaktura» önümçiligi ýüze çykýar.

XIV asyryň ikinji ýarymynda Angliýada wagtlaýyn çökgünlige düşen daşary söwda XV asyryň başynda birneme janlanyp ugraýar. Eksportyň esasy önümi ýüň dälde, indi mawutdy. XV asyryň başlarynda iňlis täjirleriniň Ganza bilen bäsleşýän ilkinji söwda kompaniýasy hem esaslandyrylýar.

**XV asyrda Angliýanyň durmuş-syýasy ösüşiniň aýratynlyklary.** Angliýada durmuş-ykdysady we syýasy öňe gidişlikler gazanyldygyça jentri, gurply daýhanlar we şäherliler adaty hojalyk işlerini alyp barmakda, ýurtda parahatçylykly durmuşy saklamakda merkezi häkimiýetiň mundan beýläkde berkidilmeginiň tarapdarlary bolup çykyş edýärdiler. Emma «köne begzadalar» özüniň ykdysady mümkinçiliklerini ýitirdikleriçe, merkezi häkimiýetiň berkemegine päsgel bermek bilen öz syýasy özbaşdaklyklaryna şonça-da berk ýapyşýardylar. Elbetde, entekler hem Angliýada magnatlar uly syýasy täsirden peýdalanýardylar we olaryň ygtyýarynda köp serişdeler hem-de harby güýç bardy. Hakyna tutulan esgerlerden, garyndaşlaryndan we wassallaryndan düzülen we «liwreỳalar» diýlip atlandyrylan nökerlerine daýanyp, iri magnatlar öz maksatlaryna ýetmekde hiç zatdan gaýtmaýardylar. Feodal toparlanyşyklary jemagat palatasyna geçirilýän saýlawlara daşyndan täsir edip, öz adamlaryny geçirýärdiler, palatanyň ýygnaklarynda bidüzgünçilikleri döredýärdiler. XV asyryň bütin dowamynda diýen ýaly, iňlis feodallarynyň iň konserwatiw topary Angliýany tozduran we onuň ösüşine päsgel berýän dürli topalaňlary we häkimiýet ugrundaky uruşlary turzup, ýurduň ykbalyny çözüpdirler.


Genrih IV

1399-njy ýylda demirgazyk graflyklarynyň baronlarynyň islegi bilen Plantagenetler dinastiýasynyň iň soňky wekili Riçard II tagtdan agdarylýar. Tagta baronlaryň dikmesi Genrih IV (1399-1413) Lankaster çykarylýar. Feodal begzadalarynyň talaby bilen Genrih IV-niň ogly Genrih V (1413-1422) XIV asyryň ahyrlarynda peselen Ýüz ýyllyk urşy gaýtadan tutaşdyrýar.

Genrih V ölenden soň täç onuň şindi bir ýaşyna-da ýetmedik ogly Genrih VI-a (1422-1461) geçýär. Bu bolsa Angliýanyň iri feodallarynyň arasynda täsir hem-de häkimiýet ugrunda uzaga çeken özara göreşlere sebäp bolýar. Bu göreşler urşuň gidişine uly täsir edýär: 1453-nji ýyla çenli Fransiýada basylyp alnan ýerlerden Angliýanyň elinde diňe Kale galasy galýar. Feodal toparlaryň hojaýynçylygy, salgytlaryň juda artmagy, hazyna ogurlygy we uruşdaky masgaraçylykly ýeňlişler «täze begzadalar», şäherlileriň nägileligini, aýratyn hem daýhanlaryň gahar-gazabyny döredipdir.

**Jek Kediň baştutanlygyndaky gozgalaň.** 1450-nji ýylda Angliýanyň Kent graflygynda uly halk gozgalaňy başlaýar. Gozgalaňa gurply frigolder, tejribeli esger Jek Ked baştutanlyk edipdir. Gozgalaňçylaryň esasy köpçüligini daýhanlar düzüp, olara köp sanly rysarlar we şäherliler hem goşulypdyrlar. Ýigrimi müňlük goşunyň başynda Jek Ked Londona tarap ugraýar we köp wagt geçmänkä paýtagta girýär. Jek Ked tarapyndan yglan edilen jarnamada gozgalaňçylar salgytlaryň azaldylmagyny, salgyt ýygnalanda korol emeldarlarynyň eden-etdilikleriniň we saýlawlar döwründe baronlaryň parlamente zor salmaklarynyň bes edilmegini talap edipdirler. Olar feodallar tarapyndan tozdurylan korol domenleriniň korola gaýtarylyp berilmegini, korolyň emelsiz maslahatçylarynyň köşkden kowulmagyny we rysarlaryň serkerdesi Ýork gersogynyň korol geňeşine goşulmagyny talap edipdirler.

Gozgalaň başda üstünlikli dowam edipdir. Jek Ked korolyň iň bir abraýdan düşen geňeşdarlaryny kazyýete çekip,

olaryň jezalandyrylmagyny gazanýar. Emma gozgalaňçylaryň şäherde hojaýynçylyk etmegi şäheriň ýokary gatlaklaryny ýaraga ýapyşmaga mejbur edýär. Olar korol köşgüniň goragçylaryna daýanyp, gozgalaňçylary şäherden gysyp çykarýarlar. Korol gozgalaňçylar ýaraglaryny taşlap dargasalar olaryň günäsini geçmägi wada edýär. Jek Ked korolyň wadalaryna ynanyp goşunlaryny dargadýar. Şundan soň gozgalaňa gatnaşyjylardan rehimsiz öç alyp başlaýarlar. Gozgalaňçylaryň serkerdesi tussag edilýär we jezalandyrylyp öldürilýär.

**Ak bägüliň we Al bägüliň urşy.** Jek Kediň baştutanlygyndaky gozgalaň basylyp ýatyrylandan soň Angliýada häkimiýet ugrunda göreşler başlaýar. «Täze begzadalar» 1399-njy ýylda häkimiýet başyna gelen Lankaster dinastiýasyny goldamaklaryny bes edip, korolyň garyndaşlary bolan Ýorklaryň daşyna jebisleşip ugraýarlar. Demirgazyk Angliýanyň iri ýer eýeleri bolsa Lankasterleri goldapdyrlar. Netijede, Angliýada Lankasterler bilen Ýorklaryň arasynda tagt ugrundaky dawalar başlaýar.


Genrih VII-niň döwrüne degişli teňňe

1455-nji ýylda biri-birine garşy durýan dinastiýalaryň arasynda harby çaknyşyklar başlaýar. Bu çaknyşyklar Angliýanyň taryhynda Al we Ak bägülleriň urşy adyna eýe bolan uzaga çeken özara uruşlaryň başlamagyna sebäp bolýar[1]. Mälim bolşy ýaly, Lankasterleriň tarapynda syýasy özbaşdaklyga öwrenişen we ygtyýarynda köp sanly goşunlar bolan Demirgazygyň iri feodallary durýardylar. Ýorklary bolsa Lankasterler tarapyndan häkimiýetden çetleşdirilen ykdysady taýdan ösen günorta-gündogaryň iri feodallary, olaryň

[1] Lankasteriň gerbinde al bägüliň, ýorklaryňkyda bolsa ak bägüliň suraty şekillendirilendigi sebäpli bu uruş şeýle atlandyrylypdyr.

garyndaşlary we wassallary goldaýardylar. Şunuň bilen bir hatarda, olary güýçli korol häkimiýetiniň tarapdarlary bolan jentrileriň aglabasy we şäherliler hem ýardam edýärdiler.

Birnäçe gandöküşikli söweşlerden soň Eduard Ýorkly Londony eýeleýär we ol korol diýlip yglan edilýär. Eduard IV-niň (1461-1483) tagta çykmagy Al we Ak bägülleriň urşunyň bes edilmegine getirmändir; uruşlar onuň dolandyran ýyllarynda-da dowam etdirilipdir. Eduard IV lankasterçi baronlardan rehimsiz öç alypdyr, ýöne ýorkçy baronlara hem şübhe bilen garapdyr. Ol rysarlaryň orta gatlaklaryny öz tarapyna çekip, olara gulluk derejelerini we mülkleri beripdir. Täze korol parlamente-de ynamsyzlyk bilen garapdyr, şonuň üçin hem mümkin boldugyça parlamente daýanmazdan dolandyrmaga çalşypdyr. Eduard IV maliýe serişdeleriniň zerurlygy ýüze çykanda, öz tarapdarlaryndan baý peşgeşleri talap edipdir we şäherleri karz bermäge mejbur edipdir. Korol özüne ömürlik gümrük paçlaryny ýygnamaga hukuk bermäge parlamenti mejbur edýär. Bularyň bary korola ep-esli mukdarda serişde ýygnamaga mümkinçilik berýär we parlamentiň çagyrylmagynyň zerurlygyny aradan aýyrýar. Eduard IV ýerli söwdany we senagaty höweslendiripdir. Ol ýerli mawutçylary goldamak bilen Angliýadan ýokary hilli ýüňüň çykarylmagyny gadagan edýär. Iňlis mawudyny ganzaly we wenesiýaly täjirler araçyllyk etmezden Niderlandlara we Italiýa eksport etmäge mümkinçilik berýän çäreleri durmuşa geçiripdir.


Genrih VII

Eduard IV aradan çykandan soň onuň inisi Riçardyň buýrugy bilen Tauerde tagtyň hakyky mirasdarlary bolan Eduardyň kiçi ýaşly ogullary öldürilýär. Şonuň üçin hem tagty onuň özi eýeleýär. Riçard III-niň (1483-1485) garşysyna lankasterçiler we ýorkçy baronlaryň bir bölegi birleşýärler. Olar

gozgalaň turuzýarlar we tagtyň täze dalaşgärini – Lankaster dinastiýasynyň kiçi şahasynyň wekili Genrih Týudory öňe sürýärler. 1485-nji ýylda Boswortyň etegindäki söweşde Riçard III ýeňilýär we garşydaşlary tarapyndan öldürilýär. Şu söweş bilen Al we Ak bägülleriň arasyndaky uruş hem tamamlanýar. Genrih Týudor Angliýanyň koroly diýlip yglan edilýär.

Täze Týudorlar nesilşalygyny (1485-1603) esaslandyryjy Genrih VII korol häkimiýetini berkitmek bilen baronlaryň özbaşdaklygyna garşy barlyşyksyz göreşipdir. Al we Ak bägülleriň urşy döwründe begzadalaryň ep-esli böleginiň gyrylmagy korol häkimiýetiniň güýçlenmegine gyzyklanma bildirýän «täze begzadalar» we ýüze çykyp ugran buržuaz gatlagynyň ähmiýetini artdyrýar. Netijede, XV asyryň ahyrlarynda Angliýanyň ösüşinde döwletiň täze nusgasynyň – absolýutizmiň kemala gelmegi üçin amatly şertler döreýär.
XIII-XV asyrlarda Angliýada iňlis milletiniň kemala gelmegi üçin möhüm şertler hem ýüze çykýar. Bu döwürde iňlisleriň dil we yurt umumylygy döreýär. Angliýada Londonyň binýadynda bitewi milli bazaryň we merkezleşdirilen korol häkimiýetiniň kemala gelmegi bilen dil tapawudy kem-kemden ýitýär. Londonyň fransuz we latyn dilleri bilen baýlaşan merkezi iňlis şiwesiniň esasynda umumy iňlis dili ýüze çykýar. XIV asyrda ol jemgyýetiň ähli gatlaklaklary üçin gepleşigiň hem-de edebiýatyň diline öwrülýär. 1362-nji ýyldan başlap parlamentäki çykyşlar we resmi kazyýet işleri iňlis dilinde alnyp barlyp ugraýar. Wiklifiň başlangyjy bilen Bibliýa iňlis diline terjime edilýär. XIV asyryň ikinji ýarymynda şu dilde şahyr Uilýam Lenglend öz poemasyny we iňlis dilini esaslandyryjylatyň biri Jeffri Çoser meşhur «Kenterberi hekaýalaryny» döredyär.

## § 5. Germaniýa XII-XV asyrlarda

**XII-XIII asyrlarda Germaniýanyň durmuş-ykdysady taýdan ösüşi.** XII-XIII asyrlaryň dowamynda Germaniýanyň öndüriji güýçleriniň ösüşi ep-esli öňe gidipdir. Bu döwürde ýurduň ähli ýerleri diýen ýaly ilatlaşypdyr. German daýhanlarynyň janaýamazlykly zähmetiniň netijesinde ýurduň keşbi özgeripdir. Okgeçmez tokaýlaryň we baryp bolmaýan batgalyklaryň ýerinde obalar we ekerançylyk meýdanlary peýda bolupdyr. Ekarançylyk ýerleriniň giňemegi netijesinde XIII asyrda ýurtda öndürilýän oba hojalyk önümleriniň mukdary artypdyr.

Oba hojalyk önümçiliginiň netijeliligi ýokarlaypdyr. Ekin dolanyşygyna ekinleriň täze görnüşleri girizilipdir. Bagbançylyk, üzümçilik, tehniki ekinler bolan zygyr, kenep we waýda ýurduň ähli ýerlerine giň ýaýrapdyr. Zähmet gurallary we ýeri işläp bejermeklik kämilleşipdir, bu bolsa hasyllylygyň ýokarlanmagyna uly itergi beripdir.

Günbatar Ýewropanyň beýleki ýurtlary bilen bir hatarda, Germaniýada öndüriji güýçleriň ösüşine senetçiligiň oba hojalygyndan bölünip aýrylmagy we X asyryň ahyrlaryndan şäherleriň çalt ösmegi hem aýgytly täsir edipdir. Germaniýada şäherler öňki rim berkitmeliniň köpçülikleýin ýaýran ýerleri bolan Reýniň (Köln, Koblens, Maýns, Worms, Şpaýer, Strasburg, Bonn) we Dunaýyň (Ulm, Regensburg, Donauwert we başgalar) boýlarynda çalt dikelip ugraýar. XII asyrda ýurtda eýýäm 50-ä golaý şäher bolup, XIII asyrda olaryň sany 500-e ýetýär.

XII-XIII asyrlarda Köln diňe bir Germaniýanyň däl, eýsem tutuş Ýewropanyň hem iň uly şäherleriniň birine öwrülýär. Köln metal işläp bejerilýän we ýüňi gaýtadan işleýän möhüm merkez bolup, onuň önümleri has alyşlara äkidilip satylypdyr. Şäheriň ykdysady taýdan ähmiýeti, onuň amatly

ýerde we möhüm ýollaryň çatrygynda ýerleşýändigi bilen baglanyşyklydy. Ol Westfaliýanyň üstünden Brýuggä we Braunşweýgden Gamburga we Lýubeke gidýän guryýer we Reýn boýunça alnyp barylýan suw ýollarynyň ugrunda ýerleşýärdi. Köln Demirgazyk Italiýadan, Flandriýadan we Baltika deňziniň kenarlaryndan getirilýän harytlaryň üstaşyr äkidilýän merkezidi. Germaniýanyň Augsburg, Nýurnberg, Ulm, Lýubek şäherleri hem möhüm söwda-senetçilik merkezleridi.

XII asyrda Germaniýada daşyň köpçülikleýin peýdalanylyp başlanmagy bilen gurluşyk işlerinde tehniki öňegidişlikler gazanylypdyr. XII-XIII asyrlada dag-magdan işlerinde uly üstünlikler gazanylypdyr. Şwarswaldaky Freýburg şäherinde demir, Mansfeldde mis, Sileziýadaky Goldburgda altyn, Saksoniýada kümüş, Magdan daglarynda bolsa galaýy öndürýän merkezler peýda bolupdyr.

Germaniýanyň şäherlerinde seh guramalary ir peýda bolupdyr. Maýnsly dokmaçylaryň (1099), wormsly balyk söwdägärleriniň (1106-1107) we wýursburgly ädikçileriň sehleri iň irki guramalardy. Bu döwürler ýüpek matalaryny öndürýän, ik egirýän, papak tikýän aýal zenan dokmaçylarynyň sehleri hem hereket edipdirler. Emma şäherleriň ykdysady durmuşynda uly ähmiýete eýe bolandyklaryna garamazdan sehler syýasy taýdan hukuksyz bolup galýardylar. Şol sebäpden hem XIII asyrda sehler şäherleriň syýasy durmuşyna gatnaşmak üçin göreşe baslaýarlar. Freýburgda, Goslarda, Ulmda we beýleki käbir şäherlerde sehler şäher geňeşlerine gatnaşmaga hukuk gazanýarlar. Emma köp şäherlerde sehleriň hereketi şowsuz tamamlanypdyr.

XI-XIII asyrlarda Reýn boýlaryndaky ösen şäherler senýorlaryň agalygyna garşy göreşipdirler. Emma şäherleriň diňe käbirlerine senýorlaryň agalygyndan halas bolmak we içki awtonomiýa eýe bolmak başardypdyr. Bular erkin şäherler (Köln, Worms, Şpaýer, Regensburg, Maýns we beýlekiler)

diýilýänlerdi. Içki awtonomiýa hukugyndan, kähalatlarda bolsa doly özbaşdaklykdan imperatoryň mülklerinde ýerleşýän ýa-da senýor hökmünde imperatoryň özüniň gözegçilik edýän «imperiýa şäherleri» diýilýänleri hem peýdalanypdyrlar. Köp söwda-senetçilik merkezleri giň ýeňilliklerden peýdalanýardylar. Şeýle şäherleriň içki meselelerini saýlawly şäher geňeşleri alyp barypdyrlar. Bu geňeşler salgyt ýygnamaklygy, şäheri goramagy we ony azyk önümleri bilen üpjün etmekligi öz üstlerine alypdyrlar. Emma german şäherleriniň aglaba köpçüligi senýorlaryň golastynda galypdyrlar.

Şäher senetçiliginiň ýokary göterilmegi agrar gatnaşyklaryň ösüşine oňyn täsir edýär. Şäherleriň döremegi bilen daýhan hojalyklary we feodal mülkleri pul-haryt gatnaşyklaryna çekilip ugraýar. Şäher bilen obanyň arasynda yzygider bazar alyş-çalyşy ýola goýulyp, şäher golaý-goltumdaky obalaryň ykdysady merkezine öwrülýär.

Obanyň pul-haryt gatnaşyklaryna çekilmegi agrar gurluşyň düýpli özgermegine getirýär. XII-XIII asyrlarda Germaniýanyň köp ýerlerinde tabyn daýhanlaryň zähmet borjuna esaslanýan köne mülkdarçylyk ulgamagynyň dargamagy bolup geçýär. Şäher ilatynyň artmagy netijesinde oba hojalyk önümlerine islegiň artmagy feodallary az önümli zähmet borjundan ýüz öwürmäge mejbur edýär. Zähmet borjuna esaslanýan mülküň ornuna XIII asyrda iri feodal hojalygyny ýöretmegiň «arassa senýoriýa» diýilýän görnüşi gelýär. Hojalygy ýöretmegiň bu görnüşinde feodallaryň özleri mülki dolandyrmakdan we tabyn daýhanlaryň zähmet borjuny ulanmakdan el çekýärdiler hem-de mülki ýer paýlaryna bölüp, *meýerlere*[1] berýärdiler. Şunda olar feodala hasylyň dörtden bir böleginden ýarysyna çenlisini önüm salgydy görnüşinde

[1] Başda şeýle at bilen gurply daýhanlardan bolan mülk dolandyryjylaryny, soňra bolsa kärendeçi daýhanlaryň
ählisini atlandyrypdyrlar

töleýärdiler ýa-da kähalatlarda salgydy pul berip üzlüşipdirler. «Arassa senýoriýa» dürli nusgalarda Aşaky Saksoniýada, Westfaliýada, Bawariýada we Şwabda agdyklyk edipdir. Günorta-Günbatar we Orta Germaniýanyň galan ýerlerinde köne mülkdarçylyk guramasy bolan domenler we olardaky zähmet borçlary saklanyp galypdyr.

Agrar gatnaşyklarynyň özgermegi nemes daýhanlarynyň ýagdaýyny üýtgedipdir. Tabynlygyň agyr görnüşleri ýitip, daýhanlar şahsy erkinlige eýe bolýarlar. XII-XIII asyrlarda nemes daýhanlarynyň hukuk ýagdaýy hem gowylaşýar. Nemes daýhanlarynyň arasyndan eýeçiliginde birnäçe ýer paýy (*guf*) bolan has gurply daýhanlar peýda bolýarlar. Beýleki bir tarapdan az ýerli we ýersiz daýhanlaryň sany hem artypdyr. Nemes obalarynda adamlaryň täze topary – günlükçiler peýda bolýarlar.

**Germaniýada özbaşdak dolandyrylýan ýerleriň döremeginiň ykdysady şertleri.** Öndüriji güýçleriň ýokary göterilmegi we onuň bilen baglanyşyklylykda jemgyýetiň sosial gurluşynda bolup geçen üýtgeşmeler ýurduň syýasy taýdan ösüşine uly täsir edipdir. Emma Germaniýada bolup geçen durmuş-ykdysady ilerlemeler Fransiýa bilen Angliýadan tapawutlylykda ahyr soňunda merkezi häkimiýete tabyn bolmak islemeýän güýçleriň peýdasyna bolupdyr.

XII-XIII asyrlarda Germaniýanyň ykdysady ýokary göterilişi Pariž ýa-da London ýaly ýurduň ähli welaýatlaryny özüne çekip biljek ykdysady merkeziň döremegine getirmändir. Germaniýanyň iri şäherleri ykdysady taýdan biri-biri bilen däl-de, öni bilen daşary ýurt şäherleri bilen baglanyşyklydy. Daşary yurt üstaşyr söwdasy bilen ysnaşykly gatnaşyklary saklaýan nemes býurgerlerine bitewi ýurduň we güýçli merkezi häkimiýetiň bolmaklygy hökman däldi.

Nemes şäherleri diňe öz daş-töweregindäki etrabyň ýa-da welaýatyň ykdysady merkezi bolupdyr. Üstesine-de, şäher näçe uly boldugyça, onuň bilen baglanyşykly obalaryň we

şäherçeleriň sany şonça-da köp bolupdyr. Şeýle ýerleriň çäginde hemişelik söwda-ykdysady gatnaşyklar alnyp barlypdyr. Emma olaryň goňşy etraplardyr welaýatlar bilen gatnaşyklary hemişelik häsiýete eýe bolup bilmändir, bu bolsa Germaniýanyň dürli ýerlerinde biri-birinden üzňe gersoglyklaryň – syýasy birleşmeleriň ýüze çykmagyna getirýär.

Gersoglyklaryň döremeginiň ilkinji alamatlary XI asyryň ahyrlarynda – XII asyryň başlarynda peýda bolup ugrady, XII-XIII asyrlaryň ykdysady ýokary göterilişi bolsa olaryň mundan beýläkki berkemegine getirdi. Şäherler gersoglar üçin möhüm syýasy daýanç we maliýe çeşmesi bolup hyzmat etdi. Gersoglar öz ýerlerinde şäherleriň ösüşini höweslendirýärdiler, täze söwda-senetçilik merkezlerini esaslandyrýardylar. Ýeri gelende aýtsak, XIII asyrdan başlap täze şäherleriň ählisi diýen ýaly gersoglaryň mülklerinde ýüze çykdy. Şunuň bilen bir hatarda, gersoglar imperiýa şäherlerini hem öz täsirlerine tabyn etmäge çalyşýardylar.

Emma Fransiýadan we Angliýadan tapawutlylykda, Germaniýada korol häkimiýeti bilen şäherleriň arasynda jebis aragabaglanyşyk kemala gelmändir. XI-XII asyryň başlarynda senýorlar bilen göreşlerde nemes şäherleri korolyň (imperatoryň) häkimiýetine daýanmaga çalşypdyrlar. 1073-1075-nji ýyllaryň Sakson gozgalaňy döwründe, haçanda Genrih IV-niň garşysyna Germaniýanyň ähli feodallary baş göterenlerinde, oňa Kölniň we Wormsyň şäher ilaty ýakyndan ýardam edipdirler. German imperatorlary – Genrih V, Genrih VI, soňra Fridrih Barbarossa şäherlere daýanmaga çalşypdyrlar. Emma az sanly german şäherleri syýasy-ykdysady we harby babatda korola ýardam ederden entekler ejiz gelýärdiler, şol sebäpden hem german imperatorlarynyň ýurdy merkezleşdirmäge gönükdirilen syýasatda şäherlere daýanmaga eden synanyşyklary şowsuz tamamlanypdyr.

**Nemesleriň Gündogara hüjüm ediş syýasaty.** XII asyrda Gündogar Ýewropada syýasy we ykdysady taýdan gowşak hem-de dagynyk birnäçe döwletler bolupdyr. Nemes feodallary Polab slawýanlarynyň, Baltikanyň boýlarynda ýaşaýan taýpalaryň, Polşany we Çehiýanyň ýerleriniň hasabyna öz mülkleriniň çäklerini giňeltmegi maksat edinýärdiler.

XII asyrda Gündogara başlanan ýörişlerde (*Drang nah Osten*) german imperatorlary däl-de, katolik buthanasy bilen ýaranlykda bolan gersoglar esasy esasy orny eýeläpdirler. Gersoglar imperatoryň häkimiýetinden garaşsyz giň mülkleri edinmek isleýärdiler. Gündogara ýörişlerde esasy harby güýç bolup ownuk feodal-rysarlar hereket edýärdiler. Bu ýörişlere daşary söwdada özleri üçin amatly şertleri döretmek isleýän käbir nemes şäherleri hem goşulypdyrlar. Elba derýasynyň aşaky akymlarynda ýerleşen slawýan taýpalarynyň üstüne edilen ýörişe özüniň güýç-kuwwaty boýunça german imperatory bilen bäşleşip bilýän, Bawariýanyň we Saksoniýanyň gersogy Genrih Arslan baştutanlyk edipdir. Basylyp alnan slawýanlaryň obodrit taýpasynyň ýerinde Genrih Arslan 1170-nji ýylda özüne garaşly Meklenburg gersoglygy esaslandyrýar. Edil şol döwürler slawýanlaryň lýutiçi taýpasynyň ýaşaýan ýerinde Albreht Aýy tarapyndan Brandenburg markgraflygy döredilýär. XIII asyrda bu ýerde Berlin şäheri peýda bolýar. Genrih Arslan Oder we Wisla derýalaryň aralygynda ýerleşýän mes toprakly Pomorýany hem eýeleýär.

XIII asyryň başlarynda nemes feodallary Baltika deňziniň günorta-gündogar kenarlaryna hüjüm edip ugraýarlar. Bu işde nemes feodallaryna ýakyndan ýardam etmek üçin papa Innokentiý III-niň (1198-1216) işjeň gatnaşmagynda 1202-nji ýylda Gylyç göterijiler rysarçylyk ordeni[1] döredilýär. Bu orden XIII asyryň ortalaryna çenli häzirki Latwiýanyň ähli ýerlerini, Estoniýanyň günorta bölegini basyp aldy. 1226-njy ýylda

[1] *Orden* - orta asyr monahlarynyň ýa-da rysar monahlarynyň dini guramasy.

papanyň buýrugy bilen Palestinadan bu ýerlere getirilen rysarlaryň Tewton ordeni litwalylaryň pruss taýpasynyň ýerlerini eýeläp başlaýar. 1237-nji ýylda Tewton ordeni bilen Gylyç göterijiler ordeni birleşýärler. Netijede Baltika deňziniň bütin günorta-gündogar tarapyndaky ýerler olaryň eline geçýär. Emma rysarlaryň Rus ýerlerine tarap öňe süýşmekleri başa barmady. 1242-nji ýylyň 5-nji aprelinde nemes rysarlary Nowgorod knýazy Aleksandr Newskiý tarapyndan Çud kölünde derbi-dagyn edilýär.

Nemes feodallary günorta-gündogar taraplara – slawýanlaryň ýaýran Dunaý boýlaryndaky ýerlere-de ugraýarlar. Orta Dunaýda şindi X asyryň ahyrlarynda Gündogar ýa-da Awstriýa markasy esaslandyrylyp, XIII asyrda ol gersoglyga öwrülýär. Soňra awstriýaly gersoglar goňşy slawýan ýerlerini – Ştiriýany, Karintiýany we Kraýnany basyp alýarlar. Nemes feodallary täze basyp alan ýerlerine nemes kolonistlerini göçürip getirýärdiler. Nemes daýhanlarynyň täsiri bilen bu ýerlerde ykdysady ýokary göteriliş başlanýar. Işlenip bejerilýän ýerleriň mukdary giňelipdir, täze şäherler ösüp ýetişipdir. Baltika deňziniň kenar ýakalary bilen söwda gatnaşyklary ösüpdir. Nemes feodallary basyp alnan ýerlerde iri ýer eýeçilik hojalygyny döredipdirler. Bu işde katolik buthanasy we monastyrlar kem galmandyrlar.

Nemes corollary we feodallary Gündogara hüjüm bilen bir hatarda Italiýany tabyn etmek maksadyndan hem el çekmändirler. Bu syýasatyň esasy ruhlandyryjysy hem-de guramaçysy german imperatorlarynyň özleri bolupdyr. Bu syýasaty işjeň durmuşa geçirijileriň biri Gogenştaufenler dinastiýasyndan (1138-1254) bolan imperator Fridrih I Barbarossady (1152-1190). 1154-nji ýylda Fridrih I başyna imperator täjini geýmek maksady bilen italýan ýorişine ugraýar. German goşunlary Rime girip, papa garşydaşlaryndan üstün çykmaga ýardam edýär. Minnetdar papa Fridrihiň başyna imperatorlyk täjini geýdirýär. Emma nemes rysarlarynyň eden-

etdilikleri şäher ilatynyň gozgalaň turuzmagyna sebäp bolýar, şol sebäpden hem Fridrih Rimden çykyp gitmäge mejbur bolýar. Fridrih I Germaniýa dolanyp gelip ýepiskoplary bellemekligi we wezipeden boşatmaklygy öz eline alýar. Munuň özi 1122-nji ýylyň Worms şertnamasynyň bozulmagydy.

1158-nji ýylda german imperatory 60 müňlük goşun bilen ýene-de Italiýada peýda bolýar we Pýaçensiň ýanyndaky Ronkal jülgesinde demirgazyk italýan şäherleriniň wekillerini ýygnaýar. Wekilleriň agzalalygyndan peýdalanyp Fridrih şäherleriň özbaşdaklygyny ýatyrýan we saýlawly konsullaryň ýerine imperator tarapyndan tassyklanylýan *podestalaryň* – dikmeleriň bellenilmegi baradaky kararyň kabul edilmegini gazanýar. Fridrih Demirgazyk Italiýanyň şäherlerinde ýokary kazyýet häkimiýetine eýe bolýar we olaryň boýnuna salgyt tölemek borjuny ýükleýär. Munuň özi demirgazyk italýan şäherleriniň imperatoryň häkimiýetine tabynlygyny aňladýardy. Fridrih öz bellän podestiniň Kabul edilmändigi üçin milanlylardan rehimsiz öç alýar. 1162-nji ýylda iki ýyla çeken gabawdan soň Milan basylyp alynýar we tozdurylýar. Boýun egmezek şäheriň ilatyny obalara göçürip, olaryň boýnuna agyr salgytlary we zähmet borçlaryny ýükläp tabyn daýhanlara öwrüpdirler. Emma demirgazyk italýan şäherleri ýaragly german imperatoryna garşy ýaragly gozgalaňa başlaýarlar. 1167-nji ýylda gaýtadan gurlan Milanyň ýolbaşçylygynda düzümine Demirgazyk Italiýanyň 22 sany şäheri girýän Lombard ligasyny döredilýär. Rim papasy Aleksandr III Lombard ligasyna ýakyndan ýardam edipdir. Köp sanly german gersoglary, şol sanda Genrih Arslan hem Fridrihe ýardam etmekden boýun gaçyrýar. 1176-njy ýylda Lombard ligasy bilen Fridrihiň arasynda Milanyň demirgazyk-günbataryndaky Lenýano diýen ýerde aýgytly söweş bolup geçýär. Nemes rysarlary agyr ýeňlişe sezewar edilýär, Fridrihiň özi bolsa zordan gaçyp gutulýar. 1177-nji ýylda Fridrih boýun synmaga

mejbur bolýar we papa bilen alty ýyllyk ýaraşyk baglaşýar. Bu ýaraşygyň şertleri 1183-nji ýylda Konstansada baglaşylan şertnamada öz beýanyny tapypdyr. Bu şertnama italýan şäherleriniň içki özbaşdaklygyny iş ýüzünde gaýtadan dikeldýärdi.

1190-njy ýylda 3-nji haçly ýörişiň dowamynda Fridrih heläk boldy. Şonuň üçin hem onuň ornuna ogly Genrih VI (1191-1197) Italiýa birnäçe gezek ýörişler edipdir. Italiýada ornaşmaga iň soňky gezek Barbarossanyň agtygy Fridrih II (1220-1250) synanyşyk edýär. Fridrih Sisiliýada ösüp-ulalypdyr (ol şol bir wagtyň özünde Sisiliýanyň hem koroly bolupdyr, sebäbi onuň kakasy Genrih VI Sisiliýanyň mirasdüşer melikesine öýlenipdir we ýerli tagt onuň ygtyýaryna geçipdir.). Fridrih II öz döwrüniň iňňän sowatly adamlarynyň biri bolmak bilen, töweregine wizantiýaly, arabystanly we ýewreý alymlaryny ýygnap, Neapolda uniwersitet esaslandyrypdyr. Fridrih grek, rim we arap awtorlarynyň işlerini erkin okap bilipdir, ylmy gözlegler bilen meşgullanypdyr, ylmy eserleri döredipdir, poeziýa bilen gyzyklanypdyr. Şol bir wagtyň özünde ol ajaýyp döwlet işgäri, başarjaň diplomat hem bolupdyr. Kakasynyň ornuna imperator häkimiýetine eýe bolup Fridrih II Sisisliýa korollygyny saklapdyr. Döwletiň ähli serişdelerini ol Demirgazyk we Merkezi Italiýany eýelemäge gönükdiripdir. Italýan şäherleri we papalyk bilen alnyp barlan surnukdyryjy uruşlar arakesmeler bilen 30 ýyllap dowam edipdir we Sisiliýany hem-de Günorta Italiýany halys tozdurypdyr. Fridrih II ölenden soň 15 ýyl geçende 1265-nji ýylda papanyň çagyryşy boýunça fransuz korolynyň dogany Karl Anžuýly Sisiliýa gelýär. Fridrih II-niň agtygy onalty ýaşly Konradin fransuzlary kowup çykarmak üçin tagalla baryny edýär. Emma 1268-nji ýylda ol ýeňlişe sezewar edilip ýesir alynýar we jezalandyrylyp öldürilýär. Birnäçe ýyldan soň Fridrihiň iň soňky ogly hem

bendilikde ölýär. Şeýlelikde, Germaniýada we Italiýada Gogenştaufenleriň dinastiýasy ýaşamagyny bes edýär.

**Germaniýada gersoglyklaryň we graflyklaryň özbaşdaklygynyň güýçlenmegi.** XII asyryň ahyrlarynda Germaniýada merkezi häkimiýet doly derejede gowşaýar. Ýurtda feodalçylyk gurluşynyň kämilleşmegi bilen öňki taýpa bileleşikleriniň ornuna ýüze golaý gersoglyklar peýda bolupdyr. Bu döwürde Germaniýada merkezi häkimiýet özüniň esasy daýançlarynyň birinden – korol ministerialitetinden hem mahrum bolýar. Korolyň ministeriallary (korolyň ýerlerdäki wezipeli adamlary) merkezi häkimiýet bilen arany üzüp, iri feodallara öwrülýärdiler we çylşyrymly wassalçylyk-mülkdarçylyk ulgamyna goşulyşýardylar. Muňa imperiýanyň tanymal ministeriallarynyň biri Werner fon Bollend anyk mysal bolup biler. Ol 43 sany dürli senýorlaryň wassaly bolupdyr we olaryň elinden 500-den hem gowrak mülk, şol sanda 15 sany graflyk alypdyr. Bollendiň özüniň hem 100-den gowrak wassaly-mülkdary bolupdyr.

Germaniýada gersoglyklaryň mundan beýläk berkemegi Fridrih II-niň döwründe has hem güýjeýär. Egerde, Fridrih I aýry-aýry gersoglara artykmaç hukuklary beren bolsa, Fridrih II olara aýratyn bir gatlak hökmünde giň hukuklary berip, uly eglişikleri edipdir. Olar öz hökümdarlyk edýän ýerlerinde ýokary kazyýete eýe bolupdyrlar, pul zikgelemäge, salgyt we paç ýygnamaga, şäherleri esaslandyrmaga we olara ykdysady özbaşdaklygy bermäge hukuk alypdyrlar. Gogenştaufenleriň dinastiýasy synandan soň ýurtda emele gelen ýagdaý Germaniýanyň syýasy dagynyklygyny has hem güýçlendiripdir. indi Imperatorlar indi öňki german hökümdarlarynyň imperiýa syýasatyndan el çekip, bar güýçlerini özleriniň şahsy mülklerini giňeltmäge we berkitmäge gönükdirýärdiler. Bu syýasatyň gözbaşynda Elzasda we Şweýsariýada uly bolmadyk mülklere eýeçilik eden täsirsiz Gabsburglar dinastiýasynyň wekili Rudolf I (1273-1291) durýardy. Rudolf I çeh koroly Pşemyslyň

elinden Awstriýany, Ştiriýany, Karintiýany we Kraýnany alypdyr we Gabsburglaryň geljekki kuwwatynyň binýadyny tutupdyr. Emma ýeterlik derejede güýçli gersoglar bir dinastiýanyň häkimiýetde köp wagtlap saklanmagyny islemändirler. Şol sebäpden Rudolf ölenden soň gersoglar onuň ogluny tagta çykarmandyrlar. Şol wagtdan başlap german tagtynda dinastiýalar häli-şindi çalşyp durupdyrlar. Nassaular, Lýuksemburglar, Wittelsbahlar we Gabsburglar dinastiýalarynyň imperatorlary we corollary häkimiýetde yzygider biri-birini çalşyp durupdyrlar. Munuň özi imperatoryň häkimiýetiniň güýçlenmegini islemeýän gersoglaryň alyp barýan oýlanyşykly syýasatynyň netijesidi.

XIV asyryň başlaryna çenli Mukaddes Rim imperiýasy (Germaniýa) içki bitewiligini ýitirendigine garamazdan Günbatar Ýewropanyň iri syýasy birleşmesi bolup galýardy. Köne nemes ülkeleri we soňra Elbanyň aňyrsynda hem-de Dunaýyň boýlaryndaky germanlaşdyrylan ýerler Imperiýanyň merkezi bolup hyzmat edýärdi. Kanun esasynda imperiýanyň düzümine Demirgazyk Italiýanyň garaşsyz döwletleri we Çehiýa korollygy girýärdi, emma hakykat ýüzünde olar garaşsyzdylar.

1291-nji ýylda imperiýanyň ýerinde ýene-de bir garaşsyz döwletiň - Şweýsar bileleşiginiň düýbi tutulýar. Alp daglaryndaky üç sany erkin jemagatlar – Şwis, Uri we Unterwalden Gabsburglaryň özlerini tabyn etmäge gönükdirilen basybalyjylykly syýasatyna we Germaniýa bilen Italiýany baglanyşdyrýan möhüm söwda ýoly bolan Sen-Gotard geçidini eýelemek üçin edýän synanyşyklaryna garşy durmak üçin «Baky ýaranlyk» döredýärler. 1315-nji ýylda şweýsarlaryň pyýada goşuny Sýurih kölüniň günortaragynda ýerleşýän Morgartende Gabsburglaryň atly rysarlaryny derbi-dagyn edýärler. XIV asyryň ortalarynda bu bileleşige bäş sany ýerli şäher kantonlary (etrap) hem birleşýär we şunuň esasynda Ýewropada täze döwlet - Şweýsar konfederasiýasy döreýär.

Emma doly garaşsyzlyk almak üçin olar köp ýyllaryň dowamynda göreşmeli bolupdyrlar.

**XIV-XV asyrlarda german şäherleriniň ösüşi.** XIV-XV asyrlar Germaniýa Germaniýa üçin onuň şäherleriniň çalt depginler bilen ösen, senetçiligiň we söwdanyň ýokary derejelere ýeten döwri boldy. Muňa ýurduň amatly geografiki giňişliklerde we halkara söwda ýollarynda ýerleşmegi sebäp boldy. XIII-XIV asyrlaryň sepgidinde 13-15 million ilaty bolan Germaniýada 3500 sany şäher bolup, olarda ýurduň ilatynyň bäşden bir bölegi ýaşaýardy. Elbetde, bu şäherleriň agramly bölegi müňe golaý ýaşaýjysy bolan ownuk şäherlerdi. Olaryň bazarlary 10-30 km daş-töwerekde ýerleşýän obalaryň daýhanlaryny özüne çekýärdi. Şeýle aralyk obalylary äşher bazaryna gelmäge we şol güniň özünde hem yzlaryna dolanyp barmaga mülmkinçilik berýärdi.

XIV asyrda Germaniýanyň şäherleri ýerleşiş aýratynlygy we ähmiýeti boýunça üç zolaga bölünýärdiler. Şol zolaklaryň birinjisi demirgazyk german şäherleri bolup, oňa Bremen, Gamburg, Lýubek, Wismar, Rostok, Ştralzund we Demirgazyk hem-de Baltika deňizleriniň kenarynda ýa-da bu ýerlere akyp gelýän derýalaryň boýlarynda ýerleşýän port şäherleri degişlidi. Olar Ýewropanyň dürli ýerlerini birleşdirýän üstaşyr söwda işjeň goşulyşýardylar. Ikinji zolagy günorta german şäherleri emele getirip, bu ýerlerdäki Augsburg, Nýurnberg, Ulm, Regensburg, şeýle hem Bazel, Wena we beýleki şäherler Dunaý derýasy boýunça gyzgalaňly söwda gatnaşyklaryny alyp barýardylar, emma olaryň aglaba köpçüligi Italiýanyň bazarlary bilen baglanyşyklydy. Üçünji zolagy Reýniň boýlaryndaky Kölnden tä Strasburga çenli aralykdaky köp sanly şäherler emele getirýärdiler. Bu şäherleriň üstünden Germaniýanyň günortasyny demirgazyk bilen birleşdirýän möhüm söwda ýollary geçipdir. Germaniýanyň içeri söwdasynyň ösüş derejesi ýokary bolupdyr, emma sebitleriň biri-birine baglylygy öňküleri ýaly gowşak bolupdyr.

German şäherleriniň önümçiligi esasan içerki bazaryň isleglerini kanagatlandyrmaga gönükdirilipdir. Günorta german şäherleri zygyr, nah we ýüpek matalary, şeýle hem metal önümleri bilen şöhratlanýardylar. German şäherlerinde mawut önümçiligi hem giň gerime eýe bolupdyr. Mawudy ýerli ýüňden dokaýardylar we munuň üçin ýerli boýaglary köpçülikleýin ulanýardylar. Germaniýada has ýokary hilli ýukajyk mawut hem öndürilýärdi. Bu işde kölnli mawutçylar aýratyn tapawutlanýardylar we olar flamand mawut dokmaçylary bilen bäsleşýärdiler.

Germaniýanyň ykdysadyýetinde dag-magdan işleri uly ähmiýete eýe bolup, nemes ussalary XIV-XV asyrlarda Ýewropada öňdäki orny eýeläpdirler. Bu döwürde kitap neşir etmek işi hem çalt depginler bilen ösüpdir. XV asyryň ahyrlarynda Germaniýada 60-a golaý kitap çaphanalary bolupdyr. Emma Germaniýada ykdysadyýetiň ösüşinde kynçylyk döredýän päsgelçilikler hem ýüze çykýar. Munuň özi öňi bilen ýurduň dagynyklygy bilen baglanyşyklydy. Ýurtda ýeke-täk pul, agram we ölçeg ulgamy bolmandyr. XIV-XV asyrlaryň sepgidinde teňňeler Germaniýada 500 ýerde zikgelenilipdir, diňe Reýniň boýlaryndaky gümrükleriň sany bolsa 60-dan geçipdir.

Ýurt dagynyklygy, feodallaryň eden-etdilikleri zerarly we imperatorlaryň häkimiýetiniň gowşaklygy zerarly şäherler özleriniň Germaniýadaky we onuň çäklerinden daşardaky bähbitlerini goramak üçin özara birleşýärdiler. Ýewropanyň orta asyr taryhynda şeýle bileleşikleriň iň irisi demirgazyk german şäherleriniň Ganza söwda-syýasy bileleşigidi. XII asyrda aýry-aýry täjirleriň we olaryň toparlarynyň bileleşigi hökmünde ýüze çykan Ganza bileleşigi XIII asyryň ahyrlaryndan XIV asyryň ortalaryna çenli şäherleriň bileleşigine öwrülýär. Ganza şäherleriniň bileleşiginiň düzümine 160 töweregi şäher birleşip, bu gurama 500 ýyldan köp wagtlap – 1669-njy ýyla çenli ýaşapdyr. XIV – XV asyryň

ortalarynda Ganza bileleşiginiň şäherleri gülläp ösüpdir. Ganzanyň maksady araçyl söwda, söwda ýollarynyň howpsuzlygy, daşary ýurtlarda öz raýatlarynyň bähbitlerini goramak, bileleşigiň şäherlerinde syýasy-ykdysady durnuklylygy ýola goýmak bolupdyr. Ganza öz wezipelerini mümkin bolan ähli serişdeler – öz garşydaşlaryna garşy diplomatiki basyşlary we boýunegmezek bäsdeşlerine garşy bolsa ykdysady gabawy ulanmak arkaly amala aşyrypdyr. Ganza şäherleriniň bileleşigiň esasyny Germaniýanyň demirgazyk zolagynyň şäherleri emele getirip, Lýubek bilen Gamburg olaryň iň esasylary hasap edilýärdi. Ganza Niderlandlar, Angliýa, Skandinawiýa ýurtlary we Rus döwleti bilen alnyp barylýan söwda işlerinde agalyk edýärdi. Bu ýurtlarda onuň söwda edaralary, ýaşaýyş jaýlary, Stokgolmda, Brýuggede, Nowgorodda, Londonda we beýleki şäherlerde öz ammarlary bardy. Ganzanyň täjirlerini Bordoda, Lissabonda, Sewilýada hem häli-şindi görmek bolýardy.

Ganzanyň söwda flotunyň gämileri 200-300 tonna çenli ýükleri göterip bilýärdi. Bu gämiler Angliýadan, Baltika deňziniň kenarlaryndan, Skandinawiýadan köp ýer tutýan we agyr ýükleri – däne, balyk, duz, magdan aç we agaç önümlerini, bal, mum, sütük ýaly harytlary getirýärdiler, ol ýerlere bolsa metal önümlerini, ýokary hilli mawut, çakyr, zynat harytlaryny, şeýle hem Lewant ýurtlaryndan getirilýän hoşboý ysly otlary äkidýärdiler. Günorta german şäherlerinden tapawutlylykda Ganza söwdasynda öz ýerli önümleri möhüm orna eýe bolmandyr.

Ganza işjeň daşary syýasat ýöredipdir. 1367-1370-nji ýyllarda Şwesiýanyň we beýleki ýaranlarynyň kömegi bilen Ganza Daniýa bilen söweşip, ondan üstün çykýar. Ştralzund parahatçylyk şertnamasy boýunça ganzaly täjirler Daniýada birnäçe ýeňillikleri alýarlar we Skandinawiýanyň günortasyndaky birnäçe galalar Ganzanyň ygtyýaryna berilýär.

Ganzanyň her bir şäheri söwda we syýasy işleri erkin alyp barypdyr, emma onuň hereketi bileleşigiň umumy bähbitlerine ters gelmändir. Ganzanyň umumy dolandyryş edarasy, hazynasy we floty bolmandyr; olar her bir anyk işlerde tagallalaryny birikdirýärdiler. Ganza bileleşigininiň müňe golaý gämisi bolupdyr. XV asyryň ortalarynda Ganza öz garşydaşlarynyň basyşlaryna sezewar bolup ugraýar. Sebäbi onuň bäsdeşlerini öz döwletleri goldaýardylar, Ganzada bolsa beýle goldaw bolmandyr. Başda golland, soňra bolsa iňlis täjirleri ganzalylary gysyp ugraýarlar. Nowgorod bilen söwdada artykmaçlyk Lýubekden Liwoniýanyň şäherlerine geçýär. Polşanyň güýçlenmegi bilen Dansigiň ähmiýeti artýar. Netijede wagtyň geçmegi bilen ýewropa söwdasynda Ganza öz ornuny ýitirip ugraýar.

XIV asyryň ikinji ýarymynda Germaniýada Ganzadan başga-da Şwab we Reýn şäherleriniň bileleşikleri hem döredilýär. 1381-nji ýylda olar birleşip, onuň düzümine 50-den gowrak şäherler giripdir. Bu döwürde Günorta-Gündogar Germaniýanyň rysarlary hem işjeňleşýärler we öz leriniň Keramatly Ýorgeniň galkany jemgyýetini we we Keramatly Wilgelmiň jemgyýetini döredýärler. Öz täsirlerini berkitmek maksady bilen rysarlar şäher bileleşiklerine garşy çykýarlar. Emma german gersoglary şäherleriň hem-de rysarlaryň güýçlenmegini islemändirler we olar 1388-nji ýylda şwably we reýnli şäherleriň bileleşigi derbi-dagyn edilýär.

**Germaniýanyň syýasy taýdan ösüşi.** XIII asyrdan başlap german imperatorlary has täsirli feodallar we ýepiskoplar – *kurfýurstlar*[1] tarapyndan saýlanylyp başlapdyr. Özleriniň syýasy-ykdysady özbaşdaklyklaryny ýitirmezlik üçin olar imperatorlyga gowşak gersoglary saýlamaga çalşypdyrlar. German imperatorlarynyň özleri hem minnetdarlygyň alamaty hökmünde olara giň hukuklary beripdirler. Şeýlelikde, Mukaddes Rim imperiýasynyň Awstriýa, Bawariýa,

[1] Imperatory saỳlaỳan ỳokary din adamlary we iri dünỳewi begzadalar.

Brandenburg, Saksoniýa ýaly gersoglyklarynda häkimýet ýerli gersoglaryň eline geçip, olar imperatordan özbaşdak hereket edip başlapdyrlar.

XIV-XV asyrlarda Germaniýanyň syýasy taýdan ösüşiniň esasy aýratynlygy ýurduň çäginde gersoglaryň häkimiýetiniň we syýasy täsiriniň güýçlenmegi bilen häsiýetlendirilýär. Bu döwürde imperatorlaryň ygtyýarlyklary we täsiri juda peselipdir. German gersoglary umumy german hökümdarynyň güýçlenmegini islemeýärdiler. Şu maksat bilen hem olar korol tagtyna Lýuksemburg graflygynyň hökümdary Genrih VII-ni (1308-1313) çykardylar. Genrih VII hem özünden öňki german imperatorlary ýaly öz şahsy mülklerini giňeltmäge çalşypdyr we şu maksat bilen ol ogluny Çeh korolynyň gyzyna öýlendirýär. Öz ogluny çeh tagtynyň mirasdaryna öýlendirmek bilen Genrih VII geljekde öz nesillerine bu ýurda eýe bolmak üçin amatly şert döredýär. Genrih VII öňki german hökümdarlary ýaly Italiýa ýöriş geçiryär we Rimde imperatoryň täjini başyna geýýär. Emma Lýuksemburglaryň güýçlenmeginden gorkup gersoglar Genrih VII ölenden soň tagty Wittelsbahlar dinastiýasyndan bolan Lýudwig Bawariỳaly (1314-1347) berýärler.

Lýudwig nemes býurgerlerine we ýokary din adamlaryna daýanmak bilen, papa Ioann XXII-niň Germaniya bildirýän syýasy we maliýe talaplaryna garşy çykýar. Papa Lýudwigin buthanadan çetleşdirilýändigini yglan edýär, Lýudwig bolsa papany dinden çykmakda aýyplaýar we 1327-1330-njy ýyllarda Italiýa ýöriş geçirip, imperatorlyk täjini geýýär. Emma nemes gersoglary Lýudwigiň täsiriniň güýçlenmegini islemändirler we papa bilen korolyň arasyndaky özara göreşden peýdalanyp, şindi Lýudwigiň diri wagty Lýuksemburglar dinastiýasynyň wekili çeh koroly Karly (Genrih VII-niň ogly) Germaniýanyň hökümdary edip saýlaýarlar. Ol imperiýany Karl IV (1346-1378) ady bilen dolandyrypdyr.

Karl IV-niň dolandyram ýyllarynda Germaniýanyň dagynyklygy kanun esasynda berkidilipdir. 1356-njy ýylda imperator Karl IV «Altyn bulla» kanunyna gol çekipdir. Bu kanun german imperatorynyň ýedi sany kurfýurst: üç sany dini (Maýnsyň, Kölniň we Tririň arhiýepiskoplary) we dört sany dünýewi (Çeh koroly, Reýn pfalsgrafy, Saksoniýanyň gersogy we Brandenburgyň markgrafy) hökümdarlar tarapyndan saýlanylmagyny, iri feodallaryň öz mülklerinde hususy goşun edinip, kazyýet işlerini amala aşyryp we pul zikkeläp bilýändiklerini tassyk edipdir. Bulla kurfýustlaryň täsirini güýçlendiripdir we olaryň häkimiýetini berkidipdir. Emma Karl IV kurfýurstlaryň geňeşine gatnaşmak hukugyndan özüniň esasy bäsdeşleri bolan Bawariýanyň we Awstriýanyň gersoglaryny çetleşdirip, Çehiýanyň artykmaçlygyny kanun esasynda berkidipdir.

«Altyn bulla» Germaniýada ýurt dagynyklygyny resmi taýdan ykrar edipdir. Imperatory saýlamaklyk Maýns arhiýepiskopynyň görkezmegi bilen Maýn boýundaky Frankfurtda sesleriň köplügi bilen amala aşyrylypdyr. Imperator saýlananda papanyň makullamagy hökman däldi, ol diňe, haçan-da, Rimde täç geýilşik bolanda gerek bolupdyr. Saýlawlaryň bu tertibi tä 1809-njy ýyla çenli dowam edýär.

Şeýlelik bilen, Karl IV-niň «Altyn bullasy» kurfýustlaryň kollegiýasyny hemişelik hereket edýän döwlet edarasyna öwrüp, ol her ýylda bir gezek çagyrylypdyr we korol tarapyndan hödürlenýän meseleleri çözüpdir. Ýöne bullanyň bu maddasy durmuşa geçirilmän galypdyr. XIV-XV asyrlarda feodal wekilçilikli edarasy Mukaddes Rim imperiýasynyň Germaniýa korollygynyň çäginde däl-de, aýry-aýry gersoglyklarda hereket edipdir. Gersoglyklar Germaniýanyň özi ýaly döwlete öwrülýärler. Indi, german imperatorynyň özi hem, göräýmäge, Mukaddes Rim imperiýasyny emele getirýän täsirli gersoglaryň biri ýaly bolup galýardy.

1437-nji ýylda Lýuksemburg dinastiýasy ýaşamagyny bes edenden soň german imperatorynyň täji köp asyrlyk Gabsburlaryň eline geçýär. Imperatorlaryň häkimiýetiniň nesilden nesle geçmegi gersoglaryň ýerlerdäki häkimiýetine indi hiç hili howp salmandyr. Imperiýanyň syýasy dagynyklygy orta asyrlaryň beýleki bir uniwersal häkimiýetiniň – papalygyň çökgünlige düşmegi bilen has hem güýçlenipdir. Germaniýada merkezi häkimiýetiň alaçsyzlygy imperator Fridrih III-niň (1440-1493) dolandyran ýyllarynda has aýdyňlygy bilen ýüze çykypdyr. Bu döwürgersoglyklaryň we graflyklaryň arasyndaky özara uruşlar, şäherleriň talanylmagy we bir topar etraplaryň hem-de obalaryň tozdurylmagy häsiýetlendirilipdir. Fridrih III daşary syýasatda-da uly şowsuzlyklara uçraýar. 1460-njy ýylda daniýa koroly Fridrihiň elinden Şlezwig we Golşteýni alýar, 1466-njy ýylda bolsa Tewton ordeni Polşadan ýeňlip, onuň korolynyň ýapjasyna öwrülýär. 1481-nji ýylda Fransiýa Mukaddes Rim imperiýasyndan Prowansy bölüp alýar, wenger koroly Matýaş Korwin bolsa german imperatorynyň şahsy mülklerini – Ştiriýani, Ýokarky we Aşaky Awstriýany eýeleýär. Diňe Fridrihiň hökümdarlygynyň soňky ýyllarynda dinastiýanyň ýagdaýy ep-esli berkeýär. Burgund döwletiniň dargamagy we Fridrih III-niň ogly Maksimilianyň burgund melikesi Mariýa öýlenmegi Gabsburlara Niderlandlary ele geçirmäge mümkinçilik berýär. Fridrihiň agtygy Karlyň ispan tagtynyň mirasdüşerine öýlenmegi bilen bolsa Gabsburglar XVI asyrda Ýewropanyň iň kuwwatly hökümdarlarynyň birine öwrülýärler.

Germaniýada imperatoryň we gersoglaryň häkimiýetiniň ýagdaýy XIV-XV asyrlarda nemes gatlaklaýyn wekilçilikli guramalarynyň ösüşine hem öz täsirini ýetiripdir. XV asyryň ahyrynda bu gurama *reýhstag*[1] adyna eýe bolýar. Imperiýa ýygnagy bolan bu edaranyň işine kurfýurstlar, beýleki din adamlary we dünýewi hökümdarlar, iri imperiýa we erkin

[1] Imperiýa ýygnagy.

şäherleriň wekilleri gatnaşypdyrlar. Emma reýhstagyň alyp barýan işleri juda çäkli bolupdyr: ol umumy imperiýa meseleleri bilen meşgullanyp, gersoglyklaryň we graflyklaryň syýasy durmuşyna bütinleý goşulmandyr. Reýhstag maslahat beriji hukuga eýe bolup, Germaniýada onuň kararlaryny durmuşa geçirýän nähilidir bir başga edara bolmandyr. Germaniýada umumy imperiýa hazynasy we kazyýeti hem bolmandyr.

Beýleki ýewropa ýurtlarynyň gatlaklaýyn wekilçilikli edaralary bilen German döwletlerindäki *landtaglaryň*[2] arasynda köp meňzeşlik bolupdyr. Landtaglarda begzadalar, ruhanylar we gersoglyklardaky şäherler wekilçilik edipdirler. Emma olar yzygider işlemändirler. XIV-XV asyrlarda gersoglar ýerli dolandyryş edaralarynyň işini kämilleşdiripdirler, ýerli kanunçylygy kämilleşdiripdirler. Gersoglyklaryň merkezleri kem-kemden paýtagtlara öwrülipdirler: Bawariýadaky Mýunhen, Wýurtembergdäki Ştutgart, Pfalsdaky Geýdelberg şeýle şäherlerdi.

## § 6. Italiýa XI-XV asyrlarda

**Italýan şäherleriniň ýökary göterilmegi.** XI-XV asyrlarda Italiýa merkezleşdiriş ýoly bilen barýan Angliýa bilen Fransiýadan tapawutlylykda, köp sanly syýasy birleşmeleri bolan ýurt bolup galýardy. Italiýanyň ýerinde ykdysady, syýasy we medeni ösüş aýratynlyklary bilen biri-birinden tapawutlanýan üç sany uly sebiti - Demirgazyk Italiýa bilen Toskana ýerlerini, Papa welaýatyny, Günorta Italiýany we Sisiliýany görkezmek bolar.

Italiýanyň 300 müň kw/km möçberdäki uly bolmadyk ýerinde bu döwürlerde, ownuklaryny hasap etmäniňde 278 sany şäher bolupdyr. Şol sebäpden hem Italiýa şäherleriň we şäher medeniýetiniň ýurdy hasap edilýär. Italiýanyň köp şäherleri

[2] Ýerli ýygnak.

Rim eýýamyndan saklanyp galypdyr, şol sebäpden hem olar uly ähmiýete eýe bolupdyrlar.

XI-XII asyrlarda Demirgazyk Italiýanyň we Toskananyň şäherlerinde senetçilik we söwda güýçlenip ugraýar. Milanda, Pýaçensde, Florensiýada, Pizada, Siýenada ýuka mawut, Lukkada – ýüpek matalar, Kremonda zygyr matalary öndürilipdir. Pizada, Genuýada, Wenesiýada gämiler gurlupdyr. Wenesiýada deri eýelemeklik, sütük, kendir öndürmeklik giň gerime eýe bolup, şäher özüniň nepis aýna önümleri bilen şöhratlanypdyr. Milan ýarag, sowut we ýüň daraklary ýaly metal önümlerini öndürýän merkeze öwrülipdir. Italiýada gurluşyk işleri hem ýokary derejelere ýetipdir. Bu döwürde Milanyň, Pawiýanyň, Bergamonyň, Modenanyň, Kremonyň daş diwarlary, şeýle hem beýleki şäherlerde ybadathanalar, köşkler we köprüler gurlupdyr.

Italýan şäherleriniň senetçileri we täjirleri seh korporasiýalaryna (*arti*) birigipdirler. XII asyrda Milanda senetçiler korporasiýalarynyň bileleşigi – Keramatly Amwrisiniň Kredensi peýda bolýar. Florensiýada daşary ýurtlardan getirilýän ýüňden ýukajyk mawut öndürýän, irimçik mawudy gaýtadan işlemek bilen meşgullanýan Lana we Kalimala iri seh korporasiýalary – senetçilik birleşmeleri döredilýär.

Senetçiligiň ösüşi harytlaryň alyş-çalyşygynyň janlanmagyna getirýär. Mysal üçin, Milanda her ýylda dört gezek ýarmarkalar açylyp, onda italýan we kese ýerli ýäjirleri ýarag, mawut we gündogar harytlarynyň söwdasyny edipdirler. Wenesiýa Emiliýadan, Toskanadan, Lombardiýadan täjirler öz harytlaryny getiripdirler, nemes söwdagärleri bolsa bu ýerlerde öz söwda merkezlerini döredipdirler. Wenesiýadan Orta ýer deňziniň dürli sebitlerine üsti haryt ýükli gämiler ugradylypdyr. Her ýylda iki gezek Ferrarada geçirilýän ýarmarkalaryň hem uly ähmiýeti bolup, bu ýere Toskanadan, Lombardiýadan, german topraklarynda we Fransiýadan täjirler gelipdirler.

Şeýlelikde, haryt alyş-çalyşygy ýurduň aýry-aýry şäherleriniň, şeýle hem sebitleriniň arasynda giňişleýin alnyp barlypdyr.

Italýan şäherleriniň Alžir, Tunis, Marokko, Müsür ýaly ýurtlar bilen halkara söwda gatnaşyklary giňäpdir. Genuýanyň täjirleri Prowans, Kataloniýa bilen işewür gatnaşyklary alyp barypdyr we olar Demirgazyk Afrikada daýanç nokatlaryny edinipdirler.Wenesiýa Dalmasiýanyň ýerlerinde ykdysady agalygy ýola goýupdyr. Haçly ýörişler döwründe Italiýanyň port şäherleri: Piza, Genuýa we Wenesiýa Wizantiýa hem-de Lewant (Ýakyn Gündogar) bilen ysnaşykly söwda gatnaşyklaryny ýola goýup, bu ýerlerde söwda faktorilerini esaslandyrypdyrlar. Bu ýerlere olar mawut, bugdaý, metal önümleri äkidipdirler; ol ýerlerden bolsa hoşboý ysly otlary, pagta we boýaglary getiripdirler. Bu söwda italýan täjirlerine ägirt uly girdejileri getiripdir. Şeýlelikde, senetçiligiň we söwdanyň ösmegi italýan şäherleriniň ykdysady kuwwatyny görnetin artdyrypdyr.

**Italýada şäher we oba kommunalary.** Senetçiligiň we söwdanyň mundan beýläkki ösüşine feodal düzgünler päsgel beripdirler. Çünki ähli hojalyk we syýasy meseleler şäherleriň ruhanylardan we feodallardan bolan senýorlarynyň elinde jemlenipdir. Otton I olara kazyýet, dolandyryş ygtyýarlyklaryny, bazar we gümrük paçlaryny ýygnamaga, pul zikgelemäge, daşary gatnaşyklary alyp barmaga hukuklary beripdir. Şonuň üçin hem *popolanlar*[1], ýagny şäherleriň söwda-senetçilik işleri bilen meşgullanýan ilaty senýorlar bilen aç-açan göreşe başlaýarlar. Olary *walwossorlar* – senýorlaryň gowşamagyna we söwda işleriniň ösmegine gyzyklanma bildirýän ownuk rysarlar goldapdyrlar. 1035-nji popolanlar walwassorlaryň goldamagynda Milandan arhiýepiskop senýory kowýarlar we birnäçe ýylyň öreşlerinden soň Milan garaşsyz kommuna öwrülýär. XII asyryň başlaryna çenli Bolonýa,

[1] *Popolo* sözünden – halk.

Mantuýa, Piza, Kremona, Ferrara we beýleki şäherler syýasy özbaşdaklygy kanun esasynda berkisilýär.

Şeýlelikde, şäher kommunalary italýan jemgyýetiniň syýasy hem-de dolandyryş merkezlerine öwrülýärler.Olarda häkimiýet konsullaryň (maslahatçylar) kollegiýasynyň ygtyýaryna geçýär. Konsullaryň kollegiýasy söwdagärlerden, walwassorlardan we *kapitanlardan* (begzadalar) saýlanylypdyr. Senetçiler we ownuk söwdagärler kollegiýalara goýberilmändirler. Konsullaryň kollegiýasy ýerine ýetiriji gurama, kanun çykaryjy häkimiýet bolsa, doly hukukly şäherlileriň çäkli topary tarapyndan saýlanylýan *Kredensiň* - ynanylan adamlaryň geňeşiniň elinde bolupdyr. Kähalatlarda *parlamento* – saýlaw hukugy bolan şäherlileriň ýygnagy hem çagyrylypdyr. Şäher kommunasynyň girdejileri indi senýora dälde, şäheriň öz ygtyýaryna geçipdir, bu bolsa olaryň hojalyk mümkinçiliklerini artdyrypdyr. Kommunanyň häkimiýeti şäheriň golaýyndaky *kontado* - oba etrabyna, kähalatlarda bolsa, paýtagta tabyn edilen şäherleri hem öz düzümine alýan has giň ýerlere - *distretto* hem ýaýrapdyr.Şeýdip kommuna respublikan gurluşly şäher-döwlete öwrülýär. Florensiýa, Siýena, Milan, Rawenna, Piza we beýlekiler şeýle görnüsdäki şäher-döwletleri bolupdyrlar.

Kontadonyň we distettonyň üstünden şäherleriň häkimiýetiniň berkarar edilmegi, feodallaryň kuwwatyny peseldip, olaryň hukuklaryny çäklendiripdir. XII asyrda popolanlar *grandlara* (feodallar) garşy göreşe başlaýarlar, olaryň galalaryny ýumrup, özlerini zorluk bilen şäherlere göçürýärdiler. Grandlar şäherlerde hem galalary gurupdyrlar, ýöne kommunanyň berk gözegçilinde galypdyrlar. Respublikan gurluşly şäher-döwletleri bolan kommunalar köne feodalçylyk iýerarhiýasyny ýumrupdyrlar, emma feodalçylyk gatnaşyklaryny ýok etmändirler. Indi olaryň özleri feodal senýorlaryna öwrülipdirler. Şäherler feodalçylyk guramalary bolup galypdyrlar, öz ýerlerinde olar wassallary saklapdyrlar,

içki seh gurluşyny berkidipdirler, öz goňşy şäherlere-kommunalara garşy uruşlary alyp barypdyrlar.

Şäherleriň çalt depginlerde ösmegi pul-haryt gatnaşyklarynyň ösdüripdir we ol öz gezeginde agrar gatnaşyklaryň kämilleşmegine getiripdir. Şäherler oba hojalyk önümleriniň öndürilişiniň artdyrylmagyny talap edipdir, bu bolsa batgalyklaryň guradylmagyna, täze ýerleriň açylmagyna, hojalygy ýöretmekde esasan hem kärendeçiligiň güýçlenmegine getiripdir. Daýhanlar, rysarlar we şäherliler kärendeçiler bolupdyrlar. Şäherleriň ýokary gatlaklary ýerleri köpçülikleýin kärendesine alýardylar, kähalatlarda bolsa, ýerleriň hususyýetçi eýelerine öwrülýärdiler.

Şäherleriň syýasy we ykdysady täsiriniň ýokarlanmagy, feodallaryň häkimiýetiniň gowşamagyna we Italiýada langobardlaryň döwründen bäri ýaşap gelýän oba jemagatlarynyň güýçlenmegine getirýär. XI-XII asyrlarda jemagatlar çemenliklere, örilere, tokaýlara, boş ýatan ýerlere we seýrek ýagdaýda sürüm ýerlerine hem eýelik edýärdiler. Ýerden peýdalanýandyklary üçin oba jemagatlary feodallara paç töleýärdiler, ýöne şol ýerleri sowgat edip, kärendä berip, hatda satyp hem bolýardy. XII asyryň ahyrlaryna çenli köp jemagatlar senýorlar bilen göreşlerde üstünlik gazanýarlar we içki dolandyryşa eýe bolýarlar. Şäherler bu göreşlerde daýhan jemagatlaryna ýakyndan ýardam edipdirler, sebäbi feodallar olaryň hem esasy garşydaşydy. Şäherlileriň ýardamy bilen feodallaryň oba jemagatlarynyň üstünden kazyýet häkimiýeti we feodal ýygymlaryny ýygnamaga bolan hukuklary ýatyrylypdyr. Feodallaryň agalygyndan çykan daýhan jemagatlary tiz wagtdan şäherleriň tabynlygyna düşýärler, ýöne içki dolandyryş jemagatlaryň öz elinde saklanyp galýar. Emma oba jemagatlarynyň feodallaryň tabynlygyndan çykyp, şäherleriň häkimiýetiniň astyna düşmegi umuman alanyň oňyn hadysa bolupdyr, sebäbi şäherler öz döwrüniň öňdebaryjy ykdysady gatnaşyklarynyň merkezidi. Oba etraplarynyň şäher-

döwletleriniň düzümine goşulmagy, obalarda pul-haryt gatnaşyklarynyň mundan beýläk ösmegine we Demirgazyk hem-de Orta Italiýanyň welaýatlarynyň daýhanlarynyň şahsy tabynlykdan azat bolmagyna getiripdir.

XII-XIV asyrlarda oba jemagatlary öz-özi dolandyrylýan oba kommunalaryna öwrülýärler. Edil şäher kommunalary ýaly, olar hem wezipeli adamlar bolan konsullar tarapyndan dolandyrylypdyr. Oba kommunlarynyň maliýe, kazyýet edaralary bardy, olar hatda kommunanyň gündelik şaýyş-durmuşyny kadalaşdyrýan kanunlary – statutlary hem kabul edýärdiler.

**Papa welaýaty.** Orta Italiýanyň ep-esli ýerlerini eýeläp oturan Papa welaýatynyň ösüşi başga ýol bilen dowam edipdir. Bu ýerleriň dünýewi hökümdary, şol bir wagtyň özünde hem katolikçi hristian dünýäsiniň dini hökümdary bolan rimli papalar Günbatar Ýewropanyň orta asyrlar döwrüniň taryhynda uly yz galdyrypdyrlar. XI-XII asyrlarda papalar german imperatorlary bilen göreşlerde uly üstünliklere eýe bolupdyrlar we tutuş Ýewropada Rim papasynyň täsiri has-da güýçlenýär. Bu döwürde papalyk Toskananyň bir böleginiň, Spoletonyň, Benewentonyň ýerleriniň hasabyna, XII asyryň ahyrlarynda bolsa Italiýanyň iň iri şäherleriniň biri bolan Perudžonyň eýelenilmeginiň hasabyna öz mülklerini has hem giňeldipdir. Ykdysady babatda Papa welaýaty Demirgazyk Italiýadan we Toskanadan yzy galypdyr. Papa welaýatynyň şäherleri haýal ösýärdi; obalarda feodalçylygyň iň yzagalak düzgünleri saklanyp galýardy. Papalyk Rime we Papa welaýatynyň beýleki şäherlerine içki özbaşdaklyk bermeýärdi we oba ýerlerinde köne düzgünleri saklap galýardy. Papa welaýatynyň paýtagty bolan Rim şäheri feodallaryň iri merkezi bolup, onda Papanyň kabulhanasyndan başga-da, iki ýüze golaý feodal galalary ýerleşipdir. Ykdysady taýdan Rim Italiýanyň Milan ýa-da Florensiýa ýaly ösen merkezlerinden has yza galypdyr. Papanyň kabulhanasynda dürli işleri ýerine ýetirmeklik we köp

sanly zyýaratçylara hyzmat etmeklik Rimiň ilatyna ep-esli girdejileri getiripdir.

XII asyryň 40-njy ýyllarynda Rimde içki özbaşdaklygy gazanmak ugrunda hereket başlaýar. 1143-nji ýylda şäherliler we ownuk rysarlar Kapitolidäki hökümet jaýlaryny eýeleýärler. Olar respublika yglan edip, 56 adamdan durýan senaty saýlaýarlar; respublikanyň ýolbaşçylary özlerini Gadymy Rimiň mirasdüşerleri diýip yglan edýärler we ýokary häkimiýetiň şäher kommunasyna berilmegini talap edýärler.

Rim respublikasynda Arnold Breşianly uly abraýdan peýdalanypdyr. Ol öň öz dogduk mekany bolan Breşia şäherinde ýerli ýepiskopyň we buthana emläginiň garşysyna gönükdirilen hereket döredýär. Şol sebäpden hem ony Italiýadan kowup çykarypdyrlar. Ol birnäçe ýyllap Fransiýada ýaşapdyr we XII asyryň belli filosofy Abelýaryň täsirine düşýär. Arnold Breşianskiý buthananyň mülklerden we baýlyklardan, papanyň dünýewi häkimiýetden el çekmegini, Italiýanyň birleşdirilmegini talap edipdir. Arnoldyň wagyzlary Rimde gapma-garşylygy güýçlendiripdir, şol sebäpden hem papa şäherden gaçyp gidýär.

Şol döwürler Italiýa Fridrih I Barbarossa çozup girýär. Papa garşy göreşde Fridrih şäheriň ilatyna kömek eder öýdüp, Rim respublikasynyň senaty oňa imperatoryň täjini teklip edýär. Emma Fridrih teklibi ret edýär we täji papa Adrian IV-niň elinden kabul edip alýar. Rimde ýerleşen german rysarlarynyň talaňçylygy şäher ilatynyň gahar-gazabyny döredýär we şäherliler imperatora ýaragly garşylyk görkezýärler. Emma papa Rimiň ilatynyň we şähere gelýänleriň hereketini çäklendirýän çäreleri geçirýär, bu bolsa Rime gelýän zyýaratçylaryň sanyny üzül-kesil kemeldýär. Mälim bolşy ýaly, şäheriň ilatynyň agramly bölegi bolsa, zyýaratçylaryň hasabyna ýaşaýardy. Rim respublikasynyň senatynda hem papa bilen ylalaşyjy toparlaryň täsiri güýçlenýär: papanyň garşydaşy Arnold Breşianly şäherden kowulýar we soňra ol 1155-nji

ýylda Fridrih I tarapyndan jezalandyrylyp öldürilýär. Rim respublikasy ýatyrylyp, papanyň häkimiýeti dikeldilýär.

**Günorta Italiýa.** Günorta Italiýada we Sisiliýada feodalçylyk gatnaşyklary kese ýerlileriň agalygy şertlerinde ösüpdir. XI asyrda Italiýanyň bu ýerleri normanlar tarapyndan basylyp alnypdyr. 1130-njy ýylda Günorta Italiýa we Sisiliýa Rožer II tarapyndan bitewi Sisiliýa korollygyna birleşdirilýär. Norman basybalyşlar feodalçylyk gatnaşyklary tizleşdiripdir: korollar ýerli begzadalaryň we daýhanlaryň aglabasynyň ýerlerini eýeläpdirler we feod hökmünde norman feodallaryna hem-de buthana beripdirler. Şol ýerleriň agramly bölegini korol domeni tutupdyr. Tabyn adamlara öwrülen daýhanlar öz şahsy erkinliklerini ýitiripdirler. XII asyrda Sisiliýa korollygynda hatda ýarym erkin adamlaryň – willanlaryň hataryna hem geçmäge hukugy bolmadyk serwleriň giden bir gatlagy döreýär. Serwler hem-de willanlar zähmet borçlaryny ýerine ýetirmäge we önüm salgydyny tölemäge mejbur edilipdir. Umuman alnanda, Demirgazyk we Orta Italiýa bilen deňeşdirilende, Sisiliýa korollygynda feodalçylyk gatnaşyklary has haýal ösüpdir. Şol sebäpden hem XII asyrda Italiýanyň günortasynda allodçy daýhanlaryň uly gatlagy saklanyp galypdyr.

Günorta Italiýanyň şäherleriniň ýagdaýy hem demirgazygyň şäherlerinden düýpli tapawut edipdir. XI-XII asyrlarda olar ykdysady ösüşde epe-esli netijeleri gazanypdyrlar, emma olaryň esasan üstaşyr söwda bilen baglanyşykly bolandyklary sebäpli, senetçilik önümçiligi we ýerli söwda gowşak ösüpdir. Günorta Italiýanyň şäherlerine özbaşdaklyk gazanmak hem başartmandyr, şol sebäpden hem olar güýçli merkezi häkimiýetiň tabynlygynda hemişelik galypdyrlar.

**Demirgazyk we Orta Italiýanyň şäherleriniň german feodallaryna garşy göreşleri.** XII asyryň ikinji ýarymynda Italiýanyň üstüne daşary ýurt agalygyna sezewar bolmak howpy abanýar. Italiýanyň X asyrdan bäri Mukaddes Rim

imperiýasyna formal taýdan degişli hasap edilmegini Fridrih I Barbarossa italýan ýerleriniň ep-esli bölegini basyp almak üçin esas hökmünde ulanypdyr.

Fridrih I Italiýa bäş gezek ýöriş geçirýär. Onuň ýorişleri esasan hem demirgazygyň ösen şäherlerine garşy gönükdirilipdir. Fridrihiň italýan ýörişlerine çenli Lombardiýanyň we Toskananyň şäherleriniň imperiýa tabynlygy nominal ýagdaýda bolupdyr: käbir ýagdaýlarda olar imperatora az-owlak maliýe serişdelerini berýärdiler we kömekçi goşun bölümlerini iberýärdiler. Erkinligi satyn almak usulyny ulanyp, olar daşary ýurt agalygynyň täsirini känbir duýmandyrlar. Indi bolsa, demirgazyk italýan şäherleriniň üstüne ýerli senýorlar bilen göreşlerde gazanylan özbaşdaklygyň ýitirilmek howpy abanypdyr. Eýýäm ilkinji ýörişiň dowamynda Fridrih özüni italýan şäherleriniň erkinligine garşy göreşiji hökmunde tanadypdyr. 1158-nji ýylyň Ronkal seýminde Fridrihiň zor salmagy bilen demirgazyk italýan şäherleriniň özbaşdaklygy ýatyrylýar. Seýme çagyrylan bolonýaly hukukçylar bu karary rim hukugynyň «hökümdar näme islese kanuna laýykdyr» diýen çözgüdi bilen tassyk edipdirler. Milanlylardan öç alandygyna garamazdan, Fridrihe Ronkal seýminiň kararyny durmuşa geçirmek başartmandyr. Milanyň ýumrulmagy we şäherlere imperatoryň dikmeleri bolan podestalaryň bellenilmegi bütin Italiyada şäherlileriň gahar-gazabyny doredýär. 1167-nji ýylda şäherleriň *Lombard ligasy* döredilip, onuň düzümine gaýtadan dikelen Milan bilen bir hatarda, Mantuýa, Ferrara, Kremona, Breşiýa we beýleki şäherler giripdirler. Germanlaryň Demirgazyk Italiýada güýçlenmeginden howatyr edýän Sisiliýa korollygy bilen Wenesiýa hem bu bileleşige goşulypdyrlar. Ýewropada agalyk ugrunda german imperatorlary bilen göreşýän papalyk hem lombard şäherleriniň ligasyny goldap çykyş edipdir. Şeýleleikde, germanlara garşy göreş umumy

italýan göreşine öwrülipdir; onuň netijesi ýurduň ykbalyny çözmelidi.

Lombard ligasy germanlaryň täze çozuşlarynyň garşysyna Po derýasynyň geçelgesinde papa Aleksandr III-niň hormatyna Aleksandriýa galasyny gurýar. Haçan-da Fridrih I bäşinji gezek Alp daglaryndan geçip Italiýa ýöriş geçirende bu galany alyp bilmeýär. 1176-njy ýylda Lenýanonyň eteginde Lombard ligasyndan agyr ýeňlişe sezewar bolandan soň, Fridrih papa boýun egmäge mejbur bolýar. 1183-nji ýylda Konstansda papa bilen imperatoryň arasynda baglaşylan ýaraşyk şertnamasyna görä, ronkal kararlary doly diýen ýaly ýatyrylýar we demirgazyk italýan şäherleriniň kommunal erkinlikleri dikeldilýär. Imperiýanyň ýeňilmegi papalygy güýçlendiripdir. Şäher kommunalarynyň ýeňşi Italiýany daşar ýurt agalygyndan halas edýär we ýurduň durmuş-ykdysady we medeni taýdan ösmegine uly itergi berýär.

German basybalyjylaryna garşy göreşlerde Italiýada XII asyryň ahyrlarynda – XIII asyryň başlarynda biri-birine garşy durýan *gwelfleriň* we *gibellinleriň* syýasy akymy ýüze çykýar. «Gwelfler» ady Gogenştaufenler dinastiýasynyň garşydaşy bolan sakson gersoglarynyň Welf urugynyň; «gibellinler» bolsa Gogenştaufenleriň galalarynyň biriniň latynlaşdyrylan (nemesçe - Waýblingen) adyndan gelip çykypdyr. Gwelfler imperatorlaryň garşydaşy, papanyň bolsa ýarany bolupdyrlar; olar esasan şäherleriň söwda-senetçilik gatlaklaryna daýanypdyrlar. Gibellinler imperatorlaryň tarapdary bolup, olar ýurduň feodal toparlaryna daýanmaga çalşypdyrlar. Bu syýasy toparlaryň arasyndaky duşmançylyk XII asyrda Italiýanyň bütin durmuşyna öz täsirini ýeripdir. Özara bäsleşýän italýan şäherleri kä ol tarapa, käte bolsa beýleki tarapa birikýärdiler. Mysal üçin, eger-de Florensiýa gwelfleri goldaýan bolsa, onda onuň bäsdeşleri Piza bilen Lukka gibellin şäherlerine öwrülipdirler. Gwelfler bilen gibellinleriň arasyndaky göreşler Italiýanyň syýasy ýagdaýyny has hem ýitileşdiripdir.

**Daýhanlaryň şahsy taýdan azat edilmegi.** Obalara pul-haryt gatnaşyklarynyň has ir aralaşmagy bilen Demirgazyk hem-de Orta Italiýanyň daýhanlarynyň agramly bölegi eýýäm XIII asyryň başlarynda şahsy taýdan erkindiler. XIII asyrda bolsa bu ýagdaý doly tamamlanýar. Muňa esasan hem şäher kommunalarynyň hojalyk syýasaty sebäp bolupdyr. 1256-njy ýylda Bolonýada serwleriň erkinlige goýberilýändigi «Behişt çözgüdi» adyna eýe bolan ýörite dekret bilen dabaraly ýagdaýda yglan edilýär. Şu resminama boýunça 400 sany feodala degişli bolan 6 müň sany serw azat edilýär. 1289-njy ýylda Florensiýada şäheriň garşydaşy bolan feodallara degişli kolonlar azat edilýär. Şäherleriň daýhanlar babatynda azat edijilik syýasaty birnäçe sebäpler bilen düşündirilýär: olar feodallar mundan beýläk-de syýasy-ykdysady taýdan gowşamagyny we şäher-kommunalarynda salgyt töleýjileriň sanynyň artmagyny isleýärdiler, Daýhanlaryň şahsy taýdan azat edilmegi senetçiligi ösdürmek we şäherleriň işçi güýjüne bolan ösen isleglerini kanagatlandyrmak üçin hem gerekdi.

XIII asyryň ahyryna çenli Demirgazyk we Orta Italiýanyň daýhanlarynyň agramly bölegi eýýäm şahsy taýdan erkindiler. Olaryň bir bölegi şäherlere gidip, şägirtleriň we hakyna tutma işçileriň hataryna goşulypdyrlar. Daýhanlaryň beýleki has köp bölegi ýerleriniň ýoklugy sebäpli kärendeçilere öwrülipdirler. Kärendeçiligiň köp ýaýran görnüşleriniň biri ýarpaçylyk bolup, ol *medzadriýa* diýlip atlandyrylypdyr we kärendeçi öndüren önüminiň ýarysyny ýer eýesine bermeli bolupdyr. Medzadriýa Demirgazyk we Orta Italiýanyň aglaba etraplaryna ýaýrapdyr. Emma bu ýerlerde ýarpaçylyk bilen bir hatarda, kärendeçiligiň gysga wagtlaýyn ülüşçilik (hasylyň 1/3 ýa-da 1/4 bölegi) ýaly görnüşi hem giň ýaýrapdyr.

XIV-XV asyrlarda ýarpaçylar (medzadriýa) ýeri kärendä alanlarynda olara ýer eýeleri tarapyndan zähmet gurallary, tohum we iş mallary hem berlipdir. Kärendäniň möhleti dolýançä daýhan alan ýerini taşlap gidip bilmändir. Eger-de,

gidäýen ýagdaýynda, ol zor bilen yzyna getirilip, jerime tölemäge mejbur edilip bilnipdir. Ýarpaçylygyň şunuň ýaly ýarym feodal alamatlary bilen bir hatarda, onuň irki kapitalistik gatnaşyklar üçin häsiýetli bolan alamatlary hem bolupdyr: ýarpaçy öz zähmeti bilen bir hatarda, önümçilikde şahsy serişdelerini ulanyp bilipdir, eýesi bolsa öz ýerinden başga-da maliýe serişdelerini önümçilige goýup bilipdir. Demirgazyk-Günbatar Italiýada – Pýemontda, Monferratda, Sawoýýada – pul-haryt gatnaşyklarynyň güýçlenmegi köne feodalçylyk gatnaşyklary üçin häsiýetli bolan salgytlaryň artmagyna getiripdir.

Salgytlaryň artmagy XIV-XV asyrlarda Demirgazyk we Orta Italiýanyň käbir ýerlerinde daýhanlar gozgalaňynyň turmagyna getirýär. Gozgalaňlaryň köpüsi ýeretik akymlar hökmünde ýüze çykýardylar. XIII asyryň soňky onýyllygynda Parmada monah Segarelli tarapyndan baştutanlyk edilýän «Apostol doganlary» atly dini sekta peýda bolýar. Sektanyň agzalary ähli emläklerini umumylaşdyrypdyr we buthananyň, ýepiskoplaryň we feodallaryň eden-etdiliklerine garşy çykypdyrlar. Papa bu sektanyň işini gadagan edýär we onuň baştutany Segarelli 1300-nji ýylda Parmada oda ýakylyp öldürilýär. Segarelliniň işini onuň şägirdi, fransiskan monastyrynyň monahy Dolçino dowam etdiripdir. 1304-1307-nji ýyllarda Dolçinonyň garyp daýhanlardan düzülen goşunlary sawoýýaly feodallar we papanyň tarapdarlary bilen deň bolmadyk uruşlary alyp barypdyr. Emma 1307-nji ýylyň 23-nji martynda Dolçinonyň goşunlary derbi-dagyn edilýär. 1382-1387-nji ýyllarda Demirgazyk Italiýada tukinleriň gozgalaňy ady bilen daýhanlaryň ýene-de bir uly çykyşlary bolup geçýär.

**Italiýada maýa goýum önümçilik gatnaşyklarynyň irki alamatlarynyň ýüze çykmagy.** Öndüriji güýçleriň ýokary göterilmeginiň esasynda Merkezi Italiýanyň has iri we ösen şäher-respublikalarynda XIV asyrda bazar gatnaşyklarynyň irki alamatlary ýüze çykyp ugraýar. Italýan şäherleriniň seh

senetçileriniň ýokary hünär ussatlyklary we zähmet bölünişiginiň has çuňlaşmagy, bazar ykdysadyýetiniň we maýa goýum önümçiliginiň ýüze çykmagynyň esasy alamatlarynyň biri bolan manufakturalaryň peýda bolmagy üçin möhüm şertleri döredýär.

Maýa goýuma esaslanýan manufaktura önümçiligi öňi bilen Florensiýada, soňra bolsa Bolonýada, Lukkada, Perujada, Siýenada we käbir beýleki şäherlerde ýüze çykýar. XIV asyryň 30-njy ýyllarynda Florensiýada eýýäm 200 sany iri mawut ussahanalary bardy. Hakyna tutma işçi güýjüni peýdalanmak bilen olar ýylda 80 müň top mawut öndürýärdiler. Mawut öndürmeklik bilen şäheriň we şäher etekleriniň ilatynyň 30 müňüsi meşgullanypdyrlar. Hakyna tutma işçiler bolan düýnki daýhanlary ýüň ýuwmak, saýmak, guratmak, daramak, mawut dokamaga taýýar edilen ýüňi daşamak we ýüklemek ýaly işleri ýerine ýetirýärdiler. Florensiýanyň özünde şunuň ýaly işler bilen 10 müňden hem gowrak işçiler meşgullanypdyrlar. Ussahanalarda işler gol zähmeti bilen ýerine ýetirilipdir, şonuň üçin şeýle kärhanalary *manufaktura*[1] diýip atlandyrýardylar. Käbir işewür adamlaryň manufaktura esaslandyrmak üçin ýeterlik serişdeleri bolmandyr, şol sebäpden hem şäherleriň gurply popolanlary serişdelerini hem-de güýçlerini birleşdirip, kompaniýalara birleşýärdiler. Manufakturalarda iş güni 14-16 sagat dowam edip, munuň üçin ujypsyzja hak tölenilipdir.

Maýa goýuma esaslanýan manufaktura önümçüliginiň ýüze çykmagy zähmet öndürijiliginiň artmagyna we Italiýanyň ykdysadyýetiniň umumy ösüşine ägirt uly itergi beripdir we XIV asyrda Italiýany Ýewropanyň öňdebaryjy ýurduna öwrüpdir.

**XIII-XIV asyrlarda Italiýanyň şäherleriniň syýasy gurluşy.** Senetçilikde we söwdada gazanylan üstünlikler, soňra bolsa maýa goýuma esaslanýan önümçilik gatnaşyklarynyň ýüze çykmagy bilen XIII-XIV asyrlarda Demirgazyk we Orta

---

[1] Latyn. *manus*– el we *facere* - etmek

Italiýanyň şäher-döwletleriniň söwda-senetçilik işleri bilen meşgullanýan gatlaklarynyň – popolanlaryň syýasy täsiri has-da artýar. Popolanlaryň täsiriniň güýçlenmegi 1250-nji ýylda Florensiýada ilkinji halk konstitusiýasynyň kabul edilmegine getirýär. Bu konstitusiýa Florensiýada popolanlaryň agalygyny berkarar edipdir. Kommuna tarapyndan başga şäherden çagrylyp getirilýän podesta (häkim) bilen bir hatarda, täze wezipe - şäher goşunlaryna daýanýan «*halkyň kapitany*» peýda bolýar.

1282-nji ýyldan Florensiýany popolanlaryň saýlawly hökümeti dolandyryp başlaýar. Bu hökümet «*priorat*» («*prior*» - sehiň baştutany sözünden), soňra bolsa «*sinýoriýa*» («*sinýor*» - hojaýyn sözünden) diýlip atlandyrylypdyr. Prioratyň düzümine «*adalatyň gonfalonýeriniň* (baýdak göterijisi)» baştutanlygynda 9 adam girizilipdir. 1293-nji ýylda italýan feodallaryna – grandlaryna uly zarba urulýar: Florensiýada «Adalatyň düzgünler» atly kanunçylyk kadalary kabul edilýär. «Adalatyň düzgünleri» boýunça grandlar kommunany dolandyrmak işlerinden doly çetleşdirilýär we popolanlara garşy edilen jenaýat üçin olar ölüm jezasyna höküm edilipdir. Tiz wagtdan, eger-de, sehleriň haýsy hem bolsa birine giren ýagdaýlarynda, grandlara syýasy hukuklardan peýdalanmaga rugsat berlipdir. Emma bu wagta çenli popolanlaryň özleri hem dürli gatlaklara bölünipdirler. Baý täjirler, ussahanalaryň we bank kontoralarynyň eýeleri «*semiz adamlar*» (*popolo grasso*), ownuk täjirler we senetçiler - «*hor adamlar*» («*popolo minuto*») diýlip atlandyrylypdyr. Bularda başga-da şäherlileriň arasynda *çompi* diýlip atladyrylan hakyna tutma işçiler hem köp bolupdyr. Netijede, Florensiýada ähli häkimiýet «semiz adamlaryň» elinde bolupdyr.

Araçyl söwdany alyp barýan deňiz respublikalary bolan Wenesiýanyň we Genuýanyň syýasy durmuşynda hem şäherleriň ýokary gatlaklary uly ähmiýete eýe bolupdyrlar. Wenesiýanyň başynda ömürlik saýlanýan *dož* durup, onunň

häkimiýeti Uly geňeş tarapyndan çäklendirilipdir. XIII asyryň ahyrlarynda – XIV asyryň başlarynda Uly geňeşden «Çagyrylanlaryň geňeşi» (senat) bölünip aýrylypdyr we ähli ýerine ýetiriji häkimiýeti kem-kemden öz eline alypdyr. 1310-njy ýylda Onlaryň geňeşi döredilip, oňa doža çenli ähli hökümet edaralaryna gözegçilik etmeklik tabşyrylypdyr. 1339-njy ýylda Genuýada hem ömürlik dožuň wezipesi girizilip, ol hem esasan popolanlara daýanypdyr.

Wenesiýa bilen Genuýa biri-biri bilen hemişe bäsleşipdirler. Dördünji haçly ýorişden soň Wenesiýa Genuýany Balkan ýarym adasyndan we Siriýadan gysyp çykarýar, emma 1261-nji ýylda Wizantiýa imperiýasynyň dikeldilmegi Genuýa Konstantinipoldaky hukuklaryny eýelemäge mümkinçilik berdi. Genuýanyň täjirleri Orta ýer deňziniň gündogar kenarlarynda we Gara deňziň boýlaryndaky berkitmeleri basyp alýarlar we Krymda birnäçe faktorileri esaslandyrýarlar.

XIII asyryň ahyrlarynda Genuýa bilen Wenesiýanyň arasyndaky söwda bäsleşigi aç-açan çaknyşyklara getirýär: 1298-nji ýylda genuýa floty Kursolanyň golaýynda bolan söweşde Wenesiýany agyr ýeňlişe sezewar edýär. Bu söweşden soň söwda bäsleşiginde artykmaçlyk genuýalylaryň eline geçýär. Emma 1380-nji ýylda wenesiýa floty Kýodžiniň golaýynda bolan söweşde genuýalylary derbi-dagyn edýär we Orta ýer deňziniň Gündogar böleginde wenesiýalylaryň agalygy berkidilýär. XV asyrda, aýratyn hem dož Françesko Foskariniň dolandyran ýyllarynda Wenesiýa gündogardan hüjüm edýän osmanly türkmenlerine garşy goranyş uruşlaryny alyp barmaly bolupdyr. Italiýada Breşiýany, Weronany, Paduýany, Rawennany eýelemek bilen Wenesiýa öz ýerlerini giňeldipdir we Demirgazyk Italiýanyň kuwwatly döwletleriniň birine öwrülýär.

XIII-XIV asyrlarda Milanyň popolanlary hem şäherde häkimiýeti öz ellerine almak ugrunda işjeň çykyş edipdirler. Bu

göreşlerde olar şäheriň ownuk we orta gullukçy begzadalary (Milanyň walwassorlary) bilen bileleşip, iri söwda begzadalaryna, ýepiskopa garşy durupdyrlar. Emma senetçiler köpçüliginiň ep-esli syýasy üstünlikleri gazanandyklaryna garamazdan, XIII asyryň ahyrynda şäherdäki häkimiýet Della Torre feodal kowumynyň mirasdüşer hökümdarlarynyň eline geçýär. XIV asyrda, haçan-da, Milan Merkezi Lombardiýanyň köp bölegini eýeländen soň, Wiskontileriň feodal kowmunyň mirasdüşer häkimiýeti berkarar edilýär.

Eýlelikde, XIII-XIV asyrlarda Demirgazyk we Orta Italiýanyň şäherlerinde syýasy dolandyryşyň üç sany görnüşi - Florensiýanyňky ýaly respublikan, Wenesiýanyňky ýaly begzadalaryň we Milanyňky ýaly monarhiýa golaý sinýoriýa häkimiýeti kemala gelýär.

**Rim respublikasy.** Fridrih I Barbarossanyň basybalyjylykly syýasaty puja çykandan soň Italiýada papalygyň abraýy ep-esli ýokarlanýar. Şu döwürde papanyň kürsüsine eýe bolan mekir syýasatçy Innokentiý III (1198-1216) papanyň häkimiýetini we ygtyýarlyklaryny giňeltmek ugrunda uly işleri alyp barypdyr. Onuň pikiriçe, papalyk iň ýokary häkimiýet bolup, imperator, ähli korollar we gersoglar öz häkimiýetlerini diňe papanyň elinden almalydylar. Öz maksatlaryny amala aşyrmak üçin Innokentiý III we onuň mirasdarlary bir tarapdan Ýewropanyň döwletlerini öz täsirlerine almaga, beýleki bir tarapdan bolsa Italiýada papanyň döwletini – Keramatly Pýotryň Patrimoniýasynyň ornuny berkitmäge çalyşýardylar. Italýan we nemes feodallary tarapyndan özünden öňki papanyň döwründe alnan ýerleri yzyna gaýtaryp almak bilen Innokentiý III Papa welaýatynda öz häkimiýetini dikeldýär. Innokentiý III-


Innokentiý III

den soňky papalar XIII – XIV asyryň başlarynda Romanýadaky, Kampaniýadaky, Umbriýadaky we Ankon markasyndaky ýerlerini giňeldýärler. XIV asyryň başlarynda Papa döwletiniň düzümine Bolonýa, Ferrara, Urbino, Rimini, Perudža ýaly öň özbaşdak bolan şäher-döwletler giripdirler. Papanyň Tirren deňzinden Adriatika çenli uzalyp gidýän mülkleri Italiýany ikä bölüpdir. Ykdysady taýdan Papa welaýaty Lombardiýadan we Toskanadan yza galmagyny dowam etdirýärdi. XIII-XIV asyrlarda bu ýerdäki şäherlerde-de, obalarda-da feodalçylyk düzgüni doly höküm sürüpdir.

Bonifasiý VIII-niň (1294-1303) pontifikatyndan başlap papalygyň halkara abraýy düýpli peselip ugraýar. Günbatar Ýewropada kemala gelýän iri merkezleşdirilen döwletler papalyga boýun egmek islemeýärdiler. Bonifasiý VIII-niň fransuz monarhiýasyndan ýeňilmegi papanyň Papa welaýatyndaky abraýyny hem peseldýär. 1309-njy ýylda papanyň oturýan ýeriniň Awinýona geçirilmegi, hakykat ýüzünde papalygyň fransuz syýasatyna tabynlygyny aňladýardy.


Kola di Riýenso

Papalygyň syýasy durmuşynda bolup geçýän şeyle ýagdaýlar Rimiň şäher kommunasynyň güýçlenmegine getirýär; onuň ýerli baronlara garşy durýandygy üçin, muňa belli bir derejede papa hem gyzyklanma bildiripdir. Papanyň ýok mahaly kommuna baronlaryň eden-etdiliklerini çäklendirmegi başarypdyr. XIV asyryň başlarynda olar şäherden çykarylypdyr, galalaryny bolsa söküp aýrypdyrlar. Haçan-da begzadalar öz hukuklaryny dikeldenlerinden soň, 1343-nji ýylda popolanlar bilen baronlaryň arasyndaky göreş gaýtadan başlanýar. Popolanlaryň hereketine Kola di Riýenso baştutanlyk edipdir. Garbanyşhanaçynyň hem-de kir ýuwujynyň ogly bolan Kola öz

döwrüniň gowy bilimini almagy başarypdyr. Ol antiki döwrüň hakyky janköýeri bolmak bilen Rimiň gadymy şöhratynyň dikeldilmegi hakynda arzuw edipdir.

1347-nji ýylyň 20-nji maýynda Kola di Riýenso baronlaryň Rimden gitmeklerinden peýdalanyp, şäherlileriň goldamagynda özüniň ýaragly tarapdarlarynyň topary bilen hökümetiň jaýyny basyp alýar we özüni «erkinligiň, parahatçylygyň we adalatyň tribuny we Mukaddes Rim respublikasyny azat ediji» diýip yglan edýär. Ol şäher ilatyny häkimiýetiň hakyky eýesi, Rimi bolsa – respublika diýip jar edýär. Şeýtmek bilen Kola papanyň dünýewi häkimiýetini ýatyrýar. Muňa jogap edip, papa ony dinden çykan we häkimiýeti bikanun basyp alan uzurpator diýip yglan edýär. Kola di Riýenso ähli baronlary Rim respublikasyna kasam etdirip, olaryň ähli galalaryny ellerinden alýar we şäherlilere baronlara kasam etmekligi gadagan edýär. Şäherde salgytlar azaldylyp, girdejiler senetçiligi we söwdany ösdürmäge gönükdirilipdir, bitewi agram we ölçeg birlikleri girizilipdir, täze pul dolanyşyga goýberilipdir.

Italiýanyň bitewiligi hakynda aladalanmak bilen Kola di Riýenso ähli italýan şäherlerini ýurduň gadymy paýtagty bolan Rimiň töweregine jebisleşmäge çagyrypdyr. Emma biri-biri bilen bäsleşýän şäher respublikalary özbaşdaklygyň ýitirilmeginden ätiýaç edip, Rime boýun egmekden ýüz öwrüpdirler. Beýleki bir tarapda Riýensonyň özi hem amala aşyrýan işlerinde ne aýgytlylyk görkezipdir, ne-de yzygiderliligi saklapdyr. Ol hälk häkimiýetini wada edipdir, emma iş ýüzünde ýeke özi dolandyrypdyr. Netijede, ol halkyň ynamyndan gaçýar we 1347-nji ýylyň ahyrlarynda Rimden çykyp gitmäge mejbur bolýar. 1354-nji ýylda ol papanyň wekili hökmünde Rimde täzeden peýda bolýar. Riýensonyň halkyň içindäki abraýyndan peýdalanyp we Rime gaýtadan dolanmak üçin papa ony öz peýdasyna ulanypdyr. Şäher ilatyna daýanyp, Kola häkimiýeti basyp almagy başarypdyr. Emma, haçan-da ol

hakyna tutma goşunlaryny ýaraglandyrmak üçin salgydyň mukdaryny artdyranda, Rimiň ilaty onuň garşysyna gozgalaň turuzýar we gozgalaňyň gidýän döwründe Kola di Riýenso öldürilýär. Şeýlelikde, Rim respublikasy ýykylýar. Şäher popolanlarynyň ykdysady hem-de syýasy taýdan gowşak bolup çykmagy Rim respublikasynyň ýykylmagynyň esasy sebäbi bolupdyr.

1378-nji ýylda papanyň kabulhanasy ýene-de Rime dolanyp gelýär, ýöne onuň häkimiýeti Italiýanyň içinde-de, daşynda-da gowşak bolmagynda galýar. Diňe XV asyryň ahyrynda – XVI asyryň başynda papalara häkimiýeti Papalygyň ähli ýerinde doly dikeltmek başardýar.

**Günorta Italiýa we Sisiliýa.** XIII-XIV asyrlarda Sisiliýa korollygy ykdysady ösüşde Demirgazyk hem-de Orta Italiýadan görnetin yza galýardy. Günorta Italiýanyň we Sisiliýanyň şäherleri (Amalfi, Neapol,Bari, Palermo) has irki döwürlerde-de senetçilik önümçiliginiň we söwdanyň merkezleri däldiler, ỳöne olar Wizantiýa hem-de Lewant bilen aralykdaky araçyl söwdada uly işjeňlik görkezỳärdiler. Içerki bazaryň gowşak bolmagy feodalçylyk gatnaşyklarynyň üýtgewsiz ýagdaýda galmagyna sebäp bolupdyr. Sisiliýa korollygynda köp daýhanlar ýere berkidilip, olary satyp ýa-da ýer bilen bileleikde çalşyp bolýardy. Şahsy tabynlygyň alamaty hökmünde olar öýlenenlerinde we ýer paýy miras alnanda feodala töleg töläpdirler. Feodal ýer salgydy köplenç halatlarda önüm salgydy, kähalatlarda bolsa pul salgydy görnüşinde tölenilipdir. Ýylyň dowamynda birnäçe günläp daýhan zähmet borjuny (*angari*) ýerine ýetiripdir. Ýer salgydyndan we zähmet borjundan daşgary daýhanlar döwlet we buthana (1/10) salgytlaryny hem töläpdirler.

Ýewropanyň şahsy taýdan tabyn daýhalardan tapawutlylykda, sisiliýaly daýhanlar ogly bolmadyk halatynda, özüniň ýerine ýetirmeli borçlaryny berjaý etmäge razylyk berýän islendik adamyny mirasdar diýip yglan etmäge hukugy

bolupdyr. Sisiliýa korollygynyň agrar gurluşynyň esasy aýratynlyklarynyň biri-de, XIII-XIV asyrlarda bu ýerde ýarym erkin we erkin daýhanlaryň uly gatlagy saklanyp galýardy. Bu daýhanlar ir wagtdan bäri oba jemagatyna birleşip gelýärdiler. Ýer eýeleri bolan feodallar bilen göreşlerde olar senýoryň ýerinden gitmäge, senýorlaryň eden-etdiliklerini çäklendirmäge, jemagat dolandyryş edarasyny saklap galmaga hukuk gazanypdyrlar, Daýhanlaryň şahsy taýdan erkin beýleki bölegi feodallara degişli boş ýatan ýerlere göçüp gelipdirler we *libellumda* – şertnamada görkezilen ýeňilliklerden peýdalanypdyrlar. Bular wagtlaýyn ýa-da mirasdüşer eýeler – *emfitewtler* bolupdyrlar.

XII asyryň ahyrlarynda merkezleşdirilen feodal döwleti – Sisiliýa korollygy kemala gelýär. Korol häkimiýeti öňi bilen ýokary gatlagyň esasy köpçüligin emele getirýän ownuk we orta feodallara, şeýle hem rysarlara daýanypdyr. Olaryň agramly bölegi wassal gatnaşyklary esasynda korol bilen berk baglanyşypdyrlar we özlerini iri begzadalar bolan baronlaryň eden-etdiliginden gorap biljek güýçli korol häkimiýetiniň saklanyp galmagyna uly gyzyklanma bildiripdirler. Merkezleşen häkimiýetiň beýleki bir daýanjy buthana bolup, ol köp babatda papalygyň däl-de, öňi bilen korolyň tabynlygynda galypdyr.

Bu döwürde Günorta Italiýanyň we Sisiliýanyň şäherleri ykdysady taýdan gowşak bolandyklary sebäpli syýasy özbaşdaklyk gazanyp bilmändirler we korol häkimiýetine doly tabynlykda galypdyrlar. Korollar hiç bir päsgelçiliksiz şäherlerden paç alyp bilýärdiler, bu bolsa döwletiň maliýe serişdelerini artdyrmaga mümkinçilik berýärdi. Merkezi häkimiýetiň maliýe serişdelerini köpeltmäge, korollaryň norman basybalyşlary döwründe edinen domenleri hem giň mümkinçilik beripdir. Şol sebäpden hem Sisiliýa korollygynda baronlar kuwwatly bolsalar-da, olaryň korol häkimiýetine dişleri ötmändir.

Sisiliýa korollygynda merkezi häkimiýet XIII asyrda hasda güýçlenipdir. Sisiliýa korollygyny dolandyrýan norman dinastiýasy XII asyryň ahyrlarynda Gogenştaufenler bilen garyndaşlyk açypdyrlar we 1212-nji ýyldan 1250-nji ýyla çenli korollygyň başynda Fridrih Barbarossanyň agtygy Fridrih II Gogenştaufen durup, ol şol bir wagtyň özünde Mukaddes Rim imperiýasynyň imperatory hem bolupdyr.

Fridrih II-niň ýaş wagtlary Sisiliýa korollygynda papa Innokentiý III-niň täsiri juda güýçli duýlupdyr. Emma Innokentiý III ölenden soň Fridrih II häkimiýeti öz eline alýar we papalyk bilen Demirgazyk we Orta Italiýany eýelemek ugrunda alyp baran uzaga çeken göreşlerinde Sisiliýa korollygyny özüniň esasy daýanjyna öwürmäge synanyşýar.

Ownuk rysarlara daýanmak bilen Fridrih baronlaryň garşylygyny wagtlaýyn syndyrýar. 1231-nji ýylda «Melfiý konstitusiýasyny» kabul edip, ol soňky 40 ýylyň dowamynda gurlan feodal galalaryny ýumrulmagyny gazanýar we baronlaryň häkimiýetine berk zarba urýar. Bu döwürde korol kazyýetiniň we umumy döwlet salgytlarynyň ähmiýeti artýar. Fridrih II-niň döwründe Sisiliýa korollygy Italiýanyň has güýçli hem-de berk merkezleşdirilen döwletine öwrülýär.

**«Sisiliýadaky öýlänki ybadat».** Fridrih II ölenden soň Sisiliýa korollygy 1268-nji ýylda papanyň razyçylygy bilen Prowansyň grafy, fransuz koroly Lýudowik IX-nyň dogany Karl Anžuýly tarapyndan basylyp alynýar. Karl giň basybalyşlary alyp barypdyr: ol Italiyanyň köp şäherlerini özüne tabyn edipdir, Tunise garşy guralan haçly ýörişe gatnaşypdyr, Konstantinopola ýöriş geçirmäge synanyşyk edipdir. Harby çykdajylaryny ödemek üçin ol täze jan başyna salgyt girizýär. Sisiliýanyň feodallaryny öz tarapyna çekmek üçin Karl baronlara uly ýeňillikleri beripdir. Emma Sisiliýanyň güzerany kynlaşan halky 1282-nji ýylyň martynda keseýerlileriň eden-etdiliklerine gozgalaň turuzmak bilen jogap berýär. Bu gozgalaň Italiýanyň taryhynda «Sisiliýadaky öýlänki

ybadat» ady bilen bellidir. Gozgalaňyň şeýle ada eýe bolmaklygyny saklanyp galan rowaýat bilen baglanyşdyrýarlar. Rowaýata görä, hamana gozgalaň öňden dilleşilen yşarata laýyklykda, ýagny buthanada iňrik jaňy kakylanda başlanmaşyn. Palermonyň gozgalaň turzan ilaty şäherdäki fransuz garnizonyny ýok edipdir. Gozgalaň tiz wagtdan Sisiliýanyň Anžuý dinastiýasyna boýun egmek islemeýän beýleki şäherlerine-de ýaýraýar. Şu wakalaryň netijesinde Sisiliýa korollygy dargaýar. Günorta Italiýa Neapolitan korollygy ady bilen Anžuý dinastiýasynyň elinde galýar, Sisiliýa bolsa Pireneý ýarym adasyndaky döwletleriň biri bolan Aragon korollygynyň eline geçýär. Bu ýagdaý 1302-nji ýylyň şertnamasy bilen hem berkidilýär.


Papalaryň Awinýondaky kabulhanasy

XIV-XV asyrlarda Günorta Italiýa we Sisiliýa ykdysady tozgunçylygy başdan geçiripdir. Ýerli senetçilik we söwda pese düşüpdir, şäherleriň ähmiýeti gaçypdyr. Günorta Italiýanyň şäherlerinde Sisiliýany gaýtaryp almak ugrunda Aragon bilen netijesiz uruşlary alyp barýan neapolitan korollaryny karz pullary bilen öz täsirlerine tabyn edýän Demirgazyk we Orta Italiýanyň baý täjirleri we süýthorlary hojaýynçylyk edýärdiler. Wenesiýaly, florensiýaly we beýleki söwda-maliýe kompaniýalary bu ýerde korolyň pullaryny zikgeleýärdiler, döwlet salgytlaryny ýygnaýardylar, däne äkitmäge, magdan gazyp almaga ýeňillik alýardylar, munuň üçin günorta italýan portlaryny peýdalanýardylar. Demirgazyk italiýaly şäherlileriň has gurplylary, söwda işlerini goýmazdazdan günortada uly mülkleri satyn alýardylar. Korola

täze karzlary bermek bilen koroldan ýer we begzada derejelerini alýardylar. Korolyň maliýe ýagdaý diýseň ýaramaz bolupdyr, şonuň üçin hem neapolitan korol aýaly Jowanna 1348-nji ýylda Anžuý dinastiýasynyň mirasdüşer mülki – Awinýony papa satmaga mejbur bolýar.

Neapolitan korollygynyň güýçden gaçmagy bu ýerleriň hem kese ýurtlylar tarapyndan eýelenilmegine getirýär. 1442-nji ýylda Günorta Italiýa hem edil Sisiliýa ýaly Aragon dinastiýasynyň eline geçýär we bu ýerlerde köp asyrlap dowam eden ispan agalygy berkarar edilýär.

**Italiýa XV asyrda.** Şeýlelikde, Papa welaýatynda, Günorta Italiýada we Sisiliýada feodal gatnaşyklary höküm süripdir, şol bir wagtda bolsa, Demirgazyk we Orta Italiýanyň şäher-döwletlerinde maýa goýum önümçiligine esaslanýan ykdysady gatnaşyklar ösmegini dowam etdiripdir. Şäher-döwletlerinde mawutçylyk bilen bir hatarda ýüpek mata dokmaçylygy hem giň gerime eýe bolýar we asyryň ahyrlarynda ol mawutçylygy kem-kemden şäher önümçiliginden gysyp çykarýar.


Kozimo Mediçi

XIV asyryň soňky ýyllary, aýratyn hem XV asyryň başky onýyllyklary Demirgazyk we Orta Italiýanyň şäherleriniň syýasy gurluşynda düýpli özgerişleriň döwri boldy. Olaryň köpüsinde respublikan gurluşy monarhiýa biln çalşyrylýar. Şeýle syýasy gurluş Italiýada *sinýoriýa* ýa-da *tiraniýa* adyna eýe bolýar. Şäher-döwletleriniň syýasy gurluşynyň üýtgemegi ilkinji nobatda sebit ykdysady gatnaşyklarynyň giňelmegi bilen bglanyşykly boldy, ikinji bir tarapdan bolsa, şäher-döwletleriniň çäginiň giňelmegi we syýasy gurluşyň çylşyrymlaşmagy bilen kommunalar şäherlerde adaty dolandyryşy üpjün edip bilmändirler.

XV asyryň ortalaryna çenli sinýoriýa Florensiýada, Milanda, Bolonýada, Ferrarada, Urbinoda we Italiýanyň beýleki şäherlerinde hem-de welaýatlarynda mäkäm ornaşýar.

**Florensiýada Mediçileriň sinýoriýasy.** 1434-nji ýylda birnäçe tanymal kowumlaryň arasynda dowam eden uzaga çeken göreşlerden soň Florensiýada häkimiýet başyna Kozimo Mediçi (1434-1468) gelýär. Onuň döwründe her nämede bolsa respublikan gurluşynyň alamatlary saklanyp galypdyr, emma syýasy dolandyryşyň we salgyt edarasynyň ähli ygtyýarlyklary onuň elinde jemlenipdir. Döwlet dolandyryş edarasynyň ähli möhüm wezipelerinde onuň öz adamlary oturypdyr. Kozimo Mediçi we onuň mirasdarlary Pýero hem-de Lorenso Mediçi öz bäsdeşlerine salgyt baryny salyp tozdurypdyrlar we alnan girdejileriň hasabyna ilata salynýan salgydyň mukdaryny düýpli azaldypdyrlar. Mediçiler şäherde giň öçberli gurluşyk işlerini alyp barmak bilen hem şöhratlanypdyrlar.


Lorenso Mediçi

Kozimonyň agtygy Lorenso Ajaýybyň (1469-1492) döwründe mediçileriň häkimiýeti has-da kuwwatlanypdyr. Lorenso Florensiýanyň bankirler maşgalasynyň baştutany bolmak bilen, Italiýanyň we Ýewropanyň iri şäherleriniň ählisinde kontoralary ýerleşipdir. Inçe sungatyň haky howandary bolan Lorensonyň ajaýyp köşgi özüniň belentligi we baýlygy bilen görenleri haýran galdyrypdyr. Ol köp ýurtlaryň hökümetini maliýeleşdiripdir, şonuň üçin hem käbir döwletleriň syýasatyna-da täsir edipdir.

Kanun boýunça Florensiýa respublika hasap edilse-de, ähli meseleler Lorensonyň doly tabynlygynda bolan Ýetmişleriň geňeşi tarapyndan çözülipdir. 1478-nji ýylda onuň janyna kast etmäge synanyşyk edilenden soň Lorensonyň häkimiýeti has-da güýçlenipdir.

XV asyrda Demirgazyk Italiýanyň beýleki bir iri şäheri bolan Milanda hem sinýorial düzgüni berkäpdir. XV asyryň başynda Milnda Wiskonti kowmundan bolan tiranlar hökümdarlyk edipdirler. 1450-nji ýylda şäherdäki häkimiýet Sforsa kowmunyň wekilleri tarapyndan basylyp alynýar. Florensiýada, Milanda we Italiýanyň beýleki şäher-döwletlerinde sinýorial düzgünleriň kemala gelmegi we berkemegi olaryň içki jebisligine uly täsir edipdir, emma ýurdy birleşdirmek bilen baglanyşykly meseleleri çözüp bilmändir. Şonuň üçin hem baý, ýöne özara bäsleşýän köp sanly syýasy bileleşikler, XV asyrda Italiýanyň merkezleşdirilen bitewi döwletler bolan Fransiýadan we Ispaniýadan has gowşak bolup çykmagyna sebäp bolýär. Munuň hakykatdan-da şeýledigini, haçan-da, Karl VIII elli müňlük goşun bilen Italiýa çozup girende doly aýdyňlygy bilen ýüze çykdy. Karl VIII-niň ýörişi uzaga çeken italýan uruşlarynyň başlangyjy boldy.

## § 7. Pireneý ýarym adasynyň ýurtlary XI-XV asyrlarda

**XI-XIII asyrlarda Rekonkistanyň dowam etdirilmegi.** XI asyryň ortalaryndan XIII asyryň ortalaryna çenli döwür Rekonkistanyň uly üstünlikler gazanan döwri boldy. Dürli böleklere bölünen pyraňňy mawritan mülkleri hristian hökümdarlarynyň ljasyna öwrülýärdiler. 1085-nji ýylda kastiliýalylar Merkezi Ispaniýanyň iri şäheri, westgotlaryň öňki paýtagty – Toledony eýelediler. XII asyryň başlarynda aragonlylar Uesko we Saragosa, 1147-nji ýylda bolsa Ikinji haçly ýörişine gatnaşyjylaryň kömegi bilen Lissabon eýelenildi. Şeýdip XII asyryň ahyryna çenli ýarym adanyň ýerleriniň köp bölegi hristianlaýň eline geçdi. Muňa garamazdan günorta süýşmeklik örän haýallyk bilen gidýärdi. Birinjiden, ýarym adanyň hristian döwletleriniň arasynda

bitewilik ýokdy. Leonyň we Kastiliýanyň birleşmesi berk däldi. Korollyk aradan çykan monarhyň ogullary tarapyndan birnäçe gezek özara paýlaşylypdy. Kastiliýanyň we Leonyň gutarnykly birleşmesi diňe 1230-njy ýylda bolup geçdi. 1137-nji ýylda Aragonyň hem-de Katalonyň arasynda uniýa baglaşylýar, ýöne olar içki dolandyryşda özbaşdaklygy saklap galypdyrlar. 1139-njy ýylda portugal grafy Alfonsu Enrikeş özüni korol diýip yglan edýär, emma Kastiliýa öz düzüminden bu ýerleriň bölünip aýrylmagy bilen diňe 1185-nji ýyldan soň, haçan-da olardan ýeňlişe sezewar bolandan soň kaýyl bolupdyr. XII asyrdan başlap mawrlar bilen umumy serhedi bolan Nawarra Rekonkista gatnaşmagyny bes etdi, ýöne oňa derek ol ýarym adada bolup geçýän özara uruşlara hemişe gatnaşýardy. Hristian döwletleriniň özara uruşlaryna ýaranlar hökmünde al-Andalusyň musulman hökümdarlaryny hem köpçülikleýin çekýärdiler, bu bolsa Rekonkistanyň netijeliligini peseldýärdi.


Algambra (Granada)

Kastiliýanyň we Aragonyň günorta hüjümlerini saklaýan şertleriň biri-de, Demirgazyk Afrikanyň berberi döwletleri ispaniýaly musulmanlara harby taýdan kömek berýärdiler. Elbetde, al-Andalusyň emirleri demirgazyk afrikaly berberileriň tabynlygyna düşmekden ätiýaç edip, olaryň kömeklerini göwünsiz kabul edýärdiler. Ýöne kömekden ýüz öwürmek hem kyndy, sebäbi söweşjeň berberiler hristianlaryň rysar goşunlaryny ençeme ýola agyr ýeňlişe sezewar edipdiler. Berberileriň 1086-njy ýylda Salakanyň golaýynda we 1193-nji ýylyň Alarkosyň eteginde kastiliýalylaryň üstünden gazanan

ýeňişleri hristianlaryň günorta hüjümlerini köp wagtlap togtatdy.

XIII asyrdan başlap Rekonkista ýene-de güýçlenip ugrady. Asyryň başlarynda Kastiliýa goňşylary bilen gatnaşyklaryny düzgünleşdirýär we 1212-nji ýylda onuň koroly Alfonso VIII birleşen goşunlara baş bolup Las Nawas de Tolosyň ýanynda berberileri agyr ýeňlişe sezewar edýär. Leon bilen Kastiliýa gutarnykly birleşenden soň Rekonkista has hem uly üstünlige eýe bolýar. XIII asyryň 30-50-nji ýyllarynda kastiliýalylar iri mawritan taýpalaryny – Haýeni, Kordowany, Sewilýany basyp alýarlar. Orta ýer deňziniň kenaryndaky Mursiýa şäherini we welaýatyny eýeläp, Kastiliýa Aragona Rekonkista gatnaşmaga mümkinçilik berýän ýoly kesýär. Şonuň üçin hem Aragonyň basybalyşlary başga ugurlara gönükdirildi: ol Walensiýada, Balear adalarynda, Sisiliýada, Sardiniýada we Günorta Italiýada ornaşýar. Aragon korollarynyň Günorta Fransiýada-da mülkleri bardy. Portugaliýa Algarwi welaýatyny eýeläp, Rekonkista gatnaşmagyny bes edýär. Şeýlelikde, XIII asyryň ortalarynda Pireneý ýarym adasynda mawrlaryň elinde diňe Granada we onuň bilen ýanaşyk ýerler galýar. Ol indi hristian döwletlerine hiç hili howp salmaýardy. Rekonkista XV asyryň ahyryna çenli togtady.


Andalusiýadaky musulman galasy

**Pireneý ýarym adasynyň ykdysady ösüşi. Şäherler.** Gürrüňi edilýän döwürde, aýratyn hem XIII asyryň ortalarynda günortadaky baý ýerleriň gaýtarylyp alynmagy bilen önümçiligiň ähli ugurlarynda ilelemeler bolup geçýär. Oba hojalygynda ekerançylyk pudagynyň ähmiýeti artýar. Araplar tarapyndan gurlan suwaryş ulgamlary hereket etmegini

dowam etdirýär, üzümçilik, zeýtun we ýüpek gurçugyny ösdürip ýetişdirmeklik giň gerime eýe bolýar. Merkezi Ispaniýadaky üsti tekiz daglyk ýerleriň (Täze Kastiliýa, Aragon Mesetasy) eýelenilmegi bilen çarwaçylyga esaslanýan maldarçylygy ösdürmek üçin giň mümkinçilikler açylýar. Ispaniýada we Günbatar Ýewropanyň beýleki ýurtlarynyda mawutçylygyň ösmegi bilen ownuk mallary köpeltmeklik peýdaly pudaga öwrülýär.

XIII asyrdan başlap ispan ýüňi Flandriýa, Italiýa, Fransiýa, Angliýa äkidilip ugraýar. Ownuk mallary köpeltmek bilen diňe bir daýhanlar däl, eýsem iri ýer eýeleri, buthana we şäherler hem meşgullanypdyrlar. Öri meýdanlaryň peýdalanmak işlerini kadalaşdyrmak, sürüleri ondan oňa sürmek, maldarlaryň bähbitlerini goramak üçin XII-XIII asyrlarda mal eýeleleriniň bileleşikleri – *mestalar* döredilýär. 1273-nji ýylda Kastiliýanyň ähli mestalary umumydöwlet «Mestalaryň hormatly geňeşine» birleşdirilýär. Ýarym adanyň dürli etraplarynyň oba hojalyk önümçiligine ýöriteleşmegi içerki söwdanyň ösüşine oňaýly täsir edýär. Demirgazyk we merkezi etraplar (Asturiýa, Galisiýa, Kataloniýa, Aragon, Köne we Täze Kastiliýa) mal, deri, balyk, duz, oba hojalyk gurallaryny, günorta – däne, ýag, çakyr we başgalary ugradýardylar. Aýratyn hem katalonly täjirler işeňňirlik görkezipdirler, kastil eksportyny bolsa daşary ýurt täjirleri amala aşyrypdyrlar.

Günbatar Ýewropanyň ähli ýerlerinde bolşy ýaly, XI-XIII asyrlar Ispaniýada we Portugaliýada senetçiligiň hem-de söwdanyň merkezleri bolan şäherleriň peýda bolýan we ösýän döwri bolupdyr. Pireneý ýarym adasynda şäherleriň döremeginiň özboluşly aýratynlygy bardy. Bu ýerlerdäki şäherleriň aglabasyny araplar esaslandyrypdylar. Bu şäherleriň hristian döwletleriniň düzümine goşulmagy bilen olaryň musulman dünýäsiniň şäherleri bilen gatnaşyklary kesilýär, senetçiler we täjirler günorta tarap göçüp gitmäge mejbur

bolýarlar, bu bolsa şäherlerde oba hojalyk önümçiliginiň (esasan hem maldarçylygyň) agdyklyk etmegine getirýär. Emma muňa garamazdan Toledo, Saragosa, Walensiýa, Sewilýä ýaly şäherler hristianlaryň döwründe-de senetçiligiň hem-de söwdanyň möhüm merkezleri bolup galdylar we olaryň önümleri (metal önümler, ýaraglar, at esbaplary, deri we matalar) ýewropa bazarlarynda-da giň meşhurlyga eýediler. Emma Rekonkista döwründe peýda bolan şäherler ýönekeýje bolupdyrlar. Däp bolşy ýaly olar dolandyryş merkezleriniň we uruş gidýän ýerlerde gurulýan galalaryň esasynda kemala gelipdiler. Şeýle şäherleri esaslandyran korollar we graflar öz goşunlarynyň üstüni ýetirip durmak üçin bu ýere ilatyň göçüp gelmegine uly gyzyklanma bildirýärdiler.

Bu şäherleriň ykdysadyýeti oba hojalygyna esaslanýardy, emma X asyrda bu ýerlerde bazarlar döreýär, X-XI asyrlaryň sepgidinde bolsa dokmaçylaryň, çelekçileriň, demirçileriň we tekerçileriň senetçilik ussahanalary peýda bolýar. Şäherlerde içki öz-özüňi dolandyryş guramalary, özboluşly hukuk kadalary – *fueros* döreýär. XI-XII asyrlarda şäherleriň ilaty çalt depginler bilen artýar, olaryň söwda we senetçilik taýdan ähmiýeti ýokarlanýar. Emma ekerançylyk, aýratyn hem maldarçylyk, olaryň hojalygynda uly orun tutupdyr. Mysal üçin, Segowiýa, Kuenka, Teruel, Portu şäherleri maldarçylygyň möhüm merkezleri bolupdyr. Olar mawutçylyk önümçiligi üçin çig mallary ugradýardylar.

Leon-Kastiliýa korollygynyň demirgazyk-günbataryndaky şäherleri käbir aýratynlyklary bardy. Bu ýerleriň şäherleriniň kemala gelmeginde Fransiýadan Ýewropada giň meşhurlykdan peýdalanýan Santýago-de-Kompostela monastyryna barýan ýoluň uly ähmiýeti bolupdyr. Sebäbi Santýago-de-Kompostela barmak üçin bu ýoldan her ýylda ýüzlerçe zyýaratçylar geçýärdiler. Şu ýagdaýyň özi, şeýle hem Leonyň paýtagtlary Owýedonyň, Burgosyň golaý ýerleşmegi fransuz senetçileriniň bu ýerlere gyzyklanmasyny

artdyrypdyr. XII-XIII asyrlarda bu ýerlerde senetçiler bilen şäher senýorlarynyň arasynda ýiti göreşler dowam edipdir. Kataloniýanyň kenarýaka şäherleri, birinji nobatda Barselona Italiýanyň we Günorta Fransiýanyň şäherleri bilen baglanyşykly bolupdyr.

**Kolonizasiýa we durmuş ösüşi.** Kastiliýanyň, Aragonyň we Portugaliýanyň durmuş ösüşine Rekonkista we kolonizasiýa ägirt uly täsir edipdir. Pireneýlerdäki ähli döwletlerde täze ýerleri ilatlaşdyrmagyň birmeňzeş tertibi işlenilip düzülipdir. Şol ýerleriň ýokary eýesi kanun boýunça korol häkimiýeti, iş ýüzünde bolsa täze ýerde oturan ilatyň özi hasap edilipdir. Korollar mülkdarlara, oba we şäher jemagatlaryna ýerleri eýelemäge ygtyýar edýän hukuklary we salgyt ýeňilliklerini beripdirler. Ýerleriň bir bölegi korollaryň domenine öwrülipdir. Emma kähalatlarda korollaryň özleri beren ýeňilliklerini bozupdyrlar we erkin obalary, şäherleri iri feodallara we buthana senýorlaryna beripdirler.

Erkin obalarda sürüm ýerleri we çemenlikler oba jemagatlarynyň – *konsehonyň*[1] ygtyýarynda bolupdyr. Konseho mülkdaryň ýa-da korolyň öňünde salgytlaryň tölenilişi, borçlaryň ýerine ýetirilişi barada hasabat beripdir. Kastiliýada we Portugaliýada onuň möçberi uly bolmandyr: tabyn daýhanlar üçin kesgitli önüm salgydy ýa-da pul senzi (mysal üçin, üç sany çörek we bir towuk; ýylda 1-2 solida), kähalatlarda – zähmet borjy (ýylda birnäçe gün); erkin obalarda - ýer salgydy we harby-dolandyryş bilen baglanyşykly ýygymlar göz öňünde tutulypdyr.

Leonda we Kastiliýada erkin hem-de tabyn daýhanlar bilen aralykda *begetriýa* (latyn diliniň *benefactoria*, ýagny ýagşy iş sözünden) diýlip atlandyrylan jemagatyň agzalary durupdyr. Begetriýa- daýhanlaryň jemagaty bolup, oňa senýor

---

[1]Latyn diliniň «*concilium*» («geňeş») sözünden. Diňe bir oba jemagatlary däl, eýsem şäher jemagatlary we olaryň dolandyryş edaralary hem şeýle atlandyrylypdyr.

tarapyndan howandarlyk edilipdir, munuň üçin daýhanlar onuň peýdasyna käbir borçlary ýerine ýetiripdirler.

Daýhanlaryň senýora çalyşmagy hukuklary bolupdyr we olar onuň bilen kazylaşyp bilipdirler. Emma XIII-XIV asyrlarda begtriniň agzalarynyň borçlary köpelipdir, senýory çalyşmaga bolan hukuklary bolsa belli bir derejede çäklendirilipdir we iş ýüzünde begetriniň agzasy bolmak feodal tabynlygyň bir görnüşine öwrülýär.

Leon-Kastiliýa korollygynyň şäherleriniň durmuş we gatlak gurluşy, ol ýa-da beýleki şäheriň erkinligine ýa-da senýora tabyngygyna görä biri-birinden tapawutlanypdyr. Ýarym adanyň şäherleriniň esasy köpçüligi erkin bolupdyrlar we gönüden göni korola tabynlyk bildiripdirler. Şäherlilerden kimiň gozganmaýan emlägi bar bolsa, şol adam kärine we şäherde näçe wagtlap ýaşaýandygyna seretmezden, doly hukukly hasap edilipdir. Has gurply şäherliler, däp bolup gelşi ýaly, söweş atyny we ýarag edinmäge borçly bolupdyrlar; munuň üçin olar şäher we döwlet borçlaryndan boşadylypdyr. Olaryň hukuklary hem edil kabalýeros-wilýanoslaryňky ýaly gullukçy feodallaryňky bilen deňleşdirilipdir. Şeýle kabalýeroslar şäher geňeşlerinde ýokary wezipeleri eýeläpdirler, şäher ýerlerini ulanmakda artykmaçlyklardan peýdalanypdyrlar, gatlaklaryň ýygnagynda şäher jemagatyna wekilçilik edipdirler. Şäherleriň artykmaç hukuklardan peýdalanmaýan erkin ilaty senetçilerden, ownuk söwdagärlerden, şeýle hem şäher ykdysadyýetiniň agrar pudagynda öz şahsy hojalyklaryny ýöredýän adamlardan ybarat bolupdyr. Doly hukukly raýatlardan başga-da, şäher ilatynyň düzümine hakyna tutma işgärler, şäher garyplary giripdirler. Şäherleriň musulman ilaty hukuksyz ýagdaýda ýaşapdyrlar.

Leon-Kastiliýa korollygynda gatlaklaryň arasynda berk çäklendirmeler bolmandyr: erkin daýhanlaryň gurply bölegi we baý şäherliler kabalýerosyň düzümine kynçylyksyz girip bilipdirler. XIII asyra çenli kem-kemden kabalýeros bilen

infansonlaryň – nesilden-nesle geçip gelýän gullukçy feodallaryň arasynda tapawut ýitýär. Taryhy çeşmelerde olaryň ikisini hem indi «idalgos» (ispan diliniň *fijo d'algo* («tanymal adamyň ogly») sözünden) diýlip atlandyrylýardy. Idalgos baý bolmandyr: önüm salgydynyň ýygnalmagynyň esasynda gelýän az-owlak girdejileriň üsti harby oljalardan we dowarlary hem-de ýün satmak arkaly gelýän girdejiler bilen ýetirilipdir. Korollygyň ýokary begzadalar gatlagy – *rikos-ombres* (sözme-söz «baý, kuwwatly adamlar») giň mülklere we maliýe serişdelerine eýe bolup, olar döwletiň syýasy durmuşynda uly täsirden peýdalanypdyrlar. Bu gatlagyň esasyny ýurtdaky täsir ugrunda biri-biri bilen hemişe bäsleşip gelen 20-30 sany tanymal uruglar (mysal üçin Lara, Gusmann, Aro we başgalar) düzüpdir.

Leon-Kastiliýa korollygynda ýokary gatlagyň aýratyn toparyny dini-rysarçylyk ordenleriniň (Santýago, Alkantara, Kalatrawa we başgalar) agzalary düzüp, olar XII asyryň ahyrlarynda haç göteriji ordenleriň nusgasynda kemala gelipdirler. Ordenlere monahlardan başga-da, rikos-ombresiň we idalgosyň wekilliri hem girýärdiler. Dünýewi adamlar bolup galmak bilen ordenleriň agzalary Rekonkista we özara uruşlara işjeň gatnaşýardylar. Ordenleriň galalary, uly möçberlerdäki gozganýan hem-de gozganmaýan emläkleri bardy. XIII-XV asyrlarda ordenler bilen gatnaşyklar korol häkimiýeti üçin uly meselä öwrülýär.

Portugaliýada hem jemgyýetiň ýokary gatlagy edil Leon-Kastiliýa korollygyndaky ýaly tertipde kemala gelipdir we ösüpdir. Ýöne bu ýerdäki şäher kabalýerosy Kastiliýadakydan tapawutlylykda, ol şäherlerdäki işewürlik, aýtaýn hem söwda hem-de deňizçilik bilen berk arabaglanyşyk saklapdyrlar. Ýurtda Awiş dini-rysarçylyk ordeni uly täsire eýe bolup, onuň magistri XIV asyryň ahyrynda hatda korolyň tagtyny hem eýeleýär we täze dinastiýa esaslandyrýar.

**Pireneý ýarym adasyndaky döwletleriň syýasy gurluşy.** Rekonkista pireneý ýurtlarynyň syýasy taýdan guralyşyna düýpli täsir edipdir. Günortadan abanýan daşky howp ýurduň feodal dagynyklygynyň güýçlenmegine päsgel beripdir. XI asyrdan başlap Leon-Kastiliýa korollygynda monarhiýa gutarnykly derejede mirasdüşer häsiýete eýe bolýar. Topalaňçy feodallara garşy göreşlerde korollar özleriniň musulman wassallarynyň, şäherleriň harby ýygynlarynyň, kabalýerosyň we idalgosyň kömeklerinden peýdalanyp bilýärdiler. Emma korolyň gullukçylarynyň ygtyýarlyklary, bir tarapdan iri feodallaryň-senýorlaryň, buthananyň, ordenleriň artykmaçlyklary, beýleki bir tarapdan bolsa, oba we şäher jemagatlarynyň hukuklary bilen belli-külli çäklendirilipdir. XIII asyryň ortalaryndan merkezi dolandyryş edarasy dolandyryş ulgamyny birmeňzeş tertibe getirip ugraýar: şäherlerde ýerli meseleleriň çözülişinde fuerosyň ornuna korol häkimiýetiniň täsirini ýokarlandyrýan täze hukuk kadalary («Korolyň fuerosy», «Parasatly korol don Alfonsyň ýedi Partidi») girizilýär. Emma konsehos öz içki işleriniň gatyşylmagyna aýgytly garşylyk görkezipdirler. Şäher we oba jemagatlary öz aralarynda ýaranlyk («ermandad» - «doganlyk») baglaşypdyrlar, kähalatlarda bolsa, iri feodallar bilen hem birleşip, merkezi hökümete garşy topalaňlary turzupdyrlar.

Leonly we kastiliýaly korollaryň eýýäm XI asyrdan bäri dowam edip gelýän iri feodallaryň we din adamlarynyň gatnaşmagynda assambleýa çagyrmak dessury bolupdyr. Assambleýalarda kanunçylyk, kazyýet, salgyt ýygnamak we döwletiň gündelik durmuşy bilen baglanyşykly dürli meselelere garalypdyr. 1188-nji ýylda Leonda şeýle assambleýa şäherliler hem çagyrylypdyr. Munuň özi Pireneý ýarym adasynyň döwletlerinde gatlaklaýyn wekilçilikli edaranyň esasyny goýupdyr. *Kortes*[1] diýlip atlandyrylan bu edara XIII asyryň ortalaryndan başlap kastiliýaly şäherliler ýygnanyşyp

---

[1]*Kort* sözünden – köşk.

ugrapdyrlar. Leon-Kastiliýa korollygynyň kortesleri üç palata bölünipdirler: birinjide ýepiskoplar we abbatlar, ikinjide – iri feodallar – senýorlar, üçünjide bolsa konsehosyň wekilleri ýygnak geçiripdirler. Palatalaryň wekillerini saýlamaklyga gurply şäherliler bilen bir hatarda baý daýhanlar (kabalýeros-wilýanos) hem gatnaşypdyrlar; erkin daýhanlaryň gatlaklaryň wekilçilikli edarasynyň işine gatnaşmaklary Leon-Kastiliýa korollygynyň kortesleriniň aýratynlygy bolupdyr. Din adamlarynyň we begzadalaryň kortesleriň işine işjeň gatnaşmaýandyklary üçin, XIII asyryň ortalaryndan – XIV asyryň birinji ýarymyna çenli olarda şäher gatlaklarynyň täsiri güýçli duýulypdyr. Şonuň üçin hem döwletiň syýasy durmuşynda bu döwürde kortesler uly abraýdan peýdalanypdyrlar.

Pireneý ýarym adasynyň gündogar bölegi syýasy taýdan mülkleriň özboluşly federasiýasyny – bileleşigini (Aragon we Walensiýa korollyklary, Fransiýanyň günortasynda wassal ýerleri bolan Kataloniýa prinsipaty) emele getirýärdi. Onuň umumy monarhy (Aragonyň koroly) bolup, ol dürli edaralar we kanunlar esasynda dolandyrylypdyr. Mysal üçin, Kataloniýanyň, Aragonyň we Walensiýanyň kortesleri aýratynlykda saýlanylypdyr we ýygnanyşypdyr. Aragonyň kortesleriniň dört palatasy bolupdyr: rikos-ombres, kabalýeros, ruhanylar we XIII asyryň ahyrlaryndan şäherliler; daýhanlar olaryň işine gatnaşdyrylmandyr. Kastiliýadan we Aragondan başga-da üç palataly kortesler XIII asyrda Portugaliýada we Nawarrada-da döräpdir.

**Pireneý ýarym adasy XIV-XV asyrlarda.** XIII asyryň ortalarynda Rekonkista köp wagtlap togtaýar. Granada emirligi 1340-njy ýylyň Salado söweşinde ýeňlenden soň özüniň demirgazykdaky goňşylary bilen parahatçylygy saklamaga çalşypdyr. Bu söweşden soň berberiler hem al-Andalusa kömek bermeklerini bes edýärler. Kastiliýa bilen Aragonyň arasyndaky araçäkler özara uruşlaryň netijesinde yzygider

üýtgäp durupdyr. Aragon Orta ýer deňzinde Balear adalaryny eýeleýär. XIII asyryň ahyrynda – XIV asyryň birinji ýarymynda bu ýerde Maýorka korollygy bardy. 1282-nji ýylda Aragon Sisiliýada, 1442-nji ýylda Neapolitan korollygynda ornaşýar we Sardiniýa adasyny basyp alýar. XV asyryň başlarynda Kastiliýa Kanar adalaryny eýär, Portugaliýa bolsa 1415-nji ýylda Demirgazyk Afrikada Seuta şäherini basyp alýar. 1479-njy ýylda Aragonyň we Kastiliýanyň mirasdüşerleri şazada Fernando bilen *infanta* (melike) Izabellanyň durmuş toýundan on ýyl geçensoň Pireneý ýarym adasyndaky bu uly iki döwlet birleşýärler.


Izabella we Ferdinand

Şeýdip, Ispaniýa döwletiniň düýbi tutulýar. 1492-nji ýylda aragon we kastiliýa goşunlary uzaga çeken söweşden soň Granada emirliginiň ýerini eýeleýärler. Şunlukda, köp asyra çeken Rekonkista tamamlanýar. Rekonkistra ispan korollarynyň häkimiýetini güýçlendiripdir. XVI asyryň başynda ispan korollygyna Nawarra hem goşulypdyr we bütin Pireneý ýarym adasy ispan hem-de portugal korollarynyň häkimiýeti astynda birleşdirilipdir.

XIII asyryň ortalaryndan Ispaniýanyň we Portugaliýanyň ykdysadyýetinde çökgünligiň alamatlary bildirip ugraýar. Sebäbi hristianlaryň basybalyşlary musulman ilatynyň Granada we Demirgazyk Afrika köpçülikleýin göçüp başlamagyna getirýär, kähalatlarda musulmanlar korol häkimiýetiniň ýörite permany esasynda ýurtdan çykarylyp kowulýardy. Munuň özi Andalusiýanyň ösen oba hojalygyny we şäherleriň senetçilik önümçiligini çökerýärdi. XIV asyryň ortalarynda ýaýran mergi keseli hem Ýewropanyň beýleki ýerlerinde bolşy ýaly,

Ispaniýada-da ilatyň köpçülikleýin gyrylmagyna getirýär. Bu döwürde ispan daýhanlarynyň emläk hem-de hukuk ýagdaýy hem ýaramazlaşýar. Daýhanlara salynýan salgytlaryň mukdary artýar, olaryň hukuklary belli-külli çäklendirilýär. Bu ýagdaý aýratyn hem Kataloniýada we Aragonda has aýdyň ýüze çykypdyr. Haçan-da, XIII asyryň ahyrynda – XIV asyryň birinji ýarymynda Fransiýada serwažyň ýatyrylýan döwründe, tersine, Ispaniýada daýhanlaryň şahsy taýdan tabynlygy güýçlenýär. Kataloniýanyň *Remensler* diýlip atlandyrylan hukuksyz daýhanlary salgytlaryň, borçlaryň dürli görnüşlerini tölemeli we ýerine ýetirmeli bolupdyrlar; olary senýoryň kazyýetine çekip, hatda ölüm jezasyna-da höküm edip bilýärdiler; olaryň feodaldan aýrylyp gitmäge bolan hukuklary hem düýpli çäklendirilipdir. Kastiliýa korollygynyň daýhanlarynyň durmuşynda-da kyn ýagdaýlar ýüze çykypdyr. Asturiýada, Galisiýada, Leonda solaýegosyň ýerine ýetirýän borçlary artypdyr, begtrleriň hukuklary çäklendirilipdir; ýarym adanyň merkezi we günorta etraplarynda önüm we pul salgytlarynyň möçberi artypdyr.Daýhan hojalyklary üçin iri senýorlaryň, buthananyň we ordenleriň kommersiýa maksatly maldarçylyk hojalyklary uly howp salypdyr. Sebäbi XIV asyryň başlarynda Ispaniýada goýnuň uzyn ýüňli tohumy döredilip, onuň ýüňi Italiýada, Angliýda we Flandriýada uly isleglerden peýdalanypdyr. Munuň özi Ispaniýanyň ykdysadyýetinde dowardarçylygyň ähmiýetini artdyrypdyr we iri feodallar daýhanlaryň ýerlerini öri meýdanlaryna öwrüp başlaýarlar. Çig malyň daşary ýurtlara köpçülikleýin çykarylmagy, onuň içerki bazarda gymmatlamagyna we ýerli dokmaçylygyň ähmiýetiniň peselmegine getirýär.

**Ýokary gatlak we syýasy göreşler.** XIV-XV asyrlarda Kastiliýada we Portugaliýada gurply daýhanlaryň we şäherlileriň gullukçy gatlagyna geçip bilmek bilen baglanyşykly mümkinçilikleri ep-esli çäklendirilýär. Şindi XIII-XIV asyrlaryň sepgidinde oba we şäher kabalýeroslarynyň

arasyndaky tapawut ýitýär; olaryň garyplaşan bölegi ownuk daýhanlaryň we şäherlileriň aşaky gatlaklarynyň hataryna goşulýarlar, ýokary gatlagy bolsa idalgosyň düzümine girip, önümçilik bilen meşgullanmagyny bes edýär. Şu döwürden başlap ispan kanunçylygynda hem, ýokary gatlak üçin häsiýetli bolan durmuş ýörelgesinde hem zähmet çekmeklik, asylzadalyga gelişmeýän zat hökmünde ykrar edilýär. Idalgos diňe bir obada däl, eýsem täsirli gatlak hökmünde şäherlerde-de ýaşapdyrlar.

XIV-XV asyrlarda ýokary gatlaklaryň arasynda göreşler hem güýçlenýär. Rekonkistanyň bes edilmegi begzadalaryň girdejileriniň kemelmegine getirýär; korollaryň merkezleşdiriş syýasty feodallaryň hem-de şäherleriň ýiti nägileligini döredipdir; dürli begzada toparlarynyň arasynda syýasy täsir, korola degişli ýerleri eýelemek we girdeji almak ugrunda bäsleşipdirler. XIV-XV asyrlar Pireneý ýarym adasynda hakyky feodal anarhiýanyň höküm süren döwri boldy. Şol sebäpden hem korol häkimiýeti iri feodallaryň – grandlaryň «uniýalarynyň», «doganlyklarynyň» we «ligalarynyň» arasynda güýç deňeçerligini gazanmak üçin para-peşgeş, zor salmak, terror ýoly bilen ýurtdaky ýagdaýy gözegçilikde saklamaly bolýardy. Kastiliýanyň we Aragonyň birleşmegi Ispaniýadaky ýagdaýy birneme kadalaşdyrmaga mümkinçilik berýär. Ýurduň içindäki çylşyrymly syýasy ýagdaý, köp sanly uruşparaz feodal toparlanyşyklaryň bolmagy,



Ferdinand Aragonly we
Izabella Kastiliýaly

ispan we portugal korollaryny keseki ýurtlaryna garşy basybalyşlary geçirmäge itekleýär.

Rekonkistanyň üstünlikli tamamlanmagynda, Ispaniýanyň bitewi döwlet hökmünde kemala gelmeginde, katolik buthanasynyň ähmiýeti uly bolupdyr. Buthana diňe bir dini uruşlara gatnaşmaga çagyryş bilen çykyş etmän, eýsem onuň özi hem özara uruşlara işeňňir gatnaşypdyr. Köp ýepiskoplaryň özleriniň ýaragly goşunlary bolup, olar ýörişlere we söweşlere işjeň gatnaşypdyrlar, Rekonkistada dini-rysarçylyk gurmalary – ordenleri uly ähmiýete eýe bolupdyrlar. Buthana korol häkimiýetiniň syýasatyna-da uly täsir edipdir: ispan buthanasynyň başlygy (*primas*) Toledoly arhiýepiskop we beýleki tanymal prelatlar (Santýagonyň, Kartahenanyň, Barselonanyň arhiýepiskoplary) korol Geňeşiniň täsirli agzalary, Kastiliýada we Aragonda bolsa kansler (hökümetiň başlygy) bolupdyrlar.

Ispaniýanyň buthanasy basylyp alnan ýerleriň musulmanlaryny hristiançylyga geçirmekde tagalla baryny edipdir. Şol sebäpden hem XIV-XV asyrlarda Ispaniýada dini meselelerde aýratyn çydamsyzlyk, dini kakyn güýçlenýär. Zor bilen hristiançylyga geçirilen mawrlar (moriskler) assyranlyk bilen musulmançylyga uýmaklaryny dowam etdiripdir. Üstesine-de, al-Andalusda hereket eden mosarab hristian buthanasy özüniň papalyk hem-de Kastiliýanyň we Aragonyň ruhanylary tarapyndan ykrar edilmedik käbir dini dessurlaryny işläp düzüpdir. Bu bolsa XV asyrda ýerese garşy göreşiň güýçlenmegine we 1481-nji ýylda buthananyň ýörite tribunalynyň (kazyýet) - *inkwizisiýanyň* («derňemek» sözünden) döredilmegine bahana bolup hyzmat edýär. 1483-nji ýylda ispan inkwizisiýasyna Torkwemada baştutanlyk edip, ol katolik karollary diýlip yglan Ferdinandyň we Izabellanyň goldamagynda mawrlary, moriskleri we ýeretikleri ýowuz yzarlamalara sezewar edipdir. Hristiançylyk däplerinden ýüz öwürmekde müňkürlik edilýän adamlara ýowuz jezalar

garaşypdyr. Inkwizitorlar olary zyndanlara taşlaýardylar, jebir-sütem edip, olara zorluk bilen «günälerini» boýunlaryna aldyrýardylar. Dinden çykanlary jezalandyrmak korolyň, ruhanylaryň we halk köpçüliginiň gatnaşmagynda amala aşyrylýardy. Şundan soň olary autodafe («diniň ýoly») hüküm edýärdiler. Autodafe boýunça dinden çykanlary otda ýakyp öldürýärdiler. Birinji ispan autodafesi 1481-nji ýylda Sewilýada bolup geçýär. Tiz wagtdan dinden çykanlary otda ýakmak adaty ýagdaýa öwrülipdir we munuň üçin ýörite meýdançalar gurlupdyr.

## § 8. Skandinawiýa ýurtlary XII-XV asyrlarda

**Feodal gurluşyň kemala gelmegi.** Skandinawiýa ýurtlary hakynda gürrüň edilende, Daniýa, Şwesiýa we Norwegiýa döwletleri göz öňünde tutulýar. Bu döwletleriň bir sebitde we geografiki giňişliklerde ýerleşindiklerine garamazdan, olaryň durmuş-ykdysady we syýasy ýagdaýlary deň bolmandyr. Wikingleriň ýörişleriniň tamamlanmagy Skandinawiýa ýurtlarynda tire-taýpa serdarlarynyň girdejileriniň kemelmegine we olaryň jemgyçilik täsiriniň peselmegine getirýär. Ekerançylyk ýerleri täze jemgyçilik toparlarynyň, esasan hem gullukçy begzadalaryň elinde jemlenip ugrady. Kemala gelýän feodal gatlagyň düzümine ýokary ruhanylar we köne begzadalaryň bir bölegi goşulypdyr. Erkin ilatyň içinden bölünip çykan ýerlerdäki täsirli adamlar hem ep-esli ýerleri öz ellerinde jemläpdirler. XII-XIII asyrlarda skandinawiýaly daýhanlaryň ep-esli bölegi öz ýerlerini elden giderip, iri mülklerde oruran kärendeçilere öwrülipdirler.

Feodal gatnaşyklarynyň ösmeginde korol häkimiýeti hem uly ähmiýete eýe bolupdyr. Korollar iri ýer eýeleri bolmak bilen, olar jemagata degişli örülere we tokaýlara ýokary eýeçilik hukugyny alýardylar. Şol sebäpden hem tokaýlardan

arassalanan we boş ýerlerde oturan daýhanlar hem korolyň kärendeçilerine öwrülýärdiler. Köşk adamlary we nökerleri bilen ýurda aýlanýan döwründe korol özüni ekläp-saklamaga ilaty mejbur edýärdi. Wagtyň geçmegi bilen şol ýygymlar daýhanlara salynýan adaty önüm salgydyna öwrülipdir. Salgyt ýygnamak hukugyny korol özüniň welaýatlardaky we etraplardaky häkimlerine beripdir. Korol tarapyndan gullukçy begzadalara berilýän bu hukuk Ýewropanyň beýleki ýurtlaryndaky feody ýada salypdyr. Emma Skandinawiýa ýurtlarynda feod seýrek ýagdaýlarda miras galdyrylyp bilnipdir. XIII asyrdan başlap Daniýada we Şwesiýada gurlup başlanan galalar hem feodallaryň özüne degişli bolmandyr: olar bu ýerde korolyň dikmeleri hökmünde oturýardylar; galanyň daş-töwereginde tertip-düzgüne gözegçilik edýärdiler; ilatdan salgyt ýygnaýardylar.

Daýhanlaryň tabyn ýagdaýa geçmekligi hem özboluşly häsiýete eýe bolupdyr. Adatça *bond* diňe bir ekerançy bolman, eýsem ol maldar, balykçy, awçy hem bolupdyr we aýratyn hutorda oturyp, özbaşdak hojalyk ýöredipdir. Hutorlarda ekerançylyk gowşak ösüpdir ýa-da bolmandyr, şol sebäpden hem bond nähilidir bir sürüm ýerlerine bagly bolup galmandyr. Netijede, şeýle adamyny şahsy tabynlyga geçirmek ýeňil iş bolmandyr. Bondlar ýarag göterýärdiler, şonuň üçin hem olar korolyň nöker goşunynda gulluk etmäge borçlydylar. Daýhanlaryň harby işde ähmiýetiniň uly bolandygy üçin, korollar hem olary uly güýç hökmünde ykrar etmeli bolýardylar. Emma orta asyr gatnaşyklary ösdügiçe harby gulluk daýhanlar üçin ýerine ýetirmesi kyn wezipä öwrülýärdi. Feodal toparlanyşyklaryň arasyndaky özara göreşler, uruşlar we nöker goşunyndaky gulluk olary tozdurýardy. Korol gullugyndan we kem-kemden artýan salgytlardan we borçlardan dynmak üçin köp bondlar özlerini we emläklerini iri ýer eýeleriniň howandarlygyna geçirýärdiler.

Emma hojalyk taýdan özbaşdak bolandyklary üçin we jemagat gurluşynyň saklanyp galandygy sebäpli, Ýewropa ýurtlaryndan tapawutlylykda, Skandinawiýanyň Daniýadan başga ýerleriniň daýhanlarynyň aglaba köpçüligi orta asyrlaryň bütin dowamynda öz şahsy erkinligini saklap galypdyrlar. Daýhanlaryň döwletiň öňündäki borçlary diňe salgyt tölemeklik bilen çäklenipdir.

Şeýlelikde, orta asyr gatnaşyklarynyň kemala gelişi we ösüş derejesi boýunça Skandinawiýa döwletleri Günbatar Ýewropa ýurtlaryndan ep-esli yza galypdyrlar: Günbatar Ýewropa döwletlerinde feodal jemgyýetine IX-XI asyrlarda doly geçildi, emma Skandinawiýada bu ýagdaý XII-XIII asyrlara çenli dowam etdi. Skandinawiýa ýurtlarynda döwlet häkimýeti hem kontinental Ýewropadan ep-esli soň ornaşdyryldy. Sebitiň döwletlerinde orta asyr gatnaşyklarynyň giç kemala gelmeginiň özboluşly sebäpleri bardy:

Birinjiden, Skandinawiýa döwletleriniň biri-birine ykdysady taýdan baglylygy pesdi, olaryň kontinental Ýewropa bilen giň söwda-ykdysady gatnaşyklary alyp barmaga meýilleri bolmandyr. Tersine, IX-XI asyrlarda skandinawiýaly taýpalar Günbatar Ýewropa ýurtlaryna garşy talaňçylykly çozuşlary geçirip, sebitiň halkalarynyň ösüşine uly zyýan ýetirdiler.

Ikinjiden, Skandinawiýa ýurtlarynda erkin daýhanlar köp wagtlap şahsy azatlygyny saklap galypdyrlar. Munuň özi feodalçylyk gatnaşyklarynyň kemala gelmegini bökdäpdir. Sebitiň ýurtlarynda ekarançylyk ýerlerine, tokaýlara, çemenliklere we öri meýdanlara jemagat eýeçiligi uzak wagtlap saklanyp galypdyr.

Üçünjiden, kontinental Ýewropanyň ýurtlary bilen deňeşdirilende, Skandinawiýa döwletlerinde diniň täsiri pes boldy. Sebäbi Demirgazyk Ýewropanyň ilaty hristian dinini has giç - X asyryň ikinji ýarymynda kabul etdi we buthana ýerleri we feodal ýeňillikleri hökümdarlar tarapyndan ruhanylara şol döwürden başlap berlip ugrady.

**XII asyryň ahyrlarynda – XIII asyrda Norwegiýanyň durmuş-ykdysady we syýasy ýagdaýy.** Feodalçylyk gatnaşyklarynyň ösmegi netijesinde Norwegiýada gatlaklaryň arasyndaky göreşler ýitileşýär. Olar köplenç korola we onuň gullukçylarynyň garşysyna gönükdirilipdir. Olaryň iň ulusy XII asyryň soňky çärýeginde - XIII asyryň başlarynda Norwegiýada bolup geçen raýatlyk urşudy. Urşuň başky tapgyrynda ol tagta dalaş edýänleriň arasyndaky göreşlerdi. Emma tiz wagtdan oňa bir tarapdan, döwletiň berkemegi bilen gyzyklanýan feodallaşýan gatlaklar we gullukçy begzadalar, beýleki bir tarapdan bolsa, daýhanlaryň agyr salgytlar zerarly tozdurylan garyp gatlaklary hem goşulyp ugrady. 1177-nji ýylda häkimiýeti eýelemäge hukugy bolmadyk Swerrir Norwegiýada birkebeýnerleriň[3] - garyplaryň gozgalaňyna baştutanlyk edip, häkimiýeti öz eline alýar. Emma Swerrir (1184-1202) tagty eýeläp iri ýer eýeleriniň, şeýle hem gozgalaňyň döwründe öz ýagdaýyny berkiden birkebeýnerleriň bir böleginiň bähbitlerini araýan syýasat ýöredip ugraýar. Tiz wagtdan Swerririň ýerli ruhanylar bilen arasy bozulýar, sebäbi korol buthanany öz häkimiýetine tabyn etmäge çalyşýardy. Bu jedellere Rim papasy hem goşulýar we ol Swerriri buthanadan çetleşdirip, ýurda interdikt goýýar. Swerrir hem öz gezeginde norweg prelatlarynyň papany goldaýanlaryny we öz häkimiýetine garşy çykýanlaryny ýurtdan kowup çykarýar. Bu döwürde ýurtda daýhanlaryň gozgalaňlary köşeşmändir, sebäbi raýatlyk urşy döwründe döwlet salgytlarynyň möçberi üzül-kesil artypdyr, korolyň töweregine jebisleşen ýokary gatlaklaryň ýagdaýy gowylaşypdyr. Norwegiýada halk çykyşlary diňe köne begzadalar we ruhanylar (olary papa bilen Daniýanyň koroly goldaýardy) Swerririň mirasdarlary bilen

---

[3]Agaç gabygyndan edilen çaryk. Gozgalaňçylar aýakgaplarynyň tozandygy sebäpli aýaklarynyň daşyna agaç gabygyny orapdyrlar.

ylalaşyk gazanyp, täze ýer eýeleri bilen bileleşip monarhiýany goldap başlanlaryndan soň basylyp ýatyrylypdyr.

Norwegiýada korol häkimiýetiniň güýçlenmegi XIII asyrda Magnus Kanunçynyň döwründe bolup geçýär. 1274-nji ýylda ol Norwegiýada XII asyryň ahyrynda – XIII asyryň başynda ýazylan welaýat kanunlarynyň ornuna ilkinji umumy norweg kanunyny kabul edýär. Bu döwürde ýerli häkimiýetiň başynda koroldan mülk alan begzadalar durupdyrlar. Daýhanlar köpçüligi ýurduň syýasy durmuşyndan çetleşdirilýär. Emma buthanalara we iri ýer eýelerine bondlaryň şahsy hukuklaryny ellerinden almak başartmandyr. Norwegiýada feodalçylyk döwrüniň guramalary bolan senýoriýa, wassalçylyk, feodal iýerarhiýasy, immunitet we iri ýer eýeleriniň kazyýeti kemala gelmändir. Ekerançylyk we sürüm ýerleriniň çäkli bolmaklygy we oturumlylykda hutarlaryň giň ýaýramakly zähmet borjunyň döremeginiň öňüni alypdyr, domenleriň tutýan meýdanlary hem uly bolmandyr. Salgydy önüm görnüşinde tölemeklik giň ýaýrapdyr we ol adatça döwletiň peýdasyna tölenilipdir. Şeýlelikde, Norwegiýada feodalçylyk gurluşy Skandinawiýanyň beýleki ýurtlaryndakydan has gowşak bolup çykypdyr.

**Şwesiýada feodalçylyk gurluşynyň ösüşi.** XII-XIII asyrlarda Şwesiýada hususy ýerleri bolmadyk daýhanlaryň gatlagy kem-kemden san taýdan artypdyr, emma iri ýer eýeleriniň agalygyna tabyn edilmedik erkin daýhanlar entekler köp bolupdyr. Korol häkimiýetini berkitmek ugrundaky göreşler we XII asyrda Finlýandiýany basyp almaga girişilmegi bilen Norwegiýada korol häkimiýetine hyzmat edýän gullukçy gatlak kemala gelip ugraýar. Ýerli begzadalar welaýatlaryň özbaşdaklygyny saklamaga we saýlawly korolyň bolmagyny gazanmaga synanyşyk edýärler, emma olar ýeňlişe sezewar edilýärler. Bu göreşlerde korollygyň häkiminiň we nöker goşunlarynyň serkerdesiniň - *ýarlyň* syýasy täsiri güýçlenýär. Ýarl Berger Finlýandiýa garşy haçly ýörişe (1249-1250)

baştutanlyk edýär we onuň günbatar welaýatlaryny özüne tabyn edýär. Buthananyň ýakyndan goldamagynda Ýarl Berger ogluny tagta çykarýar we täze dinastiýanyň düýbini tutýar. Korol häkimiýetiniň berkemegi Şwesiýada-da hemişelik salgytlaryň girizilmegi we bondlaryň ýagdaýynyň ýaramazlaşmagy bilen utgaşypdyr. XIII asyryň ikinji ýarymynda şwed feodallary – *frelsler* (ýagny töleglerden we zähmet borçlaryndan «boşadylanlar») gutarnykly ýagdaýda agalyk ediji gatlaga öwrülýärler. Olar atly rysar goşunynda gulluk borjuny ýerine ýetiripdirler we salgyt tölemekden boşadylypdyr. Ýokary ruhanylar immunitet artykmaçlyklaryna eýe bolupdyrlar.

**Daniýada feodalçylyk gurluşynyň ösüşi.** XII asyryň dowamynda Daniýada hem özara göreşler bolupdyr, emma korol Waldemar I (1157-1182) bäsdeşlerinden üstün çykyp, buthananyň ýardamy bilen öz häkimiýetini berkidýär. Daniýada buthananyň döwlet işlerindäki täsiri örän uly bolupdyr. Ruhanylar koroldan immunitet ýeňillikleri alypdyrlar we feodal gatnaşyklarynyň dabaralanmagyna uly itergi beripdirler. Skandinawiýanyň beýleki ýurtlaryndan tapawutlylykda, Daniýada Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň täsiri güýçli duýulypdyr.

XII asyryň ikinji ýarymynda Daniýada orta we ownuk ýer eýelerinden düzülen rysar goşunlary döredilýär. Korola gulluk edýändikleri üçin olary salgyt tölemekden boşadýardylar. Artykmaç hukuklara eýe bolan gullukçy gatlagy korol häkimiýetiniň esasy daýanjyna öwrülipdir, bondlar bolsa öz zähmetleri bilen şol gatlagy eklemeli bolupdyrlar. 1250-nji ýylda her bir ýer sürülýän azala, kündä salgyt salmaklygy girizendigi üçin «künde köpük» adyna eýe bolan korol Erik IV-niň garşysyna daýhanlar gozgalaňy turýar.

Daniýaly feodallar Baltika deňziniň boýlarynda ýaşaýan slawýanlaryň garşysyna ýörişleri geçiripdirler we olary katolikçilige salypdyrlar. Daniýanyň estlere garşy guralan

ýörişleri Narwanyň we Reweliň (Tallinn) eýelenilmegi bilen tamamlanýar. Bu ýerler XIV asyryň ortalarynda Tewton ordenine satylypdyr. Daniýanyň korollary german imperatorlarynyň häkimiýetiniň gowşamagyndan peýdalanyp, Demirgazyk Germaniýada basybalyşlary amala aşyrypdyrlar. Şwed koroly Waldemar II (1202-1204) Golşteýni, Gamburgy we başga-da käbir ýerleri eýeleýär, Lýubek bolsa onuň howandarlygyna geçýär. Emma 1227-nji ýylda basylyp alnan bu ýerleriň ählisi Waldemaryň demirgazyk german şäherlerinden ýeňilmeginiň netijesinde elden giderilýär.

**Şäherler we býurgerler.** Ykdysady ösüşiň derejesiniň pesligi we natural hojalygyň durnukly ýagdaýda galmagy Skandinawiýada şäherleriň gowşak bolup çykmagyna getirýär. Wikingleriň ýörişleri döwründe uly ähmiýete eýe bolan söwda merkezleri X-XI asyrlarda tozupdyr. Duz gaýnatmak, metal öndürmek, dokmaçylyk we senetçiligiň beýleki ugurlary bilen daýhan hojalyklary meşgullanýardylar. Içerki söwda gowşak ösüpdir, oba ýerlerinde pul juda seýrek ulanylypdyr, şol sebäpden hem köp wagtlap önüm alyş-çalyşy höküm sürüpdir. Alyş-çalyşyň serişdesi hökmünde köplenç mallar, mawut mata we beýleki harytlar peýdalanylypdyr.

XII asyryň ikinji ýarymynda we XIII asyrda senetçilik we söwda birneme janlanýar. Daşary söwda ep-esli giňeýär: balyk önümleriniň, sütükleriň we gönüň çykarylyşy artýar. Norwegiýadaky Bergen, Gotland adasyndaky Wisbýu, Skonedäki her ýylky ýarmarkalar Demirgazyk Ýewropadaky söwda işlerinde uly ähmiýete eýe bolupdyrlar.

German (magdeburg) şäher hukugynyň nusgasynda Daniýanyň we Şwesiýanyň käbir şäherlerine korol häkimiýeti tarapyndan içki özbaşdaklygy kepillendirýän hartiýa berilýär. Bu döwürler Stokgolm ýokary göterilipdir. Emma ykdysady taýdan gowşak býurgerler syýasy durmuşa täsir etmekden ejiz gelýärdiler. Üstesine-de, XIII asyryň ortalaryndan başlap Skandinawiýa ýurtlary bilen söwdada ganzaly, esasan hem

Lýubegiň we Rostogyň täjirleri agalyk ediji orna eýe bolupdyrlar. Olar balyk, maldarçylyk önümleriniň we senetçilik harytlarynyň söwdasyny öz ellerine alýarlar. Şwesiýanyň demir we mis gazylyp alynýan pudaklarynda nemesler hojaýynçylyk edyärdiler. Daniýanyň, Norwegiýanyň we Şwesiýanyň corollary german täjirlerinden we süýthorlaryndan karz pul alýardylar, şonuň üçin hem ýerli monarhlar olara giň ýeňillikleri berýärdiler. Şwesiýanyň iri şäherleriniň munisipal geňeşleriniň agzalarynyň ýarpa golaýy nemeslerden durýardy we olar Bergende, Daniýanyň portlarynda hem hojaýynçylyk edýärdiler. Nemes täjirleri we senetçileri Skandinawiýada käbir pudaklaryň ösüşine (mysal üçin, balykçylykda, maldarçylykda, dag-magdan işlerinde) oňaýly täsir edipdirler, emma beýleki bir tarapdan olaryň agalygy ýerli býurgerleriň – şäher ilatynyň ösüşini togtadypdyr.

**XIII asyryň ahryndaky we XIV asyrdaky syýasy göreşler.** Korol häkimiýeti tarapyndan amala aşyrylýan merkezçilik syýasaty garaşylýan netijeleri bermeýärdi. Iri feodallar korolyň garşysyna çykyp, ony öz erklerine tabyn edýärdiler. Içki göreşler Skandinawiýa ýurtlarynyň biri-biriniň arasyndaky dawalar bilen utgaşýardy, sebäbi korollar we olaryň ýapjalary özlerine daşardan goldaw gözleýärdiler. Aýratyn hem Daniýadaky göreşler ýiti häsiýetdedi. 1282-nji ýylda korol Erik Klipping hartiýa gol çekip, her ýylda döwletiň umumy ýygnagyny – iri magnatlardan durýan *danehofy* çagyrmaga we feodallaryň hukuklaryny hem-de erkinligini goramaga borçlanýar. Erigiň daniýalylaryň «erkinlik



Magnus Erikson

hartiýasyny» bozmaga eden synanyşygy onuň öldürilmegi bilen tamamlanýar we korol häkimiýeti bilen iri feodallaryň arasynda uzaga çeken dawalar başlaýar. 1320-nji ýylda Daniýada korol häkimiýeti döwlet dolandyryşy öz eline alan iri feodallaryň öňünde gutarnykly boýun synýar. Olardan ygtyýarsyz korolyň uruş yglan etmäge we salgyt ýygnamaga hukugy bolmandyr.

1284-nji ýylda Şwesiýada hem iri feodallardan we ýepiskoplardan durýan ýerli döwlet geňeşi – *riksroda* çagrylyp başlaýar. Riksrodanyň çagyrylmagy feodal begzdalaryň täsirini güýçlendirýär. 1319-njy ýylda topalaňçy feodallar koroly ýurtdan kowýarlar we kiçi ýaşly norweg koroly Magnus Eriksony tagta çykarýarlar. Onuň dolandyran döwründe umumy şwed kanunlary kabul edilýär. Şwesiýa bilen Norwegiýanyň arasynda uniýa hem baglaşylýar we ol 1319-1363-nji ýyllar aralygynda hereket edýär. Magnusyň begzadalaryň we buthananyň maliýe arykmaçlyklaryny çäklendirmäge garşy eden synanyşyklary iri feodallaryň garşylygyny döredýär. Magnusy agdaryp olar nemes gersogy Albreht Meklenburglyny korol edip saýlaýarlar. Korol Albreht ähli meseleleri riksroda bilen maslahatlaşyp çözmäge borçlanýar.

XIV asyrda Skandinawiýa ýurtlarynyň üçüsinde hem häkimiýet iri feodallaryň elinde bolup, olaryň aglabasynyň diňe bir öz ýurdunyň içinde däl, eýsem Skandinawiýanyň beýleki ýurtlarynda hem mülkleri bolupdyr. Olaryň salgyt ýygnamaga bolan hukuklary giňäpdir we olaryň tabynlygyndaky daýhanlaryň sany çalt köpelipdir.

XIV asyryň birinji ýarymynda daýhan hojalyklarynyň ýagdaýynyň ýaramazlaşmagy bilen oba hojalygynda durgunlyk ýüze çykýar, ekerançylyk ýerleriniň möçberi üzül-kesil kemelýär. XIV asyryň ortalaryndaky «Mergi» keseli hojalygyň tozgunlygyny has-da güýçlendirýär. Mergi keseliniň ýetiren ykdysady zyýany Skandinawiýa ýurtlaryna, aýratyn hem Norwegiýa ýetiren zyýany juda çökder bolupdyr. Işçi güýjüniň

ýiti ýetmezçiligi ekerançylyk pudagynyň ähmiýetiniň peselmegine we ykdysadyýetde maldarçylyk önümçiliginiň umumy agramynyň artmagyna getirýär. XV asyryň ahyrlaryna – XVI asyryň başlaryna çenli Norwegiýa ykdysady durgunlykdan we hojalyk tozgunçylygyndan çykyp bilmändir.

**Daniýanyň Ganza bilen uruşlary.** Daniýada Waldemar IV Atterdaga (1340-1375) buthananyň we rysarlaryň goldamagynda korolyň häkimiýetini berkitmek başardýar. Öňki döwürlerde elden giderilen ýerler, şol sanda baý Skone welaýaty gaýtarylyp alynýar. Emma daniýaly korolyň Gotland adasyny we onuň Baltika deňzindäki möhüm söwda merkezi bolan Wisbýu portunyň eýelenilmegi Daniýanyň demirgazyk german Ganza bileleşigi bilen çaknyşmagyna getirýär. 1367-1370-nji ýyllarda bolup geçen bu uruşda Daniýa Ganzadan agyr ýeňlişe sezewar bolýar. 1370-nji ýylda baglaşylan Ştralzund ýaraşyk şertnamasy boýunça ganzaly täjirler üçin gümrük tölegleriniň peseldilýär we Skonedäki dört sany möhüm gala olaryň gözegçiligine berilýär. Bu bolsa Ganza bileleşiginiň Baltika deňzindäki agalygyny üpjün edýär. Şertnama boýunça daniýaly korol ganzanyň ygtyýary bolmasa başyna täç geýip bilmändir. Norwegiýa hem ýurtdaky söwda işlerini öz ellerine alan nemes täjirleriniň artykmaç hukuklaryny ykrar etmäge mejbur bolupdyr.

Şeýlelikde, Daniýanyň we Şwesiýanyň mülkleriniň demirgazyk german gersoglary tarapyndan basylyp alynmak howpy abanýar. Şeýle şertlerde häli-şindi ýüze çykyp duran özara dawalara garamazdan, Skandinawiýanyň monarhlary birleşmäge ýykgyn edipdirler. Etniki umumylyk, ykdysady we medeni ösüşiň meňzeşligi bu ýurtlaryň dinastiýalarynyň arasynda uniýa görnüşli syýasy bileleşigi döretmek mümkinçiligini ýeňilleşdirýär. Daniýanyň koroly Waldemar IV Atterdagyň gyzy we norweg korolynyň aýaly Margarita (1353-1412) Daniýanyň tagtyna öz ogly Olafy çykarýar we onuň adyndan Daniýany hem-de Norwegiýany dolandyryp başlaýar.

1387-nji ýylda Olaf ölenden soň bolsa Margarita iki döwletiň dolandyryşyny hem öz eline alýar. 1389-njy ýylda şwed feodallarynyň goldawy bilen Margarita Şwesiýanyň tagtyna hem eýe bolýar. 1397-nji ýylyň iýunynda üç döwletiň wekilleriniň gatnaşmagynda Şwesiýanyň Kalmar şäherinde Margaritanyň aýal doganynyň agtygy Erik Pomeranly Daniýanyň, Şwesiýanyň we Norwegiýanyň koroly diýlip yglan edilýär. Şol bir wagtyň özünde Skandinawiýanyň üç döwletiniň arasynda baky uniýa baglaşylýar. Uruşlar döwründe döwletler biri-birine ýardam bermeli bolupdyrlar, ýöne olaryň her birinde öz kanunlary saklanyp galypdyr. Emma baglaşylan bu uniýa döwlet geňeşleriniň tassyklanylmagyna hödürlenilmändir we ol şähsy häsiýete eýe bolupdyr. Baglaşylan uniýa üç döwletiň ýagdaýyny deňleşdirmändir. Sebäbi ykdysady taýdan kuwwatly we gür ilatly Daniýa uniýanyň baglaşylmagyndan peýda görüpdir. Emma muňa garamazdan, wagtlaýyn hem bolsa-da Kalmar uniýasy korol häkimiýetini berkidipdir. Korol Erige nemes täjirleriniň artykmçalyklaryny çäklendirmek hem başardýar. Uruşdan soň Demirgazyk deňzinden Baltika girýän gämilerden paç almaklyk girizilýär. Netijede paçlar döwlet girdejileriniň esasy çeşmeliniň biri bolupdyr. Emma Ganza bilen alnyp barlan uruşlar Daniýa, Norwegiýa, aýratyn hem Şwesiýa uly zyýan ýetiripdir.

**Engelbrekt Engelbrektssonyň gozgalaňy (1434-1436).** Şwesiýanyň we Norwegiýanyň ykdysady özbaşdaklygynyň daniýaly hökümdarlary tarapyndan çäklendirilmegi bu ýurtlaryň ilatynyň giň gatlaklarynyň bähbitlerine degipdir. Nägilelikler aýratyn hem Şwesiýada güýçli bolupdyr. Stokgolmyň täjirleri, Dalekarliýanyň magdançylary nägilelik bildirýärdiler. 1434-nji ýylda Dalekarliýada gozgalaň başlaýar: magdançylar we daýhanlar salgytlaryň azaldylmagyny talap edýärler we Şwesiýada daniýalylaryň hem-de nemesleriň eden-etdiliklerine garşy çykýarlar. Gozgalaňçylara magdan käniniň eýesi, asly ownuk rysarlardan bolan Engelbrekt Engelbrektsson

baştutanlyk edýär. Herekete käbir feodallar hem goşulýarlar. 1435-nji ýylda gatlaklaýyn wekilçilikli ýygnak açylyp, onuň işine ruhanylardan we feodallardan başga-da, býurgerler we bondlar tarapyndan saýlanylan wekiller hem çagrylypdyr. Şeýdip şwedleriň XV asyryň ikinji ýarymynda doly kemala gelen gatlaklaýyn wekilçilikli ýygnagy – *riksdag* döredilýär. Emma riksdagda «döwletiň serdary» diýlip yglan edilen Engelbrekt 1434-nji ýylda ähtiýalanlyk bilen öldürilýär. Gozgalaň basylyp ýatyrylypdyr, emma ol daniýalylaryň we nemesleriň Şwesiýadaky agalygyny ep-esli peseldýär.

Şwesiýadaky ýaly wakalar Norwegiýada, Finlýandiýada we Daniýada-da bolup geçýär. 1436-njy ýylda Oslonyň töwereklerinde we 1441-nji ýylda Ýutlandiýada gozgalaňlar turýar. Korol Erik Daniýadan gaçyp gidýär we korol häkimiýete ýene-de gowşaýar.

Daniýanyň gatlaklarynyň ýygnagy 1468-nji ýyldan başlap çagrylyp ugraýar. Emma ol Günbatar Ýewropanyň iri döwletlerindäki gatlaklaýyn wekilçilikli ýygnaklardan tapawutlylykda, korolyň maliýe syýasatyna gözegçilik edip bilmändir, özi hem juda seýrek çagyrylypdyr.

**Skandinawiýa ýurtlary XV asyryň ikinji ýarymynda.** XV asyryň ikinji ýarymynda Şwesiýada we Norwegiýada Kalmar uniýasy babatynda dürli garaýyşlar saklanyp galypdyr. Norwegiýanyň býurgerleri gowşakdy we söwda işlerinden Lýubegiň we Rostogyň täjirleri tarapyndan çetleşdirilen yagdaýdady.Norweg feodallary uniýa garşy azat edijilik hereketine baştutanlyk etmekden ejiz gelýärdiler. Bu döwürde Norwegiýanyň Orkneý we Şetland adalary Şotland korollarynyň gol astyna geçýär.XIV asyryň ahyrlarynda Islandiýada norweg hökümdarlygy ýatyrylyp, daniýalylaryň agalygy ýola goýulýar. Deňizçiligiň we söwdanyň pese düşmegi Norwegiýa bilen Grenlandiýanyň arasyndaky gatnaşyklaryň ýatyp galmagyna getirýär, Grenlandiýadaky skandinaw obalary bolsa ýitýär.

Şwesiýada uniýany ýatyrmak ugrundaky göreşler dürli sosial toparlaryň arasyndaky çaknyşyklar bilen utgaşypdyr. Feodallaryň we ýokary ruhanylaryň bir bölegi Daniýanyň kömegine bil baglapdyr. Iki döwletde hem mülkleri bolan iri ýer eýeleri uniýanyň tarapdarlary bolup çykyş edipdirler. Feodallaryň býurgerlere we daýhanlara bil baglaýan beýlki bir bölegi uniýa garşy çykypdyr. Iri şwed feodaly Karl Knutsson azat edijilik hereketine daýanyp tagty basyp alýar (arakesmeler bilen 1448-1470-nji ýyllarda hökümdarlyk etdi). 1471-nji ýylda býurgerler we daýhanlar şwed begzadasy Sten Stureniň baştutanlygynda Brunkebergiň eteginde daniýa korolynyň goşunlaryny ýeňlişe sezewar edýärler. Bu ýeňiş şwedleriň watançylyk duýgylaryny galdyrýar. Şäher geňeşlerinden nemesler kowulýar, Upsalada ilkinji şwed uniwersiteti açylýar.

Sture neslinden bolan regentleriň döwründe (1471-1520) Şwesiýanyň bähbitlerini araýan birnäçe çäreler durmuşa geçirilýär: gymmat baha metallaryň ýurtdan çykarylyşy çäklendirilýär, söwda we senetçilik işleri şwed býurgerleriniň eline geçýär. Demir we mis söwdasyny alyp barmak, şeýle hem pul zikgelemek işini döwlet öz eline alýar. Sture buthana ýerlerini hem azaldýar. Ol Şwesiýanyň uniýadan çykmagyny maksat edinmändir, ýöne döwletiň öz ykdysady we syýasy bähbitlerini goramak ugrunda alyp barýan işleri has özbaşdak häsiýete eýe bolupdyr.

XV asyrda Daniýada-da býurgerleriň täsiri ýokarlanypdyr. Kopengagen korollaryň oturýan ýerine öwrülýär. Asyrý soňky çärýeginde şäherde uniwersitet hem açylýar. Ganzalylaryň artykmaçlyklary ýok edilýär. Daniýaly feodallaryň eline geçen oba hojalyk önümleriniň söwdasy ýurdy ykdysady taýdan Şlezwig, Golşteýn we Demirgazyk Germaniýa bilen baglanyşdyrýar. Korol Kristian I (1448-1481) 1460-njy ýylda özüniň Şlezwig we Golşteýniň gersoglygyna saýlanylmagyny gazanýar.

## § 9. Wengriýa XI-XV asyrlarda

**Wengriýada irki orta asyr döwletiniň döremegi.** Dnepr we Don derýalarynyň aşak akymlaryndan peçenegler tarapyndan gysylyp çykarylan ýarym çarwa wenger (madýar) taýpalary IX asyryň ahyrlarynda Karpat daglaryndan geçip Orta Dunaýyň boýlarynda mesgen tutup başlaýarlar. Amatly tebigy we daşary syýasy şertler wengerleriň hojalyk we sosial taýdan ösmeklerine itergi berýär. X asyrda olar Orta Dunaýyň ýerlerini özleşdirip oturymlylyga geçýärler. Olarda feodalçylyk gatnaşyklary kemala gelip ugrapdyr, X asyryň ikinji ýarymynda bolsa döwletiň ilkinji alamatlary ýüze çykyp ugraýar. Demirgazykda we günortada wengerler bilen goňşyçylykda slowaklaryň we horwatlaryň ata-babalary ýaşapdyrlar. Olaryň ýaşaýan ýerleri köp milletli Wenger korollygynyň bir bölegini tutupdyr.



Arpad (IX asyr)

Wengriýada feodalçylyk gatnaşyklarynyň ýüze çykyp ugramagy we kemala gelmegi XIII asyryň ortalaryna çenli dowam edipdir. X asyryň ikinji ýarymynda wengerleriň ýurdunda wizantiýaly we günbatar ýewropaly missionerler – din ýaýradyjylar hereket edipdirler. Arpadlar neslinden bolan Iştwan katolikçiligi kabul edip, Wengriýanyň ähli ýerlerini öz häkimiýetine tabyn edýär. Ol papa Silwestr II-den korollyk täjine mynasyp bolup, öz ýurdunda arhiýepiskoplyk we ýepiskoplyklary esaslandyrmaga ygtyýar alýar. Iştwan I Keramatlynyň (997-1038; 1001-nji ýyldan korol) döwründe irki feodalçylyk döwletiniň düýbi tutulýar, ilkinji kanunlar kabul edilýär, iri feodal we buthana ýer eýeçiligi peýda bolup ugraýar

we ilatyň hristianlaşmagy dowam edýär. Arpadlar dinastiýasyndan (1301-nji ýyla çenli dolandyrýar) bolan korollaryň içeri syýasaty feodalçylyk gatnaşyklarynyň berkemegine oňyn täsir edýär.

**XII-XIII asyrlarda feodalçylyk gatnaşyklarynyň kemala gelmegi.** Iri ýer eýeleriniň we korolyň mülkleri başda erkin jemagatçylar we tabyn daýhanlaryň dürli toparlary tarapyndan işlenilip bejerilipdir. Tabyn daýhanlaryň arasynda *serwleriň* we öňki gullaryň nesilleri bolan *libertinleriň* ýagdaýy agyr bolupdyr. XI asyrda olar şahsy taýdan tabyn daýhanlara öwrülýärler. Libertinler we serwler esasy zähmet borjuny ýerine ýetiripdirler, ýöne buthana ýerlerinde daýhanlar zähmet borjyny ýerine ýetirmek bilen bir hatarda, önüm salgydyny hem töläpdirler. Daýhanlaryň korolyň giň mülklerinde ýerleşdirilen aýratyn bölegini «*gala adamlary*» - öňki erkin adamlar tutup, olar korolyň peýdasyna gulluk etmäge, zähmet borjuny ýerine ýetirmäge we salgyt tölemäge borçly bolupdyrlar. Daýhanlaryň «*udwornikler*» (slawýanlaryň «dwor» - hojalyk sözünden) diýlip atlandyrylan beýleki bir bölegi korolyň köşk hojalygynda hyzmat edipdirler. XI asyryň dowamynda erkin jemagatçylaryň esasy köpçüliginiň tabyn daýhanlara öwrülmegi tamamlanypdyr. XII-XIII asyrlaryň çeşmelerinde daýhanlaryň «erkin» diýlip atlandyrylan topary hakykat ýüzünde tabyn ilatyň bir bölegi bolupdyr. Tabyn daýhanlardan tapawutlylykda, olar bir hojaýyndan beýleki bir hojaýyna erkin geçip bilipdirler.

XIII asyryň ahyrlaryna çenli Wengriýa korollygynda tabyn daýhanlaryň bitewi gatlagy kemala gelýär. Şunda serwleriň we libertinleriň ýagdaýy ýeňilleşipdir, tersine erkin daýhanlaryň ýagdaýy agyrlaşýar. XIII asyryň ortalaryna çenli daýhanlara salynýan salgytlaryň we olary ýerine ýetirmeli borçlarynyň sanawy hem doly takyklanylyp gutarýar we önüm salgydy tölegiň esasy görnuşine öwrülýär, ýöne pul salgydy hem bolupdyr. XIII asyryň ahyryna çenli ähli daýhanlar bir mülkden beýleki bir mülke, bir hojaýyndan beýleki bir

hojaýyna erkin geçip bilmäge bolan hukuga eýe bolýar. XIII asyryň ortalarynda feodal gatlagynyň hukuklarynyň we ygtyýarlyklarynyň kanun esasynda takyklanylmagy hem doly tamamlanýar. Wengriýada feodal gatlagynyň kemala gelmegine ýerli begzadalardan başga-da, korollyga göçüp gelen we wengerler bilen garyşan kese ýeli (nemes we slawýan) rysarlar hem gatnaşypdyrlar.

XIII asyryň ortalarynda iri feodallar we buthana ykdysady hem-de syýasy taýdan uly ähmiýete eýe bolýarlar. Şindi XII asyryň ortalarynda-da hususy ýerler möçberi boýunça korolyň domenlerinden ep-esli azdy. Emma şol wagtlardan başlap feodallar we buthana korol domeniniň hasabyna öz mülklerini giňeldip başlaýarlar. Ýerleriň peşgeş berilmegi korol Endre II-niň (1205-1235) döwründe has giň gerime eýe bolýar, şol sebäpden hem onuň dolandyran ýyllarynda iri ýer eýeleriniň syýasy täsiri ep-esli artýar.

Şeýle şertlerde daýhanlar köpçüligi we iri feodallaryň özara göreşýän toparlarynyň biri tarapyndan goldalýan ownuk feodallaryň – «korol hyzmatkärleriniň» hereketi başlaýar. Şol sebäpden hem 1222-nji we 1231-nji ýyllarda Endre II «Altyn bullany» (altyn möhür basylan kanunçylyk hatlary) kabul etmäge mejbur bolýar. Bu kanunlar agalyk ediji gatlagyň dürli toparlarynyň eýe bolan ygtyýarlyklaryny we hukuklaryny tertibe salypdyr. Feodallaryň şu resminamalarda görkezilen hukuklary birnäçe asyrlap dowam edipdir. «Altyn bulla» boýunça, korol magnatlara uly etraplary we galalary bermezlige, daşary ýurtlara ýörişler geçirilende «korol hyzmatkärlerine» töleg tölemäge we olary magnatlaryň eden-etdiliklerinden goramaga borçlanypdyr. Magnatlaryň artykmaçlyklary hem saklanyp galypdyr. Eger-de, bullalarda görkezilen kadalary bozan ýagdaýynda, magnatlaryň korola garşylyk görkezmäge hukugy bolupdyr. 1231-nji ýylyň bullasy buthana-da giň hukuklary berýär. Netijede, feodallara we buthana berlen giň hukuklar, olaryň özbaşdaklygynyň

güýçlenmegine we ýurtda separatistik meýilleriň döremegi üçin amatly şertleri döredipdir.

**Wengriýa korollygynyň daşary syýasaty.** Korollygyň dörän ilkinji günlerinden başlap, wenger korollary Wengriýany özüniň wassalyna öwürmäge çalyşýan german imperatorlarynyň syýasatyna garşy uzaga çeken göreşleri alyp barmaly bolupdyrlar. XI asyrda Wengriýanyň korollary Kiýew Rusy bilen dostlukly we hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny alyp barmaga çalşypdyr. Bu syýasat tä XI asyryň ahyryna çenli dowam edipdir. 1091-nji ýylda peçenegleri ýeňlişe sezewar edip, wengerler olaryň Günbatar Ýewropa garşy guralan ýörişleriniň öňüni alypdyrlar. XII asyrdan başlap Wengriýa korollygy awstriýaly markgraflaryň we Babenberg gersoglarynyň, Wizantiýa imperiýasynyň salýan howpuny hasaba almaly bolupdyrlar.



Bela IV

XI asyryň ahyrynda – XII asyryň başynda Wengriýa käbir ýerleri hem basyp alýar. 1091-nji ýylda Laslo I (1077-1095) Horwatiýanyň kenaryndaky Belgrady basyp alýar, Kalman (1095-1116) bolsa 1092-nji ýylda horwatlaryň korolynyň täjini geýýär. Kalmanyň döwründe 1105-nji ýylda Dalmatiýanyň şäherleri we Günorta Horwatiýa tabyn edilýär. Girdejileriniň üçden bir bölegini töläp bu şäherler içki awtonomiýany saklap galýarlar.

1241-1242-nji ýyllarda Wengriýa mongol basybalyjylarynyň çozuşlaryna sezewar edilýär. 1241-nji ýylyň martynda mongol goşunlary Baty hanyň baştutanlygynda üç sap (kolonna) bolup Wengriýa çozup girýärler. Bela IV-niň (1235-1270) mongollara garşylyk görkezmäge ýeterlik güýji

bolmandyr. Onuň goşunlary Şaýo derýasynyň boýunda derbi-dagyn edilýär. Bela IV-niň özi ilki awtriýanyň gersogynyňka, soňra bolsa Dalmasiýanyň kenarlaryna gaçyp gidýär. Rim papasy, awstriýa gersogy Wengriýa kömek bermändirler. Emma Adriatika deňziniň boýlaryna ýetip, 1242-nji ýylyň martynda mongollar birdenkä yzlaryna dolanýarlar. Mongollaryň çozuşy Wengriýanyň ösüşine ýaramaz täsir edipdir. XIII asyryň ikinji ýarymynda merkezi häkimiýetiň gowşamagy dowam edýär, munuň tersine, iri magnat neberöleriniň täsiri güýçlenýär. Ýurduň Dunaý derýasyndan günbatardaky ýerlerinde Nemetuýwari (Henrikfi) graflarynyň nesilleri, demirgazyk-günbatarda - (häzirki Slowakiýanyň ýerleri) Çaklaryň nesli, gündogar we demirgazyk-gündogarda bolsa Aba we Borşa nebereleri hojaýynçylyk edýärdiler. Bu nebereleriň her biri korolyň häkimiýetini hasap etmän içeri we daşary syýasaty özbaşdak amala aşyrýardylar, *familiarlar* diýlip atlandyrylan ownuk feodallardan düzülen şahsy goşunlary saklaýardylar. Bu döwürde buthanalar hem doly özbaşdaklykdan peýdalanýardylar. Laslo IV-niň (1272-1290) peçeneglere daýanyp magnatlary boýun egdirmäge eden synanyşyklary netije bermändir. Arpadlar dinastiýasyndan bolan iň soňky korol Endre III-niň (1290-1301) dolandyran ýyllarynda feodal anarhiýa ýetjek derejesine ýetipdir we ondan soňky baş-başdaklyklar döwründe (1301-1308) wenger tagty ugrunda kese ýerli dinastiýalaryň wekilleriniň arasynda göreşler gidipdir.

**Şäherleriň we dag-magdan işleriniň ösüşi.** XIII asyrda Wengriýa korollygynda ekerançylyk önümçüliginden we feodallaryň tabynlygyndan çykan senetçilik we söwda merkezleri, senetçileriň we söwdagärleriň şäherçeleri peýda bolýar. Şeýle şäherçeleriň köpüsine korollar tarapyndan uly ýeňillikler berlipdir. Buda, Peşt, Estergom, Dýer, Şopron, Sekeşfeherwar, Požon (häzirki Bratislawa), Koložwar (häzirki Kluž-Napoka) has uly şäherler bolupdyrlar. Bulardan başga-da

Wengriýada köp sanly oba şäherleri hem bolupdyr. Bular uly obalar bolup, olaryň ýaşaýjylarynyň arasynda harytlaryny ýerli bazarda satýan senetçiler hem bardy; şeýle obalarda şäherlileriňki ýaly ýeňillikler bolmandyr, ýöne jemagat dolandyryş guramalary saklanyp galypdyr. XIV asyrda şäher senetçiliginiň ösüşinde uly ilerlemeler bolup geçýär. Asyryň 70-nji ýyllarynda aýry-aýry hünärler boýunça senetçileri özünde birleşdirýän sehler peýda bolýar. Bu döwürde senetçiligiň seh guramalary bilen gurşalan 25-e golaý görnüşi bolupdyr.

Wengriýanyň şäherleri giç döräpdir. Şol sebäpden hem olaryň ykdysady we syýasy täsiri pes, şeýle hem ilatyň umumy sanynda şäherlileriň tutýan paýy ujypsyz boldy. Üstesine-de, olar sosial we etniki oňşuksyzlyklaryň hem merkezidi. Ýöne, umuman alnanda, Ýewropanyň köp şäherlerindäki ýaly, feodal anarhiýa garşy göreşlerde korol häkimiýetini goldamak bilen wenger şäherleri hem feodallara garşy durýardylar. Şäherlerde häkimiýet aýry-aýry baý maşgalalaryň elinde bolup, kähalatlarda, ol nesilden-nesle-de geçipdir. Patrisiatyň düzümine şäherli ýer eýeleri, söwdagärleriň hem-de süýthorlaryň has gurplylary giripdirler. Wengriýanyň şäherleriniň aglabasynda patrisiatyň esasy köpçüligini, şäherlileriň esasy köpçüligini nemesler düzüpdirler. Şolaryň söwda-senetçilik şäherçeleriniň esasynda-da wenger şäherleri döreýär. Nemes senetçileriniň we söwdagärleriniň wenger daýhanlarynyň arasyna göçüp gelmegi XII-XIII asyrlarda ýurduň öndüriji güýçleriň ösüşine oňaýly täsir edipdir. Emma wagtyň geçmegi bilen senetçiler gatlagynyň üsti wengerler bilen doldurylyp durupdyr, häkimiýet bolsa nemes asylly patrisiatyň elinde galypdyr. Şol sebäpden hem şäherliler bilen patrisiatyň arasyndaky oňşuksyzlaryň diňe bir sosial mazmuny bolman, ol etniki häsiýete-de eýe bolupdyr. Mysal üçin, 1439-njy ýylda Budada bolup geçen şäherlileriň gozgalaňy

nemesleriň eden-etdiligini ýok etmek bilen baglanyşykly şygarlara duwlanypdyr.

XIV-XV asyrlarda Wengriýa korollygynda dag-magdan işleri, hususanda gymmat baha metallary we mis gazyp almaklyk çalt depginler bilen ösüpdir. Muňa has hem korollaryň köp girdeji berýän da-magan önümçiligini giňeltmäge gönükdirilen çäreleri oňaýly täsir edipdir.

**Gatlaklaýyn-wekilçilikli monarhiýanyň kemala gelmegi.** XIV asyryň başlaryna çenli esasy feodalçylyk gatlaklarynyň döremegi merkezi häkimiýeti güýçlendirmek we berkitmek üçin şertleri döredýär. Feodal anarhiýanyň ýok edilmegine ownuk we orta feodallar, şäherliler, şeýle hem katolik buthanasy uly gyzyklanma bildiripdirler. Fransuzlaryň Anžuý neberesiniň neapolitan şahasyndan bolan Karl Robert (1308-1342) magnatlaryň syýasy özbaşdaklygyna garşy aýgytly çäreleri geçirýär. Döwlet ähmiýetli bu işde koroly ýurduň ähli gatlaklary goldapdyrlar. Şunuň netijesinde Wengriýada ýuwaş-ýuwaşdan gatlaklaýyn-wekilçilikli monarhiýa döräp ugraýar. Emma şäherleriň ykdysady taýdan gowşaklygy sebäpli şäherlileriň syýasy ähmiýeti pes bolupdyr we şol sebäpden hem olar döwlet ýygnaklaryna aýratyn gatlak hökmünde saýlanylmandyr, ýagdaý şeýle bolansoň döwlet ýygnaklary diňe feodallaryň wekilçilikli guramasy bolupdyr. Gatlaklaýyn-wekilçilikli monarhiýanyň gutarnykly kemala gelip bilmezliginiň we korol häkimiýetiniň gowşak bolmagynyň esasy sebäbi, magnatlaryň ykdysady ähmiýetiniň saklanyp galmagy we ýokarlanmagy, korolyň wassallary bolan ownuk we orta feodallaryň magnatlaryň familiýarlaryna öwrülmegi, domenleriň möçberiniň kemelmegi bilen bagly bolupdyr. Korolyň häkimiýeti Karl Robertiň we Laýoş I-niň (1342-1382) döwründe az wagtlyk berkänden soň XV asyryň başlarynda ýurtda ýene-de magnatlaryň eden-etdiligi başlaýar. Korol Žigmondyň (1387-1437) dolandyryşynyň birinji döwri we onuň german imperatory hökmünde Sigizmund (1411-1437) ady

bilen dolandyran ikinji döwri magnat bileleşikleriniň – ligalarynyň arasyndaky ýiti göreşleriň ýyllary bolupdyr. Bu göreşler wenger tagtyna kese ýerli dalaşgärleriň – Karl Neapolitanlynyň we onuň ogly Wladislawyň goşulmagy bilen has hem ýitileşýär. Korol özara göreşýän feodal toparlaryň elindäki oýunjaga öwrülip, ol özüni goldaýan magnatlara eglişik yzyndan eglişik edipdir. Ýurtdaky şeýle ýagdaýlar Osman imperiýasy tarapdan uly howpuň abanýan döwründe bolup geçipdir.

1396-njy ýylda osmanly türkmenler Žigmond tarapyndan baştutanlyk edilýän Günbatar Ýewropa ýurtlaryndan ýygnanan haç göteriji goşunlaryny derbi-dagyn edýärler. Bu şowsuzlyk, şeýle hem Warnanyň etegindäki (1444) we Kosowo meýdanyndaky (1448) ýeňlişler Wengriýanyň harby-syýasy kuwwatyny gaçyrýar. Ýanoş Hunýadiniň (1446-1452) we onuň ogly Matýaş Hunýadiniň (1458-1490) dolandyran ýyllarynda merkezi häkimiýet birneme berkeýär. 1453-nji ýyldan başlap iri magnatlar we gullukçy feodallar korolyň salgyt ýygnamak bilen baglanyşykly kararlaryny tassyklap ugraýarlar. Munuň özi gatlaklaýyn-wekilçilikli monarhiýanyň ösüşinde möhüm ädimdi. XV asyryň 40-60-njy ýyllarynda ýokary feodal gatlaklarynyň monarhiýanyň töwereginde jebisleşmegi Ýanoş Hunýadä osmanlaryň ýörişleriniň öňünde durup bilmäge we käbir üstünlikleri gazanmaga mümkinçilik berýär. 1456-njy ýylyň 22-nji iýulynda Belgradyň eteginde rysarlaryň, daýhanlaryň we şäherlileriň gatnaşmagynda bolup geçen uly söweşde haç göterijiler osmanlylardan üstün çykmagy başarýarlar. Belgrad söweşiniň netijesinde ýetmiş ýyllap osmanlylaryň öňe süýşmeginiň öňüni alynýar.

Osmanlylaryň ýörişleriniň öňi alnandan soň korol Matýaş Hunýadi salgytlaryň mukdaryny ýokarlandyrypdyr we onuň hasabyna öz tabynlygyndaky hakyna tutma goşunyň sanyny artdyrypdyr. Ol osmanlylaryň ýörişleriniň togtanlygyndan peýdalanyp, hakyna tutma goşunlaryna daýanyp Morawiýany,

Sileziýany, Ýokarky we Aşaky Awstriýany, Ştiriýany eýeleýär. Emma 1490-njy ýyldan başlap feodallar pul salgydynyň bir bölegini korola bermegi bes edýärler. Netijede hakyna tutma goşunlar dargadylýar, basylyp alnan ýerler elden giderilýär. Hemişelik goşunyny ýitiren, daşyndan kömek berilmeýän Wengriýa korollygy osmanlylaryň ýörişleriniň öňünde bir özi durmaly bolýar.

## § 10. Walahiýa, Moldowa we Transilwaniýa XV asyryň ahyrlaryna çenli döwürde

**Walahiýanyň we Moldowanyň ýerlerinde feodalçylyk gatnaşyklarynyň ýüze çykmagy we ösmegi.** Karpat daglarynyň jülgelerinde we olardan günortada tä Dunaý derýasynyň orta akymlaryna çenli aralykdaky gadymy Dakiýa ýurdunyň bir bölegi ýerleşipdir. III asyrda rimlileriň agalygy synandan soň bu ýerlerde gotlar, gunlar, gepidler, awarlar mesgen tutupdyrlar, olaryň bir bölegi bolsa günbatara tarap gidipdirler. Şu ýerlerde soňraky asyrlarda orta asyr gündogar roman halkyýetleri bolan walahlar hem-de moldowalylar kemala gelipdir. Dil we etniki taýdan biri-birine golaý bu halklaryň kemala gelmegine slawýan taýpalary hem gatnaşypdyrlar we «woloh» etniki adynyň slawýan gelip çykyşynyň bardygyny alymlar tassyk edýärler. Wolohlar ýa-da grek çeşmelerinde atlandyrylyşy ýaly wlahlar Rim Dakiýasynyň latyn gepleşik dilinde gürläpdirler we soňra ol dil häzirki zaman rumyn diliniň binýadyny düzüpdir. Şeýlelikde, XIV asyra çenli orta asyr walah we moldowa halkyýetleri kemala gelipdir.

Walahiýada we Moldowada orta asyr gatnaşyklary haýal ýüze çykypdyr we şindi X-XIII asyrlarda-da bu ýerlerde jemagatçylyk gurluşy höküm sürüpdir. Emma muňa garamazdan, oba jemagatlarynda eýýäm emläk we sosial

deňsizlik  ýüze çykypdy, häkimiýet bolsa feodallaşýan urug begzadalarynyň eline geçipdi.

IX asyrda Dunaý bilen Günorta Karpatyň aralygyndaky ýerler Birinji Bolgar patyşalygynyň tabynlygynda bolupdyr. X-XI asyrlarda Karpat daglarynyň gündogaryndaky ýerlerde Kiýew Rusunyň  häkimiýeti girizilipdir. 1116-njy ýylda Wladimir Monomah öz dikmelerini belläpdir. XII asyrda bolsa bu ýerler Galisiýa knýazlygynyň düzümine girizilipdir. Karpat-Dunaý sebitinde feodalçylyk gurluşy slawýan döwletleriniň täsiri astynda ýüze çykypdyr. Şol sebäpden hem X-XIII asyrlarda bu ýerlerdäki syýasy bileleşikler slawýanlaryň «*woýewodat*» we «*knezat*» bileleşikleri görnüşinde döräpdirler. Knezatyň başynda ygtyýarynda harby, kazyýet we dolandyryş häkimiýetleri bolan knýaz durupdyr.  Birnäçe knezatlar woýewodalar ýa-da gospodarlar tarapyndan dolandyrylýan woewodalygy emele getiripdirler. IX-X asyrlarda Karpat-Dunaý sebitlerine Balkan ýarym adasyndan hristiançylyk gelipdir. Bu ýerlerde feodalçylygyň ösüşini çaltlaşdyran prawoslaw monastyrlary peýda bolýar. Prawoslawçylyk bilen bir hatarda Walahiýa we Moldowa knýazlyklaryna XVIII asyra çenli ulanylan slawýan hat-ýazuwy hem ýaýraýar. XIII asyra çenli Karpat-Dunaý sebitinde dörän ilkinji syýasy bileleşikleriň arasyndaky gatnaşyklar  gowşak bolupdyr. Döwletara gatnaşyklaryň ösüşine özara uruşlar, şeýle hem wengerleriň we peçenegleriň (X-XI asyrlar), gypjaklaryň we kumanlaryň (XI asyryň ahyry – XII asyr) çozuşlary päsgel beripdir. Bu ýerleriň hojalygy 1241-nji ýyldaky mongol çozuşlary zerarly has-da pese düşüpdir. Iki ýyllap dowam eden talaňçylyklardan soň mongollaryň esasy köpçüligi bu ýerlerden gidipdirler. Emma moldowa ýerlerinde mongollaryň ep-esli güýçleri saklanyp galypdyr we ýüz ýyla golaý wagtlap bu ýerler Altyn Ordanyň düzüminde galypdyr. Walahiýanyň ýerleri hem mongol çozuşlaryna sezewar edilipdir. Emma basybalyjylar gidenden

soň bu ýerde ownuk knezatlyklaryň we woýewodalyklaryň iri knýazlyklara birleşmegi üçin amatly şertler döräpdir.

**Walahiýa (Sara Romynýanska) we Moldowa knýazlyklarynyň döremegi.** XIV asyryň başlarynda Karpatdan Dunaýa çenli aralykdaky dagynyk knýazlyklar paýtagty Kympulunga şäherinde ýerleşen bitewi döwlete birleşýärler. 1324-nji ýylda bu döwletiň beýik woýewodasy Basarab I bolup, onuň döwleti Sara Romynýanska, ýagny Rumynlaryň ýurdy diýlip atlandyrylypdyr. Bu knýazlygyň beýleki ady – Walahiýa XV asyrdan başlap ulanylyp ugraýar.

Walahiýa döwleti özüniň esaslandyrylan ilkinji günlerinden Wengriýa korollygynyň basyşyna döz gelmeli bolupdyr. Wengriýanyň wassaly bolmak bilen, Basarab I Bolgariýa we Altyn Orda bilen ýaranlyk baglaşyp, özbaşdak daşary syýasat ýöretmäge çalşypdyr. Basarabyň ogly Nikolaýe-Aleksandru (1352-1364) Wengriýa degişli transilwaniýa ýerleriniň hasabyna knýazlygyň çägini ep-esli giňeldipdir. Wengriýanyň katoliki buthanasynyň täsiriniň garşysyna 1359-njy ýylda Arjeşde prawoslaw «ugro-walah» mitropoliýasy hem döredilýär.

XIV asyryň ortalaryna çenli Moldowanyň ýerleri Altyn Ordanyň tabynlygynda galypdyr. Altyn Ordanyň Wenger korollygy we Galisiýa Rus knýazlygy bilen göreşleri alyp barýan döwründe Karpat daglarynyň gündogarynda, Moldowa derýasynyň boýunda Wengrýadan garaşsyz feodal knýazlyk döreýär. 1359-njy ýylda ýerli halkyň wenger korolyna garşy woýewoda Bogdan tarapyndan baştutanlyk edilýän gozgalaňynyň netijesinde moldowa ýerleri bitewi döwlete (birinji paýtagty Baýýa şäheri) birikdirilýär.

Emma Moldowa doly garşsyzlygyny saklamak başarmandyr. Bogdanyň ogly Lasku (1365-1373) polýak korolynyň wassalygyny, katolikçiligi kabul etmäge we Moldowanyň täze paýtagty Sirete şäherinde katolik ýepiskoplygyny esaslandyrmaga mejbur bolýar. Emma

katolikçilik Moldowada doly kök urup bilmändir, sebäbi ilatyň esasy köpçüligi şol sanda begzadalaryň hem ep-esli bölegi prawoslawçylyga uýupdyrlar we prawoslaw buthanasyny goldamagy dowam etdiripdirler. Moldowa knýazlygy XIV asyryň ahyrlarynda birneme berkäpdir we öň Altyn Ordanyň düzümine giren käbir ýerler eýelenilipdir.

**Walahiýanyň we Moldowanyň sosial-ykdysady we syýasy taýdan ösüşi.** XII-XIII asyrlarda geljekki Walahiýanyň we Moldowanyň ýerleri endigan ilatlaşdyrylmandyr. Walahlar Karpat daglarynyň eňňitlerinde we tokaý zolaklarynda mesgen tutupdyrlar, emma sähralyk ýerleri az ilatly bolup galypdyr. Ýagdaýyň şeýle bolmagyna bu ýerlerde göçüp-gonup ýören peçenegleriň, soňra bolsa mongollaryň ornaşmagy sebäp bolupdyr. Maldarçylyk bilen bir hatarda ýerli ilat ekerançylyk, balykçylyk we awçylyk bilen hem meşgullanypdyr. Oba hojalygyndan senetçiligiň bölünip aýrylmagy, söwdanyň ösmegi bilen XIII-XV asyrlarda Walahiýada - Kympulung, Arjeş, Tyrgowişte; Moldowada – Romanow torg (Roman), Soçawa (Suçawa), Siret, Galas, Ýaskyý torg (Ýassy), Buharest ýaly şäherler hem ýüze çykýar. Bu şäherleriň üstinden Gara deňziň demirgazygyna gidýän söwda ýollary geçipdir. Emma XIV-XV asyrlarda senetçilik doly derejede bazarlar bilen baglanyşyp bilmändir. Bu döwürde Polsa, Germaniýa, Gündogar ýurtlary bilen daşary söwda gatnaşyklary giňeýär. Şäherler gospodarlaryň (hökümdar) mülklerinde ýerleşipdirler, bu bolsa moldowa we walah gospodarlaryna senetçilerden we söwdagärlerden goşmaça serişdeleri almaga mümkinçilik beripdir we döwletleriň ikisinde-de merkezi häkimiýetiň berkemegine oňyn täsir edipdir.

Moldowa we Walah knýazlyklarynyň dörän döwründe feodalçylyk gurluşy doly kemala gelip ýetişmändi, şonuň üçin hem ol depgini we mazmuny boýunça tapawut edipdir. Walahiýada feodalçylyk gurluşynyň kemala gelşi, Moldowadakydan çalt gidippdir. Döwletleriň ikisinde-de feodal

gatlagy boýarlardan (iri feodallar), kurtenlerden (ownuk feodallar) we ruhanylardan durup, olar salgytlardan we borçlardan boşadylypdyr. Feodal gatlagynyň kemala gelmegi XV asyrda tamamlanyp, urug begzdalarynyň bir bölegi feodallar gatlagyna, beýleki bir bölegi bolsa tabyn daýhanlaryň düzümine goşulyp, öz ähmiýetini gutarnykly ýitiripdir. Bu döwürde tabyn daýhanlaryň gatlagynyň kemala gelmegi hem dowam edipdir. Onuň düzümine daýhanlaryň öň erkin bolan ep-esli bölegi hem goşulypdyr. Daýhanlaryň aşaky gatlagyny holoplar (garamaýaklar) düzüp, olar emläkleri bilen bilelikde hojaýynyň tabynlygynda galypdyrlar. Holoplary satyp-da, satyn alyp-da bolýardy. Emma daýhanlaryň aglaba köpçüligi erkinligini ýitirmändir. Daýhanlary hususyýetçilere we gospodarlara degişliligi bilen tapawutlandyrypdyrlar. Hususyýetçilere degişli daýhanlar diňe bir feodalyň haýryna däl, eýsem döwletiň peýdasyna-da salgyt töläpdirler. Önüm salgydy tölegiň giň ýaýran görnüşi bolupdyr. Zähmet borjy yzygider amala aşyrylmandyr we ýylyň dowamynda onuň dowamlylygy bary-ýogy 1-6 güne çekipdir. Zähmet borjunyň giň ýaýramandygynyň sebäbini mülkleriň bazarlar bilen baglanyşygynyň pes bolandygy we olarda ekerançylyk bilen deňeşdirilende maldarçylygyň has giň ýaýrandygy bilen düşündirilýär. Walahiýaly we moldowaly daýhanlaryň durmuşynyň aýratyn tarapy, olar gospodarlaryň goşunyna hem alnypdyr. Bu bolsa belli bir ýagdaýlarda olaryň feodallar tarapyndan ezilmeginiň öňüni alypdyr. XIV-XV asyrlarda daýhanlaryň hojaýynlaryny çalşyp bilmek hukugy hem saklanyp galypdyr.

XIV-XV asyrlaryň dowamynda Walahiýada we Moldowada knýazyň merkezi häkimiýeti berkäpdir. Döwletleriň ikisinde-de döwlet edarasy, häkimiýetiň merkezi we ýerli edaralary döredilipdir. Knýazlyklaryň hersinde iri feodallar we buthana tarapyndan saýlanylýan gospodar durupdyr. Gospodarlaryň häkimiýetiniň miras düşüp bilmezligi

boýar toparlarynyň arasynda häkimiýet ugrundaky uruşlaryň turmagyna getiripdir. Gospodarlaryň häkimiýeti boýarlaryň geňeşi bilen çäklendirilipdir. Ýokary döwlet wezipeleri we derejeler iri feodallaryň - «*beýik boýarlaryň*» elinde jemlenipdir. Olara ýerli edaralara wekilçilik edýän «*kiçi boýarlar*» tabyn edilipdir. XV asyryň ortalaryna çenli içeri we daşary syýasatyň möhüm meseleleri iri feodallaryň we ruhanylaryň ýygnagynda (*rada*) çözülipdir. Şäherliler şeýle ýygnaklara çagyrylmandyr. Soňra radalar öz ähmiýetini ýitiripdirler.

**Transilwaniýa X-XV asyrlarda.** Transilwaniýa Bihar tokaýlygynyň aňyrsyndaky ýerlerde - Dunaý bilen Tissanyň arasynda ýerleşipdir. IX asyryň ahyrynda bu ýerlere wenger taýpalary çozup girýär. Birinji wenger koroly Iştwan I (1000-1038) transilwaniýaly hökümdary boýun egdirip, onuň ýerlerini öz korollygynyň düzümine goşýar we Transilwaniýany etraplara (*gala komitatlary*) bölýär. Olaryň başynda korol tarapyndan bellenilýän *waýda* (woýewoda) durupdyr. Transilwaniýada dürli taýpalar ýaşapdyr. Walahlardan, slawýanlardan, peçeneglerden başga-da, bu toprakda wengerler, şol sanda olaryň aýratyn etniki topary bolan sekeýiler mesgen tutupdyrlar. Sekeýiler XV asyra çenli jemagat bolup ýaşapdyrlar we korol goşunynda gulluk edýändikleri, serhedi goraýandyklary üçin korol tarapyndan berilýän artykmaçlyklara eýe bolupdyrlar. XII-XIII asyrlarda wenger korollary Transilwaniýaa nemes senetçilerini we daýhanlaryny (olary saksonlar diýip atlandyrypdyrlar) hem göçürip getirip, olara salgyt we söwda ýeňilliklerini berýärler, bu bolsa şäherleriň hut şu ýerlerde döremegi üçin şert döredýär.

Sekeý hem-de sakson welaýatlarynyň başynda korol tarapyndan bellenilýän aýratyn emeldar durupdyr. XV asyrda sakson etraplary özlerine başlyk saýlamaga hukuk alypdyrlar. Tabyn daýhanlar bolan - *iobagionlar* feodallara, woýewodalara we korola önüm we pul salgydyny töläpdirler. XV asyryň

ortalaryna çenli olar bir hojaýyndan beýleki bir haojaýyna erkin geçip bilipdirler, ýöne soňra bu ýagdaý çäklendirilipdir. Iri magnatlar bilen göreşlerde korol häkimiýeti ownuk we orta feodallaryň goldawyna daýanypdyrlar we munuň üçin olara ýerli dolandyryş edaralarynda dürli hukuklary we ygtyýarlyklary beripdirler. Mysal üçin, XIV asyrda Transilwaniýada we korollygyň beýleki welaýatlarynda gullukçy feodallaryň ýerli komitat öz-özüňi dolandyryş edarasy döredilýär.

Transilwaniýanyň hojalyk we sosial durmuşynda şäherler uly ähmiýete eýe bolupdyrlar. Sebitiň Kluž (Koložwar), Braşow, Bistrisa (Besterse), Sibiu (Seben) we beýleki şäherleri esasan duzuň, gymmat baha metallaryň, misiň gazylyp alynýan känleriniň töwereginde döräpdirler. Zähmet bölünişiginiň çuňlaşmagy she guramalarynyň ýüze çykmagyna getirýär. Transilwaniýanyň şäherleri Walahiýa, Moldowa, Balkan ýurtlary, Gara denziň kenarlary, Çehiýa, Germaniýa we Polşa bilen söwda gatnaşyklaryny alyp barypdyrlar. Şäherlerde esasan nemeslerden durýan patrisiat hojaýynçylyk edipdir.


Aleksandr Mähirli

XV asyrda Transilwaniýanyň dürli ýerlerinde salgydyň artdyrylmagy we hukuklaryň çäklendirilmegi zerarly daýhalaryň çykyşlar hem bolup geçýär. 1408-nji ýylda Timişoaranyň, 1434-1435-nji ýyllarda Fogaraşa we Maramureşa welaýatlarynda daýhanlaryň gozgalaňlary bolýar. 1437-nji ýylda Transilwaniýany we Demirgazyk-Günbatar Wengriýany öz içine alan walah hem-de wenger daýhanlarynyň gozgalaňynyň gerimi has hem giň bolupdyr.

**Walahiýanyň we Moldowanyň daşary-syýasy ýagdaýy.** XIV-XV asyrlarda Walahiýanyň we Moldowanyň halklary daşky çozuşlar bilen hem ýüzbe-ýüz bolmaly bolupdyrlar. 1389-njy ýylda Kosowa meýdanynda serbleri derbi-dagyn edenlerinden soň osman türkmenleriniň goşunlary Dunaýyň çep kenaryna çykýarlar we demirgazyga tarap süýşüp ugraýarlar. Şeýle ýagdaýda Walahiýanyň gospodary Mirça wenger koroly Žigmond (Sigizmund) Lýuksemburgskiý bilen ýaranlyk baglaşýar we onuň bilen bileleşip 1394-nji ýylda Rowiniň eteginde bolan söweşde osmanlylaryň hüjümini saklaýar. Emma tiz wagtdan osmanlylar Walahiýany eýeleýärler we Mirça olara paç tölemäge mejbur bolýar. Walah goşunlary transilwaniýaly woýewoda Ýanoş Hunýadiniň tarapynda durup, 1444-nji ýylda Warna söweşine hem gatnaşýarlar. Emma bu söweşde osmanly soltany Myrat II tutuş Ýewropadan ýygnanan ägirt uly haç göteriji goşunlary aýylganç ýeňlişe sezewar edýär. Gospodar Wlad Sepeşiň (1456-1462) walah goşunlary käbir üstünlik gazansalar-da, ýeňiş köplenç halatlarda osmanlylaryň tarapynda bolupdyr.

Bu döwürde osmanlylar Moldowada hüjüm edipdirler. Üstesine-de, moldowa ýerlerine wengerler bilen polýaklar hem hüjüm edipdirler. Şonuň üçin hem XV asyryň ikinji ýarymynda moldowa ýerlerini eýelemek ugrunda wenger-polýak bäsleşigi başlaýar. Bu bäsleşiklerde Moldawiýanyň hökümdarlary kä Wengriýanyň, käte-de bolsa Polşanyň tabynlygyny kabul edip, bu iki döwletiň arasynda sapalak atmaly bolupdyrlar. Moldowada knýazyň häkimiýetini berkiden Aleksandr Mähirli (Dobryý) (1400-1432) ölenden soň başlan häkimiýet ugrundaky ýiti göreşler başlaýar. Uzaga çeken göreşlerden soň häkimiýet Stefan III-niň (1457-1504) eline geçýär.

Ussat diplomat hökmünde tanalan Stefan III özüniň ol ýa-da beýleki garşydaşy bilen ýaranlyk baglaşyp, uly üstünlikleri gazanmagy başarýar. Polýak korolyna tabynlyk bildirmek bilen, ol 1467-nji ýylda Baýiniň eteginde Moldowa çozup giren

wenger koroly Matýaş Korwiniň goşunlaryny ýeňlişe sezewar edip, ony ýza çekilmäge mejbur edýär. 1474-nji ýylda Moldowa Muhammet II-niň osmanly goşunlary çozup girýär. 1475-nji ýylda Wasluýada bolan söweşde Stefan III osmanly goşunlaryndan üstün çyksa-da, tiz wagtdan (1476-njy ýylda) olardan agyr ýeňlişe sezewar bolýar. Şundan soň Moldowa osmanly soltanlaryna her ýylda kesgitli paç töläp ugraýar.

## § 11. Litwa, Polşa we Çehiýa XIII-XV asyrlarda

**Beýik Litwa döwleti.** Baltika ýaka döwleti bolan Litwada orta asyr gatnaşyklary birneme gijräk ýüze çykypdyr. Taýpa serdarlary jemagat ýerlerini eýeläp, daýhanlary öz ýerlerinde işlemäge we salgyt tölemäge borçlandyrypdyrlar. XI-XII asyrlarda Litwada iri mülkler hem peýda bolup başlaýar. Orta asyr gatnaşyklarynyň ösmegi bilen Litwada knýazlar tarapyndan dolandyrylýan feodal döwleti döreýär.

XIII asyryň 30-nji ýyllarynda mongollaryň howp salýandyklaryna garamazdan litwaly knýazlar döwletiň ýerlerini ep-esli giňeldipdirler. Beýik knýaz Mindowg litwa ýerlerini eýelemäge synanşyk eden mongol goşunlaryny derbi-dagyn edýär. 1262-nji ýylda Mindowg Tewton ordeniniň rysarlaryna hem agyr zarba urýar. Litwanyň knýazy beýleki ownuk feodallaryň dolandyrýan ýerlerini, şeýle hem goňşy halklaryň ep-esli ýerlerini basyp alýar. Bu döwürlerde günbatardan nemes rysarlary Baltika deňziniň kenaryndaky ýerlere hüjüm edýärdiler. 1262-nji ýylda Mindowg Durbe kölüniň ýanynda Tewton ordeniniň rysarlaryny derbi-dagyn edyär. Emma bu wakadan köp wagt geçmänkä, rysarlaryň ýakyndan täsir etmegi bilen Mindowg litwaly feodallar tarapyndan öldürilýär. Şundan soň Litwada ep-esli wagtlap dowam eden häkimiýet ugrundaky özara uruşlar başlaýar. Bu uruşlar Litwanyň bitewi bir döwlete birleşmegine we nemes rysarlaryna garşy göreşleri gowşadypdyr.

1293-nji ýylda Litwada häkimiýeti tanymal begzada Witen öz eline alyp, ýurdy birleşdirmek syýasaty dowam etdirýär. Witeniň inisi Gediminiň (1316-1341) döwründe litwaly feodallar öz häkimiýetlerini has hem giňeldip, tutuş Belorussiýany diýen ýaly eýeleýärler. Ukrainanyň hem-de Belorussiýanyň ýerlerini litwalylar parahatçylyk ýoly bilen eýeläpdirler. XIII-XIV asyrlarda Litwa Belorussiýanyň hem-de Ukrainanyň feodallary bilen şertnama baglaşyp, bu ýerler hem döwletiň düzümine goşulýar.

XIV asyryň ortalarynda Litwa bilen goňşuçylykdaky Polşa döwleti güýçlenip ugraýar. Emma korolyň häkimiýeti entekler gowşakdy. Iri mülklere we garaşly daýhanlara eýe bolan polýak begzadalary koroly kän bir äsgerip durmaýardylar. Polşada mülkdar rysarlar bolan *şlýahtiçler* hem uly abraýdan peýdalanýardylar. Olar ýurduň parlamenti bolan *seýmde* özleriniň rugsady bolmasa korola möhüm kararlary çykarmaga ygtyýar bermändirler.

XIV asyryň ahyrlarynda Polşanyň üstüne nemes rysarlarynyň Tewton ordeni howp salyp ugraýar. 1198-nji ýylda Tewton ordeniniň rysarlary Baltikanyň kenarynda basyp alan ýerlerinde öz döwletlerini döredýärler, Riga şäheri bolsa onuň paýtagtyna öwrülýär. 1237-nji ýylda Tewton ordeni beýleki bir nemes rysarlarynyň ordeni bolan Liwon ordeni bilen birleşýär. Öz garşydaşlaryna garşy göreşmek üçin polýak koroly tarapyndan çagyrylan haç göteriji rysarlar Polşanyň Baltika deňziniň kenaryndaky ýerlerini eýeleýärler, soňra rysarlar Polşanyň beýleki ýerlerini hem basyp almaga synanyşypdyrlar. Güýçli garşydaşdan goranmak üçin polýaklara ýaran gerekdi.

Beýik Litwa knýazy Olgerdiň döwründe Demirgazyk-gündogar Rusuň ýerlerini eýelemek işi başlaýar. Emma Moskwanyň beýik knýazy Dmitriý Iwanowiç bu işe päsgel beripdir. Litwa döwleti Witowtyň döwründe (1392-1430) has hem kuwwatlanyp, onuň serhetleri Gara deňzine çenli baryp

ýetýär. Şeýlelikde, beýik Litwa knýazlygy sebitiň kuwwatly döwletleriniň birine öwrülýär.

XIV asyryň ahyrlarynda Tewton ordeni Litwa hem uly howp salyp ugraýar. 70 ýylyň dowamynda nemes rysarlary Litwa garşy 100-e golaý ýörişleri geçiripdirler. Bu howp Litwanyň Polşa bilen bileleşmegine getirýär. 1385-nji ýylda Litwa bilen Polşanyň arasynda uniýa – ýaranlyk baglaşylyp (Kiýew uniýasy diýlip atlandyrylýany), Litwanyň beýik knýazy Ýagaýlo, Polşanyň patyşa aýaly Ýadwigä öýlenýär. Beýik knýaz Ýagaýlo Wladislaw ady bilen Polşanyň koroly bolýar. Iki döwletiň bileleşigi diňe bir nemes rysarlaryna garşy göreşiň serişdesi bolman, eýsem polýak feodallary bolan panlara Litwanyň elindäki ukrain ýerlerinde hojaýynçylyk etmäge-de mümkinçilik beripdir. Polýak *panlary*[1] Litwany Polşanyň düzümine goşmaga synanyşypdyrlar. Emma muňa litwaly feodallar garşy bolupdyrlar. Litwanyň Polşanyň düzümine goşulmagyna garşy çykýan güýçlere Ýagaýlonyň doganoglany Witowt baştutanlyk edýär. Netijede, Litwa bilen Polşanyň arasyndaky uniýa ýatyrylýar. Ýöne 1401-nji ýylda uniýa Litwanyň özbaşdak galmagy şerti bilen gaýtadan dikeldilýär.

1409-nji ýylda Polşa-Litwa döwleti Tewton ordeni bilen urşa başlaýar. Esasy söweşler 1410-njy ýylyň 15-nji iýulynda Grýunwaldyň eteginde bolup geçýär. Polýaklardan, litwalylardan we ruslardan ybarat bolan goşunlar Grýunwald söweşinde Tewton ordeniniň goşunlaryny derbi-dagyn edýärler. Bu söweşiň örän uly ähmiýeti boldy: ýeňiş nemes feodallarynyň Polşa, Litwa we Russiýa garşy basybalyşlarynyň öňüni aldy we Tewton ordeniniň kuwwatyny gaçyrdy.

IX-XII asyrlarda Ukraina we Belorussiýa ýerleriniň gadymy rus döwletiniň düzümine girýärdi. XIII asyrda Ukrainanyň ep-esli bölegini mongol-tatarlar basyp aldylar. Ukrainanyň beýleki bölegi we bütin Belorussiýa bolsa Litwa

---

[1]Polýak feodallary.

döwleti tarapyndan eýelendi. Litwa Polşa bilen birleşenden soň bu ýerlere polýak panlary hem gelip başlapdyrlar. XIV asyryň ahyrlaryndan başlap Ukrainanyň we Belorussiýanyň ýerlerine Moskwa döwleti hem göz gyzdyryp ugraýar.

**Çehiýa Mukaddes Rim imperiýasynyň düzüminde.** X asyrda günbatar slawýanlaryň beýleki bir döwleti Çehiýa güýçlenip başlaýar. Çehiýanyň ilkinji knýazlarynyň biri Boriwoý Pragany öz döwletiniň paýtagtyna öwürýär. Wizantiýaly monah Mefodi tarapyndan çokundyrylan Boriwoý öňki köphudaýlylykdan galan butlaryň ýerinde ybadathana gurmagy höküm edýär. Çehiýanyň belli knýazlarynyň biri-de Boriwoýyň agtygy Waslawdy (921-925). Oňa ähli çeh ýerlerini birleşdirmek başardýar. Waslowyň esasy aladalarynyň biri hristiançylygy ýaýratmak bolupdy. Çehiýa german ruhanylary gelipdirler we olar çehleri çokundyrylypdyr. Şeýdip çehler katolikçi boldylar.



Karl I

German koroly Genrih Guştutar Çehiýany eýelemegi maksat edinýär we uly goşunlar bilen ýurda çozup girýär. Waslaw Genrihiň wassaly bolmaga we oňa salgyt tölemäge mejbur bolýar. Waslawyň bu hereketi doganlarynyň birini gazaba mündüripdir we ol Waslawy öldüripdir. Emma öldürilenden soň çehler Waslawy keramatly diýip yglan edipdirler we ony Çehiýa döwletini goraýan keramat saýypdyrlar.

Mukaddes Rim imperiýasy döredilenden soň, korol derejesini göterýän çeh korollary özlerini bu döwletiň wassallary diýip yglan edipdirler. XIV asyryň başlarynda Çehiýanyň begleri german gersoglaryny ýurduň hökümdary edip saýldylar. XIV asyryň ortalarynda Çehiýanyň koroly Karl I (1346-1378) şol bir wagtyň özünde Mukaddes Rim

imperiýasynyň hem imperatory edilip saýlanylýar. Indi ol Karl IV derejesine eýe boldy. «Altyn Bullada» Karl Çehiýanyň imperiýanyň içindäki özbaşdaklygyny saklaýan aýratyn hukuklaryny tassyk edipdir. Onuň düzüminde Çehiýa iň güýçli döwlet bolup galýardy. Çehiýanyň koroly Mukaddes Rim imperiýasynyň imperatoryny saýlamaga hukuk alan kurfýurstalryň arasynda birinji orny eýeleýärdi.

Karl I Çehiýany öz döwletiniň merkezine öwrüpdir. Onuň dolandyran ýyllarynda Çehiýa gülläp ösýän we ösen hojalygy bolan baý ýurda öwrülipdir. Karl I parahatçylykly daşary syýasat ýöretmäge çalşypdyr, emma şeýle-de bolsa ýer satyn alyp we öz ogullary üçin amatly nika baglaşyp, Çeh korollygynyň ýerlerini ep-esli giňeldipdir. Ol iri feodallaryň hukuklaryny çäklendirmäge çalşypdyr, emma uly üstünlik gazanyp bilmändir. Korol senetçiligiň, magdan işleriniň, söwdanyň we medeniýetiň ösmegine ullakan hemaýat edipdir.

**Hünärmentçiligiň, dag-magdan işleriniň hem-de söwdanyň gülläp ösmegi.** XIV asyryň ikinji ýarymynda Çehiýa hojalyk taýdan ýokary göterilipdir. Täze köp ýerler sürlüp agdarylypdyr. Çehiýanyň dört tarapyny gurşap alan daglarda misiň, galaýynyň, demriň täze ojaklary açylypdyr. Kümüş gazyp almakda Çehiýa Ýewropada ilkinji orunlarynyň birini eýeläpdir. Şol wagtlar pul kümüşden ýasalýardy. Karl I-niň dolandyran ýyllarynda imperiýanyň paýtagtyna öwrülen Praga şäherinde 40 müňe golaý ilat ýaýardy; bu ýerde uly gurluşyk işleri alnyp barlypdyr: meşhur Karlyň köprüsi gurlupdyr, Pragada uniwersitetiň açylmagy hem Çehiýada ylym-bilimiň ösüşinde möhüm öňegidişlik bolupdyr. Praga



Mariýa Magdalinanyň ybadathanasy (Karlowy Wary)

uniwersitetinde ýüzlerçe talyplar okap, ol tiz wagtdan bütin Merkezi Ýewropada ylmyň hem-de bilimiň meşhur merkezine öwrülipdir. Orta asyrlarda Çehiýanyň beýleki bir şäheri Karlowy Wary hem güýçli depginde ösüpdir. Imperatorlar bu şäherde hem edil Pragadaky ýaly ajaýyp binalary gurupdyrlar. Şäherde senetçilik we söwda ösüpdir. Çehiýanyň ajaýyp köşkler we ybadathanalar bilen bezelen paýtagty hakykatdan-da Ýewropanyň iň owadan şäherine öwrülipdir.

XIV asyrda Çehiýa Ýewropanyň has ösen ýurtlaryndan biridi. Ýurtda kümşüň baý gorlary tapylypdyr. Çehiýa bu gymmat baha metaly çykarmak boýunça Ýewropada birinji orny eýeleýärdi. Çehiýanyň şäherlerinde 200-den-de gowrak dürli senetçilik hünäri bolupdyr. Ylaýta-da Çehiýanyň mawut matalary köp şöhrat gazanypdyr. Çehiýada aýna önümçiligi ýola goýlupdyr.

Ýewropanyň merkezinde diýen ýaly ýerleşen Çehiýada dürli ýurtlardan gelýän söwda ýollary kesişipdir. Üsti harytly kerwenler Baltika deňzinden Italiýa, Russiýadan we Polşadan Germaniýa gider eken. Pragada ýylda iki gezek ýarmarka geçirilipdir; şol ýarmarkada Günbataryň hem-de Gündogaryň harytlary köpçülikleýin satylypdyr.

Katolikçi ýurt bolan Çehiýa Rim papasy nemes ruhanylaryny köpçülikleýin ugradypdyr. Çehiýadaky ýepiskoplaryň we monahlaryň ählisi diýen ýaly nemeslerden durýardy. Buthana feodallary ýurtdaky mes toprakly ýerleriň ep-esli bölegini eýeläpdirler. Çehiýada katolikçi buthanasynyň baştutany bolan Praga arhiýepiskopy golastyna 14 şäher bilen 900 obany geçirdi.

Rim papasy baý ýurtdan mümkin boldugyça köp pul aljak bolup çalşypdyr. Ruhanylar Çehiýadan alýan girdejileriniň ep-esli belegini Rime iberýärdiler. Baý ussalar we söwdagärler ruhanylara 1/10 salgydyny hem-de buthananyň hyzmatyndan peýdalanýandyklary üçin pul tölemeli bolýardylar. Munuň özi gurply şäherlileriň girdejilerini

azaldypdyr. Olar katolik buthanasynyň kuwwatyny gowşatmak we onuň baýlyklaryny elinden almak isläpdirler. Monastyrlaryň we ýepiskoplaryň giň ekin meýdanlaryna çeh feodallarynyň gözi gidipdir. Olar öz mülklerini buthana ýerleriniň hasabyna giňeltmekden ötri, amatly pursada garaşypdyrlar.

Şäherleriň ösmegi we söwdanyň giňelmegi Çehiýada hem feodalçylyk düzgüniň berkemegine, ýokary gatlaklaryň gowy ýaşamagy üçin amatly şert döredipdir. Çehiýanyň iri ýer eýeleri – panlar zynat içinde ýaşapdyrlar. Rysarlar hem olardan kem galmajak bolýardylar. Ýurtda senetçiligiň, söwdanyň we ekerançylygyň ösmegi bilen çeh panlary we german rysarlary öz girdejilerini artdyrjak bolup, daýhanlardan pul salgydyny tölemegi talap edipdirler. Çehiýanyň birentek welaýatlaryndada ýer eýeleriniň peýdasyna mugt işlemegiň wagty uzaldylypdyr. Şäherlerde garyplaryň sany artypdyr, olar şäher ilatynyň ýarsyna golaýyny tutýardylar. Elbetde, orta asyr jemgyýetleri üçin häsiýetli bolan halk çykyşlary Çehiýada-da bolupdyr. Ýurtda feodallaryň sütemine garşy daýhanlar gozgalaňlary hem bolup durýardy. Daýhanlaryň hereketine kähalatlarda şäher garyplary hem goşulýardylar.


Ýan Gus

**Çehiýada gusçulyk hereketi (1419-1434).** XV asyryň başlarynda Praganyň köçeleriniň birindäki kiçijik buthana ýüzlerçe adamlaryň ünsüni özüne çekipdir. Senetçiler, daýhanlar, baý şäherliler we rysarlar Praga uniwersitetiniň professory Ýan Gusuň hyjuwly çykyşlaryny diňlemek üçin şol ýere ýygnanýardylar. Ýan Gus (1371–1415) daýhan maşgalasynda eneden bolupdyr. Onuň ukyplylygy hem-de zähmetsöýerligi Praga uniwersitetini

tamamlamaga, soňra onuň professory bolup ýetişmäge mümkinçilik berýär. Çeh milletiniň wekili hökmünde Ýan Gus öz watanyny çyn ýürekden söýüpdir we kese ýerlileriň zorlugyna garşy aýgytly göreşipdir. Ol husyt ruhanylary rehimsiz paş edipdir. Ýan Gus buthananyň talap alan baýlyklaryny elinden almaga, ýepiskoplaryň we monastyrlaryň ýerlerini gaýdyp almaga çagyrypdyr. Gus Çehiýada indulgensiýa satmaklygy berk ýazgarypdyr we şunlukda papany kezzaplykda aýyplapdyr.

Papa Ýan Gusy Germaniýanyň günortasynda ýerleşýän Konstans şäherinde buthana soboryna çagyrýar. German imperatory Gusa gorag haty iberip, onuň doly howpsuzlygyny kepil geçipdir. Emma Konstansda Gusuň eline-aýagyna gandal salyp, türmä salypdyrlar. Sobor ony ýeretik diýip yglan edýär we öz garaýyşlaryndan el çekmegini talap edýär. Emma Ýan Gus öz garaýyşlaryndan dänenden ölenini gowy görüpdir. 1415-nji ýylyň 6-njy iýulynda Ýan Gus otda ýakylyp öldürilýär.

Gusuň jezalandyrylyp öldürilmegi çeh halkynda gahar-gazap döredipdir. Daýhanlar topar-topar bolup daglara gidipdirler. 1419-njy ýylda Pragada gozgalaň başlap, onuň soňy katolikçiler bilen gusçylaryň arasyndaky raýatlyk urşuna ýazyp gidýär. Gusçylar ratuşanyň jaýyna çozup, şäheriň dolandyryjylaryny minaralardan aşaklygyna zyňypdyrlar. Olar monastyrlary we buthanalary eýeläp ýepiskoplary kowupdyrlar. Gusçylaryň hatarynda daýhanlardan, senetçilerden, ownuk söwdagärlerden başga-da, rysarlar, hatda belli feodallar hem bolupdyrlar. Şonuň üçin hem gusçylyk hereketi tiz wagtdan ikä bölünýär. Olaryň birinji topary aramlardan durup olary *piýalaçylar* diýip atlandyrypdyrlar. Bu at hristiançylyk däbiniň ýerine ýetirilmegi bilen baglanyşyklydy. Öňler çehiýaly ýönekeý dindarlar diňe çörek datmak bilen Isanyň ruhuna çokunýardylar. Indi olar hem Isanyň ruhuna çokunanlarynda diňe bir çörek datmaklyk bilen çäklenmän, edil ruhanylaryň

edişi ýaly, piýala guýlup içilýän çakyr datmak däbini berjaý etmek isleýärler.

Gusçylaryň ikinji toparyny *taboritler* diýip atlandyrýardylar. Bu at Çehiýanyň günortasyndaky Tabor dagynyň ady bilen baglanyşyklydy. Taboritleriň esasy güýji bürgerlerinden, şäher plebsinden we ownuk rysarlardan durýardy. Bulary çeh daýhanlary hem ýakyndan goldapdyrlar. Taboritleriň esasy maksady katolikçi buthananyň adaty guramalaryndan we onuň ybadatlaryndan ýüz öwrüpdirler. Olar diniň çeşmesi hökmünde Injiliň kabul edipdirler. Taboritler öz ruhanylaryny saýlapdyrlar. Taboritler tertip-düzgünli, gowy ýaraglandyrylan goşunlary döredip Ýan Žižkany baş serkerde edip saýlapdyrlar.

1420-nji ýylda Rim papasy gusçulara garşy haçly ýöriş yglan edýär. Esasan nemes feodallaryndan ybarat bolan haçparazlaryň goşunyna german imperatory Sigizmund serkerdelik edipdir. Ýüz müň adamdan ybarat haç göteriji goşun Çehiýa çozup girýär. Umuman alnanda 1420-1431-nji ýyllarda gusçylara garşy bäş gezek haçly ýöriş geçirilýär. Emma bu ýörişleriň ählisi netijesiz tamamlanýar.

Papa bilen imperator haçly ýörişleriň üstünlik gazanmajagyna gözleri ýetensoň, çehleriň hut özleriniň kömegi bilen Çehiýadaky azat edijilik göreşiň soňuna çykmagy ýüreklerine düwüpdirler. Olar piýalaçylar bilen ylalaşypdyrlar. 1433-nji ýylda geçirilen Bazel sobory Çehiýanyň adaty dindarlaryna dini dessur berjaý edilende piýaladan çakyr içmäge ygtyýar berýär. Papa çeh feodallarynyň basyp alan buthana ýerlerini özlerinde galdyrmagy wada edipdir. Panlar we rysarlar (piýalaçylar) uly goşun düzüpdirler, papa bilen imperator bolsa ol goşuna hak töläpdir. Netijede papa bilen ylalaşan piýalaçylar bilen taboritleriň arasynda raýatlyk urşy başlanýar.

1434-nji ýylda Pragadan gündogar tarapda ýerleşen Lipany şäherjiginiň ýanynda piýalaçylar taboritleriň üstüne

çozýarlar. Bu söweş taboritleriň derbi-dagyn edilmegi bilen tamamlanýar. Lipanynyň ýanynda ýeňlenlerinden sonra, taboritleriň aýry-aýry toparlary özleriniň iň soňky daýanjy bolan Tabor elden giderilýänçä harby hereketleri dowam etdiripdirler. Çeh halky feodallara we katolik buthanasyna garşy 15 ýyllap (1419-njy ýyldan 1434-nji ýyla çenli) gahrymançylykly göreş alyp barypdyr. Taboritleriň göreşi Angliýadaky we Fransiýadaky daýhan gozgalaňlaryndan tapawutlanyp, ol has uzaga çekipdir we guramaçylykly göreş bolupdyr. Munuň özi bütin ýurdy öz içine alan daýhanlar urşudy. Gusçulyk uruşlary Çehiýada nemesleriň agalygynyň soňuna çykypdyr. Köp şäherleriň ilaty indi bütinleý çehlerden ybarat bolupdyr. Buthana elinden gideren ýerlerini gaýtaryp alyp, taboritleriň ýumran monastyrlaryny bolsa dikeldip bilmändir. Rim papasy Çehiýadan alýan ozalky girdejilerinden kesilipdir.

Gusçulyk uruşlaryndan soňra çeh medeniýeti ýokary göterilip başlapdyr. Çeh dili edara işlerinde we kazyyetde nemes dilini gysyp çykarypdyr. Sowatlylyk çalt ýaýrap başlapdyr. Gusçulyk uruşlary nemesleriň agalygyna we katolik buthananyň eden-etdiliklerine garşy çeh halkynyň azat edijilik göreşi boldy.

## § 12. Wizantiýa XI – XV asyrlarda

**XI asyryň ahyrynda – XII asyrda Wizantiýanyň durmuş-ykdysady ýagdaýy.** XI-XII asyrlaryň sepgidinde Wizantiýada feodalçylyk gurluşynyň kemala gelmeggi tamamlanypdyr. Daýhanlaryň aglaba köpçüligi şahsy azatlaygyny ýitiripdirler. Iri ýer eýeleriniň bähbitlerini aramak bilen merkezi häkimiýet feodallara giň artykmaçlyklary beripdir. Olar «*ekskussiýa*» eýe bolýarlar, ýagny olar salgyt tölemekden doly boşadylypdyr (indi salgydy feodal öz peýdasyna ýygnap başlapdyr) ýa-da ony kem-käsleýin

töläpdirler. Feodallary imperatoryň häkimiýetine tabyn ýagdaýda saklamak üçin X asyrdan başlap hökümdarlar olara aýry-aýry ýerlerden gelýän salgytlaryň bir bölegini ýygnamaga ygtyýar beripdir. XII asyryň ikinji ýarymynda *proniýalary* bermeklik giň gerime eýe bolupdyr. Proniýany esasan döwletiň öňünde harby gullugy ýerine ýetirilýändigi üçin berlipdir, özi hem proniýa edilip, öňki döwürdäki ýaly döwlet ýerleri däl-de, erkin daýhanlaryň oturýan ýerleri berlipdir. Proniýanyň eýesi birbada şol ýerleri dolandyrmaga hem hukuk alypdyr. Netijede, Wizantiýanyň proniýasy Günbatar Ýewropa ýutlarynyň benefisiýasy ýaly bir zat bolupdyr. Tiz wagtdan proniýa hususy eýeçilige hem öwrülip ugraýar. Bu bolsa feodallary güýçlendiripdir we olaryň merkezi häkimiýete tabynlygyny peseldipdir. Iri mülkdarlaryň we *proniarlaryň* öz şahsy goşunlary hem bolupdyr. Käbir iri magnatlaryň müňe golaý esgeri ýaraglandyrmaga mümkinçiligi bolupdyr. Olar *kliýentella*, ýagny köpsanly hyzmatkärleri saklapdyrlar. Magnatyň oturýan köşgüniň daş-töweregi berkidilipdir we onuň köşgünde edil imperator köşgündäki ýaly däp-dessurlar girizilipdir.

IX asyrda senetçiligiň we söwdanyň ösüp başlamagy XI-XII asyrlarda Wizantiýanyň welaýat şäherleriniň gülläp ösmegine getirýär. Feodal mülkleri bazar üçin niýetlenilýän harytlary öndürkeligi artdyrýar.Diňe bir şäherlerde däl, eýsem buthana we iri ýer eýeleriniň mülkleriniň töwereginde ýarmarkalar yzygider guralypdyr. Fessalonikidäki ýarmarka tutuş imperiýanyň Balkan ýarym adasyndaky we beýleki welaýatlaryndan täjirler gelipdirler.

Günbatar Ýewropa ýurtlaryndan tapawutlylykda, Wizantiýanyň şäherleri aýry-aýry feodallaryň ýa-da senýorlaryň tabynlygynda däldi. Olar gönüden-göni döwlet häkimiýetiniň tabynlygyndadylar. Şonuň üçin hem ýurtda iri feodallara garşy döwlet häkimiýeti bilen şäherlileriň arasynda ýaranlyk hem zerur bolmandyr. Döwlet hazynasyna şäherlerden

gelýän salgytlaryň uly ähmiýeti bolupdyr. Şäherleriň hiç hili özbaşdaklygy hem bolmandyr. Şäherleriň söwda-senetçilik toparlarynyň öz bähbitleri ugrunda göreşmäge, şäherleriň hojalyk durmuşyny öz bähbitlerine tabyn etmäge edýän synanyşyklary döwlet häkimiýeti tarapyndan aýgytly basylyp ýatyrylypdyr. Şäherleri imperator tarapyndan bellenilýän we ygtyýarynda hakyna tutmalardan düzülen goşun bölümleri bolan emeldarlar dolandyrýardylar.

Ýerli feodallar öz hukuklaryndan peýdalanyp, şäherlerde öýleri, howlylary, ammarlary, dükanlary, ussahanalary, gämi duralgalaryny, gämileri satyn alýardylar we köplenç täjirler bilen iş salyşmazdan öz mülklerinde öndürilýän harytlaryň söwdasyny alyp barýardylar. XI asyryň ahyrlaryndan başlap imperatorlar italýan şäher-döwletleriniň (Wenesiýanyň, Genuýanyň, Pizanyň) harby kömeklerine daýanyp ugraýarlar we munuň üçin olara Wizantiýa bilen söwdada köp ýeňillikleri berýärler. Netijede, ýerli täjirler kese ýerlilerden has amatsyz ýagdaýa sezewar bolýarlar. Wizantiýanyň iri feodallary italýanlar bilen harytlaryň lomaý söwdasyny alyp barypdyrlar. Sebäbi imperatorlar tarapyndan ýeňillik berlen italýan täjirleriniň teklip edýän bahalary, hazyna has gala salgyt hem-de gümrük paçlaryny töleýän ýerli täjirleriňkiden amatly bolupdyr. Italýan täjirleri wizantiýalylaryňkydan has arzan, ýokary hilli daşary ýurt harytlaryny getirip satýardylar.

**Komninleriň döwründe Wizantiýanyň daşary syýasaty.** Alekseý I Komniniň (1081-1118) patyşalyga göterilen wagty Wizantiýa imperiýasynyň ýagdaýy juda agyr bolupdyr. Seljuk türkmenleri tutuş Kiçi Aziýany diýen ýaly Wizantiýanyň elinden alypdylar. 1081-nji ýylda normanlar Adriatikanyň kenarlarynda düşüp, möhüm söwda merkezi bolan Dirrahiý şaherini basyp alýarlar, Epiri, Makedoniýany, Fessaliýany talaýarlar. Imperiýanyň goşunlary olardan ýeňilýärdiler. Diňe 1085-nji ýylda Wenesiýanyň kömegi bilen normanlar Balkan ýarym adasyndan gysylyp çykarylýar.

Şol döwürler imperiýanyň üstüne ýene-de bir howp abanýar. Öňler Balkan ýarym adasyna ýörişleri geçirip, soňra ýene-de yzlaryna dolanýan peçenegler imperiýanyň çäklerinde mesgen tutup başlaýarlar. Alekseý Komniniň olaryň garşysyna geçiren ýörişi wizantiýalylaryň ýeňlişi bilen tamamlanýar. Peçeneglere Balkan ýarym adasyna ýörişleri geçirýän beýleki bir türki taýpasy bolan gypjaklar ýardam beripdirler. Konstantinopola ýöriş geçirmek barada peçenegler bilen seljuklar hem gepleşikleri geçiripdirler. Kyn güne düşen imperator kömek bermeklerini sorap Günbatar Ýewropanyň hökümdarlaryna ýüz tutýar. Hakyna tutma goşunlaryň sany hem artdyrylypdyr. Alekseý I-ä gypjaklar bilen peçenegleriň arasyny bozmak hem başardýar. 1091-nji ýylyň ýazynda gypjaklaryň kömegi bilen ol Frakiýada peçenegleri derbi-dagyn edýär.

Alekseý Komnin diplomatik ussatlygynyň netijesinde Birinji haçly ýörişe gatnaşyjylar oňa Nikeýany gaýtaryp almaga ýardam edýärler. Seljuk türkmenleriň içki oňşuksyzlyklary wizantiýaly hökümdara Kiçi Aziýanyň demirgazyk-günbataryny we Gara deňziň tutuş günorta kenarlaryndaky ýerleri olaryň elinden almaga mümkinçilik berýär. Imperiýanyň ýagdaýy ep-esli berkeýär. Antiohiýanyň grafy Boemund Tarentli Antiohiýany Wizantiýa imperiýasynyň *fýefi* (mülki) diýip yglan edýär.

1122-nji ýylda peçenegler ýene-de Frakiýany hem-de Makedoniýany talaýarlar, ýöne Ioann II Komnine (1118-1143) olary derbi-dagyn etmek doly başardýar. Tiz wagtdan Wizantiýanyň Wenesiýa bilen arasy bozulýar. Sebäbi Ioann II Konstantinopolda we imperiýanyň beýleki şäherlerinde ornaşan wenesiýalylaryň söwda ýeňilliklerini ýatyrmaga synanyşypdyr. Muňa jogap edip, wenesiýanyň floty kenar ýakalaryny we adalary tozduryp, imperatory özleri babatyndaky batyrgaý syýasatyndan el çekmäge mejbur edýärler. Esasy garşydaşlaryň biri bolan seljuklaryň elinden Ioann II Kiçi Aziýanyň günorta

kenarlaryny gaýtaryp alýar, ýöne haç göterijiler bilen Siriýa we Palestina ugrunda alnyp barlan uruşlar imperiýany gowşadýar. Wizantiýanyň diňe Demirgazyk Siriýadaky orny berk bolmagynda galýardy.

XII asyryň ortalaryndan başlap Wizantiýanyň daşary syýasatynyň esasy ugry Ýewropa tarapa gönükdirilýär. Imperiýa sisiliýaly normanlaryň Adriatika deňziniň kenarlaryna, Korfu, Korinf, Fiwy we Egeý deňzindäki adalara edýän hüjümlerini yzyna serpikdirýär. Emma Manuil I Komniniň (1143-1180) normanlar bilen uruşlary Italiýa geçirmek bilen baglanyşykly synanyşyklary onuň goşunlarynyň derbi-dagyn edilmegi bilen gutarýar. Emma Manuile Serbiýada öz häkimiýetini ýola goýmak, Dalmasiýany gaýtaryp almak we Wengriýa korollygyny öz wassalyna öwürmek başardýar. Bu ýeňişler juda köp güýçleriň we serişdeleriň sarp edilmegini talap edipdir. XI asyryň 70-nji ýyllarynda seljuk türkmenleri tarapyndan Kiçi Aziýada esaslandyrylan Ikoniýa (Konýa ýa-da Rum) soltanlygy imperiýanyň serhetlerine hemişe zor salyp durupdyr. 1176-njy ýylda seljuk türkmenleriniň Konýa soltanlygy Miriokefalyň eteginde Manuiliň goşunlaryny aýylganç ýeňlişe sezewar edýär. Wizantiýa özüniň ähli serhetlerinde goranyşa geçmäge mejbur bolýar.

**Wizantiýa XII asyryň ahyrlarynda.** XII asyryň ahyrlarynda imperiýanyň içeri syýasy durmuşy hem durnuksyz bolupdyr. Maniul I aradan çykandan soň Alekseý II-niň kämillik ýaşyna ýetmändigi sebäpli häkimiýet Mariýa Antiohiýalynyň we köşk begzadalarynyň eline geçýär. Bu döwürde hazyna ogurlygy güýçlenipdir. Mariýanyň özi hem italýaly täjirleri ýakyndan goldapdyr. Muňa jogap edip paýtagtyň ilaty 1182-nji ýylda topalaň turzup, gozgalaňçylar baý italýan täjirleriniň paýtagtdaky mähellerini - kwartallaryny tozdurypdyrlar. Bu topalaňdan komninleriň gapdal şahasyndan bolan Andronik I Komnin (1183-1185) peýdalanýar we häkimiýeti öz eline alýar. Andronigiň häkimiýet başyna

gelmegini iri begzadalar islemändirler, şol sebäpden hem täze imperator ownuk ýer eýelerine we söwdagärlere daýanmak isläpdir. Andronik heläkçilige düşen gämileri talamaga mümkinçilik berýän kenar hukugyny ýatyrypdyr. Emeldarlaryň parahorlugynyň öňüni almak maksady bilen imperator salgydyň takyk ölçegini girizipdir we olaryň ýygnalyşyny tertibe salypdyr. Muňa derek hökümdar emeldarlaryň aýlygyny has ýokarlandyrýar. Wezipeleri satmaklyk bütinleý gadagan edilýär. Begzadalaryň hökümetiň syýasatyndan nägile bolýan böleginiň emlägi elinden alnypdyr. Andronigiň döwründe senetçilik we söwda janlanyp ugraýar. Emma geçirilýän özgertmeler ýarym-ýalta häsiýetdedi. Salgytlar öňküleri ýaly agyrdy. Wenesiýalylaryň öňki ýatyrylan söwda ýeňilliklerini Andronik gaýtadan dikeldýär. Bu syýasatdan bolsa Konstantinopolyň täjirleri nägile bolýarlar. Şäher begzadalary we welaýatlardaky iri magnatlar Andronigiň garşysyna gozgalaň turuzýarlar. Andronik gozgalaňlara giň terror we köpçülikleýin jezalandyrmalar bilen jogap berýär. 1185-nji ýylda sisiliýaly normanlar imperiýanyň üstüne gaýtadan çozýarlar; olary Andronigiň garşydaşlary çagrypdylar. Normanlar Fessalonikany basyp alyp, ony rehimsiz talapdyrlar. Imperatoryň garşysyna-da dildüwsik geçirilýär. Ony ele salýarlar we rehimsizlik bilen öldürýärler.

Häkimiýeti iri feodal Isaak II Angel (1185-1195) eýeleýär. Ol Andronigiň girizen täzeliklerini ýatyrýar. Issak I Andronigiň döwletiň haýryna geçiren emläklerini öňki eýelerine ýa-da olaryň mirasdarlaryna gaýtaryp berýär. Imperator galan ýerleri erkin daýhanlary bilen bilelikde proniýa beripdir. Hazynanyň serişdeleri meýlislere we her hili köşk şowhunlaryna sarp edilipdir. Salgytlar öňküsinden hem artdyrylýar. Goşun gowşapdyr.Flot agyr ýagdaýy başdan geçiripdir. Döwlet dolandyryş ulgamy çuňňur çökgünligi başdan geçiripdir. Döwletiň tutýan çägi hem kiçelipdir. Şindi 1183-nji ýylda wengerler Dalmasiýany basyp alypdyrlar,

serbler bolsa Makedoniýa hüjüm edipdirler. 1184-nji ýylda ýurtdan Kipr bölünip aýrylýar. 1186-njy ýylda Balkan ýarym adasynda Ikinji Bolgar döwleti esaslandyrylýar. 1187-nji ýylda onuň garaşsyzlygy Wizantiýa tarapyndan ykrar edilýär. 1190-njy ýylda imperiýa Serbiýanyň garaşsyzlygyny hem ykrar etmäge mejbur bolýar. Imperiýanyň dargamagy topalaňlary güýçlendirýär. Isaak II öz dogany Alekseý III (1195-1203) tarapyndan agdarylýar.

**Dördünji haçly ýöriş we Latyn Romaniýasy.** XII asyryň ahyrynda içki çökgünligiň güýçlenmegi Wizantiýanyň dargamagyna sebäp bolýar. Şindi 1185-nji ýylda sisiliýanyň koroly Wilgelm II Wizantiýanyň elinden Ioniý adalaryny alýar. 1191-nji ýylda iňlis koroly Riçard I Şirýürek Kipri eýeleýär, ýöne bir ýyldan soň ony iýerusalim koroly Gwido Luzinýana (Gýui de Luizinýan) berýär. Netijede, öňki wizantiýa mülküniň ýerinde özbaşdak Kipr döwleti (1192-1489) döreýär. Emma Wizantiýanyň ýerlerine eýe bolmaklyk Dördünji haçly ýörişiň döwründe başlaýar. Bu ýörişe gatnaşyjylar 1204-nji ýylyň 13-nji aprelinde Konstantinopoly zabt edip alýarlar. Wizantiýa synýar we onuň ýerinde Latyn imperiýasy (1204-1261) peýda bolýar. Emma haç göterijilere Wizantiýa degişli ýerleriň ählisini eýelemek başartmandyr. Kiçi Aziýanyň demirgazyk-günbatar böleginde özbaşdak gerk döwleti - Nikeýa imperiýasy, Gara deňziň günorta kenarynda – Trapezund imperiýasy, Balkanlaryň günbatarynda bolsa Epir döwleti döreýär. Bu döwletleriň ählisi hem özlerini Wizantiýanyň mirasdary hasap edipdirler we onuň dikeldilmegi ugrunda göreşipdirler. Muňa garamazdan, Ioniý we Gara deňizleriniň aralygynda günbatar ýewropaly rysarlar, wenesiýalylar, soňra bolsa genuýalylar tarapyndan döwletler we koloniýalar esaslandyrylypdyr. Olaryň ählisini umumylaşdyryp Latyn Romaniýasy (sebäbi Günbatar Ýewropada Wizantiýany Romaniýa diýip atladyrýardylar) diýip atladyrypdyrlar. Latyn Romaniýasynyň düzümine paýtagty Konstantinopol bolan Latyn imperiýasy,

Balkanlardaky «frank» döwletleri, Wenesiýa respublikasynyň mülkleri, genuýalylaryň koloniýalary we faktorileri, gospitalýerler dini-rysarçylyk ordeniniň Rodosdaky we Dodekanes adalaryndaky ýerleri (1306-1522) girýärdiler.

**Latyn imperiýasy.** Konstantinopol latynlaryň eline geçen badyna wenesiýalylardan we franklardan (ýewropalylar) ybarat bolan birleşen ýörite topar haç göterijileriň baştutanlarynyň birini – Fkandriýanyň we Enonyň gersogy Balduin I imperator saýlaýarlar. Daşky görnüşi boýunça Wizantiýa döwleti ýaşamagyny dowam etdirýän ýalydy: wizantiýa monarhlarynyň haýbatly derejeleri we şowhunly dabaralary saklanyp galypdyr. Emma mazmuny boýunça Latyn imperiýasy fransuzlaryň feodal iýerarhiýasy tertibinde guralypdyr. Ýurduň merkezleşdirilmegi ýüzleý ýagdaýdady. Imperatoryň özüne dne Konstantinopolyň bir bölegi (beýleki bir bölegi wenesiýalylaryň eline geçipdir) we soňra Frakiýada we Kiçi Aziýanyň demirgazyk-günbatarynda basylyp alnan ýerler degişli bolupdyr. Latyn Romaniýasynyň beýleki döwletleri imperatoryň wassallary hasap edilipdir, ýöne olaryň merkezi häkimiýete tabynlygy juda gowşak bolup galypdyr. Balkan ýarym adasynda Fessalonik korollygy (1204-1224), Afiny senýorlygy, soňra gersoglyk (1205-1456), Moreý ýa-da Aheý graflygy (1205-1432) döredilipdir. Balduin Flandriýaly grekler bilen gatnaşyk etmekden ýüz öwrüpdir we bolgar patyşasy Kaloýan bilen göreşe girişýär. 1205-nji ýylda bolgarlar Adrianopolyň eteginde imperiýanyň goşunlaryny agyr ýeňlişe sezewar edýärler. Şu şowsuzlykdan Latyn imperiýasy aýňalyp bilmändir. Balduin I-niň mirasdary Genrih I-niň (1205-1216) dolandyran döwründe imperiýanyň birneme berkändigine garamazdan onuň güýçleri ýyl-ýyldan gowşapdyr, Günbatar ýurtlaryndan bolsa rysarlar gelmegini bes edipdirler. Öz mülklerini ýitirip bu döwlet 1261-nji ýylda ýaşamagyny doly bes edýär. Fessalonika döwleti hem edil şeýle ýagdaýa sezewar bolýar. Emma Merkezi we Günorta Gresiýada başgaça

ýagdaý emele gelýär. Bu ýerleri eýesine her ýylda 300 anžuý liwri möçberinde girdeji berýän rysar mülklerine bölüpdirler. Baronlar Moreý graflygynyň perleri hasap edilipdir we olaryň her birinde onlarça mülkler bolupdyr. Ýöne, bu ýerlerde ýerli grek feodallary bolan *arhontlar* hem edil gelmişekleriňki ýaly hukuklardan peýdalanypdyrlar, bu bolsa graflygyň durnukly ýaşaýşyny üpjün edipdir.

**Wenesiýa Romaniýasy.** «Franklardan» tapawutlylykda, wenesiýalylar Wizantiýanyň ýerinde uly döwlet döretmäge ymtylmandyrlar. Olar Orta ýer deňziniň gündogarynda öz respublikalary babatynda söwda agalygyny ýola goýmak üçin Romaniýanyň möhüm ýollaryny we bazarlaryny gözegçilige almaga çalşypdyrlar. Dördünji haçly ýörişinden soň Wenesiýa Konstantinopolda söwda kwartalyny edinipdir, Krit adasyny, Günorta Peloponnesde Koron we Modon portlaryny, Iýoniý deňzindäki adalary eýeläpdir. Kem-kemden Wenesiýa Gresiýanyň möhüm galalarynyň (Nawpliý, Monemwasiýa we başgalar) we Egeý deňzindäki adalaryň (Ewbeýa, Sporady, Kiklady we başgalar) hasabyna öz mülklerini giňeldipdir. 1489-njy ýylda Wenesiýa Kipri hem eýeleýär. Wenesiýa Romaniýasynyň şäherleri Wenesiýanyň Gündogar ýurtlary bilen söwdasynda möhüm orna we ähmiýete eýe bolupdyrlar. Mundan başga-da, olar wenesiýa bazaryna Romaniýanyň oba hojalyk harytlaryny hem köpçülikleýin getirýärdiler.

Kritde we beýleki adalarda ekerançylyk ýerleri döwlet bilen wenesiýaly kolonistleriň, buthananyň we grek arhontlarynyň arasynda bölüşilipdir. Emma wenesiýaly kolonistler ýerli grek arhontlaryndan has amatly şertlerden peýdalanypdyrlar. Olar dolandyryşda we daşary söwdada uly artykmaçlyklara eýe bolupdyrlar. Wagtyň geçmegi bilen ýerli halk bilen gelmişek italiýalylaryň arasyndakky käbir gapma-garşylyklar gelmişekleriň grekleşmegi bilen ýitip gidipdir. Bu bolsa XV-XVI asyrlarda Kritiň italýan Renessansyň täsirinde

bolan gerk-wenesiýa medeniýetiniň möhüm merkezine öwrülmegine getiripdir.

**Genuýa Romaniýasy.** Genuýa dördünji haçly ýörişine gatnaşmandyr we Romaniýada söwda koloniýalaryny hem-de faktorilerini esaslandyrmak üçin nikeý imperatory Mihail VIII bilen 1261-nji ýylda baglaşylan söwda şertnamasyny peýdalanypdyr. Wizantiýa gaýtadan dikeldilenden soň we Latyn imperiýasy synandan soň genuýalylar Galatada, ýagny Altyn şah aýlagynyň Konstantinopolyň garşysyndaky kenarynda Peru şäher-galasyny esaslandyrýarlar. XIII asyryň 60-njy ýyllarynyň ahrynda olar Krymy koloniýalaşdyrmaga girişýärler we bu ýerde birnäçe koloniýalary esaslandyrýarlar. Genuýalylaryň Krymdaky esasy merkezleri Kaffa (Feodosiýa) bolupdyr. Wagtyň geçmegi bilen Gara we Azow deňizleriniň ähli kenarlarynda genuýalylaryň faktorileri esaslandyrylypdyr. Olardan has möhümleri Soldaýýa (Sudak), Tana (Azow), Samastro (Amastrida), Sewastopolis (Suhumi) bolupdyr. XIV asyryň ortalaryndan tä 1475-nji ýyla çenli (Kaffany osmanlylar eýeleýänçä) genuýalylar Gara we Azow deňizlerindäki söwda işlerini öz ellerinde saklapdyrlar. Egeý deňzinde genuýalylara Hios adasy (1346-1566) we Fokeýa degişli bolupdyr. Genuýalylaryň Gattiluzi dinastiýasy Lesbos we Fasos adalaryny, XV asyrda bolsa Lemnos adasyny dolandyrypdyr.

Wenesiýadan tapawutlylykda, merkezi dolandyryş edarasy gowşak bolan Genuýa faktorilerdäki dolandyryşy aýry-aýry adamlaryň ýa-da işewürleriň, banklaryň bileleşikleriniň ygtyýaryna beripdir. Faktoriler ep-esli özbaşdaklykdan peýdalanypdyrlar we bir ýyllyk möhlet bilen saýlanylýan konsullar tarapyndan dolandyrylypdyr. Genuýalylar Romaniýanynyň şäherlerinde ilatyň iň az bölegini düzüpdirler, şonuň üçin hem olar faktorileriň esaslandyrylýan ýerleriniň feodallary hem-de şäher begzadalary bilen tiz umumy dil tapypdyrlar.

Genuýalylaryň Gara deňziň demirgazyk (Kaffa) we demirgazyk-gündogar (Tana, Mapa-Anapa) kenarlaryndaky şäherleri we faktorileri gul söwdasynyň we Ýewropa, Müsürdäki Mamlýuklaryň döwletine gullaryň eksport edilýän möhüm merkezleri bolupdyrlar.

**Grek döwletleri XIII asyryň birinji ýarymynda.** Grek arhontlarynyň latynlara garşy ilkinji çykyşlary we olaryň agalygyna garşy halk gozgalaňlary olara üstünlik getirmändir. Emma 1205-nji ýyldan başlapWifiniýada, haç göterijiler tarapyndan ilen Brussa (Bursa) we Nikeýa şäherleriniň daş-töwereginde täze döwletiň – Nikeýa imperiýasynyň düýbi tutulýar. Bu döwletiň düzümine giren Kiçi Aziýanyň şäherleri senetçiligiň we söwdanyň ösen merkezleri bolupdyrlar, ekerançylyk ýerleri bolsa mes topragy bilen tapawutlanypdyr. Döwleti esaslandyryjy Feodor I Laskaryň (1205-1222) ýeterlik derejede pul serişdeleri bolmandyr. Emma oňa latynlar tarapyndan basylyp alnan öňki imperatorlaryň, konstantinopolyň buthanalarynyň we monastyrlarynyň köp sanly mülkleri miras galypdyr. Bu ýerleri ol miras galdyrmazlyk we hökmany gulluk etmek şertleri bilen proniýa beripdir. Proniarlara, şeýle hem serhetde oturýan ilatyň – akritleriň we baý erkin daýhanlaryň – *stratiotlaryň* nöker goşunlaryna daýanyp Feodor I güýçli goşun döredipdir we latynlaryň Kiçi Aziýanyň jümmüşine tarap süýşmekleriniň öňüni alypdyr. Onuň ornuna gelen başarjaň serkerde we hökümdar Ioann III Watas (1222-1254) söweş hereketlerini Balkanlara geçirýär we ep-esli ýerleri eýeläp Latyn imperiýasynyň synmagy üçin deslapky şertleri döredýär. Emma ol beýleki bir grek döwleti bolan Epir patyşalygy (1204-1337) bilen göreşe girişmeli bolupdyr. Nikeý imperiýasyndan tapawutlylykda, Epir patyşalygy köp sanly ýarym özbaşdak feodal mülklerine we dikmeliklerine bölünýär. Epiriň arhontlary şäherlerde hökümdarlyk edýärdiler. Döwletiň ýerleriniň deň ösmezligi we köp milletli ilatynyň (grek, alban,

slawýan, walah) bolmagy döwletiň dargamagyny tizleşdiripdir.1230-njy ýylda Epir döwleti bolgarlar, XIII asyryň 40-50-nji ýyllarynda bolsa nikeýalylar tarapyndan derbi-dagyn edilýär we Wizantiýany dikeltmek ugrundaky göreşden çykýar.

Wizantiýanyň ýerindäki üçünji döwlet Gara deňziň günorta kenarynda – Pont welaýatynda döreýär. Bu ýerler hemişe-de özbaşdaklyga dyzaýardylar. 1204-nji ýylda Gruziýanyň patyşasy Tamaranyň goşunlarynyň kömegi bilen bu ýerlerde Wizantiýanyň belli dolandyryjy dinastiýalarynyň biri bolan Beýik Komninleriň nesilleriniň baştutanlygynda Trapezund imperiýasy (1204-1461) döreýär. Dolandyryşyň başky ýyllarynda trapezundly Komninler Wizantiýany dikeltmek ugrundaky göreşe gatnaşypdyrlar, emma Feodor Laskar seljuklar tarapyndan ýeňlişe sezewar edilenden soň trapezundlylar bu göreşden çykýarlar.

**Wizantiýa imperiýasynyň dikeldilmegi.** Ösen ykdysadyýetiniň bolmaklygy, Konstantinopolyň golaý ýerleşmekligi, şeýle hem gasydaşlaryndan üstün çykyp bilmekligi Nikeý imperiýasyna Wizantiýany dikeltmäge mümkinçilik berýär. 1259-njy ýylda Pelagoniýada nikeý goşunlary epir patyşalarynyň we Latyn Romaniýasynyň güýçli hökümdarlarynyň biri bolan Moreýa (Aheý) grafynyň birleşen goşunlaryny derbi-dagyn edýärler. 1261-nji ýylda nikeý imperatory Mihail VIII Paleologyň goşunlary känbir garşylyk görmezden Konstantinopoly söweşsiz diýen ýaly eýeleýär. Latyn imperiýasy ýaşamagyny bes edýär. Emma dikeldilen Wizantiýa hem bir wagtky ägirt giň ýerleri öz içine alan döwlet däldi. Onuň düzümine Kiçi Aziýanyň günbatary, Frakiýanyň we Makedoniýanyň bir bölegi, Egeý deňzindäki adalar we Peloponnesdäki birnäçe galalar girdi. Wizantiýanyň daşary syýasy ýagdaýy öwerlikli däldi: günbatarda onuň garşysyna Wenesiýa hem girýän Sisiliýa koroly Karl I Anžuýlynyň baştutanlygynda döwletleriň bileleşigi däräpdi, gündogardan

seljuklar howp salýardylar, demirgazykdan bolsa imperiýany bolgarlar bilen serbler gysýardy. Mihail VIII Paleolog (1259-1282) tejribeli hem-de başarjaň syýasatçy bolupdyr. Şindi Konstantinopol eýelenilmänkä ol genuýalylaryň flotuny wenesiýalylara we Karl Anžuýla garşy ulanmak maksady bilen olara söwda ýeňillikleri beripdir. 1274-nji ýylda ol özüne garşy güýçleriň arasyna bölünişik salmak üçin papa bilen uniýa baglaşýar. Bolgarlara garşy göreşde Mihail mongol hany Nogaýy peýdalanmaga çalşypdyr.

Imperiýanyň daşky howpsuzlygyny üpjün edilmegi bilen baglanyşykly möhüm işleriň geçirilendigine garamazdan, ýurduň içeri syýasy ýagdaýy durnukly bolmandyr. Mihail VIII-niň papalyk bilen uniýa baglaşmagy, onuň iri feodallaryň bähbidini araýan çäreleri din adamlarynyň arasynda-da, halk içinde-de goldaw tapmandyr.

**Wizantiýa XIII asyryň ahyrynda – XIV asyryň birinji ýarymynda.** Ekerançylyk ýerleriniň köpçülikleýin proniýa edilip berilmegi, feodallara berilýän salgyt immunitetiniň giňemegi, italýan täjirlerine berilýän söwda ýeňillikleri imperiýanyň hazynasyna gelýän maliýe serişdeleriniň kemelmegine getirýär. Goşuny we floty saklamak, köşge we diplomatiýa gullugyna sarp edilýän ägirt uly möçberlerdäki çykdajylar hazynany boşadýar. Emele gelen ýagdaýdan çykmak üçin imperatorlar salgytlary artdyrýardylar, puluň düzümindäki altynyň mukdaryny kemeldýärdiler, bu bolsa bahalaryň galmagyna getirýärdi. Bu döwürde türkmenleriň hüjümleri hem güýçlenipdir. XIV asyryň başlaryna çenli Kiçi Aziýanyň köp bölegi olaryň eline geçipdi. 1303-1305-nji ýyllarda hakyna tutma kataloniýaly goşunlarynyň kömegi bilen türkmenleriň hüjümlerini yzyna serpikdirmek başa barmandyr. Wizantiýanyň ýerinde öz döwletlerini döretmek maksady bilen kataloniýalylar gozgalaň turuzýarlar we 1306-1307-nji ýyllarda Frakiýany, Fessaliýany we Günorta Makedoniýany talaýarlar, 1311-nji ýylda bolsa Afiny gersoglygyny basyp alýarlar. Diňe Epirde we

Peloponnesde wizantiýalylara öz mülklerini giňeltmek başardypdyr. 1320-1328-nji ýyllarda Wizantiýada imperator Andronik II bilen onuň atasynyň tagtyny almaga dalaş edýän agtygy Andronik III-niň arasynda özara uruşlar bolup geçýär. Andronik III-niň ýeňşi feodal begzadalaryny we ýurduň dagynyklygyny has hem güýçlendiripdir. XIV asyryň 20-30-njy ýyllarynda Wizantiýa Bolgariýa hem-de Serbiýa bilen netijesiz uruşlary alyp barypdyr, bu bolsa osmanly türkmenleri bilen boljak indiki söweşleriň öňisyrasynda taraplaryň ählisini hem güýçden gaçyrypdyr.

**Raýatlyk urşy we zilotlaryň gozgalaňy (1341-1355).** 1341-nji ýylda Andronik III ölenden soň imeriýadaky häkimiýet onuň kämillik ýaşyna ýetmedik ogly Ioann V-niň regenti – atabegi, frakiýaly tanymal ýer eýesi Ioann Kantakuziniň eline geçýär. Emma gullukçy-emeldar gatlaklary, söwda-senetçilik toparlary Ioann V-niň ejesi Anna Sawoýalynyň we belli begzda Alekseý Apokawkyň töwereginde jemlenip, Ioann Kantakuziniň garşysyna baş göteripdirler. Kantakuziniň wagtlaýynça Konstantinopolda ýoklugyndan peýdalanyp garşydaş toparlar paýtagtda häkimiýeti öz eline alýar. Kantakuziniň we onuň tarapdarlarynyň emläkleri talanylypdyr ýa-da döwletiň haýryna geçirilipdir, onuň özi bolsa wezipesinden mahrum edilýär. Muňa jogap edip welaýatlaryň feodallary Kantakuzini imperator diýip yglan edýärler. Emma bu waka kantakuzinçileriň garşysyna halk köpçüliginiň hem gazgalaň turuzmagyna getirýär. Netijede, welaýat begzadalaryna we ýurdy dargatmaga çalyşýan güýçleriň garşysyna, imperaoryň häkimiýetini goldaýan güýçler bilen şäherleriň halk köpçüliginiň arasynda özboluşly bileleşik ýüze çykýar. 1342-nji ýylda Kantakuzine Fessalonikany basyp almak başartmandan soň, onuň tarapdarlary bu ýerden çykarylyp kowulýar. Ähmiýeti boýunça imperiýanyň ikinji şäheri bolan Fessalonikada häkimiýet *zilotlaryň* (sözme-söz «janköýerler»)

syýasy toparynyň eline geçýär. Zilotlar Fessalonikanyň awtonomiýasy ugrunda göreşýärdiler, şonuň üçin hem olary janköýerler (zilotlar) diýip atlandyrýardylar. Netijede gozgalaňçy zilotlar tarapyndan Fessalonik respublikasy döredilýär (1342-1349).

Zilotlaryň başynda şäheriň dolandyryş edarasynyň emeldarlary we söwdagärleriň gurply topary durupdyr. Olaryň esasy harby güýji deňizçilerden we senetçilerden düzülipdir. Ilkibaşda zilotlar häkimiýeti konstantinopol hökümetiniň wekilleri, Alekseý Apokawkyň inisi Ioann bilen paýlaşypdyrlar. Başky döwürde zilotlaryň hereketi kantakuzinçilere garşy gönükdirilipdir. 1345-nji ýylda şäheriň ýokary gatlaklary we feodallaryň şäherde galan bir bölegi Kantakuzin bilen ylalaşmaga we şäheri oňa bermäge synanyşýarlar. Emma olaryň dildüwşüginiň üsti açylýar. Halk gozgalaň turzup, şonda Ioann Apokawk we onuň ýany bilen ýüze golaý begzada öldürilýär. Zilotlar salgyt özgertmesini geçirip, halk köpçüliginiň ýägdaýyny ýeňilleşdirýärler, ruhanylaryň we barly gatlaklaryň hukugyny çäklendiripdirler, olaryň ýerlerini we emläklerini ilatyň arasynda paýlapdyrlar, şäheriň hemme gatlaklaryna deň hukuk beripdirler, ruhanylaryň elinden dolandyryş we kazyýet häkimiýetlerini alypdyrlar.

Emma kantakuzinçiler hem gol gowşuryp oturmandyrlar. 1347-nji ýylda güýç deňeçerligi eýýäm Kantakuziniň peýdasyna üýtgäpdir. Şol ýyl Ioann VI Kantakuzin Konstantinopoly eýeleýär. 1349-njy ýylda Ioann VI Fessalonika şaherini hem eýeleýär. Şeýlelikde, zilotlaryň gozgalaňy basylyp ýatyrylýar. Gozgalaňlaryň we özara uruşlaryň netijesinde ýurt tozupdyr. Kantakuzinler we Paleologlar döwleti ol ýa-da beýleki imperator maşgalasyna degişli mülklere bölüpdirler.1348-1352-nji ýyllarda Wizantiýa genuýalylar bilen alnyp barlan uruşlarda ýeňlipdir. Gara deňiz söwdasy, hatda Konstantinopoly çörek bilen üpjün etmeklik hem italiýalylaryň eline geçýär.

**Türkmenleriň Balkan ýarym adasyna ýörişleri (1352-1402) we Wizantiýanyň synmagy.** 1352-nji ýylda Kiçi Aziýadaky köp sanly türkmen beglikleriniň biri bolan osmanlylar Dardanell bogazynyň ýewropa kenaryndaky Gallipoli (türkçe Geliboli) ýarym adsynda ýerleşýän Simpe galasyny eýeleýärler. Türkmenler uçin Balkan ýarym adasyna tarap giň ýol açylýar. 1359-1360-njy ýyllarda türkmenler bütin Frakiýany Filippopol (Plowdiw) şäheri bilen bilelikde basyp alanlaryndan soň, täze eýelenilen ýerleri «Rum ili» (Rim) diýip atlandyrypdyrlar. 1362-nji ýylda soltan Myrat I (1362-1389) Adrianopol şäherini eýeleýär we bu ýere Osman döwletiniň paýtagtyny hem göçürip getirýär. Imperiýany halas etmek üçin Ioann V Paleolog Günbatar Ýewropa ýurtlaryna gidip, Rim papasyndan, Wengriýadan we beýleki döwletlerden dalda gözleýär. Emma onuň sapary üstünlik getirmändir: 1389-njy ýylda Kosowo meýdanynda türkmenler wizantiýalylardan, serblerden we bolgarlardan düzülen haç göteriji goşunlary kül-peýekun edýärler.

Wizantiýa osmanly türkmenleriň wassallygyna kaýyl bolup, olara paç töläp başlaýar. Wizantiýalylar indi osamnlylaryň ýörişlerine-de gatnaşmaly bolupdyrlar. Myrat I-niň ogly Baýezidiň döwründe Konstantinopol gabawa alynýar, ýöne ony eýelemek entäk türkmenlere başartmandyr. Wengriýanyň koroly Sigizmund tarapyndan baştutanlyk edilen haç göteriji goşunlary 1396-njy ýylda Dunaýyň boýundaky Nikopolyň eteginde nobatdaky gezek aýylganç ýeňlişe sezewar edilýär. Konstantinopolyň özünde türkmenlere garşy fransuz marşaly Busikonyň baştutanlygyndaky bir müňlük goşuny söweşipdir. Emma osmanlylar ýaly ýowuz garşydaşy ýeňmek üçin bujagaz güýçler ýeterlik däldi. Şonuň üçin hem imperator Manuil II hem edil kakasy Ioann V ýaly kömek sorap Günbatar Ýewropa gidýär. Ioann V-ni Wenesiýada, Milanda, Parižde we Londonda uly dabara bilen garşylapdyrlar, ýöne oňa pul kömeginden başga zat berlmändir. 1402-nji ýylda Osman

döwletiniň üstüne Teýmirleňiň goşunlarynyň çozup girmegi we Ankaranyň eteginde osmanlylaryň ýeňilmegi bilen Wizantiýa zor salynmagy wagtlaýynça togtaýar.

Emma Wizantiýa emele gelen ýagdaýy öz peýdasyna ulanmagy başarmandyr. 1422-nji ýylda osmanly türkmenler Konstantinopoly ýene-de gabaýarlar, 1430-njy ýylda bolsa Fessalonikany eýeleýärler. Osmanlylaryň garşysyna has netijeli göreşmek üçin Wizantiýanyň hökümeti 1439-njy ýylda rim-katolik buthanasy bilen prawoslaw buthanasynyň arasynda uniýa baglaşýar.

Uniýa baglaşylandan soň osmanlylara garşy täze haçly ýöriş guralýar. Emma 1444-nji ýylda Warnanyň eteginde soltan Myrat II haç göterijileri doly derbi-dagyn edýär. Konstantinopolyň özünde-de papalyk bilen baglaşylan uniýadan närazylyklar güýçlenýär. Netijede, wizantiýa jemgyýeti ikä bölünýär. Olaryň «latinofiller» diýlip atlandyrylýan topary Günbatar Ýewropa ýurtlary, katolikçi papalyk bilen ýakynlaşmagyň tarapdarlary bolupdyr. Ikinji topar osmanly türkmenleriň ýapjalygynyň kabul edilmegini, şeýdibem imperiýany halas etmegi isleýärdiler. Prawoslaw din adamlary latynlara garşy şygarlar bilen çykyş edýärdiler. Emma bu toparlaryň hiç biri-de watançylyk şygarlaryny öňe sürmändirler. Şonuň üçin hem 1453-nji ýylyň 29-njy maýynda elli güne çeken gabawdan soň osmanly soltany Muhammet II Fatyh Konstantinopoly zabt edip alýar we ony öz döwletiniň täze paýgatyna öwürýär. Şeýlelikde, Wizantiýa imperiýasy synýar we onuň ýerinde kuwwatly Osman imperiýasy döreýär. Imperiýanyň ýykylmagyna onuň kuwwatly goňşusy Osman döwletiniň harby-syýasy güýji, Wizantiýanyň ykdysadyýetiniň pese düşmegi, ýurduň ykdysadyýetinde daşary ýurt kapitalynyň täsiriniň güýçli bolmagy, jemgyýetiň dürli gatlaklarynyň arasynda agzybirligiň bolmazlygy, Günbatar Ýewropa döwletleriniň ýeterlik derejede goldaw bermezlikleri sebäp bolupdyr. Emma müň ýyldan hem gowrak wagtlap

hökmürowanlyk süren Wizantiýa imperiýasy dünýä taryhynda uly yz galdyrypdyr we Günorta-Gündogar Ýewropa döwletleriniň ykdysadyýetine, syýasatyna, medeni taýdan ösüşine uly täsir edipdir.

## § 13. Rus ýerleri we knýazlyklary XIII-XV asyrlarda

**Rusuň mongol basybalyşlaryna sezewar edilmegi.** XIII asyryň başlary bütindünýä taryhynda möhüm wakalaryň bolup geçen döwrüdir. Bu döwür mongol taýpalarynyň Aziýanyň we Ýewropanyň ýurtlarynyň üstüne talaňçylykly ýörişleri bilen häsiýetlendirilýär. 1219-1222-nji ýyllarda Merkezi Aziýany, Owganystany, Eýranyň demirgazygyny eýelänlerinden soň mongol goşunlary Hazar deňziniň daşyndan aýlanyp günorta rus ýerlerine süýşüp gelýärler. 1223-nji ýylyň 31-nji maýynda Kalka derýasynyň boýunda Jebe hem-de Subudaý tarapyndan serkerdelik edilýän mongol goşunlary kiýew knýazy Mstislaw Romanowiç tarapyndan baştutanlyk edilýän birleşen rus-gypjak goşunlaryny derbi-dagyn edýärler.

Bu söweşden soň mongol goşunlary ýüzugruna Dnepre ýetýär, emma demirgazyga tarap gitmegiň deregine Wolga Bulgariýasyna tarap ugraýarlar. Emma mongollar üstünlik gazanyp bilmändirler we olar Mongoliýa dolanýarlar.

1235-nji ýylda Mongoliýanyň paýtagty Karakorumda bolan gurultaýda günbatara ýöriş etmek barada karar kabul edilýär. 1237-nji ýylda Çingiz hanyň agtygy Baty hanyň baştutanlygynda mongol goşunlaryň Rusuň üstüne ugraýar. Kamaly Bulgarlaryň ýurduny basyp alyp, mongollar (olary Rusda tatarlar diýip atlandyrýardylar) Rýazan knýazlygyna çozup girýärler.

Rýazandan soň Baty hanyň goşunlary Wladimir-Suzdal knýazlygyna tarap ugraýar. Mongollar Kolomnany we Moskwany talaýarlar we oda berýärler. 1238-nji ýylyň fewralynda olar agyr söweşden soň Wladimir şäherini basyp alýarlar. 1238-nji ýylyň 4-nji awgustynda Sit derýasynyň boýundaky söweşde beýik knýaz Ýuriý Wsewolodowiçiň baştutanlygyndaky rus goşunlary ýene-de agyr ýeňlişe sezewar edilýär, knýazyň özi bolsa öldürilýär.

Wladimir ýerlerini talap, mongol goşunlary Nowgoroda tarap ugraýarlar, emma ýollaryň palçyklygy zerarly wolga sähralaryna tarap gidýärler. 1239-njy ýylda Baty han rus ýerlerine täzeden hüjüm edýär.1240-njy ýylyň güýzünde ol Kiýewiň eteginde peýda bolýar. Şäher güýçli zabt edilenden soň mongollar tarapyndan basylyp alynýar. Kiýewi eýeläp, mongollar Galisiýa-Wolyn knýazlygyny, Polşanyň, Wengriýanyň içinden geçip, 1242-nji ýylda Çehiýanyň Olomous şäheriniň eteginde bolan söweşde ýeňilýärler. Şundan soň olar yzlaryna – Wolga boýlaryndaky sähralara dolanyp gelýärler.

Mongollar basylyp alnan ýerlerde Altyn Orda döwletini esaslandyrýarlar. Wolganyň boýunda esaslandyrylan Saraý şäheri Altyn Ordanyň (oňa Gök Orda hem diýlipdir) paýtagtyna öwrülýär. Başda bu döwlet Karakorumda oturan beýik mongol hanyna tabynlyk bildiripdir, ýöne tiz wagtdan doly özbaşdaklyga eýe bolýar. Altyn Ordanyň düzümine Gündogar Ýewropa, Günbatar Sibir we Merkezi Aziýanyň käbir ýerleri giripdir. Altyn Ordanyň hökümdarlarynyň musulmançylygy kabul etmegi bilen ägirt uly hem-de täsirli musulman döwleti döreýär, üstesine-de, olar ýerli halklar bilen garyşyp türkileşýärler. Mongollaryň türkileşen bölegini tatarlar diýip atlandyrmak kabul

edilendir. Şonuň üçin hem şu okuw kitabynda olar mundan beýläk tatarlar diýlip atlandyrylar.

Mongol agalygy Rusda 240 ýyllap (1242-1480) dowam edýär. Mongollaryň gol astyna düşup, rus knýazlary Saraýda oturan beýik hanyň wassallaryna öwrülýärler.Rus knýazlarynyň ygtyýarlyklary, şeýle rus buthanasynyň mitropolitleri beýik han tarapyndan berilýän ýörite hatlar - ýarlyklar bilen tassyklanylypdyr. Ruslar paç tölemäge borçlandyrylypdyr. Paç ilki natural görnüşde tölenilipdir, soňra bolsa kümüş pul bilen hasaplaşypdyrlar.

Rus ilaty han ilçilerini, çaparlaryny eklemeli we at bilen üpjün etmeli bolupdyrlar. Knýazlyklar harby borçlary ýerine ýetirmäge we beýik han tarapyndan talap edilen wagty knýazlar onuň huzuryna goşunlary bilen gelmäge borçlandyrylypdyr. Rus ýerleriniň üstünden gözegçiligi amala aşyrmak üçin şäherlerde hanyň dikmeleri – basgaklar oturypdyrlar. Salgytçylaryň anyk sanyny kesgitlemek üçin mongollar Rusda 1257-nji ýylda birinji gezek ilat ýazuwyny geçirýärler. XIII asyryň ahyrlarynda beýik hanyň peýdasyna Rusdan salgyt ýygnamaklyk ýerli knýazlaryň ygtyýaryna berilýär.


Newanyň boýundaky söweş

**Rus knýazlarynyň haç göterijilere garşy göreşleri.** Mongol basybalyşlary döwründe Rus agyr ýagdaýa düşüpdir. Munuň üstesine-de demirgazyk-günbatardan Rusuň üstüne ýene-de uly howp abanýar. Baltika deňziniň günorta-gündogar kenarlaryny gadymy

döwürlerden bäri fin-ugor we balt dil maşgalasyna girýän taýpalar ýaşaýardylar. XII asyryň ikinji ýarymynda bu ýerlere nemes feodallary hüjüm edýärdiler. Bu döwürde papanyň missionerler hem bu taýpalaryň arasynda katolikçiligi ýaýradýardylar. XIII asyryň başlarynda nemes feodallary Baltika deňziniň günorta-gündogar kenarlaryna hüjüm edip ugraýarlar. Täze eýelenilýän ýerlerde papa Innokentiý III-niň işjeň goldamagynda 1202-nji ýylda Gylyç göterijiler rysarçylyk ordeni döredilýär. Bu ordeniň monah-rysarlary XIII asyryň ortalaryna çenli häzirki Latwiýanyň ähli ýerlerini, Estoniýanyň günorta bölegini eýeleýärler. 1226-njy ýylda papanyň buýrugy bilen Palestinadan bu ýerlere getirilen rysarlaryň Tewton ordeni litwalylaryň pruss taýpasynyň ýerlerini eýeläp başlaýar. 1237-nji ýylda Tewton we Gylyç göterijiler ordenleri birleşip, Liwon ordeni (1237-1561) döredilýär. Nemes rysarlary bilen bir hatarda Baltika deňziniň günorta-gündogar kenarlaryna we goňşy Rus ýerlerine şwedler hem hüjüm edýärdiler. 1240-njy ýylda Newa derýasynyň deňze guýýan ýerinde şwed göşuny düşürilýär. Emma Nowgorodyň knýazy Aleksandr Ýaroslawowiç bu goşunlary derbi-dagyn edýär. Newanyň boýunda gazanylan ýeňiş üçin ony Aleksandr Newskiý diýip atlandyrypdyrlar.

Ruslara nemes rysarlarynyň hüjümleriniň öňüni almak hem başardýar. 1242-nji ýylyň 5-nji aprelinde Çud kölünde Liwon ordeniniň rysarlary bilen Aleksandr Newskiniň goşunlarynyň arasynda rus taryhynda «Buz üstünde gyrlyşyk» adyny alan uly söweş bolup geçýär. Söweşde nemes rysarlarynyň goşunlary ruslar tarapyndan derbi-dagyn edilýär.

**Rus knýazlary we Altyn Orda.** 1243-nji ýylda wladimir-suzdally knýaz nesliniň ýaşulysy Ýaroslaw Wsewolodowiç agasy Ýuriý aradan çykandan soň Saraýa gidip, Baty handan knýazlyga ygtyýar berýän ýarlyk alýar. 1245-nji ýylda ol hanyň çakylygy boýunça Saraýa ikinji gezek gidýär. Saraýdan ony Karakoruma beýik

hökümdar Gök hanyň huzuryna ugradylýar we şol ýerde-de ony zäherläp öldürýärler.

Ýaroslaw Wsewolodowiç ölenden soň 1247-nji ýylda knýaz tagtyna onuň inisi Swýatoslaw eýe bolýar. Ýaroslawyň ogullary Aleksandr Newskiý we Andreý ikisi bolsa Altyn Orda, ondan hem Mongoliýa gidýärler. Beýik han Wladimir knýazlygyna Andreýi, Aleksandry bolsa Kiýew bilen Nowgorodyň knýazlygyna tassyklaýar. Häkimiýetini gideren Swýatoslaw arz edip Saraýa gidýär, ýöne hiç zat gazanyp bilmän 1252-nji ýylda aradan çykýar.

1250-nji ýylda beýik knýaz Andreý Ýaroslawiç Daniil Galiskiniň gyzyna öýlenýär. Altyn Ordanyň hökümdarlary iki knýazyň arasynda ýola goýlan garyndaşlyk gatnaşyklaryna müňkürlik bilen seredipdirler. Şonuň üçin hem Galisiýa-Wolyn knýazlygynyň üstüne Kuremşiniň baştutanlygynda mongol goşunlary ugradylýar. Andreý Şwesiýa gaçyp gidýär, wladimir-suzdal knýazlygynda häkimiýet Aleksandr Newskiniň eline geçýär. Wladimiriň beýik knýazy bolandan soň Aleksandr Newskiý Altyn Orda döwleti babatynda seresaply syýasat ýöredipdir. Ol häli-şindi Saraýda bolmak bilen, öz tabynlygyndaky ýerlerde mongollaryň garşysyna gozgalaň turzulmazlygyny gazanmaga çalşypdyr. Sebäbi sähelçe nägilelik dörän badyna Altyn Ordanyň goşunlary rus ýerlerine ýörişleri geçirýärdiler. 1263-nji ýylda Saraýdan dolanyp gelýärkä Aleksandr Newskiý aradan çykýar.

Aleksandr Newskiý aradan çykandan soň hem beýik knýazlyk Ýaroslaw Wsewolodowiçiň nesilleriniň elinde galypdyr. Wsewolod Bolşoýe Gnezdonyň uly ogly Konstantiniň nesilleri bolsa bir wagtlar demirgazyk knýazlyklaryna bölünipdir we wladimirdäki tagta dalaş etmändirler. Aleksandr Newskiniň ogullary şindi kämillik

ýaşyna ýetmändiler, şonuň üçin hem beýik knýazlyk inileri Ýaroslaw Twerskiniň, soňra bolsa Wasiliý Kostomskiniň eline geçipdir.

Olaryň knýazlyk eden ýyllarynda Altyn Orda tabynlyk has hem güýçlenipdir, sebäbi olar özleriniň Rusdaky syýasy garşydaşlary bilen göreşlerde häli-şindi kömek sorap beýik hana ýüz tutýardylar. Mysal üçin, 1270-nji ýylda Ýaroslaw, 1272-nji ýylda bolsa Wasiliý nowgorodlylaryň topalaňyny basyp ýatyrmak üçin mongol goşunlaryny kömege çagyrypdyrlar. 1275-nji ýylda Litwa garşy mongol-rus ýörişi hem geçirilýär.

1277-nji ýylda Wasiliý aradan çykandan soň tagt Aleksandr Newskiniň ogly Dmitriý Pereýaslawskiniň eline geçýär. Emma dört ýyldan soň onuň dogany Andreý Gorodeskiý hanyň huzuryna baryp, beýik knýazlyga ýarlyk alýar we Ordanyň goşunlary bilen gelip Dmitrini tagtdan agdarýar. 1281-1282-nji ýylda Andreýiň çakylygy bilen Rusa gelen mongol goşunlary ýurduň demirgazyk-gündogar ýerlerini tozdurypdyr. Öz gezeginde Dmitriý hem Ordadaky agzalalyklardan peýdalanyp, Gara deňziň kenarlarynda peýda bolan Nogaý hanyň beýik hanyň garşysyna gönükdirilen topalaňyny goldapdyr. Nogaýyň kömegi bilen Dmitriý 1283-nji ýylda Andreýi goldaýan Nowgorodyň töwereklerini talaýar.

Häkimiýetini wagtlaýynça doganyna aldyran Andreý 1285-nji ýylda mongol goşunlaryny Rusuň üstüne üçünji gezek yzyna tirkäp getirýär. Ýöne hakyky üstünligi ol diňe mongollary dördünji gezek çagyryp getirenden soň gazanmagy başarýar. 1293-nji ýylda Rusuň üstüne ägirt uly mongol goşunlary çozup girýär. Ýörişiň dowamynda 14 sany şäher talaňçylyga sezewar edilýär. Ýörişden aýratyn hem Dmitriniň mülki - Pereýaslawl knýazlygy zyýan çekipdir. 1294-nji ýylda Dmitriý Aleksandrowiç, sekiz ýyldan soň bolsa onuň önelgesiz ogly Iwan hem

aradan çykýar. Iwanyň wesýeti boýunça Pereýaslawl Aleksandr Newskiniň körpe ogly Daniil Moskowskä berilýär.

XIII asyryň ahyrlarynyň özara uruşlarynyň we mongollaryň köp sanly ýörişleriniň netijesinde Pereýaslawl we Gorodeskiý knýazlyklary halys gowşaýar. Şol sebäpden hem XIV asyryň başlarynda Rus ýerlerinde öňdebaryjylyk Moskwa we Twer ýaly täze merkezlere geçýär.

**Moskwanyň ýokary göterilmegi we onuň Twer knýazlygy bilen göreşleri.** Moskwaly knýazlaryň nesilbaşysy we onuň ilkinji özbaşdak *udel*[1] knýazy, Aleksandr Newskiniň körpe ogly Daniil Aleksandrowiç (1276-1303) bolupdyr. Şol döwürler Moskwa kiçeňräk we garyp mülk eken. Emma Daniil Aleksandrowiç tiz wagtdan onuň araçägini ep-esli giňeldipdir. 1301-nji ýylda ol rýazan knýazynyň elinden Kolomnany alýar. 1302-nji ýylda Iwan Dmitriýewiç ölenden soň wesýet boýunça Pereýaslawl hem Moskwanyň düzümine goşulýar. Daniiliň ogly Ýuriniň (1303-1325) dolandyran döwründe öň Smolensk knýazlygynyň düzümine giren Možaýsk hem eýelenilýär.


Iwan I

Moskwanyň ykdysady taýdan ýokary göterilmegi we onuň syýasy täsiriniň artmagy öňi bilen bu mülküň

[1] Rus knýazlary aýry-aýry şäherleri töweregindäki ýerler bilen bilelikde öz ogullaryna *udel* – mülk edip berýärdiler. Rusda feodal dagynyklygyň hokum süren döwürlerinde şol udel knýazlaryň köpüsi soňra özbaşdak knýazlyklara öwrüldiler.

slawýan ýerleriniň merkezinde, möhüm söwda ýollarynyň çatrygynda, şeýle hem rus halkyýetiniň kemala gelýän ýerinde ýerleşýändigi üçin mümkin bolupdyr. Altyn Orda hanlary tarapyndan girizilen dessura görä, rus knýazlarynyň haýsysy beýik handan Wladimir knýazlygyna hökümdarlyk etmäge ýarlyk alsa, şol hem bütin Rusuň üstünde hökümdarlyk etmäge hukuk alýardy. 1304-nji ýylda Altyn Orda hanlary tarapyndan berilýän şeýle hukuga twerli knýaz Mihail Ýaroslawiç eýe bolýar. Ol rus knýazlarynyň arasynda ilkinji bolup özüni «Bütin Rusuň» beýik knýazy diýip hem yglan edýär we Rusuň demirgazyk-gündogar ýerleriniň esasy syýasy merkezleri öz häkimiýetine tabyn etmäge çalşyp ugraýar. Emma twerli knýazlaryň bu synanyşyklary Moskwanyň ýiti garşylygyna sezewar bolýar.

Moskwa bilen Tweriň arasyndaky bäsleşikler rusda häkimlik etmäge hukuk berýän ýarlygyň moskwa knýazy, lakamly Iwan Danilowiçiň eline geçmegi bilen tamamlanýar. Iwan I (1325-1340) iňňän hilegär we erjel hökümdar bolupdyr. Ol Moskwa knýazlygynyň güýçlenmegi, rus topragynyň Moskwanyň daşynda jemlenmegi üçin köp işleri bitiripdir we şunda Altyn Ordanyň häkimiýetine hem doly derejede daýanypdyr. Iwan Kalita Altyn Ordanyň peýdasyna Rusdan ummasyz köp paç ýygnapdyr we onuň ep-esli bölegini özünde alyp galypdyr. Onuň döwründe Twer, Pskow, Howgorod Moskwa knýazlygyna birikdirilipdir. Ol ummasyz köp baýlyk toplapdyr we şonuň üçin hem il içinde ony «Kalita»[2] lakamy bilen atlandyrypdyrlar. Iwan I-niň döwründe Moskwa knýazlygy «rus ýerlerini ýygnaýjy» ady bilen taryha giripdir. Moskwa «Bütin Rusuň»

---

[2] *Kalita* – türkmen-türki sözi bolup, ol «halta», «pully halta», ýa-da göçme manyda «gapjyk» diýmegi aňladýar.

mitropoliti hem göçüp gelýär, bu bolsa knýazlygyň syýasy täsirini has-da artdyrýar.


Iwan II Gyzyl

Iwan Kalitanyň syýasatyny onuň ogullary Semýon Buýsanjaň (Gordyý) we Iwan Gyzyl (Krasnyý) dowam etdiripdirler. Emma moskwaly knýazlaryň Rusy birikdirmäge gönükdirilen işleri Kalitanyň agtygy Dmitriý Iwanowiçiň (1359-1389) döwründe has uly üstünlige eýe bolupdyr.

Dmitriniň knýazlygy kyn şertlerde başlaýar. Onuň kämillik ýaşyna ýetmänliginden peýdalanyp, suzdal-nižegorod knýazy Dmitriý Konstantinowiç Ordadan ýarlyk almagy başarýar, diňe moskwaly boýarlaryň we mitropolit Alekseýiň hyzmaty bilen ýarlyk ýene-de moskwaly knýaza gaýtarylyp berilýär. Tiz wagtdan Dmitriý ýarlyga dalaş edýänleriň ýene-de biri – twer knýazy Mihail Aleksandrowiç bilen hem göreşmeli bolýar.

Içeri syýasy ýagdaýyň şeýle ýiti döwründe Moskwanyň üstüne Beýik Litwa knýazlygy tarapdan hem howp abanýar. Moskwanyň üstünden ýeňiş gazanmak maksady bilen litwalylara twer knýazy Aleksandr Mihaýlowiç ýakyndan ýardam edipdir. 1375-nji ýylda Tweriň garşysyna guralan ýörişiň netijesinde beýik knýaz Dmitriý öz bäsdeşinden üstün çykmagy başarýar. Moskwa knýazlygynyň güýçlenmegi onuň Altyn Orda bilen gatnaşyklarynyň üýtgemegine getirýär we onuň tabynlygyndan çykmak üçin amatly şertleri döredipdir. Emma mongollaryň gol astyndan çykmakdan entäk irdi.

Şol döwürler altyn ordaly müňbaşylaryň biri bolan Mamaý hana ýurduň içindäki özara uruşlaryň soňuňa çykmak we häkimiýeti ele almak başardýar. Ol Rusuň üstüne ýörüşe taýýarlanyp ugraýar we 1378-nji ýylda Ob derýasynyň goly bolan Woža derýasynyň boýunda mongollar bilen moskwaly goşunlaryň arasynda söweş bolup geçýär. Bu söweşde Dmitriý Iwanowiç tarapyndan baştutanlyk edilýän rus goşunlary ilkinji gezek ýeňiş gazanmagy başarýarlar. Bu söweşden soň Mamaý litwa knýazy Ýagaýlo bilen ýaranlyk baglaşýar. Ol Moskwanyň güýçlenmeginden heder edýän rýazan knýazy Oleg bilen gizlin gepleşikleri hem alyp barypdyr.

Ruslar bilen tatarlaryň arasyndaky göreşiň ykbalyny Kulikowo söweşi kesgitläpdir. Bu söweş 1380-nji ýylyň 8-nji sentýabrynda Neprýadwanyň Dona birleşýän ýerinde, derýanyň sag kenarynda ýerleşýän Kulikowo meýdanynda bolup geçýär. Söweş başlamazdan öň mongol pälwany Çöli beg (rus çeşmelerinde Çelubeý) bilen rus batyry (*bogatyr*) Aleksandr Pereswet başa-baş söweşýärler, ýöne olaryň ikisi hem wepat bolýarlar. Kulikowo meýdanynda her tarapda 100-150 müň gösunlar jemlenipdir. Söweşiň juda gandöküşikli häsiýete eýe bolandygyna garamazdan, Mamaýyň goşunlary agyr ýeňlişe sezewar bolýarlar. Gazanan uly ýeňşi üçin Dmitriý Iwanowiçi «Donskoý» diýip atlandyrypdyrlar. Rusuň barybir Altyn Ordanyň tabynlygynda galandygyna garamazdan, rus halky üçin Kulikowo söweşiniň ägirt uly ähmiýeti bolupdyr. Ýeňilmezek Altyn Ordanyň goşunlary ikinji gezek agyr ýeňlişe sezewar edilipdir.

Mamaýyň ruslardan ýeňilmegi Altyn Ordada özara uruşlaryň turmagyna getirýär we şol uruşlarda onuň özi hem öldürilýär. 1382-nji ýylda Mamaýy agdaran altyn orda hany Togtamyş Moskwanyň üstüne ýöriş geçirip, şäheri eýeleýär we ony zabun talaýar. Emma 1395-nji

ýylda Togtamyşyň döwleti hem Merkezi Aziýadan ýöriş edip gelen Teýmirleňiň zarbasy netijesinde dargaýar.

Togtamyşyň ýörişinden soň moskwa hökümeti Altyn Orda paç tölemäge mejbur bolýar. Emma Kulikowo meýdanynda urlan zarba Altyn Orda Rusuň içki işlerine öňküleri ýaly arkaýyn gatyşmaga we rus knýazlarynyň doly tabynlygyny gazanmaga mümkinçilik bermeýärdi. Moskwa knýazy Dmitriý Donskoý Saraýdan ygtyýar soramazdan öz häkimiýetini ogluna wesýet edýär. Wasiliý I Dmitriýewiçiň (1389-1425) knýazlyk eden ýyllarynda Nižniý Nowgorod knýazlygy we onuň mülkleri Moskwa birikdirilýär. Emma Nowgorod we Twer knýazlyklary öňküleri ýaly özbaşdaklyga dyzaýardylar. Rýazan knýazy Oleg hem häkimiýetini bererli däldi.

**XV asyryň birinji ýarymyndaky özara uruşlar.** Wasiliý I Dmitriýewiçiň ölümi Moskwa knýazlygynda uzaga çeken we ýiti syýasy krizisiň ýüze çykmagyna getirýär. Wasiliý Dmitriýewiçiň ogly Wasiliý II Wasilýewiçiň (1425-1462) häkimiýet başyna gelmegi bilen başlan bu wakalar XV asyryň bütin 20-50-nji ýyllaryny öz içine alýar. Bu uruşlaryň esasy sebäbi galisiýaly udel knýazlarynyň Moskwa tagtyny eýe bolmaga dyrjaşýardylar. Bu uruşlar arakesmeler bilen 1425-1453-nji ýyllar aralygynda dowam etdi.

Tagty miras almaklyk bilen baglanyşykly jedeller bu uruşlaryň bahanasy boldy. Rusda dowam edip gelýän dessura görä, nesilşalygyň ýaşulysy hökmünde aradan çykan knýazyň ornuna, onuň inisi çykmalydy.[1] Moskwa

---

[1] Bu dessur ruslarda «mülkdarçylyk-basgançak ulgamy» («удельно-лестничная система») diýlip atlandyrylyp, bu dessur köp halklara Hun imperiýasyndan we Göktürkmenleriň döwletinden geçipdir. Syýasy dolandyryşyň bu dessury ylymda «*gerontokratiýa*», ýagny neberäniň ýaşulysynyň häkimiýeti diýlip atlandyrylýar.

knýazlygynda bolsa XIV asyryň ahyrlarynda tagt atasyndan ogluna geçip başlapdy. Dmitriý Donskoýyň wesýeti boýunça Moskwa knýazlygy onuň ogullarynyň arasynda paýlanylypdyr. Uly ogly Wasiliý kakasynyň ornuna beýik knýaz bolmalydy, ikinji ogly Ýuriý bolsa Galisiýa (Kostroma etraby) we Zwenigoroda eýe bolmalydy. Emma wesýetnama düzülýän wagty Wasiliý şindi öýlenmän eken, şonuň üçin hem onuň mirasdary diýlip inisi Ýurini yglan edýärler. Haçan-da 1425-nji ýylda Wasiliý Dmitriýewiç aradan çykanda, tagt onuň ogly Wasiliý II Wasilýewiçe geçýär (wesýetnama boýunça bolsa Ýuriý geçmelidi). Netijede, bolan işe tagta çykan kiçi ýaşly beýik knýazyň kakasynyň inisi, galisiýaly udel knýazy Ýuriý Dmitriýewiç kanuny nägilelik bildirýär.


Wasiliý II Kör

1430-njy ýylda Wasiliý II kämillik ýaşyna ýetýänçä onuň atabegi (opekun) edilip bellenilen babasy, beýik Litwa knýazy Witowt aradan çykýar. Şundan soň Ýuriý Wasiliý II-niň goşunlaryny ýeňip Moskwany eýeleýär, ýöne iki ýarym aýdan soň aradan çykýar.

Ýuriý aradan çykandan soň moskwa tagty ugrunda onuň ogullary Wasiliý Çaşy (Kosoý) bilen Dmitriý Şemýaka göreşipdirler. Bu uruşlarda doganlary udel knýazlary, Wasiliý II bolsa moskwaly boýarlar, dworýanlar (begzadalar), buthana we şäherliler, ýagny ýurduň merkezleşdirilmegini isleýänler goldapdyrlar.

Uştünlikler başda Wasiliý II-niň tarapynda bolupdyr. Ol 1436-njy ýylda Wasiliý Çaşyny ýesir alyp,

onuň gözüni oýdurýar. Özara göreşlere Kazan hanlarynyň goşulmagy bilen has hem çylşyrymlaşýar. 1445-nji ýylda Moskwa knýazlygyna Togtamyşyň agtygy, Altyn Ordanyň hany Uly Muhammediň (1426-1445) goşunlary çozup girýär. Uly Muhammet Wasiliý Wasilýewiçiň goşunyny derbi-dagyn edip, onuň özüni ýesir alýar. Beýik knýaz ägirt uly töleg tölenenden soň boşadylypdyr.

Beýik knýazy tatarlaryň ýesirliginden boşatmak üçin serişdeleriň ýygnalmagy zerarly ýüze çykan nägilelikleri peýdalanyp, 1446-njy ýylda Dmitriý Şemýaka Troisa-Sergiýew monastyrynda ybadat edýän pursaty Wasiliý Wasilýewiçi ele salýar. Wasiliniň gözüni oýýarlar we şonuň üçin hem ol «Kör» («Týomnyý»)[1] lakamyna eýe bolýar. Indi Moskwa Şemýakanyň eline geçýär. Emma Moskwany basyp alan Dmitriý Şemýakany boýarlar goldamandyrlar. Onuň garşysyna buthana we şäher ilaty aýa galýarlar. Dmitriý Şemýaka Wasiliý Köri azat etmäge mejbur bolýar we ol 1446-njy ýylda ýene-de Moskwa dolanyp gelýär. Dmitriý Şemýaka Nowgoroda gaçyp gidýär we 1453-nji ýylda şol ýerde-de aradan çykýar.

Şemýakadan üstün çykandan soň Wasiliý Kör Moskwa knýazlygynyň düzümine girýän udel knýazlyklarynyň tas ählisini diýen ýaly ýatyrýar. 1456-njy ýylda ol Nowgoroda ýöriş geçirýär. Ýörişiň netijesinde Ýaželbiskiý şertnamasy baglaşylyp, Nowgorod beýik knýazyň elinden alan ýerlerini gaýtaryp bermäge we mundan beýläk onuň duşmanlaryna gaçybatalga bermezlige borçlanýar. Mundan başga-da beýik knýaz Nosgorodda kazyýet häkimiýetine eýe bolýar, bu bolsa şäher weçesiniň ygtyýarlyklaryny çäklendirýär.

---

[1] «Týomnyý» sözi göni manyda «gara» manysyny aňladýar, emma bu ýerde onuň gözüniň oýulandygy üçin «kör» manysynda ulanylýar.

XV asyryň ikinji çärýeginiň feodal uruşlaryndan Moskwa knýazlygy ýeňiji bolup çykýar: onuň içki bitewiligi berkeýär, onuň halkara arenasyndaky we rus topragyndaky syýasy abraýy ep-esli ýokarlanýar. Şunuň netijesinde bolsa rus ýerlerini birikdirmek işini gutarnykly tamamlamak – Twer we Rýazan knýazlyklarynyň, Nowgorod we Pskow weçe respublikalarynyň özbaşdaklygyny ýok etmek üçin amatly mümkinçilikler döreýär.

Wasiliý Körüň dolandyran ýyllarynda knýazlygyň dini-ruhy durmuşynda hem möhüm wakalar bolup geçýär. 1439-njy ýylda katolikçi we prawoslaw buthanalarynyň ýolbaşçylarynyň gatnaşmagynda Florensiýa Sobory (Italiýa) bolup geçýär. Soborda katolikçi we prawoslaw buthanalarynyň arasynda arasynda buthana uniýasy – ýaranlyk baglaşylýar. Uniýanyň baglaşylmagy katolikçiligiň prawoslaw ýurtlaryna täsirini artdyrýardy. Uniýa rus mitropoliti Isidor gol çekýär. Emma haçan-da, Isidor Moskwa dolanyp gelenden soň, beýik knýaz we ruhalylar uniýany kabul etmekden ýüz öwürýärler. Isidor wezipesinden boşadylýar we 1448-nji ýylda rus ýepiskoplarynyň Soborynda mitopolitlige rýazan ýepiskopy Iona saýlanylýar. Şeýlelikde, şol döwürden başlap rus buthanasy awtokefal, ýagny Konstantinopol prawoslaw patriarhatlygyndan özbaşdak ýagadaýa eýe bolýar.


Kazimir IV Ýagellonçik

**Moskwa knýazlygy Iwan III-niň dolandyran ýyllarynda.** Rus ýerleriniň Moskwanyň töwregine

ýygnanmagy çalt depginlerde dowam edipdir. Iwan III-niň (1462-1505) knýazlygy bitewi rus döwletiniň kemala gelmeginde möhüm ähmiýete eýe bolýar. Bu döwürde Nowgorod respublikasy Moskwanyň esasy garşydaşlarynyň biri bolup galýardy. 1470-nji ýylda Moskwanyň güýçlenmeginden aýratyn heder edýän nowgorodly boýarlar şäher weçesinde Litwa bilen ýaranlyga ygtyýar almagy başarýarlar. Netijede Nowgorod beýik litwa knýazy we polýak koroly Kazimir IV-niň ýapjasyna öwrülýär. Muňa jogap edip Iwan III Nowgoroda goşun çekýär. 1471-nji ýylyň 14-nji iýulynda Şelon derýasynyň boýunda moskwa goşunlary bilen nowgorodly ýygynyň arasynda aýgytly söweş bolup, nowgorodlylar derbi-dagyn edilýär.

Iwan III bilen Nowgorodyň arasynda baglaşylan şertnama boýunça 1456-njy ýylda baglaşylan Ýaželbiskiý şertnamasynyň şertleri täzeden dikeldilýär. Bu şertnama Nowgorody özbaşdak daşary syýasat ýöretmek hukugyndan mahrum edýär.

XIV asyryň ortalarynda Nowgorodda Moskwa bilen gatnaşyklaryň tarapdarlarynyň we garşydaşlarynyň arasynda göreşler gaýtadan tutaşýar. 1477-nji ýylyň sentýabrynda Iwan III Nowgorada täzeden ýörişe ugraýar. Bu ýöriş garaşsyz Nowgorodyň doly tabyn edilmegi bilen tamamlanýar. Iwan III Nowgorod respublikasynyň doly ýok edilmegini talap edýär. Nowgorodda weçe we dikmelik (*posadniçestwo*) ýaly adaty dolandyryş guramalary gadan edilýär, şäheriň garaşsyzlygynyň simwoly bolan weçe jaňy bolsa Moskwa alnyp gidilýär.

Nowgorodyň ykbalynyň çözülmegi Twer knýazlygynyň birikdirilmegini hem tizleşdirýär. 1485-nji ýylda Iwan III uly goşun bilen onuň ýerlerine ýöriş geçirýär. Netijede Twer Iwan III-niň häkimiýetine tabyn edilýär. Ýalňyz galan twer knýazy Mihail Borisowiç

bolsa Litwa gaçyp gidýär. Rusuň başga-da ýene birnäçe knýazlyklarydyr ýerleri hem Nowgorod bilen Tweriň gününe sataşýarlar. Diňe Pskow bilen Rýazan entäk özbaşdaklyklaryny saklap galýarlar. Iwan III-niň iň soňky wizantiýa imperatory Konstantin Paleologyň agasynyň gyzy Sofiýa öýlenmegi onuň abraýyny has-da artdyrýar. Täze gelin bilen bilelikde Rusa ýüzünde Wizantiýanyň iki kelleli bürgüdiň surety şekillendirilen täze gerb hem gelýär.

**Altyn Ordanyň häkimiýetiniň synmagy.** XV asyryň ortalarynda Altyn Orda Kazan, Krym, Astrahan, Sibir hanlyklary, şeýle hem Nogaý Ordasy ýaly birnäçe ösbaşdak döwletlere bölünýär. Emma muňa garamazdan Ahmet han Rusuň üstünden tatarlaryň häkimiýetini gaýtadan dikeltmegi karar edýär. 1480-nji ýylyň tomsunda ol Moskwanyň garşysyna uly ýörişe başlaýar. Bu barada ol Litwa we Polşa bilen hem gepleşikleri geçirýär. Emma, haçan-da, tatarlar Oka derýasynyň boýuna gelenlerinde, onuň güzeriniň eýýäm rus polklary tarapyndan eýelenendigine göz ýetirýärler. Ahmet han söweşe girmäge howlukmandyr we ol polýak koroly Kazimir IV-niň goşunlary bilen birleşmek üçin derýanyň boýy bilen ugraýar. Emma Ugra derýasynyň boýuna gelip ýetende Ahmet han ruslaryň bu ýerde-de özüne garaşyp durandyklarynyň şaýady bolýar. Han ýene-de söweşe girmäge howlukmandyr. Polýak koroly Kazimir IV-den barybir kömek bolmandyr, sebäbi ol Iwan III-niň ýarany, Krym hany Meňli Gireý bilen uruşlara gümra bolýardy.

1481-nji ýylyň 11-nji noýabrynda Ahmet han Ugra derýasynyň boýlaryndan ýuwaş-ýuwaşdan yza çekilip ugraýar. Wolga derýasynyň aşak akymlarynda Rusdan yzyna dolanyp gelýän Ahmet hanyň üstüne nogaý tatarlarynyň we sibir hany Ybagyň birleşen goşunlary dökülýär. Söweş wagtynda Ahmet hanyň özi hem

öldürilýär. Bu ýeňlişden soň Altyn Orda uzak ýaşamandyr. 1492-nji ýylda ol krym hany Meňli Gireý tarapyndan derbi-dagyn edilýär.

Rusuň Altyn Ordanyň tabynlygyndan çykmagy Iwan III-ä Kazana garşy ýöriş geçirmäge mümkinçilik berýär. 1487-nji ýylda geçirilen üstünlikli ýörişiň netijesinde han Moskwanyň ýapjasyna öwrülýär. Şundan soň ruslara demirgazyk-gündogar taraplara süýşmekleri üçin giň ýol açylýar. Iwan III Permi eýeleýär we Ural daglaryndan aňryk geçip, Ob derýasynyň aşak akymlaryna aralaşmagy başarýar. Gündogarda gazanylan ýeňişler Moskwanyň beýik knýazyny Litwanyň we Polşanyň tabynlygyndaky belorus we ukrain ýerlerini eýelemäge gylawlandyrýar. 1487-1494-nji ýyllaryň litwa-rus uruşlarynda ýeňiş gazanylmagy bu ýerleriň Rus döwletiniň tabynlygyna geçirilmegine getirýär. Şeýlelikde, XV asyryň ahyrlaryna çenli Moskwa - Rus döwleti diňe bir Altyn Ordanyň tabynlygyndan çykmak bilen çäklenmän, eýsem öz döwrüniň harby-syýasy we ykdysady taýdan güýçli döwletleriniň hataryna goşulmagy hem başarýar. Bu bolsa oňa indiki ýüz ýyllyklarda halkara gatnaşyklar ulgamynda üstünlikli hereket etmäge mümkinçilik berýär.

## § 14. Hristian buthanasy orta asyrlar döwründe

**Hristian buthanasy orta asyrlaryň başlarynda.** Rim imperiýasynda dörän we ösüp kämilleşen hristiançylyk dini orta asyrlar döwründe dünýä dini hökmünde orta çykýar. Orta asyrlarda onuň guramasy – buthana bitewileşipdir we berkäpdir. Hristiançylyk syýasy doktrina öwrülip, ol orta asyr durmuşynyň ideologiki we etiki kadalaryny düzgünleşdirijisi, onuň aňyýet esasy we Ýewropanyň medeni umumylygynyň

binýady bolup hyzmat edipdir. Bulardan başga-da, buthana dini-filosofiki aňyýet esasynda jemgyýetiň ähli gatlaklaryny birleşdirmäge çalşypdyr.

Orta asyrlaryň başlarynda hristiançylyk eýýäm iki asyrdan bäri Rim imperiýasynyň resmi dini bolup gelýärdi. Feodalçylyk gatnaşyklarynyň kemala gelip ugramagy bilen, hristiançylyk dindarlaryň jemagaty bolmagyny bes edip, social basgançaklaryna bölünen syýasy gurama öwrülýär. Döwlet tarapyndan berilýän goldawlar buthananyň dolandyryş we ykdysady taýdan kuwwatlanmagyna getirýär. Hristian alymlarynyň, din işgärleriniň zähmeti bilen hristian dini ynanjyny (*dogmatika*) işläp düzmeklik işi umuman alnanda tamamlanýar. Hristiançylyk hukugyna (*kanon*) buthana guramasy we onuň tertip-düzgüni babatda ählumumy ähmiýete eýe bolan birnäçe amaly düzgünler girizilipdir. Orta asyrlar döwrüniň başlarynda hristiançylyk *kulty* (ynanç) we *liturgiýa* (ybadat işleri) hem umuman alanyňda doly kemala gelýär, şeýle hem hristiançylygyň sosial doktrinasy we *etikasy* (edep kadalary) bitewi görnüşinde işlenilip düzülýär. Hristiançylyk taglymatynyň işlenilip düzülmeginde Demirgazyk Afrikanyň Gippon şäheriniň ýepiskopy Awreliý Awgustin (354-430) köp hyzmatlary bitiripdir. Ondan köp sanly eserler miras galyp, olarda katolikçiligiň aňyýet binýady esaslandyrylypdyr we ol katolikçi buthananyň berk tertip-düzgüne esaslanýan we bir bitewi merkeze tabyn edilýän gulluk basgançakly (*iýerarhiýa*) gurluşyny hem işläp düzýär. Munuň özi soňra merkezi Rimde ýerleşýän papalygyň adamlar bilen hudaýyň arasyny baglanyşdyrýan dini-syýasy gurama öwrülmegine getirýär.

**Ýewropanyň çokundyrylmagy.** Şindi Konstantin I-niň we Feodosiý I-niň ediktlerinden soň IV asyryň ahyrynda Rim imperiýasynyň ilatynyň agramly bölegi hristianlaşdyrylypdyr. Imperiýanyň çäklerine häli-şindi çozup duran wagşy taýpalaryny çokundyrmaklyk hem şol döwürler başlaýar. Wandallar, ostgotlar we westgotlar täze dini ariançylyk ýeresi görnüşinde kabul edipdirler. Aleksandriýaly ruhany Ariniň (336-njy ýylda aradan çykan) üç keramatyň[1] (Troisa) ähli agzalarynyň biri-birine bolan bara-barlygynyň deň däldigi hakyndaky taglymaty kopleriň kalbynda müňkürlik döredipdir. Ariniň tassyklamagyna görä, ähli barlyklary ýaradyjy Hudaý-Ata, Hudaý-Ogly (Isany) hem ýaradypdyr. Diýmek, buthana Hudaý tarapyn däl-de, eýsem onuň ýaradany Isanyň özi tarapyndan döredilipdir. Eger-de, şeýle bolýan bolsa, onda Hudaý tarapyn döredimedik buthana we onuň ýolbaşçylary tarapyndan işlenilip düzülen hem-de girizilen düzgünlere ýnamsyzlyk edip bolar diýip ariançylar hasap edipdirler. V asyryň ahyrynda hristiançylygy *ortodoksal* (resmi) görnüşinde franklaryň koroly Hlodwig kabul edýär. Papa we Galliýanyň ruhanylary Hlodwigiň basybalyşlaryny goldapdyrlar we onuň hereketini buthananyň we «Hudaýyň halaýan» işleri hökmünde häsiýetlendiripdirler.


Beýik Konstantin

Uzaga çeken özara uruşlardan soň VI asyryň ahyrlarynda westgotlar ariançylykdan katolikçilige geçýärler. Ispaniýaly ýepiskoplar hem köp zähmet çekip

[1] Ata (Hudaý), Ogul (Isa) we Keramatly Ruh.

Pireneý ýarym adasynda ýaşaýan wagşy taýpalary hristiançylyga geçiripdirler. Papalygyň alyp baran inçe syýasatynyň netijesinde langobardlar, alysda ýaşaýan angllar we sakslar hem çokundyrylýar. Netijede VI-VIII asyrlarda irland we iňlis monastyrlary Ýewropanyň dürli ýerlerine öz missionerlerini ugradypdyrlar. VIII asyrda Merkezi we Günorta Germaniýanyň taýpalary, şeýle hem ýerleri franklar tarapyndan basylyp alnan frizler we materikde ýaşaýan sakslar hristiançylyga girizilipdir. IX asyrda Skandinawiýa ýurtlaryny hristianlaşdyrmak işi hem başlaýar.

IX asyrdan başlap hristiançylyk slawýan taýpalarynyň ýayan ýerlerine-de aralaşyp ugraýar. Bu ýerlerde esasan Konstantinopolyň prawoslaw buthanasy üstünlikli hereket edipdir. Emma wengerler, X asyrda bolsa polýaklar hristiançylygy Rimden kabul edip alypdyrlar. X asyryň ahyrynda Kiýew Rusy we Bolgariýa hristiançylygyň prawoslaw ugruna uýdurylýar. XII asyrda polab slawýanlary, XIII-XIV asyrlarda bolsa baltikanyň taýpalary bolan pruslar, litwalylar katolikçilige çekilýär.

Ýewropanyň hristianlaşdyrylmagy çylşyrymly hadysa bolupdyr we bu işde missionerçilik bilen basybalyşlar, wagyz-nesihat bilen ýarag güýji giňişleýin utgaşdyrylypdyr.

**Hristiançylyk buthanasy Ýewropada feodal gatnaşyklarynyň kemala gelýän döwründe. Papa döwleti.** V asyryň ahyry - VI asyr ostgotlaryň, wizantiýalylaryň we langobardlaryň çozuşlaryna sezewar edilen Italiýa üçin iň bir agyr döwürleriň biri bolupdyr. Merkezleşdirilen güýçli häkimiýetiň bolmazlygy papalaryň diňe bir dini täsiriniň ýokarlanmagyna täsir etmän, eýsem olaryň Rim ýeparhiýasynyň dünýewi hökümdarlaryna öwrülmeklerine-de getirýär.

VI asyryň ahyrlarynda, haçan-da gotlar bilen wizantiýalylaryň arasyndaky uruşlarda halys güýçden gaçan yurduň üstüne täze basybalyjylaryň – langobardlaryň çozmak howpy abananda, papalygyň tagtyna Beýik Grigoriý I (590-604) saýlanýar. Grigoriý I Rimi basybalyjylardan goramak üçin uly işleri durmuşa geçiripdir. Onuň Günbatar Ýewropa ýurtlaryndaky abraýy hem örän ýokary bolupdyr. Bu döwürde Rimi Keramatly Pýotryň şäheri diýip atlandyrypdyrlar, Grigori I-niň özüni bolsa onuň mirasdary hasaplapdyrlar. Özüniň içeri we daşary syýasatynda ol hristian dünýäsini döretmäge we ony birleşdirmäge çalşypdyr. Grigoriý I-niň halk aňyna golaý teologiki eserleri Ýewropada orta asyr dünýägaraýşynyň we medeniýetiniň kemala gelmegine uly täsir edipdir. Grigoriý I wagşy taýpalaryň basybalyşlary döwrüniň Rim buthanasy tarapyndan iberilýän missionerleriniň abraý-mertebesini ýokary galdyrypdyr we katolikçiligiň täze keramatlylaryny döredipdir. Ybadat etmekde özgertmeleriň geçirilmegi, aýratyn hem dini sazlaryň girizilmegi buthananyň halk köpçüligine edýän täsirini güýçlendiripdir. Grigoriý I-niň döwründe papalyk ýewropa diplomatiýasynyň merkezine öwrülmäge çalşypdyr; papa Ýewropanyň ähli hökümdarlary bilen diýen ýaly gatnaşyklary ýola goýupdyr.

VIII asyryň birinji ýarymynda Frank döwletinde häkimiýet başyna maýordomlar gelende, olaryň papalyk bilen gatnaşyklary ýitileşýär. Araplaryň Ýewropa ýörişleriniň öňüni alan Karl Martell buthana ýerlerine el urupdyr. Monastyrlaryň we buthanalaryň elinden ekerançylyk ýerlerini alyp Karl Martell olary öz wassallaryna paýlap beripdir we ýepiskoplary özi belläpdir. Munuň üçin ruhanylar frank hökümdaryna duşmançylyk bilen jogap beripdirler. Emma, haçan-da, langobardlaryň koroly Aýstulf goşunlary bilen Rimiň etegine süýşüp gelende, papa Stefan II olara garşy göreşde Frank döwleti bilen şindi Merowingler döwründe baglaşylan ýaranlygy peýdalanýar. Stefan II kömek sorap Pipin Keltä ýüz

tutýar we ol 751-nji ýylda papa tarapyndan korol diýlip yglan edilýär. Pipin Kelte iki gezek – 754-nji we 757-nji ýyllarda Italiýa ýöriş geçirýär we ol langobardlaryň korolyny Rim welaýatyny we Rawenna ekzarhatyny papa bermäge mejbur edýär. Şol ýerlerde 756-njy ýylda Papa döwleti döreýär. Şeýdip, papa diňe bir ruhy *pastyr*[1] bolman, eýsem dünýewi hökümdara hem öwrülýär. Öz gezeginde papa Pipin Keltä Rimiň howandary – patrisiýa derejesini berýär.

Pipiniň ogly Beýik Karl papa bilen baglaşylan ýaranlyga daýanyp we hristian dinini merkezi häkimiýeti berkitmekde ulanmak bilen Frank döwletiniň araçäklerini has-da giňeldipdir. Angliýa bilen Irlandiýadan başga ýerler onuň golastyna geçip, şol ýerlerde rim buthanasy berkarar edilipdir we ol Beýik Karly hristian dünýäsiniň syýasy baştutany hökmünde ykrar etmäge mejbur bolupdyr. 800-nji ýylda Karl Mukaddes Rim imperiýasynyň imperatory diýlip yglan edilýär, papa Lew III bolsa Rimiň keramatly Pýotruň ybadathanasynda onuň başyna imperatoryň täjini geýdirýär. Munuň özi imperatoryň häkimiýeti nähili güýçli bolanda-da, onuň diňe papanyň patasy bilen kanuny häkimiýete eýe bolup bilýändigini tassyk edipdir.

Frank imperatorynyň mysalynda rim buthanasy özüniň mülkleriniň ygtybarly goragçysyna eýe bolupdyr. Imperator buthana tölenilmeli ondan bir salgydy kanunlaşdyrypdyr we bu salgyt ähli ilata salnypdyr. Bu ýagdaý buthananyň ykdysady ýagdaýyny pugtalandyrypdyr we buthananyň ygtyýarynda ägirt uly pul serişdeleriniň jemlenmegine getiripdir. Bu döwürde imperiýanyň bütin çäginde Bibliýanyň kanoniki teksti birmeňzeş görnüşe getirilipdir, liturgiýada özgertmeler geçirilýär, ähli ýerlerde ýeke-täk rim nusgasy boýunça ybadat etmeklik girizilýär, magaryf ulgamy kämilleşdirilýär. Bilim ulgamynyň *kliriklerin*[2] elinde bolmaklygy buthana has

---

[1] Ruhy halypa.
[2] ruhanylar.

taýýarlykly hem-de bilimli din adamlaryny edinmäge mümkinçilik berýär.

Şular bilen bir hatarda Beýik Karlyň dünýewi häkimiýeti dini häkimiýetden ýokarda goýmaga çalyşmagy papalygyň isleglerine çapraz gelýär. Frank imperatory ölenden soň papalar hristian dünýäsinde kimiň öňbaşçy bolmalydygyny düşündirmäge çalşypdyrlar. Katolikçi dini ylmynyň ösüşi döwlet işlerine papalyk tarapyndan buthananyň alyp barýan gündelik işiniň bir bölegi hökmünde garalyp ugramagyna getirýär. Bu meselä aýratyn hem Günbatar Ýewropada baş arbitrlige – kazylyga dalaş eden papa Nikolaý I (858-867) uly ähmiýet beripdir. Onuň tabşyrmagy boýunça ýepiskop Hinkmar Reýmsli korolyň buthana tarapyndan hak işlere gönükdürilýän ýaragdygy baradaky taglymaty ösdüripdir. Papa Ioann VIII bolsa, papalaryň imperatorlaryň başyna diňe bir täç geýdirmäge däl, eýsem olary aýyrmaga-da haky bardyr diýmek bilen has berk talaplary öňe sürüpdir.

Özüniň dini talaplaryny berkitmek üçin Nikolaý I papalygyň edarasy tarapyndan VII asyrda ýazylan «Konstantiniň peşgeşi» atly resminamany peýdalanypdyr. Bu resminamada Konstantin tarapyndan rim ýepiskoplygyna hristian buthanasynyň baştutany hukugynyň berilýändigi, oňa Rimiň we Italiýanyň, şeýle hem Rim imperiýasynyň günbatar mülkleriniň üstünden höküm sürmäge bolan ýokary hukugyň peşgeş berlendigi tassyk edilipdir.

**Günbatar we gündogar buthanalarynyň arasyndaky oňşuksyzlyklar. 1054-nji ýylda hristian buthanasynyň bölünmegi.** Hristian dünýäsiniň üstünden agalyk etmek ugrunda Rim papasy bilen Wizantiýanyň patriarhynyň arasyndaky göreşler güýçlenipdir. Konstantinopol bilen Rimiň arasyndaky bu göreşleri syýasy täsir ugrundaky bäsleşikler, hristiançylyk dininiň dogmalary, ynançlary, dini ybadatlary we däp-dessurlary berjaý etmek bilen baglanyşykly jedeller has-da ýitileşdiripdir. Mälim bolşy ýaly, hristiançylyk üç keramat

hakyndaky mukaddes ynanja esaslanýar: 1) Ata (Hudaý), Ogul (Isa - Hristos) we keramatly Ruh (Jebraýyl (Gawriil) perişde). Bu üçüsi birleşip keramatly *Troisa* (arapça *teslis*, türkmençe *üçleme*) hakyndaky ylahy ynanjy emele getirýärler.

Wizantiýa we Rim buthanalarynyň arasyndaky jedeller öňi bilen keramatly ruhuň döreýşi barada gidipdir. Wizantiýanyň buthanasy Nikeýa soborynda kabul edilen dini taglymata görä, keramatly ruhuň Troisanyň birinjisi bolan Atadan (ýagny Hudaýdan) gelip çykýandygy hakyndaky ynanjy öňe sürüpdir. Rim buthanasy bolsa onuň Ata (Hudaý) we Ogul (Isa, Hristos) ikisinden gelip çykýandygyny tassyklapdyr. Rim buthanasynyň dogmalaryna girizilen bu goşundy 589-njy ýylda bolup geçen üçünji Toledo soborynda kabul edilipdir we soňra Beýik Karlyň döwründe 809-njy ýylda Ahen sinodynyň karary bilen berkidilipdir. Wizantiýanyň buthanasy bu goşundyny ýeres hökmünde häsiýetlendirip, ony näletläpdir. Katolikçilere günäleriň geçilýändigi hakyndaky ýörite hatlaryň – *indulgensiýanyň*[1] satylmagy bilen baglanyşykly günäler hem bildirilipdir. Mälim bolşy ýaly, monahlar indulgensiýalary şäherme-şäher, obama-oba aýlap, olary bazarlarda we meýdanlarda satypdyrlar. Ganhor, garakçy we ogry pul töläp, diňe bir ozalky eden etmişi üçin däl-de, eýsem indiki etjek jenaýatlary üçin hem günäsiniň geçilýändigi barada buthanadan ötünç hatyny satyn alyp bilipdirler.

Rim buthanasynda çörek we çakyr datmaklyk[2] diňe klire buýrulypdyr, gündogarda bolsa ol hemmelere degişli bolupdyr. Günbatarda hökman petir çörekden, Gündogarda bolsa alan çörekden dadylypdyr.

---

[1] *Indulgensiýa* - latyn dilinden terjime edilende «günäniň geçilmegi, bagyşlamaklyk» diýen manyny aňladýar.

[2] Hristiançylyk däbine görä, her bir dindar Isa pygamberiň keramatyna dahylly bolmak üçin onuň tenini we ganyny aňladýan çörekden hem-de çakyrdan datmak dessuryny berjaý edipdirler.

Katolikçiler bäş, wizantiýalylar bolsa üç barmaklary bilen çokunypdyrlar. Günbatarda ybadat işleri latyn dilinde alnyp barlypdyr, Gündogarda bolsa grek dilinde ýöredilipdir, ýerli dillerde ybadat etmäge hem ygtyýar berlipdir. Günbatar buthanasynyň ähli ruhanylary öýlenmezlik barada äht (*obet*) edipdirler, emma Gündogarda bu dessur diňe monahlara degişli bolupdyr. Gündogardakynyň tersine, Rim buthanasy ruhy derejeden çykmaga ygtyýar bermändir, *kliriň* Bibliýany okamaga we beýan etmäge bolan monopol hukugyny ykrar edipdir, nikanyň bozulmagyny gadagan edipdir. Günbatarda gündogar buthanasy tarapyndan ykrar edilmeýän kardinalyň derejesi bolupdyr. Papalaryň *suprematiýasy*[3] baradaky dogmat hem Wizantiýanyň buthanasyny gahar-gazaba mündüripdir. Sebäbi supremat papa bütin dünýäniň hristianlarynyň üstünden agalyga dalaş etmäge mümkinçilik berýärdi.

858-nji ýylda konstantinopol patriarhy Ignatiniň agdarylmagy we onuň ýerine Fotiniň saýlanylmagy Rim papasynyň nägileligini döredýär. Papa Nikolaý I Wizantiýanyň patriarhy Fotini goldan konstantinopol soborynyň kararyny ykrar etmeýär we täze patriarhyň agdarylýandygyny yglan edýär. Konstantinopol hem öz gezeginde papanyň garşysyna *anafema* yglan edýär. Papa hem öz gezeginde şeýle edýär. Netijede, şu döwürden başlap günbatar hem-de gündogar buthanalarynyň arasyndaky oňşuksyzlyklar olaryň kem-kemden biri-birinden bölünip aýrylmagyna getirýär.

1054-nji ýylda konstantinopol patriarhy Mihail Kirulariýniň duşmançylykly hereketine jogap edip papa Lew IX Wizantiýanyň paýtagtyna özüniň üç sany legatyny ugradýar. Legatlar keramatly Sofiýa ybadathanasynda patriarhyň garşysyna anafema yglan edýärler. Kirulariý hem öz gezeginde

---

[3] Suprematiýa - (latyn. *supremus* sözünden – iň ýokary), papalaryň häkimiýetiniň korollaryň dünýewi häkimiýetinden has ýokarda durýandygy hakyndaky ynanç.

buthana soboryny çagyryp, papany näletleýär. Buthanalaryň arasyndaky köp asyrlyk oňşuksyzlyk olaryň gutarnykly bölünmegi bilen tamamlanýar. Bu buthanalaryň her biri özüni ortodoksal, garşydaşyny bolsa ýeretiki buthana diýip yglan edýär. Şeýlelikde, günbatar buthanasy *katolikçi*[2]*-rim,* gündogaryňky bolsa *grek-kafoliki, prawoslaw* [3] diýlip atlandyrylyp başlaýar.

Karolingleriň imperiýasynyň dargamagy papalygyň täsiriniň hem peselmegine getirýär. Werden şertnamasyndan soň Italiýa has hem gowşaýar we ol feodal anarhiýanyň girdabyna düşýär. Alysdaky ýurtlaryň hökümdarlaryna diýenini etdirip bilýän papany hatda indi Italiýanyň özünde-de diňlemeýärdiler.

Otton I-niň döwründe Rim imperiýasyny dikeltmäge synanyşyk edilipdir. Şol döwürden başlap imperatorlar papalary belläp ugrapdyrlar, ýepiskoplary bellemeklik bolsa adaty ýagdaýa öwrülipdir. Dünýewi häkimiýet öň papanyň ygtyýarynda bolan *inwestitura* – ýagny buthana iýerarhlaryny bellemek we aýyrmak hukugyna hem eýe bolýar. Dabara wagty buthana wezipesine bellenilýän ruhany dünýewi senýoryň öňünde dyza çöküp, oňa ommaž etmäge we özüniň eýe bolýan wezipesiniň nyşanlary bolan hasa bilen ýüzügi onuň elinden kabul edip alypdyr.

Ýokary ruhanylar bolan ýepiskoplar, arhiýepiskoplar, abbatlar feodal senýorlaryna öwrülipdirler we dünýewi feodallara öýkünip goşunlara serkerdelik edipdirler, zynatly durmuşda ýaşapdyrlar. Ruhanylar *Ýewangeliýeniň*[3] wesýetlerinden daşlaşypdyrlar. Netijede, ýerüsti bähbitlerine kowalaşyp, buthana «dünýewileşipdir». Muňa dünýewi häkimiýetden dini derejäni pula satyn almak dessury (*simoniýa*)

---

[1] Katolik - grekçe «bütindünýä».
[2] Prawoslaw - grekçe «hakyky din».
[3] Ýewangeliýe – Isa pygamberiň ömri hakyndaky mukaddes kitaplar.

uly täsir edipdir. Bularyň bary buthananyň mertebesini peseldipdir, ony dini we syýasy abraýdan mahrum edipdir.

**Klýuniý özgertmeleri. Grigoriý VII.** Buthananyň gaçan abraýyny dikeltmek işleri 910-njy ýylda fransuz Burgundiýasynda esaslandyrylan Klýuniý monastyrynda başlaýar. Klýuniýçileriň işleri Hristosyň ikinji gezek asmandan inmegine (1000-nji ýyl golaýlaýardy) we onuň Ýer ýüzünde müň ýyllap höküm sürmegine sabyrsyzlyk bilen garaşýan halk köpçüliginiň isleglerini aňladypdyr. Çünki «Hristosyň zamanasynyň golaýlap gelýändigi» üçin halkyň arasynda pukara hem-de tämiz durmuşa, kalby päklige ýykgyn etmeklik we toba etmäge bolan meýiller güýçlenipdir. Klýuniýçileriň özgertmelerini merkezi häkimiýete garşy göreşýän iri feodal senýorlary hem goldapdyrlar.

Klýuniý özgermesi buthana guramasyny guramaçylyk-maddy taýdan berkitmegi, onuň dünýewi häkimiýet bilen gatnaşyklaryny tertibe salmagy öz öňünde maksat edip goýýardy. Hudaýyň ýerdäki dikmesi hökmünde papanyň ähli işlerde, ýagny ol dini meseleler bolsun ýa-da dünýewi işler bolsun, tapawudy ýok, onuň birinjiligi yglan edilipdir. Monastyrlar diňe bir dünýewi feodallaryň däl, eýsem ýepiskoplaryň hem elinden alnypdyr, bu bolsa buthananyň merkezleşmegine getiripdir. Klýuniýçiler hakyky hristian dindarlary hökmünde ähli buthana obetleriniň – ähtleriniň berjaý edilmegi ugrunda çykyş edipdirler, buthana wezipeleriniň satylmagyny, ruhanylaryň ahlaksyzlygyny ýazgarypdyrlar, ruhalylaryň nikalaşmagynyň gadagan edilmegini (*selibata*) talap edipdirler.

Klýuniýçiler klirikleriň täze neslini kemala getirmek ugrunda hem aýratyn aladalanypdyrlar. Munuň üçin klýuniýçilere degişli monastyrlarda berk tertip-düzgünleri, ýowuz häsiýetleri bilen aýratyn tapawutlanýan geljekki klirikleri ýetişdiripdirler. Klýuniýli monah Hildebrand (geljekki papa Grigoriý VII) 1059-njy ýylyň Lateran soborynda geljekde

papalygyň ýokary göterilmeginde möhüm ähmiýete eýe boljak kararyň kabul edilmegini gazanýar. Indiden beýläk german imperatorlary we rimiň *nobilleri* (begzadalary) papalary saýlamakdan hemişelik mahrum edilýär. Papany saýlamaklyga indi diňe kardinallar gatnaşyp bilýärdiler.

Rim papasynyň häkimiýeti has hem Grigoriý VII (1073-1085) ady bilen papalyga saýlanan klýuniýli monah Hildebrandyň döwründe berkäpdir. Gysga boýly, ýuwaş sesli Grigoriý VII örän erkli hem-de tekepbir adam bolupdyr. Ol buthananyň imperatoryň häkimiýetinden ýokarda durýandygyna jany-teni bilen ynanypdyr. Grigoriý VII-niň baş maksady dünýewi häkimiýeti dini häkimiýete tabyn etmäge we papanyň çäklendirilmedik häkimiýeti astynda berk tertip-düzgünli buthana edarasyny döretmäge gönükdirilipdir. Özüniň «Papanyň diktaty» atly işinde Grigoriý VII papanyň dini häkimiýeti hakyndaky nazaryýeti ösdüripdir we buthananyň iň pes wezipeli adamsy hem islendik hökümdardan ýokarda durýandyr, şonuň üçin hem buthana islendik hökümdary häkimiýetden mahrum edip bilýändir diýip nygtapdyr. Grigoriý VII Ýewropanyň monarhlaryndan Günorta Italiýanyň normann gersogynyň edişi ýaly öz öňünde wassalyk kasamyny içmegi, rim buthanasynyň haýryna keramatly Pýotruň denarisi atly pajy tölemekligi talap edipdir. Elbetde, papanyň şeýle aýgytly talaplary dünýewi hökümdarlarynyň, aýratyn hem german imperatory Genrih IV-niň (1056-1106) ýiti garşylygyna sezewar bolupdyr. Şonuň üçin inwestitura ugrunda göreşler başlap, ol 1122-nji ýylda german imperatory bilen papalygyň arasynda gazanylan ylalaşykly häsiýetdäki Worms konkordatynyň baglaşylmagy bilen tamamlanypdyr.

**Buthana we jemgyýet.** Irki orta asyrlarda Günbatar Ýewropanyň feodallaşyp başlamagy buthanada öz täsirini ýetiripdir. Eýýäm şol döwürlerde buthananyň elinde sebitiň ekerançylyk ýerleriniň üçden bir bölegi jemlenipdir.Buthananyň iýerarhlary, sobor kapitullary,

monastyrlar iri feodal eýelerine öwrülipdirler. Olar giň immunitete eýe bolupdyrlar. Buthananyň tabynlygyna geçýän daýhanlaryň sany hem üzül-kesil artypdyr.

Buthana feodalçylyk döwrüniň durmuş-syýasy ulganynyň möhüm düzüm bölekleriniň biri bolmak bilen bir hatarda, onuň ýaşaýşyny kanunlaşdyrýan möhüm edara – gural bolup hem hyzmat edipdir. Buthana orta asyr durmuşynyň ähli ugurlaryna aralaşypdyr. Çäre görülmegiň we jeza çäreleriniň çylşyrymly ulgamynyň kömegi bilen buthana diňe bir adaty dindarlara däl, eýsem öz ruhanylaryna-da berk täsir edipdir. Agyr jezalaryň biri *interdikt* bolup, bu düzgün boýunça aýry-aýry şäherlerde, etraplarda, welaýatlarda, kähalatlarda hatda tutuş ýurduň çäginde däp-dessurlary berjaý etmek we ybadat işlerini geçirmeklik wagtlaýyn gadagan edilipdir. Adamlara buthana dessurlaryny we ybadat işlerini geçirmekden mahrum edýän çäreleriň biri bolan buthanadan çetleşdirilmek düzgüni bolsa adamy jemgyýetçilik gatnaşyklaryndan çykarypdyr. Dabaraly ýagdaýda buthanadan çetleşdirilmek we näletlenilmek (*anafema*) adamy özüniň ähli raýatlyk hukuklaryndan mahrum edipdir we onuň gündelik ýaşaýşyny bikanun ýagdaýa salypdyr.

Elbetde, aslynda ynsanperlik ýörelgeleri ýatan hristiançylyk dinini edara edýän gurama hökmünde buthana jemgyýeti bitewileşdirmekde, medeni däpleri we ahlak ýörelgelerini, rehimdarlygy, adama bolan söýgüni wagyz etmekde uly haýyrly işleri hem amal edipdir.

Papalygyň täsiriniň artmagyna XI asyryň ahyrlarynda ýewropa ýurtlarynyň aglabasynda feodal dagynyklygyň höküm sürmegi hem uly täsir edipdir. Mäkäm guralan katolik buthanasy täsirli güýje eýe bolup, feodal jemgyýetiniň iň durnukly guramasyna öwrülipdir. Buthana guramasy Günbatar Ýewropanyň ähli ilatyny diýen ýaly gurşap alypdyr we ýepiskoplar hem-de arhiýepiskoplar tarapyndan dolandyrylýan we papanyň gönüden-göni tabynlygyndaky dört ýüze golaý

*dioseze* bölünipdir. Dolandyryş, hukuk we ruhy taýdan ýepiskoplyklara we rim kuriýasyna tabyn edilen aşaky wezipedäki ruhanylar bir makdsada gulluk edip, din adamlarynyň papa tarapyndan baştutanlyk edilýän tertipli-düzgünli, özboluşly goşunyny emele getiripdirler. Kliriň (ruhanylar) adaty dindarlardan daşlaşmagyna we bölünip aýrylmagyna katolikçi buthanasynda Keramatly ýazgylary okamaga hem-de beýan etmäge diňe ruhanylaryň hukugynyň bolmagy hem uly täsir edipdir. Sebäbi ybadat işleri latyn dilinde alnyp barlansoň, ol wagtyň geçmegi bilen halk köpçüligi üçin düşnüksiz bolup galypdyr.

**Papalygyň gülläp ösen döwri.** XII asyrda rim buthanasy umumy ýewropa çäginde kuwwatly maliýe binýady, kämil kazyýet ulgamy, köp şahaly dolandyryş edarasy bolan hakyky teokratik monarhiýasyny esaslandyrýar. Bütindünýä soborlaryny çagyrmak hukugy diňe papalygyň ygtyýarynda galýar. XIII asyrda papalyk Innokentiý III-niň (1198-1216) döwründe öz kuwwatynyň çür depesine çykýar. Onuň döwründe german, fransuz we iňlis monarhlary buthanadan çetleşdirilipdir, olaryň ýurduna bolsa interdikt goýlupdyr. Bu ýurtlarda täze doglan çagajyklary çokundyrmaklyk, sallahlary öýlendirmeklik, merhumlary jaýlamaklyk kyn meselä öwrülipdir.

Innokentiý III Günbatar Ýewropanyň korollaryny papanyň häkimiýetiniň dünýewi häkimiýetden öňde durýandygyny gazanmak we Papa döwletini berkitmek başardypdyr. Papalygyň täsiri aýratyn hem haçly ýörişler döwründe güýçlenipdir. Innokentiniň syýasatyny onuň ornuna gelenler dowam etdiripdirler. Innokentiý IV-niň (1243-1254) döwründe german imperatory Fridrih II buthanadan çetleşdirilipdir. 1245-nji ýylyň birinji Lion sobory papanyň kardinallar kollegiýasy tarapyndan saýlanylmagynyň düzgünlerini tassyk edipdir. Papa

saýlanýan wagty kardinallar hiç ýere çykman «açar astynda» (*conclave*[1]) oturypdyrlar.


Benedikt Nursiýaly

**Monahçylyk.** Papanyň syýasatyny durmuşa geçirmäge ruhanylardan başga-da monahlar köpçüligi hem işeňňir gatnaşypdyrlar. Ilkinji monastyr[2] 312-nji ýylda müsürli Pahomiý tarapyndan esasladyrylyp, onda 7 müň sany monah ýaşaýar eken. IV asyrda monastyrlar Italiýada, Galliýada, Ispaniýada hem döräp başlaýar. Bu monastyrlar Ýakyn Gündogaryň umumy ýaşaýyş jaýyny ýada salýan monastyrlarynyň nusgasynda gurlup, bir binanyň içinde ýerleşýän kelýalaryň – hüjreleriň içinde birnäçe monah bile ýaşapdyrlar. Olar terkidünýälige ýüz urupdyrlar we dogan-garyndaşlary bilen arasyny üzüp, irginsiz doga okamak we agyr zähmet çekmek bilen meşgullanypdyrlar. Günbataryň monahçylygy öz ýörelgeleri we düzgünleri bilen VI asyrda peýda bolup, ony Benedikt Nursiýaly (480-547) esaslandyrypdyr. Onuň işläp düzeň «Düzgünnamasyna» laýyklykda monastyrlarda berk edep we dereje kadalary (*subordinasiýa*) ýöredilipdir. Monahlar gepsiz-gürrüňsiz *abbata* (halypa) tabynlyk bildiripdirler. Monastyrdaky ýaşaýyş monahlaryň öz güýji bilen ýola goýlupdyr. Soňky asyrlarda benediktçilik monatyrlary Ýewropanyň ähli ýerlerine



Fransisk Assizli

[1] *Konklaw* sözi şondan gelip çykýar.
[2] Bu at «*Manastar hyrza*» sözlerinden gelip çykyp, «Meniň günälerimi geçir» diýen many aňladypdyr.

ýaýraýar.IX-X asyrlarda buthananyň özi bilen bir hatarda monastyrlar gowşaýar. Klýuniý özgertmeleri döwründe bir merkeze tabyn edilen monastyrlaryň birleşmesi – ordenler döreýär. 1100-nji ýylda Klýuniý ordeniniň tabynlygynda 2 müň sany monastyr we kiçijik buthana howlylary bolupdyr. XI asyryň ahyrynda Burgundiýadaky Sistersium monastyrynyň ady bilen baglanyşykly Sistersian ordeni hem döreýär. Bernar Klerwoly bu ordeniň tanymal adamlarynyň biri bolupdyr. Ol haçly ýörişleriniň esasy ruhlandyryjylarynyň biri bolupdyr we soňra katolikçi buthana tarapyndan keramatly diýlip yglan edilipdir.

XII asyrda sisterianlar ordeninde premonstrantlar bölünip aýrylypdyr. Bu orden tiz wagtdan Ýewropanyň ähli ýurtlaryna ýaýrapdyr. Kartezian ordeni hem çen bilen şu döwürler peýda bolýar. Haçly ýörişler döwründe harbylaşdyrylan-dini ordenler hem ýüze çykýarlar. Olaryň iň täsirlileri rysarlaryň gospitalýerler, ybadathanaçylar ýa-da tampliýerler we tewtonlar ordenleri bolupdyr. Bu döwürler pukara (asket) monahlaryň ordenleri hem döreýär. Olaryň hatarynda fransiskanlary, dominikanlary, karmelitleri we awgustinçileri görkezmek bolar. Fransiskanlar ordenini ähli emläginden we öýünden ýüz öwren baý söwdagäriň ogly Fransisk Assizli (1182-1226) esaslandyrypdyr. Ýönekeý adamlaryň arasynda Fransisk uly abraýdan peýdalanypdyr. Şonuň üçin hem katolik buthanasy oňa müňkürlik bilen garasa-da, ölenden soň ony keramatly diýip yglan etmäge mejbur bolupdyr. Fransiskanlar dini ordeniniň monahlary soňky asyrlarda hristian dinini ýaýratmakda uly işjeňlik görkezipdirler.


Dominik de Gusman

Dini ordenlerini döredijileriň ýene-de biri ispanýaly monah Dominik de Gusman (1170-1224) bolupdyr. Dominik hristian dini taglymatyny suwara bilipdir we katolik dininde nähilidir bir gyşarmalara garşy berk göreşiji hökmünde çykyş edipdir. Dominikançy ordeniň monahlary alym adamlar we hristiançylygy ýaýradyjylar hökmünde hristian dünýäsiniň taryhynda hem uly yz galdyrypdyrlar. Olaryň arasyndan Beýik Albert we Foma Akwinli (Akunaly) ýaly meşhur hristian alymlary ösüp ýetişipdir.

**Inkwizisiýa.** Ýeretiklere we olaryň guramalaryna garşy katolikçi buthana *inkwizisiýany*[1] döredipdir. Imperator Beýik Feodosiý şindi 382-nji ýylda diniň we buthananyň duşmanlaryny gözläp tapmak boýunça ýörite edara döredýär. Ýöne XII asyra çenli ýeretikleri yzarlamakly köpçülikleýin we ýowuz häsiýete eýe bolmandyr. Emma papa Grigoriý IX-nyň (1227-1241) döwründe bu iş juda rehim-şepagatsyz hem-de köpçülikleýin häsiýete eýe bolýar. Ol papanyň gönüden-göni tabynlygynda hereket eden inkwizisiýa kazyýetini – mukaddes tribunallary döredýär.

Käbir ýurtlarda, mysal üçin, Ispaniýada, Fransiýada, Italiýada inkwizitorlar öz täsiri boýunça kähalatlarda ýepiskoplardan hem öňe geçipdirler. Elhenç zyndanlar, aýylganç jebirler, görülmedik sütemler, otda ýakylmalar («*auto da fe*») hristian dünýäsinde adaty durmuş kadasyna öwrülýär. Inkwizisiýany diňe bir ýeretiklere garşy däl, eýsem garşydaşdan almak, syýasy dawalary çözmek, kesekiniň emlägine eýe bolmak üçin hem ulanypdyrlar. Inkwizisiýanyň näleti alymlaryň, filosoflaryň, hudožnikleriň, erkin pikirlenýän adamlaryň başyndan agyr betbagtçylyk bolup inipdir.

**Papalygyň gowşamagy.** Papa Bonifasiý VIII (1294-1303) katolikçiligiň abraýyny ýokarlandyrmak maksady bilen onuň kanoniki kanunlaryna gaýtadan garamagy karar edýär. Şu maksat bilen 1300-nji ýylda ol ilkinji gezek «buthananyň

---

[1] Latynça *inquisitio* – derňemek, agtarmak, gözläp tapmak..

ýubileýi»[1] atly baýramçylyk girizýär. Bu baýramçylygy geçirmek üçin Rime köp sanly zyýaratçylar gelipdir we ummasyz köp pul serişdeleri toplanypdyr. Papa Rime gelen zyýaratçylaryň ähli günäleriniň geçilýändigini yglan edipdir we giň möçberli indulgensiýa satuwyny gurapdyr. Halkara meselelerinde Bonifasiý özüni baş kazy we bütindünýä hökümdary hökmünde görkezmäge ýykgyn edipdir. Buthananyň we dindarlaryň üstünden papanyň ählumumy hökümdarlygy 1302-nji ýylda kabul edilen bulla bilen berkidilipdir. Emma papanyň hökmürowanlyga dyzamagy Ýewropada kemala gelip ugran milli döwletleriň hökümdarlaryna ýaramandyr. XIII asyryň ahyrlarynda fransuz koroly Filip Görmegeý bilen papa Bonifasiý VIII-niň arasynda dawa tutaşýar. Bu dawalarda papa ýeňilýär we aradan çykýar. Papanyň ornuna fransuz üýepiskoplarynyň biri geçýär. 1309-njy ýylda papanyň oturýan ýeri hem Rimden Awinýon şäherine geçirilýär. Papalaryň «Awinýondaky ýesirligi» 70 ýyllap dowam edýär. Bu döwür papalar fransuz korollarynyň elindäki gurala öwrülipdirler.

Bu döwürde bolup geçen syýasy wakalar akyl eleginden hem geçirilýär. Dünýewi häkimiýetiň dinden erkinligi baradaky pikiri Dante özüniň «Ylahy komediýasynda» we «Monarhiýa hakyndaky» eserinde beýan edipdir. XIV asyryň ikinji ýarymynda katolikçi dinde özgertmeler geçirmek bilen baglanyşykly hereketler Angliýada hem bolup geçýär. 1343-nji, 1351-nji we 1353-nji ýyllarda korol we parlament tarapyndan kabul edilen kararlarda buthana ýygymlary azaldylypdyr, papanyň kazyýetine ýüz tutmak çäklendirilipdir.

Rim buthanasynyň çuňňur çökgünlige düşendigine 1378-1417-nji ýyllarda bolup geçen *beýik shizma*[2] hem şaýatlyk

---

[1] 1300-nji ýyldan başlap hristiançylygyň taryhynda täze asyryň, täze ýüz ýyllygyň başlamagy ýa-da tamamlanmagy mynasybetli her ýüz ýylda buthananyň ýubileýini – şanly baýramçylygyny bellemek dessury girizilýär.
[2] dini bölünişik.

edýärdi. Kuriýanyň içindäki dawalar we olara ýewropaly monarhlaryň goşulyşmagy başda iki, soňra bolsa üç sany papanyň syýasy sahna çykmagyna getirýär. Katolikçi dünýäniň ähli hökümdarlary, öňdebaryjy uniwersitetler, dindarlaryň giň köpçüligi bu dawalara çekilipdir we Rimiň abraýyna düzedip bolmajak zyýan ýetirilipdir. Emele gelen ýagdaýdan çykmak üçin ýokary kliriň aýry-aýry toparlarynyň arasynda «sobor hereketi» diýlip atlandyrylan akym ýüze çykypdyr. Bu akymyň ideologlary - Pariž uniwersitetiniň alymlary Pýer d, Aýi, Žan Žerson we soňra kardinallyga ýeten Nikolaý Kuzanly papany yzygider çagyrylýan buthana soboryna tabyn etmek hakyndaky pikirleri öňe sürüpdirler. Geçirilen uly işleriň netijesinde imperator Sigizmundyň howandarlyk etmeginde 1414-1418-nji ýyllarda Konstansa şäherinde sobor çagyrylýar. Konstansa soboryna «beýik shizmany» bes etmek, täze papany saýlamak we buthana özgertmelerini geçirmegiň ugurlaryny kesgitlemek başardýar. Emma täze saýlanan papa we soňra onuň ornuna gelen Ýewgeniý IV soboryň kararlaryny ýatyrmak we papanyň absolýut häkimiýetini dikeltmek başardýar.

Haçanda, sobor hereketiniň tarapdarlary Bazelde täze sobor çagyryp (1431-1449), papanyň sobora tabynlygyny ýene-de bir ýola tassyk edenlerinde Ýewgeniý IV onuň kararlaryny ykrar etmeýär. Ýewgeniý IV sobor hereketiniň garşysyna öz soboryna çagyrýar. Papanyň baştutanlygynda geçirilen Ferrara-Florensiýa sobory (1438-1445) sobor hereketini näletleýär. Uzaga çeken jedellerden soň katolikçi-rim we prawoslaw buthanalarynyň arasynda uniýa hem baglaşylýar. Bu bolsa Ýewgeniý IV-niň ýagdaýyny ep-esli berkidýär. Papa bilen Bazel soborynyň arasyndaky gapma-garşylyk 1449-njy ýylda özgertmeleriň tarapdarlarynyň ýeňilmegi bilen tamamlanýar. 1460-njy ýylyň bullasy buthana meselelerinde bütindünýä soboryna ýüzlenmekligi gadagan edýär. Şeýlelikde, papanyň hökmürowanlygy dikeldilýär. Emma papanyň ýeňşi wagtlaýyn häsiýetdedi; Fransiýada, Angliýada, Çehiýada we beýleki

ýurtlarda buthanalaryň içki özbaşdaklygy ýuwaş-ýuwaşdan güýçlenýärdi. Has beteri-de, papalyk üçin sobor hereketinden hem güýçli bolan täze hereket – Reformasiýa golaýlap gelýärdi.

## § 15. Irki we ösen orta asyrlar zamanynda Günbatar Ýewropanyň medeniýeti

**Orta asyr medeniýetiniň kemala gelip ugramagy.** Irki orta asyrlar döwrüni kähalatlarda «tümlügiň asyrlary» diýip atlandyrýarlar. Sebäbi V-VII asyrlarda Günbatar Ýewropa wagşy taýpalaryň çozuşlary, yzy üzülmeýän uruşlar zerarly agyr tozgunçylygy başdan geçiripdir. Emma bu döwri Ýewropanyň medeni durmuşyndan aýryp taşlamak mümkin däl, sebäbi hut şu döwürlerde onuň geljegini kesgitlän möhüm wezipeler çözülipdir. Bu döwürde antiki medeniýetiň esasynda ýewropa siwilizasiýasynyň binýady tutulyp, onuň kemala gelmegine sebitiň köp sanly halklary – rimliler, grekler, germanlar, keltler, slawýanlar we başgalar gatnaşypdyrlar.


Awreliý Awgustin

Orta asyr ýewropa siwilizasiýasynyň kemala gelmeginde hristiançylyk dini möhüm ähmiýete eýe bolupdyr. Orta asyrlar döwrüniň medeni gymmatlyklarynyň we dünýägaraýşynyň kemala gelmeginde hristian buthanasynyň atasy, tanymal ylahyýetçi, Gipponyň ýepiskopy **Awreliý Awgustin (354-430)** uly işleri bitiripdir. Onuň köpgyraňly döredijiliginiň netijesinde tä XIII asyra çenli, haçan-da **Foma**


Foma Akwinli

**Akwinli (1225/26-1274)** tarapyndan ylahyýet ulgamy işlenilip düzülýänça, hristiançylyk dünýägaraýşynyň çäkleri kesgitlenilipdir. Awgustiniň «Ýaradanyň şäheri hakynda» atly eserinde orta asyr katolikçiliginiň binýadyny tutan buthananyň hyzmaty hakyndaky garaýyşlar, hristiançylyk filosofiýasy we psihologiýasy has-da ösdürilipdir. Orta asyr medeniýeti babatynda Awgustiniň folosofiýa we pedagogika hakyndaky eserleriniň uly ähmiýeti bolupdyr.

Ýewropanyň orta asyr medeniýetiniň kemala gelmegine ondan öň köp asyrlap ýaşan kuwwatly Rim siwilizasiýasy, onuň döreden maddy we ruhy gymmatlyklary, ylmyň, bilimiň serişdesi bolan latyn dili ägirt uly täsir edipdir. Orta asyr medeniýeti Rimiň iki derejä bölünýän ýedi sungaty diýilýanini kabul edip alypdyr. Olaryň aşaky ýa-da başlangyç derejesi diýlip atlandyrylan birinjisine (*triwiuma*) - grammatika, dialektika we ritorika; ýokary derejesi bolan ikinjisine (*kwadriwium*) bolsa – arifmetika, geometriýa, saz we astronomiýa degişli bolupdyr. Bu gymmatlyklar Ýewropada öňi bilen ostgot Italiýasyna we westgot Ispaniýasyna öz täsirini ýetiripdir. Osgot koroly Teodorihiň *offisiler magistri* (birinji ministr) **Sewerin Boesiniň** (takmynan 480-525) arifmetika, saz sungaty, logika we teologiýa hakyndaky eserleri, Aristoteliň işlerinden terjimeleri orta asyr magaryfçylygy we filosofiýasy üçin binýat bolup hyzmat edipdir.


Sewerin Boesiý

Orta asyr medeni gymmatlyklarynyň kemala gelmegine ostgot korollarynyň *kwestory* (kätip) we *offisiler magistri* **Flawiý Kassiodor** (takmynan 490-585) uly goşant goşupdyr. Flafiý Günbatar Ýewropada ilkinji uniwersiteti açmagyň

pikirini edipdir. Özüniň Italiýanyň günortasyndaky mülkünde ol mekdep, kitap ýazylýan ussahana (*skriptoriý*) we kitaphana bolan Wiwariý medeni merkezini esaslandyrýar.

Westgot Ispaniýasy irki orta asyrlar döwrüniň meşhur magaryfçysy Isidor Sewilýaly (takmynan 570-636) orta çykarypdyr. Ol Ýewropanyň ilkinji ensiklopediýaçysy hasap edilýär. Onuň 20 tomdan durýan esasy eseri «*Etimologiýa*»[1] bolup, ol antiki döwrüň bilimleriniň saklanyp galan ýygyndysydyr.


Flawiý Kassiodor

Irki orta asyrlar Ýewropanyň taryhy sahnasynda peýda bolan wagşy taýpalaryň we halklaryň dünýägaraýşynyň ösýän döwrüdir. Olar baradaky ýazuw ýadygärlikleri hem hut şol döwürler peýda bolup başlaýar. Olaryň hatarynda Iordanyň «Getika» (VI asyr), Isidor Sewilýalynyň «Gotlaryň, wandallaryň, we swewleriň korollarynyň taryhy» (VII asyryň birinji ýarymy), Grigoriý Turlynyň «Franklaryň taryhy» (VI asyryň ikinji ýarymy), Beda Hatyralynyň «Angl halkynyň buthana taryhy» (VII asyryň ahyry – VIII asyryň başy), Pawel Diakonyň «Langobardlaryň taryhy» (VIII asyr) atly eserlerini görkezmek bolar.


Flak Albin Alkuin

**Karolingler döwrüniň medeni galkynyşy.** Irki orta asyrlar döwrüniň medeniýeti antiki, hristiançylyk we wagşy taýpalaryň däp-dessurlaryň özboluşly birleşmesiniň – sinteziniň esasynda kemala gelýär. Şunda esasy orun hristiançylyga degişli bolupdyr. Karolinler döwründe sebitde medeniýetiň ýokary göterilmegi başlaýar.

[1] *Etimologiýa* - atlaryň aňladýan manysy hakynda ylym.

Beýik Karla medeni ösüşde Beýik Konstantiniň imperiýasy nusga bolup hyzmat edýär. Ol medeni-aňyýet işlerinde hristiançylygy giňden peýdalanmak bilen köp milletli döwleti bitewileşdirmäge çalşypdyr. Munuň üçin ol Bibliýanyň bar bolan ähli ýazgylaryny bir ýere jemläp, Karolingleriň döwleti üçin onuň ýeke-täk kanoniki nusgasyny düzdüripdir. Şol döwürler rim nusgasy esasynda dini liturgiýanyň (ybadat dessurlary) birmeňzeş düzgünleri hem kabul edilýär. Karlyň sowatsyz bolandygyna garamazdan, ol ýurtda bilim ulgamynyň ösdürilmegine uly üns beripdir. 787-nji ýyllar töweregi «Ylymlar hakynda Kapitulýariý» kabul edilip, ähli ýeparhiýalarda we her bir monastyrda mekdep açmaklyk buýrulypdyr. Olarda diňe bir klirikler däl, eýsem ýönekeý dindarlaryň çagalary hem okadylamaly edilipdir. Şunuň bilen birlikde ýazuw özgertmesi geçirilipdir, dürli dersler boýunça okuw kitaplary ýazylypdyr.

Karolingleriň döwletinde bilimliligiň esasy merkezi Ahendäki köşk akademiýasy bolupdyr.Bu ýere Ýewropanyň dürli ýerlerinden sowatly adamlar çagrylyp getirilipdir. Karolingler döwrüniň galkynyşynyň meşhur alymy asly britaniýaly **Flakk Albin Alkuin (735-804)** bolupdyr. Ol «durmuşy ylymlary» (ýagny dini däl) ýigrenmezlige, çagalara hat-ýazuwy we filosofiýany öwretmäge çagyrypdyr. Alkuiniň işleriniň aglabasy pedagogiki maksatlar üçin ýazylypdyr. Onuň okuwçylaryndan ýazyjy-ensiklopediýaçy Raban Mawr (776/84-856) tapawutlanypdyr.

Beýik Karlyň köşgünde taryh mekdebi hereket edipdir we Pawel Diakon (720-799) «Langobardlaryň taryhy» eserini, Eýnhard bolsa Beýik Karlyň «Ömür beýanyny» ýazypdyrlar. Emma Beýik Karl ölenden soň onuň başlan işleriniň gerimi ýuwaş-ýuwaşdan daralyp, mekdepler ýapylyp ugraýar, medeni durmuş bolsa monastyrlara dolanyp başlaýar. IX asyrda monastyr skriptorilerinde antiki döwrüň awtorlarynyň ençeme işleri göçürilipdir we geljekki nesiller üçin saklanyp galypdyr.

Emma monastyr mekdeplerinde alym monahlaryň esasy pişesi antiki edebiýat däl-de, ylahyýet ylymlary bolupdyr.

X asyra çenli Karolingler döwrüniň galkynyşyndan bat alan medeni ýokary göteriliş yzy üzülmeýän uruşlar we özara oňşuksyzlyklar, döwletiň syýasy çökgünligi zerarly ýatyp galýar. Şundan soň X asyryň ahyryna çenli dowam eden «medeni ümsümlik» döwri başlap, ony hem az wagtlyk dowam eden Ottonyň galkynyşy diýlip atlandyrylan döwür çalyşýar. Ýöne soňra Ýewropanyň medeni durmuşynda edil VII - IX asyryň başlaryna çenli dowam eden medeni çökgünlik ýaly döwür hiç haçan bolmaýar. XI-XIV asyrlarda bolsa Ýewropa medeniýeti özüniň «klassiki» - nusgawy häsiýetine eýe bolýar.


Pýer Abelýar

**Teologiýa we filosofiýa.** Orta asyrlaryň dünýägaraýşy esasan teologiýa ýa-da dini filosofiýa daýanýardy. Hristiançylyk medeniýetiň we ruhy durmuşyň hem özenidi. XI asyrda asket we din alymy Pýotr Damiani (1007-1072) akyl dini ynanjyň öňünde hiç zatdyr, filosofiýa bolsa diňe «din ylymlarynyň hyzmatkäri» bolmalydyr diýip aýdypdyr. Berengariý Turly bolsa onuň tersine ynsan paýhasyny gorap çykyş edipdir we özüniň akyl ýöretmelerinde buthananyň üstünden gülmäge çenli baryp ýetipdir.

XI asyrda *intellektual* hereket – *sholastika* ýüze çykýar. Hereketiň ady latyn diliniň *schola* (*şkola*, mekdep) sözünden gelip çykyp, göni manyda «mekdep filosofiýasy» diýen manyny aňladýar. Ýöne, mekdep filosofiýasy sholastikanyň mazmunyny däl-de, onuň dörän ýerini aňladýandyr. Sholastika – munuň özi teologiýadan gelip çykýan filosofiýadyr we teologiýa bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr, ýöne onuň bilen

birmeňzeş däldir. Onuň mazmuny - hristiançylyk dogmalarynyň logikanyň kömegi bilen aň eleginden geçirilmegidir. Şeýle bolansoň, sholastikada esasy orny uniwersaliýalar, ýagny Hudaýyň we onuň Üçlüginiň birligi (Troisa) hakyndaky umumy düşünjeleriň daşynda döreýän jedeller eýeleýärler. Şu düşünjelere düşündiriş berlende sholastikanyň üç ugry - *realizm, nominalizm* we *konseptualizm* ýüze çykypdyr. Realistler Hudaý we Troisa ylahy aňda ýaşamak bilen müdümi bardyr diýip tassyklapdyrlar. Materiýa bilen birleşip olar anyk zatlarda ýüze çykypdyrlar. Nominalçylar bolsa aň diňe anyk zatlara akyl ýetirenden soň umumy düşünjelere eýe bolup bilýär diýip hasaplapdyrlar. Konseptualçylar aralyk orny eýeläpdirler we olar umumy düşünjeleriň her bir zatda ýaşaýandygyny ykrar edipdirler.

XII asyrda sholastikanyň dürli ugurlarynyň arasyndaky özara göreşlerinden tanymal alymlar ösüp ýetişipdirler. Şolaryň biri hem **Pýer (Pýotr) Abelýar (1079-1142)** bolup, döwürdeşleri ony «öz asyrynyň iň ýiti akyly» diýip atlandyrypdyrlar. Nominalçy Rosselin Kompýenliniň okuwçysy bolan Abelýar, şindi ýaş wagty özara jedelde döwrüniň belli filosofy-realisti Gilýom Şampolynyň delillerini ýoga çykarypdyr.Abelýar dini ynanç bilen akylyň arasyndaky gatnaşyklary rasionallaşdyrypdyr, ýagny akyl eleginden geçiripdir we ony dine düşünmekde hökmany şert hökmünde goýupdyr. Ol özüniň «Hawa we ýok» atly eserinde dialektikanyň usullaryny ösdüripdir we sholastikany has öňe äkidipdir.



Bernar Klerwoly

**Bernar Klerwoly (1090-1153)** Abelýaryň barypýatan garşydaşy bolupdyr. Ol öz döwründe keramatly şahs hökmünde

giňden tanalypdyr we orta asyr mistikasynyň ykrar edilen meşhur wekilleriniň biri bolupdyr. XII asyrda mistisizm giň ýaýrapdyr we sholastikanyň içindäki kuwwatly akymlaryň birine öwrülipdir. Abelýar bilen Bernar Klerwolynyň arasyndaky özara çaknyşyklaryň düýp sebäpleri buthananyň durmuşdaky orny baradaky meselelere syrykdyrylypdyr. Abelýar buthana garşy durupdyr, Klerwoly bolsa buthananyň, buthana guramasynyň we onuň tertip-düzgünleriniň hakyky goragçysy hökmünde çykyş edipdir.

XII asyrda grek-rim mirasyna bolan gyzyklanmalar hem artýar. Filosofiýa ylmynda ol gadymy danalaryň mirasyny öwrenmekde ýüze çykypdyr. Olaryň eserleri, ilkinji nobatda bolsa Aristoteliň işleri, şeýle hem antiki döwrüň alymlary Ýewklidiň, Ptolomeýiň, Gippokratyň, Galeniň be beýlekileriň eserleriniň arap we grek dillerinde saklanyp galan nusgalary latyn diline geçirilýär.

Günbatar Ýewropa ýurtlaryny Aristoteliň filosofiýasy bilen Awerroes ady bilen giňden tanalan meşhur arap filisofy **ibn Ruşd (1126-1198)** tanyşdyrypdyr. Aristoteliň filosofiýasy Italiýanyň, Fransiýanyň, Angliýanyň we Ispaniýanyň ylmy merkezlerinde giň meşhurlyga eýe bolupdyr. Emma XIII asyryň başlarynda ol Parižde Awgustiniň teologiýasyna daýanýanlaryň berk garşylygyna sezewar bolýar. Aristotelçilik resmi taýdan gadagan edilýär we Amori Benli we Dawid Dinanly ýaly alymlaryň garaýyşlary näletlenilýär. Emma aristotelçilik Ýewropada çuň kök urupdyr, şol sebäpden hem alaçsyz galan buthana XIII asyryň ortalarynda aristoteliň taglymatyny hristiançylyk bilen garyşdyrmagyň ýoluna düşýär. Bu meseläni çözmeklige ilki **Beýik Albert (Albertus Magnus - 1193-1280)** girişýär we



Ibn Ruşd

soňra bu iş onuň okuwçysy, tanymal hristian teology Foma Akwinli (1225/26-1274) tarapyndan tamamlanylýar. Foma Akwinliniň döreden taglymaty XIII asyryň ahyrlaryndan häzirki döwre çeni katolik dininiň resmi ideologiýasy bolup hyzmat edip gelýär.

Pariž uniwersitetiniň sungat fakultetinde ders berýän awerroesçiler (ibn Ruşdyň yzyna eýerijiler) Foma Akwinliniň ideýa garşydaşlary hökmünde çykyş edipdirler. Olar filosofiýanyň teologiýadan we hristian dogmalaryndan arassalanylmagyny, akylyň ynançdan bölünip aýrylmagyny talap edipdirler.

**Bilim ulgamy. Mekdepler we uniwersitetler.** XI asyrdan başlap orta asyr bilim ulgamy kämilleşip ugraýar. Monastyr, kafedral (şäher soborlarynyň ýanynda) we buthana mekdepleri peýda bolýarlar. Şäherleriň ulalmagy bilen buthana degişli bolmadyk dünýewi mekdepleriniň sany hem artýar. Okuwlar mekdeplerde latyn dilinde alnyp barlypdyr. Emma XIV asyrdan başlap milli dillerde okadylýan mekdepler hem peýda bolýar. Bu döwürde ýewropa mekdepleri şindi başlangyç, orta we ýokary okuw ulgamyna bölünmegi bilmeýärdi.



Beýik Albert

XII_XIII asyrlarda Günbatar Ýewropada ykdysady we medeni ýokary göteriliş başlaýar.Ýewropanyň iri şäherleriniň merkezlerinde ýerleşýän kafedral mekdepleri ähli umumy mekdeplere, soňra bolsa latynça *universitas* (jemi, umumy) sözi bilen atlandyrylan uniwersitetlere öwrülip başlaýarlar. XIII asyrda şeýle ýokary okuw jaýlary Bolonýada, Monpelýede, Parižde, Oksfordda, Salernoda we beýleki şäherlerde döreýär. XV asyra çenli Ýewropada eýýäm 60-a golaý uniwersitetler bolupdyr.

Uniwersitetlere hökümdarlar ýa-da papa tarapyndan hukuk, dolandyryş, we maliýe taýdan içki özbaşdaklyk berlipdir. Uniwersitetleriň talyplary «*student*», ýagny «ürç edip okaýanlar» diýlip atlandyrylypdyr. Uniwersitetler fakultetlere bölünipdirler. Talyplaryň ählisi artistçilik (latynça *artes* – sungat sözünden) fakultetinde okuwlary geçilipdir we fakultetde ýedi sany erkin sungat öwrenilipdir. Uniwersitetlerde hukuk, lukmançylyk, ylahyýet fakultetleri hem hereket edipdir. Pariž uniwersiteti iň iri ýokary okuw mekdebi hasap edilipdir. Günbatar Ýewropanyň talyplary okamak üçin Ispaniýa hem gidipdirler. Kordowanyň, Sewilýanyň, Salamankanyň, Malaganyň we Walensiýanyň uniwersitetleri we mekdepleri filosofiýadan, matematikadan, lukmançylykdan, himiýadan, astronomiýadan çuňňur bilim beripdirler.


Uilýam Okkam

XIV-XV asyrlarda uniwersitetleriň ýaýrawy has-da giňeýär. *Kollegiýalar* (soňra *kollejler*) giň gerime eýe bolýarlar. Kollegiýalar başda talyplaryň umumy ýaşaýyş jaýlary bolupdyrlar, soňra bolsa olar sapaklaryň, leksiýalaryň we disputlaryň (çekişme) geçirilýän merkezlerine öwrülipdirler. 1257-nji ýylda fransuz korolynyň ruhy halypasy Rober de Sorbon tarapyndan esaslandyrylan kollegiýa Sorbonna diýlip atlandyrylýar we wagtyň geçmegi bilen ol giňäp hem-de ulalyp giň meşhurlyga eýe bolýar. Şonuň üçin hem Pariž


Iogann Gutenberg

uniwersiteti şol bir wagtyň özünde Sorbonna uniwersiteti diýlip hem atlandyrylýar.

Mekdepleriň we uniwersitetleriň sanynyň köpelmegi bilen kitaplara bolan islegler artýar. Irki orta asyrlar döwründe kitap zynat harytlarynyň biri bolupdyr. Sebäbi ony örän gymmat çig mallaryndan edipdirler we baý bezäpdirler. XII asyrdan başlap kitaplaryň bahasy arzanlapdyr we olary şäherlerde kitaplary göçürýän ýörite ussahanalaryň sany köpelýär. XIV asyrdan başlap bolsa kitap ýasalanda kagyz köpçülikleýin peýdalanylyp başlanýar. Munuň özi 1450-nji ýylda germaniýaly ussa **Iogann Gutenberg** tarapyndan daş basma usuly bilen ilkinji neşirýat kitabynyň çap edilmegine getirýär. Daş basma usulynyň oýlanylyp tapylmagy kitaby köpçülikleýin neşir etmeklige mümkinçilik berýär. Ýarym asyrdan soň Ýewropada eýýäm 1100 sany metbugat öýi – tipografiýa hereket edipdir. XV asyryň ahyryna çenli Ýewropada 40 müň sany kitap çykarylyp, olaryň sany 20 million nusga ýetipdir. XII asyra çenli kitaplar esasan buthanalarda saklanylypdyr. XII-XV asyrlarda kitaphanalar uniwersitetlerde, korol köşklerinde, iri feodallaryň galalarynda, baý şäherlileriň öýlerinde hem peýda bolýar. Kitap neşir etmekligiň oýlanyp tapylmagy adamzat taryhynda möhüm waka bolupdyr. Ýewropanyň kitaphanalarynyň tekjeleri ylmyň dürli ugurlaryna degişli kitaplar bilen dolupdyr.

XIII asyrda Günbatar Ýewropada tejribä esaslanýan amaly bilimlere bolan gyzyklanmalar hem ýüze çykýar. Oňa çenli esasan adaty durmuşdan daş, akly bilimler agdyklyk edýärdi. Amaly bilimler bilen filosofiýanyň arasynda geçip bolmajak päsgelçilik ýatyrdy. Tebigat ylymlaryna akyl ýetirmegiň usullary işlenilip düzülmeýärdi. Grammatiki, *ritoriki* (dilewarlyk sungaty) we logiki (*mantyk*) çemeleşmeler agdyklyk edýärdi. Emma durmuş hyýaly bilimleri däl-de, amaly ýagny adamlaryň gündelik ýaşaýşy, durmuşy bilen baglanyşykly ylym-bilimleriň ösdürilmegini talap edýärdi. XII

asyrda mehanikada we matematikada ep-esli öňegidişlik gazanylýar. Oksford uniwersitetinde gadymyýetiň we arap alymlarynyň tebigat ylymlary hakyndaky eserleri terjime edilýär. Robert Grossetest tebigaty öwrenmekde matematiki usuly ulanmaga synanyşyk edýär.

XIII asyrda oksfordly professor Rojer Bekon (1214-1292) optika, fizika we himiýa ylymlarynda ep-esli ylmy netijeleri gazanmagy başarýar. Ol öz işlerinde gelejekde küreksiz gaýyklaryň, özi uçýan enjamlaryň we özi ýöreýän arabalaryň peýda boljakdygyny aýdypdyr. Bekony teleskopy we äýnegi oýlap tapan alym hökmünde tanaýarlar. Rojeriň işlerini **Uilýam Okkam (1285-1349)** we onuň okuwçylary Nikolaý Otrekur bilen Nikola Orezmli (1323-1382) dowam etdiripdirler we olar fizikanyň, himiýanyň, mehanikanyň geljekki ösüşi üçin ep-esli işleri bitiripdirler.


Marko Polo

Bu döwürde ýewropalylaryň geografiýa baradaky düşünjeleri ep-esli giňeýär. Şindi XIII asyrda doganlar Wiwaldiler Genuýadan çykyp Günbatar Afrikanyň daşyndan aýlanmaga synanyşypdyrlar. Wenesiýaly **Marko Polo (1254-1324)** Hytaýa we Merkezi Aziýa köp ýyllap dowam eden syýahata gidýär. XIV-XV asyrlarda köp sanly syýahatçylaryň maglumatlaryna esaslanylyp geografiki kartalar takyklanylypdyr, täze atlaslar düzülipdir. Munuň özi soňra Beýik geografiki açyşlaryň geçirilmeginde uly ähmiýete eýe bolupdyr.

Ösen orta asyrlarda gurluşyk we gurluşyk tehnikasy ýokary derejelere ýetipdir. Gurluşygy onlarça ýyla, käte bolsa ýüzlerçe ýyla çeken soborlar şäherlileriň guwanjy we şäheriň esasy bezegi bolupdyr. X asyrda gurluşykda roman ülňüsi kemala gelýär we XI-XII asyrlarda ýokary derejelere ýetýär. Bu

ülňi Fransiýada, Italiýada we Germaniýada has-da giňden ýaýraýar. Daşdan gurlan küňreli roman soborlary gurluş taýdan ýönekeý, ýöne daşyndan seredeniňde örän haýbatly görünýär. Roman ülňüsi esasynda gurlan binalaryň diwarlary kuwwatly, edil gala-buthanasy ýaly berk. Roman ülňüsinden Fransiýada saklanyp galan Klýuniý, Oten soborlary we Karkasson galasy saklanyp galypdyr.

XIII asyrda gurluşykda täze – got ülňüsi ýüze çykýar. Fransiýadaky **Reýms,** Germaniýadaky Naumburg soborlary got ülňüsinde gurlan desgalardyr. Got ülňüsi esasynda gurlan soborlary daşdan örän nepis suratlar bilen rejeläp bezäpdirler. Üçeklериniň dikligi, ýokarlygyna çürelip gidýän penjireleri we gapylary, beýik minaralary soborlary al-asmanda howalandyryp görkezýär. Soborlaryň beýikligi kähalatlarda 150 metre çenli ýetipdir.

Reýmsdäki (Fransiýa) soboryň gurluşygy ýüz ýyldan hem köpe çekipdir (XIII–XIV asyrlar). Soboryň öň tarapynda peýkam şekilinde bina edilen üç sany çüri küňreli girelgeleri bar. Girelgeleriň ortakysy reňkli aýna bilen bezelip, onuň ikiýan tarapyndaky küňreleriň iki sany ullakan jübüt penjiresi bar. Şol penjireler hem peýkam şekilindäki küňreler bolup tamamlanýar. Soboryň ýokarsynda uzyn penjireler oturdylan iki sany jaňly minarasy bar; olar şäheriň gözegçilik edilýän ýeri bolup hyzmat edipdir. Jaýyň girelgeleriniň agzynda we ýokarky böleklerinde köp sanly heýkeller hem oturdylypdyr.

Şäherlerde owadan ratuşalar – şäher dolandyryş edarasynyň ýa-da meriýanyň jaýy hem gurlupdyr; olaryň minaralary, köplenç, soborlaryň jaňhanalaryndan-da beýikde ýerleşipdir. Şäher binalary özleriniň owadanlygy we çylşyrymly gurluşlary bilen geň galdyrypdyr. Soborlary we ratuşalary gurmaklyga köp senetçiler: kerpiç örüjiler, agaç ussalary, aýnaçy ussalar gatnaşypdyrlar.

Orta asyrlarda taryh ylmy bilen baglanyşykly hronikalaryň, ýyl ýazgylarynyň, korollaryň we tanymal

ruhanylaryň ömürbeýanlarynyň, eposlaryň (şadessan) sany görnetin artýar. Anglosakslaryň «Beowulf hakynda hekaýat», fransuzlaryň «Roland hakynda aýdym», ispanlaryň «Meniň Sidim hakynda aýdym», nemesleriň «Nibelunglar hakynda aýdym» ýaly eposlary Günbatar Ýewropada giň meşhurlyga eýe bolupdyr. Taryh ylmy Wizantiýada hem ösüpdir. VI-VII asyrlarda Prokopiý Kesariýalynyň (V asyryň ahyry-VI asyryň ortalary), Agafiý Mirineýliniň (VI asyr), Menandr Protektoryň (VI asyr), Feofilakt Simokattyň (VII asyryň birinji ýarymy) eserleri döredilipdir.


Dante Aligýeri

**XIV-XV asyrlarda Italiýada irki Gaýtadan döreýiş we ynsanperwerlik.** Ýewropada Gaýtadan döreýşiň medeniýeti XIV asyryň 40-njy ýyllaryndan XVII asyryň başlaryna çenli döwri öz içine alýar. Gaýtadan döreýiş dürli ýurtlarda, dürli şertlerde we döwürlerde ýüze çykypdyr we ösüpdir. Bu hadysa orta asyr şäherleriniň, şäher medeniýetiniň we pul-haryt gatnaşyklarynyň ilkinji ýüze çykan ýeri bolan Italiýada kemala gelýär.


Françesko Petrarka

Italýan şäherleriniň hysyrdyly hem-de döredijilikli durmuşy Gaýtadan döreýiş adyna eýe bolan dünýewi medeniýetiň ösüşine uly itergi beripdir. «Gaýtadan döreýiş» (italýança *Rinascimento*, fransuzça nusgasynda «Renessans») adalgasy XV-XVI asyrlarda ruhy täzelenişi, orta asyrlarda medeniýetiň «müňýyllyk çökgünlikden» soň ýokary göterilişini aňladypdyr.

Gaýtadan döreýşiň medeniýetiniň aňyýet esasyny ynsanperwerlik (*gumanizm*), ýagny dünýewi-rasionallistik dünýägaraýyş emele getiripdir. Onuň gözbaşynda italýan şahyry we akyldary, florensiýaly **Dante Aligýeri (1265-1321)** durýardy. Syýasy garşydaşlary tarapyndan öz dogduk şäherinden kowlan, ömrüniň ahyryna çenli sergezdançylyk etmäge mejbur edilen Dante, Italiýanyň birleşdirilmeginiň we sosial taýdan ösmeginiň hakyky janköýeri bolupdyr. Onuň köp gyraňly döredijiliginiň miwesi bolan «Ylahy komediýa» eseri ösen orta asyrlar zamanynyň adamlarynyň dünýägaraýşyny, adamzat dünýäsini, töwerek-daşy gurşap alan tebigaty, jemgyýetçilik durmuşyny iňňän inçelik bilen beýan edýär.

Emma gumanizm we gaýtadan döreýiş döwrüniň edebiýaty özüniň hakyky manysynda **Françesko Petrarkanyň (1304-1574)** döredijiliginde ýüze çykýar. Ol Florensiýada popolan maşgalasynda dünýä inipdir, köp ýyllap papanyň Awinýondaky kuriýasynda işläpdir, galan ömrüni bolsa Italiýada geçiripdir. Petrarkanyň wolgarda (kemala gelip ugran italýan dili) döreden «Afrika», «Bukola aýdymlary», «Goşguly hatlar», «Aýdymlar kitaby» («Konsonýere») eserleri üçin 1341-nji ýylda Rimde onuň başyna Italiýanyň beýik şahyrynyň pudagyny geýdirýärler. Ol täze medeniýetiň jarçysy hökmünde orta çykypdyr. Medeniýetiň ösüşini ol gadymy şygryýetiň (poeziýa) we filosofiýanyň, aýratyn hem etikanyň çuňňur öwrenilmegi bilen baglanyşdyrypdyr. Onuň etikasynyň esasy özenini *humanitas* (sözme-söz – adamyň tebigaty, ruhy medeniýet) hakyndaky düşünje düzüpdir. Bu düşünje gumanitar bilimleriň (*studio humanitatis*) ösüşine batly itergi beren täze medeniýetiň binýadyna öwrülipdir. XIX asyrda ulanyşa girizilen «gumanizm» - ynsanperwerlik şeýdip ýüze çykypdyr. Ol orta asyr etikasynyň garşysyna dünýewi dünýägaraýyşlary, ynsanyň ýerüsti lezzetlere bolan höwesini, şöhrat gazanmaga ymtylýan isleglerini wagyz edipdir. Petrarka adamyň durmuşyna, onuň meselelerine ýeterlik derejede üns

bermeýändigi, teologiýa tabyndygy üçin  sholastikany tankyt edipdir, onuň adaty logika esaslanýan usullaryny ýazgarypdyr. Täze medeniýetiň maksatnamasyny işläp düzmeklik Petrarka tarapyndan başlanylypdyr, onuň dostlary hem-de yzyna eýerijiler Bokkaçço we Salýutati bolsa bu işi tamamlapdyrlar.


Jowanni Bokkaçço

Täjiriň maşgalasynda kemala gelen **Jowanni Bokkaççonyň (1313-1375)** ömri Florensiýa we Neapol bilen aýrylmaz baglanyşykly bolupdyr. Ol öz döwrüniň wakalary hakynda uly bolmadyk durmuşy hekaýalary – nowellalary ýazan ýazyjy hökmünde meşhurlyk gazanypdyr. Ol wolgarda ýazylan belli wakalar hakynda gürrüň berýän ýüz sany hekaýalaryny özüniň «Dekameron» («Ongünlik») atly kitabynda jemläpdir. Hekaýalardaky wakalar Italiýanyň başyna mergi keseli inen wagty şäheriň daşynda mesgen tutan on sany gözel bilen olaryň aşyklary tarapyndan gürrüň berilýär. Eser giň meşhurlyga eýe bolupdyr we köp sanly dillere terjime edilipdir. Hekaýalarda şol döwrüň däp-dessurlary, italýan jemgyýetiniň dürli gatlaklarynyň durmuşy beýan edilýär.

Kolýuçço Salýutati (1331-1406) rysar maşgalasynda eneden bolupdyr we Bolonýada hukuk ugrundan bilim alypdyr, 1375-nji ýyldan ömrüniň ahyryna çenli Florensiýa respublikasynyň kansleri wezipesini eýeläpdir. Ol öz dostlary we pikirdeşleri Petrarkanyň hem-de Bokkaççonyň işlerini dowam etdirip uly abraýa eýe bolupdyr. Özüniň tarktatlarynda, köp sanly hatlarynda we çykyşlarynda Salýutati Gaýtadan döreýşe umumyadamzat tejribesiniň we pähim-paýhasynyň täze döwürde we şertlerde ýüze çykmasy hökmünde garapdyr we onuň maksatnamasyny has-da ösdüripdir. Ol öz düzümine filologiýany, ritorikany, poetikany, taryhy, pedagogikany, etikany birleşdirýän gumanitar dersleriň (studia humanitatis)

toplumyny öňe sürüpdir, olaryň ýokary aň-düşünjeli we sowatly adamyň kemala gelmegindäki ähmiýetini nygtapdyr. Salýutati gumanitar bilimleriň içki sütüni hasap edilýän etikanyň meselelerine aýratyn uly üns beripdir. Onuň nazaryýetinde esasy orny şu dünýäniň adamlara ýaşamak üçin berlendigi we şol ýaşaýsy ýagşylygyň we adalatyň tebigy kanunlary esasynda ýola goýmak hakyndaky pikirler eýeläpdir. Onuň bu pikirlerinden täze döwrüň ahlak kadasy – terkidünýäleriň «edermenlikleri» däl-de, ähli adamlaryň we jemgyýetiň hatyrasyna döredijilik işeňňirligi ýüze çykypdyr.

**Raýat gumanizmi.** XV asyryň birinji ýarymynda gumanizm giň medeni herekete öwrülýär. Florensiýa, Milan, Wenesiýa, Neapol, soňra Ferrara, Mantuýa, Bolonýa ýaly şäherler bolsa onuň merkezlerine öwrülýärler. Öz öňünde ösen şähsyýeti terbiýeläp ýetişdirmegi maksat edinýän gumanistleriň gurnaklary we hususy mekdepler ýüze çykýar. Gumanistleri ritorika, poetika, filosofiýa boýunça çykyş etmek üçin uniwersitetlere çagyrýardylar. Olara kansleriň (hökümet başlygy), kätipleriň, diplomatlaryň wezipelerini uly höwes bilen ynanýardylar. Bu döwürde gumanizm dürli ugurlara hem bölünip ugraýar. XV asyryň birinji ýarymynyň esasy ugurlarynyň biri-de raýat gumanizmidi. Raýat gumanizminiň ideýalary florensiýaly alymlar Leonardo Bruni, Matteo Palmiýeri, soňra olaryň ýaş döwürdeşi Alamanno Rinuççini tarapyndan ösürilipdir. Respublikançylyk we erkinlik, deňlik we adalat, jemgyýete we Watana gulluk etmeklik - raýat gumanizminiň esasy ýörelgeleri bolupdyr.


Leonardo Bruni

Salýutatiniň okuwçysy, onuň özi ýaly Florensiýanyň kansleri **Leonardo Bruni (1370-1444)** raýat gumanizminiň esasyny goýupdyr.

Gadymy ýazarlaryň işlerinden gowy baş çykarýan Bruni, Aristoteliň eserlerini grek dilinden latynça geçiripdir, ahlak we pedagogikanyň meselelerine bagyşlap birnäçe işleri ýazypdyr. Ol anyk çeşmeleriň esasynda «Florensiýanyň taryhyny» ýazypdyr we gaýtadan döreýiş eýýamynyň taryhnamasynyň düýbüni tutupdyr. Popolanlaryň isleg-arzuwlaryny beýan ediji hökmünde, ol respublikançylyk ýörelgeleriniň özeni hasap edilýän raýatlaryň erkinligini we azatlyklaryny, olaryň saýlamaga we saýlanmaga bolan hukuklaryny, hemmeleriň kanun öňündäki deňligini gorap çykyş edipdir, adalatyň esasy ahlak kadasy bolmalydygy hakyndaky pikiri öňe sürüpdir. Bu ýörelgeleriň Florensiýa respublikasynyň konstitusiýasynda berkidilendigine garamazdan, olar iş ýüzünde hereket etmändirler. Şonuň üçin hem ol şol ýörelgeleri durmuşa geçirmek üçin raýatlary watançylyk, ýokary sosial işeňňirlik, şähsy bähbidi umumy bähbitlere tabyn etmek ruhunda terbiýelemäge çalşypdyr. Leonardo Bruniniň şeýle mazmundaky etiki-syýasy ýörelgeleri onuň ýaş döwürdeşi Palmiýeriniň döredijiliginde giňişleýin ösdürilipdir.

Matteo Palmiýeri (1406-1475) dermanhanaçynyň maşgalasynda dogulýar, Florensiýa uniwersitetinde we gumanistleriň gurnagynda bilim alýar, birnäçe ýyllap syýasy iş bilen meşgullanýar. Gumanist hökmünde ol giň göwrümli «Raýat durmuşy hakynda» eseri, «Durmuş şäheri» poemasy, «Florensiýanyň taryhy» atly işi, köp sanly çykyşlary bilen şöhratlanypdyr. Palmiýeri kanunlaryň ähli adamlaryň bähbitlerine laýyk gelmelidigi baradaky pikirden ugur alypdyr, şonuň üçin hem zähmetiň hemmeler üçin hökmany bolmalydygyny nygtapdyr. Ol pedagogikanyň baş wezipesi - hakyky raýaty, ýagny bilimli, hojalyk we syýasy meselelerde işjeň, watan öňündäki borçlaryna wepaly watançy raýaty terbiýeläp ýetişdirmeklikdir diýip belläpdir.

Alamanno Rinuççini (1426-1499) Florensiýanyň tanymal söwdagärler maşgalasyndan gelip çykypdyr, köp ýyllap döwlet

gullugynda durupdyr, ýöne 1475-nji ýylda respublikanyň «eýesi» Lorenso Mediçi bilen çaknyşykdan soň döwlet işinden çetleşdirilipdir. Ol Mediçileriň tiraniýasy döwründe özüniň «Azatlyk hakynda söhbetdeşlik», «Matteo Palmiýeriniň ýasyndaky çykyş», «Taryhy ýazgylar» atly eserlerinde raýat gumanizminiň ýörelgelerini gorap çykyş edipdir. Syýasy azatlyklary Runuççini ahlagyň çür depesi diýip hasap edipdir we onsuz adamlaryň hakyky bagta, ahlak kämilligine, raýat işjeňligi ýaly häsiýetlere eýe bolup bilmejekdiklerini nygtapdyr.

**Lorenso Walla we onuň etikasy.** XV asyryň tanymal italýan gumanisti Lorenso Wallanyň (1407-1457) işleri Pawiýa uniwersiteti bilen aýrylmaz baglanyşykly bolupdyr. Ol bu ýerde ritorikadan sapak beripdir. Walla köp ýyllap Neapolda Alfons Aragonlynyň köşgünde kätip bolup işläpdir, ömrüniň ahyrynda bolsa Rimde papa kuriýasynda kätiplik edipdir. Onuň döredijilik mirasy juda giň hem-de köpdürlidir: ol filologiýa, taryh, filosofiýa, etika («Hakyky we ýalan eşretler hakynda», «Lezzet hakynda» we başgalar) hakynda ençeme eserleri döredipdir. Walla lezzeti adamzat durmuşynyň iň ajaýyp hözürleriniň biri hökmünde beýan edýär. Epikuryň taglymatyndan ýüz öwrüp, ol asketçilik ahlagyny, aýratyn hem onuň iň bir ýiti görnüşi bolan monahçylygy, terkidünýäligi berk ýazgarypdyr, her bir adamyň ýerüsti ýaşaýşyň lezzetlerine bolan hukugyny subut edipdir, eşitmek, görmek, ten duýgylary ýaly eşretleriň adama ýöne ýere berilmändigini aýdypdyr. Gumanist «ruhy» we «teni», duýgy lezzetlerini we aň lezzetini deňleşdiripdir. Has beteride, ol adama lezzet berýän eşretler, olar tebigy ýa-da onuň özi tarapyndan döredilen eşretler bolsun,



Leon Battista Albertini

tapawudy ýok, eger-de olar oňa hakykatdan-da şatlyk getirip, ýaşaýşy üçin eşret döredýän bolsa, ähli lezzetler peýdalydyr diýip nygtapdyr.

**Leon Battist Albertiniň adam hakyndaky taglymaty.** XV asyr italýan gumanizminiň beýleki bir ugruny ajaýyp akyldar we ýazyjy, sungatyň we binagärçiligiň nazaryýetçisi **Leon Battista Albertiniň (1404-1472)** döredijiligi kesgitläpdir. Florensiýanyň ýönekeý maşgalasyndan gelip çykan Leon Battista Bolonýa uniwersitetini tamamlandan soň kardinal Albergatiniň gullugyna, soňra bolsa Rim kuriýasyna işe kabul edilipdir. Ol etikadan «Maşgala hakynda», «Domostroý»[1], binagärçilikden «Binagärçilik hakynda», matematika we kartografiýa barada eserleri ýazypdyr. Ondan birnäçe edebi eserler hem miras galypdyr.

Alberti esasan etika, estetika we pedagogika aýratyn gyzyklandyrypdyr. Onuň adam hakyndaky gumanistik ýörelgeleri gadymy filosoflaryň – Platonyň, Aristoteliň, Siseronyň, Senekanyň we beýlekileriň mirasyna daýanypdyr. Onuň baş ýörelgesini – adam bilen tebigatyň arasyndaky sazlaşykly gatnaşyklar düzüpdir. Onuň pikiriçe, adam tebigaty boýunça döredijidir, şol sebäpden hem onuň esasy wezipesi özüniň ýerüsti durmuşyny ýola goýmaga gönükdirilmelidir.

Alberti raýat işjeňliginiň iň möhüm ugurlarynyň biri hojalyk işewürligi bolmalydyr, ol bolsa maýa toplamak bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr diýip belläpdir. Ol, eger-de, baýamaga bolan islegler adamlarda hetdenaşa ýiti açgözlügi döretmeýän bolsa we onuň ruhy sazlaşygyny bozmaýan bolsa, onda ol bilen şeýle işewürlik bilen ylalaşypdyr. Baýlyk meselesinde ol kanagatlylykdan ugur almaklygy, oňa baş maksat hökmünde däl-de, jemgyýete gulluk etmegiň bir görnüşi hökmünde garamagy maslahat beripdir. Baýlyk adamy ahlak kämilliginden mahrum etmeli däl-de, tersine, onuň kalbynda

[1] Domostroý – wesýetnama (durmuş kanunlaryny we wesýetleri özünde jemleýän kitap).

sahylygy hem-de rehimdarlygy terbiýelemekde möhüm serişde bolup hyzmat etmelidi. Eger-de raýat gumanizminde esasy mesele jemgyýete hyzmat etmeklik bolan bolsa, Alberti esasy ünsi maşgala, onuň abadançylygyna gönükdirmegi ündeýär.

**Irki Gaýtadan döreýiş döwrüniň sungaty.** Adamyň ynsanperwer keşbi renessansyň XV asyr sungatynda özüniň çuňňur beýanyny tapypdyr we ony çeper serişdeler bilen bezäpdir.Eýýäm XIV asyryň ikinji ýarymynda kemala kemala gelip ugran gumanizmden tapawutlylykda, suratkeşlik (žiwopis), binagärçilik we heýkeltaraşlyk diňe XV asyryň başky onýyllygynda täzelikçilik ýoluna düşýär. Binagärçilikde renessans ülňüsiniň binýadyny ajaýyp ymaratçylar **Filippo Brunelleski (1377-1446),** Bartolomeo Mikelosso (1396-1472), Leon Battista Alberti (1404-1472), Antonio Filarete (takm. 1400 - takm.1469) dagylar goýupdyrlar. Ymaratlaryň täze nusgasy – palasso we willa (şäher we şäher etegindäki ýaşaýyş jaýlary) döreýär, jemgyýetçilik jaýlarynyň görnüşleri kämilleşdirilýär, gurluşyk şlerinde gözbaşyny antiki eýýamdan alyp gaýdýan sütinli binalaryň sany üzül-kesil artýar. Renassans eýýamynyň binagärçiligi has çuňňur nazary, matematiki we inžener-tehniki bilimleri talap edýärdi. Muňa garamazdan Filippo Brunelleski iňňän kyn hem-de çylşýrymly tehniki wezipäniň – Florensiýanyň Santa Mariýa del Fýore buthanasynyň gümmezini gurmagyň hötdesinden gelmegi başarypdyr. Onuň taslamasy boýunça Florensiýada San Lorenso buthanasy, Passi kapellasy (kiçijik ybadathana) bina edilipdir. Renessans binagärçiligine Alberti hem mynasyp goşant goşupdyr.


Florensiýadaky Santa-Mariýa del Fýore sobory. Gupbasy Filippo Brunelleskiniňki

Lorenso Giberti (1381-1455), Donatello (1386-1466), Andrea Werrokýo (1435-1488) renassans döwrüniň tanymal heýkeltaraşlary bolupdyrlar. Heýkeltaraşlykda portret sungaty tiz ösýär. Ol binagärçilikde bölünip aýrylýar we şäher meýdançalarynda dürli görnüşli heýkeller peýda bolup başlaýar.

Italýan Gaýtadan döreýiş sungatynyň suratkeşlik ugrunyň döremeginiň gözbaşynda Mazaçço (1401-1428) durýardy. Onuň Florensiýanyň Brankaççi kapellasyndaky freskasy (diwaryň ýüzüne çekilen surat) özüniň adaty durmuşa golaýlagy we ýokary çeperçiligi bilen özüne çekýär. XV asyryň ikinji ýarymynda suratkeşlikde (žiwopis) florensiýa, wenesiýa, umbriýa, demirgazyk italýan mekdepleri ýüze çykyp, olaryň her biri öz içinde birnäçe ugurlara bölünýärler. Bu döwrüň suratkeşleriniň hatarynda Dominik Girlandaýonyň (1449-1494), Sandro Bottiçelliniň (1445-1510), Pýero della Françeskanyň (1420-1492), Pýetro Perudžinonyň (1450-1523), Antonello da Messinanyň (1430-1479), Wittore Karpaççonyň (1455-1526), Jowanni Bellininiň (1430-1516) we beýlekileriň atlaryny görkezmek bolar.

## Ders boýunça adalgalar

**Absolýut monarhiýa** – çäklendirilmedik häkimiýet.
**Abbat** (latyn. abbas - kaka) **–** katolikçi monastyrynyň ýolbaşçysy.
**Akr –** ýer ölçegi 1 akr – 0,4 ga
**Allod** (nemes. *al* – doly, *lod* - eýeçilik) **–** hususy ýer eýeçiliginiň bir görnüşi.
**Almenning –** Skandinawiýada jemagatyň umumy eýeçiligindäki ýerler.
**Anarhiýa –** grek. häkimiýetsizlik.
**Arýergard** (fran. *ariere* – yzy, *garde* - gorag) **-** goşunyň yzyny goraýan bölüm.
**Awtonomiýa –** içki özbaşdaklyk
**Awtokratiýa -** ähli kanun çykaryjy we ýerine ýetiriji häkimiýetiň bir adamyň elinde jemlenmegi.
**Arsenal –** ok-däri we ýarag saklanylýan gorhana.
**Autodafe -** («*auto da fe*» **-** «diniň ýoly») hristiançylykda jeza çäresi.
**Arhontlar** – Wizantiýanyň grek feodallary.
**Akritler** – Wizantiýanyň erkin daýhanlardan düzülen urşujylary.
**Aftokefal** (grek. *kephale*) - Konstantinopol prawoslaw patriarhatlygynyň tabynlygyndan çykylmagy.
**Anafema** (grek. *anathema*) - dabaraly ýagdaýda buthanadan çetleşdirilmek we näletlenilmek.
**Asket** (grek. a*sketes* – bir zada türgenleşýän) – terkidünýä.
**Awerroesçylar** - ibn Ruşdyň yzyna eýerijiler.
**Artistçilik** - (latyn. *artes* – sungat) orta asyr uniwessitetleriniň sungat fakulteti.
**Bazilews (wasilews)** - Wizantiýanyň patyşasynyň atlandyrylyşy.
**Baron** (inlis. *baro* - urug) **-** feodal iýerarhiýasynyň wekili. Iri feodallar.
**Baş kapellan** (latyn. *kapellanus* - ) **–** katolikçi öý, goşun ruhanysy.
**Baş ştatlar** (fransuz. *Etats Generaux*) – Fransiýada gatlaklaýyn wekilçilikli ýygnak.
**Benefisiý – (**latyn. – sözme-söz «haýyrly iş»). Gulluk ýerleriniň bir görnüşi
**Bulla** (latyn) **–** kanun, möhür basylan kanunçylyk hatlary
**Buržuaziýa** (nemes. *bürger* – şäherli sözünden). Orta asyrlarda şäherlileriň baý gatlaklary, Täze taryh döwründe senagatçylar we bankirler.
**Bürger** (nemes diliniň *burg* sözünden) - Ýewropanyň käbir ýurtlarynda şäher ilaty.
**Bask -** Pireneý ýarym adasynyň awtohton, ýagny ýerli ilaty.

**Berberiler** – Demirgazyk Afrikanyň ilaty.
**Boklend (iňlis.** *boc* – hat we *land* – ýer, resmileşdirilip berlen ýerler) - Korol tarapyndan berilýän ýer eýeçiligi
**Bond** - Skandinawiýanyň ilatynyň erkin bölegi.
**Burg** (nemes.) – gala.
**Bogomilçilik –** slawýan dilinde - «hudaýhonlar». Bolgariýada ýeretiki akym.
**Burgomistr** (nemes) **-** şäher geňeşiniň başlygy.
**Boýar –** Irki döwürde gündogar slawýanlarda beýik knýazyň nökerleri. Giçki döwürde iri feodallar.
**Begetriý** - Leonda we Kastiliýada erkin oba jemagaty.
**Basgaklar** - Rus ýerleriniň üstünden gözegçiligi amala aşyrmak üçin şäherlerde oturan mongol dikmeleri.
**Çelýad** – ruslarda hyzmatkär.
**Çompi** (ital. *ciompi* – ýüň daraýjy) – Italiýada baý täjirler, ussahanalaryň we bank kontoralarynyň eýeleri.
**Çörek we çakyr datmaklyk -** Hristiançylyk däbine görä, her bir dindar Isa pygamberiň keramatyna dahylly bolmak üçin onuň tenini we ganyny aňladýan çörekden hem-de çakyrdan datmak dessuryny berjaý edipdirler.
**Despotiki häkimiýet –** çäklendirilmedik häkimiýet.
**Dialekt –** şiwe.
**Dofin –** Walua dinastiýasy döwründe fransuz korollarynyň paýtagty bolup hyzmat eden Dofin welaýatynyň ady bilen baglanyşykly tituly.
**Družina –** slawýanlarda nöker goşuny.
**Domen** (latyn. *dominium* - mülk) **-** korolyň şahsy mülkleri.
**Donžon -** galanyň ortasynda ýerleşýän kiçijik erkgala.
**Duks (*Dux*) -** taýpanyň kethudasy.
**Dima -** Wizantiýada sport guramalary.
**Dinat** (grek. *dynatos* - kuwwatly) **-** Wizantiýada dini we dünýewi gullukçylar.
**Dualistik -** goşa başlangyç, dünýäniň iki sany gapma-garşylykdan durmagy.
**Distretto** – Italiýada şäher kommunasynyň häkimiýetine tabyn edilen ýerler.
**Dož** - Wenesiýanyň ömürlik saýlanylýan hökümet başlygy.
**Dinastiýa** (grek. *dynasteia* - agalyk) **–** ýewropa ýurtlarynyň dolandyryjy nesilşalyklary.
**Dogmatika** (grek. *dogma* – garaýyş, taglymat, karar) – ynançlaryň üýtgewsiz galmagy.
**Doktrina** (latyn.) – taglymat, ýörelge.
**Diktat** – agalyk etmek.
**Diosez** (latyn. *diocsis* – Gadymy Rimde dolandyryş-çäk birligi) – katolikçi buthananyň ýerli guramasy.

**Disput** (latyn. *disputo* - jedelleşýärin) – çekişme.
**Edikt** (latyn. *edictum* - buýurýaryn) - buýruk
**Eksport** (latyn. *exporto* - çykarýaryn) - harytlaryň daşary bazara çykarylmagy.
**Emfitewsis** - önüm ýa-da pul salgydyny tölemek şerti bilen hemişelik kärendeçilige berilýän ýerler.
**Endogam nika** - adatça aýry-aýry uruglaryň arasynda baglaşylyýan nika.
**Etnogenez** (grek. *ethnos* – halk, taýpa, *genes* – çykmak) – halkyň, halkyýetiň, taýpanyň gelip çykyşy.
**Ekstensiw hojalyk** (latyn. *exten* – giňeldýän, uzaldýan) – Goşmaça maddy hem-de adam serişdelerini ulanmak arkaly ýöredilýän hojalyk.
**Elita** (fransuz.) – saýlantgy.
**Ewolýusiýa** – özgeriş.
**Eparh** (grek. *eparhos*) – Konstantinopolyň häkimi.
**Ergasteri** (grek. *ergasterion*) - senetçilik sehi.
**Eparhyň kitaby** – Konstantinopol şäher häkiminiň kararlar ýygyndysy.
**Ermandad** (ispan. doganlyk) – Ispaniýada şäheriň we oba jemagatlarynyň aralarynda baglaşylýan ýaranlyk («ermandad» - «doganlyk»).
**Etika** (grek. *ethika, ethos* – däp, dessur, häsiýet) – edep kadalary.
**Etimologiýa** – (grek. *etymon* – sözüň hakyky manysy, *logos* - söz) atlaryň aňladýan manysy hakynda ylym.
**Epos** (grek. *epos* - hekaýat) –şadessan.
**Feodal** – orta asyrlarda mülklere we artykmaç hukuklara eýe bolan gatlak.
**Feod** (fransuz. nemesçe - *len* - mülk) - orta asyrlarda mülk ýerleri.
**Federat** – Rim imperiýasynyň ýaranlary.
**Fisk** (latyn. *fiscus* - hazyna) – döwletiň maliýe edarasy.
**Frigolder** (nemes. *freehold, free* – erkin, *hold* - eýeçilik) - iňlis daýhanlarynyň erkin bölegi.
**Firma** – şäherlileriň senýora her ýylda töleýän kesgitli mukdardaky pul tölegi.
**Fuaž** – Fransiýada tüsse (*fuaž*) salgydy.
**Flot** (fransuz. *flotte*) – harby ýa-da söwda gämileriniň toplumy.
**Folklend** (nemes. halkyň ýeri) - oba jemagatynyň ygtyýaryndaky ýerler.
**Fortifikasiýa** (latyn. *fortificatio* - berkitme) – gala gurluşyk işleri.
**Fua** - (fransuzça *foi* – wepalylyk) Fransiýada wepadarlyk kasamy.
**Fueros** (ispan.) – Ispaniýada şäherlere we obalara berilýän erkinlik hukugy.
**Federasiýa** (latyn. *foederatio* – birleşme) – döwletleriň birleşmesi.
**Frelsler** (şwed. *frels* - boşadylanlar) - Şwesiýada töleglerden we zähmet borçlaryndan boşadylanlar. Feodallar.
**Faktori** (latyn. *factoria*) – söwda nokatlary.
**Gabel** (arap. *al-kabala* - salgyt) – Fransiýada duz salgydy.

**Gersog** (nemes. herzog – gadymy germanlarda harby serdar) **–** iri feodal.
**Gildiýa** (nemes.) **-** senetçilik guramasy.
**Graf** (nemes.) **–** feodal iýerarhiýasynyň wekili. Gersog bilen markizden aşakda, baron bilen wikontdan bolsa ýokarda.
**Ganza assosiýasiýasy** - demirgazyk german şäherleriniň söwda-syýasy bileleşigi.
**Gegemonlyk** - birinjilik, agalyk, ýolbaşçylyk.
**Guf** - nemes daýhanlarynyň eýeçiliginde birnäçe ýer paýy (*guf*) bolan has gurply bölegi.
**Grad** – Kiýew Rusunda başda harby berkitme, soňra hünärmentçiligiň we söwdanyň merkezleri.
**Grand –** Italiýada, Ispaniýada iri feodallar.
**Gwelfler -** German basybalyjylaryna garşy göreşlerde XII asyryň ahyrlarynda – XIII asyryň başlarynda Italiýada dörän hereket. German mperatorlarynyň garşydaşlary, papanyň bolsa ýaranlary.
**Gibellinler** - German basybalyjylaryna garşy göreşlerde Italiýada biri-birine garşy durýan syýasy akymlaryň biri. Olar german imperatorlaryň tarapdary bolupdyrlar.
**Gospodar** – Walahiýada hökümdar.
**Got ülňüsi** – XIII-XV asyrlarda Günbatar Ýewropada ýaýran binagärçilik tilsimi.
**Gumanizm** (sözme-söz – adamyň tebigaty, ruhy medeniýet) - Gaýtadan döreýşiň medeniýetiniň aňyýet esasy.
**Harby demokratiýa –** Feodalçylyk gatnaşyklary kemala gelmänkä wagşy taýpalaryň jemgyýetçilik gurluşy.
**Hartiýa –** golýazma, hat.
**Hutor –** Gündogar Ýewropada kiçijik oba.
**Hudaýyň üç keramaty -** hristiançylygyň esasy ynanjy bolan «Atasy (Hudaý), ogly (Hristos) we Mukaddes Ruh (Jebraýyl Perişde)».
**Hommage** (fransuz. *i'homme* – adam) – ommaž. Wassalçylyk dápleriniň berjaý edilmegi.
**Haristikiý** (grek. *charisikos* – eçilmek, bagyş etmek) **–** Wizantiýada monastyrlara imperator tarapyndan berilýän ýerler.
**Horomlar -** agaçdan gurlan uly öý.
**Holop** – garamaýak, talaban.
**Iýerarhiýa** (grek. *hieros* – mukaddes, arche - häkimiýet) **–** feodalçylyk basgançagy.
**Immunitet –** (latyn. *immunitas* - bir zatdan halas etmek). Merkezi hökümet tarapyndan feodala berilýän dolandyryş we kazyýet hukuklary.
**Infanteriý** (italýan. *infante* – ýetginjek, pyýada esger) **- k**orolyň pyýada goşunlary.

**Inkastellamento** (italýan.) - sözme-söz – «galalaşmak».
**Instituýa** (latyn) – «okuw kitaby».
**Igumen** (grek. *hegumenos* – alyp baryjy) - erkekleriň prawoslaw monastyrynyň başlygy.
**Idalgos** (ispan. *fijo d'algo* - tanymal adamyň ogly) – ispan begzadalary.
**Inkwizisiýa** (latyn. *inquisitio* - derňemek) - resmi katolikçi buthananyň ýereslere garşy ýörite tribunaly.
**Indulgensiýa** (latyn. *indulgentia* – bagyşlamak, geçmek) - günäleriň geçilýändigini tassyklaýan buthana resminamasy.
**Inwestitura** (latyn. *investio* - geýindirmek) - buthana we dünýewi iýerarhlaryny bellemek we aýyrmak bilen baglanyşykly hukuk gatnaşyklary we däp-dessurlar.
**Interdikt** (latyn. *interdictum* – gadagan etmek) – Rim papasyna boýun egilmeýändigi üçin dini häkimiýet tarapyndan hristiançylyk däp-dessurlaryny berjaý etmekligiň aýry-aýry şäherlerde, ýurtlarda gadagan edilmegi.
**Ýarmarka** – ýylyň belli bir döwründe wagtlaýyn hereket edýän bazarlar.
**Ýarl -** Şwesiýada korol goşunlarynyň baş serkerdesi.
**Jentri** (iňlis. *gentri* - asylly) - iňlis feodallarynyň bir topary - «täze gullukçylar».
**Žandarmlar** (fransuz. *gens d' arms* – ýaragly adam) **-** begzadalardan düzülen atly goşun.
**Kommutasiýa** –(latyn. ***k****ommutatio* - çalyşmak) - önüm salgydynyň pul salgydy bilen çalşyrylmagy.
**Krepostnoý** – Russiýada hukuksyz daýhanlar we doly garaşly daýhanlar.
**Kolonat –** (latyn. *colonatus* - iri ýer esýesi bilen daýhanyň-kolonyň arasyndaky gatnaşyklar). Erkin kärendeçilik.
**Kuriýa** – ( latyn. *kuria*) **-** Rim papasynyň dolandyryş edarasy.
**Konnetabl –** ( fransuz. *konnetable*) - Fransiýada baş serkerde.
**Kanselýariýa –** (latyn. *cancellarius* - hat gatnadyjy) korolyň iş dolandyryş edarasy.
**Kamerariý** - köşk dolandyryjysy we hazynanyň işlerini ýörediji.
**Konsulat** - Fransiýada şäher ilaty tarapyndan saýlanylan konsullaryň dolandyryş düzgüni.
**Kapitulýariler –** (latyn. *capitulo*) - kanunlar, maddalar.
**Kommendasiýa ulgamy –** (latyn. *commendo* – geçirýärin, ulanýaryn) - ýer eýeleriniň öz mülklerini ýokary wezipeli adamyň howandarlygyna geçirmegi.
**Kompaniýa** - söwdagärleriň birleşmesi.
**Konsul –** täjirleriň alys ýurtlardaky wekilleri.

**Kardinal –** (latyn. cardinalis – baş, esasy) - Papalygyň ýokary derejeli ruhanysy. Papalar şolardan saýlanylypdyr.
**Keramatly Pýotryň Patrimoniýasy -** Papa döwleti we onuň mülkleri.
**Konsistoriý** (latyn. *konsistorium* - ýygnak ýeri, geňeş) - döwlet geňeşi.
**Klirik –** buthanada derejeli din adamlary.
**Kodeks –** (latyn. *codex*) kanunlaryň bir görnüşi.
**Korrupsiýa –** (latyn. *corruption* - satyn almak) - adaty ýagdaýa öwrülen döwlet derejesindäki parahorluk.
**Korporasiýa –** (latyn. *corporation* - bileleşik) - hünär ýa-da gatlak bähbitleriniň umumylygy bilen birleşdirilýän jemgyýet ýa-da adamlar topary.
**Kreml -** seňňer hem-de gala diwarlary bilen daşy gurşalan şäher merkezi.
**Kanton** – Şweýsariýada etrap.
**Kurfýurst –** (nemes. saýlawçy-beg. Latynça *cura* – alada we nemesçe *fürst* – beg sözleriniň birleşmesi) - Germaniýada koroly saýlaýan begzadalar we din adamlary.
**Kommuna –** (latyn. *communis* - umumy) - şäherleriň içki öz-özüňi dolandyryşy.
**Kortesler** (ispan. cortes - köşk) - Ispaniýada gatlaklaýyn wekilçilikli edara.
**Kanon** – (grek. kada, düzgün) - hristiançylyk hukugy (kanuny).
**Kult** - (latyn. coltus – sylag, hormat) - hristiançylyk ynançlarynyň we ybadat işleriniň toplumy.
**Konkordat** - (latyn. *concordotum* - ylalaşyk) – Papanyň döwletler bilen baglaşýan ylalaşyklary.
**Konklaw** (latyn. *conclave* - açar astynda) – Papanyň saýlawy. Papa saýlanylýan wagty kardinallaryň hiç ýere çykman oturmaklary.
**Kelýa** – (grek. *kellion,* latyn. *cell* - otagjyk) - monastyrlardaky monahlar üçin niýetlenilen hüjreler.
**Kwadriwium** - Orta asyr uniwersitetlerinde berilýän bilimleriň ikinji basgançagy (kwadriwium – arifmetika, geometriýa, saz we astronomiýa).
**Kwestor** - (latyn. *guastors* - gözleýärin, derňeýärin). kätip.
**Klassika** – (latyn. *classikus* - nusgalyk) - nusgawy.
**Kollegiýa** (soňra *kollej*) - kollegiýalar başda talyplaryň umumy ýaşaýyş jaýlary bolupdyrlar, soňra bolsa olar sapaklaryň, leksiýalaryň we disputlaryň (çekişme) geçirilýän merkezlerine öwrülipdirler.
**Kansler** – (nemis. *kanzler*) - hökümet başlygy.
**Legion –** ( latyn. *legio* - urug, *lego* - ýygnaýaryn, toplaýaryn) - rim goşunlary.
**Lex Salisa** («Sali hakykaty») - franklarda kazyýet dessurlaryny (*kazus*) öz içine alýan kanunnama.

**Liwr** (fransuz. *livre)* - Fransiýada pul birligi.
**Lewant –** Ýakyn Gündogar.
**Lollardlar -** (iňlisçe-lolbard) pukara ruhanylar.
**Lendlord** (iňlis. *londlord* – ýer eýesi) - Angliýada iri ýer eýesi.
**Legat -** (latyn. *legatos*) - papanyň ilçileri.
**Libella –** şertnama.
**Lat -** rysarlaryň söweş esbaby.
**Landtag** - German döwletlerinde ýerli ýygnak.
**Latinofil** – Osmanlylara garşy göreşlerde wizantiýalylaryň Günbatar Ýewropa ýurtlary we katolikçi papalyk bilen ýakynlaşmagyň tarapdarlary.
**Liturgiýa** – (grek. *leos* we *ergon* - halka gulluk etmek) - hristiançylykda ybadat işleri.
**Logika –** ( grek. logike - subut etmek ýa-da ýalana çykarmak) – gumanitar ylymlarynyň bir ugry.
**Maýorat** – miras galdyrmagyň usuly; ähli emläk ogullaryň ulusyna geçýär.
**Mediýewistika** (latyn. *medium aewum* – orta asyrlar) **–** orta asyrlar döwrüniň taryhyny öwrenýän ylym.
**Munisipalitet –** Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň şäherleriniň saýlawly dolandyryş edaralary.
**Monogam maşgala –** jübüt maşgala.
**Marka -** Germaniýada oba jemagaty.
**Ministrial** (latyn. *ministerium* – gulluk, wezipe) - hökümetiň düzümine girýän ýokary wezipeli gullukçy.
**Maýordom** (latyn. *majordomos* - köşgüň ulusy) - köşk dolandyryjysy.
**Marşal –** (fransuz. *marşal*) - XVI asyra çenli köşk gullukçysy.
**Magnat** (latyn. *magnates* -tanymal baý adam) - iri feodal.
**Magna Charta Libertatum** (Erkinligiň beýik hartiýasy) – Ol 1215-nji ýylda Angliýada kabul edildi we korolyň häkimiýeti iri ýer eýeleri tarapyndan çäklendirildi.
**Manor –** (iňlis. manor – galýaryn) - feodal mülki.
**Manuskript** – golýazma, gadymy golýazma
**Magistr –** (latyn. magister – başlyk, mugallym) - dini ordeniň baştutany.
**Mer –** (fransuz. *maire*) - Fransiýada we Angliýada şäher geňeşiniň başlygy. Şäher häkimi.
**Markiz –** (frans. *marquis,* nemes. *markgraf* ) - feodal iýerarhiýasynyň wekili.
**Mitrokomiýa –** Wizantiýada erkin daýhanlaryň goňşuçylyk jemagaty.
**Messiýa** (gadymy ýewreý. *maşiah* – hudaýdan pata alan Halasgär) - Mäti. Isa Pygamber.
**Monah –** keşiş.
**Mitropolit** ( grek.) **–** prowoslaw ýepiskoplarynyň ýokary ady.

**Medzadriýa** – kärendeçiligiň bir görnüşi bolan ýarpaçylyk.
**Manufaktura –** gol zähmeti bilen önüm öndürilýän ilkinji senagat kärhanalary.
**Mesta** – Pireneý ýarym adasynda maldarlaryň bileleşikleri.
**Missionerler** - hristian din ýaýradyjylary.
**Monastyr** ( grek. *manastar hyrza*» - meniň günälerimi geçir) - hristian monahlarynyň jemlenen, ýaşaýan ýeri.
**Magistr offis** - birinji ministr.
**Natural hojalyk –** hojalykda sarp edilýän önümleriň hojalygyň özünde öndürilmegi.
**Nowella –** Wintiýanyň kanunlary.
**Nominalizm** - sholastikanyň bir ugry. Nominalçylar umumy düşünjelere aň diňe anyk zatlara akyl ýetirenden soň eýe bolup bilýär diýip hasaplapdyrlar.
**Orden** - (latyn. *ordo,* nemes. *orden* – tertip, nyzam) - orta asyr monahlarynyň ýa-da rysar monahlarynyň dini guramasy
**Opolçeniýe** – halk meýletinçilerinden düzülýän ýygynlar ýa-da ýerli feodallaryň hökümdaryň ygtyýaryna getirýän goşunlary.
**Obet** – öýlenmezlige äht edilmegi.
**Ortodoksal –** resmi din.
**Patrisiat** – (latyn. *patricii, pater* - kaka) - şäherleriň ýokary gatlagy.
**Patriarh -** (grek. *patriaches* - nesilbaşy) - prawoslaw buthanasynyň baştutany.
**Plebs** - ýonekeý şäher ilaty.
**Prekar** (latyn. *preces* - haýyş) - haýyş edip hojaýyndan (*prekaria* – «haýyş boýunça berlen») ýer alan kärendeçi.
**Pens –** köne kümüş puly
**Palatium -** korol köşgi.
**Pfalsgraf** - (nenis. *pfalzgraf* - köşk grafy) köşk hyzmatkärleriniň işine jogap berýän we köşk kazyýetinde başlyklyk edýän ýokary wezipeli gullukçy.
**Per** – (fransuz, iňlis. *pair, peer*) - Angliýada ýokary gatlagyň wekili.
**Proteksionizmiň** - ýurduň senagatynyň we söwdasynyň döwlet tarapyndan howandarlyga alynmagy.
**Palisa -** söweş ýaragy.
**Proniýa –** Wizantiýada gulluk üçin berilýän ýerler.
**Podestalar** (latyn. *potentas* - häkimýet) - Mukaddes Rim imperiýasynyň dikmeleri.
**Pogost –** gündogar slawýanlarda şäherçe.
**Posad –** gündogar slawýanlarda şäher etegi.
**Polýudýe -** gündogar slawýanlarda jan başyna salgyt.
**Popolan** (italýan. *popola* - halk) - Italýada erkin şäherliler.

**Parlamento** - Italiýada saýlaw hukugy bolan şäherlileriň ýygnagy.
**Primas** – (latyn. *primos* - birinji ýerde durýan) - katolik we anglikan buthanasynyň başlygy.
**Pastyr –** çokundyrýan uhy halypa.
**Palasso we willa** - şäher we şäher etegindäki kaşaň ýaşaýyş jaýlary.
**Ratuşa -** Yewropa şäher meýdanynda ýerleşýän şäher geňeşiniň jayy.
**Rekonkista** (ispan. *re* - gaýtaryp, *konkisto* - almak) – Ispaniýany araplaryň elindan gaýtaryp almaga gönükdirilen hereket.
**Roždestwo –** Isusyň doglan güni mynasybetli geçirilýän baýramçylyk.
**Ritual –** (latyn. *ritualis*) - haýsy hem bolsa bir dessuryň berjaý edilmeginiň işlenilip düzülen we bellenilen tertibi.
**Renta -** (nemis renta latynçanyň *reddita* sözünden - gaýtalanan dessur) - ýer salgydy.
**Reýhstag -** Germaniýada imperiýa ýygnagy.
**Riksrod** - Şwesiýada döwlet geňeşi.
**Rada** - Gündogar Ýewropa ýurtlarynyň käbirinde iri feodallaryň we ruhanylaryň ýygnagy.
**Reformasiýa** – (latyn. *reformatio* - özgeriş) - dini täzelikçilik
**Realizm -** sholastikanyň bir ugry. Realistler Hudaý we Troisa ylahy aňda ýaşamak bilen müdümi bardyr diýip tassyklapdyrlar. Olar materiýa bilen birleşip anyk zatlarda ýüze çykypdyrlar.
**Rasionallaşdyrmak** – akyla gulluk etmek.
**Ritorika** (grek. *rhitorika* - dilewar) – dilewarlyk sungaty, belagat.
**Renessans** (italýan. *rinascimento,* fransuz. renessans - gaýtadan döreýiş) - orta asyrlarda ruhy täzelenişi, medeniýetiň «müňýyllyk çökgünlikden» soň ýokary göterilişini gazanmaga gönükdirilen hereket.
**Sosial ierarhiýasy –** durmuş basgançaklary**.**
**Senýorlar** – (latyn senior uly) wassalaryň howandarlary.
**Senator –** Rimde döwlet geňeşine gatnaşyjy wekil.
**Senat –** Rimde döwlet geňeşi.
**Sobor –** buthana ýygnagy. Buthana
**Sinod –** Prawoslaw buthanasynyň ýokary geňeşi.
**Solid -** Wizantiýanyň altyn teňňeleri.
**Sinklit –** (grek. *synkletos* - çagyrylan ýygnak) - imperatoryň maslahaty .
**Senturion** (grek.) **–** ýüzbaşy.
**Statut** - kanun.
**Skipetr –**(grek. *skeptron* – hasa) - patyşa häkimiýetiniň nyşany bolan gymmat baha daşly, nagyşly gysga hasa.
**Separatizm** (latyn. *separatus* - aýratyn, aýrybaşga) - merkezi häkimiýetden bölünmäge gönükdirilen syýasy hereket.
**Status –** (latyn. *status* - ýagdaý) - hukuk ýagdaýy.

**Süzeren –** Günbatar ýewropada ýokary howandar, karol, hojaýyn.
**Strateg -** Wizantiýada fem goşunynyň baş serkerdesi.
**Stratiotlar –** Wizantiýada kese ýelilerden we wizantiýaly erkin daýhanlardan ýüze çykan harby gatlak.
**Sloboda –** Rus şäherlerinde kremliň gapdalynda senetçileriň ýaşaýan ýeri.
**Smerd** – gadymy rus döwletinde oba jemagatynyň erkin agzalary.
**Stanowişa –** düşelge.
**Sinýoriýa** ýa-da **Tiraniýa -** Demirgazyk we Orta Italiýanyň şäherlerinde respublikan gurluşynyň monarhiýa düzgüni bilen çalşyrylan görnüşi.
**Suprematiýa** (latyn. *super* – aňrybaş, ýokary) **-** papalaryň bütin dünýä agalygyna dalaş etmegi.
**Simoniýa** - dünýewi häkimiýetden dini derejäniň pula satyn alynmagy.
**Selibat** – (latyn. *Caelebs* - öýlenmedik) - ruhalylaryň nikalaşmagynyň gadagan edilmegi.
**Shizma** (grek.) – dini bölünişik.
**Skriptoriý** - kitap ýazylýan ussahana.
**Sholastika** (latynça *schola* mekdep) - teologiýadan gelip çykýan filosofiýa. Hristiançylyk dogmalarynyň logikanyň kömegi bilen aň eleginden geçirilmegi.
**Student** (latyn. - ürç edip okaýanlar) - uniwersitetleriň talyplary.
**Şedewr** – ýokary derejede ýasalan sungat eseri.
**Taýf, taýpa** (arap) – musulman Ispaniýasynda araplaryň ownuk beglikleri.
**Troisa –** üç keramat (Ata, Ogul, Keramatly Ruh).
**Turnir –** rysarlaryň atly başa-baş söweşi.
**Titul –** (latyn. *titulus* –ýazgy, hormat) - feodallara berilýän dereje.
**Teslis** (arap.) – hristianlarda Troisa.
**Teokratiýa** – Syýasy düzgüniň din adamlarynyň eline geçmegi.
**Triwiuma** – Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň uniwersitetlerinde berilýän başlangyç bilim.
**Teologiýa** – (latyn. *teos* – hudaý, *logos* - söz ) – ylahyýet ylmy.
**Ustaw –** senetçileriň guramalarynyň düzgünnamasy.
**Uniwersitet** (latyn. *universitas* - jemi, umumy) **–** Günbatar Ýewroda ýokary bilim berilýän okuw mekdepleri.
**Uitenogemot** - Angliýada ýokary gatlaklaryň geňeşi.
**Uniýa** – (latyn *unio* - birleşmek) ýaranlyk.
**Udel -** Rus knýazlarynyň ogullaryna mülk edip berýän etraplary, şäherleri.
**Wassal (**latyn. *vasallus* – hyzmatkär tabyn) - feodallaryň ýapjalary.
**Wodan –** skandinaw mifologiýasynda baş hudaý.
**Wandallar –** Demirgazyk Afrikany basyp alan we Rimi talan gündogar german taýpalary
**Wandalizm** (*wandal* sözünden) **–** göçme manyda medeni gymmatlyklaryň nähak ýok edilmegi.

**Wergeld (wira) –** germanlarda erkek adamyň öldürilendigi üçin gan almagyň deregine alynýan pul tölegi - hun.
**Wikariý** (latyn. v*ikarus* – orunbasar) prawoslaw buthanasynda ýepiskopyň orunbasary
**Wassalitet –** ýapjalyk.
**Wikontlar** (latyn. *vicecomites*) –grafyň orunbasarlary.
**Wikingler –** skandinawiýaly taýpalar.
**Wirgata -** X asyryň başlarynda özbaşdak daýhan hojalyklarynyň ýer paýy - 12,5 ga.
**Weçe** (slawýanlaryň *wet* - maslahat, geňeş sözünden) – halk ýygnagy.

## Ders boýunça möhüm seneler

354-430-nji ýyllar Awreliý Awgustiniň ýaşan ýyllary.
476-njy ýyl - Günbatar Rim imperiýasynyň resmi taýdan ýykylan senesi.
Takm. 480-525-nji ýyllar Sewerin Boesiniň ýaşan ýyllary.
481-511-nji ỳyllar – Frank döwletini Hlodwigiň dolandyrmagy.
Takm. 490-585-nji ýyllar Flawiý Kassiodoryň ýaşan ýyllary.
527-565-nji ỳyllar - Ỳustinian I-niň dolandyran ỳyllary.
528-534-nji ýyllar - Ýustinianyň jemkanunlarynyň işlenilip düzülmegi.
532-nji ýyl - Wizantiýada «Nika» gozgalaňy.
534-nji ýyl - Demirgazyk Afrikada ýerleşýän wandallaryň döwletiniň derbi-dagyn edilmegi.
537-nji ýylyň 27-nji dekabry – Konstantinopolda keramatly Sofiỳa ybadathanasynyň açylyş dabarasy.
555-nji ýyl - Wizantiýanyň Italiýany basyp almagy.
561-584-nji ỳyllar - Frank koroly Hilperigiň dolandyran ỳyllary.
Takm. 570-636-njy ýyllar Isidor Sewilýalynyň ýaşan ýyllary.
687-nji ýyl – Frank döwletinde häkimiỳetiň Awstraziýanyň moýordomy Pipin Geristalskiniň eline geçmegi.
715-741-nji ỳyl – Frank döwletini Karl Martelliň dolandyrmagy.
717-741-nji ỳyllar – Wizantiỳada Lew III Isawryň dolandyran ỳyllary.
718-nji ýyl – Konstantinopolyň araplar tarapyndan netijesiz gabawy.
726-843-nji ýyllar – Wizantiỳada ikona çokunmaklyga garşy göreşiň bolup geçen ỳyllary.
732-nji ýylyň oktýabry - Puatýeniň golaỳynda Karl Martelliň araplary ỳeňlişe sezewar etmegi.
735-804-nji ýyllar Flakk Albin Alkuiniň ýaşan ýyllary.
741-768-nji ỳyllar - Pipin Keltäniň dolandyran ỳyllary.
768-814-nji ỳyllar - Beýik Karlyň dolandyran ỳyllary.

800-nji ýylyň 25-nji dekabry – Beỳik Karlyň Rimde imperator diỳlip yglan edilmegi.
814-840-nji ỳyllar - Lýudowik Hudoýhonyň dolandyran ỳyllary.
820-823-nji ýyllar – Foma Slawỳaniniň gozgalaňy.
829-njy ýyl - Angliýanyň Uesseksiň koroly Ekbert tarapyndan birleşdirilmegi.
843-nji ýyl – Werden şertnamasynyň baglaşylmagy.
860-nji ýyl - kiýewli ruslaryň Konstantinopoly deňizden hem-de gury ýerden gabamaklary.
867-1056-nji ỳyllar – Wizantiỳada Makedon nesilşalygynyň ỳaşan ỳyllary.
882-nji ýyl - Gadymy Rus döwletiniň döremegi.
882-912-nji ýyllar - Gadymy Rus döwletinde knýaz Olegiň dolandyran ýyllary.
911-nji ýyl - Germaniýada Karolingleriň häkimiýetiniň synmagy we German döwletiniň döremegi.
912-945-nji ýyllar – Gadymy Rus döwletinde Igoryň dolandyran ýyllary.
919-1024-nji ýyllar Germaniýada Sakson dinastiýasynyň hökümdarlygy.
921-925-nji ýyllar – Çehiýada Waslawyň hökümdarlygy.
936-973-nji ýyllar – Germaniýada Otton I-niň hökümdarlygy.
962-nji ýyl - Mukaddes Rim imperiýasynyň döremegi.
987-nji ýyl - Karolingler dinastiýasynyň ýaşamagyny bes etmegi
987-1848-nji ýyllar – Fransiýany Kapetingler dinastiýasynyň dolandyrmagy.
988-nji ýyl – Gadymy Rusuň hristiançylygy kabul etmegi.
996-1031-nji ýyllar – Fransiýada Robert Hudaýhonyň dolandyran ýyllary.
1002-1187-nji ýyllar - Haçparazlaryň Tripoli graflygy ýaşan ýyllary.
1016-1028-nji ýyllar - Norwegiýada korol Olaw Haraldssonyň hökümdarlygy.
1016-1035-nji ýyllar – Daniýada Beýik Knudyň hökümdarlygy.
1019-1054-nji ýyllar – Gadymy Rusda Ýaroslaw Paýhaslynyň hökümdarlygy.
1024-1125-nji ýyllar – Germaniýada Frankon (Sali) dinastiýasynyň korollarynyň hökümdarlygy.
1031-1060-nji ýyllar - Fransiýada Genrih I-niň dolandyran ýyllary.
1035-nji ýyl – Aragonyň we Kastiliýanyň özbaşdak korollyklara öwrülmegi.
1042-1055-nji ỳyllar - Wizantiỳada Konstantin IX Monomahyň dolandyran ỳyllary.
1042-1066-nji ýyllar – Angliýada Eduard Toba edeniň dolandyran ýyllary.
1054-nji ýyl – Hristiançylygyň katolikçi we prawoslaw buthanalaryna bölünmegi.
1060-1108-nji ýyllar - Fransiýada Filip I-niň dolandyran ýyllary.

1066-njy ýyl – Angliýada häkimiýetiň normandlar tarapyndan basylyp alynmagy.
1066-1087-nji ýyllar – Angliýada Wilgelm I Basybalyjynyň dolandyran ýyllary.
1072-nji ýyl - Hristianlar üçin mukaddes şäher hasaplanylýan Iýerusalimiň türkmenler tarapyndan eýelenilmegi.
1077-1095-nji ýyllar - Wengriýada Laslo I-niň dolandyran ýyllary.
1079-1142-nji ýyllar Pýer (Pýotr) Abelýaryň ýaşan ýyllary.
1081-1118-nji ýyllar – Wizantiýada Alekseý I Komniniň dolandyran ýyllary.
1085-nji ýyl – Rekonkista gatnaşyjylaryň araplaryň elinden Toledony gaýtaryp almaklary.
1086-njy ýyl – Angliýada ählumumy ýer ýazgysynyň geçirilmegi.
1090-1153-nji ýyllar Bernar Klerwolynyň ýaşan ýyllary.
1095-1116-nji ýyllar - Wengriýada Kalmanyň dolandyran ýyllary.
1096-1270-nji ýyllar – Haçly ýörişler.
1096-1099-njy ýyllar – Birinji haçly ýöriş.
1098-1144-nji ýyllar – Haçparazlaryň Edessa graflygynyň ýaşan ýyllary.
1099-1287-nji ýyllar - Haçparazlaryň Antohiýa graflygynyň ýaşan ýyllary.
1099-1291-nji ýyllar - Haçparazlaryň Iýerusalim korollygynyň ýaşan ýyllary.
1100-1135-nji ýyllar – Angliýada Genrih I-niň dolandyran ýyllary.
1108-1137-nji ýyllar – Fransiýada Lýudowik VI-niň dolandyran ýyllary.
1118-1143-nji ýyllar – Wizantiýada Ioann II Komniniň hökümdarlygy.
1122-nji ýyl – German imperatory bilen Rim papasynyň arasynda Worms konkordadyna gol çekilmegi.
1126-1198-nji ýyllar ibn Ruşdyň ýaşan ýyllary.
1130-njy ýyl - Günorta Italiýanyň we Sisiliýanyň bitewi Sisiliýa korollygyna birleşdirilmegi.
1137-1180-nji ýyllar – Fransiýada Lýudowik VII-niň dolandyran ýyllary.
1138-1254-nji ýyllar – Germaniýada Gogenştaufenler dinastiýasynyň hökümdarlygy.
1143-1180-nji ýyllar – Wizantiýada Manuil I Komniniň hökümdarlygy.
1147-1149-njy ýyllar - Ikinji haçly ýöriş.
1147-nji ýyl - Rekonkista gatnaşyjylaryň araplaryň elinden Lissabony gaýtaryp almaklary.
1152-1190-nji ýyllar - Fridrih I Barbarossanyň dolandyran ýyllary.
1154-1157-nji ýyllar – Kiýew Rusynda Ýuriý Dolgorukiniň knýazlygy.
1154-1189-nji ýyllar – Angliýada Genrih II-niň dolandyran ýyllary.

1157-1174 nji ýyllar – Kiýew Rusynda Andreý Bogolýubskiniň knýazlygy.
1157-1182-nji ýyllar - Daniýada Waldemar I-niň hökümdarlygy.
1167-nji ýyl - Lombard ligasynyň döredilmegi.
1170-nji ýyl – Tomas Beketiň öldürilmegi.
1176-1212-nji ýyllar - Kiýew Rusynda Wsewolod Bolşoýe Gnezdonyň knýazlygy.
1180-1223-nji ýyllar – Fransiýada Filipp II Awgustyň dolandyran ýyllary.
1183-1185-nji ýyllar – Wizantiýada Andronik I Komniniň hökümdarlygy.
1185-1195-nji ýyllar – Wizantiýada Isaak II Angeliň hökümdarlygy.
1189-1192-nji ýyllar - Üçünji haçly ýoriş.
1189-1199-nji ýyl – Angliýada Riçard Şirýüregiň dolandyran ýyllary.
1191-1197-nji ýyllar – Germaniýada Genrih VI-nyň dolandyran ýyllary.
1193-1280-nji ýyllar - Beýik Albertiň ýaşan ýyllary.
1195-1203-nji ýyllar – Wizantiýada Alekseý III-niň hökümdarlygy
1199-1216-nji ýyllar – Angliýada Ioan Ýersiziň dolandyran ýyllary.
1202-nji ýyl - «Gylyç göterijiler» rysarçylyk ordeniniň döredilmegiü
1202-1204- nji ýyllar - Dördünji haçly ýöriş.
1204-1261-nji ýyllar - Latyn imperiýasynyň ýaşan ýyllary.
1204-1224-nji ýyllar - Fessalonik korollygynyň ýaşan ýyllary.
1205-1456-njy ýyllar - Afiny senýorlygynyň (soňra gersoglyk) ýaşan ýyllary.
1205-1432-nji ýyllar - Moreý (ýa-da Aheý) graflygynyň ýaşan ýyllary.
1204-1337-nji ýyllar - Epir patyşalygynyň ýaşan ýyllary.
1204-1461-nji ýyllar - Trapezund imperiýasynyň ýaşan ýyllary.
1214-1292-nji ýyllar Rojer Bekonyň ýaşan ýyllary.
1215-nji ýylyň 15-nji iýuny – «Erkinlikleriň beýik hartiýasynyň» yglan edilmegi.
1217-1221-nji ýyllar - Bäşinji haçly ýöriş.
1220-1250-nji ýyllar – Germaniýada Fridrih II-niň dolandyran ýyllary.
1225/26-1274-nji ýyllar Foma Akwinliniň ýaşan ýyllary.
1226-1270-nji ýyllar – Fransiýada Lýudowik IX-nyň dolandyran ýyllary.
1228-1229-nji ýyllar - Altynjy haçly ýöriş.
1235-1270-nji ýyllar - Wengriýada Bela IV-niň dolandyran ýyllary.
1242-1480-nji ýyllar - Rusda mongol-tatar agalygy.
1248-1254-nji ýyllar - Ýedinji haçly ýöriş.
1259-1282-nji ýyllar - Wizantiýada Mihail VIII Paleologyň hökümdarlygy.
1263-1267-nji ýyllar – Angliýada raýatlyk urşy.
1265-1321-nji ýyllar - Dante Aligýeriniň ýaşan ýyllary.
1268-nji ýyl - Sisiliýa korollygynyň Karl Anžuýly tarapyndan basylyp alynmagy.

1270-nji ýyl - Sekizinji haçly ýöriş.
1272-1307- nji ýyllar – Angliýada Eduard I-niň dolandyran ýyllary.
1273-1291-nji ýyllar - Rudolf I Gabsburgyň dolandyran ýyllary.
1276-1303-nji ýyllar - Moskwaly knýazlaryň nesilbaşysy Daniil Aleksandrowiçiň dolandyran ýyllary.
1282-nji ýylyň marty - «Sisiliýadaky öýlänki ybadat» atly gozgalaňy
1282-nji ýyl - Florensiýany popolanlaryň saýlawly hökümetiniň dolandyryp başlamagy.
1285-1314-nji ýyllar – Fransiýada Filipp IV-niň dolandyran ýyllary.
1285-1349-njy ýyllar Uilýam Okkamyň ýaşan ýyllary.
1291-nji ýyl - Şweýsar bileleşiginiň döremegi.
1304-1574-nji ýyllar Françesko Petrarkanyň ýaşan ýyllary.
1308-1313-nji ýyllar – Germaniýada Genrih VII Lýuksemburlynyň dolandyran ýyllary.
1309-njy ýyl – Papalygyň merkeziniň Rimden Fransiýanyň Awinýon şäherine göçüp gelmegi.
1313-1375-nji ýyllar Jowanni Bokkaççonyň ýaşan ýyllary.
1314-1347-nji ýyllar – Germaniýada Lýudwig Bawariýalanyň dolandyran ýyllary.
1316-1341-nji ýyllar – Litwada Gediminiň hökümdarlygy.
1325-1340-nji ýyllar - Iwan I Kalitanyň knýazlygy.
1327-1377-nji ýyllar – Angliýada Eduard III-niň dolandyran ýyllary.
1328-1350-nji ýyllar – Fransiýada Filip VI Waluanyň dolandyran ýyllary.
1337-1453-nji ýyllar – Ýüz ýyllyk uruş.
1341-1355-nji ýyllar - Wizantiýada zilotlaryň gozgalaňy.
1352-1364-nji ýyllar – Walahiýada Nikolaýe-Aleksandrunyň hökümdarlygy.
1358-nji ýyl – Žakerýa.
1358-nji ýyl – Etýen Marseliň gozgalaňy.
1364-1380-njy ýyllar – Fransiýada Karl V-niň dolandyran ýyllary.
1367-1370-nji ýyllar - Daniýanyň Ganza bileleşigi bilen uruşlary.
1370-1444-nji ýyllar Leonardo Bruniniň ýaşan ýyllary.
1377-1399-nji ýyllar – Angiýada Riçard II-niň dolandyran ýyllary.
1377-1446-njy ýyllar Filippo Brunelleskiniň ýaşan ýyllary.
1378-nji ýyl – Papalygyň merkeziniň ýene-de Rime dolanyp gelmegi.
1380-1422-nji ýyllar – Fransiýda Karl VI-nyň dolandyran ýyllary.
1381-nji ýyl - Uot Taýleriň baştutanlygyndaky gozgalaň.
1389-njy ýyl – Kosowo söweşi.
1392-1430-nji ýyllar – Litwada Witowtyň hökümdarlygy.
1397-nji ýyl iýuny - Şwesiýanyň, Daniýanyň we Norwegiýanyň arasynda Kalmar uniýasynyň baglaşylmagy.

1399-1413-nji ýyllar – Angiýada Genrih IV Lankasteriň dolandyran ýyllary.
1404-1472-nji ýyllar Leon Battista Albertiniň ýaşan ýyllary.
1407-1457-nji ýyllar Lorenso Wallanyň ýaşan ýyllary.
1410-njy ýylyň 15-nji iýuly - Grýunwald söweşi.
1413-1422-nji ýyllar – Angiýada Genrih V-niň dolandyran ýyllary.
1419-1434-nji ýyllar - Çehiýada gusçulyk hereketi.
1420-1492-nji ýyllar Pýero della Françeskanyň ýaşan ýyllary.
1422-1461-nji ýyllar – Fransiýada Karl VII-niň dolandyran ýyllary.
1425-1462-nji ýyllar - Wasiliý II Wasilýewiçiň (Kör) knýazlygy.
1428-nji ýylyň 8-nji maýy – Orleanyň iňlislerden azat edilmegi.
1430-1479-njy ýyllar Antonello da Messinanyň ýaşan ýyllary.
1430-1516-njy ýyllar Jowanni Bellininiň ýaşan ýyllary.
1431-nji ýylyň maýy - Žanna d'Arkyň otda ýakylyp öldürilmegi.
1434-1436-nji ýyllar – Şwesiýada - Engelbrekt Engelbrektssonyň gozgalaňy.
1434-1468-njy ýyllar –Kozimo Mediçiniň hökümdarlygy.
1442-nji ýyl - Günorta Italiýanyň we Sisiliýanyň Aragon korolygyna tabyn edilmegi.
1445-1510-njy ýyllar Sandro Bottiçelliniň ýaşan ýyllary.
1446-1452-nji ýyllar – Wengriýada Ýanoş Hunýadiniň dolandyran ýyllary.
1449-1494-nji ýyllar Dominik Girlandaýonyň ýaşan ýyllary.
1450-1523-nji ýyllar Pýetro Perudžinonyň ýaşan ýyllary.
1450-nji ýyl – Jek Kediň baştutanlygyndaky gozgalaň.
1453-nji ýylyň 29-njy maýy – Konstantinopolyň türkmenler tarapyndan eýelenilmegi.
1455-1526-njy ýyllar Wittore Karpaççonyň ýaşan ýyllary.
1455-1485-nji ýyllar – Ak bägüliň we Al bägüliň urşy.
1458-1490-nji ýyllar – Wengriýada Matýaş Hunýadiniň dolandyran ýyllary.
1460-njy ýyl - Buthana meselelerinde bütindünýä soboryna ýüzlenmekligiň gadagan edilmegi.
1461-1483-nji ýyllar – Angliýada Eduard IV Ýorkskiniň dolandyran ýyllary.
1461-1483-nji ýyllar – Fransiýada Lýudowik XI-niň dolandyran ýyllary.
1469-1492-njy ýyllar – Florensiýada Lorenso Ajaýybyň hökümdarlygy.
1480-nji ýyl – Rusuň tatar agalygyndan özbaşdaklyga eýe bolmagy.
1481-nji ýyl - inkwizisiýanyň döredilmegi.
1481-nji ýyl – Ispaniýada autodafeniň hereket edip başlamagy.
1483-1498-nji ýyllar – Fransiýada Karl VIII-niň dolandyran ýyllary.
1485-1509-njy ýyllar – Angliýada Genrih VII Týudoryň dolandyran ýyllary.
1489-njy ýyl - Aragonyň we Kastiliýanyň birleşip Ispan döwletiniň döremegi.
1492-nji ýylda - Rekonkistanyň tamamlanmagy.

## EDEBIÝAT


1. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. – Aşgabat, 2008.
2. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz. – Aşgabat, 2008.
3. Berdimuhamedow Gurbanguly. Döwlet adam üçindir. – Aşgabat, 2008.
4. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ylym we tehnika baradaky ýokary geňeşiň Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde geçirilen göçme mejlisinde sözlän sözi. – Aşgabat, 2008.
5. Berdimuhamedow Gurbanguly. Eserler ýygyndysy. – Aşgabat, 2007.
6. Berdimuhamedow Gurbanguly. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek – bagtdyr. – Aşgabat, 2007.
7. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. – Aşgabat,2007.
8. Berdimuhamedow Gurbanguly – Halkyň saýlany we ynam bildireni. – Aşgabat, 2007.
9. Berdimuhamedow Gurbanguly.”Täze Galkynyş eýýamy: wakalaryň senenamasy. – 2007 ýyl.” – Aşgabat, 2008.
10. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehaly. – Aşgabat, 2007.
11. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. – Aşgabat, 2007.

12. Beýik özgertmeleriň ýyl ýazgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2007-nji ýylda alyp baran işleriniň hronikasy. – Aşgabat, 2008.
13. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary.Aşgabat, 2007.
14. Gurbanguly Berdimuhamedow.Eserler ýygyndysy.Aşgabat, 2007.

**Goşmaça:**

15. Агаджанов С.Г. Очерки истории огузов и туркмен Средней Азии в IX-XIII в.в. А. 1969.
16. Агаджанов С.Г. Селджукиды и Туркмения в IX-XII в.в. А.1973.
17. Аджи Мурад. Кипчаки, огузы. Средневековая история тюрков и
18. Алпатов М.А. Русская историческая мысль и Западная Европа XII-XVII вв.-М., 1973.
19. Annaorazow J., Karly G., Kössekow D. Orta asyrlar taryhy. Orta mekdepleriň VI synpy üçin synag okuw kitaby. – Aşgabat, 2008.
20. Античность и Византия-М., 1975.
21. Артамонов М.И.История хазар. Л., 1962.
22. Банк А.В. Культура и искусство Византии IV-XV вв.-М., 1986
23. Банк А.В. Бессонов М. А., Искусство Византии в собраниях СССР.-М., 1977
24. Белостацки Я. Пять веков мыслей об искусстве.-М.,1973
25. Бродский Б. Жизнь веках.-М., 1990
26. Византия. Южные славяне и Древняя Русь. Западная Европа-М., 1973
27. Виппер. История средних веков 5 кн М. 1910.
28. Византийский временник. Т. I. М., 1947.

29. Византийский временник. Т. II. М., 1949.
30. Византийский временник. Т. III. М., 1950.
31. Византийский временник. Т. VII. М., 1953.
32. Византийский временник. Т. XI. М., 1957.
33. Византийский временник. Т. XV. М., 1959.
34. Византийский временник. Т. XXIX. М., 1963.
35. Всемирная история. Т.5. - М.,1958-1959.
36. Всеобщая история искусств.-М., 1960
37. Всеобщая история архитектуры.-М., 1966
38. Гасратян М.А. Очерки истории Турции. М. 1983
39. Герцберг Г. Ф. История Византии. М., 1897..
40. Гордлевский В.А. Государство селджукидов в Малой Азии. М. 1941.
41. Гордлевский В.А. Избранные сочинения. М. 1960.
42. Герцберг Г. Ф. История Византии. М., 1897
43. Горянов Б. Т. Поздневизантийский феодализм. М., 1962.
44. Горянов Б. Т. Византийский город. XIII–XV вв. М., 1962.
45. Гумилев Л.Н. Конец и вновь начало. – М., 2002, http:// www.lib.aldebaran.ru
46. Гундогдыев .О. Прошлое туркмен. М., 1998.
47. Gündogdyýew Ö.A., Gurbanow M.B., Öwezow A.R., Türkmen – osman imperatorlygynyň soltanlary. A, 2003.
48. Гутнова Е.В. Возникновение английского парламента. – М., 1960
49. Даркевич В.П. Светское искуство Византии.-М., 1957
50. Деборин А.М. Социалъно-экономические учения нового и новейшего времени Т.1. - М.,1958.
51. Делорм Ж. Основные события средневековья. – М., 2004,

- Http:// www.ast.ru
52. Диль Ш. История Византийской империи. М., 1948.
53. Ермолаев И.П., Кашафутдинов Р. Г., Матвеева Е.Г., История СССР.- Казань, 1979.
54. Ерусалимский А.С. Колониальная экспансия капиталистических держав и освободительное движение Южной Африки и Китая в ХУ11-Х1Х вв. - М., 1974.
55. Жак Ле Гофф. Цивилизация средневекового Запада. - М.,1992
Http:// www.publ.lib.ru
56. История Византии в 3-х томах. – М., 1967 .
57. История Франции в 3-х томах. – Том 1, М., 1979.
58. История Италии в 3-х томах. М., 1981 .
59. История культуры древней Руси. Т. I. М.-Л., 1948.
60. История СССР М., 1983.
61. История средних веков: в 2-х томах. – М., 1997.
62. История средних веков: в 2-х томах – М., 1991.
63. Историография истории средних веков : V в. – середина XIX в. М., 1963.
64. История дипломатии. - М., 2003.
65. История культуры древней Руси. Т. I. - М., 1991.
66. История СССР- М., 1983.
67. Искусство Западной Европы и Византии.-М., 1975
68. Кажден А.П. Аграрная отношение в византий XIII-XIV вв. М., 1952.
69. Кирова К.Д. Итальянская экспансия в Восточном средиземноморье. - М.,1973.
70. Конститутиция и законодательные акты буржуазных государств в ХУ11-Х1Х в.в – М., 1982.
71. Краткая история СССР. Ч.I. М.-Л., 1963.
72. Куглер. В. История крестовых походов. СПб.1880.

73. Курбатов Г.Л. Основные проблемы внутренного развития
74. Византийского государства в IV-VII вв.-Л., 1971
75. Курбатов Г.Л. Византия в VI столетии.М., 1959
76. Культура Византии.-М., 1984-1989
77. Лазарев В.Н. Византийская живопись.-М., 1971
78. Лазарев В.Н. Древнерусские мозайки и фрески.-М., 1973
79. Лазарев В.Н. история визанийской живописи.-М., 1947-1948
80. Лазарев В.Н. Банк А.В. Искусство Византии в собраниях
Совеоского Союза.-., 1975
81. Левченко М.В. История Византии.-М., 1940
82. Левченко М.В. История Византии. Т. III. М.– Л., 1940
83. Лен-Пул Стенли. Мусульманские династии. Ташкент.1994.
84. Литаврик Г.Г. Византийский временник. М., 1991
85. Медведев И.П. К вопросу о причинах Византийской дипломатии. Накануне падение империи. Византийский временник. Т. XXXIII,
М., 1972.
86. Медвеев И.П. Очерки Византийской дипломатии. М., 1988.
87. Новая история в документах и материалах. Вып. 1-2. - М., 1953.
88. Очерки истории СССР. Ч.I. М.,1953.
89. Очерки истории СССР (кризис рабовладельческой системы и
зарождения феодализма на территории СССР III-IX в.в). М., 1958.
90. Петросян Ю.А. Древний город на берегах Босфора. М., 1991.

91. Петросян Ю.А., Юсупов А.Р. Город на двух континентах. М., 1981.
92. Познанская К. Старая и новая Турция. М., 1974
93. Полянский Ф.Я. Эконимическая история зарубежных стран эпоха феодализма. М., 1954.
94. Рансимен С. Падение Константинополя в 1453 году. М., 1983.
95. Робер де Клери. Завоевание Констстонтинополя. М., 1986.
96. Сахаров. А.Н. Дипломатия древней Руси. М., 1987.
97. Смирнов А.П. Воижские булгары. М., 1951.
98. «Слово о полку Игореве». М.-Л., 1950.
99. Тихомиров М.Н Древнерусские города М., 1946.
100. Сборник документов по социално – экономической империи Византии М., 1951
101. Сахаров. А.Н. Дипломатия древней Руси.- М., 1987
102. Сто великих заговоров и переворотов. – М., 2004.
103. Тамара Тэлбот Райс. Сельджуки. М., 2004.
104. Тат Жорж. Крестовые походы. – М., 2003.
105. Тихомиров М.Н. Византийский временник. М., 1964.
106. Успенский Ф.И, Бенешевич В.В Византийские акты. Материалы для истории крестиянского и моностырского зэмлевладеения в Византии XIII-XV вв. Л., 1927.
107. Успенский Ф.И. История Византийской империи. Т. III. М.- Л., 1948.
108. Хрестоматия по истории средних веков: в 3-х томах. Под ред. Н.П. Грацианского и С.Д. Сказкина. - М., 1950 – 1953.
109. Хрестоматия по истории средних веков: в 2-х томах. Под ред. С.Д. Сказкина. - М., 1963.

110. Хрестоматия памятников феодального государства и права, стран Европы. Под ред. В.М. Корецкого. - М., 1961.
111. Хрестоматия по новой истории 1640-1815 г. Под ред. Губер А.А. и Ефремова А.В. - М., 1963.
112. Хрестоматия по новой и новейшей истории стран Запада и Америки. - М.,1963.
113. Черняк Е. Секретная дипломатия Великобритании. – М., 2001 Http:// www. lib.aldebaran.ru
114. Чистозвонов А.Н. Нидерландская буржуазная революция XVI в. – М., 1958.
115. Эссад Дж. Констстонтинополь. М., 1919.
116. Эсоно Е. Мария Стюарт, королева шотландская. – СПб.,2002

## Mazmuny

Giriş..............................................................................................7

**I BAP. ÝEWROPA ÝURTLARY IRKI ORTA ASYRLAR ZAMANYNDA**

§ 1.Günbatar Ýewropada feodal gatnaşyklarynyň ýüze çykmagy............14
§ 2.Çarwa taýpalaryň basybalyşlary we Günbatar Ýewropada wagşy korollyklaryň döremegi..............................................................30
§ 3. Frank döwleti V-VII asyrlarda..........................................................42
§ 4. Frank döwleti Karolingler dinastiýasynyň döwründe.........................51
§ 5. IV-VI asyrlarda Wizantiýada orta asyr gatnaşyklarynyň ýüze çykmagy we kemala gelmegi..........................................71
§ 6. Wizantiýa VII – XI asyrlarda.............................................................92
§ 7. Gündogar slawýanlary.....................................................................114

**II BAP. GÜNBATAR ÝEWROPA ÝURTLARY IRKI ORTA ASYRLAR DÖWRÜNIŇ AHYRLARYNDA**

§ 1. XI asyryň ahyrlaryna çenli döwürde Günbatar Ýewropada feodalçylyk gurluşynyň esasy alamatlary.......................................125
§ 2. Fransiýa IX-XI asyrlarda.................................................................133
§ 3. Italiýa XI asyryň ahyrlaryna çenli döwürde....................................138
§ 4. Germaniýa X-XI asyrlarda...............................................................143
§ 5. Skandinawiýa ýurtlary IX-XI asyrlarda..........................................156
§ 6 . Angliýa XI asyryň ortalaryna çenli döwürde..................................164
§ 7. Ispaniýa VIII-XI asyryň ortalarynda...............................................174
§ 8. Kiýew Rusy IX-XII asyrlarda.........................................................185

**III Bap. ÝEWROPA ÝURTLARY ÖSEN ORTA ASYRLAR ZAMANYNDA**

§ 1. Orta asyr şäherleriniň döremegi we ösüşi......................................195
§ 2. Haçly ýörişler...................................................................................214

§ 3. Fransiýa XI-XV asyrlarda……………………………..........................230
§ 4. Angliýa XI-XV asyrlarda……………………..........................262
§ 5. Germaniýa XII-XV asyrlarda……………............................................292
§ 6. Italiýa XI-XV asyrlarda................................…..........................310
§ 7. Pireneý ýarym adasynyň ýurtlary XI-XV asyrlarda......................334
§ 8. Skandinawiýa ýurtlary XII-XV asyrlarda.......................................348
§ 9. Wengriýa XI-XV asyrlarda………………...........................................361
§ 10. Walahiýa, Moldowa we Transilwaniýa XV asyryň
ahyrlaryna çenli döwürde………………….........................................369
§ 11. Litwa, Polşa we Çehiýa XIII-XV asyrlarda..................................377
§ 12. Wizantiýa XI – XV asyrlarda......................................................386
§ 13. Rus ýerleri we knýazlyklary XIII-XV asyrlarda…...........403
§ 14. Hristian buthanasy orta asyrlar döwründe…...................419
§ 15. Irki we ösen orta asyrlar zamanynda
Günbatar Ýewropanyň medeniýeti............................................438
Ders boýunça adalgalar......................................................................459
Ders boýnça möhüm seneler................................................................469
Ders boýunça teklip edilýän edebiýatyň sanawy..................................475